**S.D. Annaberdiýew**

# STOMATOLOGIÝA

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenýär*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2015

UOK

**Annaberdiýew S.D.**

**Stomatologiýa:** Lukmançylyk uniwersitetiniň kesel bejeriş, pediatriýa, keselleriň öňüni alyş, sport we harby lukmançylygy fakultetleriniň talyplary üçin niýetlenen okuw kitaby. - Aşgabat, 2015, 270 c.

Okuw kitabynda häzirki zaman lukmançylyk ylmynyň stomatologiýada gazananlary beýan edilen. Kitapda stomatologiýanyň hemme bölümleriniň – hirurgik, terapewtik, ortopedik stomatologiýanyň we çagalyk döwrüniň stomatologiýasynyň esaslary beýan edilen. Stomatologiýada has köp duş gelýän, aýratyn gyssagly we gaýragoýulmasyz kömegi talap edýän keseller we zeperlenmeler ýeterlik göwrümde beýan edilen we olarda berilýän kömek görnüşleri aýdyň ýazylan.

Okuw kitap oňat özleşdirilmegi üçin ýeterlik sanda suratlar bilen bezelen. Okuw kitap taýynlananda bu ugura degişli türkmen we rus dilinde bar bolan dürli okuw kitaplaryndan we beýleki çeşmelerden peýdalanyldy.

Okuw kitaby stomatologiýa dersiniň okuw maksatnamasy esasynda ýazylan we lukmançylyk uniwersitetiniň talyplaryna niýetlenen bolup, ondan amaly lukmançylyk ulgamynda işleýän dürli lukmanlar, hem-de degişli orta hünär okuw mekdepleriniň talyplarydyr mugallymlary hem okuw gollanmasy hökmünde peýdalanyp belerler.

TDKP № , 2015 KBK

© Annaberdiýew S.D., 2015.



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbangyly Berdimuhamedow:**

*– Türkmen Oguz han döwründen bäri kitaby iň ýokary ruhy gymmatlyk, mukaddeslik saýypdyr.*

# GIRIŞ

***“Stomatologiya”*** adalgasy grek diliniň ***“stoma”*** + ***“logos”*** sözlerinden emele gelip, agyz synalary baradaky ylymdyr. Häzirki zamanada stomatologiýa dişleriň, agzyň nemli bardasynyň we synalarynyň, äňleriň we ýüzüň, boýnuň käbir ýerleriniň kesellerini öwrenýän, şeýle hem olaryň anyklaýyş we bejeriş usullaryny, öňüni a1yş çäre1erini amala aşyrýan lukmançy1yk ugrydyr.

Stomatologiýa lukmançy1ygyň aýratyn ugry görnüşinde diňe soňky bir asyra golaý wagt oza1 (XX asyryň 20-nji ýyllarynyň ahyrlarynda) emele geldi.

Diş lukmançylygynyň we äň-ýüz hirurgiýasynyň birikmesiniň netijesinde stomato1ogiýanyň ylym hökmünde döremekligi uzak taryhy ýol geçdi. Gadym zamanlarda dörän diş lukmançylygy köp asyrlaryň dowamynda hakyky 1ukmançylyk ylmyndan üzňe ösdi. Onuň bilen öwrenje1er, senetkärler, sertaraşlar, hat-da, jellatlar hem meşgul bolupdyr1ar.

Äň-ýüz hirurgiýasy hem, diş lukmançylygy ýa1y gadym zamanlarda dörän. Umumy hirurgiýanyň çäklerinde ösmek1ik bilen diş lukmançylygy bilen gerekli nazarýet we amaly baglanyşygy bolmansoň, äň-ýüz hirurgiýasy äňleriň we ýüzüň keselleriniň hemde zeperlenmeleriniň (şikesleriniň) bejergisine diňe umumy hirurgik esaslar bilen çemeleşipdir. Şu sebäpli hem äň-ýüz hirurgiýasynyň ösüşiniň belli bir döwürleri äňiň zeper1enmesi bolan ýaraly näsaglaryň bejergisinde ýalňyşlyk bilen giň, düýpli (radikal) amallaryň geçiri1megi ýüze çykan. Bu ýagdaý bolsa hirurgiýada äň-ýüz sebiti we dişler babatynda ýeter1ik bilimiň ýok1ygy bilen düşündiri1ýär. Dişlerde döreýän kesel hadysalaryna degişli derejede baha bermez1ik äň-ýüz sebitiniň çişme keselleriniň do1y göwrümde bolmadyk bejergisine getiren. Mundan başga-da, lukmanlarda emeli diş gurna-

ma (protez) sa1mak1yk boýunça başarnygyň bolmazlygy netijesinde köpsanly näsaglar we ýaralananlar maýyp bolup galypdyrlar.

Diş lukmançylygynyň, emeli diş gurnama (protez) sa1maklygyň we äň-ýüz hirurgiýasynyň nazarýet we amaly mümkinçilik1eriniň ösmek1igi netijesinde bu ugur1aryň bir1eşmek1ik gerekligi ýüze cykan. Netijede diş lukmançylygy äň-ýüz hirurgiýasyndan ýaralar baradaky bilim1eriň esas1aryny alan. Şo1 bir wagtda äň-ýüz hirurgiýasy amal geçirilen näsaglarda çeýneýiş işjeň1igini dikeltmek üçin diş ussaçylyk tilsim1erini ulanýar.

Şeýlelik bilen, kese1 hadysalarynyň we bejergi usullarynyň meňzeş1igi diş lukmançylygynyň we äň-ýüz hirurgiýasynyň (äň-ýüz hirurgiýasynyň umumy hirurgiýadan bölünmeginden soňra) mundan-da beý1äk golaýlaşmagyna we ahyrynda bolsa ikisiniň birleşmegine getiren. Uruş döwürlerinde äňleriniň zeperlenmesi bolan ýaralylaryň bejergisiniň birnäçe kemçi1ikleri ýüze çykan. Munuň sebäbi hem umumy hirurglaryň äň-ýüz sebitiniň aýratynlyklaryna we dişleriň kesellerine, aýratyn hem emeli diş gurnama salmaklyga kembaha garamaklarydyr.

Beýik Watançylyk urşy (1941-1945 ý.) stomatologiýa gullugynyň hemme guramaçylyk düzümleriniň işjeňliginiň düýpli synagy bolan. Äň-ýüz sebitine ýara1anan1aryň 85%-den köpüsiniň hatara gaýtarylyp getirilmegi stomato1ogiýa gul1ugynyň dogry guramaçy1yk düzüminiň barlygynyň subutnamasydyr. Ýaralananlaryň bejergisinde beý1e ýokary oňaý1y netije stomato1ogiýa gul1ugynyň guramaçy1ygynyň we hünärmenleriniň tejribesiniň ýokary dereje1idigine şaýat1yk edýär.

Stomatologiýanyň soňraky ýyllarda ylmy ugurda ösmek1igi äň-ýüz ulgamynyň keselleriniň bejergi we öňüni alyş usullarynyň kämilleşdirilmegi jemgyýetiň durmuş-ykdysady we ylmy-tehniki ösüşiniň derejesine bag1ylykda ösdi hem-de häzirki wagtda ýokary dereje1ere ýetdi.

Häzirki zamanada stomato1og lukmanlary taýýarlamak Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň stomatologiýa fakultetinde (1964 ý. bäri), lukmançy1yk stomatologik akademiýalarda we stomatologiýa faku1tet1erde (GDA ýurtlarynda) amala aşyrylýar. Stomatologiýa dersi lukmançylyk uniwersitetleriniň

(institutlaryň, akademiýalaryň) hemme kese1 bejeriş, pediatriýa, sport we harby lukmançylygy hem-de keselleriň öňüni a1yş faku1tet1eriniň talyplaryna beri1ýär. GDA ýurtlarynda stomato1ogiýa boýunça y1my-barlag institutlar döredilip, olarda ylmy-barlag, bejeriş işleri alnyp barylýar.

Stomatologiýanyň aýratyn ugur hökmünde döremekligi netije-sinde onuň dört sany aýry bölümlere - hirurgik, terapewtik, ortopedik hem-de çaga stomatologiýasyna we stomatologik keselleriň öňüni almaklyga bölünmekligi ýüze çykdy hem-de stomatologiýada bir-näçe hünärmenleriň - terapewt-stomatologyň, hirurg-stomatologyň, ortoped-stomatologyň, çaga stomatologynyň, ortodontyň (çaga ortoped-stomatologyň) we ama1y stomatolog-1ukmanlaryň (köpu-gurly iş alyp barýan stomato1ogyň) döremegine getirdi. Dünýä stoma-tologiýa lukmançylygynda kariýesolog, parodontolog, implantolog, äň-ýüz plastiki hirurgy, gigiýenaçy-stomatolog ýaly hünärmen1eriň döremekligi döwletiň, jemgyýetiň, 1ukmançylygyň we halkyň maddy-hal ýagdaynyň gowylanmagy bilen baglanyşyk1ydyr.

Biziň Garaşsyz we Hemişelik bitarap Türkmenistanymyzda sto-matologiýa gullugy döwlet tarapyndan gurnalandyr we dolandyryl-ýandyr. Stomatologiýada bejeriş we öňüni alyş kömegi hemmelere elýeterlidir hem-de çagalara we ilatyň aýry-aýry toparlaryna töleg-sizdir. Eziz Watanymyzda stomatologiýa kömeginiň döwlete degişli däl serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirmegiň başga görnüşleri hem ornaşdyrylýar.

Ýurdumyzyň garaşsyzlyk ýyllarynda tutuş lukmançylygyň we hususan-da stomatologiýa ulgamynyň özgerdilmeginde we täzeden gurnalmagynda Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň stomatologiýa fakultetiniň, Diş bejeriş merkeziniň we Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň ýolbaşçysy bolup uzak ýyllaryň dowamynda zähmet çeken Türkmenistanyň Prezidenti Hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň ägirt uly işleri bardyr. Aýdylanlara Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe dünýä ülňülerine gabat gelýän köpsanly ajaýyp lukmançylyk merkezleri bilen bir hatarda Stomatologiýa Merkeziniň, Kelle we boýun kesellerini bejeriş hal-kara merkeziniň gurulmagy, Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde Stomatologiýa okuw-önümçilik merkeziniň döredil-megi we beýleki köpsanly il we ýurt bähbitli işler mysal bolup biler.

# I-NJI BAP

## STOMATOLOGIÝA KÖMEGINI BERMEGIŇ GURNALYŞY

Stomatologiýa kömegi lukmançylygyň ýöriteleşdirlen kömek görnüşine degişli bolmak bilen, ilat arasynda giň ýaýran esasy (diş kariýesi we dişýany dokumalaryň keselleri) we beýleki stomatologik keselleriň öňüni almak we bejergi çärelerini geçirýär.

Stomatologiýa kömegi ilata köpçülikleýin berilýän ýöriteleşdirlen lukmançylyk kömegi bolup, onuň iň bir ýaýran görnüşleriniň biridir. Kabul edilýän hemme näsaglara berilýän terapewtik (esasan iç keselleri boýunça) kömekden soňra, stomatologiýa kömegi ikinji ýerde durmak bilen, hemme ýüz tutýanlaryň 17 % -e çenlisini tutýar.

Saglygy goraýyş ulgamynda stomatologiýa gullugynyň eýeleýän ýeri diňe bir ilat arasynda stomatologik keselleri bejermek bilen kesgitlenmän, eýsem-de adam bedenine ýokanç ýaýramagynyň netijesinde döräp biljek keselleriň öňüni almak boýunça wajyp işi bilen hem düşündirilýär.

Stomatologiýa kömegi ilata Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň we beýleki pudaklaýyn bejeriş-öňüni alyş edaralarynda berilýär (1-nji çyzgy). Bu bejeriş-öňüni alyş edaralar esasan aşakdakylardan durýar:

- Özbaşdak diş bejeriş merkezleri;
- Saglyk öýleriň düzümindäki diş bejeriş bölümleri;
- Köpugurly hassahanalaryň düzümindäki ýatymlaýyn hirurgik stomatologik bölümler;
- Hassahanalardaky, şypahanalardaky, orta mekdeplerdäki, kärhanalardaky, oba saglyk merkezlerindäki stomatologik otaglar (ýörite otaglar).

Stomatologik bejeriş-öňüni alyş kömeginiň oňaýly guralyşyna we hiline ýokarda sanalan edaralar we olaryň bölümleri jogapkärçilik çekýärler. Olar ýüz tutmalara görä näsaglary kabul etmäge, agyz boşlugynda we äň-ýüz sebitinde degişli bejeriş we öňüni alyş çäreleri geçirmäge, ilaty yzygiderli (dispanser) gözegçilige almaga, saglygy goramak boýunça bilimleri ýaýratmaga, stomatologik keselleriň öňüni alyş çärelerini ilat köpçüligine, adamlaryň belli bir toparlaryna we aýry-aýry şahsyýetleriň arasynda giňden ornaşdyrmaga borçlydyrlar.

*1-nji çyzgy*

**Stomatologiýa kömeginiň gurnalyşy**



Stomatologiýa gullugynyň düzüminde stomatologiýa (diş bejeriş) merkezleriň orny uludyr. Olar ýöriteleşdirlen bejeriş-öňüni alyş edaralardyr. Özüniň ýerleşýän we hyzmat edýän ýeri hem-de borçlary boýunça döwlet saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Stomatologiýa merkezi (Aşgabat ş.) we welaýat Stomatologiýa merkezleri, şeýle hem Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Stomatologiýa okuw-önümçilik Merkezi bardyr.

Stomatologiýa merkezleriň bölümlerindäki stomatolog-lukmanlaryň iş birlik sany we gulluk borçlary berkidilen degişli ilat sanyna gös-göni baglydyr.

# 2-NJI BAP

## STOMATOLOGIK NÄSAGLARY BARLAMAKLYGYŇ USULLARY

Adam bedeni bitewidir hem-de bölünmezdir, özbaşyna bolan syna we ulgam ýokdur. Şol sebäpli hem islendik ugra degişli lukmanda adam bedeninde bolup geçýän her bir fiziologik (kadaly), şeýle hem patologik (kesel) hadysalarynyň özara baglanyşygy we özara täsirleri barada düşünje bolmagy gerekdir.

Häzirki wagtda diş-äň ulgamyň keselleriniň dürli häsiýetli umumy keselleriň (guragyry (rewmatizm), miokardit, böwrek sowuklamasy (nefrit), iridosiklit we başg.) sebäbi bolup bilýänligi, şeýle hem birnäçe bejeriş çäreleri geçirmekligi çäklendirýän sebäbiň bolup bilýändigi oňat bellidir. Mysal üçin üznüksiz periodontidi (granulirleýji we granulomatoz görnüşlerde), äňleriň periostidi, iriň akýan deşikleri bolan äňleriň üznüksiz osteomiýelidi bolan näsaglarda ýokanjyň amaldan soňraky döwürde iriňli gaýra üzülmeleri döredip biljekligi sebäpli tertip boýunça geçirilmeli “arassa “ umumy hirurgik amallary geçirmeýärler. Şu sebäpli-de stomatologiýa fakultetinden başga fakultetleri tamamlan lukmanlar hem diş-äň ulgamynyň keseli bolan näsaglary barlamagy başarmalydyr. Bu başarnyk ugryna garamazdan islendik lukmanyň äň-ýüz sebitiniň şikesi, diş soguralandan soňraky gan akmasy, äň-ýüz sebitiniň flegmonasy we başga keseli bolan näsaga gyssagly kömek bermeli bolan halatynda has hem wajypdyr.

Stomatologik näsaglary barlamagyň usullaryny bilmegiň wajyplygy stomatolog lukmanyň ýok ýerinde we stomatologik näsaga ýörite kömek bermeklik meselesi ýüze çykan halatynda gerekdir. Şeýle hem agyz boşlugyny, ýüzi we boýny barlamaklyk hemme näsaglaryň barlagynyň meýilnamasyna girmelidir. Bejergi meselesini çözmeklik üçin näsaglaryň ýörite gurallar we enjamlar bilen geçirilýän içgin barlagy stomatolog däl lukmanyň wezipelerine girmeýänligi düşnüklidir we şu sebäpli hem gysgaça beýan ediler .

Näsag barlamakda alnan maglumatlar ýatymlaýyn bejergi alýan näsagyň lukmançylyk kartasyny (kesel taryhyny) ýazmaklyk üçin wajypdyr. Stomatologik näsagyň kesel taryhynyň ýazylyş düzgüni umumy keseli bolan näsagyň kesel taryhyndan diňe ýerli ýagdaýyna (status lokalis) esasy üns berilýänligi bilen tapawutlanýandygy üçin, stomatologik näsagy barlamaklygyň usulynyň soňraky beýan edilişi diňe äň-ýüz sebitine degişli bolar. Äň-ýüz sebitini barlamaklyk birnäçe tapgyrdan ýa-da pursatdan durýar: näsagyň arzlaryny we häzirki keseliniň taryhyny soramaklyk, daşky gözden geçiriş, äň-ýüz sebitiniň we boýnuň ýumşak dokumalarynyň we süňkleriniň el bilen barlanylmagy, agyz boşlugyny we dişleri gözden geçiriş, goşmaça barlaglary (rentgenografiýa we başg.) geçirmek.

Agyrylaryň barlygyna ***arzy*** bolan halatynda olaryň häsiýetine aýratyn üns bermek gerek. Agyrylaryň häsiýeti, olaryň depgini we döwürleýinligi, ýerleşýän we ýaýraýan ýerleri örän köpdürli bolýar. Şonuň bilen birlikde, dürli näsaglarda şol bir kesel anyklananda agyrylaryň häsiýeti birmeňzeş bolýar.

Näsaglaryň arzlary örän köpdürli bolup biler we ol diňe bir agyry duýgulary bilen çäklenmeýär. ***Keseliň taryhy*** onuň öňünden bolup geçen wakalar we bilelikde geçýän başga keseller, alamatlaryň we näsagyň diş-äň ulgamynyň işjeňlik bozulmalarynyň ýüze çykyşlarynyň baglanyşygy (gepleýşi, iýmit çeýnemekligi we başg.) içgin öwrenilmäge degişlidir.

Meselem agyz boşlugynyň düýbünde ýerleşen çişme hadysalarda näsagyň gepleýşi düşnüksiz, sesi gyryk bolýar. Hat-da el bilen barlananda we gözden geçirlende anyk maglumatlar alyp bolmanynda hem bu alamatlary göz öňünde tutup çişme hadysanyň ýerleşýän ýerini çaklamak bolar.

Näsagy barlamagyň indiki tapgyry ***gözden geçirmekdir***. Gözden geçirmegi näsag oturan ýagdaýynda ýa-da onuň ýatan ýagdaýynda geçirmek bolar. Näsag gözden geçirlende ýüz keşbine we taraplarynyň deňligine, deri örtükleriniň reňkine we başga bozulmalara üns berilýär.

Deri örtüklerini gözden geçirmeklige aýratyn üns bermek gerek we bu babatda deriniň kanseriniň 90 %-niň ýüz sebitine düşýändigini ýatda saklamak gerek. Şu sebäpli hem ýüžüň derisinde çiş (täze döreme) bolan halatynda (papillomalar, ateroma, fibroma we başgalary) näsagda çişiň dörän wagtyny, onuň ösüş depginini we başgalary anyklamak gerek. Ýüziň derisiniň gelip çykyşy howply häsiýetli bolan çişiniň barlygyna azajyk hem bolsa şübhe dörän halatynda onkologyň maslahaty gerekdir. Ýüzüň ýumşak dokumalarynyň bildirip duran ýellenmesinde onuň üstüniň derisiniň reňkine üns bermek gerek, eýsem-de bu alamat keseliň häsiýetini görkezip biler. Deriniň gyzarmagy, onuň üstüniň ýalpyldap durmagy çişme häsiýetli gataňsylygyň (infiltratyň) barlygyna şaýatlyk edýär; gögümtil-gyzyl reňk aktinomikozda, damar çişinde (gemangiomada), şeýle hem howply çişde bolup biler.

Ýellenme ýeriniň derisiniň üýtgewsiz reňki howpsyz çişde, çuňňur ýerleşen howply çişde, şeýle hem sülekeý mäzleriň we gän (limfa) düwünleriň kesellerinde ýüze çykarylyp bilner.

Daşky gözden geçirişden soňra äň-ýüz sebitiniň we boýnuň ***el bilen barlagyna*** geçýärler. Ýüzüň ýumşak dokumlarynyň we süňkleriniň barlagyny iki el bilen, bir wagtda çep we sag taraplarda geçirmek has amatlydyr. El bilen geçirilýän barlag üýtgemeleriň häsiýetini (ýellenmäni, dykyzlygy, töwereginiň we aşagynyň dokumalary bilen baglanyşygyny, gataňsylygyň (infiltratyň) ölçegleri we başg.) ýüze çykarmaga ýol berýär.

Äňasty we eňegasty sebitlerin gän (limfa) düwünleriniň, şeýle hem boýun we ýaýjyküsti sebitleriň gän düwünleriniň barlagyna aýratyn ähmiýet berilýär (*1-nji surat*). Kadaly ýagdaýda gän düwünler el bilen barlananda kynlyk bilen ýa-da asla kesgitlenmeýär. Ýokanç sebäpli dörän çişme kesellerde gän düwünler ulalýar we el bilen barlananda oňat ýüze çykarylýar. Çişme kesellerde gän düwünler el

barlagynda agyryly bolýarlar, howply çiş ýaýranynda bolsa olar ulalýar, emma hemişe diýen ýaly agyrysyz bolýarlar. Boýunda, has beteri-de ýaýjyküsti sebitde ulalan agyrysyz gän düwünleriň çiş keselinde kesgitlenilmegi howply çişiň has ötüşen döwri barada şaýatlyk edýär. Bu ýagdaýda ulalan gän düwünler ýerinden süýşmeýärler, bu bolsa çiş hadysasynyň gän düwüniniň töwereginiň dokumalaryna ýaýranlygyna şaýatlyk edýär. Mahsusy çişme kesellerde hem (inçekesel, merezýel) gän düwünleriň zeperlenmeleri özboluşly geçýär. Kesel kesgitlemäni tassyklamak ýa-da takyklamak üçin sanjym ýa-da adaty (kesim arkaly) biopsiýany amala aşyrýarlar.



1-nji surat. Äňasty sebitiň gän (limfa) düwünleriniň barlagy.

Gän düwünleriň bedeniň başga ýerlerinde hem ulalmagy ulgamlaýyn geçýän keseller (limfogranulomatoz, gan keselleri we ş.m.) barada şaýatlyk edýär.

Agyz boşlugynyň nemli bardasyny, dili gözden geçirmek we diş-äň ulgamyny barlamak üçin barlagy ýeňilleşdirýän ýörite gurallary ulanýarlar. Olara diş aýnasy, diş jübtegi, diş dürtgiçleri we başga gurallar degişlidir. Häzirki wagtda agyz boşlugyny barlamak üçin zyýansyzlandyrylan bir gezek ulanylýan gurallar toplumy hem elýeterdir (*2-nji surat*).

Diş aýnasy özüniň tegelek aýna ýeriniň ýüzüniň oýuklygy bilen barlanýan ýeri (diş, nemli barda) biraz ulaldylan şekilde görmeklige ýol berýär. Aýnanyň kömegi bilen hatardaky dişleriň içki we yzky taraplaryny görmek bolýar, ony ulanmazdan bolsa bu ýerleri köplenç görüp hem bolmaýar. Diş aýnasy agyz boşlugynyň barlanýan ýerini gowy ýagtylandyrmaga ýardam berýär. Käbir halatlar-da diş aýnasy dodaklary, dili gapdala çekmek üçin amatly gural bolup hyzmat edip biler.

Diş jübteginiň işjeň uç bölegi egreldilen, bu bolsa çüýrän dişiň köwegine derman we pamyk tokgajygyny salmaga ýol berýär. Luk-

mançylykda köp ulanylýan göni şekildäki hirurgik (uçlary dişli) we anatomiki (uçlary tekiz) jübtekleri bilen bu işleri berjaý etmek has kyn bolýar.

Diş dürtgiçleri göni we egri bolýarlar. Olaryň kömegi bilen dişiň gaty dokumlarynyň örän kiçijik köwegini (kemtigini) ýüze çykaryp bolýar. Mundan başga-da egri dürtgiç bilen dişleriň biri – birine degişip duran taraplaryny hem, diş-dişeti kiseleri hem barlamak bolýar.



2-nji surat. Agyz boşlugyny barlamak üçin bir gezek ulanylýan zyýansyzlandyrylan stomatologik gurallar toplumy (diş aýnasy, egri diş dürtgüji we diş jübtegi).

***Agyz boşlugy we dişler barlananda,*** adatça, diş aýnasy we dürtgiç ulanylýar. Barlag geçirlende aýnany çep elde, dürtgiji bolsa sag elde saklamak amatlydyr. Barlag ýokarky we aşaky dodaklary, agyz bosagasynyň nemli bardasyny görmekden başlanýar. Kähalatlar-da agyz burçlarynyň jaýrykly baş keseli (*rus dilinde-zaýeda*) diýlip atlandyrylýan zeperlenme, aşaky dodagyň orta çyzygyndaky jaýryk mahsusy çişme ýa-da çiş hadysasynyň ýüze çykyş alamaty bolup biler. Agyz bosagasynyň nemli bardasyny gowy gözden geçirmek üçin diş aýnasynyň deregine lukmançylyk malasyny (şpateli) ulanyp, ýokarky we aşaky dodaklary, soňra bolsa ýaňagy galdyrýarlar ýa-da çekýärler.

Barlag geçirlende nemli bardanyň reňkine, onuň üstüniň ýagdaýyna üns berilýär. Ol adatça, çygly we ýylmanak bolýar. Dürli menekleriň, ýarajyklaryň (aftalaryň), başlaryň, agymtyl reňkli ýerleriň ýüze çykarylmagy keseliň barlygyny görkezýär. Şeýle hem gulakýany

sülekeý mäziň (Stenon akabasy) we äňasty sülekeý mäziň (Wartan akabasy) akabalarynyň deşikleriniň sebitlerine üns berilýär. Bulanyk sülekeýiň ýa-da, has beteri, iriňli suwuklygyň çykmaklygy sülekeý mäziň çişmesiniň (sialodenitiň) ýa-da sülekeý mäz akabasynyň çişmesiniň (sialodohitiň) barlygyna şaýatlyk edýär .

Dişleri barlamagy diş aýnasynyň we dürtgijiň kömegi bilen gözden geçirişden başlaýarlar. Onuň netijesinde dişleriň sany, reňki we olaryň diş hatarynda ýerleşişleri, emeli diş gurnamalaryň (protezleriň) barlygy kesgitlenilýär. Diş hatarlaryň ýagdaýynyň ýazgysyny gysgaça beýan etmek üçin, adatça dişleriň aňlatmasyny (formulasyny) ulanýarlar. Äňdäki her bir dişiň öz san belgisi bolýar. San belgisi merkezi alyn dişden başlanyp ikinji süýt azyda (süýt dişlerde, çagalarda) ýa-da üçinji uly azyda (hemişelik dişlerde, ulylarda) tamamlanýar. Süýt dişler rim sanlary, hemişelik dişler bolsa - arap sanlary bilen bellenýär.

Hemişelik dişleriň aňlatmasy

ýokarky äňiň dişleri

| | | | | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Sag tarap | 18 | 17 | 16 | 15 | 14 | 13 | 12 | 11 | 21 | 22 | 23 | 24 | 25 | 26 | 27 | 28 | Çep tarap |
| | 48 | 47 | 46 | 45 | 44 | 43 | 42 | 41 | 31 | 32 | 33 | 34 | 35 | 36 | 37 | 38 | |

aşaky äňiň dişleri

Süýt dişleriň aňlatmasy

ýokarky äňiň dişleri

| | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Sag tarap | 55 | 54 | 53 | 52 | 51 | 61 | 62 | 63 | 64 | 65 | Çep tarap |
| | 85 | 84 | 83 | 82 | 81 | 71 | 72 | 73 | 74 | 75 | |

aşaky äňiň dişleri

Aňlatmanyň çep tarapy barlanylýan näsagyň ýokarky we aşaky äňleriniň sag tarap dişlerini görkezýär, sag tarapy bolsa – çep tarap dişlerini görkezýär. Diş hatarlaryndaky we her bir aýry dişdäki ýüze çykarylan ýagdaýy gönüden-göni diş aňlatmasynda bellemek üçin ýörite şertli bellikler bar.

Diş aňlatmasynda ýok dişler “0” bilen bellenýar. Diş çüýremesinde (kariesde) degişli san belginiň ýanynda “C”, diş mylkygynyň çişmesinde (pulpitde) – “Pu”, diş bagjygynyň çişmesinde (periodontitde) – “Pt”, kök bolanda “R” harpy, petiklenen dişde “P” goýulýar. Diş aňlatmasyny ulanmaklyk barlanylýan näsagyň diş hatarlarynyň ýagdaýyny gysga wagtyň içinde kesel taryhynda (gatnaw ýa-da ýatymlaýyn ýagdaýda bejergi alýan näsagyň lukmançylyk kartasynda) görkezmeklige ýol berýär. Ol ýa-da beýleki dişiň ýerleşýän äňini, tarapyny we görnüşini aňladýan uzyn söz birikmesine derek (mysal üçin, ýokarky äňiň sag tarap birinji uly azysy - 16 ) ony takyk san belgi bilen görkezip bolýar. Munuň ýaly edilende her bir dişiň şertli san belgisini we onuň diş aňlatmasyndaky ýerleşişini ýatda saklamalydyr. Her bir dişiň öz san belgisi bar.

Kadaly ýagdaýda diş hatary nal şekilli ýaýy emele getirýär we her bir äňde dişler biri-biri bilen diňe gapdal taraplary bilen degişýärler. Ýalňyş çykan diş (diş ýaýyndan başga ýerde) çeýnemekligi kynlaşdyrýar hem-de ýaňagyň we diliň hemişe şikeslenip durmagyna getirýär. Käwagt ýalňyş çykan diş owadanlyk nukdaý nazaryndan örän oňaýsyz bolýar. Hemme dişleriň arasynda, köplenç, gyýak we aşaky üçinji uly azy dişler diş ýaýyndan başga ýerde çykýarlar. Käbir halatlar-da görkezmeler boýunça diş ýaýyndan başga ýerde çykan dişi sogurýarlar.

Kadaly ýagdaýda dişiň täç bölegini örtýän syrçasy ak reňkli bolýar, oňa düşýän ýagtylyk yza serpilende diş syrçasynyň ýüzi ýalpyldaýar. Käbir adamlarda, aýratyn hem çilimkeşlerde, diş üstüniň reňki sarymtyl bolýar. Emma bu ýagdaýda-da syrçanyň ýüzi hiç bir kemtiksiz, tekizligine galýar. Diş syrçasynyň ýüzinde ýalpyldamaýan (bulançak) ýeriň (hek pisint tegmiliň) döremekligi diş çüýremesiniň (kariýesiň) başlangyç döwri barada şaýatlyk edýär.

Gözden geçirlenden soňra dişleri barlamaklyk ***diş dürtgijiniň kömegi*** bilen geçirilýär . Dürtgiç dişiň üstiniň doly aýdyň bolmadyk ýa-da gözden geçirip bolmaýan ýerlerinde bolup biläýjek kemtigi (köwegi) ýüze çykarmak ücin ulanylýar. Diş syrçasynyň sagdyn ýüzi boýunça dürtgijiň ýiti ujy hiç bir ýere ilişmän typýar. Emma sähelçe büdür-südür bolan ýer ýüze çyksa, diş syrçasynyň kemtigi bolsa-

ha has beter, onuň typmaýanlygy ýa-da çümüp durýanlygy esasynda aňsatlyk bilen diş syrçasynyň zaýalanmasyny kesgitläp bolýar. Şeýle hem dürtgiç dişiň çüýremesiniň (kariesiniň) esasynda emele gelen köwegiň ölçegleri, onuň çuňlygy, ýumşak dentiniň bardygyny barlamak üçin ulanylýar. Dürtgiç bilen köwek barlananda agyry kesgitlenip bilinýär.

Dişler barlananda ***kakyp barlamak (perkussiýa) usuly*** hem ulanylýar. Munuň üçin dürtgijiň tutawajynyň yz tarapy bilen barlanýan dişiň dik ugry boýunça seresaplyk bilen kakylýar. Diş bagjygynyň (periodontyň) çişmesinde agyry döreýär we onuň depgini gönüden-göni çişme hadysasynyň derejesine bagly bolýar (ýiti ýa-da üznüksiz). Käbir halatlar-da dişiň yrgyldysyny kesgitlemek gerek bolýar. Munuň üçin diş jübtegi ulanylýar hem-de onuň täjini gysyp saklap dişiň gapdal tarap ugry boýunça süýşmekligi esasynda yrgyldynyň derejesi kesgitlenilýär (I dereje – dişiň bir ugur, dişiň 1 mm çenli agyz bosagasyndan agzyň içine tarap ugur boýunça yrgyldamagy; II dereje – 1-2 mm-den hem köp, iki ugur boýunça agyz bosagasyndan içine tarap we gapdal dişleriň ikisine hem tarap yrgyldamagy; III dereje – dişiň hemme ugyrlar boýunça, şol san-da aşak-ýokaryk ugyr boýunça hem, yrgyldamagy). Dişiň güýçli yrgyldamasy “C“ ýokum (witamin) ýetmezçiliginde (awitaminozda), parodontitde we parodontozda, osteomiýelit we çiş hadysalarda we başg. bolýar.

Agyz boşlugy gözden geçirlende diş etiniň gyrasyny barlamak gerek. Sagdyn adamlarda diş etiniň gyrasy solak-gyrmyzy reňkli bolýar we dişiň boýunjygyny jebis gurşaýar. Diş etiniň nemli bardasynyň gyzarmasy, onuň ýellenmesi we dişlerden aýrylyp durmaklygy köplenç ýagdaýlarda parodontit keseli bolan çişme hadysanyň barlygyna şaýatlyk edýär. Diş etiniň ganawjygynyň çuňlaşmagy ( 0,3 sm-den çuň ) we onuň diş-dişeti kisesine öwrülmegi, esasan parodontide mahsusdyr we onuň çuňlugyny barlamak üçin ýörite dişeti dürtgijini ýa-da diş bejeriş ýylmaýjyny diş bilen diş etiniň arasyna salýarlar. Guralyň 0,3 sm-den köp çuňa girmekligi diş-dişeti kisesiniň barlagyna we dişýany dokumanyň keseliniň barlygyna şaýatlyk edýär, ondan iriň suwuklygynyň çykmaklygy bolsa bu keseli tassyklaýar.

Barlagyň wajyp ýeri diş hatarlarynyň gatnaşygyny, ýagny dişleýşi (okkluziýany) kesgitlemekdir. Kadaly (fiziologik) dişleýşiň alamatlary aşakdakylardyr:

1) Ýokarky we aşaky äňleriň merkezi alyn dişleriniň arasy boýunça geçýän orta çyzygyň gabat gelmekligi;

2) Her bir dişiň garşydaş dişiniň bolmaklygy (aşaky merkezi alyn dişlerden we ýokary üçünji azylardan başga her bir dişiň iki garşydaş dişi bar). Äňler gysylan ýagdaýynda köplenç ýokarky alyn dişler aşakdakylary 1/3 beýikligine ýapýarlar .

Kadaly dişleýşiň dört sany görnüşi bar we olaryň her birine hem ýokarda bellenen alamatlar häsiýetlidir (3-nji surat). Kadaly dişleýşiň şikesden soňra üýtgemekliginiň äňleriň döwügini ýa-da aşaky äňiň çykygyny anyklamakda uly ähmiýeti bardyr.

Şeýle hem kadaly däl (patologik) dişleýiş görnüşleri ýüze çykarylyp bilner (çuňňur, açyk, progenik, prognatik, atanaklaýyn). Olar diş-äň ulgamynyň ösüş nädogrylyklaryny, äňleriň şikesleriniň we çişme keselleriniň gaýra üzülmeleri netijesinde döreýärler .

Dişleri barlamagyň we olaryň kesellerini dogry anyklamagyň umumy terapewt lukmanyň işinde hem wajyp ähmiýeti bardyr. Kök uçlarynyň üznüksiz kesel hadysalary (üznüksiz periodontit) käbir halatlar-da ýitileşmezden uzak wagt dowamynda geçip, näsaglaryň känbir ünsüni çekmeýärler, emma olar käbir umumy keselleriň (rewmatizm, nefrit, (böwrekleriň çişme keseli) we başg.) sebäbi bolup bilýärler. Diş ýokanjynyň ojagyny we onuň netijesi bolan bedeniň ýokanç sebäpli bolan üznüksiz zäherlenmesini anyklamakdaky kynçylyklar bu ojagyň äň süňkiniň çuň içinde ýerleşýändigi we kesel hadysasynyň bildirip duran alamatlarynyň ýoklygy bilen düşündirilýär.

Kök uçlaryndaky çişme hadysa ojaklaryny ýüze çykarmak üçin rentgenografiýa usuly ulanylýar. Onuň kömegi bilen çişme hadysa netijesinde ýüze çykan dişýany dokumalaryň kesel üýtgemelerini aýdyň görmek bolýar. Sagdyn dişde endigan çyzyk görnüşli bolýan diş bagjyk yşy (periodont) üznüksiz ýa-da ýiti periodontitde onuň galňamasy ýa-da üýtgemesi görnüşde ýüze çykarylýar. Bu aýdylanlar sebäpli hem diş-äň ulgamyny barlamaklygyň meýilnamasyna hökmany su-

ratda ***goşmaça barlag usullary***, şol san-da rentgenografiýa goşulýar. Stomatologik näsaglar barlananda rentgen usulynyň wajyp, kähalatlar-da bolsa aýgytlaýjy ähmiýeti bardyr.

Dişleriň ýaşaýşa ukyplylyk ýagdaýyny kesgitlemek üçin elektroanyklaýyş (elektrodiagnostika) giňden ulanylýar. Mylkygy (pulpasy) keselsiz bolan sagdyn dişde onuň täjinde birleşdirilen elektrik zynjyry arkaly elektrik tok bilen gyjyndyrlanda toguň örän pes güýjünde hem (2-6 m A) agyry duýgulary döreýär . Diş mylkygy (pulpasy) ölen halatynda has ýokary güýji bolan elektrik togy hem agyry duýgularyny döretmeýär. Köplenç ýagdaýda bu usul dişiň ýaşaýşa ukyplylygyny kesgitlemekligiň ýeke-täk usuly bolup hyzmat edýär. Agyry duýgurlylyk çäginiň 100 mA  çenli ýokarlanmagy diş mylkygynyň (pulpasynyň) doly ölendigine şaýatlyk edýär we onuň diş bagjygynda (periodontynda) çişme hadysa (periodontit) döränligi barada pikir etmäge esas berýär. Elektroanyklaýyş üçin ýörüte enjamlar (“ОД-1”, “ИБН- 1”)  ulanylýar.



3-nji surat. Kadaly dişleýşiň (okklýuziýanyň) görnüşleri:
a-ortognatiýa; b-göni; ç-biprognatiýa; d-fiziologik progeniýa.

Diş hatarlary barlanandan soňra gaty we ýumşak kentlewügiň, şeýle hem diliň nemli bardasyny gözden geçirýärler. Kentlewügiň öň tarap bölegini gözden geçirmek üçin diş aýnasy ulanylýar, yz tarap böleklerini bolsa aýnasyz hem görmek bolýar. Gaty kentlewügiň nemli bardasy büdür-südür bolýar. Gaty kentlewügiň ön tarap böle-

ginde nemli barda orta çyzygyň (kentlewük tikininiň-sepiniň) iki tarapy boýunça kese ýerleşen ýygyrtlary emele getirýär. Ýumşak kentlewügiň nemli bardasynyň üsti tekiz bolýar.

Kentlewügiň nemli bardasynda agyz boşlugynyň nemli bardasyna mahsus bolan kesel alamatlary (hadysalary) emele gelip bilýärler (ýarajyk (afta), stomatitdäki baş, papilloma we başg.). Sary getirme bilen geçýän bagyr kesellerinde gaty we ýumşak kentlewügiň serhediniň nemli bardasynyň sarymtyl reňki bedeniň başga ýerlerinde döreýän üýtgemelerden (göz agy (sklera), deri we başg.) has ir ýüze çykýar. Şeýle hem kentlewügiň nemli bardasynda mahsusy (merezýel) ýa-da çiş häsiýetli başlar döräp bilýärler.

Ýaňaklaryň nemli bardasyny agzyny giň açan ýagdaýynda, şeýle hem agyz burçuny diş aýnasy ýa-da lukmançylyk malasy (şpateli) bilen çekip oňat gözden geçirmek bolýar. Orta ýaşly we ondan uly adamlarda ýaňak nemli bardasynda näsagyň arzy bolmasa hem üýtgemeler bolup biler (tekiz leýkoplakiýa).

Dil barlananda onuň görnüşine we ölçeglerine üns bermek gerek. Diliň adaty görnüşi we ölçegleri şikes ýetende ýa-da onda çiş, çişme hadysasy bolanda üýtgäp biler. Diliň ölçegleri aşgazanyň keseli (aşgazan nemli barda çişmesi-gastrit) netijesinde üýtgäp biler, ýokary turşylykly (giperasid) gastritde diliň ulalmaklygy onuň nemli bardasynyň esasan ýellenmesi netijesinde bolup biler. Bu ýagdaýda onuň gapdal taraplarynda diş yzlary ýüze çykýar. Içki mäz (endokrin) işjeňlik bozulmalary (akromegaliýa) uly ölçegli diliň (makroglossiýanyň) sebäbi bolup biler.

Diliň ölçegleriniň kiçelmegi pes turşylykly (gipoasid) gastritde bolup biler. Munda diliň nemli bardasynyň has güýçli ýukalyp kiçelmegi (atrofiýasy) ýüze çykýar. Sagdyn adamda, adatça, diliň nemli bardasynyň üsti ýygyrt bolýar. Emma kähalatlar-da güýçli bildirýän ýygyrtlaryň bolmaklygy içege kesselleriniň bardygyna şaýatlyk edip biler.

Adatça, diliň arkasynyň nemli bardasy gopan örtgi öýjüklerinden (epiteliýadan), iýmit galyndylaryndan, sülekeýden durýan ýukajyk ýokundy bilen örtülen. Käbir kesellerde, esasan hem iýmit siňdiriş ýollarynyň kesellerinde diliň ýokundysy has ýaýraň bolýar we onuň tutuş üstüni örtýär .

B12-ýokum (witamin) ýetmezçilikli ganazlyk (pernisioz anemiýa; Addison-Birmeriň anemiýasy) üçin diliň ýylmanan ýaly şekili mahsusdyr. Bu ýagdaýda diliň üst tarapynyň nemli bardasynyň emzijekleriniň güýçli kiçelmegi sebäpli ol ýalpyldap durýar. Munuň ýaly görnüşli dile "Gunteriň dili " diýlip at berlendir.

Görkezmeler boýunça diliň ***el bilen barlagyny (palpasiýasyny)*** geçirýärler. Munuň üçin hasa ýaglyjagy bilen diliň üç böleginden tutýarlar we ony biraz çekýärler. Sag eliň barmaklary bilen diliň barlagyny geçirýärler. Diliň düýbi (kök sebitini) el (barmaklar) bilen barlananda näsagyň ögemekliginiň öňüni almak üçin ol ýere nowokainiň 2 % erginini, lidokainiň 2 % erginini ýa-da anesteziniň 3 % erginini çalýarlar. Diliň düýbi barlananda kähalatlar-da has ulalan we çişiň (täze döreme) bardygynyň pikirini etmäge mejbur edýän tagam emzijekleriniň bardygyny ýatda saklamak gerek.

Agyz boşlugyny gözden geçirmegiň soňunda damagy görmeli, badamjyklaryň ýagdaýyny kesgitlemeli (ölçegleri, reňki, ýygyrtlaryndaky iriň dykyndylarynyň barlygy we başg.).

Goşmaça barlag usullarynyň arasynda morfologik barlaglar – aýnajygy başa ýelmeşdirilip alnan, sanjym suwuklygynyň ýa-da gazalyp alnan çyrşak ýokundynyň öýjük barlagy (sitologiýa) we çişiň sagdyn dokuma geçýän ýerinden dokuma bölejiginiň kesilip alynmagy ýa-da sagdyn dokuma çäklerinde doly kesilip aýrylan çiş dokumasynyň dokuma gurluş barlagy (biopsiýa, gistologiýa) iň bir ygtybarly barlag usullarydyr.

# 3-NJI BAP

## STOMATOLOGIK KESELLERIŇ ÖŇÜNI ALMAK

Kselleriň öňüni almak - profilaktika, - döwletiň saglygy goraýyş ulgamynyň esasydyr, onuň özenidir. Keselleriň öňüni almaklyk ilatyň saglygyny goramaga we berkitmäge gönükdirlen döwlet, ilatyň guramaçylykly toplumy (kollektiw), maşgala we şahsyýet tarapyndan geçirilýän çäreleriň toplumydyr. "Keseli bejerenden onuň öňüni al-

mak aňsat” diýen düşünje häzirki zaman lukmançylygynyň esasy ýörelgeleriniň birine öwrüldi. Stomatologik keseller örän köpdürlidir, emma olaryň esasylaryna dişiň kariýesi we onuň gaýra üzülmeleri hem-de dişýany dokumalaryň keselleri degişlidir. Olaryň öňüni alyş çäreleriniň ýerlikli we doly geçirilmegi örän wajypdyr.

Keselleriň öňüni almak Garaşsyz we Hemişelik bitarap Türkmenistan Watanymyzyň saglygy goraýyş ulgamynyň esasy wezipesidir we ýurdumyzyň hemme ylmy-kliniki merkezleriniň, bejeriş-öňüni alyş we şypahana edaralarynyň alyp barýan işleriniň ösüş ugruny kesgitleýändir. Şol bir babat-da, keselleriň öňüni almak stomatologiýada geçirilýän ylmy-barlag işleriň we gündelik amaly işiň ugruny kesgitleýär we ol işleriň mundan-da beýläk ýaýbaňlanmagyna kömek edýär.

Keselleriň öňüni almaklygyň, şol san-da stomatologik keselleriň hem, esasynda ýurdumyzda bedenterbiýäni we sporty ösdürmek, adamlara eşretli dynç almak üçün hemme şertleri döretmek, sagdyn durmyşy we ýagdaýy wagyz etmek, daşky gurşawy goramak we ondan ýerlikli peýdalanmak, ilatyň zähmet şetrlerini gowylandyrmak, iş öndürjiligini ýokarlandyrmak, ilatyň ýaşaýyş we durmuş şertlerini mundan-da beýläk gowylandyrmak, adamlaryň ýerlikli iýmitlenmegini guramak ýaly wezipelerden durýar.

Keselleriň öňüni almagyň esasynda sagdyn adamlaryň saglygyny mundanda-da beýläk berkitmek, adamlaryň kesellemeginiň we şikes almagynyň öňüni almak, keselleriň gaýra üzülmeleriniň we näsaglaryň ýagdaýlarynyň has agyrlaşmagynyň öňüni almak ýaly üç sany wajyp mesele durýar. Biri-biri bilen ysnyşyk baglanyşykly bolan meseleleriň çözülmegi adamlatyň işjeň ömrüniň uzalmagyna ýardam edýär.

Keselleriň öňüni almaklygy işläp düzmek we ony durmuşa geçirmek şertleýin üç bölekden – irki (ilkinji), tesdirilen (iklenji) we giçki (üçülenji) öňüni alyş çärelerden durýar.

***Irki (ilkinji) öňüni alyşa*** döwlet, jemgyýet, maşgala we şahsyýet tarapyndan geçirilýän çäreler degişlidir. Irki öňüni alyş (profilaktika) çäreleri sagdyn adamlaryň saglygyny goramaga we berkitmäge, olaryň beden synalaryna, şol san-da dişlerine we agyz boşlugynyň synalaryna täsir edip, kesel döredip bilýän oňaýsyz tebygy we durmuş sebäplerini aradan aýyrmaga gönükdirlendir (agyz boşlugynyň aras-

saçylygyny geçirmek, agyz synalaryna zyýanly endikleriň we hünär zyýanlyklarynyň täsirlerini, durmuş we önümçilik şikeslerini aradan aýyrmak, ilatyň arasynda sagdyn durmuş ýörelgesi barada wagyz-nesihat işlerini geçirmek we başg.).

***Tesdirilen (ikilenji) öňüni alyşa*** geçirilýän durmuş we lukmamçylyk çäreleri degişlidir. Tesdirilen öňüni alyş bu keselleri mümkingadar ir anyklamaga, keseliň güýjemeginiň we agyrlaşmagyň garşysyna gönükdirlen çärelerdir (agyz kesellerini irki döwürlerde ýüze çykarmak, kariýese meýilli ojaklary germetikler bilen ýapmak, diş-äň nädogrylyklaryny ýüze çykarmak we ortodont lukmana ugratmak, diş lukman tarapyndan hünärmen arassaçylyk çäresini geçirmek, yzygiderli gözegçilik üçin hasaba almak we başg.).

***Giçki (üçülenji) öňüni alyşa*** esasan lukmançylyk bejeriş çäreleri degişlidir. Giçki öňüni alyş – näsagyň sagalmagyna, keseliň agyrlaşmazlygyna, gaýra üzülmeleriň döremezligine, onuň işe ukypsyzlyk döwrüni gysgaltmaga, bu kesel sebäpli maýyp bolmazlygyna, ölüm howpyny aradan aýyrmaga we saglygyny doly dikeltmäge (reabilitasiýasyna) gönükdirlen çärelerdir (dişleriň bejergisinde dogry usuly saýlap almak we gaýra üzülmeleriň öňüni almak, agyz boşlugynda sagdynlaşdyryş çäreleri geçirmek, yzygiderli gözegçilik üçin hasaba almak we başg.).

Kesselleriň öňüni almaklygyň hemme görnüşleri özara ysnyşykly baglanyşykdadyr. Mysal üçin, geçirlen irki öňüni alyş çäreleri tesdirlen öňüni alyşyň netijeliligini ýokarlandyrýar. Bularyň hemmesi kesselleriň öňüni alyş çäreleriniň biri-birinden aýrylmazdygyny, onuň sanalan üç böleginiň saglygy goraýyş çäreleriň esasy bolup durýandygyny tassyklaýar, we öňlerinde duran maksatlarynyň aýratynlyklaryna garamazdan irki, tesdirlen we giçki öňüni alyş esasy bir maksada gulluk edýärler.

## 3.01. Agyz boşlugynyň özbaşdak Arassaçylyk serişdeleri we usullary

Agyz boşlugynyň synalarynyň sagdynlygyny saklamak üçin ondaky arassaçylyk çäreleri oňat geçirilmelidir. Bu bolsa agyz boşlugyndaky berjaý edilýän esasy fiziologik hadysalar bolan çeýneýşiň, iýmit siňdirişiň, öz-özünden geçýän tebigy arassalaýşyň diş

syrçasynyň minerallaşmasynyň kadaly bolmagyny üpjün edýär. Şu sebäpli hem, her bir adama agyz boşlugynyň arassaçylygynyň düzgünlerini we usullaryny öwretmek, agyz boşlugynyň päkizelik ýagdaýynyň ýokary bolmagy ugrundaky alada hemme lukmançylyk işgärleriniň öňünde duran jemgyýet we amaly lukmançylyk meselesidir.

Agyz boşlugynyň arassaçylygynyň maksady - ony iýmit galyndylaryndan, diş ýokyndysyndan, detritden, ýokançlardan arassalamak, şeýle hem agyz boşlugynyň synalaryna we dokumalaryna oňaýly täsir edýän serişdeleri ulanmakdyr.

**Agyz boşlugynyň arassaçylyk serişdeleri.** Bu serişdelere diş hamyrlary (plastalary), diş külkeleri we diş eleksirleri degişlidir.

***Diş hamyrlary (plastalary)*** iň giň ýaýran agyz arassaçylyk serişdesidir. Olaryň düzümine hökman emele getiriji bolan mel (abraziw), dikalsiýfosfat, kalsiý pirofosfady, natriý metafosfat, üçkalsiýfosfady, alýuminiý gidroksidi, kremniý dioksidi we başgalar girýär.

Diş hamyrlaryny esasan iki topara – arassaçylyk we bejeriş-öňüni alyş görnüşlere bölýärler. Arassaçylyk (gigiýeniki) hamyrlar agyz boşluguny arassalamak, oňa ýakymly ys bermek üçin niýetlenendir we öz düzüminde hiç bir bejergi we öňüni alyş serişdeleri saklamaýar (*2-nji çyzgy*).

*2-nji çyzgy*

**Diş hamyrlarynyň görnüşleri**



Bejeriş-öňüni alyş diş hamyrlary kariýese garşy, diş etiniň çişme hadysasyna garşy we agyz boşlugynyň nemli bardasynyň keselleri-ne garşy ulanylýan görnüşlere bölünýärler. Olaryň düzümine birnäçe bejeriş we öňüni alyş goşundylar girýärler. Bu goşundylara baglylyk-da bu diş hamyrlary birnäçe görnüşe bölünýärler.

Kariýese garşy diş hamyrlary düzüminde ftor saklaýan ( 1-2 % F elementi bolan) görnüşe we ftorsyz diş hamyr görnüşe bölünýärler.

Çişme hadysa garşy diş hamyrlary düzüminde ösümlik önümle-rini we biologik işjeň maddalary saklaýan görnüşe hem-de duzly diş hamyr görnüşe bolünýär.

***Diş külkeleri.*** Diş külkesiniň esasy bölegi – hek, dikalsiýfosfat, eremeýän natriý metafosfaty we beýleki serişdelerdir, şeýle hem ola-ra ys we tagam berijiler (1-2 %) bolan mentol, ewkalipt, anisa we beýleki ýaglar goşulýar. Käbir külkelere iýmit sodasy (natriý bikar-bonady), hlorid ammoniýi goşulýar. Diş külkesini taýýarlamak aňsat, bahasy arzan bolýar, olaryň oňat arassalaýjy ukyby bar. Emma olaryň agyzdan ýakymsyz ys aýryjy, tämizleýji häsiýetleri pesdir (ulanylýan gabyna ýokançlaryň düşmegi mümkin), olara biologik işjeň madda-lary goşup bolmaýar. Külkeleri agyz boşlugynyň nemli bardasynyň kesellerinde, dişleriň ýokary sürtülme keselinde (dişleriň sürtülmesi-ni güýçlendirýändikleri sebäpli) ulanmak maslahat berilmeýär. Olary kiçi ýaşly çagalarda hem ulanmak bolmaýar.

***Diş eleksirleri.*** Diş eleksirleri agyz boşlugyny iýmit galyndy-lardan oňat arassalamak, ýakymsyz ysy aýyrmak we ýakymly ys bermek üçin niýetlenen. Olar ýakymly ys beriji maddalary, men-tol, reňkleýjileri saklaýar. Eleksirleriň köpüsiniň düzimine derman serişdeler goşulan, käbirleriniň düzimine natriý ftoridi girýär.

**Agyz arassaçylygyny geçirmek** üçin esasan diş çotgalary, diş sapaklary we diş çöpleri ulanylýar.

*Diş çotgalary* iň esasy arassaçylyk serişdesi bolup, onuň arassa-laýjy ýerine baglylykda çagalar üçin kiçi çotgalar (18-25 mm uzynlyk-da we 7-8 mm ininde bolan), ululylar üçin bolsa uly çotgalar (25-30 mm uzynlygy we 7,5-11,0 mm ini bolan) ulanylýar. Çotga tüýleri giň bolmaly däldir we olar emeli (polipropilen) sapaklardan bolsa arassa-çylyk nukdaýnazardan gowy hasap edilýär. Diş çotgasynyň möhleti

dürli bolýar, ortaça 3-4 aý; tüýjagazlary selçeň, gyýşaran we gysgalan diş çotgasynyň netijeli arassalap bilmejegini bilmeli. Şu sebäpli hem diş çotgalaryny wagtynda çalşyp durmaly. Diş çotgasy şahsy ulanyş serişdesidir. Her bir adam öz diş çotgasy barada alada etmelidir we wagtynda ony täzesine çalyşmalydyr.

***Dişleri çotga bilen arassalamagyň esasy düzgünleri.*** Diş arassalamak üçin gazaýan, aýlaw, süpürýän we yzdan-öňe hereketleri ulanýarlar. Gazaýan we yzdan-öňe hereketleri bilen uly we kiçi azylaryň çeýneýiş taraplaryny arassalaýarlar, süpürýän hereketler bilen hemme dişleriň ýaňak, kentlewük, dil we agyz bosagasy taraplaryny arassalaýarlar. Onda dişi arassalamagy çotgany öwürmek bilen onuň okynyň ugry boýunça süpürýän hereketler bilen dişiň degişli tarapyny arassalaýarlar (4-nji surat). Şeýle hem soňra aýlaw we öňe gaýdýan aýlaw hereketleri bilen dişleriň ýaňak, kentlewük, dil we agyz bosagasy taraplaryny arassalaýarlar.

Dişleriň biri-birine degişýän ýerlerini doly arassalamak üçin ***diş sapaklaryny*** ulanylýar. 30-40 sm uzynlykdaky sapagy sag tarap eliň orta barmagyna saramaly we ony başam barmak bilen we çep eliň süýem barmagy arasynda çekip saklamaly hem-de ony dişe degirip dartylan ýagdaýynda dişleriň arasyna geçirmeli. Şeýle ýagdaýda dişleriň degişýän aralaryny öňden-yza we aşakdan ýokaryk ugurlar boýunça 6-7 gezek hereket etdirip arassalamaly. Sapak bilen arassalamagy diş emzijeklerini şikeslemez ýaly seresaply geçirmeli. Kariýesiň öňüni almak üçin öňünçä sapaklary ftorid erginlere ýatyrmak bolar.



4-nji surat. Ýokarky (1-5) we aşaky (6-10) äňleriň dişlerinde diş çotgonyň hereketleri, şeýle hem aýlaw (11) we dik (12) hereketler.

***Diş çöpjagazy*** bilen diş aralaryny arassalamak bolar. Olar üçburç, ýasy ýa-da togalak bolýarlar. Adatça, olar agaçdan ýa-da plastmassadan ýasalan bolýar. Diş çöpjagazynyň ujuny dişiň ýüzüne degrip diş etiniň ganawjygyna salynýar we soňra dişiň ýüzi boýunça dişleriň degişip duran ýerine çenli süýşürilip arassalanýar. Diş aralary dar bolanda diş çöpjagazyny ulanmak kyn bolýar.

## 3.02. Diş syrçasynyň kesele durnuklylygyny ýokarlandyrýan serişdeler we usullar

**Demlenen gök çaý** agyz suwunda ftoryň mukdary kabul edilen kadadan az bolan ýagdaýynda kariýesiň öňüni alyş serişdesi hökmünde ulanylyp bilner. Türkmenleriň adaty çaý demleýiş usuly esasynda demlenen çaýyň 1 litrinde (1 litrlik gapdaky gaýnag suwa 3 çaý çemçe gury çaý atmaklyk) ortaça 3 mg bardygy kesgitlenen. Kariýesiň öňüni alyş serişdesi hökmünde demlenen gök çaýy 2 bulgur mukdarda ýylyň dowamynda diýen ýaly (ýaz, tomus we güýz) iki wagtyna -irden we agşamyna goşmaça içmekligi bellemek bolar.

**Natriý ftoridiniň gerdejigi** 0,001 g (sary reňkli) we 0,0022 (ak reňkli) natriý ftoridini saklaýar, degişlilikde ftor sanlarynyň 0,5 we 1 mg hasabynda bolýar. Natriý ftoridiniň gerdejigini 2-ýaşdan başlap, 14-15 ýaşa çenli bellemek bolar. Adam bedenine gelýän ftoridleriň möçberi içilýän agyz suwunyň düzümindäki mukdaryna we çaganyň ýaşyna baglydyr. Uly adam bedenine gelmeli ftoryň ýerlikli mukdary 1,2-2,6 mg, çagalar üçin – 1,2-1,6 mg. Çagalar edaralarynda ftor saklaýan gerdejikleri bermek synp boýunça nobatçynyň gözegçiligi astynda her gün ertirlik nahardan soň maslahat berilýär. Dynç alyş döwri we dynç alyş günleri her bir çaga öýde kabul etmegi üçin ýeterlik sanda gerdejikleri berýärler. Gerdejikler lukmanyň dermannamasy boýunça goýberilýär.

**Witaftor** A, C, D we natriý ftoridi düzüminde bolan ýokumlar toplymydyr. Bu açyk sary reňkli suwuklykdyr. Ony agyz suwunda ftoruň mukdary 0.5 g/l az ýerlerde her üç aýdan 2-4 hepde arakesme bilen ýylyň dowamynda nahar wagt ýa-da ondan soňra ½ çaý çemçeden günde bir gezek (6 ýaşa çenli çagalarda) we 1 çaý çemçeden

günde bir gezek (6 ýaşdan uly çagalarda) ulanylýar. Bu serişdäniň senagat taýdan önümçiligi ýola goýlan.

**Ftorlak** düzüminde 2,9% ftor saklaýan tebidy şepbigiň birikmesi görnüşinde taýýarlanandyr. Onuň gowy ýelmeşmeklik ukyby bar we ftoridleriň diş syrçasynyň ýüzine aralaşmagyna gerek bolan wagtyň dowamynda dişiň ýüzünde saklanýar. Ol ulanylan wagty dişi ýokundylardan arassalamaly, howa bilen guratmaly we ondan soňra hasa tokgasy bilen, çotgajyk ýa-da plastmas (agaç) taýajygy bilen aşaky äňiň dişlerinden başlap nemli barda degirmän dişleriň üstüne ýukajyk çalmaly. Lak çalynandan soňra onuň guramagy üçin näsäg agzyny açyp oturmaly. Dişiň ýüzünde lak uzak saklanmagy üçin şol günüň dowamynda dişler ýuwulmaly däldir we diňe suwuk iýmit bilen naharlanmaly. Agramy 40 kg çenli bolan çagalara 0,4 ml çenli, 40-60 kg agramdakylara 0,6 ml çenli lak harçlamak maslahat berilýär.

**Natriý ftoridiniň 1-2 %** ergini çalyp siňdirmek usuly üçin ulanylýar. Munuň üçin dişleri arassaçylyk hamyry bilen oňat ýuwmaly. Ondan soňra sülekeý barmaz ýaly edip dişleri hasa tokgasy ýa-da howa üfleýji bilen guratmaly. Soňra 15-20 min dowamynda dişleriň üstlerine derman serişdesi siňdirilen pamyk zolaklary goýulýar. Bu wagtyň dowamynda pamyk zolaklary 2-3 gezek ergin bilen çyglandyrmaly. Ftoridler çalnyp ulanylanda olaryň diňe dişler bilen galtaşmagy we ony näsagyň ýuwutmazlygy üçin berk çäreleri görmelidir. Bu öňüni alyş çäre wagty sülekeýini ýuwutmaly däldigi barada näsag duýdurylmaldyr we gerek bolan halatynda ol tüýkürmelidir. Ftoridleri çalyp siňdirmek çäresinden soňra agyz boşlugyny suw bilen çaýkatmaly.

Kariýesiň öňüni almak üçin **ftoryň dermanlaryny** çaýkatmak görnüşinde diňe olaryň pes mukdarly erginleri ulanylanda (0,05-0,2%) ýol bermek bolar. Çaýkamagy diş arassalanandan soňra 1-3 min dowamynda maslahat berilýär, ondan soňra bolsa arassa suw bilen agyz boşlugyny çaýkamaly. Bu çäräni ýylda iki gezek ulanmak bolar.

**Kalsiý glýukonady** (10% ergin) çalyp siňdirmek usuly bilen dişiň syrçasynyň durnuklylygyny ýokarlandyrmak üçin ulanylýar. Dişlere sülekeý barmaz ýaly edilenden soňra dişler oňat guradylýar we olaryň üstüne 12-15 min dowamynda kalsiý glýukonadynyň 10%

erginine ezilen pamyk zolagy goýulýar. Soňra dişleri ýene-de guratmaly we natriý ftoridiniň 2% erginine ezilen pamyk zolagyny goýmaly. Bu bejergi çäresi günaşadan üç gezek gaýtalanýar, gaýtadan geçirmek bolsa 6 aýdan amala aşyrylýar. Ftoridleriň kalsiniň siňmegine päsgelçilik döredýänligi sebäpli kalsiý glýukonadynyň we ftoridleriň çalyp siňdirmek bejergi çäresini beýan edilen yzygiderlilikde amala aşyrmaly.

**Remodent** toplumlaýyn kariýese garşy serişde bolup, onuň 3% suw eginini çalmaklyk (applikasiýa) ýa-da diş hamyry görnüşde ulanylýar. Onuň düzüminiň içindäkilerden kariýesiň döremegine päsgel berýän bölekleri kalsiý, fosfor we mikroelementlerdir. Remodentiň 3% suw erginini dişiň ýüzüne çalmaklyk umumy kabul edilen düzgünler bilen geçirilýär. Remodentiň erginini dişe çalmaklyk günaşa geçirilýär we 6 aýdan gaýtalanýar.

## 3.03. Stomatologik keselleriň öňüni alyş çärelerindäki arassaçylyk Wagyz-nesihat işleriň esasy görnüşleri

Arassaçylyk wagyz nesihat işiniň esasy iki ugry bar:

1. Sagdyn durmuş ýagdaýy - sagdynlyk ýagdaýy saklamagyň ýollary we usullary, keselleriň öňüni almak barada lukmançylyk bilimleri ýaýratmaklyk (propaganda);

2. Ilatyň sagdyn durmuş ýagdaýynyň düzgünlerini we usullaryny berjaý etmekleri hem-de keselleriň öňüni almagy terbiýeçilik we ynandyryş işleri arkaly (agitasiýa) wagyz-nesihat etmek.

Geçirilýän arassaçylyk wagyz nesihat işleri işjeň (aktiw) we işjeň däl (passiw) görnüşlere bölünýär.

Işjeň görnüşlere saglygy goraýyş işgärleriniň ilat bilen göniden-göni duşuşmak usullary - gürrüňdeşlik geçirmek, çykyşlar, beýanlar we doklad okamak degişlidir.

Işjeň däl görnüşleri - bu ilat köpçüligine neýetlenen ylmy (ylmy-populýar) gollanmalary, kitaplary, makalalary, düşündiriş we ýatlatma hatlary, plakatlary neşir etmek, sergileri gurnamak, kino we wideofilmleri görkezmek we başgalardyr.

## 3.04. Stomatologik keselleriň Toparlaýyn we özbaşdak öňüni alyş Çärelerini gurnamak we geçirmek

Stomatologik keselleriň öňüni almagyň ilkinji geçirilýän usullary iki topara bölünýär - köpçülikleýin (toparlaýyn) we özbaşdak öňüni alyş çärelerdir.

***Köpçülikleýin*** geçirilýän keselleriň öňüni alyş usullary göwreli zenanlara gözegçilik, çagalary goramak, suwa, howa, iýmite, bedenterbiýe çärelerine we başgalara gözegçilik etmek baradaky döwlet kanunlaryny we maksatnamalaryny durmuşa geçirmegi aňladýar. Bu çäreler beden we ruhy taýdan ösen we sagdyn raýatlary terbiýelemäge hem-de adamlaryň hemme synalaryny we tutuş bedenine köptaraplaýyn we sazlaşykly täsir etmäge gönükdirlendir. Dişleriň kariýes keseliniň öňüni almaklygyň netijeli bolan köpçülikleýin usullarynyň biri-de agyz suwuny ftorlaşdyrmakdyr. Ol agyz suwynda ftoryň mukdary 0,5 mg/l az bolanda geçirilýär. Ftory agyz suwunda 1,0-1,4 mg/l mukdara çenli goşýarlar (howany, lukmançylyk-geografiki şertleri hasaba almak bilen). Agyz suwuny ftorlaşdyrmagy Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň gözegçiliginde suw üpjünçilik edaralary amala aşyrýarlar.

Şol bir wagtda hem esasan agyz boşlugynyň synalaryna täsir edýän, esasy stomatologik kesellere bu synalaryň durnuklylygyny ýokarlandyrýan keselleriň öňüni almagyň ***özbaşdak*** usullary hem işlenilip düzülen we amaly işe girizilýär.

Esasy stomatologik keselleriň öňüni almaklygyň özbaşdak usullaryna, agyz boşlugynyň arassaçylygyndan başga-da, ftorly gerdejikleri, ftorly birleşmeleriň ýapgylaryny, ftorly we beýleki birleşmeleri bolan remineralizirleýji garyndylary ulanmak degişlidir.

## 3.05. Agyz boşlugynyň hünärmen Arassaçylyk çäreleri

Agyz boşlugynyň hünärmen arassaçylygy diýlip hünärmen stomatolog-lukman ýa-da stomatologiýa gigiýenaçysy tarapyndan geçirilýän dişleriň hemme ýerlerinde ýumşak we gaty ýokundylary oňat

aýrylmagyna hem-de soňra dişleriň üstlerini we diş etini öňüni alyş serişdeler bilen arassalanmagyna aýdylýar. Agyz boşlugynyň hünärmen arassaçylygy stomatologik keselleriň öňüni almagyň we olaryň başlangyç bejergisiniň ilkinji hem-de wajyp tapgyrydyr.

Agyz boşlugynyň hünärmen arassaçylygyny, birinjiden emeli diş gurnama salmaklyga agyz boşlugyny sagdynlaşdyryp taýýarlamak, şeýle hem kesel kesgitlemesini takyklamak, dişleriň reňkini kesgitlemek we takyk ölçeg almak üçin; ikinjiden, aýrylýan we aýrylmaýan emeli diş gurnama berkidilmezinden öň; üçünjiden ortopedik gurnamalaryň hyzmat ediş möhletini uzaltmak üçin geçirmek gerek.

Agyz boşlugynyň hünärmen arassaçylygy yzygiderli geçirilýän aşakdaky birnäçe çäräni özünde jemleýär:

1) näsag bilen agyz boşlugynyň hünärmen arassaçylygynyň gerekligi, gaty ýokundylaryň dişleriň gaty dokumalaryna we diş etine zyýany, bu meseläniň wajyplygy barada dogry düşünjäniň döremegi üçin gürrüňdeşlik geçirmek;

2) näsaga agyz boşlugynyň özbaşdak arassaçylygynyň düzgünlerini öwretmek;

3) agyz boşlugyny taýýarlamak – zyýansyzlandyryjy erginler bilen ýuwmak;

4) diş ýokundylaryny aýyrmak, dişleriň ýüzlerini düzlemek we ýalpyldatmak.

Diş ýokundylaryny aýyrmak üçin el gurallary (metal, plastmas, teflon) ýa-da elektroenjamlar: ultrases (magnitstriksion we pýezoelektriki, wektor ulgamy) we ses bilen işleýänler degişlidir.

Diş ýokundylaryny el bilen aýyrmak üçin ýörite gurallar – skeýlerler, gazawaçlar – kýuretkalar, çykaryjylar, ýylmaýjylar, çapgyçlar, törpiler ulanylýar. Diş ýokundylaryny el bilen aýyrmaklyk goparmak we gazamak arkaly amala aşyrylýar.

Ultrases we ses skeýlerleriň işleýşiniň esasynda diş daşlarynyň mehaniki aýrylmagy ýatyr. Yzygiderli gaýtalanýan wibrasiýa güýji netijesinde diş daşlarynda jaýryjaklar emele gelýär we soňra olaryň dargamagy ýüze çykýar. Bu enjamlar bilen diş ýokundylaryny aýyrmaklyga garşy görkezmeler bolan halatynda el gurallaryny ulanmak gerek.

Ultrases we ses skeýlerleri ulanmaga garşy görkezmeler aşakdakylardyr:
- Kardiostimulýator implantirlenenlerde;
- Çäkli osteomiýelitlerde;
- Howply çişlerde;
- Immunodepressant we kortikosteroid alýanlarda;
- Göz retinasynyň (setçatka) hirurgik bejergisinden soňra (diňe oftalmologyň maslahatyndan soňra);
- Burundan dem alyş bozulmasynda (ýiti we üznüksiz);
- Ýiti ýokanç kesellerde;
- Süýjili diabet keseliniň agyr görnüşinde;
- Garaguş keselinde (epilepsiýa);
- Agyz boşlugynyň ýumşak dokumalarynyň käbir kesellerinde we bozulmalarynda (eroziýalar, başlar, jaýryklar we başgalar);
- Süýt dişlerde ýa-da çagalarda täze çykan hemişelik dişlerde.

## 3.06. Agyz boşlugynyň üznüksiz Ýokanç ojagy we onuň bedeniň Beýleki keselleri bilen baglanyşygy

Üznüksiz stomatogen (agyz boşlugynyň synalary sebäpli) ýokanç ojagy käbir keselleriň mümkin bolan sebäbi hökmünde gadym zamanlardan bäri lukmanlaryň ünsüni çekip gelipdir.

XIX asyryň ahyrlarynda iňlis alymy Genter (1910) näsaglara edýän gözegçilikleri netijesinde dişleriň içki synalarynyň ikilenç zeper1enmesini döredýän ilkinji (başlangyç) jokanç ojagynyň bolup bilýändigini aýdypdyr. Ol tarapyndan agyz boşlugynyň ýokanç1y ojagy we agyz sepsisi barada düşünjäni öňe sürüpdir.

Agyz sepsisi baradaky tag1ymatyň soňraky ösüşi amerikaly barlagçy Rozenou tarapyndan amala aşyrylan. Ol geçiren tejribeleriniň esasynda her bir mylkygy (pulpasy) aýrylan (depulpirlenen) dişiň ahyr soňunda bedene ýokanç düşmeginiň hat-da, sepsisiň hem çeşmesi bolýar diýen netijä gelýär. Bu tejribe maglumatlarynyň amaly lukmançylyga göniden-göni geçirilmeginiň netijesinde diş sogurmaklyga bolan görkezmeleriň has giňelmegine getiripdir. Bu taglymata ýykgyn edýänleriň pikiriçe pulpasy zeperlenen her bir dişi

saklap galmak synanyşyk1ary sepsis ýagdaýynyň döremegine howp salýar. Mylkygy (pulpasy) keselli diş babatynda ýöredilen düýpli çemeleşmeklik bolan bu nukdaýnazar  bu ýyllarda dişiň adaty (terapewtik) bejeriş çäreleriniň ösmegine oňaýsyz täsir edipdir.

Agyz sepsisi baradaky taglymatyň ösmegine sowet alymlary uly goşant goşup olaryň ylmy barlaglary netijesinde bu meseläni öwrenmekde täze patogenetik ugur işlenilip düzülipdir.

II Bütinsoýuz odontologiýa gurultaýy (1922), ýörite agyz sepsisiniň meselerine bagyşlanan terapewtleriň IX Bütinsoýuz gurultaýynda (1926) S.S. Steriopulo öz çykyşynda golaý we daşgyn synalarda dürli zäherlenme alamatlaryny we olarda ýokanç ojaklarynyň döremegine getirip biljek dişýany dokumalarda ýerleşýän ýokanç ojaklaryň - “başlangyç ojaklaryň” aýratyn ähmiýetini belläp geçipdir.

Stomatogen ýokanç ojagynyň amaly lukmançylyk ähmiýetine I.G. Lukomskiý (1933) öz zähmetini bagyş edipdir. Ol öz işlerinde kökujy sebitdäki keseliň üznüksiz çişme hadysa ojagynda maddalaryň alyş-çalyş hadysalary netijesinde zäherleriň ýygnanýandygyny, olary bolsa antigen hökmünde bedeniň kesele garşy jogap işjeňligini (reaktiwligini) üýtgedýändigini we ahyrky netijede bolsa bedene täsir edýän sebäplere garşy onuň işjeňligini bozýanlygyny görkezdi. Bu aýdylanlaryň dogrylygyna näsaglaryň özbaşdak (wegetatiw) nerw ulgamynyň işjeňliginiň kadalaşmagyny, umumy ýagdaýynyň gowulaşmagyny köp babatda agyz boşlugy sagdynlaşdyrylandan soňra gazanyp bolýanlygy subut edýär.

Şeýlelik bilen, köpsanly we köpdürli ýokançlary bolan üznüksiz periodontidiň hemme görnüşleri, kähalatlarda birnäçe ýyllaryň dowamynda üznüksiz çişme hadysa ojaklary, diýmek, bedeniň sensibilizasiýa ojagy bolup durýarlar. Emma diş sebäpli zäherlenmäniň üznüksiz ojagy diňe bir periodotidiň netijesi bolman, parodontitdäki çuňňur diş eti kiselerdäki üznüksiz çişme hadysa hem bolup bilýändigini bellemek gerek.

Häzirki zamanada bedeniň diş sebäpli üznüksiz ýokanç ojaklary bilen aragatnaşygynyň meseleleri hemme taraplaýyn doly öwrenilen diýip hasap etmek bolmaz. Emma üznüksiz çişme hadysanyň stomatogen ojaklarynyň bedeniň synalaryna we ulgamlaryna edýän

täsiriniň käbir meselelerinde doly aýdyňlygyň ýoklygyna garamazdan, odontogen ojaklaryň bedeniň üznüksiz zäherlenmesiniň sebäbidigini we guragyry (rewmatizm), endo- we miokardit, iridosiklit we başgalar ýaly agyr keselleriň sebäbi bolup bilýändigini doly aýdyp bolar. Häzirki zamanada bedeniň autoallergiýasynda diňe bir tonzillogen ojaklara ähmiýet berilmän, çişme hadysanyň diş sebäpli (odontogen) üznüksiz ojaklaryna hem uly ähmiýet berilýär.

Şu sebäpli hem islendik ugra degişli lukmanyň gündelik amaly işinde diş sebäpli ýokanç ojaklaryň ähmiýetine, aýratyn hem sebäbi üznüksiz zäherlenme we bedeniň duýgurlygynyň ýokary işjeňlik jogaby (allergiýa reaksiýasy) bolan keselli näsaglarda hemişe üns bermegi gerekdir. Bu ýagdaý näsaglaryň agyz boşlugynda sagdynlaşdyrma geçirmegiň hökmanydygyna şaýatlayk edýär. Eger-de hakykat ýüzünde sagdyn adamlarda diş sebäpli (odontogen) ýokanç ojagynyň doly aradan aýrylmagy üçin üznüksiz periodontitde adaty ( hirurgik däl ) usullar bilen bejermek görkezilen bolsa, onda ýokarda aýdylan umumy beden keselleri bar bolan näsaglarda zeperlenen dişleriň bejergisine has düýpli çemeleşmek gerek (hirurgik bejergi usullary we hat-da dişleri sogurmaklyk).

Agyz boşlygynyň sagdynlaşdyrmasynyň, diş sebäpli (odontogen) üznüksiz zäherlenme ojaklarynyň ýok edilmeginiň köpsanly näsaglaryň sagalmaklarynda aýgytlaýjy sebäbiň bolýandygyna amaly lukmançylykdan ýeterlik mysallar getirip bolar. Agyz boşlugyny sagdynlaşdyrmagyň uly ähmiýeti diňe bir iç keselleriň öňüni almakda däldir. Umumy hirurgik amaly işinde tertip boýunça geçirilýän amallarda ýaranyň iriňli-çişme hadysasynyň sebäbi diş sebäpli üznüksiz çişme hadysa ojagy bolup biler.

Şu sebäpli hem näsaglaryň amaldan ozalky barlagynyň meýilnamasyna diş-äň ulgamynyň ýagdaýyny hem goşmaly we stomatolog-lukmanyň gatnaşmagynda näsaglaryň bedenine diş sebäpli üznüksiz çişme hadysa ojaklarynyň mümkin bolan oňaýsyz täsirlerini aradan aýyrmaga gönükdirlen sagdynlaşdyryş çäreleri geçirmek gerekdir.

Agyz sepsisiniň ýüze çykyş alamaty hökmünde garalýan we diş sebäpli üznüksiz ýokanç ojaklarynyň döredýän gaýra üzülmelerine dogry baha bermeklik käbir ýagdaýlarda umumy keseliň hakyky se-

bäbini ýüze çykarmaga we näsaglary sagaltmagyň ýolyny tapmaklyga mümkinçilik berýär. Agyz boşlygyny sagdynlaşdyrmagyň ähmiýeti her bir saglyk öýünde we 250 ýatym ýeri bolan hassahananyň iş birlik düzüminde stomatolog - lukmanyň hem hökmany bolmaklygy bilen kesgitlenen.

# 4-NJI BAP

## STOMATOLOGIÝADA AGYRYSYZLANDYRMA

Äň-ýüz sebitiň gür nerw üpçünçiligi bardyr. Bu sebite agyry duýgurlygynyň pes çägi mahsusdyr, bu bolsa, bir tarapdan merkezi nerw ulgamyň (M N U) ýakynlygy, beýleki tarapdan bolsa, agyry duýujy nerw uçlarynyň (reseptorlaryň) köplügi bilen düşündirilýär. Şu sebäpli hem äň-ýüz sebitiň köp sanly kesel hadysalary (flegmona, pulpit, newralgiýa we başg.) näsaglar üçin azaply agyrylar bilen geçýärler. Ýiti pulpidiň, köplenç näsaglaryň işe ukypsyzlygynyň, ukynyň, işdäniň we ş.m. bozulmaklygynyň sebäbi bolýanlygy oňat bellidir. Belki-de, diş kesellerindäki ýiti agyry duýgylary we mundaky çekilýän ejirler agyrysyzlandyryjy serişdeleriň gözleginiň bir sebäbidir. Bu barada Müsürde tapylan papiruslarda b.e.öň 2500 ýyl ozal gadymy müsürlileriň diş agyrylara garşy serişdeleri ulanandyklaryna şaýatlyk edýän ýazgylar bar. Olar dişiň pulpasyny ýakmaklyk üçin gyzdyrylan demir ulanypdyrlar; çüýrän dişiň boşlugyna gaýnag ýag damdyrypdyrlar. Şeýle hem ösümliklerden alynýan serişdeleri hem ulanmaklyk giň gerim alypdyr.

Lukmançylykda umumy agyrysyzlandyrma ilkinji gezek diş sogurmak amaly wagty ulanylypdyr (Mortan, 1846; efir, azot turşysy), ondan soňra bolsa umumy hirurglar tarapyndan ulanylypdyr.

Eýngorn tarapyndan açylan nowokain (1905) stomtologik amaly işinde, şeýle hem tutuş lukmançylukda, ýerli agyrysyzlandyrma üçin ulanylýan esasy derman serişdä öwrüldi.

Emma soňky ýyllar stomotologiýada ýerli agyrysyzlandyrma üçin nowkainden birnäçe esse güýçli agyrysyzlandyryjy täsiri bolan

agyry aýryjy serişdeler ulanylyp başlandy (lidokain, trimekain, artikain we başg.). Agyrysyzlandyrma meselesinden başgada näsagyň garaşýan amala bolan tolgunmasynyň, gorkusynyň, ýagny, ruhy şikesiň öňüni almaklygyň aýratyn ähmiýeti bardyr. Şu sebäpli hem ýatymlaýyn bejergi bölümlerinde umumy agyrysyzlandyrma (dem alyş ýoly bilen- ingalýasion, dem alyş ýoly bilen däl - ingalýasion däl, neýroleptagyrysyzlandyrma) has giň gerim alýar.

Muňa garamazdan ýerli agyrysyzlandyrma esasy agyrysyzlandyrma usuly bolup galýar.

## 4.01. Ýerli agyrysyzlandyrma

Stomotologik amaly işinde ýerli sanjym agyrysyzlandyrmasy üçin nowokainiň 0,5-1 ýa-da 2 % ergini, lidokainiň 1 ýa-da 2 % ergini, trimekainiň (mezokainiň) 1 % ergini, artikainiň (ultrakainiň) 2% ergini ulanylýar. Görkezilen erginler 2, 5 we 10 ml bolan ampulalarda ýa-da 1,7 ml bolan karpulalarda çykarylýar. Olaryň käbirleri dermanhana şertlerinde zyýansyzlandyrlan görnüşde taýýarlanýar. Ampula we karpula görnüşdäki erginler uzak wagt saklanyp bilnerler (1- 1,5 ýyl). Dermanhana şertlerinde taýýarlanan agyrsyzlandyryjy erginler düýbünde çökündi emele gelmezlik şerti bilen 5-7 gün dowamynda ulanmaga ýaramlydyr. Adatça, oňat agyrysyzlyk netijäni gazanmak we gan akmany peseltmek üçin aýratyn hem agyz boşlugynda, agyrsyzlandyryjy ergini 5 ml-ne adrenaliniň 1 damjajygy garylýar (1000:1 gatnaşykda). Adrenaliniň täsiri gan damarlaryň gysylyp ýygrylmagy we agyrysyzlandyryjy erginiň siňmesiniň haýallamagy bilen düşündirilýär. Adrenaline derek mezaton ulanylyp bilner.

Stomatalogiýada ýerli agyrysyzlandyrma üçin ulanylýan esasy agyrysyzlandyryjylara piromekain, anestezin, nowokain, trimekain, lidokain, bupiwikain, artikain we olaryň täsirini uzaldyjy serişdelere adrenalin, mezaton degişlidir.

Äň-ýüz sebitiniň anatomik topagrafik aýratynlyklary sebäpli netijeli agyrysyzlandyrmany geçirmek üçin stomatologik amaly işinde ***çalyp siňdirme, sanjym siňdirme we sebitleýin agyrysyzlandyrma*** ulanylýar.

### 4.01.1. Çalyp siňdirme agyrysyzlandyrmasy

Çalyp siňdirme agyrysyzlandyrmasy agyz boşlugynyň nemli bardasynyň keselleri bejerlende (ýarajykly (aftaly) stomatit, gingiwostomatit, köp görnüşli suwjarýan gyzarma (multiform eksudatiw eritema) we başg.) we kiçi göwrümli amallarda (ýüzleý deriasty absse-si kesip ýarmaklyk, diş-dişeti keseleriň gazalmagy, yrgyldap duran dişleriň sogrulmagy) has netijelidir. Munuň üçin lidokainiň 10 % ergini (sepmeklik ýa-da pagta bölejigine siňdirip nemli bardanyň degişli ýerinde goýmaklyk üçin), nowokainiň 0,5-2% erginleri (owurtlap agyzda saklamaklyk üçin), hem-de anesteziniň 2-3% suwdaky erginleri (agyz nemli bardasyna çalmaklyk üçin) giňden ulanylýar. Şeýle hem agyz boşlugynyň nemli bardasynyň kesellerinde düzüminde agyrysyzlandyryjy dibukain (0,03 mg) we zyýansyzlandyryjy dekwaliniý hlorid (0,25 mg) bolan utgaşykly derman serişdäniň - dekatileniň agyzda sorulýan  gerdejigi ulanylýar.



5-nji  surat. Süňk bardaasty siňdirme agyrysyzlandyrmada iňňäniň ýagdaýy.

Çalyp siňdirme agyrysyzlandyrmanyň kemçiligine olaryň käbiriniň nemli bardanyň himiki ýanygyny döredip bilýändigi degişlidir. Bu ýagdaý sepilýän 10% lidokainiň artykmaç ulanylmagy, şeýle hem onuň düzüminde etil spirtiniň barlygy bilen düşündirilýär. Mundan başga-da ýerli agyrysyzlandyryjynyň düzümindäki maddalar dem alnan wagty dem alyş ýollaryň nemli bardasynda çöküp,

duýgurlygyň wagtlaýyn ýitmekligini, dem alşyň kynlaşmagyny, sesiň gyrylmagyny döredip bilýärler. Şu sebäli hem sepilýän agyrysyzlandyryjy ulanylýan pursaty 2-3 sekund demini saklamaklygy barada lukman näsaga duýdurmalydyr. Umuman alnanda, çalyp siňdirme agyrysyzlandyrma ýerli agyrysyzlandyrmanyň sanjym görnüşleriniň we sebitleýin agyrysyzlandyrmanyň ýerini tutup bilmeýär.

### 4.01.2. Sanjym siňdirme agyrysyzlandyrmasy

Ýokarky äňde geçirilýän amallarda agyrysyzlandyrma üçin ulanylýan sanjym siňdirme agyrysyzlandyrmanyň käbir aýratynlyklary bar. Sogrulýan dişiň deňesindäki kese ýagdaýdaky sanjawajyň iňňesi diş etiniň gyrasyndan 1-1,5 sm ýokarda sanjylýar. Bu ýerde diş etiniň hereketsiz nemli bardasy agyz bosagasynyň ýerinden süýşýän nemli bardasyna geçýär. Bu çäk geçiş ýygyrdy diýlip atlandyrylýar we ol takmynan dişleriň kökleriniň uçlarynyň deňesine gabat gelýär. Nemli bardada sanjym geçirlenden soňra iňňäni biraz öňden yza we aşakdan ýokaryk tarap ýerleşdirip öýjükli dokumanyň içine itekläp agyrysyzlandyryjy ergini ýuwaşlyk bilen goýberýärler. Agyrsyzlandyryjynyň ýeterlik möçberini döretmek üçin 2-3 ml ergin gerekdir. Gaty kentlewügiň nemli bardasyny agyrysyzlandyrmak üçin sogrulýan dişiň deňesinde diş etiniň gyrasyndan 1sm süýşip, iňňe sanjymy geçirilýär, ony süňk duýulýança itekläp 0,5 ml çenli agyrysyzlandyryjy ergin goýberilýär (*5-nji surat*). Öýjikli ösüntginiň agyz bosagasy we kentlewük taraplarynda ýeterlik möçberde erginiň sanjylmagy, onuň süňküň içine tiz siňmekligine we diş nerw çyrmaşygynyň çetki şahajyklarynyň baglanmagyna getirýär. Agyrysyzlandyrma netijesi, adatça, 5-10 min soňra ýüze çykýar.

### 4.01.3. Sebitleýin agyrysyzlandyrma

#### 4.01.3.1. Ýokarky äňdäki agyrysyzlandyrma usullary

Azy dişleri öz içine alýan öýjükli ösüntgi sebitiň agyrysyzlandyrmasy ýokarky äňiň güberçek ýerine (tuber maxilla) agyrysyzlandyryjy ergininiň sanjymy bilen geçirlip bilner ***(güberçek- tuberal***

***agyrysyzlandyrma)***. Bu ýerde ýokarky yzky nerw şahajyklary süňk deşijekleri arkaly süňk içine girýärler.



6-njy surat. Güberçek agyrysyzlandyrmasy. Bu suratda we soňraky suratlardaky şertli bellikler: has güýçli agyrysyzlandyrma döreýän ýerleri çyzyklar bilen bellenen, gowşak agyrysyzlandyrma döreýän ýerler nokatlar bilen bellenen.
a – ýaňak gapdala çekilen ýagdaýda sanjawajyň ýagdaýy;
b – sanjawajyň iňňesiniň ugry; ç – agyrysyzlandyrylýan ýerler.

*Agyziçre usuly* aşakdaky görnüşde geçirilýär. Lukmançylyk malasy (şpateli) bilen ýaňagy gapdala çekýärler. Iňňäni barmak bilen aňsat ýüze çykarylýan duluk-öýjükli ösüntgi gerşiniň yzyndan sançýarlar (ikinji we üçinji uly azylaryň deňesinde ). Iňňäni yza, ýokaryk we içgin edip 1,5-2,0 sm çuňluga çenli sançmaly. Iňňe sanjylyp barýarka ýuwaşlyk bilen agyrysyzlandyryjy ergini goýbermeli, bu bolsa damarlaryň zeperlenmeginiň öňüni alýar. Ýokarky äňiň güberçek ýeriniň sebitinde wena damarlaryň çyrmaşygy ýerleşen we oňa şikes ýetmekligi gan akmagynyň hem-de gan ingisiniň döremegine (gematoma) getirip biler (*6-njy surat*). Ýokarky äňiň güberçek ýeriniň sebitine 2-3 ml agyrysyzlandyryjy erginiň goýberilmegi oňat agyrysyzlandyrmany döredýär. Emma bu usulda gaty kentlewügiň agyrysyzlandyrmasy döremeýär. Munuň üçin gaty kentlewük tarapyndan agyrysyzlandyrma geçirilýär.

Güberçek agyrysyzlandyrmasy ýokarky äňiň duluk-öýjükli ösüntgi gerşiniň aňyrsyndan derini sanjyp we iňňäni süňk üsti boýunça geçirip, agyzdan daşary usul bilen berjaý edilip bilner. Agyrysyzlandyrmanyň soňraky hereketleri agyziçre usuldaky ýaly geçirilýär.

Gözasty deşigiň ýanynda üçem nerwiniň çetki şahalaryny baglamaklyk (**gözasty agyrysyzlandyrma**) agyzdan daşary we agyziçre (agyz bosagasynyň ýokarky aýlawy boýunça) usullar bilen geçirilýär. *Agyziçre usul* bilen geçirlende çep eliň süýem barmagy bilen gözasty deşigiň sebitiniň dokumalaryny basyp durýarlar, şol eliň başam barmagy bilen bolsa ýokarky dodagy ýokaryk we gapdala çekýärler. Iňňäni degişli tarapyň merkezi we gapdal alyn dişleriniň arasy boýunça geçiş ýygyrdyndan sançýarlar, ony süňke baryp ýetýänçä ýokaryk we daşgyn süýşürýärler. Biraz iňňäni süýşürmeklik bilen gözasty deşigi tapýarlar, iňňäni akabanyň içine salýarlar we 0,5-1,0 ml agyrysyzlandyryjy ergini goýberýärler (*7-nji surat*).



7-nji surat. Gözasty agyrysyzlandyrma.
a – iňňäniň we sanjawajyň ýagdaýy; b – agyrysyzlandyrylýan ýerler;
ç – agyziçre usul; d – agyzdan daşry usul.

Gözasty agyrysyzlandyrmanyň agyzdan daşary usuly has ýönekeý. Ol ýokarky äňiň öýjükli ösüntgisiniň sebitinde çişme hadysa bolan ýagdaýynda ulanylýar. Gözasty deşigiň ýeri kesgitlenenden soňra iňňäni deriniň üsti boýunça onuň ýerleşýän ýerinden 0,5 sm aşakdan we içgin sançýarlar. Soňraky hereketleri agyziçre usuldaky ýaly geçirýärler. Agyrysyzlandyryjy ergin goýberilende akabanyň içinde, adatça, orta ýokarky öýjükli ösüntgi şaha hem baglanýar.

Gaty kentlewügiň gapdal böleginiň nemli bardasyny agyrysyzlandyrmak üçin (sanjym siňdirme agyrysyzlandyrmadan başga) ***uly kentlewük nerwini*** baglap sebitleýin agyrysyzlandyrma usulyny-kentlewük agyrysyzlandyrmasyny ulanmak bolar. Uly kenlewük deşigi 2-nji uly azy dişiň deňesinde öýjükli ösüntgiden 0,5-0,8 sm içgin kentlewük süňkünde ýerleşýär. Bu sebite iňňäni sanjyp, ony ýuwaşlyk bilen 0,8-1,0 sm çümdürýärler hem-de dokumalara agyrysyzlandyryjy ergini goýberýärler (0,5-1ml).

Gaty kentlewügiň öň tarap nemli bardasynyň agyrysyzlandyrmasy (sag we çep gyýak dişleri birleşdirýän çyzyga çenli üçburç görnüşdäki ýer) merkezi alyn dişleriň arasy boýunça 0,3- 0,5 sm yzdan çykýan ***burun–kentlewük nerwiniň*** sebitine agyrysyzlandyryjy ergini goýbermeklik bilen geçirilýär.

## 4.01.3.2. Aşaky äňdäki agyrysyzlandyrma usullary

Gurluş-ýerleşiş (anatomik–topagrafik) aýratynlyklary sebäpli aşaky äňiň ýerli agyrysyzlandyrmasy esasan sebitleýin agyrysyzlandyrma usuly bilen geçirilýär.

**Aşaky äň agyrysyzlandyrmasy.** Aşaky äň nerwini onuň aşaky äň akabasyna girmeziniň öň ýanynda baglamaklyk ýerli agyrysyzlandyrma usullaryň iň bir elýeter we giň ýaýran görnüşidir. Bu agyrysyzlandyrmany 2 usul bilen – agyziçre we agyzdan daşary ýollar bilen geçirip bolar. Agyziçre agyrrysyzlandyrma aşakdaky yzygiderlilikde geçirilýär: giň açylan agzyň içinde çep eliň süýem barmagy bilen aşaky diş hatarynyň yzyndan aşaky äňiň şahasynyň öň gyrasyny kesgitleýärler. Süňk gerşinden ugur alyp iňňe aşaky azylaryň çeýneýiş üstleriniň deňesinden 1 sm ýokardan sanjylýar. Iňňe sanjylýan

wagty sanjawaç beýleki tarapyň kiçi azylarynyň deňesinde ýerleşýär we onuň sanjylýan iňňesi aşaky äňiň şahasynyň iç ýüzüne direlip ýerleşýär hem-de süňk ýüzi boýunça gidýär. Eger-de sanjylýan iňňe süňke direlmese, onda usullyk bilen ony çykaryp täzeden sançmaly. Aşaky äň nerwiniň ýa-da damarynyň zeperlenmesiniň öňüni almak üçin iňňe sanjylanda hemişe agyrysyzlandyryjy ergini goýberip çümdirmeli. Agyrysyzlandyrma dogry ýerine ýetirlende iňňäniň ujy aşaky äň deşiginiň ýanyna barýar, ol ýer bolsa aşaky äň nerwiniň äň akabasyna girýän ýeridir. Bu ýerde 2-5 ml agyrysyzlandyryjy ergin goýberilýär. Aşaky äň agyrysyzlandyrmasynyň bu usuly boýunça äňiň öýjükli nerwi we dil nerwi baglanýar. Dil nerwi üçem nerwiniň üçünji şahasyndan süýri deşige ýakyn ýerde bölünip aşaky öýjükli nerw bilen bilelikde aşaklygyna gaýdyp, aşaky äň deşiginiň öňünden geçip dile barýar. Şu sebäpli hem aşaky äňiň agyrysyzlandyrylmagy bilen bilelikde diliň ýarysynyň uç böleginiň aşak ýüzüniň agyrysyzlandyrmasy hem döreýär, bu bolsa aşaky dodagyň ýarpy tarapynyň duýgysyzlygynyň döremekligi bilen bir hatarda agyrysyzlandyrmanyň dörändigini ýüze çykarmak üçin ulanylýar. Adatça, agyrysyzlandyrma 10-15 min wagtdan döreýär.



8-nji surat. Aşaky äň agyrysyzlandyrmasy.
a – agyz içre adaty usuly; b – barmak ulanylmaýan usuly;
ç – agyzdan daşary usuly; d – agyrysyzlandyrylýan ýerler.

Aşaky äň agyrysyzlandyrmasy bilen bir wagtda agyz bosagasy tarapdan diş etiniň nemli bardasynyň agyry duýgurlugyny aýyrmak üçin sogruljak dişiň ýa-da amal geçiriljek beýleki ýeriň deňinde geçiş ýygyrt boýunça 1ml agyrysyzlandyryjy ergini sanjyp siňdirmek gerekdir (*8-nji surat*).

**Aşaky äň beýikligindäki agyrysyzlandyrma (torusal agyrysyzlandyrma)** (Weýsbrem boýunça) (torus mandibulýaris – aşaky äň beýikligi). Bu usul iňňäniň ýönekeý sanjymy bilen (ýokarky azylaryň çeýneýiş ýüzüniň tekizliginiň ganat şekilli-aşaky äň ýygyrdyna düşýän deňesinden 0,5sm aşakdan) geçirilýär. Agyrysyzlandyryjy ergin "torus mandibula" (aşaky äň beýikligi; aşaky äň şahasynyň iç ýüzünde täç we bogun ösüntgileriň arasyndaky aýlawyň gyrasyna ýakyn bolan) sebitine goýberilýär we bu usulda üçem nerwiň üçünji şahasynyň aşaky öýjükli ösüntgi, dil we ýaňak şahalarynyň üçüsi hem bilelikde we bir wagtda baglanylýar.

## 4.02. Umumy agyrysyzlandyrma (Narkoz)

Häzirki zaman anesteziologiýasynyň üstünlikleri umumy agyrysyzlandyrma bolan görkezmeleri has giňeltmäge ýol berdi. Näsagyň akyl huşuny saklap galmak we ruhy sarsgynyň - şokyň öňüni almaklyk, bu narkoz ulanyp çozüp bolýan meseleleriň käbiridir. Mundan başga-da ýerli agyrysyzlandyrma ulanyp bolmaýan näsaglar bardyr. Olara her bir bejergi çäresini agyr başyndan geçirýän çagalar, akyly durnuksyz bolan uly adamlar we ýerli agyrysyzlandyryjy erginlere ýokary duýgyrlygy (allergiýasy) bolan näsaglar degişlidir.

Mundan başga-da sähelçe ruhy we fiziki (beden) dartgynlygy, agyr gaýra üzülmeler döredip biljek ýürek-damar ulgamynyň agyr keseli bolan näsaglar hem bu topara degişlidir.

Gatnaw bejergi şertlerindäki stomatologik amaly işinde umumy agyrysyzlandyrma üçin dem alyş bilen (ingalýasion), şeýle hem dem alyş bilen däl (ingalýasion däl) bihuş etmeklik ulanylýar. Häzirki wagtda umumy agyrysyzlandyrma maksady üçin köplenç halat-da birleşdirilen (kombinirlenen, köpdüzümli) bihuş etmeklik ulanylýar. Bu usul dürli agyrysyzlandyryjy serişdeler we maddalar utgaşdyrylyp

berjaý edilýär. Munda ulanylýan her bir serişde belli bir işi berjaý edýär: olaryň biri uklamaga, beýlekileri aňynyň ýatyrylmagyna we agyry duýmazlygyna ýardam etse, has güýçli agyrysyzlandyryjylar gyjynma jogap duýujylygyny aýyrmagy (arefleksiýany), agyry duýmazlygy (analgeziýany) we belli bir derejede muskul dartgynlygyny gowşatmaklyga (relaksasiýany) üpjün edýärler.

Birleşdirilen (kombinirlenen) bihuş etmekligiň her bir düzüji bölegine ýeňil dolandyrylmagy, ýokary netijeliligi we az zäherli bolmagy hem-de stomatologik amal wagty çeýneýiş muskullaryň dartgynlygyny ýeterlik derejede peseltmegi ýaly talaplar bildirilýär.

Stomatologik merkeziň (saglyk öýiň) şertlerinde umumy agyrysyzlandyrma bolan görkezmeler:

1. Bihuş etmeklik ýönekeý we doly derejede howpsyz bolmalydyr;

2. Bihuşlygyň tiz ýüze çykmagy, gysga wagtyň dowamynda onuň ýeterlik derejede çuňlugynyň bolmagy we bihuş etmeklik tamamlanandan soňra bedeniň hemme işjeňlikleriniň dikelmekligi bilen näsägyň tiz oýanmagy gerekdir;

3. Bihuş etmeklik wagty we ondan soňraky döwri islenilmeýän hadysalaryň bolmazlygy;

4. Bihuş etmeklik tamamlanandan soňra näsagyň gysga wagtyň dowamynda özbaşdak öýüne gaýdyp bilmekligi.

Bihuş etmekligiň öňünde aşakdaky şertleriň berjaý edilmegi hökmandyr:

1) açlyk (soňky 4-5 sagat dowamynda iýmezlik we içmezlik);

2) näsagyň hökmany ýagdaýda hajathana baryp gelmekligi ;

3) agyzdaky aýrylýan emeli diş gurnamalaryň (protezlariň) çykarylmagy;

4) näsagyň artykmaç ( üstki ) egin-eşiginiň aýrylmagy;

5) atropin sanjylmagy;

6) amal bejergisiniň tiz we doly geçirilmegi üçin ätiýaçlyk çäreleriň - enjamlaryň we gerekli gurallaryň taýynlanmagy.

Bihuş etmeklik asuda ýagdaýda geçmelidir we bu näsag üçin hem, anesteziolog – lukman üçin hem deň derejede gerekdir. Bihuş edilýän otagda keseki adamlaryň bolmaga haky ýokdur, artykmaç goh

– galmagal bolmaly däldir. Bularyň hemmesi näsagy bihuş ýagdaýa getirmekde kynçylyklar döredýär we munuň tersine – asuda ýagdaý bihuş etmekligiň oňat geçmegine ýardam edýär we derman serişdeler az sarp edilýär, bihuşlygyň hirurgik döwri bolsa has tiz döreýär.

Bihuş etmekligi anestezist (ýörite taýýarlykly orta lukmançylyk işgäri) ýok bolsa başlamak bolmaýar. Ol näsagy bihuş ýagdaýa getirmäge kömek etmeli, şeýle hem bihuş etmeklik wagty ikinji adamyň bolmaklygy hukuk nukdaýnazaryndan hem gerekdir.

Şerap içýän, bedeni berk we daýaw adamlarda bihuş etmeklik aýratyn ünsi talap edýär. Munuň ýalyda bihuş etmekligi goşmaça kömekçiler bolanynda başlamak gerek ýa-da näsagy daňmak üçin kemerleri ulanmak gerek.

Eger-de näsag öz akyl-huşunda bolup, bihuş ýagdaýa girmeklige garşylyk görkezýän bolsa, onda ony bihuş etmek gerek däldir. Näsag bihuş edilmegine ahlak taýdan taýyn bolmalydyr. Näsagy bihuş ýagdaýa ýuwaş-ýuwaşdan, agyrysyzlandyryjynyň adaty bolmadyk ysyna öwrenişdirilip getirilmelidir. Näsagyň özüni uklatmak usulyny ulanmak bolar we bu onuň ýakymsyz duýgularyny belli bir derejede azaldýar. Agyrysyzlandyryjynyň ýeterlik mukdary bedene barandan soňra näsag üçin bildirmän bihuş etmekligiň gapylma döwri döreýär we onuň nikaply eli gowşap aşak gaçýar. Ondan soňra anesteziolog-lukman bihuş etmekligiň gerekli döwri döreýänçä nikaby we näsagyň aşaky äňini belli bir ýagdaýda saklap durýar.

## 4.02.1. Dem alyş bilen (nikaply) bihuş etmeklik (nikaply ingalýasion narkoz)

Häzirki wagtda gatnaw şertlerindäki stomotologik amaly işinde umumy agyrysyzlandyrma hem ulanylyp bilner (diş bejerlende we sogurlanda, käbir çişme kesellerde, şikeslerde we ş.m.). Dem alyş bilen bihuş etmekligiň (ingalýasion narkozyň) esasy artykmaçlygy oňat dolandyrylýanlygydyr, onuň çuňlugyny üýtgedip bolýanlygydyr. Ingalýasion narkoz üçin turşan azot, ftorotan ulanýarlar.

Häzirki wagtda agyrysyzlandyrmanyň utgaşdyrylýan görnüşi has köp ulanylýar. Utgaşdyrylýan bihuş etmeklik az zäherlidir we stomatologik amaly wagty has oňaýly şertleri üpjün edýär.

Stomatologiýa merkezinde ýa-da saglyk öýünde (gatnaw bejergi şertlerinde) dem alyş bilen (nikaply) bihuş etmekligi geçirmeklik üçin islendik bihuş ediji umumy enjam ulanylyp biliner.

Näsagy gatnaw bejergi şertlerinde bihuş etmeklige taýynlamakda bildirilýän aýratyn bir talap - näsagyň soňky gezek naharlanandan amal geçirilýänçä 4-5 sag geçen bolmagydyr. Onuň sebäbi hem bihuş edilýän wagty näsagyň ýüregi bulanyp gusmaklygy pajygaly ýagdaýa getirip biler [gusuk maddalaryň dem alyş ýollaryna düşmekligi (*aspirasiýa*), demikme döremegi (*asfiksiýa*)].

Näsagy bihuş emeklik üýtgeşik derman taýýarlygy talap etmeýär. Emma näsagda amalyň öň ýanyndaky döwürde ýakymsyz duýgular döräp biler we bu sebäpli gowşak köşeşdiriji serişdeleri bellemek has maksadalaýyk bolar. Gatnaw bejergi şertlerinde gistamine garşy, barbituratlar ýaly serişdeleri bellemeklik bihuş etmekligi dolandyrmagy kynlaşdyrýandyklary, bihuşlykdan soňraky sustupesligiň (depressiýanyň) bolmagyna getirýänligi üçin garşy görkezilendir.

Azot turşusy bilen bihuş etmekligiň usuly örän ýönekeýdir. Näsag diş bejeriş oturgyjynda oturdylandan we onuň kellesi kelle goýulýanda ýerleşdirilenden soňra agyz-burun ýa-da ilkibaşdan burun nikaby arkaly öýkendäki birleşmedik artykmaç (neýtral) azody çykarmak üçin kislorod goýberilip başlanýar. Arassa kisloroddan dem almaklygy 1,5 -2 min-dan köp wagt dowam etmeýär. Soňra azot turşysynyň kislorod bilen garyndysyny goýberip başlaýarlar. Azot turşusynyň kislorodyň garyndysyndaky gatnaşygyny her bir näsag üçin onuň umumy ýagdaýyna, bedeniniň ösüşine we azot turşusyna we duýgurlygyna baglylykda anesteziolog- lukman özbaşdak kesgitleýär. Uly adamlarda agyrysyzlyk döwrüne azot turşusynyň kisloroda bolan 3:1 ýa-da 4:1 gatnaşygynda ýetilip bilner. Düzüminde azyndan 20% kislorod bolan munuň ýaly garyndy bilen geçirilýän bihuş etmeklik dem alyş bilen bihuş etmekligiň iň bir howpsyz görnüşidir. Emma sagdyn hem-de daýaw adamlarda, şeýle hem arakhorlarda azot turşusynyň ýokarda getirilen mukdary ( 70-80 % ) islenilýän netijäni bermeýär.

Bihuş etmekligiň bu görnüşiniň oňaýsyz tarapy muskullaryň dartgynlygynyň gowşamagynyň döremeýänligidir, käbir halatlarda bolsa hat-da çeýneýiş muskullar ýygrylyp, äňleriň gysylmagy we

ruhy-hereket tolgunmasy döreýär. Bularyň hemmesi hirurgik amaly geçirmekligi has kynlaşdyrýar.

Derman serişdelerini ulanmazdan bihuş etmekligiň hirurgik döwrüne çenli güýçlendirilmegini diňe bihuş ediji gaz garyndysynda kislorodyň mukdaryny artdyryp gazanyp bolýar, emma beýle edilmegi gutulgysyz ýagdaýda näsagyň beýnisinde we bedeninde kislorodyň peselmegi (gipoksiýasy) hem-de mümkin bolan agyr gaýra üzülmelere getirýär.

Kislorod bilen azot turşusy ulanylyp geçirilen bihuş etmeklik çagalardaky amallarda aýratyn üstünlikli bolýar. Hususan-da bu ýagdaýda agyrysyzlandyryjynyň pes mukdarynda hem agyrysyzlandyrma we uky dörediji täsiri ýüze çykýar. Azot turşysynyň zäherliliginiň sähelçeligine garamazdan ony ulanyp bihuş etmeklige janlandyryş çärelerini geçirmekde tejribesi bolan hünärmen lukmanlara – anesteziolog – reanimatologlara ýol berilýär.

Gatnaw şertlerinde (diş bejeriş merkezinde ýa-da saglyk öýünde) has agyryly amallary (çylşyrymly diş sogurmaklyk, çuňňur iriňli ojagy kesip ýarmaklyk, döwülen süňki düzetmeklik we ş.m.) geçirmek üçin kislorodly azot turşusy bilen bihuş etmeklik ýeterlik netije bermeýär. Soňky ýyllarda ftorotan, azot turşusy we kislorod garyndysy bilen geçirilýän bihuş etmeklik giň gerim aldy.

Oňat häsiýetnamaly bolany üçin ftorotan anesteziologlaryň arasynda giňden bellidir. Ftorotanyň güýçli bihuş ediji täsiri bardyr. Ftorotan diňe bir bihuş ýagdaýyň tiz döremegini üpjün etmän, ony bermeklik bes edilende bihuşlyk ýagdaýyndan tiz açylmagyny hem döredýär.

Ftorotan bilen giriş bihuş etmeklik geçirlende, adatça, tolgynma döwri bolmaýar. Ftorotan bilen bihuş etmeklik çuňlaşdyrylanda onuň hirurgik döwrüniň azyndan birinji derejesinde muskullaryň dartgynlygynyň oňat gowşamaklygy (relaksiýasy) ýüze çykýar. Ftorotan kekirdek (traheýanyň) deşigini giňeldýär, bronh mäzleriniň nem çykaryjylygyny peseldýär, bronhlaryň we bokurdagyň daralmasyny (bronho- we laringospazmy) döretmeýär. Tüýkülik çykmagyny peseldýär, ýüregiň gan üpjünçiligini gowylandyrýar, özbaşdak (wegetatiw) nerw düwünleriň işini baglaýjy (ganglioblokirleýji) täsiri döredýär.

Ftorotanyň ýene bir oňaýly tarapy onda partlama howpunyň ýoklugydyr.

Ftorotan bilen bihuş etmegiň usuly azot turşusy ulanylandakydan kän bir tapawutlanmaýar. Emma ftorotanyň ulanylmagy tejribeli anesteziolog – lukmanyň işlemegini talap edýär. Bu ýagdaý ftorotanyň has güýçli agyrysyzlandyryjy täsiriniň barlygy we onuň bilen işlenilende ýeterlik tejribäniň bolmagyny talap edýänligi bilen düşündirilýär. Bihuş etmekligi tejribesiz lukman geçirende näsagyň bedenine ftorotanyň tiz artyk mukdarynyň düşmegi, bihuş ýagdaýyň has çuňlaşmagy we soňra howply gaýra üzülmeleriň - dem alşyň durmagy, ýüregiň birden togtamagy bolup biler. Umumy agyrysyzlandyrma amaly işinde ftorotan ulanylanda onuň mukdaryny takyk ölçemäge mümkiçilik berýän goşmaça ýörüte bugardyjy enjamyň - ftorotegiň bolmagy hökmanydyr.

Ýokarda bellenilşi ýaly, gatnaw şertlerindäki amaly stomatologik işinde, adatça, ftorotandan, azot turşysyndan we kisloroddan durýan gaznarkoz baryndysy bilen bileleşen bihuş etmeklik ulanylýar we bu ýagdaýda kislorod bilen azot turşusy 1:1 ýa-da 1:2 gatnaşykda ulanylýar. Bihuş etmekligiň giriş döwründe ftorotanyň mukdary kislorod bilen azot turşusynyň akymynyň içinde ýuwaş-ýuwaşdan 0-dan 2-2,5 % çenli (göwrümi boýunça) köpeldilýär. Giriş bihuş etmekligi onuň birinji hirurgik dowrüne ýetilende tamamlaýarlar. Bihuşlygyň bu derejesi gatnaw şertlerindäki stomatologik amallary geçirmek üçin amatlydyr. Bu derejede dem alyş kadaly ýagdaýda galýar, gan aýlanyşygyň bozulmalary döremeýär. Bihuş etmeklik 1-nji hirurgik döwre ýetende we çeýneýiş muskullaryň aýdyň relaksasiýasy (gowşamagy) dörände, agyz nikabyny burun nikabyna çalyşýarlar. Dişleriň arasyna rezin direg goýulýar we agyz boşlugy çyglanan hasa zolagy bilen dykalanýar.Bihuş etmekligiň we amalyň dowamynda anesteziolog damar urgysynyň, arterial basyşyň, dem alyşyň ütgemeleri, şeýle hem göz görejiniň ululygy boýunça ugur alyp bihuşlyk ýagdaýy gerek bolan derejede saklaýar. Adatça, bihuşlyk ýagdaýyny bir derejede saklamak üçin ftorotanyň az mukdary gerek bolýar (göwrümi boýunça 0,5-1,5 %). Amal tamamlanandan soňra ftorotany, azot turşysyny goýbermekligi kesýärler we arassa kislorod goýberýärler, ony bolsa 1,5-2min geçen-

den soňra howa-kislorod garynda çalyşýarlar. Bihuşlyk ýagdaýyndan çykmaklyk 3-5 min dowamynda amala aşýar. Bihuş etmeklik tamamlanandan 40-60 min soňra näsag doly açylýar we ony öýüne goýbermek bolýar.

## 4.02.2. Ýatymlaýyn stomatologik bejergi işinde kekirdekiçre (endotraheal) bihuş etmekligiň (narkozyň) aýratynlyklary

Ýatymlaýyn hirurgik stomatologik bolümde agyrysyzlandyrmanyň beýleki usullarynyň arasynda wenaiçre bihuş etmeklik wajyp orun tutýar. Kekirdekiçre bihuş etmeklik äň-ýüz sebitiniň dürli uzgam, şikesli amallarynda ulanylýar.

Umumy hirurgik ýatymlaýyn bejergi bölüminde bolşy ýaly, stomatologiýada hem kekirdekiçre bihuş etmekligiň dürli görnüşleri - näsagyň özbaşdak dem almaklygyny saklamak bilen bihuş etmeklik, şeýle hem muskul dartgynlygyny aýryjylary (muskul relaksantlary) ulanmak we öýkenlere emeli dem bermeklik bilen geçirilýän bihuş etmeklik ulanylýar. Agyrysyzlandyryjy maddalar hökmünde azot turşysy, ftorotan, neýroleptanalgeziýa üçin serişdeler, şeýle hem bu maddalaryň dürli görnüşdäki utgaşdyrylmasy ulanylýar. Emma stomatologik amaly işinde kekirdekiçre bihuş etmeklikde lüläniň kekirdege salnyşynyň geçirilýän amalyň häsiýetine baglylykda we bihuş ýagdaýyň geçişine gözegçiligiň kynçylygy sebäpli birnäçe aýratynlyklary bar.

Kekirdege lüle salmaklyk, onda-da stomatologik näsaglarda, kekirdekiçre bihuş etmekligiň iň bir jogapkärli pursatlarynyň biridir. Käbir halatlar-da amaly geçirmegiň özi kekirdege lüläniň oňat we kynçylyksyz salynmagyna baglydyr. Kekirdege lüläni kynlyk bilen we gaýra üzülip salynmagy bedeniň gaz çalşygynyň (gipoksiýa we giperkapniýa) we ýüregiň durmaklygyna çenli baryp ýetýän gan aýlanşygynyň (gemodinamikanyň) düýpli bozulmalaryna getirip bilýär. Şu sebäpli hem stomatologik amalynda näsag bihuş edilende, bedeniň wajyp işjeňliklerine gözegçilik etmek üçin gan aýlanyşygyň görkezijilerini barlap durmaklyk bilen elektroensefalografiýa, elektrokardiografiýa, ganyň gaz düzüminiň we turşy-aşgar deňagramlylygynyň barlagy ulanylmalydyr.



9-njy surat. Kekirdegiçre lüle salmaklyk bilen bihuş etmeklik.
a – laringoskopyň kömegi bilen agzy boýunça; b – laringoskopyň kömegi bilen burny boýunça; ç – burun boýunça görmän (laringoskopy ulanmazdan); d – emeli kekirdek deşiginiň üstünden.

Stomatologik amaly işinde kekirdekiçre lüle salmaklyk, köplenç halatlar-da dürli kynçylyklara sezewardyr. Äň-ýüz sebitindäki kesel hadysasy sebäpli dokumalaryň we synalaryň gurluş (anatomiki) aýratynlyklary, gaçirilýän amalyň dürli häsýetliligi diňe bir kekirdege lüle salmaklygyň dürli usullaryny saýlap almaklygy talap etmän, eýsem-de ony gaçirmekligi hem kynlaşdyrýar.

Äň-ýüz sebtiň doga we soňra dörän gyşarmalary (deformasiýalary) ýa-da kemtikleri (defektleri), çekge-aşaky äň bogunyň ankilozy, kiçi aşaky äň (mikrogenýa), ýüzüň we boýnuň ýumşak dokumalarynyň bertik üýtgemeleri, agyz boşlugynyň düýbüniň çüýreme - nekroz flegmonasy we başg. kekirdege lüle salmaklygyň usulyny ökde ele almaklygy talap edýär.

Kekirdege lüle salmaklygyň usuly ilkinji nobatda kesel hadysasynyň ýerleşýän ýerine we geçiriljek amala baglydyr.

Kekidekiçre lüle salmaklygyň mümkin bolan üç sany usuly bardyr: *burun boýunça (nazotraheal), agyz boýunça (orotraheal), emeli kekirdek deşigi boýunça (traheostomadan)*. Kekirdege lüle

salmaklygyň amala aşyrylyşynyň *laringoskopyň kömegi bilen, taktil ("barmak" duýgurlygy bilen), görmän (dem alşyna gözegçilik edip), geçiriji boýunça, boýnuň rentgenoskopiýasy arkaly we fibroskopyň kömegi arkaly* görnüşleri bar. (*9-njy surat*). Stomatologiýada 70 % halatda lüläni burnuň üstünden salmak gerek bolýar, bu bolsa ýüzüň ähli ýerini we doly diýen ýaly agyz boşlugyny bihuş edijiniň lülesinden hem-de onuň birleşdiriji böleklerinden boşatmaga ýol berýär.

Kekirdege lüle salmaklygyň kynçylygy stomatologiýada kekirdekiçre bihuş etmekligiň ýokarda sanalan aýratynlyklary bilen çäklenmeýär. Näsagyň ýüzi zyýansyzlandyrylan arassa mata bilen ýapylanlygy sebäpli anesteziologyň amal we bihuşlyk wagty gözіň buýnuz perdesiniň (korneal), gözüň birleşdiriji perdesiniň (konýunktiwal) we görejiň gyjynma işjeňliklerine (reflekslerine) gözegçilik etmek mümkinçiligi bolmaýar. Bu ýagdaý bihuşlygyň çuňlugyna baha bermekligi we muskul gowşaklygyny (relaksasiýasyny) saklap durmakda düýpli kynçylyklar döredýär. Bihuş etmekligiň geçişine, bedeniň işjeňlik ýagdaýyna gözegçilik üçin anesteziolog diňe arterial gan basyşyny we ýürek ýygrylmalarynyň ýygylygyny ölçeýär. Şu sebäpli hem bihuşlygyň çuňlugyna we bedeniň jana wajyp işjeňlikleriniň ýagdaýyna ýörite enjam arkaly ygtybarly gözegçilik edilse has maksadalaýyk bolýar.

## 4.02.3. Wenaiçre bihuş etmeklik

Tiz we oňaýly berjaý edilýänligi, çylşyrymly enjamsyz islendik şertlerde ulanyp bolýanlygy, tolgunma döwrüniň ýoklugy we işgärlere zäherli täsiriniň bolmaýanlygy wenaiçre bihuş etmekligiň dem alyş bilen bihuş etmeklikden (ingalýasion narkozdan) artykmaç hem-de oňaýly tapawutlarydyr.

Häzirki wagtda wenaiçre bihuş etmeklik üçin propanidid, epontol, seduksen (diazepam), ketamin (ketalar, ketanast), fentanil we başg. ulanmaklyk giň gerim aldy. Bu serişdeleriň düýpli kemçilikleriniň barlygyna garamazdan olar giňden ulanylýar.

**Ketamin bilen bihuş etmeklik.** Ketamin (ketalar) 1965-nji ýylda döredildi we amaly işe girizildi. Bu serişdäniň agyrysyzlandyryjy täsiri şunuň ýaly beýleki agyrysyzlandyryjy serişdelere garanyňda has

güýçli bildirýär. Käwagt ketaminiň kömegi bilen bihuş edilende hereket işjeňligi bilen geçýär. Ketamin goýberilip bolnandan soň muskul doňan ýaly bolmaklygy (rigidligi) we arterial gan basyşyň ýokarlanmagy aýratyn häsiýetlidir. Bu babatda ketamin aýratyn we özboluşly serişdedir, sebäbi-de bihuş edilýän döwri arterial gan basyşynyň ýokarlanmagyny (gipertenziýany) döretmeklik hiç bir sanjym bihuş ediji agyrysyzlandyryjy serişde üçin maksus däldir.

Ketamin bilen döredilýän bihuş ýagdaýy MNU (Merkezi nerw ulgamyna) täsir edişiniň aýratynlyklary sebäpli ylmy edebiýatda “dissosiatiw”adyny aldy (beýniniň käbir bölümleriniň işjeňligini basyp ýatyrmak we beýlekilerini saklap galmak ýa-da güýçlendirmek). Käbir näsaglarda ýüze çykýan samramalar we göze görünmeler (galýusinasiýa) (aýratyn hem ýeterlik bolmadyk az mukdary ulanylanda), mümkin, MNU oýanma we togtama hadysalarynyň sazlaşyksyzlygynyň sebäbidir.

Bu serişdäniň esasy kemçiligi – muskul dartgynlygy öňünça goýberilen 5 mg seduksеniň kömegi bilen aňsat aýrylýar. Ketamin ulanylan ýagdaýynda çeýneýiş muskullaryň ýygrylmasy we diliniň ýuwdulmasy netijesinde ýokarky dem alyş ýollaryň beklenmeginiň bolup bilýänligi sebäpli, dem alşyna üns bilen gözegçilik edilmelidir. Ketaminiň 3 mg/kg mukdarynda dem alyşyň basylmasy takmynan 25 % deň bolýar. Bihuş etmekligiň bu görnüşinde öňünçä geçirilen derman taýýarlygy atropiniň wenaiçre goýberilmegini öz içine almalydyr (0,1 % erginiň 0,3- 0,5 ml). Ketaminiň 1 mg/kg mukdardaky birgezekleýin wenaiçre sanjymy aýdyň agyry aýryjy täsiri döredýär. Bu mukdardaky ketamin haýallyk bilen goýberilenden 1,5-2 min soňra umumy agyrysyzlandyrma döreýär. Bu agyz boşlugynyň hirurgik sagdynlaşdyrmasyny (diş sogurmaklyk we başg.) geçirmäge ýol berýär. Ketaminiň 1mg/kg mukdarynyň birgezekleýin sanjymynda umumy agyrysyzlandyrma 5-6 min dowam edýär we ondan soňra agyry duýgurlygy döräp başlaýar. Analgeziýa (agyrysyzlyk) döwrüni uzaltmak üçin şol mukdardaky (1 mg/kg) ketaminiň sanjymyny gaýtalamak ýeterlikdir. Bu ýagdaýda agyrysyzlandyrmanyň dowamlylygy 10 min töweregi bolýar.

Ketaminiň 2 mg/kg mukdarynda agyrysyzlyk (analgeziýa) döwri 7-8 min dowam edýär. Ol agyrylara duýgurlyk jogabynyň ýoklugy bilen häsiýetlendirilýär, gözleri ýarym açyk, göreçleri biraz giňelen ýagdaýda bolýar, ýagtylyga bolan duýgurlyk saklanýar, kese (gorizontal) we dik (wertikal) nistagm (gözüň biygtyýar hereketleri) ýüze çykarylýar.

Agyrysyzlyk döwrüni uzaltmak üçin ketamini seduksen bilen utgaşdyryp ulanýarlar. Seduksenі wenaiçre ilki goýberýärler, soňra bolsa 1-2 mg/kg hasap bilen ketamini sançýarlar. Bu bihuş etmekligiň hirurgik döwrüni 10-12 min çenli uzaltmaga ýol berýär. Mundan başga-da ketamin seduksen bilen utgaşdyrylyp ulanylanda başlangyç arterial gan basyşyň derejesi üýtgemeýär diýen ýalydyr. Ozal hem belläp geçişimiz ýaly ýeke ketamin ulanylanda arterial gan basyşy ýokarlanýar.

Näsaglarda sazlaşyksyz hereketler, göze görünmeler ýa-da olaryň ikisi hem bilelikde ýüze çykanda azot turşusy bilen goşmaça dem berýärler, bu bolsa agyrysyzlandyrmanyň hirurgik döwrüni uzaldýar. Şeýle hem katamini ýerli agyrysyzlandyrma bilen utgaşdyryp ulanýarlar. Näsaglar oýanyp bilýärler emma agyry duýmaýarlar. Baş aýlanma, samramaklyk, göze görünmeler, ýürek bulanma we neýromuskul tolgunma (diýen etmezlik, aňsyz ýerinden turjak bolmaklyk we başg.) ketamin bilen bihuş etmekligiň iň köp ýüze çykýan oňaýsyz taraplarydyr.

Bihuşlykdan oýanmaklygy uzakdyr (30 min-dan 2 sagada çenli) we näsaglar diňe 6-8 sagatdan soňra doly özbaşdak hereket edip bilýärler.

**Seduksenіň stomatologik amaly işinde ulanylmagy.** Seduksen (diazepam, sibazon) 1961ýylda döredildi. Bu serişde ýürek- damar we dem alyş ulgamlaryň işine örän az täsir etmek bilen, şol bir wagtyň özünde-de onuň güýçli rahatlandyryjy (sedatiw), ukladyjy, muskul dartgynlygyny gowşadyjy we tutgaýa garşy täsirleri bardyr. Häzirki zaman umumy agyrysyzlandyrma (anesteziologiýa) amaly işinde seduksen geçiriljek amallaryň öňünden derman taýýarlygy üçin we sazlaşykly agyrysyzlandyrmanyň (balansirlenen anesteziýanyň), başgaça, ataralgeziýanyň esasy bölegi görnüşinde ulanylýar. Derman

taýýarlygy üçin 5-10 mg, bihuşlyk ýagdaýyny döretmek üçin bolsa 10-20 mg wenaiçre ulanylýar.

Dartgynlygy, öňde duran hirurgik amala bolan gorky duýgyny, wegetatiw distoniýanyň ýüze çykmalaryny peseltmeklik ukyby we örän az zäherliligi üçin seduksen amalyň öňünden geçirilýän derman taýýarlyk üçin giňden ulanylýar.

Gatnaw şertlerinde geçirilýän stomatologik amalyň 30-40 min öňünden sedukseni 0,5 mg mukdarda içirýärler. Köp mukdary bellenende oýanmaklyk döwri has uzalýandygy sebäpli seduksenіň mukdary 10 mg-dan geçmeli däldir. Seduksenіň ulanylmagy azot turşusy bilen bihuş etmeklik ýagdaýyndaky gysga wagtlyk amallary (diş sogurmaklyk, iriňli ojagy kesip ýarmaklyk, duluk süňki düzetmeklik we başg.) geçirmeklige ýol berýär.

Hirurgik stomatologik amaly işinde sedukseni fentanil, fortral dipidolor ýaly serişdeler bilen bilelikde ulanmak - ataralgeziýa usuly giň ýaýrandyr.

# 5-NJI BAP

## DIŞ KESELLERI

Äň-ýüz sebitindäki ýiti agyry köplenç ýagdaýlarda dişleriň gaty dokumalary zeperlenende döreýär. Diş mylkygynyň ýiti çişmesindäki agyry has-da güýçlidir.

Näsaglar seýrek bolmadyk halatlar-da ýiti diş agyrysy sebäpli umumy ugurly we beýleki, stomatolog däl lukmanlara, şeýle hem orta bilimli saglygy goraýyş işgärlerine (şepagat uýasy, şepagat dogany) hem ýüz tutýarlar. Munuň ýaly ýagdaýlarda lukman näsagyň arzlary, keseliň taryhy we geçiş ýagdaýy esasynda keseli anyklamalydyr. Agyryny aýyrmaklyk üçin ilkinji kömek bermelidir we näsagyň çekýän ejirini ýeňletmelidir. Ilkinji gaýra goýulmasyz kömek berlenden soň ýöriteleşdirlen bejergi edarasyna ugradylmaga degişlidir.

### 5.01. Dişiň gurluşy

Diş agyz boşlugyna çykyp duran täç böleginden, diş etine degişip duran boýunjygyndan we äňlerdäki süňk öýjüklerinde ýerleşen kök-

den ýa-da köklerden durýar. Diş dokuma gurluş taýdan esasan dentinden durýar. Köp häsiýetleri boýunça ol süňke meňzeýär, emma ondan birneme gatydyr (*10-njy surat*).

Dişiň täç böleginiň dentini adam bedeniniň iň gaty dokumasy bolan syrça bilen örtülendir. Diş syrçasy gatylyk ölçegi boýunça appatit bilen kwarsyň aralygyny eýeleýär. Syrçanyň reňki sary, sarymtyl-ak we çalymtyl–ak bolýar. Sary we sarymtyl–ak dişler çüýremeklik hadysasyna has durnukly diýlip hasap edilýär. Her bir dişiň içinde boşluk bar. Dişiň täç böleginde täç ýa-da diş mylkygynyň boşlugy, kökde bolsa ol kök akabasy diýlip atlandyrylýar. Diş boşlugynyň içini ýumşak dokuma – pulpa, diş mylkygy doldurýar (latynça - *pulpa* mylkyk). Diş mylkygy täç we kök böleklere bölünýär. Diş mylkygy içinden nerwler, gan we gän damarlar geçen birleşdiriji dokumadyr. Diş mylkygynyň özenini inçejik prokollagen we kollagen süýümleri emele getirýärler.




10-njy surat. Dişiň gurluşy: 1 – syrça (emal); 2 – dentin; 3 – sement; 4 – diş boşlugyndaky onuň mylkygy (pulpasy); 5 – diş bagjygy (periodont); 6-7 – dişiň boýunjygynyň tegelek bagjygy.

Dentiniň içki ýüzüne birleşip duran diş mylkygynyň çetki ýerlerinde birnäçe hatar bolup aýratyn öýjükler – odontoblastlar ýerleşýärler. Olar dentini we syrçany iýmitlendirmekde uly ähmiýet-

lidirler hem-de diş mylkygynyň daşky we içki gyjyndyrmalarynda döreýän ikilenç dentiniň emele gelmegine gatnaşýarlar.

Dişiň boýunjygyndan onuň köküniň ujyna çenli dentiniň daş ýüzi sement bilen örtülendir. Sementiň açyk sarymtyl öwüşgüni bardyr, gatylygy dentinden pesiräkdir, himiki düzümi boýunça süňk dokumasyna golaýlaşýandyr, özüniň gurluşy boýunça bolsa irimtik süýümli birleşdiriji dokumadyr.

Diş köki bilen äň süňkündäki öýjügiň diwarynyň arasynda kök daşynyň yşy diýlip atlandyrylýan yş şekilli boşluk bar we ol birleşdiriji dokuma emele gelmesi - periodont bilen doldurylan [grekçe *peri*- daşy, töweregi, ýany; grekçe *odus* (*odontis*)- diş]. Periodont diş köki üçin perisement, süňkdäki diş öýjüginiň diwary üçin bolsa süňk bardasy bolup durýar (oňa diş bagjygy hem diýilýär). Periodont yşynyň giňligi ortaça 0,2 mm deňdir we ol adamyň ýaşy ulaldygyça daralýar .

Periodont esasan kollagen süýümlerden durýar. Periodontyň birleşdiriji dokuma gatlaklarynda şeýle süýümler örän azdyr we bu hem ony öz gurluşy boýunça syrlara meňzedýär hem-de dişiň süňkdäki öz öýjüginde berk durmagyna ýardam edýär. Periodont dişi süňkdäki öýjük bilen birleşdirip, baglaýjy bolup hyzmat edýär.

Diş we ony gurşap alan dokumalar (periodont, süňkdäki diş öýjügi, süňk, diş eti) biri-biri bilen berjaý edýän işjeňlikleri esasynda birleşen bir bitewi dokumalar toplumyny emele getirýärler hem-de parodont diýlip atlandyrylýar.

## 5.02. Diş kariýesi

Dişiň gaty dokumalarynyň – syrçanyň we dentiniň köwek görnüşindäki kemtiginiň emele gelip zaýalanmasyna diş kariýesi diýilýär. [latynça *caries*-çüýrük zat ]. Karies kesel hadysasy diş syrçasynda hek pisint tegmiliň döremeginden başlaýar. Soňra bolsa diňe bir syrçany däl, eýsem-de dentini hem öz içine alyp, çuňlugyna tarap ýaýraýan dokumalaryň kemtigini – köwegi emele getirýär. Dokumalaryň zeperlenmesiniň çuňlygy boýunça kariýes hadysasy 4 döwre bölünýär: I - başlangyç kariýes ýa-da kariýes tegmili, II - ýüzleý kariýes, III - orta kariýes, IV - çuňňur kariýes. Başlangyç kariýes näsagda hiç hili bir oňaýsyz duýgy döretmeýär. Ýüzleý kariýes bo-

lanynda agyry duýgylary himiki we fiziki gyjyndyryjylaryň (turşy, süýji, gyzgyn, sowuk) täsiri netijesinde döreýär. Orta we esasan hem çuňňur kariýesde agyry duýgulary güýç (mehaniki) täsirlerden hem




11-nji surat. Kariýesiň görnüşleri. 1 – başlangyç ýa-da tegmil görnüşindäki kariýes;
2 – ýüzleý kariýes; 3 – orta kariýes; 4 – çuňňur kariýes.

(kariýes boşlugyna düşýän gaty iýmit bölejikleriniň basyşy) döreýär. Gyjyndyryjy aýrylyp agyz boşlugy zyýansyzlandyryjy erginler bilen çaýkalandan soňra agyry duýgulary aýrylýar (*11-nji surat*).

Iýmit gyjyndyrmalaryndan goramak üçin arassalanan kariýes boşugyna wagtlaýynça pamyk tokgajygy dykylyp bilner. Diş kariýesi öz-özünden döreýän agyrylar bilen häsiýetlendirilmeýär.

Diş kariýesi näsagda gaýragoýulmasyz kömek mätäçligini döretmeýär. Bu keselde ony kariýes boşlugyny gyryp arssalanmagy we petiklenmegi üçin tertip boýunça stomatolog-lukmana ugratmak gerek.

## 5.03. Pulpanyň çişmesi (pulpit)

Diş kariýesi bejerilmän öz akymyna goýberilen ýagdaýynda hemişe beterleşýär we gaýra üzülme döreýär. Kariýes boşlugy çuňlaşdygyça diş mylkygynyň – pulpanyň çişmesi, pulpit ýüze çykýar. Şeýle hem pulpitler dişleriň gaty dokumalary köp we dyngysyz gyrylanda (emeli täç geýdirmek üçin, esasan hem metalkeramika ýa-da plastmasa emeli täçler) diş mylkygynyň gyzyp ýanmaklygy netijesinde döräp bilýärler. Seýrek halatlarda şöhle pulpidi döräp bilýär (äňýüz sebitiň çişleri boýunça şöhle bejergisi geçirlende).

Pulpidiň anyklamasy esasan iki sany alamata – öz-özünden döreýän agyrylara we kariýes boşlugynyň barlygyna esaslanýar.

Pulpitler geçişi boýunça ýiti we üznüksiz, şeýle hem ýitileşen üznüksiz görnüşlere bölünýärler. Ýiti pulpitler köplenç pulpa boşlugy ýapyk ýagdaýynda, ýagny kariýes boşlugy bilen pulpa boşlugynyň görünýän habarlaşmasy bolmazdan geçýär. Üznüksiz pulpitler, adatça, ýiti görnüşden soňra döreýär (*12-nji surat*). Ýiti pulpitler üçin has häsiýetli alamat - näsagyň sag-aman, eşretli ýagdaýynda, belli bir sebäpsiz, duýdansyz diýen ýaly güýçli diş agyrysynyň döremegidir. Agyrylar islendik wagt, emma köplenç, gije döreýärler hem-de bir sagada we ondan-da uzaga çekýär. Agyry aýryjy (analgin, tempalgin) içilenden soň ýene-de agyry tutgaýy döreýär we birinji gezekkä garanyňda ondan uzgam bolýar hem-de ozalkysy ýaly öz-özünden ýa-da agyry aýryjy içilenden soňra aýrylýar. Soňra agyrysyz aralyk döwürler gysgalýar we agyry dyngysyz bolup biler, güýçli, çydap bolmaýan sançýan we şarpyldaýan häsiýetli bolýar. Näsaglar ukudan we iýip içmekden doly mahrum bolýarlar. Agyrylar gulaga, çekgä, ýeňsä, göze tarap ýaýrap bilýärler. Keseliň başynda näsag sebäpkär dişini anyk görkezip bilýän bolsa, onda soňraky döwürde agyrynyň üçem nerwiň şahalary boýunça ýaýramagy netijesinde baş çykaryp bilmesini ýitirýär we köplenç diňe bir agyrýan dişini görkezip bilmän,eýsem-de onuň ýokarky ýa-da aşaky äňdedigini hem seljerip bilmeýär. Käbir näsaglarda bolsa umumy ýagdaýlary agyrlaşyp biler (bedeniniň reňkiniň solaklygy, sowuk der inmegi, damar urgusynyň haýallamagy we ş.m.). Şeýle hem agyrylaryň mehaniki, termiki we himiki gyjyndyryjylardan döremekligi pulpidiň häsiýetli alamatydyr. Agyry tutgaýy gyjyndyryjy aýrylandan soň hem aýrylmaýar.




12-nji surat.
Pulpitde cişme hadysanyň ýerleşişi. 1-diş syrçasy; 2-dentin;
3-diş mylkygy (pulpasy); 4-kariýes boşlygy; 5-çişme hadysa ojagy.

Agyrylaryň güýçli depginlidiginiň sebäbi, köpsanly nerw süýümjikleri we damarlary bolan diş mylkygy dentinden emele gelen gaty diwarly boşluga gaplanan, çişme hadysa-da bolsa çişme suwuklygynyň emele gelmegi netijesinde diş mylkygynyň ýellenmesi, onuň göwrüminiň ulalmagy bolup geçýär hem-de güýçli agyry döredip, diş mylkygynyň nerwlerine basyşyň artýanlygyndadyr.

Pulpitdäki agyrylar häsiýeti boýunça üçem nerwiň newralgiýasynyň tutgaýlaryny ýatladýar. Bu käwagt kesel kesgitlemesini goýmaklyga, aýratyn hem kariýes boşlugy barlag üçin elýeter bolmadyk halatlarynda (uly azylaryň yzky galtaşma taraplarynda ýerleşende) kynçylyk döredýär. Seýrek bolmadyk halatlarda ýiti pulpit ýüze çykarylman, „Üçem nerwiň newralgiýasy“ kesel kesgitlemesi goýulýar we näsaglar newralgiýa boýunça bejergi alýarlar. Diňe dogry ýygnalan kesel taryhy, agyrylaryň häsiýetini seljermek we keselli dişde kariýes boşlugyny ýüze çykarmaklyk dogry kesel kesgitlemesini goýmaklyga ýol berýär.

Eger-de gözden geçiilen näsagyň äňiniň keselli tarapynda çuňňur kariýes boşlugy bolan diňe bir diş ýüze çykarylsa, kesel kesgitlemesini goýmaklyk kynçylyk döretmeýär. Emma köplenç zeperlenme tarapda kariýes boşlukly, emeli täç geýdirilen ýa-da petiklenen birnäçe diş

bolup bilýär we bu ýagdaýda keseli anyklamakda kynçylyklar ýüze çykýar. Munuň ýaly ýagdaýlarda goşmaça barlag usullaryna ýüz urmaly bolýar. Gizlenen we göze gowy görünmeýän kariýes boşluklary bolup biläýjek dişleriň boýunjygynyň töweregini we galtaşma tarap ýüzlerini içgin gözden geçirmek gerek.

Dişleriň galtaşma tarap ýüzleriniň barlagyny egri diş dürtgiji bilen geçirýärler. Kariýes boşlugynyň düýbi örän agyryly bolýar. Şeýle hem anyklaýyş maksady bilen dişiň himiki we termiki gyjyndyryjylara jogabyny ýüze çykarýarlar. Spirte batyrylan kiçijik pamyk tokgajygyny kariýes boşlugyna salýarlar ýa-da petiklenen dişiň üstine goýýarlar. Şeýle hem sowuk suw ulanyp bilner. Munuň üçin ony sanjawajyň kömegi bilen kariýes boşlugyna sepýärler. Spirtiň ýa-da sowugyň täsirine çişme hadysaly diş agyry bilen jogap berýär. Emma ýiti iriňli pulpitde sowuk agyry döretmän näsaga aram tapdyrýar we munuň tersine, gyzgyn täsiri agyrynyň güýçlenmegine getirýär.

Pulpitleriň ***bejergisi*** agyryny aýyrmaklyga, çişme hadysany ýok etmeklige, çişme hadysanyň aňyrlygyna, periodonta ýaýramagynyň öňüni almaklyga we dişiň bitewiligini hem-de işjeňligini dikeltmeklige gönükdirlen bolmalydyr. Diş mylkygynyň çişmesiniň ahyrky netijesi, köplenç ýagdaýlarda onuň ölmekligine baryp ýetýänligi sebäpli, häzirki wagtda pulpitleriň esasy bejergisi çişme hadysaly diş mylkygyny aýyrmaklykdyr. Ol düzüminde myşýak turşysy bolan ýörite hamyryň kömegi bilen diş mylkygyny öldürip (24 ýa-da 48 sagat dowamynda täsir etdirilip), soňra çüýrüntgi dokumany aýyrmak ýa-da agyrsyzlandyrma bilen (siňdirme ýa-da sebitleýin) çişme ýagdaýyndaky diş mylkygyny diriligine goparyp aýyrmak usullary arkaly berjaý edilýär. Pulpitleriň agyrysyzlandyrma astynda geçirilýän usulyna bejergini bir gezekde we agyrysyz geçirip bolýanlygy üçin artykmaçlyk berilýär. Pulpidiň soňky ýyllarda işlenilip düzülen diş mylkygyny saklap galyp geçirilýän bejergisini ulanmagyň çygry örän dardyr.

Pulpidiň bejergi usullarynyň islendik görnüşi hem çylşyrymlydyr we ýörite bilimi hem-de başarnygy talap edýär. Şu sebäpli hem diş mylkygynyň çişmesi bilen ejir çekýän näsag diş bejeriş otaglaryna ugradylmalydyr. Eger haýsy-da bolsa bir sebäbe görä ýiti pulpit-

li näsagy diş lukmana ugradyp bolmasa, onda islendik lukman ýa-da feldşer ilkinji kömegi bermegi başarmalydyr. Onuň maksady agyryny aýyrmak we dişi gurşap alan dokumalarda gaýry üzülmeleriň döremekliginiň öňüni almakdyr.

***Ilkinji kömek*** bermek üçin diş bejeriş gurallarynyň toplumy bolsa has amatly bolýar. Sebäpkär diş ýüze çykarylandan soňra näsaga agyz boşlugyny ýyly suw bilen çaýkadýarlar we kariýes boşlugyny iýmit galyndylaryndan hem-de çüýrän dokumalardan arassalaýarlar. Munuň üçin çykaryjyny ulanmak has amatlydyr. Soňra kariýes boşlugyna sülekeý akmazlygy üçin keselli dişe pamyk pisgejikler bilen gorag döredýärler (iç we daş taraplaryndan). Pişgejikleri 8-10 mm galyňlykda haýsyda bolsa bir guralyň daşyna sarap (meselem jübtegiň tutawajyna) zyýansyzlandyrylan pamykdan taýýarlaýarlar. Kariýes boşlugyny wodorodyň öteturşysynyň 3% erginine, kaliý permanganatynyň (1:3000) ýa-da furasiliniň (1:5000) erginlerine batyrylan kiçijik pamyk tokgajyklary bilen ýuwýarlar, soňra spirtli pamyk bilen guradýarlar. Kariýes boşlugynyň guradylan düýbine otlyçöp kellejiginiň ölçeglerindäki kamforafenol siňdirilen pamyk tokgajygyny salýarlar. Agyz nemli bardasynyň ýanygy döremezligi üçin kariýes boşlugyna salynmazyndan öň pamyk tokgajygyndaky artykmaç kamforafenol bir bölejik zyýansyzlandyrylan pamyga degrilip aýrylýar. Kariýes boşlugyna sülekeý düşmezligi üçin kamforafenolly pamyk tokgajygy goralmalydyr. Munuň üçin gowusy emeli dentinden ýa-da gipsden wagtlaýyn petik bilen boşlugy ýapmaklykdyr. Wagtlaýyn petikleýiş serişdesi bolmadyk halatynda kariýes boşlugynyň ýokarky bölegine ulurak we dykyzja pamyk tokgajygyny goýmak bolar.

Wagtlaýyn petik goýmaklyk üçin ýörite aýnajykda ýa-da islendik tekiz ýerde emeli dentini ýa-da gipsi suw bilen goýy gaýmak derejesine çenli garýarlar. Taýynlanan hamyr bilen boşlugy dykalamazdan ýapýarlar. Wagtlaýyn petik goýlanda kariýes boşlugynyň düýbine sähelçe basyş hem agyry döredýär. Wagtlaýyn petik goýmak üçin taýýar dentin hamyryny ulanmak bolar. Şeýle hem munuň ýaly petikleýiş hamyryny özbaşdak ýasamak bolar. Munuň üçin emeli dentin ýa-da ownuk gips tozuny goýy hamyr emele gelýänçä, günebakar, wazelin ýa-da zeýtun ýagynda oňat edip garmaly. Şu hilli hamyry

aýna gapda uzak wagtlap saklamak bolar we ol gatamaýar, emma agyz boşlugynda sülekeýiň täsiri netijesinde tiz gataýar.

Dermanhanalardan düzüminde hloral gidrat, kamfora spirti bolan taýýar „Denta” damjalaryny hem almak bolýar. Olar 10 ml mukdarda oňat ýapylan aýna gaplarda çykarylýar. Bu dermanlar ýagtylyk düşmeginden goralýan ýerde saklanylmalydyr (10-njy surat). Şeýle-de ilkinji kömek berlende kamforafenolyň ýa-da ýörite damja dermanlaryň deregine ýerli agyrysyzlandyryjylaryň erginlerini ulanmak bolar (lidokainiň 10 % ýa-da 2 % erginleri, artikainiň 2 % ýa-da 4 % erginleri, nowokainiň 2 % ergini we başg.). Mundan başgada anestezin tozundan ýa-da gerdejiginden suw (ýa-da nowokainiň ýa-da lidokainiň 2 % erginleri) bilen garylyp taýýnlanan hamyrlar hem ulanylyp bilner we bu ýagdaýda wagtlaýyn petige derek kariýes boşlugynyň ýokarky bölegine ulurak we dykyzja pamyk tokgasyny goýmak bolar.

Kamforafenol ýa-da başga dermanlar bilen goýlan wagtlaýyn petik goýlandan 5-10 minut geçenden soňra, adatça, agyrylar aýrylýar. Emma kä halatlar-da sorkuldaýan kütek agyrylar saklanyp biler. Munuň ýaly ýagdaýlarda näsagda ýerli siňdirme (ýa-da sebitleýin) agyrysyzlandyrma geçirmek (lidokainiň, nowokainiň ýa-da başga agyrysyzlandyryjylaryň 2 % erginleri,1-3 ml mukdarda) bolar ýa-da agyry aýryjy dermany (analgin, pentalgin ýa-da başga derman gerdejigi) bir gezeklik bellemek bolar.

Haçan-da pulpit petikli dişde ýa-da emeli täçli dişde döräp, agyrylar hem gitdigiçe artýan bolsa, ýagdaýdan belli bir çykalga görnüşinde agyry aýryjy dermany (analgin ýa-da tempalgin gerdejigi) içmekligi, agzyny mylaýym suw bilen arassalanandan soň 4-6 ml nowokainiň ýa-da lidokainiň 2 % erginini owurtlap 5-10 min dowamynda kelläni gyşardyp keselli dişiň sebitinde saklamaklygy (peýda契bereninde 20-30 min geçirip gaýtalamaly) bellemek bolar. Şeýle hem mümkin bolsa agyry aýryjylaryň erginleri bilen ýerli sanjym agyrysyzlandyrma geçirmeli.

Eger berlen kömege garamazdan agyrylar aýrylmasa we has beteri-de dişlenende ýa-da dişe barmak bilen (ýa-da dil) degilende hem agyrylar döreýän bolsa, onda bu näsagda kesel kesgitlemesiniň periodontit bolandygyny aňladýar. Beýle ýagdaýda periodontitde gör-

kezilen ilkinji kömegi bermeli. Pulpitde agyry aýryjy dermany goýmaklyga wagtlaýyn bejergi çäresi, ilkinji gaýra goýulmasyz kömegiň berilmegi hökmünde garamaly. Näsag ilkinji mümkinçilik bolan halatynda diş bejeriş otagyna ýüz tutmalydyr we ol ýerde hünärmen lukman tarapyndan gutarnykly bejergi geçirilýär. Gijikdirlen ýagdaýynda dişiň täç böleginiň esli bölegi zaýalanýar we ýiti periodontit görnüşinde gaýra üzülme döreýär, onuň bejergisi bolsa has-da çylşyrymlydyr.

## 5.04. Periodontit

Çüýremeklik bilen tamamlanýan diş mylkygynyň çişmesi periodontyň diş kökünіň akabasy we kökujy deşikden ýokançlanmagyna getirýär. Periodonta ýokançlaryň ýa-da olaryň zäherleriniň düşmekligine jogap bolup düwür-düwür dokuma emele gelmekligi bilen köplenç periodontyň üznüksiz çişmesi döreýär. Bedeniň gowşamaklygy, esasan hem onuň sowuklamagy periodontda çişme hadysanyň ýitileşmegine ýa-da ýiti görnüşde ýüze çykmagyna – ýiti periodontidiň döremegine getirýär.

Periodontidiň ýokançlaryň döredýän görnüşinden başga-da şikes we himiki (derman) täsir netijesinde döreýän görnüşleri bar. Himiki periodontitler pulpit bejerlende ýa-da kök akabalary arassalananda güýçli täsir ediji derman serişdeler bilen periodont gyjyndyrylanda döreýär (pulpitde diş mylkysy öldürilip aýrylyp bejerilýän usulynda näsag birinji gezek ýüz tutanyndaky goýlan myşýak hamyrly wagtlaýyn petigi wagtynda aýyrmasa ýa-da pulpit bejerlende kök akabasy formalin we başga güýçli täsirli dermanlar bilen çendenaşa köp arassalansa). Şikes periodontitleri bir gezekleýin güýçli şikes netijesinde ýa-da şikes ýetiriji güýjiň uzak wagtyň dowamyndaky täsiri astynda döräp bilerler. Ýiti şikese urgy, gaty zatlary dişlemeklik, näsagyň ýykylmagynyň netijesi degişlidir (*13-nji surat*).

Uzak wagtyň dowamynda täsir edýän şikes ýetiriji sebäplere ýalňyş goýlan petikler we emeli diş gurnamalar (protezler), zyýanly hünär we durmuş endikleri (sapak dişläp ýolmak, dişler bilen çüý saklamak we başg.) degişlidirler.



a b ç

13-nji surat. Üznüksiz periodontit.
a – fibroz; b – granulirleýji; ç – granulomatoz.

Ýiti periodontidiň geçişiniň esasy alamatlarynyň biri-de dişiň töweregindäki agyry we ol agyrynyň dişe güýç täsiri netijesinde güýçlenmegidir. Seýrek bolmadyk halat-da diş etiniň nemli bardasy gyzarýar we ýellenýär, dişiň köküniň deňinde geçiş ýygyrdynyň el barlagy agyryly bolýar.

Agyrylar tiz artýarlar we dyngysyz hem-de depdinli häsiýete geçýärler. Dişe kakmaklyk ýa-da oňa sähelçe degilmegi hem güýçli agyry döredýär. Näsagda dişiň süýnen ýaly, gapdalky dişleriniň deňinden ýokaryk galan ýaly duýgysy döreýär. Keselli diş beýleki, äňdäki garşydaş diş bilen galtaşanda güýçli agyry bolýar. Näsaglar dişlerini ýumman saklajak bolýarlar. Ýerli alamatlaryň gitdigiçe güýçlenmegi bedeniň umumy bozulmalaryna hem getirýär. Kellagyry, ysytmaly ýagdaýy döredýär, beden gyzgyny ýokarlanýar. Ganda sähelçe leýkositoz döräp biler, eritrositleriň çöküş tizligi (EÇT) köplenç ýokarlanýar. Sebitleýin gän (limfa) düwünleri agyryly we ulalan bolýarlar. Ýumşak dokumalaryň sähelçe töwerekleýin ýellenmesi döreýär.

Ýiti periodontitleriň ***bejergisi*** çylşyrymlydyr we köp wagty, näsagyň stomatolog lukmanyň ýanyna birnäçe gezek gatnamagyny talap edýär. Ýiti periodontidiň bejergisiniň manysy dişiň kariýes boşlugyny we kök akabasyny çüýrän dokumalardan hem-de maddalardan arassalap, kök ujunyň daşynyň dokumalarynyň çişme suwuklygy akyp çykarar ýaly şert döretmekde, çişme hadysany ýok etmekde, diş boşlugyny we kök akabasyny petikläp dişiň gurluşyny hem-de işjeňligini dikeltmekde jemlenendir. Emma bejergi geçirip dişi saklap galmaklyk ilkinji nobatda dişiň täç bölegini dikeldip ýa-da galan köki gazykly emeli täç üçin ulanyp bolmajak bolsa, onda beýle dişi sogurýarlar.Üznüksiz granulirleýji we granulomatoz periodontitde kök ujyny kesip aýyrmaklyk amalyny geçirip dişi saklap galmak mümkindir (*14-nji surat*).

Eger-de dürli sebäplere görä, ýiti periodontitli näsag stomatolog lukmana ýüz tutup bilmese, onda oňa ilkinji kömek bermek gerek. Näsaga agyry aýryjy derman içmegi (analgin ýa--da tempalgin gerdejigi) belleýärler. Eger dişiniň täç bölegi bar bolsa, onuň köweginiň içini iýmitden, çüýrän dokumalardan mümkin boldugyça oňat arassalamaly we 30-40 min dowamynda agyz boşlugyny mylaýym gyzgynlykdaky „deňiz suwy” bilen çaýkamaly (200 ml gaýnag suwa ½ çaý çemçe nahar duzy, ½ çaý çemçe natriý bikorbonaty (hamyr sodasy), ýoduň 5 % ergininiň 4-5 damjasy). Duzly ergini owurtlap keselli dişiň ýanynda saklamaklyk has netijelidir. Biraz wagt salyp, ony ýene-de 1-2 gezek gaýtalap bolar. Duzly suwy ulanmaklyk dişiň içi (akabasy) boýunça we diş köküniň daşynyň bagjygyndan, diş etinden çişme sowuklygyň diffuziýa we osmos hadysalary esasynda syzylyp çykmagyna ýardam edýär. Bu bolsa öz gezeginde, çişme hadysanyň peselmegine we agyrynyň aýrylmagyna getirýär.



a b ç



d

14-nji surat. Gyýak dişiň köküniň ujunyň kesilip aýrylmaklygy (taslama).
a - aýlaw görnüşli kesilişi; b - öýjükli ösüntginiň daş tarap diwarynyň çapgyç bilen açylyşy; ç – uzyn diş gyryjy bilen köküň ujunyň kesilip aýrylyşy;
d - nemli barda - süňk bardaly kesim bölegi ýerine goýulýar we ol düwünli tikinler bilen berkidilýär.

Ýiti periodontidi bolan näsag stomatolog lukmanyna gysga wagtyň dowamynda ýüz tutmalydyr we degerli bejergi almalydyr (ýa-da dişini sogurtmalydyr). Beýle edilmedik halatynda, has erbedide lukmana ýüz tutman, ýyladyjy we gyzdyryjy serişdeler ulansa, saklap boljak dişden dynyp, äň-ýüz sebitiň has çylşyrymly dürli çişme keselleri (periostit we osteomiýelit, absses we flegmona) we umumy (mediastenit, kelle beýni abssesi, sepsis) görnüşinde gaýra üzülmeleriň döremegine getirip biler.

## 5.05. Dentiniň ýokary duýgurlygy

Näsaglar seýrek bolmadyk halatlarda gyjyndyryjylaryň täsiri netijesinde (turşy, süýji, duzly iýmit, sowuk suw we howa, dişlere metal zatlar degeninde we ş.m.) hemme dişlerinde bildirip duran güýçli agyrynyň barlygy üçin kömek sorap ýüz tutýarlar. Näsaglar sowuk howada, daşarda geplänlerinde birden birnäçe dişinde agyry tutgaýynyň döreýänligini aýdýarlar. Dentiniň ýokary duýgurlygy - giperesteziýa (grekçe *hiper* - ýokary, *aisthesis* - duýgurlyk) dişleriň boýunjyklarynyň açylmaklygy ýa-da olaryň kesel sürtülmesi netijesinde döreýär. Dişleriň boýunjyklarynyň açylmagy köplenç äň süňküniň öýjükli ösüntgisiniň gyrasynyň çökmegi we diş etiniň çekilmegi bilen geçýän diş ýany dokumalaryň kesellerinde (parodontitde we parodontozda) ýüze çykýar. Şeýle hem umumy keselleriň ýitileşme döwründe, göwrelilikde, aýbaşy döwründe we ş.m. dentiniň ýokary duýgurlygynyň artýanlygy ýüze çykarylýar. Gözegçilikler dentiniň ýokary duýgurlygynyň möwsümleýindigini ýüze çykarypdyrlar. Onuň, köplenç, irki ýazda we güýzde has-da artmagy ýüze çykarylýar. Dentiniň ýokary duýgurlygy ýokarda bellenilşi ýaly diş we dişýany dokumalaryň dürli kesellериniň bir alamatydyr. Onuň bejergisi hünärmen tarapyndan geçirlip, ýerli we umumy çäreleriň toplumyny talap edýär. Emma beýle ýagdaý ýüze çykanda ilkinji kömek çäreleri näsagyň çekýän ejirini we keseliň agyrlygyny belli bir derejede ýeňledip biler. Ilkinji nobatda mümkin boldugyça agyry dörediji gyjyndyryjy täsirleri aradan aýyrmak gerek.

Agyz boşlugynda dişleriň düýbünde nowokainiň 2 % erginini owurtlap saklamak azda-kände agyryny ýeňledýär. Ulanylýan diş

çotgasy ýumşak bolmalydyr we dişleri diňe kariýese garşy diş hamyrlary bilen arassalamak gerek. Bu diş hamyrlary düzüminde ftoryň, fosforyň we kalsiniň birleşmelerini saklaýar. Olar diş arassalanan halatynda dişiň täjiniň hem-de boýunjygynyň üstki gatlaklary bilen birleşýärler. Şeýlelik-de dentiniň ýokary duýgurlyk netijesinde döräp biljek agyrylary azalýar ýa-da aýrylýar. Şeýle hem dişler arassalanandan soňra bu diş hamyrlaryny diş täçlerine ýa-da boýunjyklaryna çalmaklyk bolar. Bu ýagdaýda ulanmak üçin ýörüte diş hamyrlary, agyz boşlugyny çaýkamak üçin suwuklyk teklip edilýär (“Sensodyne”).

Dentiniň ýökary duýgurlygynda teklip edilýän ilkinji kömek çäreleri diňe näsagyň ýagdaýyny ýeňilleşdirip ýa-da oňaýsyz duýgylaryny belli bir wagtlyk aýryp biler. Näsaglar doly barlagdan geçmek we bejergi almak üçin hökman stomatolog lukmanyna ýüz tutmalydyr.

# 6-NJY BAP

## DIŞÝANY DOKUMALARYŇ KESELLERI

### 6.01. Gingiwit

Gingiwit bu ýerli we umumy ýakymsyz täsirleriň netijesinde döreýän dişetiniň çişmesidir. Kesel dişiň dişeti bilen birleşmesiniň bütewiligi bozulmazdan geçýär. Gingiwit esasan üç görnüşde geçýär.

**Kataral (ýüzleý) gingiwit** beýleki görnüşlere görä köp duş gelýär. Kataral gingiwit çäklenen (käbir dişleriň deňesinde) we tutuş ýaýran bolup bilýär. Kataral gingiwidiň geçişiniň alamatlary, adatça, az bildirýär. Näsaglar dişlerini ýuwanlarynda ýa-da gaty iýmit dişlänlerinde döreýän biraz gan akmadan arz edýärler, emma muňa kän bir üns bermeýärler. Şeýle hem iýip – içenlerinde döreýän agyrylara, käwagt agyzdan ýakymsyz ys gelýändigine arz edýärler.

Gözden geçirlende dişetiniň gyrasynyň, käwagt, tutuş öýjükli ösüntginiň nemli bardasynyň gyzarmasy we dişetiniň emzijekleriniň ulalmagy görnüşinde ýüze çykýan ýellenme ýüze çykarylýar, gan akma, dişeti üsti örtgüleri (köplenç diş ýokundysy görnüşinde, seýrek - diş daşlary) bolup biler. Dişetiniň kesesi bolmaýar we bu hem gingiwidi parodontitden tapawutlandyrýar.

**Gipertrofiki (proliferatiw) gingiwit** köplenç aýry-aýry dişleriň ýa-da diş toparynyň deňesinde, seýrek - hemme dişleriň deňesinde diş eti emzijekleriniň ösüp ulalmagy bilen häsiýetlendirilýär. Köplenç ýetginjeklerde, göwreli aýallarda duş gelýär, şeýle hem derman serişdeleriň uzak kabul edilmegi netijesinde döräp biler (karbenizepam, tegretol, finlepsin we başg.). Näsaglar dişlerini ýuwanlarynda (arassalanlarynda) we iýip içenlerinde döreýän güýçli ganakma, agyzdan ys gelýändigine we diş etindäki ýakymsyz duýgylara arz edýärler.

Gözden geçirlende diş etiniň ýellenmesinden, gyzarmasyndan we ganamasyndan başga-da ýalan dişeti kisesi, diş daşlary ýüze çykarylýar. Gipertrofik gingiwidiň iki görnüşi bar: ***ýellenme we fibroz***. Ýellenme görnüşine diş etiniň emzijeklerine suwuklyk ýygnanyp göwrümleriniň ulalmagy (emzijekler gögümtil reňkli we degilmekleri netijesinde ganaýarlar), munuň netijesinde bolsa diş etiniň, dişleriň boýunjyklary sebitinde nemli barda birleşmesi bozulan däldigi sebäpli ýalan dişeti kisesi emele gelýär. Dişetiniň emzijeginiň ýellenmegine oňa guralyň kütek ýeri bilen basylanda reňkiniň solýanlygy we guralyň yzynyň galýanlygy şaýatlyk edýär. Gipertrofik gingiwidiň fibroz görnüşinde dişetiniň emzijekleri ulalan, dykyz we dişeti asty daşlar bolýar.

Ýellenme we fibroz görnüşleri bolup geçýän şol bir hadysanyň dürli döwürleri diýlip hasap edilýär. Kesel ýellenmeden we dişetiniň emzijeginiň ulalmagyndan başlaýar. Uzak wagtlar geçeninde öýjükleriň köpelmegi – proliferasiýa bolup geçýär we bu ýagdaý dişetiniň ulalyp dykyzlaşmagyna getirýär. Keseliň uzak wagtyň dowamynda geçmekligi netijesinde diş etiniň dokumalary zaýalanýar, diş etiniň kisesi emele gelýär we bu ýagdaýa eýýäm has agyr keseliň – parodontidiň alamaty hökmünde garalýar.

**Başly gingiwit (başly-çüýreme gingiwit)** - diş etiniň gyrasynyň nemli bardasynyň zaýalanma hadysalarynyň agdyklyk etmegi bilen geçýän çişme keseldir. Kesel köplenç, beden gyzgynynyň ýokarlanmagyndan, käwagt 38-39oC çenli, bitaplykdan, kelle agyrydan başlanýar. Şol bir wagtyň özünde diş etiniň agyrylary, ganamagy, iýip–içmekligiň kynlaşmagy, agyzdan ýakymsyz ys gelmegi, kähalatlar-da agyz suwlanmagy ýüze çykýar. Sebitleýin gän (limfa) düwün-

leri ulalýar we agyryly bolýar. Diş etiniň nemli bardasynyň gyrasy çüýreýär we onuň üsti çal reňkli barda bilen örtülýär. Diş etiniň emzijekleri bolsa kesilen şekilde bolup, olaryň ýerinde çal reňkli ýokundy görünýär. Diş etiniň çüýräp başa dönen ýerine sähelçe degilmegi hem agyry we güýçli gan akma döredýär. Köplenç köp sanly ýumşak diş ýokundylary, diş daşlary bolýar. Çüýräp dargamaklyk hadysasy diş etiniň çäklenen ýerinde, şeýle hem tutuş diş ýaýynyň ugry boýunça ýaýran bolup biler. Mundan başga-da çüýreme hadysa ýaňagyň, badamjyklaryň nemli bardasyna ýaýrap bilýär. Näsagyň bedeniniň kesele garşy duýgurlygy çet ýer ganyň görkezijileriniň üýtgemeleri görnüşinde ýüze çykýar (leýkositoz, EÇT-ň ýokarlanmagy we başgalar). Başly gingiwidiň ýüze çykmagy ýeňil, orta we agyr derejelerde bolup biler. Keseliň agyrlylyk derejesine baglylykda umumy bejergi bellenýär. Başly gingiwit üznüksiz görnüşde hem geçip biler. Munuň ýaly ýagdaýda kesel köplenç ýygy-ýygydan gaýtalap durýar we dişleriň belli bir toparlarynyň ýanynda diş etleriň ýerleri çüýreýärler.

Gingiwitleriň deňeşdirme anyklamasynda kesele getiren sebäpleri göz öňünde tutmalydyr. Diňe gingiwidiň döremegine getiren sebäbi bilmeklik (şikes, allergiýa ýokançlar we başgalar) netijeli bejergi geçirmäge ýol berýär.

Şikes gingiwidine keseliň çäklenen ýerde bolmagy häsiýetlidir. Onuň sebäpleri köplenç – diş daşy, nädogry ýasalan diş täji, diş petiginiň çykyp duran ýeri we dişleriň arasynda iýmit ýygnanmagydyr.

Gingiwidiň sebäpleriniň arasynda onuň biologik sebäplerini görkezmek bolar (diş ýokundysyndaky ýokançlar we olaryň zäherleri). Diş ýokundysynda lizosoma fermentleriniň we biologik işjeň maddalaryň artmaklygy bilen damarlaryň syzyjylygy güýçlenýär, kiçi damarlarda (kapilýarlarda) gan aýlanyşyk bozulýar, bular bolsa diş etiniň çişmesine getirýär. Diş ýokundylaryny aýyrmak we dişleriň oňat arassalanmagy gysga wagtda çişme hadysany ýok etmäge ýol berýär .

Allergik gingiwit, şol sanda degişme (galtaşma) allergiýasy, seýrek bolmadyk halatlar-da bedeniň umumy jogabynyň alamatydyr. Kesel kesgitlemesini näsagyň ýokary duýgurlylygy baradaky

taryhynyň jikme – jik maglumatlary ýygnalandan soň, şeýle hem kesel döreden derman aýrylyp bellenilýän desensibilizirleýji bejergi esasynda goýulýar.

Gingiwit, şol san-da onuň başga görnüşleri, käbir umumy kesellerde döräp bilýär. Seýrek bolmadyk halatlar-da başly gingiwit gan keselleriniň irki alamaty bolup ýüze çykýar. Tapawutlandyryş anyklama näsagyň keseliniň we ömrüniň taryhynyň maglumatlary hem-de kesele dahylly bolup çagyrylan dürli hünärmen lukmanlaryň çykaran netijeleri esasynda geçirilýär.

***Bejergisi.*** Gingiwitlerde degişli hünärmen bolmadyk halatyn-da keseliň käbir ýiti alamatlary bolan agyry, gan akma we umumy beden bozulmalary boýunça gyssagly kömek berlip bilner. Bu ilkinji nobatda mümkin boldugyça kesele getiren sebäbi aýyrmakda, steroid däl çişmä garşy dermanlary bellemekde, agyz boşlugyny mylaýym ýylylykdaky gyjyndyrmaýan zyýansyzlandyryjy erginlere we derman otlaryň demlemelerine ýa-da gaýnatmalaryna çaýkatmakda jemlenendir. Ýerli agyrsyzlandyryjy hökmünde anesteziniň 2-3 % suw ergini ýa-da nowokainiň 0,25 % - 2,0 % erginleri (her nahardan öň owurtlap agyzda saklamak, 5-7, 10 min dowamynda) netijelidir, şeýle hem güýçli gan akmalar bolanda 1-2 gün dowamynda disinon (ýa-da etamzilat natriý) bellenip bilner (1 gerd 3 wagtyna).

Ilkinji mümkinçilik döräninde hünärmen lukmana – stomatologa ýüz tutmaly we diňe ol doly we dogry bejergi geçirip biler.

Bejergi meýilnamasy düzülende gingiwidiň görnüşinden, häsiýetinden, geçişinden we ýaýraňlygyndan, iň esasy hem onuň döremeginiň sebäbinden ugur alynýar. Diş etiniň nemli bardasynyň islendik görnüşli çişme keselinde onuň döremegine getiren sebäbi aradan aýyrmak bejerginiň ilkinji we hökmany şertidir.

Bejergini agyz boşlugyny, diş etleri, dişara yşlary 1-1,5 % wodorodyň öteturşysy bilen sanjawajyň kömegi bilen ýuwmakdan, bu ergine ezilen pagta tokgasy bilen arassalamakdan başlaýarlar. Soňra diş ýokundylaryny we diş daşlaryny örän gowy edip aýyrýarlar, we adatça, bir gezekde amala aşyrýarlar. Agyry duýgulary bolan halatyn-da çalyp siňdirme agyrsyzlandyrma geçirmek gerek (2,10 % lidokainiň ergini, 2 % nowokainiň ergini). Diş daşlary we ýokundy-

lary aýrylyp bolandan soňra diş etini wodorodyň öteturşysynyň 3 %, hlorogeksidiniň 0,05 % we furasiüniň (1:5000) erginleri bilen arassalaýarlar. Ametronid gel melhemi dişleriň düýbine çalmaklyk gowy netijeleri berýär (düzüminde metronidozol we hlorgeksidin bolan suwda ereýän melhem), şeýle hem asetilsalesil turşusynyň 3 % melhemi, 5 % butadion melhemi ulanylyp bilner. Näsaga agyz boşlugynyň arassaçylygy, dişleri dogry ýuwmaklyk barada maslahatlar berilýär we 1 hepdeden barlaga gelmeklik bellenýär.

Başly gingiwit bejergide aýratyn çemeleşigi talap edýär. Näsag ilkinji gezek gelende agyz boşlugyny gowy edip zyýansyzlandyryjy erginler bilen arassalap (hlorgeksidiniň 0,05 %, wodorodyň öteturşysynyň 1-1,5 % erginleri), sanjym siňdirme ýa-da sebitleýin agyrysyzlandyrma bilen çüýrän, zaýalanan dokumalary we diş daşlaryny örän gowy edip aýyrýarlar. Çüýrän dokumalaryň aňsat aýrylmaklary üçin fermentler ulanylyp bilner (tripsin, himotripsin, himopsin). Soňra ametronid, solkoseril melhemleri bilen diş etine sargy goýýarlar hem-de zyýansyzlandyryjy erginlere (hlorgeksidiniň 0,05 %, furasiliniň 1:500 erginlerine, çopantelpegiň demlemesine) ýygy-ýygydan çaýkamak bellenýär. Şeýle hem ametronid, solkoseril melhemleri, çasaran, zeýtun, bägül ýaglary bilen sargy goýmak maslahat berilýär. Umumy bejergi görnüşinde görkezmeler boýunça desensibilizirleýji serişdeler (kalsiý glukonady, kalsiý hloridi, dimedrol, tawegil, suprastin we başgalar), gyzgyn peseldiji (asetilsalesil turşusy), steroid däl çişmä garşy dermanlar (wowenak, dipizoks), beden berkidiji serişdeler (witaminler), infuzion bejergiler bellenip bilner. Görkezmeler boýunça näsaga işe ýarawsyzlyk haty açylýar. Ikilenç gelmekligi 1 günden belleýärler we onda agyz boşlugyny we diş etini arassalaýarlar hem-de melhemli sargy goýmak bolar. Kesel gaýtalap bilýändigi üçin näsaglar yzygiderü gözegçilikde durmalydyrlar.

Gipertrofik gingiwidiň bejergi çäreleri onuň geçişiniň görnüşine baglydyr. Ýellenme görnüşinde çişme hadysa garşy geçirilýän adaty bejergi bilen bilelikde ýerli gyjyndyryjy sebäpleri aradan aýyrmaklyk ýellenmäniň ýok bolmagyna we diş etiniň ýagdaýynyň kadalaşmagyna getirýär. Degerli oňaýly netije bolmadyk ýagdaýynda kalsiý hloridiniň 20 % ergininiň ýapgylaryny, geparin melhemli sar-

gylary, lidazanyň we geparininiň sanjymlary (näsagyň umumy ýagdaýyna baha bermeklik bilen), lidazany we geparini elektrik togy bilen diş etine siňdirmeklik ulanylyp bilner. Ýerli bejergi bedeniň we dişýany dokumalaryň goranyş güýçlerini ýokarlandyrmaga gönükdirlen umumy bejergi bilen utgaşdyrylýar. Munuň üçin mikroelementleri bolan witaminler toplumyny (undewit, multitabs we başgalar), C witamin, askorutrin, immunitete mahsusy däl ýardam ediji dermanlary (pentoksil, metilurasil, dibazol we başgalar), desensibilizirleýji serişdeler (10 % kalsiýniň hloridi, 10 % glukonat kalsiý, antigistamin serişdeler), agyry aýryjy we çişmä garşy serişdeleri (dipizoks, wowenek we başgalar) belleýärler. Bile geçýän keselleri bejermegiň wajyp ähmiýeti bardyr (ýokary gan basyş keseli, öýken, böwrek, bagyr keselleri, süýji keseli we başgalar). Eger-de gingiwit umumy keseliň (gan keselleri, allergiýa we başgalar) alamaty bolsa bedene umumy täsir etmezden geçirlen ýerli bejergi oňaýly netije berip bilmez. Gingiwidiň toplumlaýyn bejergisinde fiziki usullar hem ulanylýar.

Ýerli gyjyndyryjy sebäpleri, sol san-da dişleýiş bozulmalarynyň görnüşleri bolan diş-dişeti gyşarmalary, şikesli dişleýişi (okkluziýany) we başg. aýyrmak bilen dişýany dokumalaryň kesele durnuklylygyny berkitmäge gönükdirlen çäreler bejerginiň wajyp bölegidir.

Gingiwidiň bejergisiniň tamamlaýjy tapgyry agyz boşlugynyň oňat geçirilýän we saklanylýan päkizeligidir. Kataral gingiwidiň ýeňil ýagdaýynda agyz boşlugynyň dogry we hemişelik geçirilýän arassaçylyk çäreleri keseliň ýok bolmagyna getirýär. Näsagyň sagalmagynyň ýa-da keseliň öňüni almagyň hökmany şerti - dişleriň arassalanyşynyň hiline stomatolog – lukman tarapyndan hemişelik gözegçiligiň bolmagydyr.

## 6.02. Parodontit

Parodontit bu diş etiniň we dişýany dokumalaryň çişme keselidir. Kesel periodont bagjygynyň we süňkiň gitdigiçe beterleşýän zaýalanmasy bilen häsiýetlendirilýär.

Parodontidiň ýüze çykyş alamatlary kesel hadysanyň ýaýrańlygyna, geçişiniň häsiýetine we agyrlygyna baglydyr. Diş etiniň

çişmesinden başga-da dişýany kisäniň bolmaklygy bu kesel üçin häsiýetlidir.

Parodontit gingiwit ýaly çäklenen we tutuş ýaýran görnüşlerde bolup biler. Keseliň ýaýraňlygy kesel dörediji sebäbiň täsiriniň häsiýeti bilen kesgitlenendir. Ýerli sebäpleriň täsiri netijesinde (diş petiginiň çykyp duran ýeri, dişleriň arasynda iýmit ýygnanmagy, dişlenende ýetýän şikes we başgalar) parodontyň çäklenen ýerinde üýtgemeler döreýär. Parodontda tutuş ýaýran üýtgemeler agyz boşlugynyň ýaramaz arassaçylygynda, kadaly däl dişleýişde we şuňa meňzeşlerde döreýär. Şeýle hem bu keselde dişýany dokumalaryň goranyş işjeňligi peselýär diýlip hasap edýärler.

Bu keseli geçişi boşunça ýiti, üznüksiz, ýitileşen (şol san-da abssedirleýän) we gowşan görnüşlere bölýärler.

**Ýiti parodontit**, adatça, seýrek duş gelýär. Adatça, bu çäklenen bolup, köplenç, bir dişiň deňesinde diş etiniň emzijeginiň ýanynda zeperlenme döreýär. Keseliň döremeginiň sebäpleri köplenç diş etine ýetýän petigiň artykmaç çykyp duran bölegi, emeli täç, aýrylýan emeli diş gurnamasy, ortodontiýa enjamlary bilen güýç görnüşindäki şikesleridir. Näsag diş etiniň belli bir böleginiň hemişelik agyrysyna, kähalatlar-da gijeýän ýaly duýga, gan akma arz edýär. Agyrylar kähalatlarda sorkuldaýan ýaly bolup bilerler. Gözden geçirlende diş etiniň emzijeginiň gyzarmasyny we ýellenmesini, dürtgiç bilen barlananda – kesel kisesini, gan akmany, gyjyndyryjy (şikes ýetiriji) sebäbi ýüze çykarmak bolýar. Diş etiniň kesel kisesiniň çuňlugy dürli görnüşlerde bolup biler, emma ol köplenç 2-3 mm-e çenli bolýar.

**Üznüksiz parodontit** ýaýraňlygy bilen däl-de çişme hadysanyň agyrlygy bilen häsiýetlendirilýär.

***Ýeňil derejeli parodontitde*** näsagyň arzy bolmaýar ýa-da käbir dişleriň deňesinde diş etindäki ýakymsyz duýgular, gan akma (diş arassalanandaky wagtal-wagtal ýa-da gaty iýmit dişlenendäki), kähalatlar-da agyzdan ýakymsyz ysyň gelmegi ýaly az bildirýän arzlar döreýär. Gözden geçirlen wagty diş etiniň gyrasynyň ýellenmesi we gyzarmasy, diş etiniň emzijekleriniň ölçegleriniň ulalmagy, diş etiniň 3-4 mm çuňlukdaky kesel kisesi ýüze çykarylýar. Hemişe diş daşlary we diş ýokundylary bolýar. Dişler yrgyldamaýar. Rentgen su-

ratda dişara süňk perdeleriň uçlarynyň dykyz plastinasynyň ýoklugy we süňkiň seýrekleşmesi (osteoporozy) görünýär.

***Orta agyrlyk derejesindäki parodontitde*** näsaglar hemişe diýen ýaly diş arassalan wagty we iýmit iýeninde döreýän gan akma, iýmit çeýnäninde wagtal-wagtal agyry duýgularyna, aýry – aýry dişleriň yrgyldysyna we ýerinden süýşmegine, agyzdan ýakymsyz ysyň gelmegine arz edýärler. Kähalatlarda beden gyzgynynyň ýokarlanmasy, gyjyndyryjylardan soňra tiz aýrylýan agyrylar döreýär. Gözden geçirlende diş etiniň gyrasynyň nemli bardasynyň aýdyň bildirýän çişme hadysasynyň alamatlaryny – ýellenmäni, gyşarmany we dişetiniň emzijekleriniň ulalmasyny ýüze çykarmak bolýar. Käbir dişleriň boýunjyklarynyň açylmagy, ýerlerinden süýşmekleri we yrgyldylarynyň güýçlenmeleri bolup biler. Seýrek bolmadyk ýagdaýlarda nädogry dişleýiş ýüze çykarylýar. Dürtgiç bilen barlananda 5mm çenli çuňlukda bolan güýçli ganaýan parodontal kise kesgitlenýär. Rentgen suratda diş öýjüklerinň aralaryndaky süňk perdejikleriň beýikliginiň dişiň köküniň uzynlygynyň ⅓-den ½ bölegine çenli peselmegi ýüze çykarylýar.

***Agyr derejeli parodontitde*** näsaglar iýmit çeýnemek kynçylygyna we bu ýagdaýda diş etiniň agyrysyna we ganaýanlygyna, dişleriň yrgyldysyna hem-de olaryň ýerinden süýşenligine, agzynda ýakymsyz ysyň bardygyna, seýrek halatlarda geplemek kynçylygyna arz edýärler. Käwagt näsaglar yrgyldaýan we ýerinden süýşen “sagdyn” dişleriň sogrulmagy hiç bir agyry döretmejekdigini aýdýarlar. Gözden geçirlende dişýany dokumalarda köpsanly güýçli bozulmalar - dişetiniň gyrasynyň nemli bardasynyň ýellenmegi we gyzarmagy, çuňňur parodontal kiseler, käbir dişleriň I - II derejeli yrgyldamagy, dişleriň boýunjyklarynyň we hat-da kökleriniň hem has köp açylmagy ýüze çykarylýar. Diş etiniň gyrasyna basylan ýagdaýynda seýrek bolmadyk halatlar-da iriň bölünip çykýar. Parodontidiň agyr görnüşine diş etiniň aşagyndaky we diş etiniň üstündäki köp mukdarda diş daşlarynyň hem-de diş ýokundylarynyň emele gelendigi, olaryň galyň gatlak bilen dişi örtmekligi we diş etiniň nemli bardasyna degip durmaklary häsiýetlidir. Rentgen suratda düýpli üýtgemeler – diş öýjükleriniň aralaryndaky süňk perdejikleriň beýikliginiň dişiň

köküniň ⅓-den ⅔- bölegine çenli we ondan-da köp peselmegi ýüze çykarylýar (*15-nji surat*).

Parodontidiň islendik döwründe (ýeňil, orta we agyr derejeleri) dürli sebäpler netijesinde (bedeniň kesele garşy göreşijilik ukybynyň peselmegi ýa-da ýerli üýtgemeleriň netijesinde) keseliň ýitileşmesi döräp biler. Bu ýagdaýda dürli topar dişleriň deňesinde diş etiniň nemli bardasynyň güýçli agyrysy döreýär (köplenç agram düşýän dişleriň, şikesiň we ş.m. deňesinde). Diş eti gyzarýar, ýellenýär, onuň ganamagy, agyzdan gelýän ýakymsyz ys we dişleriň yrgyldysy güýçlenýär. Emma emele gelýän iriň suwuklygy parodontal kise boýunça akyp çykýar ýa-da absses ojaklary (kähalatlarda birnäçesi) emele gelýär. Bu ýagdaý, adatça, abssesiň özbaşdak ýarylmagy ýa-da üznüksiz görnüşe geçmekligi bilen tamamlanýar. Abssesler köplenç parodontal kise 5 mm – den çuň bolanda döreýärler.



a b ç d

15-nji surat. Parodontyň dokumalarynyň kadadaky (a) we parodontidiň dürli agyrlyk derejelerindäki (b, ç, d) ýagdaýy. 1 - diş ýokundysy; 2 – diş daşy; 3 – diş etiniň nemli bardasy (epiteliýi); 4 – süňk dokumasy.

***Bejergisi.*** Gaýragoýulmasyz kömegi bermeklik parodontidiň ýiti ýa-da ýitileşen üznüksiz görnüşlerinde ýüze çykyp biler we ol diş etinde döreýän agyrylary aýyrmak üçin geçirilýär. Eger-de bu keseliň sebäbi aýrylýan emeli diş gurnamasy bolan bolsa, onda ony wagtlaýynça ulanmaklygy bes etmeli. Agyz boşlugyny mylaýym gyzgynlykdaky zyýansyzlandyryjy erginler bilen çaýkamaklygy

bellemeli (furasiliniň 1:5000 gatnaşykdaky erginleri we başgalar). Agyryny aýyrmak üçin salisilat topardan bolmadyk steroid däl çişmä garşy dermanlary (wowenak, dipizoks) (gan akma bolanda hem ony güýçlendirmezlik üçin) 1-2 güniň dowamynda 1 gezek (seýrek 2 gezek) ulanmak bolar.

Parodontidiň doly we dogry bejergisi umumy we ýerli bejergini utgaşdyrylyp geçirlen toplumlaýyn usulda amala aşyrylýar.

*Umumy bejergi* bedeniň kesele garşy ukybyny ýokarlandyrmaga, bedeni witaminler bilen ýeterlik mukdarda üpjün etmäge, madda alyş-çalyş hadysalary we ruhy ýagdaýyny kadalaşdyrmaga, bedeniň goranyş güýçlerini we zeperlenen dokumalaryň bitijilik ukybyny ýokarlandyrmaga gönükdirlen bolmalydyr. Munuň üçin witaminleri, ilkinji nobatda bolsa C we P görnüşlerini, immunitete mahsus däl ýardam ediji dermanlary, antigistamin serişdeleri, kalsiýniň dermanlaryny, FIBS, aloe, autogemoterapiýa, aýnaşekilli madda dermany, pentoksil we başgalar ulanylyp bilner. Bile geçýän umumy keseli bar bolup, onuň bejergisi bellenen bolsa, onda ol hökman geçirilmelidir, eger-de bejergi bellenmedik bolsa – degişli hünärmen tarapyndan barlanyp, gysga wagtyň içinde bellenmelidir. Umumy bejergini saýlap almak, şeýle hem ony geçirmek maşgala lukmany (terapewt ýa-da degişli hünärmen) bilen bilelikde stomatolog- lukman tarapyndan amala aşyrylýar.

Parodontidiň ýerli bejergisi dişýany dokumalaryň gurluş – işjeňlik ýagdaýyny kadalaşdyrmaga gönükdirlen bolmalydyr. Parodontidiň ýerli bejergisi keseliň döwrüne baglylykda bellenýär, emma köplenç, dişýany dokumalarda çişme hadysany aýyrmaga, diş daşyny aýyrmaga, iýmit çeýnelende keselli dişýany dokumalara diş arkaly dişýan işjeňlik güýjini azaltmaga, şeýle hem dişýany dokumalaryň kadaly işjeňligini dikeltmäge gönükdirilýär. Bu maksada ýetmek üçin agyz boşlugynda sagdynlaşdyrma geçirilýär we munda III-IY derejeli yrgyldaýan dişler sogrulýar. Diş etiniň kiseleri wodorodyň öteturşysynyň 3%-ergini, furasiliniň 1:5000 gatnaşykdaky ergini bilen arassalanýar. Ýerli çalyp siňdirme (10% -lidokainiň gidrohloridi) ýa-da sanjym siňdirme (1 - 2% lidokainiň gidrohloridi, 1-2% nowokain erginleri bilen) agyrysyülandyrma bilen diş ýokundylaryny we diş daşlaryny

aýyrýarlar. Eger-de diş daşlary köpsanly bolsa, onda aralaryna 3-4 gün salyp, bir gezekde 4-6 dişden, aýyrýarlar. Diş daşlaryny ýörite gurallar toplumy ýa-da ýörite “Ultrastom” enjamyň kömegi bilen aýyrýarlar. Dişýany dokumalarda çişme hadysa peselenden soňra, görkezme boýunça, düwür – düwür dokumalary aýyrmak we diş etiniň gyrasynyň iç ýüziniň ýarasynyň bitmegine şert döretmek üçin diş etiniň kisesini gazamaklygy geçirýärler. Ondan soňra ýaranyň bitmekligini tizleşdirmek üçin solkoseril, ametronit we başga melhemleri, zyýansyzlandyryjy erginler we derman otlaryň demlemeleri ýa-da gaýnatmalary bilen çaýkamagy (çopantelpek, dub gabygy we başgalar) belleýärler. Diş etinde 5% askorbin turşysynyň, 30% linkomisin gidrohloridiniň erginleriniň nemli bardaasty geçirilýän sanjymlary we başga sanjymlar hem giňden ulanylýar, emma olar diňe diş daşlary aýrylandan ýa-da diş eti kiseler gazalandan soňra geçirilmelidir. Soňky ýyllarda parodontidiň bejergisiniň köp sanly bejergi usullary we serişdeleri teklip edildi.

Bu keseliň bejergisini stomatolog lukman amala aşyrýar we onuň bu meseläni bilmegi we başarmagy wajypdyr. Parodontidiň bejergisiniň köpdürliligini we çylşyrymlylygyny göz öňünde tutup, stomatologlaryň içinden bu mesele boýunça hünärleşmesi ýüze çykyp, parodontolog lukmanlar hem emele geldiler. Olar ýörite taýýarlygy geçýärler.

Adaty usullardan başga-da hirurgik bejergi hem ulanylýar. Olar gingiwotomiýa (diş etini kesmek), gigiwoektomiýa (diş etiniň gyrasyny kesip aýyrmak), kesim bölekli düýpli amal (diş etinde kesim bölegini döredip kesel ýerini düýpli açmak) we başga görnüşlerde geçirilýär (16-njy surat). Hirurgik usullaryň maksady dişýany dokumalarda iriňli ojagy kesip ýarmakda, düýpli zeperlenen diş etiniň gyrasyny kesip aýyrmakda, kesel netijesinde emele gelen zeperlenme düwür – düwür dokumalary, dokuma örgünleri, diş eti asty çuňňur kiselerdäki daşlary aýyrmaga gönükdirlendir. Öýjükli ösüntgide süňk emele gelmekligine ýardam etmek üçin diş eti kiseleri we düýpli amalda kesim bölegiň aşagyny süňk uny, süňk owuntygy ýa-da himiki serişdeler bilen doldurmak giň gerim aldy.

Parodontidiň toplumlaýyn bejergisinde fiziki usullar giňden ula-

nylýar. Olar esasan çäkli gan öýme döredýän Kulaženkonyň wakuum – bejergisi, owkalama (barmak bilen ýa-da suw owkalamasy), nowakain erginini, B1 ýokumyny, askorbin turşusyny we başga derman serişdeleri elektrik toguň kömegi bilen siňdirmek görnüşinde ulanylýar. Keseliň geçişiniň agyrlyk derejesine baglylykda geçirilýän bejerginiň netijeliligini saklamak üçin parodontidi bolan näsaglarda bejergini 3-5 aýdan gaýtalamak gerek.

Näsag tarapyndan amala aşyrylýan agyz boşlugynyň gündelik arassaçylygy çişme hadysa garşy topara degişli bolan diş hamyrlary (düzüminde natriniň we magniniň köp mukdardaky duzlary, derman ösümlikleriň şerbetleri bolan) ulanylyp, ýumşak diş arassalaýjy çotgasy arkaly geçirilmelidir.

Bejerginiň ortopedik usullary aýratyn ýer tutýar. Olar ýörite ortopedik enjamlaryň we emeli diş gurnamalaryň kömegi bilen yrgyldaýan dişleri berkitmäge, käbir dişleri çeýneýiş hereketlerinden çykarmaga, çeýneýiş hereketleri dörедýän güýçleri sazlaşykly paýlamaga we ýitirlen dişleriň öwezini dolmaga gönükdirlendir. Bejerginiň ortopedik usullary bilen baglanyşykly meseleleri çözmekligi ortoped – lukman (protezçi - lukman) bilen geçirýärler. Parodontidiň bejergisiniň usullarynyň we serişdeleriniň köpdürliligi hem-de birnäçe usul boýunça alnyp barylmagy dişýany dokumalarda kesel hadysasynyň beterleşmesiniň we dişleriň wagtyndan ir düşmekleriniň öňüni almaklyga ýardam etmäge esas berýär (*parodontidiň bejergisi ýörite edebiýatlarda has giňişleşin berilýär*).

# 7-NJI BAP

## AGYZ BOŞLUGYNYŇ NEMLI BARDASYNYŇ KESELLERI

Agyz boşlugynyň nemli bardasynyň keseli özbaşdak kesel görnüşde ýerli we umumy alamatlar bilen ýüze çykyp bilýär. Soňky aýdylanyň mysaly näsaglaryň hut şu toparynyň umumy häsiýetli alamatlara arz edip lukmana ýüz tutmagy bolup biler (beden gyzgynynyň ýokarlanmasy, umumy gowşaklyk, işdäsiniň kesilmegi

we başg.). Käbir halatlarda agyz boşlugynyň nemli bardasynyň keseli ýiti häsiýetli ýüze çykyp biler.Emma seýrek bolmadyk halatlarda ýokarda aýdylanyň tersine bolup biler, ýagny, agyz boşlugynyň nemli bardasynyň keseliniň ýüze çykmagy bedeniň umumy keseliniň netijesi we onuň has irki alamaty bolup biler (gan, iýmit siňdiriş keselleri, awitaminoz we başg.).

Şeýlelik bilen, agyz boşlugynyň nemli bardasynyň keselleriniň ýüze çykmagynyň we geçişiniň aýratynlyklaryny, olaryň anyklamasyny we bejergisini bilmeklik islendik ugurly lukmanyň gündelik işinde hem gerekdir.

Agyz boşlugynyň nemli bardasynyň çişme keselleri umumy bir at – **stomatitler** adalgasy bilen bir ýere jemlenendir. Diňe diliň ýa-da diňe dodagyň, ýa-da öýjükli ösüntginiň nemli bardasy zeperlenen halatynda degişlilikde glossit, heýlit we gingiwit diýip atlandyrylýar.

Agyz boşlugynyň nemli bardasynyň keselleri beýleki stomatologik keselleriň arasynda iň bir az öwrenilen we çylşyrymly meseleleriň biridir. Köpsanly ylmy işleriň geçirilendigine garamazdan, bu keselleriň sebäpleriniň, döreýşiniň, geçişiniň we bejergisiniň käbir esasy meseleleri häzirki wagta çenli öwrenilmän gelýär. Agyz boşlugynyň nemli bardasynyň köp sebäpleriniň arasynda ulgamlaryň keselleriň, aýratyn hem, iýmit siňdiriş ýollarynyň işjeňliginiň bozulmasy we keselleri uly ähmiýete eýedir. Tejribe we lukmançylyk gözegçilikleri esasynda aşgazan, içege, bagyr, gan, içki bölüp çykaryş we nerw ulgamlaryň, ýürek-damar kesellerinde köplenç agyz boşlugynyň nemli bardasynda kesel alamatlaryň döreýänligi we seýrek bolmadyk halatlarda olaryň ulgamlaýyn keseliň başlangyç alamaty bolup durýanlygy ýüze çykaryldy. Bulardan aýdyň bolşy ýaly, agyz boşlugynyň nemli bardasynyň keselleriniň öňüni alyş çärelerine we bejergisine bütewi beden ýagdaýyna baha bermeklik nukdaý nazaryndan çemeleşmek gerekdir. Agyz boşlugynyň nemli bardasynyň keselleriniň kesel bölünişiginiň esasynda bu keseliň sebäpleri we geçişiniň ýüze çykyşy goýldy. Sebäpleri boýunça şikes, alamat görnüşli, ýokançly we mahsusy stomatitler bar. Geçişiniň ýüze çykyşy boýunça stomatitler ýüzleý (kataral), aftoz we başly görnüşlere bölünýärler.

***Şikes stomatitiniň*** döremeginiň sebäpleri agyz boşlugynyň nemli bardasynyň mehaniki (güýç), fiziki ýa-da himiki zeperlenmeleri, hünär zyýanlyklary bolup biler.

***Alamat görnüşli stomatitler*** umumy keselleriň (iýmit siňdiriş synalaryň, ýürek-damar ulgamynyň, nerw, içki bölüp çykaryş ulgamyň we başga keselleriň) netijesinde döreýär.

***Ýokançly stomatitlere*** agyz boşlugynyň nemli bardasynyň gyzamyk, täjihoraz, hörezek, gyzzyrma, grip we başga kesellerdäki zeperlenmeleri degişlidir.

***Mahsusy stomotitlere*** agyz boşlugynyň nemli bardasynyň merezýel, inçekesel kesellerdäki, kömelejik ýokanjynyň zeperlenmesi, şöhle, derman we zäher zeperlenmeleri degişli edilýär.

Beýan edilen stomatit görnüşleriniň ilkinji üç görnüşinde kesel ýiti we üznüksiz görnüşde geçýär. Mahsusy stomatitleriň toparynda keseliň geçişi, adatça, üznüksiz görnüşde bolýar. Eger-de özbaşdak geçýän we umumy keseliň ýüze çykmasy bolmadyk stomatitlerde (şikes stomatitleri) keseliň sebäbini anyklamak aňsat bolsa (agyz boşlugynyň arassaçylygynyň bozulmalary, himiki we fiziki gyjyndyryjylaryň täsirleri we başg.), onda umumy keseliň ýüze çykyş alamaty görnüşindäki stomatitlerde (alamat görnüşli stomatitler) keseliň sebäplerini we döreýşini ýüze çykarmak uly kynçylyklar döredýär.

Gan kesellerinde [leýkoz, limfoleýkoz, leýkemiýa, agranulositoz, howply (pernisioz) ganazlyk], iýmit siňdiriş synalaryň kesellerinde (gastrit, enterit, kolit), süýji keselinde, gurçuk keselinde, ýürek ýetmezçiliginde, ýokary duýgurlylyk (allergik) ýagdaýlarda, ýokanç kesellerde (gripp, täjihoroz, örgünli garahassalyk we başg.), şeýle hem birleşdiriji dokumanyň ulgamlaýyn kesellerinde (kollagenozlarda) agyz boşlugynyň nemli bardasynda döreýän keselleri bilmeklik lukman üçin aýratyn ähmiýetlidir.

Agyz boşlugynyň nemli bardasynyň keselleriniň dürli görnüşleriniň häsiýetli aýratynlyklaryny öwrenmek, köplenç ýagdaýda, kyn meseleleriň biridir. Bu ýagdaý kesel görnüşleriniň ýüze çykyp biljek köpsanly alamatlarynyň barlygy, şeýle-de agyz boşlugyna mahsus bolan häsiýetli aýratynlyklar sebäpli kesel alamatlarynyň öçügsiligi bilen düşündirilýär. Keseliň ýüze çykyşynyň käbir alamatlary (gabarçajyk, örtgi, sypjyryklar we başg.) agyz boşlugynda sülekeýiň, ýokançlaryň barlygy, şeýle hem bu ýüze çykan alamatlaryň çeýnelen-

de iýmit tokgasy sebäpli şikeslenilip, tiz ilki başdaky görnüşini ýitirýär. Munuň netijesinde stomatidiň hakyky görnüşi, adatça, üýtgän bolýar we bu ýagdaý  keseli anyklamagy düýpli kynlaşdyrýar.

Bu bölümde stomatitleriň hemme gönüşlerini we toparlaryny beýan etmek mümkin däldir. Şeýle hem bular barada degişli dersler boýunça (terapewtik stomatologiýa, iç keseller, ýokanç we başg. keseller) okuw  we beýleki edebiýatlarda  ol  ýa-da beýleki keselde agyz boşlugynyň nemli bardasynda häsiýetli zeperlenmeleriň ýüze çykmagynyň aýratynlyklary beýan edilendir.

***Howply çiş öňýany*** diýlip atlandyrylýan keseller köp görnüşli we çylşyrymly kesellerdir, hem-de adyndan belli bolşy ýaly, köplenç, örtgi dokumanyň - nemli bardanyň we deriniň howply çişlerinden öň duş gelýärler. Olardan iň bir köp ýaýrany leýkoplakiýadyr. Ýokarda aýdylanlary göz öňünde tutup, agyz boşlugynyň nemli bardasynyň kesellerini beýan etmeklik olaryň has köp duş gelýän görnüşlerini gysgaça getirmeklik bilen çäklenilendir.

## 7.01. Ýüzleý (kataral) stomatit

Ýüzleý stomatit agyz boşlugynyň nemli bardasynyň has köp zeperlenme gönüşidir.

***Sebäpleri,*** Keseliň has köp ýüze çykarylýan sebäbi diýlip agyz boşlugynyň päkize saklanylmazlygy, köp sanly diş ýokundylary, zaýalanan dişleriň bolmagy we başgalar hasap edilýär. Seýrek bolmadyk halatlarda stomatidiň bu görnüşi umumy agyr ýagdaýy sebäpli agyz boşlugynyň öz-özüniň kadaly arassalanyşygy bozulan, agyz boşlugyna degerli idegi ýok agyr näsaglarda duş gelýär. Gastrit, duodenit, kolit we gurçuk keseli ýaly başga synalaryň keselleri hem kataral stomatidiň döremeginiň sebäbi bolup biler.

***Keseliň geçişi.*** Agyz boşlugynyň nemli bardasy gyzaran, ýellenen, gatañsy, ilki ak, soňra bolsa goňurymtyl ýokundy bilen örtülýär. Diş etiniň emzijekleri ulalýar, agyryly bolýar we hat-da ýumşak iýmit çeýnelende hem derrew ganaýar. Agyzda ýakymsyz ys döreýär. Nemli bardadan gazalyp alnan barlagda köp sanly leýkositler ýüze çykarylýar.

***Bejergisi.*** Ol ilki bilen keseliň ýerli sebäplerini - diş daşlaryny aýyrmaklyga, dişleriň we diş petikleriniň ýiti gyralaryny ýylmamak-

lyga gönükdirilen bolmalydyr. Agyz boşlugynyň nemli bardasyny her gün suw döredijiniň (wodorodyň) öteturşysynyň 3 % ergini bilen arassalaýarlar we güniň dowamynda köp gezek çopantelpegiň, kalendulanyň gaýnatmasyna ýa-da zyýansyzlandyryjylaryň ýyly erginlerine çaýkaýarlar.

Näsaglara az şikes ýetirýän nahar gerek. Adatça, şunuň ýaly bejergide stomatidiň alamatlary tiz wagtda aýrylýar. Haçan-da ýerli bejergi geçirlenden soňra kesel aýrylmasa, onda ol üznüksiz görnüşe geçýär. Beýle ýagdaýda umumy we ýerli bejergini utgaşdyryp, keseliň umumy sebäbini gözlemek gerek (köplenç ýagdaýda iýmit siňdiriş synalaryň keseli ýa-da gurçuk keseli). Kataral stomatidiň güýçli we doly bejergisini aýratyn hem gowşak näsaglarda geçirmek görkezilendir. Beýle näsaglarda agyz boşlugyndaky agyry duýgulary umumy bejergä oňaýsyz täsir edýär.

## 7.02. ÝITI AFTOZ STOMATIT

Ýiti aftoz stomatit agyz boşlugynyň nemli bardasynda ýeke-täk ýa-da köpsanly aftalaryň - ýarajyklaryň döremekligi bilen häsiýetlendirilýär.

Aftoz stomatidiň sebäpleri gutarnykly ýüze çykarylmadyk, emma keseliň geçişiniň gözegçilikleri bu keseliň köp sebäplidigini aýtmaga ýol berýär.

Aftoz stomatidi döredýän sebäpleriň arasynda has şübhesizi wirus ýokanjy, aşgazan-içege ýollarynyň keselleri, ýokary duýgurlylyk (allergiýa) we rewmatizmdir. Haçan-da dodaklaryň derisiniň uçuklary bilen bir gijede ýüze çykan aftoz stomatit bolsa, onda ýiti gerpes aftoz stomatidi diýip atlandyrýarlar.

***Keseliň geçişi.*** Kesel umumy tapsyzlykdan, beden gyzgynynyň ýokarlanmagyndan, agyzdaky aftalaryň dörän ýerlerindäki agyrylaryň ýüze çykmagyndan başlanýar. Aftalaryň has köpelýän döwründe keseliň umumy alamatlary güýçli bildirýär. Bu wagt ganyň barlagynda üýtgemeler - leýkositler 10000-12000 × 10/ l çenli, E Ç T - 45mm/sag ýüze çykarylýar. Aftalaryň häsiýetli aýratynlyklary bar we bu olary agyz boşlugynyň nemli bardasynyň agsyl, köpgörnüşli suw-jarýan gyzarma we kandidoz (köpükleme) kesellerindäki zeperlenmelerden tapawutlandyrmaga ýol berýär. Adatça, aftalar süýri ýa-da

tegelek görnüşli, merjimek dänesinden uly bolmadyk ölçegde, merkezinde çalymtyl dykyz ýokundy bolan (fibrin gatlagynyň emele gelmegi), inçejik gyzyl gaýmalyja aýdyň görnüşde bolýarlar. Aftalaryň dürli döwürlerde emele gelendikleri sebäpli olaryň dürli ýagdaýdaky görnüşleri ýüze çykarylýar (***16-njy surat***).



16-njy surat. Ýiti gespes aftoz stomatidi.

Fibroz örtük özbaşdak aýrylandan soňra aftanyň ýerinde birnäçe günläp durnukly gyzarma saklanýar we bertik emele gelmezden bitýär.

***Bejergisi.*** Aftoz stomatidiň ýerli we umumy bejergisi onuň başly görnüşiniň bejergisinden kän bir tapawutlanmaýar, emma wirus ýokanjy sebäpli dörän stomatitde goşmaça asewir, aseklowir, oksalin melhemleri ulanmak maksadalaýykdyr. Dekatilen gerjedigini ulanmak agyryny aýyrmak bilen bir wagtda zyýansyzlandyryş çäresini geçirmäge ýol berýär.

## 7.03. BAŞLY STOMATIT

Başly stomatit kataral we aftoz stomatide görä has agyr keseldir we ol kataral we aftoz stomatidiň gaýra üzülmesi görnüşinde, şeýle hem özbaşdak döräp bilýär.

***Sebäpleri.*** Häzirki wagtda ylmy maglumatlar we köpsanly amaly gözegçilikler netijesinde, köplenç, başly stomatidiň aşgazan başy ýa-

da üznüksiz enteridi bolan näsaglarda döreýänligi ýüze çykaryldy. Adatça, umumy keseliň ýitileşmesi başly stomatit döremegine getirýär. Emma agyz boşlugynyň nemli bardasynda baş döremekligi kataral stomatit ýeterlik derejede bejerilmese we üznüksiz gaýtalanýan aftoz stomatitde aftanyň başa geçmegi netijesinde, ýürek damar we gan ulgamynyň kesellerinde ýüze çykyp biler. Başly stomatit ýokanç kesellerde, agyz nemli bardasynyň metallaryň duzlary bilen zäherlenmelerinde ýüze çykyp biler.

Nemli bardanyň diňe ýüzleý gatlagy zeperlenýän kataral stomatitden tapawutlylykda, başly stomatitde nemli bardanyň zeperlenmesi hemme gatlaklaryna ýaýraýar.

Başly stomatidiň häsiýetli aýratynlygy - dokumalaryň çuň gatlagyna aralaşan çüýrüntgili başlaryň emele gelmegidir. Çüýrän ýerler bileleşip uly ýerleri emele getirip bilýärler. Käbir ýagdaýda çüýreme hadysa äň süňküne ýaýrap, osteomiýelediň döremegine getirip biler.

***Keseliň geçişi.*** Başly stomatidiň başlangyç alamatlary onuň kataral görnüşiniň alamatlaryna örän meňzeşdir, ýagny nemli bardanyň zeperlenmesiniň göwrümi keseliň geçişiniň agyrlygy we alamatlarynyň ýüze çykyş derejesi ýokundynyň ýaýranlygyna baglydyr. Adatça, sebitleýin gän düwünler ulalan we agyryly, sülekeý has sowaşyk bolýar, agyzdan çüýrüntgi ysy gelýär. Hat-da suwuk iýmit hem güýçli agyry döredýär. Ganda leýkositoz we EÇT-ň ýokarlanmasy ýüze çykarylýar.

***Bejergisi.*** Keseliň bejergisi stomatidiň ilkinji alamatlary ýüze çykarylan wagty (kataral görnüşinde bolşy ýaly) başlanmalydyr. Nemli bardanyň bildirip duran baş ýerleri bolan halatynda güýçli we doly göwrümdäki bejergi bilen utgaşdyrylmalydyr. Ýerli bejergi agyry aýyryjy, zyýansyzlandyryjy we ýakymsyz ys aýyryjy serişdeleri ulanmagy göz öňünde tutýar. Ýerli bejergini agyry aýyryjy serişdelerden başlaýarlar we olary näsag nahar iýmeginiň öň ýanynda ulanmak maksadalaýykdyr. Agyryny azaltmak üçin esasan, düzüminde uzak wagt agyry aýyryjy täsirli anestezin bolan dürli garyndylar we melhemler ulanylýar (3% anestezin melhemi, anesteziniň suwdaky ýa-da 0,25 - 1,0% nowokain ergindäki 3% erginleri). Şeýle

hem nowokainiň 2% erginini owurtlap saklamagy, dekatilen gerdejigi gowy peýda berýär. Agyry azalanda ýa-da aýrylandan soňra suwuk görnüşdäki we mylaýym gyzgynlykdaky az şikes ýetiriji hem-de ýokumly nahar bilen naharlamak gerek. Ondan soňra agyz boşlugyny wodorodyň öteturşysynyň 3% ergini, kaliý permanganatynyň 0,1% ergini, furasiliniň ergini (1:500) bilen ýuwmaklyk gerek ýa-da näsag özbaşdak başarsa, onda agzyny çaýkatmaly. Ulanylýan erginleriň yzygiderliligi dürli bolup biler, emma hökmany ýagdaýda olaryň arasynda wodorodyň öteturşynyň ýa-da kaliý permangatynyň erginleri bolmalydyr. Agyryny aýyrmak we bejermek maksady bilen propolis, metrogel, solkoseril we başga melhemler ulanylyp bilner. Amaly lumançylyk işinde 100 ml arassa günebakar, mekgejöwen ýa-da zeýtun ýagyna toz görnüşinde 5 g ampisillin, 3 g steptosid, 2 g anestezin, 0,l g dimedrol, has agyr ýagdaýlarda bolsa 0,1 g prednizolon goşulan garyndyny ulanmak örän amatlydyr. Ony näsag naharlanyp agzyny zyýansyzlandyryjy erginlere çaýkanyndan soňra pamyk tokgasy bilen agyz boşlugynyň zeperlenen ýerlerine çalmaklyk görnüşinde ulanýarlar.

Başly stomatidiň oňat we irginsiz ýerli bejergisi umumy bejergi bilen utgaşdyrylmalydyr. Haçan-da stomatit bedeniň başga bir synasynyň keseliniň alamaty görnüşinde ýüze çyksa, onda ýerli bejergi bilen utgaşdyrylýan umumy bejergi esasy keseli ýok etmeklige gönükdirilmelidir.

Başly stomatitde umumy bejergi çärelerine görkezmeler boýunça sulfanilamidler, ýokanja garşy dermanlar (antibiotikler), kalsiý hloridi, gistamine garşy dermanlar, wenaiçre natriniň hloridiniň izitoniki ergini, Ringeriň ergini, glukozanyň 5% ergini goşulmalydyr. Dürli ýokumlar (witaminler), esasan hem C, B topar we rutin ulanylmalydyr. Iýmit az şikes ýetiriji, gyjyndyrmaýan, suwuk we ýokary derejede ýokumly bolmalydyr.

Dogry we wagtynda başlanan bejergi, adatça, baş ýerleriniň 8-10 günden bitmekligine ýardam edýär. Ýiti çişme hadysa alamatlary aýrylandan soňra agyz boşlugynyň düýpli sagdynlaşdyrmasyny geçirmek gerek.

## 7.04. Kandidoz (Agyz köpükleme keseli)

Agyz boşlugynyň nemli bardasynyň kömelejik ýokanjynyň iň köp döredýän keseli kandidoz ýa-da köpükleme keselidir. Kandidoz *Candida* toparyndan bolan kömelejik ýokanjy tarapyndan döredilýär. Adatça, ýaňy doglan bäbekler we bedeni gowşak gartaşan adamlar keselleýärler. Şeýle hem ol ýokanja garşy dermanlar (antibiotikler) kabul edilip, agyz boşlugynyň ýokançlarynyň sazlaşygy bozulanda (disbakteriozda), süýji keselinde, ýokum ýetmezçiliginde (gipowitaminozda) we käbir başda kesellerde döräp bilýär.

Kandidozda keseliň görnüşi gyzaran nemli bardadaky nokat-nokat agymtyl örgünler bilen häsiýetlendirilýär. Örgünler biri-biri bilen birleşip, aňsatlyk bilen aýrylýan çekize pisint barda emele getirýärler, onuň aşagynda bolsa tekiz gyzaran nemli barda ýüze çykarylýar. Kesel uzak wagtlap geçende ol nemli bardanyň aşagynyň dokumalary bilen ykjam birleşýär we kynlyk bilen aýrylýar.

***Bejergisi.*** Sagdyn ösýän çagalarda agyz köpüklemesini bejermek üçin ýerli çäreleri görmeklik ýeterlikdir. Agyz boşlugynyň suwuklygynyň aşgarlyk ýagdaýyny döretmeklik wajypdyr, bu bolsa kömelejik ýokanjynyň köpelmegine päsgelçilik döredýär. Çaga her gezek emdirilenden ýa-da naharlanandan soňra agyz boşlugyny natriý gidrokorbanatynyň 2% ergini bilen ýuwmaly. Ýerli bejergi üçin zeperlenen ýeri arassalamak maksady bilen nistatin garyndysyny (ene süýdiniň 5 ml mukdarynda 1 gerd - 500000 TB), ýodinoly, lýugolyň erginini ulanmak oňat netije berýär. Bulardan başgada (bir käse suwa ýod ergininiň 5-10 damjasy) günde 5-6 gezek agyz boşlugyny çaýkamaklyk bellenýär.

Kanesteziniň, klotrimazolyň 1% melhemi we 1% ergini has netijelidir. 3 aýa çenli ýaşly çagalarda bu dermanlary 2-3 esse gaýnag suwa (erginini) ýa-da arassa günebakar ýaga (melhemini) garyp ulanýarlar. Kesel agyr geçip, agyz boşlugynda giň ýaýran bolsa, dermanyň nemli barda etjek täsirine päsgelçilik berýän kesel ýerindäki barda şekilli ýokundynyň ýokarky, has ýumşak gatlaryny aýryp çykmaly. Şeýle

hem dekamin karamelini ýalatmaklyk (günde 5-8 sany) maslahat berilýär.

Ýerli bejergiden başga-da nistatini we kömelejik ýokançlara garşy beýleki derman serişdeleri bellemeklik hökmanydyr. Birnäçe aý we hepde ýaşan çagalarda ene süýdi bilen, günde 5-6 gezek 100000-150000 TB (1/4 gerd.) nistatin belleýärler. Biraz uly ýaşly çagalarda onuň mukdaryny agramynyň her kilogramyna 50000 TB hasapdan belleýärler. Degişli mukdarlarda flukonazol bellenip bilner. Umumy beden berkidiji bejergi geçirmek görkezilendir (poliwitaminler). Çagalaryň iýmiti proteinlere baý bolmadyr. Uglewodlary iýmitde biraz çäklendirmek maslahat berilýär, emma türkmen halk tebipçiliginde kömelejik ýokanjynyň kesel zeperlenmesini döreden ýerlerine arassa ary balyny çalmaklyk maslahat berilýär. Ary balynyň oňaýly täsirini onuň düzümindäki uglewodlaryň kokklar üçin oňat iýmit bolup, kömelejik ýokanjynyň garşydaşy bolan ýokançlaryň köpelmeklerine we olary bu ýerden gysyp çykarmaklary bilen düşündirip bolar. Köpüklemäniň gaýtalanmazlygy üçin bejergi agyz boşlugynyň nemli bardasyndaky agymtyl ýokundynyň doly aýrylmagyndan soňra 5-12 gün dowam etdirmelidir.

***Öňüni alyş çäreleri.*** Agyz boşlugynyň päkizeligi, arassaçylyk çäreleri, aýratyn hem emdirýän enäniň arassaçylygy, örän wajypdyr. Ýokanja garşy dermanlaryň (antibiotikleriň) ulanylyşy çäklendirilmelidir, eger-de uzak wagtyň dowamynda olary ulanmaly bolsa - öňüni alyş maksat bilen nistatin ýa-da leworin bellenmelidir.

## 7.05. Üznüksiz gaýtalanýan Aftoz stomatit

Üznüksiz gaýtalanýan aftoz stomatit agyz boşlugynyň nemli bardasynyň keseli bolup, köplenç näsaglaryň wagtal-wagtal bimaza bolmaklaryna, käbirlerinde bolsa uzak ýyllaryň dowamynda ejir çekmegine getirýär.



a b

17-nji surat. Köpgörnüşli suwjarýan  gyzarma. a-agyz boşlugynyň örgünleriniň görnüşi; b-bileklerindäki örgünler.

**Sebäpleri.** Kesel esasan iýmit siňdiriş synalarynyň, köplenç aşgazanyň, bagryň we öt haltanyň keselleri esasanda ýüze çykýar diýip hasap edýärler.

***Keseliň geçisi.*** Üznüksiz gaýtalanýan aftoz stomatit ýiti aftoz stomatitden beden tarapyndan ýüze çykýan ýiti alamatlarynyň ýoklugy, ýeke-täk aftalaryň (1-3) döreýänligi we keseliň döwürleýin, aýratyn hem, ýylyň ýaz we güýz pasyllarynda gaýtalanýanlygy bilen tapawutlanýar. Aftalar 4 döwürde - başlangyç, aftaly, eroziýa we bitmeklik döwürler boýunça geçýärler. Şu sebäpli hem agyz boşlugy gözden geçirlende geçişiniň döwrüne baglylykda aftalaryň dürli görnüşlerini ýüze çykarmak bolýar. Onuň geçişiniň tutuş wagty 7-10 gün dowam edýär we ondan soňra afta ýerleri bitip, näsag wagtlaýyn sagalýar.

***Bejergisi.*** Bejergi esasan esasy keseli bejermeklige we onuň ýiti bozulma alamatlaryny aradan aýyrmaklyga gönükdirilmelidir. Yerli bejergi ýiti aftoz stomatitdäki ýaly geçirilýär.

## 7.06. Köpgörnüşli suwjarýan Gyzarma

Bu kesel deridäki we nemli bardalardaky köpgörnüşli örgünler bilen häsiýetlendirilýär. Keseliň sebäbi doly aýdyň däl, emma onuň döreýşi ýokançly - allergik we zäherli - allergik hadysalar bilen düşündirilýär.

Köpgörnüşli suwjarýan gyzarma köplenç ýaş adamlarda duş gelip, beden gyzgynynyň 38-39°C çenli ýokarlanmagy, gowşaklygy we

bitaplygy bilen ýiti başlanýar. Deride, aýratyn hem elleriň penjeleriniň we aýaklaryň daraklyklarynyň arka taraplarynda ululygy l sm - den 5 sm çenli ölçegde häsiýetli tegmiller döreýärler. Tegmilleriň özboluşly şekili bolup, olaryň merkezi gögümtil-goňur, gyra çetleri bolsa gyzyl reňkli aýlawly bolýar. Ilkinji 2 güniň dowamynda agyz boşlugynyň gyzaran, ýellenen nemli bardasynda dürli ölçeglerdäki gabarçaklar döreýär. Gabarçaklar örän agyryly suwjaryp, şypyljap duran ýara ýerlerini emele getirip ýarylýarlar, soňra bolsa ol ýerler birleşýärler. Güýçli agyrylar zerarly näsaglar gepläp, iýip -içip bilmeýärler, bu bolsa olaryň ýagdaýyny has-da agyrlaşdyrýar. Zeperlenen ýerler agyz boşlugynda galyň ýokundy bilen, dodaklarda bolsa - ganly goňrumtyl gemre bilen örtülýärler, olar sypyrlanda bolsa ganaýan ýerler emele gelýär (*17-nji surat*).

Agyz boşlugynda ýakymsyz ys döreýär. Sebitleýin gän düwünler ulalan we agyryly bolýar. Näsagyň umumy ýagdaýy hem agyrlaşýar. Kesel 2-3 hepde dowam edýär. Ondan soňra kesel alamatlary köşeşýär, bedeniň gyzgyny kadalaşýar. Zeperlenen ýerler (eroziýalar) bertik emele getirmezden bitýärler. Köpgörnüşli suwjarýan gyzarma keseline ýaz - güýz möwsümlerdäki ýitileşmeler bilen geçişiniň gaýtalanyp durmaklygy häsiýetlidir.

Ýerli we umumy kesel alamatlarynyň örän agyr halda geçmekligi Stiwen-Jonson alamatlar toplumy (sindromy) ady görnüşinde ýazylan.

***Bejergisi.*** Yerli bejergide agyz boşlugynyň nemli bardasyny gyjyndyrmaýan zyýansyzlandyryjy dermanlaryň gowşak erginleri (kaliý permanganatynyň, wodorodyň öteturşysynyň, furasiliniň erginleri) ulanylýar. Ferment (himotripsin, himopsin, tripsin) erginlerini ulanmak bolar. Agyrysyzlandyrmak üçin anesteziniň 3% suw garyndysyny, nowokainiň ýa-da trimekainiň 1-2% erginlerini owurtlap agyzda saklamak, dekatilen gerdejigini sormaklyk maslahat berilýär. Nemli bardanyň, aýratyn hem dodaklaryň, zeperlenen ýerlerine antibiotikli we antiseptikli ýag melhemlerini ulanmak gowy netije berýär (seret: *Başly stomatitiň bejergisi*).

Umumy bejergi görnüşinde natriý salisilaty (0,5 g günde 4 gezek), ýeterlik mukdarda B topar, C, PP ýokumlaryny (witaminleri),

antigistamin serişdeler, damariçre kalsiý hloridiniň 10% erginini belleýärler. Has agyr ýagdaýlarda damariçre damjalaýyn goýberilýän erginlere garyp (Glukozanyň 5,10% ergini, natriý hloridiniň izotoniki ergini, Ringeriň ergini) garyp, 3-5 gün dowamynda glukokortikoid serişde - 15-30 mg mukdarda prednizolon ergini, giň täsirli ýokanja garşy dermanlar ulanylýar.

Köpgörnüşli suwjarýan gyzarma keseli bolan her bir näsag ýerli, ilkinji nobatda bolsa äň - ýüz sebitinde ýerleşen, ýokanç ojagyny ýüze çykarmak maksady bilen barlanylmalydyr. Bu keseliň oňat bejerilmeginiň hökmany şerti - bedeni sagdynlaşdyrmakdyr we ilkinji nobatda bolsa ýerli ýokanç ojaklar ýok edilmelidir. Keseliň ýiti ýa-da ýitileşen döwründe sagdynlaşdyrmak maksady bilen diş sogurmak görkezilen däldir.

## 7.07. Leýkoplakiýa

Leýkoplakiýa agyz boşlugynyň nemli bardasynyň üznüksiz keseli bolup, onuň esasynda nemli barda örtüginiň galňamagyna, buýnuzlaşmagyna we gopmagyna getirýän ýokary buýnuzlaşma hadysasy ýatandyr. Leýkoplakiýa howply çiş öňýany kesellere degişli edilýär we bu toparyň içinde has köp duş gelýän keseldir.

Leýkoplakiýa 30-40 ýaşdan geçen erkek adamlarda has köp duş gelýär. Köp halatlarda leýkoplakiýa dişleriň galtaşma deňesinde ýaňagyň, agyz burçunyň nemli bardasynda, diliň arka we gapdal taraplarynda duş gelýär.

***Sebäpleri.*** Leýkoplakiýanyň sebäpleri gutarnykly ýüze çykarylan däldir, emma nemli bardany hemişelik gyjyndyryp durýan sebäpler bolan diş täjiniň ýiti gyrasy ýa-da emeli diş gurnamanyň (proteziň) ilgençegi bilen şikeslenmäniň, gyzgyn, burçly we duzly iýmit bilen gyjyndyrmanyň, spirtli içgileriň, çilimiň, has beteri-de nasyň, ähmiýeti uludyr.

***Keseliň geçişi.*** Näsaglar, adatça, sähelçe awuşama we gijeme duýgusyndan başga arz bildirmeýärler. Käbir näsaglarda arzlar asla-da bolmaýar. Şu sebäpli hem leýkoplakiýa keseli agyz boşlugy başga maksatlar üçin barlananda ýüze çykarylýar. Kesel kesgitlemäni

nemli bardanyň häsiýetli üýtgemeleri – kesel zeperlenmesi sebitinde töwereginiň nemli bardasyna görä ellenende birneme dykyzrak agymtyl ýer ýüze çykarylmagy esasynda goýulýar. Kesel zeperlenmesiniň meýdany dary dänesiniň ululygyndan tutuş ýaňagyň nemli bardasynyň ululygyna çenli, dürli ölçeglerde bolup biler (*18-nji surat*).

Leýkoplakiýanyň üç görnüşi bar. Düz görnüşinde kesel ýeri töwereginiň nemli bardasynyň deňinden ýokaryk galmaýar we çişme hadysanyň görnüp duran alamatlary bolmaýar. Werrukoz görnüşi kesel ýeriniň dykyzlaşmasy we nemli barda örtgüsiniň ösmegi bilen häsiýetlendirilýär. Eroziw görnüşi kesel jaýryklaryň, ýygyrtlaryň, başlaryň barlygy we mümkin bolan keseliň howply häsiýete geçenligi bilen häsiýetlendirilýär.



**18-nji surat.** Ýaňagyň nemli bardasynyň leýkoplakiýasy

Leýkoplakiýanyň düz görnüşi iň bir oňaýlysy diýlip hasap edilýär, emma onuň werrikoz görnüşe geçmegi mümkin.

***Bejergisi.*** Esasy bejergi çäresi agyz boşlugynyň ähli gyjyndyrýan zatlaryny aýyrmakdyr, munuň üçin bolsa agyz boşlugynyň düýpli sagdynlaşdyrmasyny geçirýärler, spirtli içgileri içmekligi we nas atmaklygy gadagan edýärler. Näsaglar stomatologyň we onkologyň gözegçiliginde hem-de hasabynda durmalydyr.

Leýkoplakiýanyň düz görnüşinde sanalan gyjyndyryjy täsirler aýrylandan soňra  düýpli bejergi geçirmek görkezilen däldir. Bejergi üçin dürli ýakyjy serişdeleri ulanmak düýbinden gadagandyr. Umumy bejergi hökmünde A we B topar ýokumlary (witaminleri) ulanmak, A witamini ýerli çalgy görnüşinde (günde 3-4 gezek) ulanmak görkezilendir.

Werrikoz görnüşde çuňňur jaýryklar we eroziw görnüşde kesel zeperlenme ýerleri kesilip aýrylamaga we dokuma gurlyşy taýdan (gistologiýa) barlaga degişlidir. Bejerginiň soňraky hereketleri dokuma barlagynyň netijesine baglydyr.

## 7.08. Käbir umumy kesellerde Agyz boşlugynyň nemli bardasynda Ýüze çykýan üýtgemeler

Agyz boşlugynyň nemli bardasy adam bedeniniň synalarynyň we ulgamlarynyň köpsanly kesellerine örän duýgyrdyr. Seýrek bolmadyk halatlarda, umumy kesel onuň umumy alamatlary heniz bildirmeýärkä agyz boşlugynyň nemli bardasynda ir ýüze çykarylýar. Şu sebäpli hem, umumy keseliň agyz boşlugynyň nemli bardasyndaky ýüze çykmalarynyň ol ýa-da beýleki kesel üçin mahsus bir häsiýetli däldigine garamazdan, agyz boşlugynyň nemli bardasynda her bir ýüze çykan kesel ýagdaý iç keseller bilen iş salyşýan lukmany bedeniň umumy keselini ýüze çykarmak ýa-da inkär etmek üçin howatyrlandyrmalydyr.

Munuň bilen baglanyşyklykda has köp duş gelýän umumy keselleriň gysgaça sanawy we bu kesellerde agyz boşlugynyň nemli bardasynda ýüze çykýan zeperlenmeleriň aýratynlyklary getirilýär.

**Iýmit siňdiriş ulgamynyň keselleri.** Bu keselleriň hemişe diýen ýaly ýüze çykýan alamaty diliň nemli bardasynyň üýtgemeleridir. Bu üýtgemeler aşgazan-içege synalary tarapyndan hiç bir arz bolmadyk halatynda hem döräp bilýärler. Has köp duş gelýän üýtgemeler dilde ýokundynyň döremekligi bilen baglydyr. Dildäki köp bolmadyk ýokundy ir bilen nahardan öň sagdyn adamda hem bolýar we ol nahar iýlenden soň aýrylýar. Aşgazan we içege kesellериniň ýitileşmesinde ýokundy has artýar, ýöne keseliň gowşan döwründe doly diýen ýaly ýitip biler.

Diliň ýokundy bilen örtülip durmaklygy ýokanç kesellerde hem ýüze çykarylyp bilner. Dildäki üýtgemeler ýörite bejergini talap etmeýär. Emma näsagy oňaýsyz duýmaga getirýän galyň ýokundy emele gelende ony wodorodyň öteturşusyna ezilen pamyk tokgasy bilen arassalamak gerek, soňra bolsa zyýansyzlandyryjy erginlere agzyny çaýkatmaly.

**Ýürek-damar ulgamynyň keselleri.** Ýokary gan basyş (arterial gipertoniýa) keselinde, ýüregiň käbir doga we soňra dörän kemisliklerinde dodaklaryň, diliň, ýaňaklaryň, agyz boşlugynyň düýbüniň nemli bardasynyň gögümtil reňkli (sianoz) ýagdaýy ýüze çykarylýar

we olar kä halatda awuşama duýgularyny döredýärler.

Ýürek muskulynyň infarktynyň (miokardyň infarkty) ýiti döwründe agyz boşlugynyň gögümtil reňkli ýagdaýyndan başga-da, onda jaýryklar, eroziýalar we hat-da, baş hem, kähalatlar-da bolsa gan inmeler ýüze çykýarlar. Kiçi ojakly infarkda nemli bardanyň gögümtil reňkli ýagdaýyndan başga-da diliň guraklygy we ýellenmesi bolup biler.

Gan aýlanyşygyň III-IV derejeli bozulmasy döräninde nemli bardada we onuň aşagynyň dokumalarynda başly-çüýreme zeperlenme emele gelip biler. Başlaryň emele gelmegi gan akma döredip biler. Bejergisi geçirilýän umumy bejergi ýagdaýynda agyz boşlugynyň seresaply arassaçylygyny geçirmäge, nemli bardanynyň şikeslenmesini aradan aýyrmaga gönükdirilendir.

**Gan keselleri.** Leýkozda näsaglaryň bäşden birinde (20%) nemli bardanyň gan öýmesi, diş etiniiň ganamagy, başly-çüýreme zeperlenmesi görnüşindäki agyz boşlugynyň nemli bardasynyň üýtgemeleri keseliň ilkinji alamaty bolup bilýär. Bejergisi agyz boşlugynyň arassaçylygyny saklamakda we esasy keseliň bejergisini geçirmekde jemlenendir.

**Agranulositozda** dodaklarda, diş etinde, dilde, ýaňakda, damakda, badamjyklarda başly-çüýreme hadysanyň döremegi häsiýetlidir. Keselde beden gyzgyny has ýokarlanýar we umumy alamatlar (ysgynsyzlyk, kellagyry, üşütme we başg.) ýüze çykýar. Ýerli bejergi agyz boşlugynyň arassaçylygyny saklamakda, agyrysyzlandyryjy erginler esasan owurtlap saklamak bilen ýerli agyrysyzlandyrma we zyýansyzlandyryjy erginler bilen arassaçylyk geçirmekde jemlenendir. Umumy bejergi gematolog tarapyndan alnyp barylýar we ol ilkinji nobatda gan guýmaklygy, kesel sebäbini aýyrmaklygy we başgalary göz öňünde tutýar.

**Demir ýetmezçilikli (gipohrom) we howply (pernisoz) gan azlyk** diliň awuşamagy, diliň emzijekleriniň kiçelmegi, agyz boşlugynyň guraklygy bilen häsiýetlendirilýär. Bejergisi esasan umumy görnüşde alnyp barylýar. Geçirilýän ýerli bejergi, adatça, kesel alamatlaryna garşy gönükdirlen bolmaly (agyrysyzlandyrmak, gyjyndyrmaýan ýumşak-suwuk nahar, agyz boşlugunyň arassaçylygy) (*19-njy surat*).

**Trombositopeniýa, ýa-da Werlgofuň keseli.** Keseliň häsiýetli alamaty sähelçe we hat-da onsyz hem diş etinde, agyz boşlugynyň başga ýerlerinde döreýän, ýygy-ýygydan gaýtalanýan duýdansyz gan akmanyň, nemli bardanyň esasynda, deride döreýän gan inmeleriň döremekligidir. Burun ganamalary hem seýrek däldir. Näsagyň deri örtükleriniň solak reňkli we gemoglobiniň pes görkezijisi gan akmalaryň netijesidir. Keselde umumy bejergi geçirilýär.

# 8-NJI BAP

## DIŞ SOGURMAK AMALYNYŇ GEÇIRLIŞI WE ONUŇ AÝRATYNLYKLARY

Diş sogurlanda dişleri tutmaklygyň aýratynlyklaryny, amal meýdanynyň kiçiligini, şeýle hem agyz boşlugynda doly arassaçylyk ýagdaýyny döretmek mümkinçiliginiň ýoklugyny göz öňünde tutmak gerek. Diş berkidiji bagjyk gurlyşy emele getirýän dişiň periodontynyň we tegelek bagjygynyň kömegi bilen äň süňkündäki öz öýjüginiň diwarlaryna birleşen. Dişi sogurmak üçin onuň köküniň daşyndaky berk baglaşdyryjy bagjyk gurluşyny üzmek gerek we diňe şondan soňra dişi öýjüginden çykaryp bolýar. Diş sogurlanda bu yzygiderlilik berjaý edilmedik halatynda öýjükli ösüntginiň böleginiň döwülmegi bolup biler, bu bolsa amaly kynlaşdyrýar we amaldan soňraky gaýra üzülmeleri döredýär. Mundan başga-da agyz boşlugyndaky amallarda ol ýerde köp bolan ýokançlar bilen ýaranyň hökmany hapalanmasy bolup geçýär. Şu sebäpli hem usullylyk bilen geçirlen amalda diş öýjüginiň ýarasynyň ýokanç bilen hapalanmagy has az bolýar.

Diş sogurmaklyk atagzylaryň we gaňyrçaklaryň (elewatorlaryň) kömegi bilen amala aşyrylýar. Bu gurallar diş sogurmak amalyny az şikes bilen geçirmäge ýol berýär (*20-nji surat*).

Aşaky äňiň dişlerini sogurmak üçin esasan egri, çüňk görnüşli atagzylary ulanýarlar (*21-nji surat*). Uly azy dişleri sogurmaklygy diş tajini tutmak üçin niýetlenen egri atagzylary ulanýarlar. Bu atagzylar dişiň täjini berk tutmaga ýol berýär. Alyn, gyýak we kiçi azylary, şeýle hem aşaky äňiň hemme dişleriniň köklerini sogurmak üçin uç gysaç bölekleri inçe, uçlyçykyndysy bolmadyk we biri - birine has golay

gelýän çüňk görnüşli egri atygzylary ulanylýar. Agzyň açylyşynyň çäklenmesinde uly azylary, esasan hem aşaky üçinji azylary, sogurmak üçin tekizlik boýunça egreldilen atagzy ulanylýar. Bu atagzylar dişi dik däl-de kese ugur boýunça tutmaga we ygryldatmaga ýol berýär.



a b ç

20-nji surat. Diş gaňyrgaçlary. a – göni; b – egri (aşaky dişleriň kökleri üçin); ç – gazyk şekilli.



21-nji surat. Aşaky dişleri sogurmaklyk üçin atagzylar.
a – alyn dişler üçin; b – gyýak we kiçi azylar üçin; ç –uly azylar üçin (“gapyrgalaryň” ugry boýunça egreldilen, çüňk görnüşli);
d –uly azylar, şol sanda 3-nji uly azy üçin.

Ýokarky äňiň dislerini sogurmak üçin göni, ýagny uç gysaçlary onuň tutawaçlaryna ugurdaş bolan, atagzylar ulanylýar. Alyn we gyýak disleri adaty göni atagzylar bilen sogurmak amatlydyr.

Ýokarky äňiň uly azylaryny sogurmak üçin niýetlenen atagzynyň dişiň agyz bosagasy tarapyndan gelýän uç gysajynda uçly çykyndy bolýar we bu dişiň ýaňak kökleriniň aralaryna girip, dişi berk tutmaga ýol berýär (diňe şu atagzylaryň sag tarap we çep tarap dişler üçin görnüşleri bardyr) (*22-nji surat*). Ýokarky gapdal dişleri sogurmak üçin niýetlenen atagzylar S - şekilinde egreldilendir. Ýokarky äňiň dişleriniň köklerini we hemme dişlerini sogurmak üçin özboluşly egredilen - gyraňly naýza görnüşli (ştyk şekilli ýa-da baýonet) atagzylar ulanylýar. Bu atagzylaryň uç gysaçlary dürli ýasylykda bolýar. Uç gysaçlary ýasy atagzylar bilen dişleri sogurmak amatlydyr, inçe uç gysaçly atagzylar bilen bolsa kökleri sogurmak amatlydyr. Bu atagzylar bilen yzky dişleri sogurmak has hem amatlydyr.

Käbir ýagdaýlarda gaňyrçaklary (elewatorlary) ulanmak bolar. Göni gaňyrçak täji has uly zaýalanan dişleri we dis köklerini sogurmak üçin agzyň açylyşynyň çäklenmesi bolanda ulanmak görkezilendir. Diş we diş köküni gaňyrçak bilen sogurmak ony öz öýjüginden gaňyryp çykarmak bilen amala aşyrylýar. Egri gaňyrgajy aşaky äňiň uly azylarynyň köklerini sogurmak üçin, haçan-da olaryň biri sogurlan, beýlekisini bolsa atagzy bilen soguryp bolmaýan halatynda ulanylýar.




22-nji surat. Ýokarky dişleri sogurmaklyk üçin atagzylar.
a – alyn we gyýak dişler üçin; b – kiçi azylar üçin;
ç – sag tarap uly azylar üçin;
d – çep tarap uly azylar üçin; e – 3-nji uly azy üçin.

Diş sogurmaklyk amaly birnäçe tapgyrdan durýar:

1) atagzyny dişe goýmak;

2) atagzyny dişiň anatomiki boýunjygyna we köküne tarap süýşürmek;

3) atagzyny gysmak we dişi tutmak;

4) dişi ygryldatmak (içgin we daşgyn ýa – da towlap);

5) dişi öýjüginden çykarmak.

Gaňyrgak bilen diş sogrulanda onuň ujuny sogrulýan dişiň köküniň ýa-da köküň we diş öýjüginiň süňk diwarynyň arasyna (diş bagjygynyň yşyna), seýrek halatlarda bolsa sagdyn diş ara salyp, ýuwaşlyk bilen gaňyryp galdyryjy, çykaryjy hereketler bilen amala aşyrylýar.

## 8.01. Diş sogurmak amalyna bolan görkezmeleri kesgitlemegiň esaslary

*1-nji tablisa*

**Diş sogurmaklyga bolan şertsiz (absolýut) görkezmeler**

| Görkezmeler | Esaslandyrmasy |
|---|---|
| 1 | 2 |
| Ýiti ýa-da ýitilesen üznüksiz periodontit | Dis akabasy arkaly periodontyň çişme suwuklygynyň akyp çykmagyny üpjün edip bolmasa (köküň gyşaranlygy, geçip bolmaýan kök akabasy we s.m.). Eger-de diş periostit, absses, flegmona, osteomiýelit, gaýmorit döreden bolsa we çisme hadysany saklap duran bolsa; |
| Ýiti ýa-da, köplenç, üznüksiz periodontit, parodontit | Umumy keselleriň (nefrit, rewmatizm, mio-kardit, endokardit, sepsis we basg.) döremekligine getirýän diş keseli sebäpli bolan ýokanç ojagy bilen şertlenen bedeniň ýiti we üznüksiz zäherlenmesi we allergiýa (ýokary duýgurlylyk) ýagdaýy; |

*2-nji tablisa*

**Dis sogurmaklyga bolan sertli (otnositel) görkezmeler**

| Görkezmeler | Esaslandyrmasy |
|---|---|
| 1 | 2 |
| Disiň täç böleginiň (köküniň) zaýalanmasy | Äň-ýüz sebitiň ýiti ýa-da üznüksiz çişme keseli (periostit, absses, flegmona, ostemioýelit) ýa-da umumy beden keseli (rewmatizm, nefrit, miokardit, sepsis we basg.) bar bolan halatynda;<br>Dişi saklamaklyga gönükdirlen adaty we hirurgik bejerginiň netijesizliginde we köki diş gurnama (protez) goýmaklyk üçin ulanyp bolmaýan halatynda; |
| Parodontit, III - IV derejeli (disiň has güýçli yrgyl-damagy) | Diş isjenligini yitirende |
| Äň döwüginiň ugrunda kökleri ýerleşen dişler | Eger-de diş agyz boşlugyndan süňk ýarasyna ýokanç düşmegine sebäp bolýan bolsa (tüýkülik, iýmit bilen);<br>Eger-de diş döwülen äň böleklerini düzetmekligi kynlaşdyrýan bolsa; |
| Aşaky üçünji uly azynyň kynlyk bilen çykmagy | Diş hatarynda ýalnyş çykanda we töwereginiň dokumalaryna şikes ýetirip duran ýa-da çişme hadysanyň döremegine sebäp bolan ýagdaýynda; |
| Ýalnyş çykan dişler ýa-da goşalanan dişler; | Eger-de bu dişler agyz boşlugynyň nemli bardasyna şikes ýetirip duran bolsa; |
| Äňleriň kistalary-nyň we öýjükli ösüntginiň käbir çisleriniň (epulis) döreme-gine esas bolan dişler | Keseliň gaýtalanmazlygy üçin täç bölegi doly zaýalanan dişler |

## 8.02. Diş sogurmak amalynyň gaýra üzülmeleriniň anyklamasynyň we bejergisiniň esaslary

*3-nji tablisa*

### 8.02.1. Diş sogrulandaky umumy gaýra üzülmeler

| Gaýra üzülmäniň görnüşi | Esasy alamatlary | Esasy kömek çäreleri |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1. Başaýlanma - kellebeýniniň gan üpjünçiliginiň birden peselmekligi netijesindäki aňynyň gysga wagtlyk ýitmegi (beýniniň wazomotor (gan damar-hereket) merkezleriniň isjeňliginiň bozulmasy sebäpli) | Umumy gowşaklyk, başynyň aýlan-magy, gözleriniň garaňkyramagy, endamynyň reňkiniň solaklygy, aňynyň gys-ga wagtlaýyn ýitmegi. Damar urgusy gowsak, dem alyşy ýüzleý. Arterial gan basyşy peselýär. Seýrek halatlarda tutgaýlar bolup biler. | Geçirilýän amaly (bejergi çäresini) bes etmeli. Näsagy kese ýagdaýda ýatyrmaly, eşiginiň döşüni we boýnunyň gysýan ýerlerini gowsatmaly, naşatyr turşusyny ysgatmaly. Kähalatlar-da kofeiniň 10 ergininiň I ml-ni ýa-da kordiaminiň ergininiň 1-2 ml-ni deriasty sançmak gerek |
| 2. Kollaps - (çaşmaklyk) ýiti damar ýetmezçiligi | Güýçli gowsaklyk, endamynyň renkiniň solaklygy, sowuk der bas-magy, gowşak damar urgusy; Arteriaýa gan basyşynyň has peselmegi (diastoliýa basyşynyň -aşaky derejesiniň) 40 mm we ondan-da pes derejä ýetmegi). Näsag das-töweregindäkilere perwaýsyz, aňy togtan. | Geçirilýän amaly (bejergi çäresini) bes etmeli. Näsagy kese ýagdaýda ýatyrmaly, wenaiçre ýa-da deriasty adrenaliniň 0,1 % ergininiň 0,5 ml-ni ýa-da mezatonyň 1 % ergininiň 1 ml-ni 100 ml fiziologik erginde goýberilmegi ýa-da prednizolynyň 30 mg (1 ml) goýbermeli. |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| | | Mundan basga-da glukozanyň 40% ergininiň 20 ml-ni kalsiý hloridiniň 10 % ergininiň l0 ml-ni goýbermek gerek. Näsagy hassahananyň ýatymlaýyn bejergi bölümine ýerlesdirmek gerek. |
| 3. Agyrysyz-landyryjy erginiň (nowokain we basg.) goýbe-rilmegi netijesinde döreýän ýokary duýgurlylyk ýagdaýy (allergiýa reaksiýa): a) Kwinke ýellenmesi | Duýdansyz ýüze çykýar we birnäçe gün dowam edýär. Adatça, yzgaldyrman doly aýrylýar. Ýellenme dilde, ýumşak kentlewükde, damakda, bokur-dakda, ýüziň ýumşak dokumalarynda döräp bilýär. Damagy gözden geçirlende dem alyş kynçylygy, kynlyk bilen sesli dem alyş, sesiniň gyryklygy, we näsagyň bimazalygy (rahatsyzlygy) ýüze çykarylýar. | Deriastyna adrenaliniň 0,1 % ergininiň 0,5 ml-ni, wenaiçre, suprastiniň 2 % ergininiň ýa-da dimedrolyň (difenilgidraminiň) 1 % ergininiň % ýa-da pipolfeniň 2,5 % ergininiň 2ml-ni, prednizolonyň 30 mg (1 ml-ni) goýbermeli; Näsagy allergologyň maslahatyna ugratmaly; Bokurdagy ýellenende tiz kömek ulagynda gulak-burun-bokurdak keselleri bölümine ugratmaly (demikme dörän ýagdaýynda emeli kekirdek desigini döretmeli - traheostoma goýmaly); |
| b) Iteşen örgüni | Nowokain ýa-da başga ergin bilen agyrysyzlandyrma geçirilmeginiň yzysüre ýüzünde we göwresiniň deri örtüklerinde töwereginden galypdurmaýan, gijeýän gyzyl örgünler döreýär. | Gistaminegarşy serişdeleri: dimedrol, difenilgidramin, suprastin, pipol-fen, diazolin, kalsiý hloridiniň 10 % erginini sançmaly. |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| | Umumy gowuşgansyzlyk, ýürek bulanma, bimazalyk (rahatsyzlyk) bolup biler. Soňra deride pakgarçaklar emele gelýär. | Ýerli sink hamyryny (pastasyny) ulanmak bolar. Näsagy allergologyň ýanyna ugratmaly (şeýle hem ýatymlaýyn hirurgik stomatologik bölüme ýerleşdirmek bolar). |
| 4. Anafilaksiýa şogy (özünden gitmegi) | Agyr ýokary duýgurlylyk ýagdaýy (allergiýa reaksiyasy). Alamatlary nowokain (ýa-da başga agyrysyzlandyryjy ergin) sanjylýan pursaty şol wagt ýa-da 15-20 s soňra ýüze çykýar. Näsagda gowsaklyk, gursagynda gysylma duýgusy, deri örtükleriniň solaklygy, sowuk der basmagy, garnynyň agyrylary, ýürek bulanma, gaýtarmaklyk döreýär. Damar urgusy ýygy we çala duýulýar. Arteriýa gan basyşy has aşak peselýär. Aňyndan (özünden) gidýär, kähalatlarda beden tutgaý-lary döreýär. | Bejergi derrew (badabat) başlanmaly. Näsaga adrenaliniň 0,1 % ergininiň 1,0 ml derasty, kofeiniň ýa-da kordiaminiň ergininiň 2-3 ml wenaiçre goýbermeli. Netije bermedik ýagdaýynda adrenaliniň 0,1 % ergininiň 1 ml glukozanyň 40 % ergininiň 20 ml bilen bilelikde wena-içre, pipolfeniň 2,5 % ergininiň ýa-da suprastiniň 2 % ergininiň 2-3 ml muskuliçre goýbermeli. Eufilliniň 2 % ergininiň 10 ml glukozanyň 40 % ergininiň 10 ml bilen bilelikde wenaiçre goýbermeli. Adrenaline derek noradrenaliniň 0,2 % ergininiň 5 ml ýa-da mezatonyň 1-2 mi goýbermek bolar. Mundan basga-da wenaiçre prednizolonyň 30-60 mg goýbermeli. |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| | Ýürek urgulary peselen we sähelçe eşidilýär. Näsagyň ölümi ýüze çykyp biler. | Ýüregi duran ýagdaýynda – ýüregiň gönidäl owkala-masyny geçirmek gerek we "agyzdan-agza" usul boýunça öýkenlere emeli dem bermek gerek. Näsag agyr ýagdaýdan çykarlandan soňra terapiýa bülümine, has gowusy bolsa - janlandyryş (reanimasiýa) bölümine bejergi üçin ýerleşdirilmelidir. |

*4-nji tablisa*

**8.02.2. Diş sogrulandaky ýerli gaýra üzülmeler**

| **Gaýra üzülmäniň görnüşi** | **Gaýra üzülmäniň sebäbi** | **Bejerginiň esasy** |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| Dişiň täjiniň ýa-da kökünüň döwülmegi | Dişiň kariýes ha-dysasy sebäpli düýpli zaýalanmagy.<br>Dişiň köküniň gurlusynyň aýra-tynlyklary.<br>Amalyň usuly berjaý edilendäki ýalňyşlyklar. | Äň-ýüz sebitiniň ýiti çisme keseliniň döräp biljekligi sebäpli hiç zada garamazdan diş köki sogrulmalydyr. |
| Dişiň täjiniň ýa-da köküniň ony gurşap alan ýumşak dokumalarynyň içine iteklenip düşmegi | Dis sogurmaklyk amaly berjay edilendäki ýalňyşlyklar | Çişme hadysa döräp bilmegi sebäpli diş ýa-da onuň köki çykarylmalydyr. |
| Ýokarky äň boşlugynyň deşilmegi (perforasiýasy) | Diş kökleriniň (87654 \| 45678) ýokarky äň boslugynyň düýbine golaý ýerleşmegi; | Diş sogrulandan soňra ýokarky äň bilen habarlaşýan diş öýjüginde deşik dörese dürli hirurgik usullar bilen |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| | Dişiň şikesli sogrulmasy (gaňyrçagyň – elewatoryň, atagyzynyň gödeklik bilen süýşürilmegi). | (diş öýjüginiň gyralaryny tikmeklik, kesim bölegi bilen plastika geçirmeklik we basg.) ony ýapmak gerek. Diş köki ýokarky äň boşlugyna düşse köki deşikden çykaryp, deşigiň plastikasyny geçirmeli, emma ol başartmasa ýa-da köp wagt geçip ýokarky äň boşlugynyň çişme hadysasy dörän bolsa (sinusit), onda deşigiň plastikasy bilen bilelikde boşlugy düýpli açyp amal (radikal sinusotomiýa ýa-da gaýmorotomiýa) geçirmeli; |
| Sogrulan diş öýjüginiň ganamagy | Gan keselleri (gemafiliýa, trombositopeniýa we başg.); | Diş öýjügi kseroformly hasa ýa-da gan saklaýjy hasa bilen doldurylyp tikilenden soňra, ýörite bölümde gematologyň bejergisi (kriopresipitat, gan aýranynyň, ganyň wenaiçre goýberilmegi we başg.). |
| | Ýiti ýokanç keseller (gepatit, örgünli garahassalyk, sepsis we basg.) | Diş öýjügindäki hirurgik kömeginden soňra esasy keseliniň bejergisi bilen bile-likde gan lagtalanşyny kadalaşdyryjy derman serişdeleri ulanmak (etamzilat natriý, desinon, 5 % aminokapron tursusy we basg.). |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| | Ýokary gan basyş keseli (gipertoniýa keseli) | Ýerli hirurgik bejergi bilen gan basyşyny peseldiji, gan lagtalaýjy derman serişdeleri ulanmak. |
| | Dişiň töwereginiň dokumalaryna şikes ýetirilip sogrulmagy | Diş öýjüginiň gyralaryny diş etindäki gan akýan ýerleri köýdürmek (elektrokoagulýator, gyzdyrylan gural), kseroformly hasa bilen ýapyp, tikinler arkaly saklatmak. |
| | Näsagyň amaldan soňraky döwürde bellenen düzgüni bozmagy, (agyz boşlugyny zyýansyzlan-dyryjy erginler bilen çaýkamagy, gyzgyn nahar iýmegi). Diş öýjügindäki gan lagtasyna ýokançlaryň (mikroblaryň) düşmegi. | Diş öýjügini kseroformly hasa bilen dykalamak we amaldan soňraky düzgüni täzeden düsündirmek. |
| Diş öýjüginiň çişme hadysasy (alweolit) | Diş öýjüginde gan lagtasynyň we onuň ýokançlar bilen hapalanmagy. Diş öýjüginiň içinden çykarylmadyk del jisimler (süňk bolejikleri, diş daşy). Dişiň şikesli sogrulmagy; | Ýerii agyrysyzlandyrma bilen diş öýjügini gazamak. Diş öýjüginiň içi arassalanandan soňra mylaýym ýylylykdaky zyýansyzlandyryjy erginler bilen ýuwýarlar. |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| | | Kseroformly hasa peltesini anestezin bilen bilelikde, dykyz düýrülen kamforofenolly (1-2 damja) hasa peltesini dis öýjýgine salýarlar. Näsaga agyry aýryjylar, ýyly zyýansyzlandyryjy erginler bilen agyz boslugyny çaýkamaklyk, fizioterapiýa bellenýär. |

# 9-NJY BAP

## ÄŇ –ÝÜZ SEBITINIŇ ÇIŞME KESELLERI

### 9.01. Äňleriň periostitleri

Periodontitleriň has köp duş gelýän gaýra üzülmeleriniň biri-de äňleriň periostitidir. Periostit ýiti we ýitileşen üznüksiz kökujy periodontitde çişme hadysanyň ýaýramagy netijesinde döräp bilýär. Käbir ýagdaýlarda ol diş sogrulandan soňra, ýaranyň iriňlemesiniň gaýra üzülmesi bolup biler. Köplenç kök daşyndaky yşda we kökujy ojagynda ýygnanan çişme suwuklyk süňkdäki kiçijik süňk deşiklerinden geçýär we süňk bardasyna baryp ýetýär. Süňk bardasy çäklenen ýerde süňkden gopýar we ol ýerde iriň ýygnaýar. Çişme suwuklygy süňkden geçeninde, osteomiýelitde bolşy ýaly, süňk dokumalarynyň zaýalanmagyny döretmeýär.

Keselde güýçli (kähalatlar-da sorkuldaýan) agyrylar döreýär. Bu agyrylar çişme suwuklygynyň süňk bardasyny süňkden goparmagynyň we onuň dartylmasynyň netijesidir. Agyrylar çekgä, göze, gulaga tarap ýaýraýarlar. Adatça, sowuk täsiri agyry duýgularyny peseldýär, ýylylyk bolsa güýçlendirýär.

Periostitde çişme hadysanyň ýerleşýän ýerine baglylykda ýaňagyň, gözasty sebitiň, eňegiň ýellenmesi döreýär. Deri örtügi seýrek

gyzaryp  bilýär. Kähalatlarda töwerekleýin ýellenme aşaky gabaga, duluk, gulakýany – çeýneýiş sebitlere, dodaklara ýaýrap bilýär. El bilen barlananda çäklenen agyrylar, esasan äňiň öýjükli ösüntgisiniň sebitinde ýerleşen ýerinden süýşmeýän gataňsylyk (infiltrat) kesgitlenýär (*23-nji surat*).

Näsagyň agzynyň açylyşy, adatça, çäklenýär. Agzynyň içinde sebäpkär dişiň sebitindäki nemli barda hemişe gyzarýar we ýellenýär. Sebäpkär dişiň we onuň gapdalyndaky dişleriň deňesinde geçiş ýygyrdy düzlenýär. Ýellenen geçiş ýygyrt el bilen barlananda agyryly bolýar we kesel has beterlände bolsa onuň merkezinde bulkuldy ýüze çykarylyp bilner. Beýle ýagdaýda, köplenç, sebäpkär dişiň düýbinden iriň çykýan deşik döräp biler. Sebäpkär dişiň kakylyp barlanmagy ýiti periodontit bilen deňeşdirlende  pes agyryly ýa-da agyrysyz bolýar. Periostit äň süňküniň diňe bir tarapynda bolýar we aglaba ýagdaýlarda äň süňkünde agyz bosagasy tarapdan ýüze çykýar, emma seýrek halatlarda agyz boşlugy tarapdan hem  gaty kentlewükde ýa-da dilasty sebitde  ýüze çykyp bilýär. Munuň ýaly ýagdaýlarda kesel periostit däl-de gaty kentlewügiň ýa-da dilasty sebitiň abssesi diýlip atlandyrylýar.

Periostitde näsaglaryň umumy ýagdaýy hem erbetleşýär. Bedeniň umumy alamatlary keseliň ýerli ýagdaýyna, şeýle hem bedeniň kesele garşy jogap işjeňligine (reaktiwligine) baglydyr. Umumy beden gowşaklygy, ukysyzlyk, işdäniň peselmegi ýüze çykýar.

Rentgen barlagy süňkde üýtgemeleri ýüze çykarmaýar, emma sebäpkär keselli dişiň ýagdaýyny görmek bolar (üznüksiz periodontit we başg.).

***Bejergisi.*** Ýiti iriňli periostidiň bejergisi hirurgik - periostotomiýa amaly geçirilýär. Trimekainiň ýa-da lidokainiň erginleri (1-2%) bilen sebitleýin we siňdirme sanjym (çişme gataňsylygy ýerleşen geçiş ýygyrt boýunça) agyrysyzlandyrmadan soňra päkiniň ujyny süňke ugrukdyryp, diş etiniň gyrasyndan  0,8 – 1,0 daşlykda we oňa ugurdaş edip azyndan 3-4 dişiň deňesinde geçiş ýygyrt boýunça kesim geçirilýär. Munda nemli barda süňk bardasy bilen bilelikde kesilýär. Ýara boşlugy damar gysgyjy, ýylmaýjy we ş.m. gural bilen barlanýar, wodorodyň öteturşysynyň 3% ergini, furasiliniň (1:5000)

ýa-da kaliniň permanganatynyň (1:5000) ergini bilen ýuwulýar. Rezin ellikden kesilip taýýarlanan iriň çykaryjy salynýar (ini 1,0 sm, uzynlygy 6-7 sm) we onuň 1,5-2,0 sm bölegi ýaradan çykarylyp goýulýar. Sebäpkär diş, adatça sogrulýar, emma ýerli we rentgen barlaglaryň esasynda soňraky döwürde bejerip we saklap boljak dişler sogrulmaýar (esasan alyn dişler). Gaty kentlewügiň abssesini çişme gataňsylygy ýarym aý ýa-da üçburç görnüşinde süňk bardaly nemli barda dokuma bölejigini kesip aýyrmak bilen kesip ýarýarlar (0,3-0,4 sm x 1,0-1,5 sm). Bu ýagdaýda soňra iriň çykaryjy rezin zolagyny salmak gerek bolmaýar. Dilasty sebitiň abssesini diş ýaýynyň ugry boýunça diş etiniň gyrasyndan 0,8 sm daşlykda 3-4sm uzynlykda kesip ýarýarlar we soňra iriň çykaryjy salynýar (drenirlenýär). Periostitde diňe sebäpkär dişi soguryp oňmaklyk iriňli çişme ojagynyň doly arassalanmagyna ýol bermeýär we köplenç, keseliň gaýra üzülmelerine getirýär (äňýany flegmonalar, äňleriň ostemiýelitleri).

Amala taýýarlyk görnüşinde, şeýle hem umumy beden bozulmalaryna garşy täsir etmek üçin agyry aýyryjy, antigistamin dermanlary ulanylyp bilner (adatça, amaldan 15 – 20 min öň analginiň 50%-ergininiň 2,0 ml, dimedrolyň 1%- ergininiň 1,0 ml bilen muskul içre goýbermek).

Amaldan soňky döwürde 3-4 gün dowamynda ýara ýuwulyp, iriň çykaryjy rezin zolak çalşyrylyp durulýar. Näsaga zyýansyzlandyryjy erginlere agzyny çaýkamak, 1-2 gün dowamynda agyry aýyryjy ýa-da çişmä garşy dermanlar bellenýär (günde 1-2 gezek). Amalyň ertesi güni fiziki bejergi bellenýär, ýyladyjy ýagly sargylary ulanmak maslahat berilýär. Aşaky äňiň çişme kontakturasynyň tiz aýrylmagyna ýyladyjy ýagly melhem sargylary bilen geçirilýän beden maşk bejergisi – sakgyç çeýnemeklik gowy netijeler berýär.



23-nji surat.
Ýokarky äňiň periostiti.

## 9.02. Äňleriň osteomiýelitleri

Bu kesel kök daşynyň yşyndaky çişme ojakdan ýokançlaryň äň süňküniň içine aralaşmagy netijesinde ýüze çykýar. Diş sebäpli osteomiýelit seýrek kesel däldir. Onuň döremeginiň sebäbi, köplenç, bir ýa-da birnäçe dişiň periodontit keselidir. Bu ýagdaý dişleriň kökujy sebitiniň dokumalarynyň hem-de äň süňkleriniň öýjükli ösüntgisindäki akabajyklaryň we öýjükara boşluklaryň özara arabaglanyşyklydyklary bilen düşündirilýär. Ýokançly çişme hadysa diş bagjygyndan (periodontdan) süňk dokumasyna ýaýraýar. Mundan başga-da diş sebäpli osteomiýelit diş sogrulanda süňk ýarasyna ýokançlaryň düşmegi netijesinde hem döräp biler. Süňk dokumasynyň zaýalanmagy äň süňkünde geçýän ýokançly – çişme hadysa bilen kesgitlenýär.

Çişme hadysa has köp ýagdaýlarda aşaky äňde duş gelýär (90% ýagdaýda), ýokarky äňde bolsa az duş gelýär (10% ýagdaýda). Aşaky äňde duş gelende, esasan, uly azylar esasy sebäpkär bolýarlar (takmynan 70% ýagdaýda).Osteomiýelidiň ýiti, ýarym-ýiti we üznüksiz görnüşleri bar. Ýiti döwründe gözden geçirlende äňiň zeperlenen ýeriniň töwereginde döreýän ýellenme sebäpli näsagyň ýüziniň taraplarynyň deňsizligi ýüze çykýar (24-nji surat). Agyz boşlugynda birnäçe dişiň deňesinde äň süňküniň öýjükli ösüntgisiniň nemli bardasynyň iki tarapdan hem – agyz bosagasy we iç, dil ýa-da kentlewik taraplardan, gyzarmasy we ýellenmesi ýüze çykýar. Sebäpkär diş hem-de onuň gapdalyndaky sagdyn dişler yrgyldaýar, kakylyp barlananda olaryň hemmesi agyryly bolýar. Zeperlenen ýeriň el bilen barlagy ozalky bar bolan agyryny güýçlendirýär, äňiň bedeniniň zeperlenen ýeriniň galňanlygy ýüze çykarylýar. Çişme hadysa azylaryň sebitinde, esasan hem aşaky äňde, ýerleşende agzynyň açylyşy agyryly bolýar we çeýneýiş muskullaryň çişme hadysa golaý ýerleşendikleri sebäpli onuň açylyşy çäklenýär. Sebitleýin gän düwünleri ulalýar we el bilen barlagda agyryly bolýar. Näsaglaryň umumy ýagdaýy agyr bolýar. Beden gyzgyny 39,0-39,50 C çenli ýokarlanýar, üşütme duýgusy döräp bilýär. Näsaglar keselli ýeriniň agyrysyna we güýçli ýellenmesine, umumy gowşaklyga, ukysyzlyga, işdäsiniň peselmegine arz edýärler. Olar ilki belli bir dişiň agyrandygyny, soňra bolsa ýaýraň agyrylaryň peýda bolandygyny aýdýarlar. Sülekeýi goýy we sowaşyk bolýar, ag-

zyndan ýakymsyz çüýrüntginiň ysy gelýär. Iýmit siňdiriş ýollarynyň işi köplenç bozulan bolýar (2-4 günüň dowamynda içleri ýöremedik ýagdaýda). Bedeniň umumy zäherlenmesine damar urgusynyň ýygylygy, eritrositleriň we limfositleriň sanynyň azalmagy, leýkositoz, EÇT-ň (eritrositleriň çöküş tizligi) güýçlenmegi, peşewiň degişlilik dykyzlygynyň ýokarlanmagy, onda proteinleriň ýüze çykarylmagy şaýatlyk edýär.

Näsaglaryň umumy ýagdaýy orta derejeli agyr ýa-da agyr bolýar we hirurg – stomatolog ýa-da hirurg tarapyndan ýatymlaýyn bejergi üçin gyssagly ýagdaýda hassahana ýerleşdirilmegini talap edýär.

Rentgen barlagy kesel kesgitlemesini goýmaga diňe kesel başlanyndan azyndan iki hepdeden soň peýda berip biler. Bu döwürde äňleriň süňk gurluşynyň bozulmasyny we süňk bardasynyň galňamaklygyny ýüze çykarmak bolýar. Süňkde üýtgemeler ýüze çykarylýança sebäpkär keselli dişiň ýagdaýyny görmek bolar.

Süňk dokumasynyň giňişleýin zaýalanmasy bolmadyk halatynda, dişleriň düýplerinden iriň akmasy kesilende we ýara bitip başlanda, keseliň başlanyndan 2-3 hepde soňra, ýiti alamatlar peselýärler we kesel ***ýarym-ýiti döwre*** geçip biler. Beýle halat-da näsaglaryň umumy ýagdaýy gowylaşýar.

Süňk dokumasynda bildirip duran düýpli zaýalanma, pytrama hadysasy bolanynda köp mukdarda iriň akýan deşikler we çüýrän süňk bölekleri – sekwestrler emele gelýärler hem-de kesel ***üznüksiz döwre*** geçýär (*25-nji surat*).

Agyry duýgulary gitdigiçe azalýar ýa-da aýrylýar. Äň süňküniň zeperlenen bölegindäki dişler birneme yrgyldap durýar, emma kakylyp barlananda agyry bolman hem biler. Nemli bardanyň gyzarmasy aýrylýar, agyz boşlugynyň ýumşak dokumalarynyň ýellenmesi kiçelýär, emele gelen deşikden ýa-da ýiti döwründe iriňli ojagy ýarmaklyk üçin kesilen ýerdäki ýaradan uzak wagtyň dowamynda iriň akyp durýar. Beden gyzgyny aram ýokary derejä çenli peselýär, umumy zäherlenme alamatlary azalýar, ukysy, işdäsi, aşgazan – içege ýollarynyň işjeňligi kadalaşýar. Gan we beýleki seljeriş barlaglaryň görkezijileri kada golaýlaşýar. Çişme hadysanyň ölçeglerine we güýjine baglylykda süňk çüýremekligi uly bolmadyk ýerde , şeýle



24-nji surat Ýüzüniň ýarpy böleginiň flegmonasy bilen gaýra üzülen aşaky äňiň çep tarap ýiti osteomiýeliti.

hem süňküň uly böleginde bolup biler. Osteomiýelitde, käbir halatlar-da, ýokarky äňiň öýjükli ösüntgisi, duluk süňki, aşaky äňde bolsa hat-da äň bedeni hem gopup biler.

***Bejergisi.*** Äňleriň ýiti osteomiýelitinde bejergi toplumlaýyn bolmalydyr we ol hirurgik, derman hem-de fiziki çäreleri özünde jemlemelidir. Keseliň başlangyç döwründe sebäpkär dişi sogurmaklyk we äňýany ýumşak dokumalardaky çişme hadysa netijesinde döränn gataňsylyklary (infiltratlary), flegmonadaky ýaly iriňli ojaklary kesip ýarmaklyk görkezilendir. Bu amal gyssagly ýagdaýda geçirilmelidir. Bu çäre keseliň äňiň sagdyn ýerine ýaýramagynyň öňüni alýar we iriň suwuklygyny oňat akyp durmagyny üpjün edýär. Osteomiýelitde kesel ojagynyň ýerleşen ýerine baglylykda geçirilýän kesimler agyziçre (esasan ýokarky äň osteomiýelitinde periostotomiýa görnüşinde) ýa-da agyzdan daşary (esasan aşaky äň osteomiýelitinde, äňýany absseslerdäki we flegmonalardaky ýaly kesimler görnüşinde) ýollar arkaly giçirilip bilner. Iriňiň oňat akyp çykmagyny üpjün eder ýaly kesimler ýeterlik derejede giň bolmalydyr (3-5 sm) we munuň üçin ýaranyň içine rezin iriň çykaryjylary salýarlar (ýuka zolak şekilli ýa-da lüle görnüşleri).

Keseliň geçişiniň üznüksiz döwründe bejerginiň esasyny süňkdäki osteomiýelit ojagyny – çüýräp bölünen süňk böleginiň (sekwestriň) aýrylmagy tutýar. Bu amal sekwestrektomiýa diýlip atlandyrylýar. Amaly zaýalanan dokuma ony gurşap alan äňiň sagdyn dokumalaryndan doly bölünip aýrylandan soň, adatça, kesel başlanyndan 4-5 hepdeden soňra tertip boýunça geçirýärler. Sekwestr aýrylandan soňra ýarany tikýärler.

Derman bejergi özünde ýokanja garşy dermanlary (linkomisin, fuzidin natriý, sefalosporinler), sulfanilamidleri, desensibilizirleýji serişdeleri, ýokumlary (witaminleri), autogemoterapiýany ulanmak-



25-nji surat. Aşaky äňiň sag tarap üznüksiz osteomiýeliti (rentgen surat).

lygy jemleýär. Görkezmeler boýunça zähersizlendirme bejergisini geçirmeli, agyry aýryjylary belleýärler, immunitete mahsus däl ýardam ediji dermanlary belleýärler.

Fiziki bejeriş çärelerden ultraýokary ýylylykly bejergi, kalsiýniň dermanyny elektrik togy bilen siňdirmek, ultra melewşe şöhlelendirme we başgalar ulanylýar. Ýapgy görnüşinde ulanylýan nebitdakyl bejergisi (ozokeritoterapiýa) örän gowy netijeleri berýär. Ol keseliň üznüksiz döwründe toplumlaýyn görnüşde deman bejergi bilen bilelikde 2-3 tapgyr geçirlende sewestrektomiýa amalyny ulanmaklygy aradan aýryp hem biler. Süňkdäki kesel ojagyny gurşap alan ýumşak dokumalardaky çişme gataňsylyklaryň we onuň bilen baglanyşykly döreýän çeýneýiş bozulmasy – aşaky äňiň çişme kontrakturasynyň tiz aýrylmagyna ýyladyjy ýagly melhem sargylary bilen geçirilýän beden maşk bejergisi – sakgyç çeýnemeklik gowy netijeler berýär. Näsagyň bedeniniň bozulmalarynyň doly dikelmegi we keselden tiz saplanmagy üçin ýokumly we siňňitli iýmitiň tutýan orny örän ulydyr.

Äňleriniň osteomiýelidi bolan näsaglary ýatymlaýyn şertlerde hirurg – stomatologlar bejermelidirler.

## 9.03. Äň –ýüz sebitiň we boýnuň gän (limfa) düwünleriniň çişmesi (limfadenitler)

Äň – ýüz sebitiň we boýnuň gän düwünlerini barlamagyň näsagyň esasy keselini ýüze çykarmak üçin uly ähmiýeti bardyr. Bu kesel bolsa gän düwünleriň çişme hadysasy bolup biler. Tapawutlandyryş anyklama geçirlende bu barlag aýratyn ähmiýete eýe bolýar.

Äňasty, eňekasty, boýun we gulakýany gän düwünlerini barlamagyň has uly amaly ähmiýeti bardyr. Limfadenidiň (gän düwüniň çişmesi) döremeginiň sebäbi çişme ojaklardan kesel dörediji ýokançlaryň gän düwünlere düşmekligidir we näsagyň bedeniniň kesele garşy goranyş güýçleriniň peselmegidir.

Döreýişleri boýunça limfadenitleriň diş sebäpli we diş sebäpli däl görnüşleri bar. Şeýle hem gän düwün çişmesi mahsusy we mahsusy däl bolup biler. Kesel ýeriniň gurluşy we geçişi boýunça ýiti (iriňli we iriňsiz) we üznüksiz (iriňli we giperplastik ýa-da düwüniçre öýjükleriň köpelme çişmesi) görnüşleri bar .

Äň – ýüz sebitinde köplenç diş sebäpli ýiti limfadenit duş gelýär. Munda degişli sebitiň gän düwüni ulalýar, agyryly , el bilen barlananda has hem agyryly bolýar. Näsagyň umumy ýagdaýy kän bir üýtgemeýär. Keselli diş bejeri lenden ýa-da sogrulandan soňra gän düwünleriniň çişme hadysasy tiz peselip başlaýar.

Ýokanjyň aralaşmagynyň başga sebäbi bolan halatynda (gulak–burun–bokurdak synalaryň keselleri we başgalar) esasy keseliň hem düýpli bejergisi geçirilýär.

Gän düwündäki ýiti iriňsiz çişme hadysa iriňli görnüşe geçende (ýellenmäniň, agyrynyň artmagy, gyzgynynyň ýokarlanmagy we başgalar) wagtynda amal usuly bilen bejerilmese gän düwün çişmesi sebäpli fügmona – adenoflegmona döräp biler.

Eger-de limfadenidiň sebäbi belli bolmasa (howply çişiň gän düwüne ýaýramaklygy aradan aýrylan halatynda) adaty bejergi geçirilýär (fiziki – has ýokary ýygylykly tok bilen bejergi, derman – çişmä gaşy, ýokanja garşy, ýokary duýgurlylygy peseldiji, ýokum dermanlar we alamatlara garşy, melhemli we ýyly sargylar). Gän düwüniň iriňlemegi ony kesip ýarmaklyga we iriňi akdyrmaga görkezmedir (iriň azalandan soň melhemli sargylar – lewomekol, sintemisin mel-

hemleri ulanyp bejergi geçirilýär). Üznüksiz giperplastik limfadenitde ulalan gän düwüni kesip aýyrýarlar (görkezmeler boýunça).

Mahsusy limfadenide müňkir bolnanda ýörite barlag: inçekesel limfadenidine müňkür bolnanda Pirke we Mantu barlaglary, öýkenleriň rentgen barlagy, mereziýele müňkürlik dörese – Wassermanyň gan aýran barlagy, aktinomikoza müňkür bolnanda ýörite barlaglar, şol sanda degişli hünämenleriň barlaglary we maslahatlary, degişli ýagdaýynda bolsa bejergi geçirmek gerek.

Dykyz, ulalan agyrysyz büdür–südür üstli we kän bir ýerinden süýşmeýän gän düwün howply çişiň ýaýramagyny çaklamaga esas berýär. Munuň ýaly ýagdaýda ýörite barlag usullaryny (biopsiýa) geçirmek gerek. Alynan immun defisit sindromynyň (AIDS) ilkinji alamaty sähelçe agyryly, ýerinden süýşýän we ulalan birnäçe gän düwünleriň ýüze çykmagy bolup biler.

## 9.04. Aşaky akyl dişiň kynlyk bilen çykanyndaky perikoronarit

Akyl dişiň çykmagy (üçünji uly azynyň), aýratyn hem aşakylaryň, köplenç çişme häsiýetli gaýra üzülmeler bilen bolup geçýär. Akyl dişler ösüş hadysalaryň biraz peselýän döwründe çykmaklyk bilen uzak wagtyň dowamynda özleriniň täçleriniň köp bölegi bilen diş etiniň nemli bardasynyň aşagynda bolýarlar we ony gyjyndyryp durýarlar. Dişiň täjiniň yzky böleginde diş etiniň nemli bardasynyň aşagynda diş eti asty kise döreýär. Ol bolsa iýmit galyndylarynyň saklanyp galýan we ýokançlaryň ýygnanýan amatly ýerine öwrülýär. Diş eti asty kisäniň içinde zaýalanan iýmit galyndylary we agyz boşlugynyň ýokançlary bolanynda hemişelik çişme ojagyna öwrülýär hem-de gaty iýmit dişlenip şikeslenende, sähelçe beben gowşaklygynda (meselem, sowuklamaklyk), sowuk suw içilende onuň çişmesi ýitileşýär.

Perikoronaridiň ýitileşmesiniň ilkinji alamaty çeýneýiş muskullaryň refleksi esasynda ýygrylmasydyr, ýagny näsagyň agzynyň açylyşy çäklenýär. Soňra diş etiniň sebitinde iriňleme, ýuwdunanda agyry ýüze çykýar, gulaga tarap ýaýraýan agyrylar güýçlenýärler, umumy häsiýetli bozulmalar hem – beden gyzgynynyň ýokarlanmagy, işdäniň peselmegi, ukysynyň bozulmagy, şeýle-de gan tarapyndan EÇT güýç-

lenmegi, leýkositoz ýüze çykýar. Aşaky äňiň keselli tarapynyň burçunyň sebitindäki ýumşak dokumalaryň biraz ýellenmesi ýüze çykýar. Äňasty gän düwünler ulalýarlar, olar ellenip barlananda bolsa agyryly bolýarlar. Agzynyň içinde azy yzy sebitiň nemli bardasy hem-de oňa ýakyn ýerler ýellenen we gyzaran bolýar. Akyl dişiň täjiniň üstüni örtýän diş etiniň nemli bardasy köplenç ýellenen, çişen bolýar.

Oňa basylmagy güýçli agyry döredýär we sähelçe iriň çykýar. Eger-de iriň akyp bilmeýän bolsa çişme hadysa gapdalyndaky dokumalarada ýaýrap biler we flegmona, osteomiýelit görnüşindäki gaýra üzülmelere getirip biler.

Perikoronaridiň ***bejergisi*** – keseliň umumy we ýerli alamatlarynyň ýüze çykyş derejelerine, şeýle hem rentgen surat maglumatlaryna baglydyr. Ilkinji nobatda rentgen barlagyň esasynda akyl dişiň ýerleşişini anyklamak gerek (*26-njy surat*), emma bu usuly geçirip bolmaýan halatlarda (rentgen otagy ýok hassahanalar, näsaglaryň gije ýa-da iş däl günleri ýüz tutmaklary) keseliň ýerli alamatlaryna aýratyn üns bermeli. Eger-de diş ýalňyş (ýaňaga tarap çykmagy) ýa-da dogry çykyp bilmejek ýagdaýynda (kese çykyp ikinji aza direlip durmagy, äň şahasynyň öň gyrasyna direlip durmagy) ýerleşende ony sogurmak gerek.

Perikoronaridiň başlangyç döwürlerinde ***ilkinji kömek çäresi*** hökmünde agyz boşlugyny zyşansyzlandyryjy erginlere çaýkamagy, «deňiz» suwuny owurtlap kesel tarapda saklamagy hem-de agyry aýyryjy ýa-da çişmä garşy dermany (analgin, tempalgin, ibobrufen, ortofen, wowenak we ş.m.) 1-2 gezek bellemek bolar. Şeýle hem mylaýym gyzgynlykdaky suwuk iýmit we ýyly sargylar (hiç bir gyzdyrmasyz) oňat peýda berip biler. Eger-de akyl dişiň kynlyk bilen çykmagy iriňli çişme hadysanyň döremegine getiren bolsa, onda dişiň täjiniň üstüni örtüp duran diş etini öňden yza kesmeklik we iriňli ojaga akar ýaly iriň çykaryjyny salmak gerek. Eger-de akyl dişiň täç bölegi doly çykan we aşaky äňiň şahasynyň öň tarap gyrasyna direlmän duran bolsa, onda diş etini doly kesip aýyrmak we dişiň üstüni açmak görkezilen. Emma ýiti çişme hadysa bolan wagty ony geçirmeklik howatyrly bolýar (agzynyň kynlyk bilen açylmagy, iriňli çişme hadysaly dokumalaryň köp ganamagy, islenilýän derejede agyrysyzlandyrma

geçirmek kynçylygy, äňýany sebitiň absseleriniň we flegmonalarynyň döremegi). Beýle ýagdaýlarda ýokarda beýan edilişi ýaly ilki diş etini öňden yza kesip, ýaranyň bejergisini geçirip, çişme hadysany aradan aýyrýarlar, soňra bolsa ***tertip boýunça*** diş etini kesip akyl dişiň üstüni açýarlar.



**26-njy surat.** Aşaky äňiň çykman galan üçünji uly azysy (rentgen surat).

Aşaky akyl diş azy yzy sebitinde çişme hadysanyň gaýtalanyp durmagyna getirýän bolsa, onda ony sogurýarlar (*27-nji surat*). Şeýle hem akyl dişiň kynlyk bilen çykmagy netijesinde gaýra üzülip dörän flegmonalarda ýa-da osteomiýelitlerde, olary bejermeklik bilen bir hatarda dişi hem sogurýarlar.



*a* *b* *ç* *d*

**27-nji surat.** Aşaky äňiň doly çykmadyk üçünji azysyny sogurmaklyk. *a* – süňk bardaly – nemli barda kesim bölegini döretmeklik üçin geçirilýän kesim; *b* – kesim bölegi goparylan, gapdala çekilen we diş gyrgyç bilen dişiň täji we köki açylan; *ç* –gaňyrgaç bilen diş sogurlan; *d* – kesim bölegi ýerine goýlan we tikilen.

## 9.05. Diş sebäpli ýokarky äň sinusidi

Diş sebäpli ýokarky äň sinusidiniň geçiş alamatlary hemişe aýdyň ýüze çykyp durmaýar, aýratyn hem beýle ýagdaý äň boşlugyny agyz boşlugy bilen birikdirýän deşik geçelgesi bolanda şeýle bolýar. Beýle ýagdaýda iriň suwuklygy ýokarky äň boşlugyndan deşik boýunça agyz boşluguna akyp çykýar we burun keselleri sebäpli (rinogen) döreýän ýokarky äň sinusidinden tapawutlylykda näsagyň arzlary gowşak bildiren bolýar, burnundan erkin dem alýar, kelle agyry



**28-nji surat.** Ýokarky äň boşlugynyň için däki diş köki (agyziçre rentgen surat).

gowşak bildirýär. Şu sebäpli hem diş sebäpli ýokarky äň sinusidiniň kesel kesgitlemesi öz wagtynda we takyk kesgitlenip durulmaýar.

Diş sebäpli ýokarky äň sinusidiniň döremegine getirýän sebäpler diş sogurlanda boşlugyň düýbiniň deşilmegi, köküň boşluga gaçmagy (*28-nji surat*), petikleýiş serişdäniň kökujyndan daşyna çykmagy, üznüksiz periodontit we boşlugyň içine ösen granulýoma bolup bilerler.

Diş sebäpli ýokarky äň sinusidiň has köp duş gelýän alamatlary maňlaý sebitde döreýän güýçli bolmadyk kelle agyra, öýjükli ösüntgidäki deşikden iriň akýanlygyna, sümgürende agyz boşlugyna howa we nahar wagty suwuklygyň hem-de iýmitiň ýokarky äň boşlugyna düşýänligine, näsagyň çüýrüntgi, porsy ys alýanlygyna bolan arzlarydyr.

Kesel kesgitlemesini goýmaklyk üçin dogry ýygnalan kesel taryhynyň uly ähmiýeti bardyr, ondan bolsa dişiň keseli we agyz boşlugynda geçirilen bejergi çäreleri barada bilmek bolýar. Näsag gözden geçirilende, köplenç, sebäpkär diş (zaýalanan ýa-da ozal bejerilen), sogrulan diş öýjüginde emele gelen ýokarky äň boşlugyna geçýän deşikden, öň tarap burun barlagynda görünýän orta burun geçelgesinden çykýan iriň suwuklygy ýüze çykarylýar. Ýokarky äň boşlugyndan akyp çykýan iriň hemişe çüýrüntgi ysly bolýar. Öýjükli ösüntgide ýerleşen deşik kiçijik düwmeli dürtgiç (inçe ýylmaýjynyň yzky dykalaýjy tarapy ýa-da ujy küteldilen polat simdan ýasalan dürtgiç) bilen barlananda ol 3-4 sm çuňluga boşlugyň



**29-njy surat.** Çep tarap diş sebäpli sinusitde ýokarky äň boşlugynyň ýaýraň garalmasy (rentgen surat)

içine gidýär (ondan-da köpbolmagy mümkin).Beýle barlagda deşikden iriň çykýanlygy hem ýüze çykarylyp bilner.

Diş sebäpli ýokarky äň sinusidiniň has takyk anyklama usullaryna burunýany boşluklaryň eňek –burun we burun – maňlaý ugurlar boýunça öňünden alnan rentgen suratlary (29-njy surat), şeýle hem boşluk bilen baglanşykly bolan dişleriň kökleri barada maglumat almaga ýol berýän ýokarky äňiň gözýetim şekilli (ortopantomografiýa) rentgen suraty degişlidir. Rentgen suratda boşlugyň beýleki diwaryna görä aşaky diwaryň galňanlygy, tutuş boşlugyň endigan garalmasy, seýrek halatlarda bolsa iriň derejesi kesgitlenýär.

**Bejergisi.** Diş sebäpli ýokarky äň sinusidiniň ýiti döwründe ýa-da üznüksiz döwrüniň ýitileşmesinde döräp bijek agyrylar (seýrek ýellenme) gyssagly kömegi talap edip biler. Üznüksiz sinusitde boşlugyň içiniň diwarynyň düwür-düwür dokuma örgünleriniň deşigi bekläp, iriňiň ýygnanmagyna hem-de keseliň ýitileşmesine getirýär. Beýle ýagdaýda ujy küteldilen iňňeli sanjawaja ýyly zyýansyzlandyryjy ergini almaly (furasiliniň, kaliý permanganatynyň 1:5000 gatnaşykdaky erginleri), agyzdan deşige



**30-njy surat.** Ýokarky äň boşlugynyň düýbüniň deşiginiň ýapylyşy.
*a* – süňk bardaly – nemli barda kesim bölegi goparylan; *b* – deşigiň we goparylan kesim böleginiň gyralary kesilip aýrylan;
*ç* – kesim bölegi ýerine goýlan we tikinler bilen berkidilen

ýapmak durýar. Bu amaly köplenç agyz boşlugynyň geçiş ýygyrdy boýunça döredilen trapesiýa şekilli kesim bölegini döredip geçirýärler. Amal ýerli (sebitleýin we sanjym siňdirme), seýrek halat-da umumy (burundan kekirdekiçre bihuş lülesini salyp – intubasion) agyrysyzlandyrma bilen geçirilýär. Boşlugyň içini ýokarky äňiň öň

tarap ýüzünde döredilen 1,5 – 2,0 sm tegelek süňk deşigi boýunça arassalaýarlar. Boşlugyň içiniň zaýalanan nemli bardasy, içine gaçan özge jyns (diş köki) aýrylmalydyr we aşaky burun geçelgesi boýunça hökman deşik döredilmelidir. Amalyň soňunda ýokarky äň boşlugy kseroformly pelte bilen doldurylyp, onuň ujuny aşaky burun geçelgedäki deşikden çykaryp goýýarlar. Trapesiýa şekilli kesim bölegi salyp ýuwaşlyk bilen ýuwmaly. Deşige ýumşak rezin iriň çykaryjy salnyp bilner. 2-3 gün ýuwulandan soňra ýagdaýy gowulaşýar, kesel amal geçirilýänçä durnukly üznüksiz döwre geçirilmelidir. Bejergi, adatça, hirurgik usul bilen amala aşyrylýar. Ýokarky äň boşlugynyň düýbi deşilende onuň plastikasyny geçirmeli (30-njy surat). Örän seýrek halatlarda ýokarky äň boşlugy ýuwulyp iriňi akdyrylyp durulsa, agyzdaky deşik boýunça boşluga iýmitiň we suwuň düşüp durmagynyň öňi alynsa hem-de agyzdaky deşigiň girelgesi 5% ýod ergini, permanganat kaliniň 10% ergini bilen gyjyndyrylyp durulsa özbaşdak hem bitip biler. Amalyň öňünde iki maksat – ýokarky äň boşlugy arassalamak we sogrulan dişiň öýjügi boýunça emele gelen deşigi ýerine goýulýar we ýarany ýüpek sapak bilen oňat tikilýär. Amaldan 3-5 gün soňra burundaky ujundan çekip, boşlugyň içindäki peltäni aýyrýarlar. Aşaky burun geçel-gesindäki deşik amaldan soňky döwürde boşlugy ýuwmak üçin ulanylyp bilner. Ondan suwuklyk oňat akyp çykyp durmagy üçin burna günde 3-gezek 1-2 damja damar daraldyjy serişde (naftizin) bellenýär (7-10 gün dowamynda)

## 9.06. Äň – ýüz sebitiň abssesleri we flegmonalary

Abssesler we flegmonalar, öýjükli ýumşak dokumada çişme hadysa bolanynda emele gelýärler. Öýjükli ýumşak dokumalaryň çäklenen ýeriniň iriňli eremegi bilen häsiýetlendirilýän abssesden tapawutlylykda, flegmonada öýjükli ýumşak dokumanyň ýaýraň çişme hadysasy we onuň soňraky eremekligi ýüze çykýar.

Flegmona we absses umumy bir sebäpli we döreýişli bolup, bu keselleriň arasynda, köplenç takyk tapawutlandyrma geçirip bolmaýanlygy sebäpli hem olaryň üstünde bilelikde durup geçilýär. Munuň ýaly ýagdaýlarda diňe yzygiderli gözegçilik takyk kesel kesgitlemesini anyklamaga kömek edýär. Flegmonalaryň geçişi, adatça, has agyr

bolýar we ol howply keseldir. Ýaýrañ çişme hadysada näsagyň umumy agyrlyk ýagdaýy bedeniň güýçli zäherlenmesi bilen kesgitlenilýär. Çişme gatañsylygy (infiltraty) emele gelende onuň güýçli agyry döredýänligi äň-ýüz sebitiň oňat nerw üpjünçiligi bilen düşündirilýär. Mundan başga-da, köplenç, çeýneýiş, ýuwdunma, gepleýiş we dem almak ýaly wajyp beden işjeňlikleri bozulýar.

Äňýany flegmonanyň eýeleýäň sebiti boýunça kesel kesgitlemesini goýmaklygy we onuň bilen baglanyşyklykda kesip ýarmaklygyň ýoluny saýlap almak ýerli alamatlara baha bermeklik esasynda amala aşyrylýar. Olar üç sany ýerli alamatlardyr.

***Birinji ýerli alamat*** – äňýany sebitleriň ýumşak dokumalaryndaky çişme ýellenmesiniň we galañsylygynyň (infiltratyň) ýüze çykarylmagydyr. Bu alamat ýüzleý ýerleşen flegmonalarda güýçli bildirýär we çuňňur ýerleşen flegmonalarda az bildirýär ýa-da bolmaýar (meselem, aşaky äňiň şahasynyň iç ýüzüne ýanaşyk sebitlerde ýerleşende).

***Ikinji ýerli alamat*** – dürli işjeňlik bozulmasydyr. Bu ilkinji nobatda aşaky äňiň hereket işjeňligine degişlidir we ol diňe bir näsagyň agzyny açyp bilmeýänliginde däl-de onuň äňini öňe çykaryp bilmegine we gapdala süýşürip bilmegine hem degişlidir. Şeýle ýagdaý çeýneýiş muskullaryň çişme kontrakturasy bilen düşündirilýär. Ýuwdunma işjeňliginiň kynlaşmagy çişme hadysa damaga ýakyn sebitlerde ýerleşende ýüze çykýar. Dem alyş işjeňligiň kynlaşmagy seýrek duş gelýär we diňe agyz boşlugynyň düýbüniň flegmonasynda döräp biler.

***Üçünji ýerli alamat*** – sebäpkär diýlip atlandyrylýan keselli dişiň (köplenç ýitileşme ýagdaýyndaky üznüksiz periodontitli) bolmagydyr.

Äň-ýüz sebitiniň flegmonalary bu sebitiň gurluş-ýerleşiş aýratynlyklary sebäpli bedeniň wajyp synalarynyň ýakynlygy we gapdal ýanlaryna (gursakara boşluk, gözhana, damakýany boşluk, kelleçanak we ş.m.) çişme hadysanyň tiz ýaýrap bilýändigi üçin howplydyr (31-nji surat).

Ýüzüň wena çyrmaşyklary, gabsajyksyz bolan wenalar hem çişme hadysanyň damar ulgamy boýunça tiz ýaýramagyna ýardam edýärler.

Iriňiň ýüzüň wena damar ulgamyna düşmegi flebitiň, soňra bolsa tromboflebitiň tiz döremegine getirip bilýär. Bu hadysa göz wenasy boýunça ýokaryk tarap - kelleçanagyň wena damar ulgamyna tiz

ýaýrap bilýär we soňra onuň sinuslarynyň trombozyna getirýär. Kesel döredijі ýokanç ganat şekilli çyrmaşyk boýunça kelleçanagyň düýbüne ýaýranda hem ýokardaky agzalan netije bilen tamamlanyp biler.

Äň-ýüz sebitiň flegmonalary gelip çykyşlary boýunça esasan diş sebäplidirler. Olaryň döremeklerinden öňünçä periodontit, periostit, osteomiýelit, perikoronit, limfadenit, sülekeý-daş keseli, iriňlän kista we gematoma, ýüzüň derisiniň iriňli keselleri (çyban, dokuzdonly), äň döwügi, iriňli tonzillit we başgalar ýaly keseller we gaýra üzülmeli şikesler bolýarlar, şeýle hem agyrysyzlandyrma geçirlende iňňe bilen ýokanç düşmekligi netijesinde flegmona döräp bilýär. Çişme hadysanyň suwuklygynyň häsiýeti boýunça iriňli, iriňli-ganly we çüýreme flegmona görnüşleri bar.

Äň-ýüz sebitiň flegmonalarynda, köplenç streptokokk, stafilokokk, içege taýajygy, pnewmokokk, gök iriň dörediji taýajyk, diş spiroheti we dürli anaerob ýokançlar ýüze çykarylýar.

Äň-ýüz sebitiň çüýreme-zeperlenme (gazly) flegmonalaryna aýratyn agyr geçiş we çaklama häsiýetlidir. Ol daşky barda emele getirýän anaeroblar we dürli ýokançlar bilen oňşukly garyşykda bolan anaeroblar (garyşyk ýokanç görnüşleri) sebäpli döreýärler.

Gazly flegmonada dokumalaryň çüýremeki ýüze çykýar. Muskullar gaýnadylan eti ýatladýarlar, solak reňkli bolýarlar we ganamaýarlar. Zeperlenen dokumalarda gaz köpürjikleri emele gelýär.

***Geçişi.*** Flegmonalarda çişme hadysa, köplenç, bedeniň tiz güýçli züherlenme alamatlary bilen ýüze çykýar we bu ýagdaý ýerli alamatlaryň (gataňsylyk, gyzarma, agyry, agzynyň açylyşynyň çäklenmesi, ýuwdunma agyrysy we başg.) gitdigiçe artmagy bilen geçýär. Flegmonalar ýüzleý ýerleşenlerinde ýerli alamatlar has aýdyň bolýarlar hem-de eýýäm keseliň başynda deriniň gyzarmasy ýüze çykýar. Bu ýagdaýda deri dartylan bolýar, ýygyrt atmaýar we ýalpyldaýar. Ýellenmäniň artmagy ýüzüň tebigy ýygyrtlaryny we gasynlaryny düzleýär. Ýüzüň bir tarapynyň dokumalarynyň çişme ýellenmesi netijesinde bada-bat taraplaryň deňsizligi (asimmetriýa) kesgitlenýär. Soňraky döwürde gataňsy dokumalaryň merkezi böleginde bulkuldy ýüze çykýar. Çuňňur ýerleşen flegmonalar deri örtükleriň üýtgemelerini döretmän hem bilýär, emma bu ýagdaýda köplenç, dykyz

we güýçli agyryly gataňsylyk kesgitlenilýär. Dokumalaryň eremekligi bilen gataňsylyk dykyzlygy peselýär we onuň merkezi böleginde bulkuldy ýüze çykýar. Eger äňdäki ýokançlar gän (limfa) damarlary boýunça gän düwnüniň iriňli çişmesiniň, soňra onuň daş töweregi bilen ýaýraň çişme hadysanyň sebäbi bolsa, onda adenoflegmona diýip atlandyrylýar.

Flegmonalarda agyz boşlugynda häsiýetli üýtgemeler - nemli bardanyň guraklygy we solaklygy, diliň ýokundy bilen örtülmegi, agzyň öz-özünden arassalanmagynyň bozulmagy bilen dişleriň we diş etiniň gyrasynyň ýokundy bilen örtülmegi, agyzda ýakymsyz ys ýaly bozulmalar döreýär.

Flegmonanyň ölçeglerine we häsiýetine, şeýle hem bedeniň zäherlenmesine baglylykda üşütme, umumy gowşaklyk, kellagyry, seýrek bolmadyk halatlar-da 40°C çenli beden gyzgynynyň ýokarlanmagy görnüşinde umumy bozulmalar ýüze çykýar. Gowşak näsaglarda flegmona hadysasynyň haýal geçmeginde beden gyzgyny düýpli ýokarlanman ýa-da asla üýtgemän hem biler. Gandaky üýtgemeleriň uly ähmiýeti bar. Köplenç halatlar-da leýkositar aňlatmanyň (formulanyň) çepe gyşarmaklygy bilen aram derejeli ýokarlanan umumy leýkositoz ýüze çykýar. Eozinofilleriň bolmazlygy, limfositleriň azalmagy we neýtrofilleriň sanynyň gitdigiçe köpelmegi bedeniň kesele garşy ýokary jogap işjeňligi barada şaýatlyk edýär. Beýle ýagdaýda näsaglaryň keseliniň ýerli we umumy alamatlary has güýçli bildirýär. Ak gan öýjükleriniň umumy sanynyň limfositleriň we monositleriň hasabyna artmaklygy bedeniň kesele garşy pes jogap işjeňligi barada habar berýär. Bu näsaglarda keseliň ýerli we umumy alamatlary gowşak bildirýär, kesel beýleki näsaglardaka görä haýal geçýär emma flegmona iki we ondan-da köp sebite ýaýrap bilýär. Gyzyl gan öýjükleriniň we gemoglobiniň sany, adatça, peselýär. Eritrositleriň çöküş tizügi (EÇT) hemişe 30-40 mm/sag. çenli we ondan-da ýokary bolýar.

Flegmonanyň döremegi 2-3 günden 7-10 güne çenli dowam edip biler. Ýumşaklygyň, bulkuldynyň döremekligi çişme gataňsylygynyň eränligine we iriňli boşlugyň emele gelendigine şaýatlyk edýärler.

Äňýany sebitde iriňiň ýaýramaklygy we flegmonanyň döremekligi bu sebitiň gurluş-ýerleşiş aýratynlyklary hem-de muskullar we ýüz süňkleri bilen emele gelen yş şekilli boşluklaryň sany bilen kesgitlenilýär.

***Bejergisi.*** Äň-ýüz sebitiň ýumşak dokumalarynyň çişme hadysasynyň döremekliginiň ilkinji alamatlary ýüze çykarlanda, bildirip duran çişme gataňsylygy emele gelýänçä we näsagyň umumy ýagdaýy kanagatlanarly bolanynda, adaty, hirurgik amalsyz bejergi geçirilip bilner. Munuň üçin gury ýylylyk, agyz boşlugyny zyýansyzlandyryjy erginler bilen çaýkamak, antibiotikler, sulfanilamidler, desensibilizirleýjiler, agyry aýryjylar we çişmä garşy dermanlar belleýärler. Beýle bejergi çişme hadysanyň alamatlarynyň aýrylmagy üçin käwagt ýeterük bolup bilýär. Çişme hadysanyň täzeden döremeginiň öňüni almak üçin keseliň başlangyjy bolan sebäpkär keselli dişi ýüze çykarmak gerek we ony bejermek ýa-da sogurmak boýunça çäreleri görmeli. Gijikdirilip başlanan bejergi emele gelen iriňli ojagyň agzyň içi ýa-da ýüzüň derisi boýunça daşyna tarap ýarylmagyna ýa-da iriňiň dokumaara boşluklar boýunça ýakyn synalara we dokumalara ýaýrap geçip, olarda çişme hadysa döremegine getirip bilýär. Iriňli ojagyň ýarylmaklygy köplenç ýüzleý ýerleşen çäklenen iriňli ojaklarda bolup, käbir halatlar-da näsaglaryň sagalmaklygyna hem getirip biler. Emma iriňiň ýakyn synalara we dokumalara ýaýramagy agyr gaýra üzülmeleriň döremekligi bilen howp salýar.

Emele gelen flegmonada ýyladyjy sargylary ulanmak we onuň bilen bilelikde ýa-da özbaşdak görnüşde diňe sebäpkär dişi sogurmak we şeýlelik bilen hirurgik amal bejergini gijikdirmeklik çişme hadysany has-da agyrlaşdyrýandygyny we iriňiň ýaýramagyna getirýänligini ýatda saklamak gerek. Geçirilýän adaty bejergä garamazdan çişme hadysa gitdigiçe artýan halatynda iriňli ojagy kesip ýarmaklyk amalyny geçirmek gerek.

Äň-ýüz sebitiniň flegmonalaryny kesip ýarmaklyk amalynyň olaryň başga ýerlerde ýerleşen görnüşlerinden birnäçe aýratynlyklary bar:

1). Flegmonada amal diňe bir iriňli ojagy kesip ýarmaklyk maksady bilen geçirilmän, eýsem-de onuň ýaýramagynyň mümkin bolan ýollaryny beklemek we suwuklygyny akdyrmak üçin hem geçirilýär;

2). Hirurgik amal diňe bir çişme gataňsylygyň ýumşan ýagdaýynda geçirilmän, eýsem-de çişme hadysanyň suwuklygynyň (iriňiň) ýanaşyk ýerlere ýaýramak howpy dörände, aýratyn hem boýunda, hat-da bulkuldy bolmadyk ýagdaýynda hem geçirilýär;

3) Ýüzüň owadanlyk aýratynlyklaryny göz öňünde tutup, kesimi tebigy ýygyrtlaryň çyzyk ugurlary, aşaky äňiň aşaky gyrasynyň aşagyndan, kähalatlar-da bolsa esasy iriňli ojagyň birneme gapdalyndan geçirýärler;

4). Ýüz nerwiniň şahalaryny zeperlemezlik üçin ätiýaçlyk çärelerini geçirmeli: ýüzüň gapdal tarapynda şöhle şekilli kesimler geçirmeli we deri hem-de deriasty gatlak kesilenden soňra iriňli ojaga barmaklygy kütek ýol bilen amala aşyrmaly.

Aşakdaky suratda absseseleri we flegmonalary kesip ýarmaklyk üçin has amatly kesim çyzyklary görkeziýär (32-nji surat). Flegmonany kesip ýarmak-lyk amalyny iň gowusy umumy agyrysyzlandyrma bilen geçirmekdir. Häzirki zamanada, köplenç, gysga wagtlaýyn wenaiçre umumy agyrysyzlandyrma ulanylýar. Nikaply ingalýasion umumy agyrsyzlandyrma hem ulanylyp bilner. Agyz boşlugynyň düýbüniň flegmonasynda amal wagty we amaldan soňky döwürde bolup biljek demikme gaýra üzülme sebäpli kekirdekiçre lule salmak ýa-da emeli kekirdek deşigini döretmek, soňra bolsa umumy agyrysyzlandyrmany geçirmek gerek. Bir sebitde ýerleşen flegmona ojagy neşe pisint ýa-da neşe pisint däl agyry aýryjylar we antigistamin serişdeler bilen geçirlen derman taýýarlykdan soň sütün ýa-da sebitleýin we sanjym siňdirme görnüşinde utgaşdyrylan ýerli agyrysyzlandyrma bilen kesilip ýarylyp bilner.

Agyrysyzlandyryjy üçin, köplenç, lidokainiň 2 we 0.5% erginini saýlap alýarlar (5 ýaşdan uly çagalardan başlap). Şeýle hem şol göterimlerdäki nowokain ergini ulanylyp bilner.

Ygtybarly geçirlen umumy ýa-da ýerli agyrysyzlandyrma näsaga ruhy we beden ejirini çekdirmezden iriňli ojagy kesip ýarmaga, barmak bilen onuň barlagyny geçirmeklige, iriňli kiseleri açmaga we olaryň aralaryndaky päsgelçilikleri aýyrmaga, gerek bolan-da garşylyklaýyn kesim geçirmäge ýol berýär. Kähalatlar-da, kesel dörediji




**32-nji surat.** Äň-ýüz sebitiniň öýjükli dokuma boşluklarynyň we sebitleriniň absseslerini we flegmonalaryny kesip ýarmaklyk üçin amal ýollary (taslamasy).
a – ýüzüň gapdal tarapynda; b – ýüzüň öň tarapynda; ç) – agyz boşlugynda.

1 – çekge sebitiň; 2-gözhana; 3-duluk süňküniň sebitiniň; 4-gözasty sebitiň; 5- gulakýany – çeýneýiş sebitiň; 6- ýaňak sebitiň; 7 – äňyzy we damakýany sebitleriň; 8 –äňasty sebitiň; 9 – eňegasty sebitiň; 10- agyz boşlugynyň düýbüniň; 11 – çekgeasty we ganatkentlewük çukurjyklaryň; 12 – ganatşekilli – äň boşlugyň.

ýokanç gapdaldaky sebitlere geçende, geçirlen hirurgik amal bilen täze çişme hadysa ojagynyň döremeginiň öňüni alyp bolmaýar. Şeýle ýagdaýda başga ýerde dörän çişme ojagyny aýyrmak üçin gaýtadan amal geçirmek görkezilendir.

Çişme hadysa ojagy kesilip ýarylandan we iriňden boşadylandan soňra, onuň içine lüle şekilli ýa-da zolak görnüşli rezin iriň çykaryjylar salynýar, hem-de ýaranyň üstüne gipertoniki erginde (natriý hloridiniň 10 % ergini) ezilen hasaly sargy goýulýar. Soňky ýyllarda flegmona kesilip ýarylandan soňra ilkinji günlerden başlap ýokary sorujylyk ukyby we ýokanja garşy täsiri bolan lewomekol (lewomet-T) melhemini ulanýarlar (zolak rezin görnüşli iriň çykaryjy bilen ýa-da hasa peltesine siňdirip).

Goýlan sarga has köp iriň siňen ýagdaýynda onuň çalşygyny gije-gündiziň dowamynda 2-3 gezek, kähalatlar-da bolsa 4 gezek geçirýärler. Ýara boşlugy iriňden we çüýrän dokumalardan 4-8 günden soň arassalanýar. Soňraky günler, ýara ikilenç birleşme bilen bitýänçä, içine salyp ýa-da ýüzünden melhemli sargy goýulýar. Flegmona anaerob häsiýetli bolanda çişme hadysa ojagyny kesip ýarmaklygy giň, kähalatlar-da bolsa 2-3 kesim bilen berjaý edýärler. Ýarany birnäçe gezek wodorodyň öteturşysynyň 3%, kaliý permanganatynyň 1:5000 gatnaşygyndaky erginleri bilen ýuwýarlar. Ýaranyň içine salynýan hasa pelteleri kaliý permanganatynyň 1% erginine ezýärler. Şeýle hem ýaralary bor turşysynyň 3% we dioksidiniň 0.5-1% erginleri bilen ýuwmaklyk, ýaranyň içine protein erediji fermentleri (tripsin, himotrepsin, himopsin) goýbermeklik gowy netijeler berýär.

Äň-ýüz sebitiniň flegmonasy bolan näsagyň keseliniň oňaýly netijesi üçin umumy bejerginiň uly ähmiýeti bardyr. Flegmonada çişme hadysanyň sebäbi bolan ýokançlara garşy ýörite dermanlaryň – antibiotikleriň, şeýle hem sulfanilamidleriň ulanylmagynyň uly ähmiýeti bardyr. Köplenç halatlarda giň täsirli ýokanja garşy dermanlary ulanýarlar. Flegmona ojagy kesilip ýarylan wagty ýokançlaryň görnüşini ýüze çykarmak we olaryň antibiotiklere duýgurlygyny kes-

gitlemek üçin ýaradaky iriňiň bakteriologiýa barlagyny geçirýärler, hem-de onuň netijeleri boýunça ýokanja garşy dermanlar üýtgedilip, kähalatlarda bolsa olaryň ikisi utgaşdyrylyp bellenýär. Çüýreme – zeperlenme (nekroz) flegmonada gangrena garşy gan aýran dermany (antigangrenoz syworotka) ulanylýar. Görkezmeler boýunça agyry aýryjylary, witaminleri, desensibilizirleýjileri we ýürek-damar dermanlary ulanýarlar, 1000-1500ml mukdarda natriý hloridiniň izotoniki erginini we başgalary wenaiçre goýbermeklik bilen geçrilýän zähersizlendirme (dezintoksikasion) bejergi çişme hadysa sebäpli döreýän beden zäherlenmesiniň netijesindäki kelle beýniniň we bagryň işjeňliginiň bozulmalaryny has peseldýär.

Äň-ýüz sebitiniň agyr flegmonasy bolan näsaglarda (aýratyn hem anaeroblar) üç-dört gezek ulanylan giperbaroterapiýa oňat netijeler berýär. Kislorodyň oňaýly täsiri anaerob ýokançlaryň basylyp ýatyrylmagyna we iriňli ýaranyň döwrüniň dowamlylygynyň azaldylmagy bilen näsaglaryň tiz sagalmagyna ýardam edýär.

Giperbaroterapiýany ulanmak aşakdaky tertipde geçirilýär: kameranyň içindäki basyş 2 atms, basyşyň artdyrylýan (kompressiýa) döwri 15 min, kislorod bilen baýlaşdyrmagyň (saturasiýanyň) wagty 45 min we basyşyň peseldilýän (dekompensasiýa) döwri 15 min.

Flegmona ojagy kesilip ýarylandan soňra 2-3 gün geçirip başlanan fiziki bejergi ( HÝÝ bejergi (УВЧ), solluks, UFŞ we başg.) oňat netije berýär.

Çişme hadysa sebäpli aşaky äňiň gysylmasyny (çişme kontrakturasyny) aradan aýyrmak üçin flegmona ojagy kesilip ýarylandan 3-4 gün soňra näsaga sakgyç çeýnedip başlamak oňat netije berýär.

Näsaglary iýmitlendirmegiň uly ähmiýeti bardyr. Äň-ýüz sebitiniň flegmonasy bolan näsaglarda, adatça, çeýnemeklik, kähalatda bolsa ýuwdunmak hem bozulandygy sebäpli iýmit suwuk we ýokumly bolmalydyr.

Gaýragoýulmasyz äň-ýüz hirurgiýasynda ýerleşýän ýeri boýunça anyklamasy belli bir kynçylyklar döredýän has köp duş gelýän diş sebäpli döreýän äňasty, çeýneýiş muskulasty, ganat şekilli-äň, eňegasty we damakýany boşluklaryň, şeýle hem agyz boşlugynyň düýbüniň, ganat şekilli-kentlewük çukurjygyň, çekgeasty çukurjygyň we çekge sebitleriň flegmonalary äňýany flegmonalara degişlidirler. Beýleki ýerlerde duş gelýän flegmonalarda bolsa (ýaňak, duluk, gözasty, göz-

hana we dilasty sebitleriň) ýüze çykarmak we ýerleşýän ýeri boýunça anyklamak işi, köplenç, kynçylyklar döretmeýär.

Aşakda äň-ýüz sebitiň abssesleriniň we flegmonalarynyň has köp duş gelýän görnüşleriniň (äňasty sebituň, eňegasty sebitiň, agyz boşlugynyň düýbüniň) geçişniň we amal bejergisiniň gysgaça beýanyny getirýäris.

**Äňasty sebitiň flegmonasy.** Flegmona bu ýerde has köp duş gelýär. Kesel äňasty üçburçlykda agyryly ýellenmeden we ýuwdunmanyň agyrysyndan başlanýar. Käbir ýagdaýlarda kesel ýuwaş-ýuwaşdan döreýär, başga ýagdaýlarda bolsa hemme alamatlar tiz artýar. Başda aşaky äň gyrasynyň çuňňur aşagynda dykyz agyryly gataňsylyk döreýär. Deri örtükleri dartylan we gyzaran. Ýüzüniň taraplarynyň deňsizligi döreýär. Ýellenme gapdaldaky sebitlere hem ýaýraýar we ol ýaýjyk süňküne çenli ýaýrap biler. Äňasty we boýun gän düwünleri ulalýarlar hem-de olar el bilen barlananda güýçli agyryly bolýar. Aşaky äňiň hereketleri agyryly bolýar, agzyň açylyşynyň aram çäklenmesi döreýär. Agyz boşlugynda çişme hadysa dil tarapdan has güýçli bildirýär.

Äňasty boşlugyň flegmonasy ýüz nerwiň çet gyra şahasyny zeperlemezlik üçin aşaky äň gyrasyna ugurdaş we ondan 2-3 sm aşakdan kesilip ýarylýar. Dokumalaryň ýellenmesiniň äňasty sebitiň daşky şekillerini we ölçeglerini üýtgedýänligi sebäpli kesim ýerini bellemek kynlaşýar. Bu ýagdaýda kesim ýerini yşarat ezeläniň (m.sternocleidomasteideus) orta we ýokarky üçden bir bölekleriniň arasy hem-de galkan şekilli ketirdewügiň ýokarky gyrasy boýunça bellenen nokatlary birikdirip çyzyp belleýärler. Kesim iriňiň erkin akmaklygy üçin azyndan 4-sm uzynlykda bolmalydyr. Deri, deriasty ýag gatlagy we deriasty muskul kesilenden soňra, aşaky äň gyrasyna we aşaky äňiň iç ýüzüne geçmekligi kütek ýol bilen amala aşyrýarlar. Ýaranyň içine iriň akdyryjy (rezin lüle ýa-da rezin zolak) özbaşdak ýa-da gipertoniki ergine ezilen hasa peltesi bilen bilelikde salynýar. Hasa peltesi päsgelçilik berýän dyka öwrülmezligi üçin berk dykalanmaly däldir.

**Eňegasty sebitiň flegmonasy.** Eňegasty sebitiň çişme hadysasy ýokanjyň, köplenç, aşaky äňiň alyn dişlerinden ýaýramagy netijesinde döreýär. Eňegasty sebitiň çişme hadysasynyň geçişiniň alamatlary güýçli bildirmeýär. Kesel köplenç çäklenen görnüşde geçýär. Dykyz

gataňsylyk eňekden dilasty süňke çenli sebiti eýeläp, ikinji eňek şekilini döredýär. Sebitiň derisi gyzarýar, dartylýar we ýygyrt atmaýar. Äňleriň gysylmasy, adatça, döremeýär we agzynyň açylyşy üýtgewsiz hem bolup biler. Dem alşy we iýip-içmegi erkin bolýar. Çişme ýellenmesi has uly bolanda hem näsaglaryň umumy ýagdaýy, adatça, kanagatlanarly bolyp galýar, başga ýerlerdäki flegmonalardan tapawutlylykda ýüzüniň şekili göze ilginç ejirli görünmeýär. Beden gyzgyny 37,5 - 38° C aralygynda bolýar. Has gijigip ýüz tutan näsaglarda eňegasty sebitiň flegmonasy döş süňke çenli hem-de orta çyzykdan sag we şep taraplara ýaýrap, boýna geçip biler. Beýle ýagdaýda ol boýnuň flegmonasy görnüşinde geçýär. Käbir halatlarda eňegasty sebitiň flegmonasy äňasty üçburçluga tarap hem ýaýrap biler.

Eňegasty sebitiň flegmonasy aşaky äň gyrasyna ugurdaş geçirlen deri, derasty ýag gatlagy we ýüzleý gatlakara bardasy (fassiýa) boýunça kesim bilen ýarylýar (3-4 sm. uzynlykda, biraz aý şekilinde).

**Agyz boşlugynyň düýbüniň flegmonasy.** Bu flegmona agyz boşlugynyň düýbüni emele getirýän muskullaryň aralaryndaky öýjükli dokuma boşluklarynyň ýaýraň çişmesi bolup, iň bir agyr keselleriň biridir. Onuň geçişi we ahyrky netijesi kesel dörediji ýokanjyň häsiýetine, şeýle hem bedeniň goranyş güýçlerine baglydyr. Agyz boşlugynyň düýbüniň flegmonasy bu sebitiň bir böleginde ýerleşip biler ýa-da onuň iki bölegine hem ýaýrap biler. Agyz boşlugynyň düýbüniň esasyny äň-dilasty muskul (agyz düýbüniň perdesi -diafragmasy) emele getirýär. Ýokarky tarapdan onuň üstünde dil, jübüt eňek-dil we eňek-dilasty muskullar, dilasty sülekeý mäzler, damarlar, nerwler we ownuk nem mäzleri ýerleşen. Agyz boglugynyň perdesiniň aşagynda iki tarapyň hem iki garynjykly muskullaryň öň tarap garynjyklary, äňasty sülekeý mäzler, köpsanly gän düwünleri we demarly-nerw dessejikler ýerleşýärler. Agyz boşlugynyň düýbüniň perdesi yz tarapdan biz şekilli ösüntgiden dilasty süňke we dile birigýän muskullarda tamamlanýar. Muskulara boşluklar, damarlar, nerwler, mäzler we gän düwünler öýjýk-öýjük ýumşak dokumalar bilen gurşalan we olaryň kömegi bilen biri-birinden bölünen. Öýjük-öýjük ýumşak dokumalar damarlar we nerwler geçýän yşlar bilen bilelikde ýokanjyň ýaýramagy üçin amatly ýerdir. Haýsy-da bolsa bir muskulara boşlukda başlanan iriňli çişme hadysa tiz wagtdan gapdal taraplardaky sebitlere

ýaýraýar. Keseliň döremegi bilen näsaglaryň umumy ýagdaýy agyr bolýar. Beden gyzgyny 39-40°C aralygynda saklanýar. Sussybasyklyk ýagdaýly. Tutuş äňasty sebit güýçli ýellenen. Deri örtükleri dartylan we ýalpyldaýar. Sebitleýin gän düwünler ulalan we agyryly. Agzy ýarym açyk. Dili galyp dur, ölçegleri ulalan, kähalatlarda agyz boşlugyna sygmaýan gurak, çalymtyl-hapa ýokundy bilen örtülen we onuň gapdal taraplarynda diş yzlary görünýär. Agyz boşlugynyň düýbüniň nemli bardasy guýçli ýellenen, dilasty oklawjyklar ulalan. Dişler şepbeşik nem bilen örtülen. Köp sülekeý bölünip çykmagy ýuwdunmagynyň agyrylydygy we kynlygy sebäpli näsaglaryň ýagdaýy örän ejirli bolýar, sülekeýi bulanyk we sogaşyk bolýar.

***Çüýreme-zeperlenme flegmona ýa-da Žensulyň - Lýüdwigiň anginasy*** agyz boşlugynyň düýbüniň flegmonasy bolup, iriňiň ýoklygy we dokumalaryň çüýremekligi bilen tapawutlanýar. Kesilen ýagdaýynda çüýrüntgi ysly et ýuwundy reňkli az mukdarda suwuklyk çykýar. Keseli howasyz şertlerde köpelýän (anaerob) ýokançlar döredýärler. Flegmonanyň bu görnüşi näsaglaryň bedeniniň örän agyr zäherlenmegi we ýerli alamatlaryň ol diýen güýçli bildirmeýänligi bilen häsiýetlendirilýär. Tutuş äňasty sebiti agaç ýaly dykyz gataňsylyk tutýar. El bilen barlananda hytyrdy (kripetasiýa) ýüze çykarylyp biliner. Dem alyşynyň ýygylygy güýçlenýär we wagtal-wagtal onuň arasy üzülýär. Näsaglaryň ýüzünde gorky bildirýär, gözleriniň göreçleri giňelýär. Damagyň gitdigiçe ýellenmegi bilen demikme döreýär we näsaglar oturyp mejbury hala geçýärler.

Munuň ýaly näsaglar ýöriteleşdirlen ýatymlaýyn bejergi bölümlerde - hirurgik stomatologik ýatymlaýyn bölümlerde gyssagly kömege mätäçdirler. Gyssagly kömek berilmedik ýagdaýynda näsaglaryň ýagdaýy gitdigiçe agyrlaşýar, näsaglary der basýar, aňy bulaşýar. Ýüregiň işiniň peselmegine getirýär, gitdigiçe agyrlaşýan umumy beden gowşaklygynda, bedeniň zäherlenmesinde, sepsisde we gipoksiýada (bedeniň gan arkaly kislorod bilen üpjünçiliginiň peselmeginde) ölüm ýüze çykyp biler.

Agyz boşlugynyň düýbiniň flegmonasyny kesip ýarmaklygy eňegasty sebitden äňastyna tarap kesim bilen geçirýärler we diliň köküne tarap kütek usul bilen girýarler. Agyr ýagdaýlarda «ýaka şekilli kesim» has oňaýly bolýar we ony aşaky äňiň gyrasyna ugurdaş, äňiň

bir burçyndan beýlekisine çenli geçirýärler. Ýaradan köp mukdarda iriň çykmaklygy oňşarlyk ýa-da oňat kesele garşy güýjüniň bardygyna hem- de keseliň oňaýly geçjekdigine şaýatlyk edýar. Dokumalaryň çalymtyl reňkli, guraksy bolmagy, ýaradan az mukdarda suwuklygyň çykmagy (kähalat-da köpürjükli suwuklygyň) ýokanjyň has güýçlidigine we bedeniň kesele garşy güýjüniň pesligine ýa-da howasyz şerilerde köpelýän (anaerob) ýokanjyň barlygyna şaýatlyk edýär. Munuň ýaly ýagdaýarda ýarany wodorodyň ötetürşysynyň 3% ergini we margansturşy kaliniň gowşak erginleri (1:5000 gatnaşykdaky) bilen oňat ýuwmaklyk gerek.

## 9.07. Ýüzüň çybany we dokuzdonlusy

Çyban (furunkul) – bu tüý haltajygynyň we onuň daş-töweregindäki birleşdiriji dokumanyň ýiti iriňli-çüýreme çişme keselidir. Kesel, köplenç, ýaş adamlarda duş gelýär. Dokuzdonluda (karbunkul) bir wagtyň özünde birnäçe tüý haltajyklaryň zeperlenmesi bolýar. Ol deriniň çuňňur gatlaklarynyň we deriasty gatlagyň ýaýraň iriňli-çüýreme çişmesi bilen häsiýetlendirilýär.

Ýüzüň çybany, köplenç, dodaklaryň, eňegiň sebitinde, burunda, seýrek halatlarda maňlaýyň we ýaňaklaryň derisinde duş gelýär. Çybanyň döremegini we geçişini adatça, üç döwre bölýärler. Ilkibaşda biraz agyryly, sähelçe çäklenen gyzarma we ýellenme döreýär. Soňra ilkinji 1-2 günüň dowamynda tüý haltajygyň deşiginiň töwereginde uly bolmadyk gabarçajyk ýa-da çäklenen düwünjik emele gelýär, aşagynyň dokumalary dykyzlaşýar, gataňsylygyň sebitiniň derisiniň gyzarmasy has-da artýar, ýiti agyry ýüze çykýar. Iriňli - çüýreme ojagy bilen serhetleşýän dokumalarda has güýçli bildirýän ýellenme döremegi ýüzüň çybanlaryna bolan häsiýetli aýratynlykdyr. Çybanyň döremeginiň ikinji döwri iriňlemek we çüýremek bilen häsiýetlendirilýär. Kesel başlanyndan 3-4 gün geçenden soňra bulkuldy alamaty bilen ýüze çykýan dokumalaryň iriňli eremegi bolup geçýär. Çyban özbaşdak ýa-da amal bilen kesilip ýarylandan soňra gan garyndysy bolan köp bolmadyk iriň çykýar. Ýüzleý deri gatlagynyň kemtiginiň ýerinde çüýreme özeni görünýär we ol iriň bilen bilelikde özbaşdak aýrylyp gidýär ýa-da jübtek bilen aýrylýar. Soňra çybanyň ýerinde uly bolmadyk baş emele gelýär we ol



**33-nji surat.** Ýokarky dodagyň dokuzdonlusy

düwür-düwür dokumalar bilen dolýar. Wagtynda we yzygiderli geçirilen bejergi netijesinde dokumalaryň ýellenmesi ýuwaş-ýuwaş kiçelýär we absses döremezden yzyna gaýdyş geçişi bolýar. Keseliň üçünji döwrüne uly bolmadyk, sähelçe çekilip duran bertik emele getirip, ýaranyň bitmekligi häsiýetlidir. Çenden aşa köp iriň ýygnananda we çüýreme özeni erän ýagdaýynda keseliň abssesleşen çyban diýlip atlandyrylýan görnüşi döreýär (*33-nji surat*).

Ýüzüň çybanlary seýrek bolmadyk halatlarda sebitleýin gän düwün çişmesiniň döremegine getirýär, ýöne gän düwünleri seýrek iriňleýärler. Beýle näsaglarda beden zäherlenmesiniň ýüze çykýan alamatlary bolan kellagyry, üşütme, umumy gowuşgynsyzlyk döreýär. Aýratyn agyr görnüşe geçmeklik ýokarky dodagyň, burun dodak üçburçlugynyň sebitindäki çybanlara häsiýetlidir. Beýle çybanlar seýrek bolmadyk ýagdaýda gorkyly gaýra üzülmeler – ýüz wenalarynyň we gowakly sinusyň gan lagtaly çişmesini (flebit we tromboflebit), kelle beýni çişmesini (meningit) we sepsis döredýändikleri sebäpli, «howply» adyny alan. Çybanyň «howply» geçişiniň sebäbini, olary gysyp iriň çykarjak bolmak synanyşyklary, şeýle hem saglyk öýüniň şertlerinde näsaglary uzak wagtlap we netijesiz bejermeklikden görýärler. Saglyk öýüniň şertlerinde hemişe doly göwrümde we maksadalaýyk bejergi geçirip bolmaýar.

**Dokuzdonlynyň** döremegi çybanda bolşy ýaly, gabarçajyklaryň emele gelmeginden başlanýar. Emma dokuzdonlyda çalt dykyz we örän agyryly gataňsylyk döreýär; gataňsylyk diňe bir deriniň hemme gatlaryna ýaýramak bilen çäklenmän, deriasty ýag gatlaga hem geçýär. Gataňsylygyň üstüniň derisi gögümtil-gyzyl reňkli bolýar. Dokuzdonla birnäçe iriňli-çüýrän ojajyklaryň döremekligi häsiýetlidir. Soňa baka dokuzdonlynyň merkezi böleginde çüýrän dokumanyň ýumşamagy we gopmagy bolýar.

Ýüzüň dokuzdonlysynda, çybandaky bolşy ýaly, sebitleýin gän düwün çişmesi ýüze cykýar. Beýle näsaglaryň ýagdaýy, adatça, agyr

bolýar. Bedeniň gyzgyny 39-40°C çenli ýetýär, seýrek bolmadyk ýagdaýlarda titredýän üşütmeler döreýär. Iriňli - zäherlenme gyzdyrmanyň başga alamatlary hem ýüze çykýar (ganyň ak öýjükleriniň köpelmegi, olaryň düzüminiň «çepe» süýşmegi, EÇT güýçli ýokarlanmagy, bedeniň deri örtükleriniň öçügsiligi). Ýüzüň dokuzdonlulary çybanlara garanyňda ýüzüň wenalarynyň we gowakly wena damarlaryň gan lagtaly çişmesi (flebit we tromboflebit), iriňiň gana düşmekligi (sepsis) we başgalar bilen köp gaýra üzülýärler.

***Bejergisi.*** Gaýra üzülmesiz geçýän çybanlaryň, aýratyn hem I döwründe, bejergisi amalsyz, we adatça, Diş bejeriş merkeziň ýa-da Saglyk öýüň şertlerinde geçirilýär. Ilkinji nobatda hemme daşky gyjyndyrmalary: sakgal-murtlary syrmaly, çybanyň sebitiniň islendik kiçi şikeslerini aýyrmaly. Ýüzüniň dokuzdonlysy bolan näsaglara düşekde ýatmak we suwuk nahar bilen iýmitlenmek gerek. Süýji keselli näsaglarda geçirilýän bejergi has-da köp yhlasy talap edýär.

Çybanyň daş-töweregindäki ýüzüň derisini 2% salisil spirti, 70% etil spirti bilen arassalaýarlar, soňra zyýansyzlandyrylan sargy goýýarlar. Deri kesel lukmanlary çybanda iriňli ojak ýarylýança ýokanja garşy, deri buýnuzlaşmasyny güýçlendirýän agyrysyzlandyryjy täsiri bolan arassa ihtiol bilen bejermegi maslahat berýärler. Ýokarda aýdylan amal bejergi usulyny geçirmezden başga-da, gataňsy dokumalary nowokainiň ýokanja garşy derman erginleri bilen geçirilýän sanjym gabawlary hem oňat netijeleri berýär; olary seýrek bolmadyk ýagdaýlarda 2-3 gezek geçirýärler. Nowokaini gataňsy ýeri gurşap alan dokumalara haýal we endigan goýbermek gerek. Güýçli agyrylylygy sebäpli, agyrysyzlandyryjy ergini we ýokanja garşy dermany gataňsy dokumalara goýbermek maksadalaýyk däldir.

Beden zäherlenmesi bilen geçýän ýüzüň çybanlarynda we dokuzdon-lysynda ýokanja garşy dermanlar we sulfanilamidler bilen umumy kabul edilen düzgünler boýunça güýçli bejergi geçirilýär. Soňky ýyllarda çybanlaryň we dokuzdonlylaryň bejergisinde bedeniň mahsusy däl goranyş güýçlerini galdyrmaga we immun bejergä uly ähmiýet berilýär. Gaýtalap durýan çybanlarda ulanylýan mahsusy däl ýardam beriji bejergi serişdelere gan guýmaklyk, öz ganyny sançmaklyk, pirogenal, prodigiozan we başgalar degişlidir. Ýüzüň çybanlarynda we dokuzdonlylarynda işjeň mahsusy immun bejergini stafilokokk anti-

fagini we bakteriofagy, stafilokokk anatoksini bilen geçirýärler. Gowşak mahsusy immun bejergini giperimmun antistafilokokk gan aýrany we mahsusy antistafilokokk täsirli gamma-globulin bilen amala aşyrylýar. Gorkuly gaýra üzülme bolan ýüz wenalarynyň gan lagtalanma çişmesinde we gowakly sinusyň gan lagtaly biti-giniň döremezligi üçin lagtalanma garşy bejergi bellenýär. Ýüzüň çybanlarynyň we dokuzdonlylarynyň toplumlaýyn bejergisinde fiziki bejeriş usullarynyň wajyp ähmiýeti bardyr. Çybanyň başlangyç döwürlerinde ultramelewşe şöhleler, HÝÝ elektrik meýdany oňat netijeler berýär. Soňky ýyllarda geliý-neon lazere (GNL) artykmaçlyk berilýär. GNL 1-2 gezek şöhlelenmesinden soňra (2-3 min dowamynda şöhle tutulanynda) agyry aýrylýar, gataňsylygyň we tö-werekleýin ýellenmäniň ölçegleri kiçelýär. GNL ulanylan ýagdaýynda ga-taňsylyk aýrylmak bilen bolýar, ýa-da onuň abssese geçmegi tizleşýär.

Ýüzüň çybanlarynyň amal bejergisini olaryň abssese geçen ýagdaýlarynda geçirýärler, kesilenden soňra boşlugyň suwuklygy çykar ýaly sargy goýýarlar. Ýüzüň dokuzdonlylarynyň bejergisi has çylşyrymly mesele bolup durýar.

Ýüzüň çybanlarynda, aýratyn hem dokuzdonlularynda örän agyr gaýra üzülmeleriň döremek mümkinçiligini nazara alyp, olary ir ýüze çykarmak we ir toplumlaýyn bejergi geçirmek maksady bilen ýöriteleşdirilen hirurgik bölümlerde bu topar näsaglara lukmançylyk kömegini bermegiň guramaçylyk esaslary işlenilip düzüldi.

Ýüzüniň gaýra üzülmedik çybany bolan näsaglar hem hirurg-stoma-tologlaryň, saglyk öýleriniň hirurglarynyň gözegçiliginde durmalydyrlar. Gaýra üzülmeleriň döremegi: ýüzüň çybanynda onuň abssese geçmegi, bedeniň zäherlenmesiniň we gyzgynynyň ýokarlanmagy, dokuzdonlynyň döremegi näsaglary umumy hirurgik ýa-da hirurgik stomatologik bölümlere ýatymlaýyn bejergä ýerleşdirmek üçin görkezmedir. Ýüz wenalarynyň we beýni sinuslarynyň gan lagtalanma çişmesinde (flebit we tromboflebit) köp ugurly bejergi geçirilýänligi sebäpli, beýle näsaglara gözegçilik we bejergi depginli bejergi we janlandyryş (reanimasiýa) bölümlerde alnyp barylmalydyr.

Ýüzüň çybanlarynyň we dokuzdonlylarynyň döremezligi üçin, ilkinji nobatda, adam bedeniniň kesel döredij stafilokoklarynyň esasy

ýygnanýan ýerleri bolan deriniň iriňlije keselleriniň öňüni alyş çärelerini geçirmeli, agyz we burun boşluklarynyň sagdynlaşdyrylmagy gerek.

## 9.08. Otbaş keseli

Otbaş keseli –haýwan mugthor ýokanç sebäpli döreýän, seýrek duş gelýän ýiti ýokançly keseldir.

Otbaş keseli has durnuklylygy bilen tapawutlanýan gramoňaýly barda emele getiriji taýajyk şekilli ýokanjyň döredýän keselidir.

Otbaş keselini dörediji ýüzüň derisi, agyz boşlugynyň, burnuň nemli bardasy arkaly keselli haýwanlardan, ýüňden, deriden, keselli malyň etinden we başgalardan geçýär. Otbaş taýajyklaryny geçirijiler siňekler we beýleki mör-möjekler bolup bilýärler.

Kesel, köplenç, ýylyň tomus-güýz pasyllarynda ýüze çykýar. Otbaş keseliniň gizlin döwri 2-14 gün dowam edýär.

Otbaşy dörediji ýokanç dokuma içine düşeninde çişme, gorag we ölüm häsiýetleri bolan daşy zäherli madda bölüp çykarýar. Üç dürli häsi-ýetli maddalaryň işjeňliginiň dürli utgaşyklygy keseliň dürli umumy we ýerli alamatlaryny döredýärler. Ýüzüň derisiniň zeperlenmegi ýokaşdyryjy maddanyň az mukdarynda we ol ýüzleý düşeninde döreýär. Otbaş keseliniň çäklenen görnüşinde (dokuzdonluda) kesel döredijiniň giren ýerinde, çüýreme sebitiniň dokumalarynyň ýellenmesi we sebitleýin gän düwün çişmesi bilen iriňsiz-gan inme çişme ojagy ýüze çykýar. Hereket edýän makrofaglar otbaş keselini döredijini gän damarlary boýunça gän düwünlerine eltilmegine ýardam edýär we ol ýerlerde iriňsiz, iriňsiz-gan inme ýa-da çüýreme-gan inme çişme hadysany döredýär. Kesel ýüzde, köplenç, otbaş dokuzdonlysynyň we sebitleýin gän düwün çişmesiniň döremegi bilen çäklenýär, emma käbir ýagdaýlarda tutuş bedene ýaýran ýokanç keseliň döremegi hem mümkin.

***Keseliň görnüşi.*** Adatça, äň-ýüz sebitinde otbaş keseliniň çäklenen (deri) görnüşi ýüze çykýar. Kesel haýal we ýuwaşlyk bilen, güýçli bildirýän umumy alamatlary döretmän emele gelip biler, emma bedeniň gyzgynynyň 380C çenli ýokarlanmagyna getirip biler. Ilki özboluşly gijilewük bilen tapawutlanýan ýüzüň derisiniň düwünjigi



**34-nji surat.** Ýüzüň otbaş keseliniň edamatoz-bullýez görnüşi.

emele gelýär. Düwünjigiň merkezinde gan öýmeli iriňli gabarçajyk ýerleşýär, onuň daş-töwereginde ýerleşen dokumalarda bolsa has bildirip duran gataňsylyk we ýellenme emele gelýär. Iriňli gabarçajyk öz-özünden ýarylýar we gataňsylygyň üst ýüzünde gaty gemre – gara reňkli kesmek emele gelýär. Kesmegiň daşynda aýlaw görnüşinde, içinden iriň bolmadyk suwuklyk akýan köp sanly gabarçajyklar ýerleşen gataňsylyk ýerleşýär. Düýbi gara bolan baş emele gelýär, onuň gyralary aýlaw görnüşinde pökgerip durýar. Töwereginiň dokumalary ýellenýär, gataňsy bolýar. Başyň gyralary boýunça hem gabarçajyklar daşyna ýarylýarlar we 5-6 günden soň dokuz-donly emele gelýär. Gän düwünleri – äňasty, eňegasty, boýun we başga düwünler ulalýarlar we gataňsy ýagdaýda bolýarlar (*34-nji surat*).

Otbaş çybany ýa-da dokuzdonlusy ýokanjyň ýaýramagy we tutuş bedene geçmegi bilen gaýra üzülip biler. Bu ýagdaý näsagyň umumy ýagdaýynyň has-da agyrlaşmagy, bedeniniň gyzgynynyň 400C çenli ýokarlanmasy, üşütme we zäherlenmäniň beýleki güýçli bildirýän alamatlary bilen bolup geçýär.

Otbaş keseliň ojagy agyz boşlugynyň nemli bardasynyň üstünde hem döräp biler. Bu ýerde hem gataňsylygyň üstünde iriňli gabarçajyk emele gelýär. Töwereginiň dokumalarynyň ýellenmesi hem güýçli bildirýär. Damagyň yzky bölegininiň ýellenmesi ýuwdunma agyrysyny, sesiniň gyrylmagyny, dem alşyň kynlaşmagyny döredýär.

***Kesel kesgitlemesi we deňeşdirme anyklamasy.*** Otbaş keseliniň anyklamasy häsiýetli bolan görnüşine, aýratynda kesel ojaklaryndan iriň akmaýanlygyna, şeýle hem iriňli gabarçajyklaryň içinden, çüýrän ýerlerden, başyň içinden kesel ýokanjynyň ýüze çykarylmagyna esaslanýar. Mundan başga-da ýokanç barlagy üçin gan, nejesat alnyp bilner. Anyklama üçin antraksin bilen deriniň beden ýokary duýgurlylyk barlagyny ulanýarlar.

Otbaş keselini çybandan, dokuzdonlydan we bezeden tapawutlandyrýarlar.

***Bejergisi.*** Ýüzüň ýa-da agyz boşlugynyň nemli bardasynyň

otbaş kesel çybanyny ýa-da dokuzdonlysyny amal däl usullar bilen bejerýärler: rahatlyk ýagdaýyny belleýärler we melhemli sargylary ulanýarlar. Umumy zähersizlendirme, umumy beden berkidiji bejergini geçirýärler, ýokanja garşy we sulfanilamid dermanlary belleýärler. Otbaş keselindäki zeperlenmeler agyr geçeninde, şeýle hem kesel tutuş bedene geçeninde bejergi has güýçli depginli bolmalydyr. Penisillini başga bir ýokanja garşy derman bilen utgaşdyryp, bir gezek mukdaryny 1500 000-2000 000 birlige çenli artdyrýarlar, bir gije-gündizde 6-8 gezek sançýarlar. Ýokanja garşy dermanlar çalşylanda tetrasiklin hatarynyň dermanlaryny, lewomisetini, sefalosporinleri, makrolidleri we başgalary ulanmagy maslahat berýärler.

***Çaklamasy.*** Otbaş keseliniň deri görnüşinde çaklamasy oňaýlydyr. Kesel tutuş bedene ýaýranynda, şeýle hem bedeni gowşak näsaglarda keseliň çaklamasy howatyrlydyr.

***Keseliň öňüni alyş çäreleri.*** Ýüzüň, agyz boşlugynyň nemli bardasynyň otbaş keseliniň öňüni alyş çäreleri näsag haýwanlar bilen işlenilende arassaçylyk düzgünleri, haýwanlaryň derisi, ýüňi, eti bilen işlenilende umumy arassaçylyk we kesellere garşy çäreleri berjaý etmeklige gönükdirilen bolmalydyr. Deriniň we agyz boşlugynyň dogry arassaçylygyny geçirmeklik talap edilýär. Otbaş keseliniň öňüni almaklyk üçin keselleriň ýaýramaklygyna garşy berk görkezmeler boýunça sanjylýan СТИ waksinany ulanýarlar. Otbaş keselli näsag, haýwanlar ýa-da kesel ýokuşan zatlar bilen gatnaşykda bolan adamlar oňat barlanylmaga, gözegçilik edilmäge we görkezmeler bolanynda bejerilmäge degişlidirler.

## 9.09. Ýüzüň bezesi

Beze ýokanç kesel bolup, deriniň we nemli bardanyň ýiti iriňsiz ýa-da iriňsiz gan inme çişmesi, bedeniň umumy zäherlenmesi bilen häsiýetlendirilýär.

Bezäniň kesel döredijisi A toparyndan bolan β-gan dargadyjy streptokokkdyr. Kesel streptokokkyň beýleki görnüşlerinden hem döräp bilýär. Beze gaýra üzülip geçeninde kesel ýerinde başga ýokançlar, şol sanda stafilokokk hem ýüze çykarylyp bilner.

Beze bedeniň duýgurlygy peselen ýagdaýynda, şeýle hem umu-

my we ýerli ýokanja garşy gorag alamatlary peselende ýüze çykýar. Keseliň ýolukmagynyň sebäpleriniň arasynda beden sowuklamasyny, ruhy ýadawlygy, ruhy dartgynlyk ýagdaýlaryny, üznüksiz keselleriň we şol san-da deri keselleriniň hem ýitileşmesini aýtmak bolar. Deriniň duýgurlygynyň we onuň ýokanja goragynyň uly ähmiýeti bar. Deri arassaçylygyna we onda streptokoklaryň sanyna hem köp zat baglydyr. Ýokançlar deri boýunça düşýär (esasan hem onuň şikeslerinde, jaýryklarynda we çişme kesellerinde).

***Keseliň görnüşi.*** Ýüzde, köplenç, ilkinji beze cişmesi döreýär. Gizlin döwri birnäçe sagatdan 4-5 güne çenli dowam edýär. Kesel ýiti başlaýar we güýçli bildirip duran umumy alamatlar bilen geçýär. Käbir ýagdaýlarda ilkibaşda gowuşgynsyzlyk, gowşaklyk, kelle agyry, bedeniň aram ýokary derejeli gyzgyny ýüze çykýar.

Başlanyndan 2-3 gün soňra keseliň umumy alamatlary artýar, bedeniň gyzgyny 38°C -den geçýär, üşütme, ýürek bulanma, gaýtarma, gan aýlanyşynyň we dem almasynyň bozulmasy ýüze çykýar. Aňy bulaşyp, samrama döräp biler.



**35-nji surat.** Ýüzüň beze çişmesi.

Keseliň ýerli alamatlary umumy alamatlar bilen bir wagtda ýa-da kesel başlanyndan 2-3 gün soňra döreýärler. Ýüzde beze çişme köplenç burun, ýaňak sebitlerde kebelek şekilinde ýerleşýär (*35-nji surat*). Ondan soňra çişme hadysasy gabaklara, kelläniň saçly bölegine, boýna, gulaklara ýaýraýarlar. Käwagtlar kesel geçişini has-da agraldyp, aýratyn hem agyz boşlugynyň düýbüne, damaga, bokurdaga ýaýrap, agyz boşlugynyň nemli bardasyna geçip biler. Sebitleýin gän düwünleriniň agyryly gataňsylygy, ulalmaklary ýüze çykarylýar.

Bezäniň geçişiniň görnüşlere bölmekliginiň esasyna ýerli alamatlar, deridäki üýtgemeler goýlan. Keseliň gyzarma, gyzarma-gabarçakly, gyzarma-gan inme we gabarçakly gan inme görnüşleri, şeýle hem gaýra üzülmeler görnüşde çüýreme we flegmonoz görnüşleri bar. Beze çişme hadysasynyň ýerleşişiniň ölçeglerine baglylykda keseliň çäklenen, ýaýraň we daşgyn ýaýran görnüşleri bar. Çişme

hadysasynyň bedeniň kesele garşy umumy jogabynyň ýüze çykyşy boýunça ýeňil, orta agyrlyk we agyr görnüşleri, şeýle hem ilkinji, gaýtalanýan (birnäçe aýdan 1-2 ýyla çenli) we ikilenç (ilkinji beze çişmesinden 2 ýyl we ondan-da köp) görnüşleri bar.

***Kesel kesgitlemesi we tapawutlandyryş anyklamasy.*** Bezäniň anyklamasy adatça aňsat bolup, keseliň aýdyň alamatlaryna esaslanýar. Gabarçak bolanynda keseliň kesgitlemesi kesel döredijі ýokançlaryň - streptokoklaryň ýüze çykarylmagy bilen tassyklanýar.

Bezäni äňýany abssesden, flegmonadan, aktinomikozdan, otbaşdan tapawutlandyrmak gerek.

***Bejergisi.*** Bezäniň gyzarma görnüşiniň bejergisi sulfanilamidleriň, duýgurlygy ýokarlandyryjy serişdeleriň, witaminleriň bellenmeginde jemlenendir. Rahatlyk, ultramelewşe şöhleleri görkezilen. Bezäniň beýleki görnüşlerinde ýokarda sanalanlardan başga-da ýokanja garşy dermanlar we toplumlaýyn çişmä garşy dermanlar bellenýär. Flegmonoz ýa-da çüýreme görnüşleriniň döremekligi näsagyň ýaşyna, bile geçýän kesellerine baglylykda ýokarda aýdylan bejergilerden başga-da, goşmaça depginli derman bejergini bellemekligi talap edýär. Kesel haýal we uzgam geçende umumy beden berkidiji we bedene ýardam beriji bejergini (gan guýmaklyk, öz ganyny sançmaklyk, immunitete mahsusy däl ýardam ediji dermanlar-metilurasil, pentoksil, prodigiozan we başgalar) belleýärler.

Bezäniň gyzarma-gabarçakly, gabarçakly-gan inme, flegmonoz, çüýreme görnüşlerinde ýerli bejergi gabarçaklary, iriňli ojaklary ýarmakda, zeperlenme kelläniň saçly ýerinde bolanda - çüýrän dokumalary kesip aýyrmaklykda jemlenendir. Zeperlenen ýerlere furasilin erginli, lewomekol (lewomet-T) melhemi bilen sargy goýýarlar.

Keseliň ýaýramaklygy beýni barda çişmesi (meningit), sepsis bilen gaýra üzülip biler. Beze çişmesi bedende glýukokortikoid ýetmezçiligine getirip biler. Gaýtalanýan beze çişmesinde ýüzde deriniň galňamaklygy we onuň «pil hamy pisintligi» döreýär.

Beze çişmesi bolan näsaglary ýokanç keseller hassahanasyna ýerleşdirmek gerek ýa-da hirurgik stomatologiýa bölüminde başga näsaglara golaýlatmazdan, aýratyn otagda bejermek gerek.

***Bezede keseliň çaklamasy*** oňaýly. Emma uly ýaşly we gartaşan

näsaglarda keseliň gaýra üzülmeleri onuň janyna howp salyp biler.

***Bezäniň öňüni alyş çärelerine*** ýüzüň, agyz boşlugynyň ygtybarly arassaçylygy, diş kesel ojaklaryny sagdynlaşdyrmak, sowuk howanyň täsiriniň öňüni almaklyk we başgalar degişlidir.

## 9.10. Suwjarýan çüýreme (noma)

Suwjarýan çüýreme - bu ýüzüň, äňleriň we agyz boşlugynyň dokumalarynyň çalt ýaýraýan çygly çüýremesi bolan ýokançly keseldir.

***Sebäpleri we döreýşi.*** Keseliň sebäpleri häzirki wagta çenli doly anyklanylmadyk ýagdaýynda galýar. Kesel dörän ýagdaýynda çüýrän ýerleriň düzüminde howasyz şertlerde köpelýän ýokançlary, fuzoburma şekilli ýokanç görnüşleri, şeýle hem agyz boşlugynyň adaty howasyz şertlerde köpelýän ýokançlarynyň dürli görnüşlerini ýüze çykarýarlar.

Suwjarýan çüýremäniň döreýşinde bedeniň goranyş ukybynyň peselmeginiň uly ähmiýeti bar. Kesel, köplenç, çagalarda ýokanç keseller agyr geçenden soň döreýär. Ulularda 50 ýaşdan soňra, ýürek-damar ulgamynyň keselleri bolanda, agyr ýokanç keselleri geçirlenden soň ýüze çykýar. Suwjarýan çüýremäniň döremeginde agyz boşlugynyň päkizeliginiň berjaý edilmezliginiň, çüýrän dişleriň, agyz boşlugynyň nemli bardasyna şikes ýetirýän döwük diş täçleriniň bolmagynyň täsiri bar.

***Keseliň görnüşi.*** Kesel assyrynlyk bilen gowuşgynsyzlyk, bedeniň aram ýokary gyzgyny bilen, kähalatlarda bolsa ýiti başlaýar. Bedeniň gyzgyny 38-40°C çenli ýokarlanýar, zäherlenmäniň dürli derejede bildirýän güýçli alamatlary ýüze çykarylýar.

Agyz boşlugynyň nemli bardasynda, ýüzüň derisinde, dodaklaryň sebi-tinde çişme ojagy döreýär. Agzyň nemli bardasynda ol başa geçip gidýän gabarçajyk ýa-da gan inme menegi görnüşinde, ýüzüň derisinde bolsa ga-ramtyl-gök reňkli deri bilen örtülen menek görnüşinde bolýar. Seýrek bol-madyk halatlarda kesel diş etiniň çüýreme-zeperlenme görnüşli çişmesinden başlanýar. Suwjarýan çüýreme keseliniň zeperlenmesiniň başlan ýerinden kesel gapdalyndaky dokumalara (töweregine we çuňlugyna) ýaýrap başlaýar. Gyzarmasy bolmadyk, töwereginiň dokumalarynyň ýellenmesi bilen gurşalan dokumalaryň agyryly dykyz ga-

tańsylygynyň giň ýeri emele gelýär. Onuň merkezinde deri deşilýär we dokumalaryň eremekligi bolup geçýär. Agyz boşlugynda bu hadysa diş etlerine ýaýraýar we dişler yrgyldap başlaýar. Soňra agyz boşlugynyň düýbüne we dile, ýokarky we aşaky äňlere geçýär. Ýüzüň derisinde kesel agyz töwereginden eňek, ýaňak, gözasty sebitlere ýaýraýar, äňasty we eňegasty üçburçluklara geçýär. Deriden ol dokumalaryň çuň içine, ýokarky we aşaky äňlere ýaýraýar. Çüýrän dokumalar ereýärler, olardan çüýrüntgi, maslyk ysy gelýär we dokumalaryň çuňlugyndan bulanyk suwuklyk çykýar. Zeperlenen dokumalar el bilen barlananda güýçli agyry ýüze çykarylýar (*36-njy surat*).

Ýüzüň suwjarýan çüýreme keseli öýken çişme keseliniň döremekligi, çüýrüntgi maddalar dem bilen öýkene düşeninde - öýken çüýremesi bilen gaýra üzülip biler. Suwjarýan çüýremäniň gitdigiçe beterleşýän geçişi sepsisiň döremegine getirip biler.

Suwjarýan çüýreme keseliniň ýerleşişi we onuň ýaýraňlylygy, bu keselden soň döreýän bertik gyşarmasyny we degişlilikde kemtigiň häsiýetini, keşbiniň owadanlyk we işjeňlik bozulmalaryny kesgitleýär.

***Kesel kesgitlemesi we deňeşdirme anyklamasy.*** Kesel kesgitlemesini keseliň geçişiniň aýdyň görnüşi, ýokanç barlagynyň maglumatlarynyň, dokuma gurluş barlagynyň, immunitetiň görkezijileriniň esasynda goýýarlar.

Suwjarýan çüýreme keselini çüýreme-zeperlenme flegmonadan, hapgyrtmadan, dargaýan howply çişden tapawutlandyrmak gerek. Flegmona dişleriň kökujy ojaklaryndan döreýär we öýjükli dokuma boş-luklarynyň merkezinde ýerleşýär; hapgyrtma sülekeý mäziň dokumalarynda döreýär, dokumalaryň çüýremekligi çäklenen. Suwjarýan çüýremäniň we çişiň deňeşdirme anyklamasynda aýgytlaýjy ähmiýet dokuma gurluş barlagyna degişlidir.



**36-njy surat.** Ýüzüň ýarsynyň suwjarýan çüýremesi.

***Bejergisi*** bedeniň goranyş güýçlerini işjeňleşdirmeklige, zähersizlendirmeklige, synalaryň we ulgamlaryň kadaly işini

saklap galmaklyga gönükdirilen bolmalydyr. Güýçli depginli bejeriş çärelerini belleýärler. Wenaiçre damjalaýyn derman serişdeleri (ýokanja garşy, duýgurlylygy ýokarlandyryjy, zähersizlendiriji, ýürek-damar, umumy beden berkidiji derman serişdeleri) goýberýärler. Gan ýa-da onuň ýerini tutýan serişdeleri guýýarlar.

Ýerli baş we çüýrän ýerleri zyýansyzlandyryjy erginler bilen ýuwmaklyk, zeperlenmäniň sebitiniň dokumalaryny ýokanja garşy der-manlar, furasillin, fermentler garylan nowokainiň ýa-da trimekainiň 0,25-0,5% ergininiň 25-den 100 ml çenli göwrümi bilen sanjyp çykmaklyk, ýokanja garşy dermanly, furan hataryndan bolan zyýansyzlandyryjy dermanlar, tripsin we başgalar bilen sargylar görkezilen.

***Çaklama.*** Suwjarýan çüýremäniň gitdigiçe beterleşýän geçişinde näsaglaryň jany üçin keseliň çaklamasy howatyrlydyr. Çäklenen ojak görnüşdäki çüýreme emele gelende keseliň çaklamasy oňaýlydyr, emma bertik sebäpli emele gelen keşp we işjeňlik bozulmalary soňra düzedilmäge degişlidir.

***Öňüni alyş.*** Gowşak, ejizlän çagalarda umumy beden berkidiji bejergi çäreleri geçirmek gerek. Köplenç suwjarýan çüýremäňiň döremekligine getirýän gan aýlanyş bozulmaly, ýiti ýokanç keselli näsaglarda, degişlilikde degerli bejergi geçirmeli. Agyz boşlugynyň päkizeligini, onuň sagdynlygyny saklamak, agyz boşlugynyň nemli bardasynyň şikesiniň öňüni almak gerek.

# 10-NJY BAP

## SÜLEKEÝ MÄZLERIŇ KESELLERI

### 10.01. Epidemiki parotit (hapgyrtma, Gulakýany sülekeý mäziň ýiti mahsusy çişmesi)

Epidemiki parotit gulakýany sülekeý mäziň özenine süzülýän wirusyň aralaşmagy netijesinde döreýär. Bu kesel çagalara has köp ýokuşýar. Kesel çagalaryň arasynda epidemiýa döretmek (köpçülikleýin ýokaşyp ýaýrap saklanmaklygy) bilen howa-damja usuly bilen ýaýraýar. Şeýle-de epidemik parotit bilen uly adamlar hem keselläp bilýärler.

Keseliň geçişi ýiti başlanýar. Kesel umumy gowuşgansyzlyk, bedeniň gyzgynynyň 38-39°C çenli ýokarlanmagy ýagdaýynda gulakýany sebitinde ýüze çykýan agyry duýgulardan başlanýar. El bilen barlananda kesellän mäziň sudurlarynyň ulydygy kesgitlenýär we örän ýuwaşlyk bilen barlananda hem agyry döreýär. Mäziň üstüniň derisi köplenç üýtgemedik bolýar. Mäze diňe ikilenç ýokanç düşende we onuň dokumasynyň iriňlemesinde çişme hadysa deriasty gatlaga we derä geçýär hem-de mäziň sebitiniň derisi gyzarýar. Bu alamatlardan başgada gulakýany sülekeý mäziň akabasynyň açylýan ýeriniň emzijeginiň ýellenmesiniň we onuň töwereginiň nemli bardasynyň gyzarmasyna üns bermek gerek. Agyry duýgulary sebäpli näsaglaryň agzynyň açylyşy çäklenen bolýar. Çişme hadysa sebäpli mäz ýellenýär hem-de sülekeý akyp çykmagy kynlaşýar, bu bolsa naharlanan wagty we ondan soňraky agyrylary döredýär. Agyrynyň açylyşynyň çäklenmesi, sülekeýiň az bölünip çykmaklygy netijesinde agyz boşlugynyň öz-özüniň arassalanmasy bozullýar we ýokanç düşmekligine howp döreýär.

***Bejergisi***. Epidemiki parotidiň mahsusy ýörite geçirilýän bejergisi ýok. Geçirilýän bejergide sülekeý mäzleriň akabalar boýunça agyz boşlugyndan ýokançlanmagyna garşy gönükdirilen agyz boşlygynyň arassaçylygyna esasy üns bermelidir. Munuň üçin agyz boşlugyny natriniň bikarbonatynyň 1% ergini, furasiliniň ergini, kaliniň permanganatynyň 0,1 % ergini bilen çaýkamaklygy belleýärler. Ýyladyjy sargylar (spirtli ýapgylar) ulanylýar.

Umumy bejergi kesel alamatlaryna garşy we gaýra üzülmeleriň öňüni almaklyk görnüşde geçirilýär (görkezmeler boýunça agyry aýryjylar, serişdeler, antibiotikler we sulfanilamidler, dezintöksikasion we beden berkidiji serişdeler).

Epidemiki parotit adatça 5-10 gün dowam edýär we näsagyň sagalmaklygy bilen tamamlanýar. Emma käbir halatlarda ýumurtgalaryň ýellenmekleri we agyrylary bilen geçýän orhit ýüze çykyp biler. Beýle ýagdaýda umumy bejergi çäklerinde 3-5 gün dowamynda wenaiçre sanjym görnüşinde kortikosteroid serişdeler ulanylmalydyr. Seýrek halatlarda näsaglaryň adatça, sagalmakllary bilen tamamlanýan kelle beýni gabyklarynyň çişmesi-meningit döreýär.

Keseliň güýçli ýokançlylygyny we ilatyň ýygjamlygyny göz ýňünde tutup, epidemiki parotidiň ýüze çykmasynda näsaglary köpçülikden çetleşdirip, aýry saklamak gerek. Näsaglara düşekde ýatmaklyk düzgüni suwuk, ýeňil we ýokumly iýmit bellenýär.

Keselden öňüni alyş sanjymlar bilen, şahsy we umumy arassaçylygy berjaý edip goranyp bolýar.

## 10.02. Sülekeý mäzleriň ýiti çişmesi (mahsusy däl ýiti sialadenitler)

Sülekeý mäzleriň çişmesi ýiti we üznüksiz hadysa görnüşinde geçýär. Sülekeý mäzleriň ýiti çişmesi dürli sebäpler netijesinde döräp biler. Bu sebäplere güýçden gaçmak, zäherlenme, bedeniň suwsyzlanmagy, stomatitlerde agyz boşlugyndaky ýakymsyz zatlardan, ýokançlaryň akaba boýunça ýokarlygyna gitmegi, sülekeý çykaryjy akabalaryň sülekeý daşy bilen dykylmasy we sülekeý akabanyň içine özge jynsyň düşmekligi we başg. degişlidir.

### 10.02.1. Gulakýany sülekeý mäziň ýiti çişmesi (parotit)

Gulakýany sülekeý mäziň ýiti çişmesi, adatça, birtaraplaýyn bolýar we mäziň sebitinde agyry döremeginden başlanýar. Şol bir wagtda ýa-da sähelçe gijigip mäziň hemme ýerleri ýellenýär we onuň netijesinde gözden geçirlende hem-de el bilen barlananda mäziň uly sudurlary has-da aýdyň ýüze çykarylýar. Mäz dykyz we agyryly bolýar (*37-nji surat*). Kesel beden gyzgynynyň 38-40°C ýokarlanmagy we çişme hadysaly mäziň sebitindäki gitdigiçe artýan agyrylar bilen geçýär. Agyrylaryň häsiýeti keseliň geçişine bagly bolup, şorkuldaýan görnüşden kesilip barýana çenli üýtgäp biler. Seýrek bolmadyk halatlarda agyrylar çekge sebite, gulak deşiginiň sebitine, ýeňsä we boýna ýaýrap biler.



**37-nji surat.** Sag tarap gulakýany sülekeý mäziň ýiti çişmesi.

Mäziň ýellenmegi we onuň ölçegleriniň

ulalmagy netijesinde näsagyň agzyny açmagy kynlaşýar. Gitdigiçe agyrlaşyp barýan parotide akabasyndan sülekeý çykmagynyň togtamagy häsiýetlidir. Keseliň soňraky günleri akabadan agymtyl reňkli bölejikleri bolan çökündili goýy sülekeý çykýar. Mäzde iriňli hadysa döränden akabadan köp mukdarda iriň gatyşykly sülekeý çykyp biler. Keseliň geçişiniň agyrlygy, onuň netijesi we gaýra üzülmeleriň döremekligi doly derejede çişme hadysanyň görnüşine baglydyr. Patomorfologik nukdaýnazardan ýiti parotidi iriňsiz (seroz), iriňli we flegmonoz görnüşlere bölýärler.

***Ýiti iriňsiz (seroz)*** parotit has oňaýly geçýär we mäziň işjeňliginiň düýpli bozulmasy döremezden näsaglaryň sagalmagy bilen tamamlanýar.

***Ýiti iriňli parotit*** bolan ýagdaýynda kähalatlarda aýry-aýry iriňli ojaklaryň emele gelmegi bilen mäziň özeniniň eremekligi we soňraky döwürde birleşdiriji dokuma bilen dolup bitmekligi bolup geçýär. Munda näsaglaryň başdan geçirýän duýgulary we keseliň geçişi gözgörtele agyrlaşýar. Beden gyzgyny 40°C çenli ýokarlanýar, agyrylar sorkuldaýan häsiýetli bolýarlar. Mäz dokumasynyň güýçli ýellenmesi netijesinde onuň sudurlary güberçek şekile geçýär, mäziň üstüniň derisi dartylýar, kähalatlarda bolsa gyzaran bolýar. Ýellenen mäz gataňsylylygynyň daşky gulak geçelgesini gysmagy näsagyň eşidişiniň peselmegine getirýär. Mäziň ýellenmesini has güýçli bolmagy näsagyň ýüzüniň taraplarynyň deňsizligine - asimmetriýa getirýär. Gulakýany sülekeý mäziň akabasyndan (Stenonow akabasy) iriň suwuklygy çykýar. Keseliň iriňsiz (seroz) görnüşinden tapawutlylykda iriňli parotitde ýerli we umumy gaýra üzülmeleriň döremekligi mümkin.

***Flegmonoz parotidiň*** netijesi mäz özeniniň tutuş eremekligi we onuň birleşdiriji dokuma bilen çalyşmaklygy bolup biler, bu bolsa onuň işiniň togtamagyna getirýär. Mundan başga-da mäziň daşynyň bardasynyň iriň bilen eremekligi netijesinde iriňli çişme hadysanyň töweregindäki dokumalara ýaýramagyna getirip biler, iriň derini eredip ýarmaklygy bolsa durnukly sülekeý deşiginiň döremegine getirýär. Eşidiş lülesiniň (turbasynyň) we damak deşiginiň töwereginde mäziň bardasynyň ýoklugy iriňiň daşky gulak geçelgesine we iň howplysyda, iriňiň damakýany boşluga we hat-da damakýany boşlugyň flegmonasynyň döremegine we mediastinitiň döremegi bilen gursagara boşluga ýaýramagyna ýardam edýär. Flegmonoz parotit ýüz wenalar

ulgamynda flebiti we trambofletiti emele getirmek bilen töwereginiň wenalaryna çişme hadysa ýaýramaklygy bilen hem örän howplydyr. Bular bolsa beýni sinuslary tarapyndan gaýra üzülmeler döredip biler. Amaly lukmançylygyň häzirki zaman guramaçylyk we bejergi mümkinçilikleri ýagdaýynda bu agyr gaýra üzülmeleriň seýrek duş gelýändigine garamazdan, olar barada hemişe ýat-da saklamaly we degerli bejeriş - öňüni alyş çäreleri geçirilmelidir.

***Bejergisi.*** Ýiti parotidiň başlangyç döwri kesgitlenende bejergi ýaňaklaryň, diliň nemli bardasyny natriý bikarbinatynyň 1% erginine ýa-da kaliý pemanganatynyň 0,1% erginine ezilen hassa tokgasy bilen oňat arassalamakda we şol erginler bilen ýygy-ýygydan çaýkatmak görnüşindäki yhlas bilen geçirilýän agyz boşlugynyň arassacylygynda jemlenendir. Gulakýany sülekeý mäziň akabasyna antibiotikleriň erginini goýbermeklik we mäzi ýuwaşlyk bilen owkalamaklyk, mäz sebitinde geçirilen nowakain siňdirme sanjym baglamalary oňat netijeler berýär, şeýle hem antibiotikoterapiýany, sulfanilamidleri, sülekeý mäziň işini güýçlendirýän dermanlary (galantamaniň ýa-da prozeriniň 0,5% erginini 1,0 ml mukdarda deriasty 20-30 sanjym), desensibilizirleýji (kalsiý derman serişdeleri, gistamine garşy serişdeler) we umumy beden berkidiji (witaminler, glukozanyň dürli erginleri we başg.) serişdeleri ulanýarlar. Kesellän mäz sebitine gury ýylylygyň fiziki bejergi usullary (solluks, HÝÝ-bejergi, geliý-neon lazeri) belleýärler.

Seroz parotidiň agyr görnüşinde güýçli geçirilýän antibiotikoteropiýa bilen bir hatarda ýokarda sanalan bejergi usullary doly ulanýarlar. Adatça, gaýra üzülmesiz geçýän ýiti parotit 7-14 gün dowamynda näsagyň doly sagdynlaşmagy bilen tamamlanýar.

Iriňli we flegmonoz parotit ýüze çykanda ýokarda sanalan bejergi usullar bilen bir hatarda (fiziki bejergi usullardan başgalary) güýçli antibiotikoterapiýa geçirilýär. Çişme hadysanyň mäziň çäklerinden daşyna çykmak alamatlary dörände iriňli ojagy kesip ýarmaklyk bilen iriňi akdyrmaklyk (drenirlemek) geçirilýär. Mäziň tutuş bir böleginiň iriňli çişme hadysa netijesinde eremegi ýüze çykanda iriňli ojak kesilip ýarylandan soňra deride durnukly sülekeý deşigi emele gelýär. Emele gelen sülekeý deşigi näsag sülekeý mäziň çişme keselinden doly sagalandan soňra (1-1,5 aý geçirip) amal usuly bilen, adatça, Limbergiň usuly boýunça, bejerilýär.

Ýüzüň wenalarynyň gan lagtaly bitigi (trombozy), gursagara boşlugyň çişme hadysasy bolan mediastinit görnüşindäki gaýra üzülmeler döräninde bu agyr ýagdaýlardaky göz öňünde tutulan gyssagly bejergi çäreleri geçirmek gerek.

Ýiti parotidiň gaýra üzülmeleriniň häzirki wagtda seýrek duş gelýändigine garamazdan, näsaglar tarapyndan bu keseliň öz ide agyr geçirilýär. Bu ýagdaý aýratyn hem öňüni alyş çäreleriň geçirilmeginiň ýeterlik bolmadyk bu keseliň döremegine ýakyn bolan bäbekler we gowşak çagalaryň, köplenç, garyn boşlugynyň amal bejergisini geçiren we ondan soňraky döwürdäki näsaglaryň umumy beden ýagdaýyna has hem agyr täsir edýär.

Ýiti parotidiň öňüni almagyň esasy çäresi agyz boşlugynyň arassaçylygydyr. Bäbeklerde agyz boşlugynyň nemli bardasyny natriý bikarbonatynyň 1 % erginine ýa-da kaliý permanganatynyň 0,1 % erginine ezilen pamyk tokgasy bilen süpürýärler. Ululara agyz boşlugynyň zyýansyzlandyryjy erginlere ýygy-ýygydan çaýkamak, sülekeý bölünip çykyşyna ýardam bermek üçin bolsa limon ýa-da başga turşy gök önümi iýmek bellenýär.

## 10.02.2. Äňasty sülekeý mäziň ýiti çişmesi

Äňasty ýiti sialadenit, adatça, birtaraplaýyn bolýar. Köplenç çişme hadysasyna mäzde sülekeý durgunlygyny döredýän akabanyň sülekeý daşy bilen dykylmagy sebäp bolýar. Beýle ýagdaýda agyz boşlugyndan ýokanjyň akaba boýunça aralaşmagyna oňaýly şertler döreýär we ýiti sialadenit döreýär.

Äňasty sülekeý mäziň ýiti çişmesi degişli tarapyň äňasty sebitinde we ýuwdunanda, diliň köküniň ýanynda döreýän agyry duýgulardan başlanýar. Ondan hem başga agyrylar diňe bir nahar iýlende döremän, eýsem-de iýmiti görende hem ýüze çykýar. Nahar iýende agyry duýgulary güýçlenýär, mäziň ölçegleri bolsa ulalýar. Seýrek bolmadyk halatlarda beden gyzgyny 37,5-38°C çenli ýokarlanýar, çişme hadysa iriňli görnüşe geçende bolsa ondan hem ýokary galýar.

Bedeniň ýokary gyzgyny, ýuwdunandaky damakda döreýän agyry, damagyň gyzarmasy käwagt ýalňyşlyk bilen basygyň alamaty hökmünde kabul edilip bilner. Hakyky keseli ýüze çykarmak üçin iki

el bilen barlag geçirmek ýeterlikdir. Munuň üçin süýem barmak bilen agzyň içinden sülekeý mäziň akabasyny barlamaly, beýleki eliň barmaklary bilen bolsa äňasty sebit tarapdan mäzi barlamaly.

Ýiti çişme ýagdaýynda äňasty mäz ulalýar we agyryly bolýar. Äňasty sülekeý mäziň ýiti çişmesi sialodohit (sülekeý akabasynyň çişmesi) bilen geçýänligi sebäpli sülekeý çykaryjy akaba agyryly bolýar we barmak bilen barlananda dartylyp duran dykyz zolak görnüşinde ýüze çykarylýar. Agzyň içinden el bilen barlananda seýrek bolmadyk halatlarda akabada (seýrek mäziň içinde) ýiti çişme hadysanynyň sebäbi bolan sülekeý daşy kesgitlenýär. Mäze basylanda, şeýle hem akabanyň merkezi böleginden çetine tarap owkalama gçirilende akabadan bulanyk ýa-da iriň gatyşykly sülekeý çykýar.

Çişme hadysanyň mäz dokumasynyň daşyna hem täsirini ýetirýänligi sebäpli sülekeý akabanyň ugry boýunça dilasty oklawjyk gataňsy bolýar we nemli bardasy gyzarýar.

Iýmit bilen baglanyşykda sülekeý emele gelmeginiň güýçlenmegi mäziň has-da ulalmagyna, daşynyň bardasynyň dartylmagyna we onuň bilen bolsa agyrynyň güýçlenmegine getirýär. Bu ýagdaý sebäpli näsaglar köplenç halatlarda iýmitden ýüz öwürýärler.

***Bejergisi.*** Äňasty sülekeý mäziň ýiti çişmesi başlangyç döwürlerde adaty bejergini – agyz boşlugyny zyýansyzlandyryjy erginler bilen çaýkamaklyk, HÝÝ-bejergi, sollýuks ulanylýar. Agyryny we sülekeý bölünip çykyşyny azaltmak üçin atropin bellenýär (0,1 % ergininiň 5-10 damjasy ýa-da 0,5 ml deriasty sanjymy). Agyry aýryjylaryň (analgin, baralgin) we spazmolitikleriň (spazmalgon, nasagin) sanjymlary näsaglaryň çekýän ejirlerini ýeňledip biler. Sülekeý mäziň akabasynyň dürtgüç bilen barlanmagy, onuň agyrysyzlandyryja garylan antibiotik erginini ýuwaşlyk bilen goýberip ýuwulmagy netijesinde goýy iriňli sülekeý çykmagy näsagyň ýagdaýynyň oňatlaşmagyna ýardam edýär. Çişme hadysa agyrlaşyp geçende (gitdigiçe güýçlenýän sorkuldyly agyrylaryň ýüze çykmagy) düýpli däl hirurgik amala – äňasty sülekeý mäzi kesip ýarmaklyga ýüz urýarlar we soňra iriň çykaryjyny ulanýarlar. Äňasry sülekeý mäziň ýiti çişmesiniň sebäbi köplenç akabanyň sülekeý daşy bilen petiklenmegidir. Äňasty sülekeý mäziň amal bejergisiniň usuly aýratynlyklary «Sülekeý-daş keseli» bölüminde beýan edildi.

## 10.03. Sülekeý mäziň üznüksiz mahsusy däl Çişme keseli

Üznüksiz mahsusy däl çişme keseli köplenç ***gulakýany sülekeý mäzde*** duş gelýär. Sülekeý mäzleriň üznüksiz çişme keselleriniň üç topary bolýar: özen, özenara we akabaiçre. ***Sülekeý mäziň özeniniň üznüksiz çişmesine*** mäziň anyk çäkleri bolan ýellenmegi, çykaryjy akabadan iriň gatyşykly bulanyk sülekeý çykmagy häsiýetlidir. Rentgen görkeziji serişde bilen alnan suratda onuň häsiýetli bolan salkym görnüşli ýygnanmagy görünýär. Munuň ýaly görnüş mäziň özeninde uzak wagtyň dowamyndaky çişme-zaýalanma hadysanyň we çäkli iriňli ojagyň emele gelmeginiň netijesidir. Ýuwaş-ýuwaşdan mäz dokumasy birleşdiriji dokuma bilen çalşylýar. Sülekeý mäziň özeniniň üznüksiz çişmesi wagtal-wagtal döreýän ýitileşmeler bilen geçýär. ***Gulakýany sülekeý mäziň üznüksiz özenara çişmesi*** özenini zeperlemezden, mäziň bölekleriniň arasyndaky birleşdiriji dokumanyň ösüp ulalmaklygy bilen häsiýetlendirilýär. Keseliň şu görnüşinde sülekeý mäziň göwrümi ulalýar. Ulalan sülekeý mäz, adatça, agyrysyz, ýumşak dykyzlykly, onuň sülekeý çykaryjylyk işjeňligi belli bir derejede bozulyp biner.

***Üznüksiz akabaiçre çişmesiniň*** sebäpleri doly anyklanylmadyk, köp-lenç gartaň adamlarda duş gelýär, gulakýany çeýneýiş sebitde ýiti we duzly iýmitden soň wagtal-wagtal döreýän ýellenme görnüşinde häsiýetlendirilýär, kähalatlarda alamatsyz hem geçip bilýär. El bilen barlagda gulakýany akabanyň ýa-da mäziň haýsy-da bolsa bir ýerinde agyrysyz zolak ýellenme ýüze çykarylyp bilner, basylanynda bulançagrak sülekeý çykýar we ýellenme aýrylýar.

Üznüksiz mahsusy däl sülekeý mäz çişmesiniň ýitileşmesinde, ýiti görnüşdäki ýaly ***bejergi*** çäreler geçirilýär. Ýitileşme däl ýagdaýynda çyka-ryjy akabany ýokanja garşy dermanlaryň, himotripsiniň erginleri bilen ýu-wýarlar we bu çäre birleşdiriji dokuma lagtalary dargadýar, goýalan sü-lekeýi suwaldýar hem-de onuň akyp çykmaklygyny ýeňledýär. Sülekeý çykaryjylyga ýardam bermeklik üçin biraz gyzdyrylan nowokaini (50-60 ml, 0,5% ergin, 10-12 gezek) mäzi

gurşap alan dokumalara sanjyp çykýarlar, galantamin ýa-da prozerin (1,0 ml 0,5% suw erginleri deriasty, bir bejergi tapgyry üçin 30 sanjym), mäziň galwanizasiýasyny (30 gezek) ulanýarlar.

Rentgen şöhle bejergi oňat netije berýär. Bir bejergi tapgyryna 10-15 Gr belleýärler. Amalsyz bejergi netijesiz bolanda ýüz nerwiniň şahalaryny saklamaklyk bilen gulakýany sülekeý mäziň doly ýa-da bölekleýin aýrylmagyny geçirýärler. Ýaýraň iriňli çişme hadysasy dörän ýagdaýynda ýerleşýän ýerine baglylykda gerek bolan kesim geçirilýär.

## 10.04. Sülekeý – daş keseli

Kesel has ýygy duş gelýär. Sülekeý mäzlerinde daşlaryň emele gelmegi käbir alymlaryň pikiriçe çişme hadysalar bilen baglanyşykly, başgalaryň pikiriçe - mäzleriň we olaryň akabalarynyň içine düşen özge jynslaryň bardygy bilen baglanyşykly. Sülekeý–daş keseli bolan näsaglaryň ganynyň suwuk böleginde kalsiniň ýokary mukdary ýüze çykarylyp, bu bedeniň mineral çalşygynyň bozulmasyna şaýatlyk edýär. Sülekeý-daş keseli bilen köplenç äňasty sülekeý mäz, has seýrek – gulakýany mäzi ze-perlenýär. Türkmenistan boýunça ýatymlaýyn hirurgik stomatologiýa bölüminde sülekeý mäzleriň çişme keselleriniň arasynda bu kesel 48,5% ýüze çykaryldy. Şeýle hem geçirilen barlaglarda sülekeý-daş keseliniň aglaba ýagdaýda äňasty sülekeý mäzde, seýrek-gulakýany sülekeý mäzde (degişlilikde 90,1% we 9,9%) duş gelýänligi ýüze çykarylan. Sülekeý daşynyň emele gelmegi bilen döreýän mäzdäki çişme hadysa sülekeý-daş keseli diýlip atlandyrylýar. Sülekeý daşlarynyň görnüşleri we ölçegleri köpdürlüdir we olar onuň ýerleşişine baglydyr. Akabalarda emele gelýän daşlar adatça uzyn, mäzleriň içindäkiler-togalak ýa-da süýri görnüşli bolýarlar (*38-nji surat*). Has uly sülekeý daşlary äňasty sülekeý mäziň akabasynyň başlanýan ýerinde emele gelýärler. Sülekeý-daş keseliniň geçişi daşyň ýerleşişi we keseliň döwri bilen kesgitlenilýär. Mäziň çykaryjy akabasynyň başlanýan ýerinde ýerleşen uly bolmadyk daş bildirmän hem biler ***(uýgunlaşan döwür)***. Eger-de daş nahar iýlenin-

den soňra gysga wagtlyk sülekeý çykmagyna päsgelçilik döredýän bolsa, mäziň biraz ulalmagy ýüze çyksa we nahar iýlip gutarlanyndan soňra birden köp mukdarda sülekeý çykyp biler ***(aram uýgunlaşan döwri)***. Emma uly bolmadyk daş akabanyň öň ýa-da orta böleklerinde ýerleşse sülekeý çykaryjylyk bozulýar hem-de çişme hadysa döreýär. Nahar wagty güýçlenýän ýiti sanjyly agyrylar döreýär. Agyrylar bilen bir wagtda mäz hem ulalýar. Sülekeý-daş keselinde adatça mäziň üsti gaty we büdür-südür. El barlagynda äňasty sülekeý mäziň üstüne goşulan ulalan gän düwünleri kesgitlenýär. Dilasty oklawjyk has gataňsy we çykaryjy akabanyň sebitiniň nemli bardasy has gyzaran. Owkalanan we mäz basylan ýagdaýynda çykaryjy akabadan iriň çykýar (uýgunlaşmasyz döwri). Daş mäziň içinde ýerleşende kesel az alamatly geçip biler. Daş kä-wagt tötänlikde, rentgen barlag geçirilende ýüze çykarylýar.




**38-nji surat.** Sülekeý daşlary. *a* – mäziň içinde emele gelen daş; *b* – akabanyň içinde emele gelen daş.



*a*



*b*

**39-njy surat.** Sülekeý daşlaryň rentgen şekilleri:
*a* -sag tarap äňasty mäziň daşy;
*b*- çep tarap äňasty mäziň akabasyndaky daş.

Sülekeý-daş keselini ***anyklamak*** üçin näsagyň nahar wagty äňasty sülekeý mäziniň ulalýanlygyna bolan arzynyň uly ähmiýeti bardyr.

Daş äňasty sülekeý mäziň çykaryjy akabasynyň öň we orta bölekle-rinde ýerleşende ony iki el bilen geçirilýän barlag arkaly aňsat ýüze çykaryp bolýar. Şeýle hem keseli anyklamak üçin rentgen barlagyň wajyp ähmiýeti bardyr (39-nji a surat), aýratyn hem agyziçre usulda agyz boşlugynyň düýbüniň rentgen suraty alynsa. Agyziçre alnan su-ratlarda daşyň kölegesini aşaky we ýokarky äň süňklerine düşürmän bolýar (*39-njy b surat)*.

Düşnüksiz ýagdaýlarda (az rentgen şöhle görkezýän, ýumşak daş) ýodolipol bilen sülekeý mäziň akabalarynyň rentgen barlagy amala aşyrylýar. Rentgen suratda daşyň görnüşine we onuň ýerleşi-şine gabat gelýän rentgen görkeziji serişde bilen dolan boşluk ýüze çykarylýar. Ýiti çişme hadysa bolanda rentgen görkeziji serişde bilen sülekeý mäziň barlagyny geçirmekden saklanýarlar.

***Bejergisi.*** Daş äňasty sülekeý mäziň esasy akabasynda ýerleşe-ninde ony dil nerwiniň sebitleýin agyrysyzlandyrmasy bilen agyz içre kesim arkaly aýyrýarlar. Akabany töwereginiň ýumşak dokumalary bilen bilelikde daşyň aňry ýanyndan ýogyn sapak bilen daňýarlar. Soňra akaba girizilen dürtgüç boýunça agyz boşlugynyň nemli barda-syny we akabany kesýärler. Daşy hirurgik çemçejik ýa-da timarlaýjy bilen aýyrýarlar. Soňra akaba goýlan tikin sargyny aýyrýarlar, aka-bany zyýansyzlandyryjy erginler (furasilin, riwanol) bilen ýuwýarlar. Ýarany tikmeýärler, onuň içine rezin ellikden ýasalan inçe zolak iriň çykaryjyny salýarlar hem-de ony ýaranyň gyrasyna tikin bilen ber-kidýärler. Daş mäziň ýokarky böleginde ýa-da akabanyň başlanýan ýerinde ýerleşeninde hem amaly agyziçre usul bilen amala aşyryp bolýar. Amalyň şowlulygy köp babatda kömekçä baglydyr. Ol bir eli bilen äňasty sülekeý mäzi öňe we ýokaryk iteklemeli, beýlekisi bilen bolsa gural arkaly dilini garşy tarapa süýşürmeli. Gulakýany sülekeý mäziň ýeke ýerleşen daşyny ýüz nerwiniň şahalarynyň ugry boýun-ça geçirilen agyzdan  daşary, deri kesimleri arkaly aýyrýarlar. Süle-keý daşlary aýrylandan soňra suwuk we turşy iýmit, pilokarpiniň er-gini, fiziki bejergi (HÝÝ elektrik meýdany, gury ýylylyk) bellenýär. Äňasty sülekeý mäzde birnäçe ownuk daşlaryň bolmaklygy, mäziň daş-töwereginiň bertik üýtgemeleri, şeýle hem keseliň ýygy-ýygydan gaýtalanyp durmagy äňasty sülekeý mäziň kesilip aýrylmagyna gör-kezmedir (40-njy surat).




**40-njy surat.** Äňasty sülekeý mäziň aýrylyşy.
*a* – deri kesimi; *b* – boýnuň deri asty muskulynyň kesilişi; *ç* – ýüzüň gan damarlaryny daňmaklyk; *d* – mäziň çykarylyşy; *e* – çykaryjy akabanyň daňylyşy we kesilişi; *ä* – ýaranyň gatma-gat tikilişi.

## 10.05. Sülekeý mäzleriň Reaktiw - distrofiýa keselleri

Sülekeý mäzleriň reaktiw-distrofiýa üýtgemeleri birnäçe kesel ýagdaý-lar görnüşinde ýüze çykýar (akdyryp çykaryjylyk we suwuklyk bölüp çykaryjylyk işjeňlikleriň bozulmalary, sülekeý mäzleriň ölçegleriniň ulalmagy).

Sülekeý mäzleriň reaktiw-distrofiýa keselleri hemişe başga synalaryň zeperlenmeleri bilen duş gelýärler. Bu keseller Mikuliçiň we Gužer-Şegreniň keseli ýa-da alamatlar toplumy (sindromy) görnüşinde ýazylan.

### 10.05.1. Agyz suwlanmagy

Bu keselde sülekeý mäzleriň suwuklyk bölüp çykaryjylygynyň ýokarlanmagy bolup geçýär we bu ýagdaý dürli keseller bilen baglanyşyklydyr. Mysal üçin, bu ýagdaý agzyň nemli barda çişmesin-

de (stomatitlerde), diş sebäpli çişme kesellerde, aşgazanyň we on iki barmak içegäniň baş kesellerinde, gurçukly kesellerde, gurşun, simap bilen zäherlenmede, göwrelilik zäherlenmesinde duş gelýär. Parasimpatik, çet ýer we merkezi nerw ulgamynyň keselleri-de agyz suwlanmagyna getirýärler we ol gyjynma jogap duýujylygy görnüşde ýüze çykýar; aýallara garanyňda erkeklerde ýygy duş gelýär.

## 10.05.2. Agyz guraklygy

Kesel sülekeýiň az suwuklyk bölüp çykarmagy bilen häsiýetlendirilýär, adatça, köp duş gelýär we agyz boşlugynyň guramaklyk ýagdaýyna getirýär. Sülekeýiň az bölünip çykmagy wagtlaýyn alamat görnüşde ýiti ýokanç kesellerde: ganly içgeçmede, garyn garahassalygynda, sary getirmede döreýär; iýmit siňdiriş ulgamynyň käbir kesellerinde: aşgazanyň nemli bardasynyň üznüksiz çişmesinde (gastritde), bagyr-öt halta çişme keselinde ýüze çykarylýar. Suwuklyk bölüp çykaryjylyk käbir içki mäz bozulmalarynda: gipotireoz, gipogonadizm, kadaly jyns mäz işjeňliginiň peselmesinde, witamin ýetmezçiliginde, gan azlykda, nerw ulgamynyň kesellerinde hem peselýär.

## 10.05.3. Mikuliçiň keseli we alamatlar toplumy

Hemme sülekeý we gözýaş mäzleriň bilelikde ulalmaklygyna Mikuliçiň alamatlar toplumy diýip at berilýär.

Sebäpleri we döreýşi häzirki wagta cenli näbelli. Keseliň bolup biläýjek sebäbi diýip beýni madda çalşyk, içki mäzler we autoimmun bozulmalary hasap edýärler. Mäzleriň ölçegleriniň ulalmaklygy kiçi öýjükli özen birleşdiriji dokumanyň tutuşlaýyn ösüp ýaýramagy netijesinde döreýär. Ol leýkozda, limfogranulematozda, inçekeselde, merezýelde, içki mäz bozulmalarda ýüze çykýar.

***Keseliň görnüşi.*** Kesel hemme sülekeý mäzleriň ulalmaklary bilen häsiýetlendirilýär. Olar dykyz, agyrysyz, olary örtýän deriniň reňki üýtgemedik bolýar. Ulalan ýerleriň ýerleşişleri her bir sülekeý mäzine (gulakýany, äňasty, dilasty we agyz boşlugynyň nemli bardasy) mahsus-dyr (*41-njy surat*).



**41-nji surat.** Mikuliçiň alamatlar toplumy.



**42-nji surat.** Guzeriň-Şegreniň alamatlar toplumy

Rentgen görkeziji serişde bilen alnan suratda diňe adaty däl uly ölçegli mäzi görmek bolýar. Akabalaryň gurluşynda we özeniniň kölegesinde kadaly gurluşdaky mäzden başga haýsydyr bir üýtgeme ýüze çykarylmaýar. Kesel beterleşdigiçe özeniniň kölegesiniň takyksyzlygy döreýär; akabalar örän inçejik, endigan şekilli bolýarlar. Görkezilen alamatlar gitdigiçe beterleşýärler we haçan-da bolsa mäziň kölegesi çet ýerler boýunça kesgitlenilmeýän derejä çenli baryp ýetýär.

Gän ulgamynyň tutuşlaýyn zeperlenmesinde Mikuliçiň alamatlar toplumy gän ulgamynyň çişe dönmekligi bilen ýüze çykýar.

***Bejergisi*** uly kynçylyklar döredýär. Oňat netijeleri rentgen şöhle bejergisi berýär, emma gazanylýan bejergi netijesi durnukly däl. Nowokainiň gabaw sanjymlaryny geçirmek, galantamini ulanmak dokumalaryň alyş-çalşygyny gowulandyrýar we mäzleriň suwuklyk bölüp çykaryjylyk işjeňligine itergi berýär. Mäzlerde üznüksiz çişme dörän ýagdaýynda çişmä garşy bejergi geçirmek gerek (mäzleriň akabalaryna bakteriofag, ýokanja garşy derman goýbermek; daşyndan –dimeksid bilen ýapgylar we başgalar). Şeýle hem bejergi çäreleriň toplumyna bedeniň mahsusy däl goranyş ukybyny ýokarlandyrýan dermanlary: witaminleri, immun ýardamçy dermanlary, natriý nukleinatyny we başg. goşmaklyk gerek. Mundan başga-da bejergi geçirlen-

de böwregüsti mäziň gabygynyň gormon dermanlary (kortikosteroidler) hem ulanylýar.

### 10.05.4. Gužeriň-Şegreniň keseli we alamatlar toplumy

Kesel daşky suwuklyk bölüp çykaryjy mäzleriň - sülekeý, gözýaş, der, ýag, nem we başgalar utgaşykly ýetmezçiliginiň alamatlary bilen häsiýetlendirilýär.

***Keseliň sebäbi we döreýşi az öwrenilen.*** Bu keseliň döremeginde ýokançlara, içki mäz bozulmalaryna, özbaşdak (wegetatiw) nerw ulgamynyň we immun durumyň işjeňliginiň bozulmalaryna belli bir orun degişlidir diýip pikir edýärler. Bu kesel babatda iki sany görnüşi ýüze çykarýarlar: Gužeriň-Şegreniň alamatlar toplumy (sindromy) - daşky suwuklyk bölüp çykaryjy mäzleriň hemmesiniň işjeňlikleriniň bozulmagy ulgamlaýyn deri gyzylgurt keselinde, ulgamlaýyn sklerodermiýada, rewmatoid poliartritde we beýleki autoimmun kesellerde ýüze çykýar; Guzeriň-Şegreniň keseli - şonuň ýaly kesel görnüşi autoimmun bozulmalar esasynda döreýär.

***Keseliň görnüşi.*** Gužeriň –Şegreniň keselinde we alamatlar toplumynda sülekeý mäzler tarapyndan keseliň alamatlary köp dürlüdir. Bu sülekeý mäzlerdäki bozulmalaryň başga synalaryň (iýmit siňdiriş, görüş, içki mäzler, bogunlar) we dokumalaryň (birleşdiriji dokuma we başg.) ze-perlenmekleriniň utgaşmagy bilen kesgitlenilýär. Keseliň alamatlary döw-rüne (başlangyç, doly ýüze çykan, giçki), onuň geçişiniň we kesel seljeriş barlag görkezijileriniň güýçlüligine (işjeň we işjeň däl geçişi) baglydyr.

Näsaglar agyz boşlugynyň guraklygyna, gulakýany mäzlerde wagtal-wagtal döreýän ýellenmä, umumy gowşaklyga, tiz ýadamaklyga arz bildirýärler. Kähalatlar-da bolsa gözüň guraklygy, ýagtylyk gorkusy, gözlere çäge düşen ýaly duýgy ýüze çykýar; soňra näsag gulakýany mäzleriň we seýrek äňasty mäzleriň ulalmagyny ýüze çykarýar. Bu ýagdaýda käwagt näsag rewmatolog lukmanda bogun keselleri, ulgamlaýyn deri gyzylgurt ýa-da sklerodermiya boýunça hasapda duranlygyny aýdýar.

Kesel gowşan döwründe gulakýany mäzler köplenç ulalan,

dykyz, büdür-südür, agyrysyz bolýar (*42-nji surat*). Adatça mäzler jübüt zeper-lenýärler. Bu ýagdaýda käwagtlar gän düwünleri hem ulalýar. Mäzleriň ulalmagy wagtal-wagtal has-da artýar; mäzleriň ulalmagy umumy ýagdaýynyň erbetleşmegi bilen geçýär. Ýitileşme bedeniň ýokary gyzgyny, akabalardan nemli –iriňli suwuklyk çykmagy bilen agyr geçýär. Rentgen görkeziji serişde bilen alnan suratda mäzde şekilleri doly aýdyň bolmadyk dürli ölçeglerdäki boşluklar kesgitlenilýär; özeniniň şekili kesgitlenmeýär. Mäziň kiçijik akabalary kesilýärler, hemme ýerinde kesgitlenmeýärler; gulakýany we äňasty mäzleriň akabalarynyň şekilleri endigan düz we aýdyň däl.

Rentgen görkeziji serişde bilen alnan surat boýunça Gužeriň-Şegreniň keselinde we alamatlar toplumynda, köplenç, sülekeý mäziň özeniniň üznüksiz çişmesi görnüşinde geçýändigini bellemek bolýar.

***Bejergisi*** guragyry keseller (rewmatologiýa) bölüminde geçirilýär. Gužeriň-Şegreniň keselinde we alamatlar toplumynda döreýän sülekeý mäziň üznüksiz çişme keseli we agyz guraklygy bejerlende sülekeý mäzlere we agyz boşlugynyň nemli bardasyna täsir etmegiň ýerli usullarynyň birnäçesi: dimeksid, nowokain sanjym gabawlary, fiziki usullar we başgalary teklip edilen.

***Keseliň öňüniň alnyşy we çaklamasy*** aşakdaky çärelerde jemlenendir: durmuşda we işde umumy we hem-de arassaçylyk düzgünleri berjaý etmeklik; yzygider gözegçilik we wagtal-wagtal geçirilýän toplumlaýyn derman bejergisi onuň oňaýly geçmegine getirýär. Näsaglar yzygiderli bejergi gözegçiliginde saklananda keseliň uzak wagtlap gowşamasyny gazanmak bolýar, näsaglar zähmete ukyply bolup galýarlar.

# 11-NJI BAP

## ÄŇ-ÝÜZ SEBITIŇ ÝARALANMALARY WE ŞIKESLERI

Adam bedeniniň ýaralanmalaryna häsiýetli bolan umumy kanunalaýyklyklardan başga-da, ýüziň we äňleriň şikesleriniň görnüşiniň we geçişiniň bu sebitiň gurluşyna we fiziologiýasyna bagly bolan bir-

näçe aýratynlyklary bar. Jana wajyp synalaryň (kelle beýni we oňurga, ýokarky dem alyş ýollar, gözler, gulaklar, uly gan damarlar) äň-ýüz sebitde ýerleşmegi ýa-da oňa ýakynlygy käbir halatlarda ýaralanmalaryň geçişine we olaryň netijelerine öz täsirini ýetirýär.

Ýaralananyň aňynyň ýitmegine getirýän kelle beýniniň sarsgyny we möçükmesi seýrek bolmadyk halatlarda agyr gaýra üzülmelere we oňaýsyz netijelere getirmek bilen, onuň umumy ýagdaýyny agyrlaşdyrýar.

Äň-ýüz sebitiniň ýaralanmasy bolanlara ilkinji lukman kömegini bermegiň esasy wezipesi jan howpy boýunça kömek bermekdir, ýagny gan akmany saklamak, demikmäniň we şogyň (özünden gitmeginiň) öňüni almak hem-de olara garşy göreşmekdir. Ejir çekende ygtybarly ulag berkitmesini amala aşyrmaly we ýokançlar täsiri netijesinde gaýra üzülmeleriň döremeginiň öňüni alýan şertler döredilmelidir.

## 11.01. Gan akmagy saklamak

Äň-ýüz sebitiň gan damarlarynyň giň ýaýraňlygy ýüziň zeperlenmeleriniň güýçli ganamagynyň sebäbi bolýar.

Gan akma diňe bir daşky ýa-da agyz boşlugyna tarap bolman, eýsem-de çuňňur dokumalarynyň aralaryna hem (gizlin gan akma) bolup biler. Seýrek bolmadyk halatlarda agyz boşlugynyň çuňňur içindäki ýumşak dokumalaryň ýaralanmalary (ýumşak kentlewik, diliň köki we başgalar) ejir çekeniň akýan gany ýuwdunyp durmagyna getirýär. Bu ýagdaý käwagt görnip duran gan akma bolmazdan köp gan ýitgisine getirýär.

Kiçi damarlardan (kapilýarlardan) gan akmalarda ýaranyň içine hasa dykalamagy we basyp duran sargy goýmagy (eger-de bu demikme howpyny ýa-da äňleriň döwük bölekleriniň süýşmekligini döretmese) amala aşyryp bolar. Basyp duran sargy bilen äň-ýüz sebitiň ýaralanmalarynyň aglaba gan akmalary saklanyp bilner.

Daşky uky arteriýanyň uly damarlary zeperlenende (dil, ýüz, ýokarky äň we ondan bölünýän aşaky äň arteriýalary, ýüzleý çekge arteriýasy) gaýra goýulmasyz kömek - gan akmanyň wagtlaýyn saklanmagy, barmak bilen basyp amala aşyrylyp bilner (43-nji surat).



**43-nji surat.** Umumy uky arteriýany barmak bilen basmaklyk.
*a* – galkan şekilli ketirdewügiň ýokarky gyrasyny tapmaklyk;
*b* – uky arteriýany basmaklyk.

Ýüzleý çekge arteriýanyň zeperlenmesinde şikeslenen damary gulak serkesiniň öňünden we ýokarsyndan duluk ýaýyna basmaly.

Ýüz arteriýasynyň ganamagyny saklamagy bu damary esasy çeýneýiş ezeläniň (muskulyň) aşaky äňe birleşmesiniň öňünden aşaky äňiň gyrasyna basmak bilen amala aşyrylýar

Dil, ýokarky äň we aşaky äň arteriýalardan gan akmalary diňe zeperlenme tarapdan daşky uky arteriýa gysga wagtlyk basmaklyk bilen saklamak bolar. Gan akmanyň gutarnykly saklanylmagy üçin ýaranyň içinde damar daňylyp bilner. Emma beýle etmeklik ýaranyň içinde ganaýan damary tapmak kyn bolanlygy sebäpli, onda-da agyz boşlugyndaky gan akmalarda, hemişe başa barmaýar. Güýçli gan akma bolan beýle ýagdaýlarda damary belli bir daşlykda daňmaga ýüz urýarlar. Köp halatlarda gan akma daşky uky arteriýanyň şahalarynyň zeperlenmelerinde ýüze çykýar we bu damarlary olaryň bölünip aýrylýan ýerlerinde daňmak, kä wagt bolsa uky arteriýanyň daňylmagy gan akmanyň ygtybarly saklanmagyna getirýär. Daşky uky arteriýanyň daňylmagy bedeniň umumy ýagdaýyna, adatça, täsir etmeýär. Kä wagt haýsy uky arteriýadan (ýa-da onuň şahasyndan) gan akma döränligini anyklamak kyn bolýar.

Takyklamak üçin uky arteriýany wagtlaýyn VI boýun oňurgasyna barmaklar bilen basmak gerek (çep tarap uky arteriýa basylanda) boýnuň gapdalynyň orta böleginde ýşarat ezeläniň (muskulyň) öňi

boýunça goýmaly we eliň başga barmaklary boýnuň yzyndan gelmeli. Barmak bilen uky arteriýanyň damar urgysy kesgitlenýär we boýun oňurgalaryna basylýar. Basylyşynyň güýji ýüzleý çekge arteriýada damar urgynyň ýitmegi bilen barlanyp bilner.

Iki taraplaýyn aňyrsyna geçýän ýaralanmalarda haýsy tarapda damarlar zeperlenendigini doly anyklamak başa barmaýar. Beýle ýagdaýlarda hem iki tarapdan uky arteriýany daňmaklyk gerek.

Agyz boşlugynyň güýçli gan akmasynda traheotomiýa (kekirdegiň emeli deşigini) döretmeklige ýüz urýarlar we soňra hasa bilen agyz boşlugyny we damagy berk dykalaýarlar. Ejir çekeniň iýmitlenmegini üpjün etmek üçin hasa bilen dykalanmadan öňünçä aşgazana inçejik polihlorwenil ýa-da rezin lüle geçirmegi maslahat berýärler.

Gan ýitgisine garşy bejergini umumy kabul edilen düzgünler boýunça amala aşyrýarlar.

## 11.02. Demikmäniň öňüni almak

Ýüze çykýan demikmäniň ilkinji alamatlarynda (dartgynly, garyn içine dem alyş, burun ganatlarynyň giňelmekleri, gapyrgara ýerleriň we boýuntyryk çukurjygyň çekilmegi, dem alyş hereketine goşmaça muskullaryň gatnaşmagy, ýüzüniň gögermegi, ejir çekeniň biynjalygy we onuň oturjak bolmagy) bu agyr gaýra üzülmäniň döremeginiň sebäbini anyklamak gerek. Demikme has köp ýagdaýlarda diliň basylmagy (yza süýşmegi) bilen döreýär we bu köplenç aşaky äňiň eňek böleginiň köp süňk bölekli döwüginde (ýa-da eňek deşikleriň ugry boýunça geçýän iki taraplaýyn döwüginde) hem-de süňk bölekleriň aşak we yza süýşmekligi netijesinde ýüze çykýar. Demikmäniň bu görnüşi – ***ýerinden süýşme (dislokasion) demikme*** bilen göreşmegiň netijeli usullarynyň biri dili ýüpek sapak bilen berkitmekdir. Dil boýunça dik ýa-da kese sapak geçirilýär (onuň ujyndan 1,5-2 sm yzda), ondan soňra diliň ujy diş hatarlaryň deňesine çenli çekilýär, ýüpek sapak bolsa boýna ýa-da gaty sapança şekilli sarga berkidilýär.

Agyz boşlugynyň ykjam gözden geçirilmegi, gan lagtalarynyň we özge jynslaryň aýrylmagy ***petiklenme (obturasion) demikmäniň*** öňüni alýar. Haçan-da damaga girelge ýumşak kentlewigiň, damagyň yzky diwarynyň ýumşak dokuma kesim bölegi (loskut) bilen ýapylan-

da ***gabsajykly (klapan) demikme*** howpy ýüze çykýar. Sallanyp duran dokumalary galdyrmak we tikip berkitmek , çykgynsyz ýagdaýlarda kesip aýyrmak bu howpy aradan aýyrýar. Ýüze çykýan demikmede gyssagly ýagdaýda traheotomiýa (emeli kekirdek deşigi ) geçirmek görkezlendir.

***Demikmäniň gysylma (stenoz)*** görnüşi şikesden biraz soňraky döwürde döreýär we ol kekirdegiň ýellenme, dokumalar arasyndaky (nemli barda asty ýerleşen) gan ingisi (gematoma), boýnuň dokumalarynyň arasyna düşen howa (emfizema) bilen gysylmagyna baglydyr. Munyň ýaly gaýra üzülme döremek howpynda kekirdek içine lüle salmaklyk ýa-da traheotomiýa geçirmek gerekdir.

***Demine maddalaryň düşmegi netijesinde döreýän (aspirasion) demikme*** agyz boşlygyndaky gan akma ýeterlik saklanmadyk, ýaralanany ulagda alyp gidenlerinde nädogry ýatyranlarynda, gusyk maddalarynyň dem alyş ýollaryna düşmegi netijesinde döräp biler. Demikmäniň bu görnüşinde lüläni kekirdege girizmeli we sorujy enjamyň ýa-da sanjawajyň kömegi bilen ondan gany we gusuk maddalary sordurmaly.

Demikmäniň öňüni almagyň iň bir degerli we netijeli usuly ejir çekene dogry hal-ýagdaýy bermekdir (ýüzini aşak edip ýa-da şikeslenen tarapyna kellesini öwrüp gapdalyna ýatyrmak), aýratyn hem bu ýagdaý ýaralanma onuň aňynyň ýetmekligi bilen geçýän bolsa has wajypdyr (*44-nji surat*).



**44-nji surat.** Agyz boşlugyny we damagy sülekeýden, gandan, gusuk maddalardan we özge jynsdan arassalamak bilen dem alyş ýollarynyň geçirijiligini dikeltmeklik.

## 11.03. Şok (özünden gitmegi)

Şok üçin bedene wajyp işjeňlikleriniň hemmesiniň düýpli peselmegi häsiýetlidir. Şogyň döremeginiň sebäpleri agyry, gan we gan

aýlanşynyň ýitgisi, zeperlenen dokumalardan protein dargamasynyň önümleriniň zäherlenmesi degişlidir. Äň-ýüz sebitiň şikeslerinde şok köplenç ýokarky äňiň döwüklerinde, aşaky äňiň we beýleki süňkleriň birnäçe döwüklerinde, utgaşykly şikeslerde döreýär. Şok ýagdaýyndaky näsagyň daşky görnüşi deri örtükleriniň solak reňki, sowuk der basmagy, ýüzleý wenalaryň bildirmezligi, umumy gowşaklyk bilen häsiýetlendirilýär. Aňy saklanan bolýar, emma näsaglar haýal gepleýärler ýa-da soraglara asla jogap bermeýärler. Bakyşy biperwaý bolýar, göreçleri giňelýär we ýagtylygy haýal duýýar, damar urgysy çaltlaşan, sazlaşyksyz, sähelçe bildirýän, pes dolyjylykly. Beden gyzgyny we arterial gan basyşy (A G B) peselýär. A G B peselmesiniň derejelerine baglylykda şogy dürli derejelere bölýärler: I - takmynan 90 mm , I I - 70-90 mm , I I I - 50-70 mm we V I - 50 mm-den pes.

***Gaýragoýulmasyz kömek.*** Näsagy düşekde ýatyrmaly we ýuwaşlyk bilen bedenini ýylatmaly. Ganakma gaýragoýulman we mümkin boldugyça az şikes ýetiriji usullar bilen saklanmalydyr. Dem alyşyna ygtybarly gözegçiligi ýola goýmaly we arassa howadan ýa-da kisloroddan dem almagyny üpjün etmeli. Netijeli agyry aýryjy serişde ulanylýar. Ýürek-damar serişdeler (ýürek glikozidleri bolan 0,5 ml strofantiniň 0,25-% erginini ýa-da 1,0 ml korglukonyň 0,06% erginini 10-20 ml göwrümde glýukozanyň 40% ergininde goýberilýär) bellenýär. Ýiten gan göwrümini dolmaklyk üçin 500-1000 ml 5-10% glýukoza erginini damar içine damjalaýyn goýbermeli. Gan lagtalaýjy 2,0-4,0 ml desinony damar içine; 5,0-10,0 ml kalsiý hloriniň 10% erginini, damar içine; Agyr ýagdaýlarda damar daraldyjy serişdeler – 0,5 ml adrenaliniň ýa-da noradrenaliniň 0,1% erginini 10,0 ml göwrümde glýukozanyň 10% ergininde damar içine goýberýärler, emma bu serişdeleri damarlary daraldyp beýniniň, ýüregiň, böwrekleriň, bagryň gan aýlanyşygyny peseldýändikleri üçin mümkin bolsa ulanmak maslahat berilmeýär. Agyr ýagdaýlarda kortikosteroid gormon serişdeleri damar içine ulanýarlar (prednizolon, deksazon, deksemetazon). El - aýaklarynyň ýylamaklygy we bedeniniň reňkiniň kadalaşmagy oňat alamat bolup, gan ýitgisiniň degerli derejede öweziniň dolunanlygy barada şaýatlyk edýär .

## 11.04. Äň-ýüz sebitiniň şikesi bolanlary ulagda alyp gitmeklik

Ýaralananlara ilkinji kömek berlenden soňra olaryň aglabasy düzüminde hirurgik stomatalogiýa bölümleri (ýa-da ýatym ýerleri) bolan we äň-ýüz sebitiniň hirurglary – hirurg-stomatologlar işleýän hassahanalara eltilmelidirler. Ol ýerde bolsa doly göwrümde ýörüteleşdirlen kömek we bejergi berilýär.

Ulagda alnyp gidilmezinden öňünçä lukman näsagyň umumy ýagdaýyna baha bermelidir (näsagyň ulagda alnyp gidilmeginiň mümkinçiligi kesgitlenmelidir), şeýle hem ýolda gaýra üzülmeleriň, ilkinji nobatda bolsa gan akma we demikme döremezliginiň öňini almak üçin hemme çäreler görülmelidir.

Gan akmagynyň öňüni almagyň iň bir ýönekeý, emma netijeli usullarynyň biri ýaralanany oturan ýagdaýynda ulagda alyp gitmeklikdir we bu ýagdaýda äň-ýüz sebitiniň zeperlenmesi bolanlaryň aglabasy ulagda alnyp gidilip bilner. Şeýle ýagdaýda ulagda alnyp gidilmekligi köp babatda demikmäniň hem öňini alýar.

Eger-de ejir çeken köp gan ýitirmekden ýa-da şokdan soňra huşynda däl bolsa, şeýle hem utgaşykly şikesler (ýaralanmalar) bolsa we ulagda ýatan ýagdaýynda alnyp gidilýän bolsa, onda olara amatly ýagdaý bermeli - ýüzin, kellesini gapdala öwrüp arkan ýa-da gapdalyna ýatyrmaly (*45-nji surat*). Eger-de diliň berkitmesi amala aşyrlan bolsa, onda onuň ygtybarlydygy ejir çeken ulaga mündirilmezinden (ýüklenilmeginden) öň hökman barlanmalydyr.



**45-nji surat.** Äň-ýüz sebitiniň şikesi bolanlary ulagda alyp gitmeklik.

Suw ýa-da howa ulagynda alynyp gidilende näsagyň gusmaklyk howpy hem-de onuň bilen baglanyşykly bolan maddalaryň demine düşme demikmesiniň döretmekük howpy ýüze çykýar. Bu ýagdaýda äňara sim berkitme aýrylan bolmalydyr (wagtlaýyn äňara sim berkitme, seýikleriň ilginçeklerine dakylan rezin halkalar). ýürek bulanmanyň («deňiz keseliniň») öňüni almak üçin ýaralanana «Aeron» gerdejigini içirmek maslahat berilýär.

Eger-de ejir çekeniň aşgazanyna lüle salnan bolsa, onuň berkidilişini barlamaly. Ony ýaňaga, burna, gulaga ýelimli ak hasa zolagy (leýkoplastyr) bilen berkidýärler, aşgazanyň içine gitmezligi üçin lüläniň ujyna hyrly dyky dakýarlar.

Agyz boşlugunyň ýaralanmalarynda köplenç sülekeý we ýara suwuklygy bilen sargy ezilýänligi hem-de ýylyň sowuk howaly döwründe dokumalaryň sowuk almagynyň öňüni almak üçin zeperlenen sebit ýeterlik derejede ýyladylmalydyr.

Ýaralananyň ýany bilen gidýän saglygy goraýyş işgäri uly arteriýalara barmak bilen basyp gan akmany wagtlaýyn saklap bilmelidir.

Eger-de ulagda alyp gitmekligiň wagty 4-5 sagatdan geçýän bolsa, äň-ýüz sebitine ýaralananyň ýany bilen gidýän saglygy goraýyş işgäri olara seretmegi we naharlamagy başarmalydyr; şeýle hem näsaga seretmek we naharlamak üçin serişdeler (rezin lüleli ýörite nahar gaby, agyz boşlugyny ýuwmaklyk üçin armyt şekilli jürdekli rezin pökgi) ýanynda bolmalydyr. Şeýle-de ýeterlik mukdarda näsaga gerek bolaýjak derman serişdeler bolmalydyr (şoga garşy derman serişdeler).

## 11.05. Äň-ýüz sebitine ýaralananlara wagtlaýyn (ulag) berkitmesini goýmak

Äňleriň zeperlenmesinde döwük böleklerini berkitmeklik ilkinji kömek bermegiň hökmany görnüşidir. Hat-da ýönekeýje, emma wagtynda amala aşyrlan berkitme äňleriň döwükleriniň gaýra üzülmeleriniň öňüni alýar, süňk bölekleriniň ýiti gyralarynyň damarlary zeperlemegi bilen döräp biljek gan akmany azaldýar ýa-da aradan aýyrýar, agyryny azaldýar. Äň döwük böleklerini berkitmeklik ýerinden süýşme demikmesiniň (dislokasion asfiksiýanyň) öňüni alýar we bejerginiň netijeli bolmagyna ýardam edýär. Ilkinji kömek berlende wagtlaýyn berkitmegiň iň bir elýeterli usuly kelle-eňek sapança şekilli sargy



*a* *b*

**46-njy surat.** Äňleriň döwüklerinde wagtlaýyn hasa sargylary.
*a* – aşaky äňiň döwüklerinde kelle-eňek sargysy; *b* – ýokarky äňiň döwüklerinde taýajygyň kömegi bilen goýlan sargy.

goýmakdyr. Taýýar hasa zolagy (bint) ýa-da ýara daňylýan özbaşdak hasa bukjasy (indiwidual paket) bolmadyk halatynda üçburç ýaglyk görnüşinde mata bölegini ulanýarlar (*46-njy surat*).

Sapança şekilli sargy aşaky äňiň döwüklerinde hem ulanylyp bilner. Ýumşak sapança şekilli sargy nah matadan we ýasy eşik rezin bö1eklerinden taýynlanyp bilner. Ony tikmek üçin A 4 ölçegli kacyzyň ½ böleginiň ölçegindäki (kelle telpejik bölegi üçin) we ⅛ böleginiň ölçegindäki (eňek sapança bölegi üçin) 3-4 gatly nah mata gerek. Ýokardaky ölçeglerde gatlanan matalary uzynlygynda epleýärler we onuň eplenen ýeriniň gyralaryndan üçburç şekilde artykmaç bö1egini kesip aýyrýarlar hem-de kesilen ýerleriň gyralaryny berk tikýärler. Şeýlelik bilen, uly we kiçi ölçegde okara şekilli mata bölekleri emele gelýär, olary bolsa 8-12 sm uzynlykdaky rezin bölekleriň kömegi bilen birleşdirýärler (her tarapdan 2 sany rezin zolagy) (*47-nji surat*). Ýokarky äňiň döwüginde sargynyň kömegi bilen aşaky äňi dişleriň biri-birine galtaşma ýagdaýyna getirip ýokarky äňiň aşak sallanan bölekleri (ýa-da äňiň tutyş özi) saklanýar we olaryň ýerinden süýşmekleriniň öňi alynýar. Emma kelle beýni şikesi bilen geçýän äňleriň döwüklerinde, aýratyn hem ýokarky äňiň döwüklerinde, demikmeleriň döremek howpy sebäpli sapança şekilli sargy goýlandan soňra näsag doly gözegçilikde bolmalydyr we onuň gusmaklygy ýaly alamatlar dörände sargy gowşadylmalydyr ýa-da aýrylmalydyr. Aşaky äňiň gyýak dişleriniň deňesindäki iki taraplaýyn döwüklerde



**47-nji surat.** Ülňüleýin taýýar sapan şekilli sargy.

sargynyň rezinleriniň dartylmagy süňk böleginiň ýerinden süýşmegine getirip we demikme döredip bilýänligi sebäpli sapança şekilli sargyny ulanmaýarlar.

Aşaky äňiň döwük bölekleriniň wagtlaýyn berkidilmesi üçin äňiň eňek bölegi görnüşinde galyň kagyzdan (kartondan), linoliumdan ýa-da ýuka deriden ýasalan sapança-seýik ulanylyp bilner. Hasa zolagy (bint) ýa-da bagjyklar arkaly kelle depesine berkidilen taýýar sapança seýik süňk bölekleriniň süýşmekliginiň öňüni alyp berk saklaýar.

Ýokarky äňiň döwüklerinde ony wagtlaýyn berkitmek üçin inçe tagtany (çyzgyç görnüşikdäki) ýa-da mala şekilli lukmançylyk guralyny ýa-da ony ýatladýan başga bir zady ulanmak bolar. Munuň ýaly seýik ýokarky äňiň dişleriniň aşagyna salynýar we onuň agyzdan çykyp duran gyralaryndan hasa zolagy (bint) ýa-da ýüp bilen kelle depesine berkidilýärler.

## 11.06. Ýüzüň ýumşak dokumalarynyň şikesleri

Ýüzüň ýumşak dokumalarynyň şikes zeperlenmeleri ulag heläkçiliginde, önümçilikde, sport türgenleşiklerinde, durmuşda we başga ýagdaýlarda döreýärler.

**Sypjyryklar** (ekskoriasiýa) deriniň ýüzleý gatynyň zeperlenmesi, ýiti ýa-da kütek zatlaryň täsiri netijesinde çyzylyp, sydyrdylyp ýüze çykýar we sähelçe kapilýar gan akma bilen gyzaryp duran çyzyk ýa-da zolak (çäklenen ýer) görnüşde bolýar. Ol tiz gan gemrejigi bilen örtülýär.

***Bejergisi***. Sypjyryk ýeri zyýansyzlandyryjy erginler bilen arassalanýar, furasiliniň 1:5000 ergini, wodorodyň öteturşysynyň ergini (spirt, ýodyň we ýaşyl göwheriň spirt erginleri bilen arassalamak zeperlenen ýeri güýçli gyjyndyryp ýakymsyz duýgylar, käbirleri bolsa deriniň meneginiň döremegine getirip bilýändikleri üçin oňaýly däl-

dir). Soňraky döwürde birnäçe sagadyň dowamynda emele gelen gan gemrejigine ýagly melhemler çalynýar (streptosid, furasilin melhemleri, solkoseril melhemi we başg,).

Sypjyryklar düýpli bejergini talap etmeýär we olar 7-10 gün dowamynda aýrylýarlar.

Ýumşak dokumalaryň **möçükmesi (ýenjilmesi)** äň-ýüz sebitiň şikesleriniň köp döreýän zeperlenme görnüşidir we munda deriniň bitewiliginiň bozulmasy döremeýär. Äň-ýüz sebitiň gurluşynyň aýratynlyklary sebäpli (gan damarlara baýlygy, öýjikli näzik dokuma gatlaklarynyň barlygy) gysga wagtda zeperlenen sebitiň ýellenmesi we gan inmesi emele gelýär. Gan ingi köplenç deriniň içine siňen gögümtil görnüşde bolýar.

Kähalatlar-da dokumalaryň gatlaklarynyň arasynda gandan dolan boşluk emele gelýär (gematoma). Seýrek bolmadyk ýagdaýlarda bularyň hemmesi ýüziň süňkleriniň bilelikde dörän zeperlenmesiniň (duluk süňküniň ýa-da onuň ýaýynyň, burun süňkleriniň döwükleri) üstüni basýar we şu sebäpli hem süňk döwüginiň wagtynda bilinmän galynmazlygy üçin aýratyn ünsli bolmak gerek. Ýüzüň ýumşak dokumalarynyň möçükmesi bolanda süňk döwüklerini ýüze çykarmak üçin (ýerli barlagdan başga-da) rentgen barlagynyň ähmiýeti has-da artýar.

***Bejergisi.*** Ýüzüň ýumşak dokumalarynyň möçükmesi, adatça, hirurgik arassaçylyk çäresini talap etmeýär. Onuň bejergisi zeperlenen ýeriň rahatlygyny döretmekde, 1-2 güniň (24-48 sagat) dowamynda ýerli sowuk täsiri (her 2-3 sagatdan, gije ýatan wagtyny hasaba almazdan, 7-10 min) buzly meşijegi tutmaklyk, şikesden 2-3 gün soňra ýyladyjy sargylar (kamfora, furasilin, strepiosid melhemi, kamfora ýagy bilen) we sakgyç çeýnemek bellenyär.

Onuň üstüniň derisiniň reňki ilki bada garamtyl gök bolýar, 2-3 günden soňra ol solup başlaýar we ýuwaş-ýuwaşdan (2 hepde dowamynda) ýaşylymtyl we sary reňke geçýär. Boşluga ýygnanan gan (gematoma) iriňlän ýagdaýynda äň-ýüz sebitiň abssesiniň ýa-da flegmonasynyň bejeriliş düzgünleri esasynda bejergi amala aşyrylýar.

**Ýaralar** äň-ýüz sebitiň ýumşak dokumalarynyň sikesleriniň hirurgik arassaçylygy talap edýän görnüşidir. Munda dokumalaryň bitewiligi bozulýar. Ýaralar dürli çuňlukda döreýärler we gan akma ýüze çykýar.

Ýaralaryň birnäçe görnüşi bolýar. ***Ýenjilen*** ýaralaryň, adatça, nädogry we mynjyran gyralary bolýar. ***Kesilen*** ýaralaryň göni çyzyk şe-



**48-nji surat.** Ýüzüniň çapylan ýumşak ýarasy bolan näsag.

kili we tekiz gyralary bolýar. ***Sanjylan*** ýara, adatça, kiçi we çüň bolýar. ***Ýyrtylan*** ýaranyň gyralary tekiz bolmaýar we dodagyň ýa-da ýaňagyň tutuş galyňlygynda bolup biler. Agyz boşlugyna geçýän ýaralara ***aňyrsyna geçýän*** ýara diýilýär we ol köplenç ok-däri ýaralanma netijesinde döreýär. Onuň dar girelgesi, ýara geçelgesi we giň çykalgasy bolýar. ***Çapylan*** ýara köplenç uly we çuňňur bolýar (köplenç süňke baryp ýetýär) (*48-nji surat*). ***Dişlenen*** ýaralarda gyralary ýyrtylan, diş yzlary bildirýär we köplenç dokumalaryň ýa-da synanyň belli bir bölegi bolmaýar. ***Kesilip gopan (skalpirlenen)*** ýaranyň gyralary we üsti tekiz bolýar we ol, köplenç, duluk, gaş sebitlerde, burunda, gulak ýelkeninde, kelleäniň saçly böleginde duş gelýär.

Ýüzüň ýumşak dokumalarynyň ýaralanmalarynyň esasy aýratynlyklarynyň biri-de zeperlenmäniň görnüşi bilen agyrlygynyň biri birine gabat gelmezligidir. Käwagt, dokumalaryň ýetmezçiligi ýa-da ony uly ýaly bolup görünýän ýaranyň açylyp duran gyralary ýerlerine goýlup tikilenden soňra şol wagt ýaralananyň keşbini üýtgedýär. Dokumalardaky ýalandan döreýän kemtikler deri-muskul kesim bölekleriň ýerinden süýşmegi we ýygrylmagy netijesinde döreýär.

Käbir ýaralarda özge jyns bölekleri galýarlar (demir, agaç, aýna bölejikleri we başg,). Metal jisimler, adatça, dürli ugurlar boýunça geçirlen rentgen barlagynda ýüze çykarylýar. Aýna bölejikleri rentgen suratda görünmeýärler we olaryň ýerleşýän ýerini agyry döreýän ýerler boýunça ýüze çykarýarlar, Adatça, özge jynslar ýokanç bilen hapalanan bolýar we olaryň ýerleşýän ýeriniň töwereginde ýumşak dokumalarda çişme hadysa ýüze çykýar (birnäçe günden).

Ýaranyň geçiş ýadaýyny ýerleşýän ýerinden we häsiýetinden başga-da ýellenmäniň ulalyşy, dokumalaryň ýetmezçiligi, ýaranyň burun ýa-da agyz boşluklaryna, ýokarky äň boşlugyna geçýanligi, damarlaryň, nerwleriň, sülekeý mäzleriň ýa-da yüzüň tebigy deşikleri-

niň (göz yşlary, agyz, burun deşikleri) zeperlenmeleri kesgitleýärler. Dodaklar zeperlenende ýara açyk bolýar we bu ýagdaý dokumalaryň ýetmezçiligi barada pikir döredýär. Munuň sebäbi hem agzyň töwerek muskulynyň ýygrylmagydyr we uly ýellenme döremegidir. Dil ýaralananda hem uly ýellenme döreýär, dil agzy doldurýar we bu näsagyň iýip-içmeginiň we geplemeginiň kynlaşmagyna getirýär. Diliň we dodaklaryň ýaralary güýçli agyry we gan akma döredýär. Uly ýellenme ýaňagyň we gulakýany-çeýneýiş sebitiň ýarasynda hem döreýär. Gulakýany sülekeý mäziň özeni (parenhimasy) ýa-da akabasy zeperlenende sülekeý deşigi döräp biler. Şunuň ýaly gaýra üzülme äňasty sülekeý mäz zeperlenende hem döreýär.

Ýaýraň damar ulgamynyň we baý nerw üpjüinçiliginiň, pes aýdyňlaşan öýjuk duzümli birleşdiriji dokumanyň barlygy sebäpli ýüzüň dokumalarynyň ýokary bilijilik ukyby bar. Şu sebäpli hem bedeniň başga ýerlerindäkiden ýüzüň ýarasynyň bilmekligi has oňaýly geçýär, ilkinji hirurgik arassaçylyk amalyny bolsa 72 sagada çenli geçirmeklik rugsat berilýär.



**49-njy surat**. Ýüzüniň ýarasynyň ilkinji hirurgik arassaçylygyndan soňra näsagyň suraty.

***Ilkinji kömek*** bermeklik näsagyň janyna gönüden-goni howpyň barlygyna baha bermekde we gerek bolan janlandyryş şäreleri geçirmekde jemlenendir. Eger-de ýaralanma diňe ýüzüň ýumşak dokumalarynda bolanda, onda ilkinji kömek ýarany oňa duşen hapalardan arassalamakda, gan akmany saklamakda we zyýansyzlandyrylan hasa sargysyny goýmakda jemlenendir. Bürmek keseliniň öňüni almak üçin ýörite derman ulanylýar. Eger-de ýara guduzlan ýa-da oňa müňkür bolunýan haýwan tarapyndan ýeririlen bolsa, ýyly akar suwuň aşagynda 3-5 min dowamynda sabynlap ýuwmaly, ýarany usullylyk bilen süpürmeli we zyýansyzlandyrylan arassa hasa sargy goýmaly.




**50-nji surat.** Ýara gural bilen tikin goýluşy we ulanylýan tikin görnüşleri. *a* – adaty düwünli tikin; *b* – düşekçe tikini; *ç* – dikleýin düşekçe tikini; *d* – iňňe gysgyjy bilen düwün goýluşy; *e* – ýönekeý yzygiderli tikin; *ä* – deri içre tikin.

Äň-ýüz sebitiň ýaralarynda berilýan ilkinji kömek ony amala aşyrýan lukmanyň hünär derejesine, üpjünçiligine baglylykda gutarnykly hem bolup biler (*49-njy surat*). Dürli tikin görnüşleri goýulýar (*50-nji surat*). Eger-de ýarada ilkinji hirurgik arassaçylyk amalyny geçirmek üçin ýörite şertleriň we lukmanyň hünär başarnygy ýok bolsa, gan akmany saklap zyýansyzlandyrylan arassa hasa sargysyny goýmaly we näsagy ýörüteleşdirilen bölüme ugratmaly. Näsagyň ýany bilen ugradyş haty bolýar (onuň doly derejede kabul edilen resmi görnüşde bolmagy hökman däl) we onda kesel kesgitlemesi, berlen bejergi kömeginiň göwrümi hem-de wagty görkezilýär.

## 11.07. Dişleriň şikesleri

### 11.07.1. Dişiň möçükmesi (ýenjilmesi)

Dişiň möçükmesi (şikes periodontidi) özbaşdak görnüşde duş gelip biler, emma köplenç ýüzüň we äňleriň şikesleri bilen utgaşykly duş gelýär. Kakylyp barlananda agyry ýüze çykarylýar. Ýerinden süýşmeginiň ýoklugy ony çykykdan tapawutlandyrýar: dişiň döwügini inkär etmek üçin dişiň agyziçre rentgen suratyny almaly.

***Berilýän kömek.*** 2-3 gün dowamynda agyry aýryjy dermanlar we dişe kakylyp barlanandaky agyry aýrylýança agyry agyz boşlugyny duzly suwa çaýkamak we owurtlap saklamaklyk bellenýär (seret: «*Ýiti ýa-da ýitileşen periodontidiň bejergisi*»). Soňraky döwürde şikes ýeten dişiň reňkine üns bermeli şikesden soňra dişiň täç böleginiň reňki ilki gyzylymtyl soňra bolsa reňki garalyp başlaýar (dişiň kök ujyndaky damar-nerw dessejiginiň gyrylyp diş mylkygynyň - pulpasynyň çüýremekligi netijesinde). Munuň ýaly ýagdaýda terapewt-stomatolog tarapyndan tertip boýunça dişiň boşlugy we akabalary arassalanyp petiklenmegi hökmandyr. Eger-de beýle edilmese we gaýra üzülmeleriň döremekligine we hat-da dişiň sogrulmagyna hem getirip biler.

### 11.07.2. Dişiň çykygy

Bu dişiň süýşmekligine getirip, onuň bagjygynyň we berkidilip saklanýan ýeriniň zeperlenmegidir. Köplenç ýokarky äňiň, seýrek aşaky äňiň süýt we hemişelik alyn dişleri çykyga sezewar bolýarlar. Diş öz öýjügi bilen baglanyşygyny ýitirende we ýumşak dokumalar bilen saklanyp duranda ýa-da öýjüginden gaçanda ***doly çykyk*** bolýar. Diş öz öýjügi bilen baglanyşygyny doly ýitirmän, yrgyldap, gapdala gyşaryp, garşydaş dişe tarap uzalyp duran ýagdaýynda ***doly däl çykyk*** ýüze çykýar. ***Çykyk kakylan*** görnüşde bolup biler we bu ýagdaýda diş äň süňküniň öýjükli böleginiň içine girýär, onuň boýy peselýär.

Kesel kesgitlemesini ýerli we rentgen barlagyň esasynda goýýarlar. Rentgen suratda dişiň kök yşynyň endigan bolmadyk giňelmesi, köküň diş öýjüginiň içinde ýerleşişiniň üýtgemesi ýüze çykarylýar.

***Bejergisi*** gyssagly ýagdaýda hirurg-stomatolog ýa-da başarnygy bar bolan stomatolog-lukman tarapyndan amala aşyrylýar. Diş çy-

kygy bejerlende lukmanyň hereketleri näsägyň ýaşyna, onuň umumy ýagdaýyna, şikes ýeriniň anyk ýagdaýyna, çagalarda bolsa - diş köküniň emele gelşiniň derejesine baglydyr. 2 ýaş 6 aýa çenli döwürde (eger-de süýt dişleriň kökleri emele gelmedik bolsa) *doly däl* çykykda dişi düzetmeklik we ony çalt gataýan plassmassa ýa-da ortodontiýa sim seýigi bilen gapdalyndaky dişlere berkitmek gerekdir. *Doly çykykda* dişi aýyrýarlar (berkitmeýärler). *Kakylan görnüşli çykykda* köküniň emele gelmeklik hadysasy netijesinde diş ösüp we berkleşip bilýändigi sebäpli diş diňe gözegçilik astynda alnyp bilner.

2 ýaş 6 aýdan 4 ýaş 6 aý aralygy döwürde, haçan-da süýt dişleriň kökleri doly emele gelende, *doly däl çykyklaryň* bejergisi ýokardaky ýaly geçirilýär. Bu ýaş döwründe süýt dişleriň kakylan görnüşli çykygynda bu dişleriň kökleri hemişelik dişleriň düwünçeklerine howp salýarlar (gelejekde dişleriň gyşyk çykmagyna, çykman gatamagyna, diş düwünçek kistalaryň emele gelmegi we başga ýagdaýlara getirip bilýärler). Şu sebäpli hem kakylan görnüşli çykan süýt dişleri sogurýarlar (diş güýçli çümüp duranda). 5 ýaşdan 7 ýaş aralygy döwürde süýt dişleriň kökleri ereýän ýagdaýynda bolýarler. Bu döwürde, köplenç, *doly çykyklar* bolýar we beýle dişleri sogurýarlar (ýa-da ýerine berkitmeýärler). Çykykda dişiň damar-nerw dessejigi gyrylyp we diş dokumalarynyň gan lagtaly bitigi döräp bilýär. Şu sebäpli hem berkidilenden soňra ýerinde saklanyp galan dişleri wagtal-wagtal (1-2 hepdeden, 1-2 aýdan) barlap durmak gerek. Diş mylkygy (pulpasy) çüýräp başlanynda diş täjiniň reňki gyzaryp, soňra garalyp başlaýar, onuň elektrik toguna duýgurlygy peselýär. Beýle ýagdaýda diş bejerilmelidir (diş gyrylyp boşlugynyň açylmagy, boşlugyň we köküniň arassalanmagy we petiklenmegi).

Hemişelik dişiň *doly däl çykygynda* dişi düzetmeklik we sim ýa-da plasimassa seýik bilen berkitmeklik görkezilendir (51-nji, 52-nji suratlar). Munuň üçin çalt gataýan plasimassadan geýdirdiç-seýik (kappa-seýik) amatlydyr we ony näsagyň ýanynda, ondan ölçeg boýunça taýynlanan gaty (gips) nusgada ýasaýarlar hem-de diş düzedilenden soňra sement bilen näsagda berkidýärler. Häzirkizaman stomatologiýasynda giňden ornaşan kompozit petikleýjiler tekiz ýaý şekilli seýikleri berkitmek üçin hem üstünlik bilen ulanylýar. *Kakylan* görnüşdäki çykykda, adatça, diş düzedilmeýär we diş möçükmesindäki ýaly bejergi geçirilýär. Dişiň *doly çykygynda* we onuň öz öýjüginden doly gaçanyn da diş gyssagly ýagdaýda täzeden ýerine oturdylmalydyr (dişiň



**51-nji surat.** 11 Dişiň doly däl çykygynda goýlan sim seýik.



**52-nji surat.** Çykan dişleriň düz sim seýigiň we sargy simiň kömegi bilen berkidilişi (K.S. Ýadrowa boýunça).

replantasiýasy), emma ol şol wagt mümkin bolmadyk ýagdaýynda zyýansyzlandyrylan sowuk fiziologik erginde (mümkin bolsa sanjym antibiotigi garylan) ýa-da arassa selofana salnyp buz tokgalarynyň arasyna ýerleşdirilip hünärmene getirilmelidir (3-4 sagada çenli). Dişi täzeden ýerine oturtmaklyk (replantasiýa) diş öýjügi ýuwlup arassalanandan soň, dogry ýerleşdirilen dişi seýik bilen berkitmekde jemlenendir, emma dişiň mylkygygny aýyrmaklyk hem-de petiklemek (kök ujyna çenli) oturdylmazyndan öň elde saklanyp ýa-da diş berkidilenden soň geçirilip bilner.

## 11.07.3. Dişiň döwükleri

Dişiň boşlugy açylmazdan, diş boşlugynyň açylmaklygy bilen, dişiň boýunjygy boýunça, diş köküniň, şeýle hem täji we köki boýunça geçýän dik görnüşli diş döwükleri duş gelýär (53-nji surat). Dişiň boşlugy zeperlenmezden (açylmazdan) döwügi döränде näsagyň arzy bolman hem biler (diş syrçasynyň sähelçe uçujagy), emma köplenç gyzgyn, sowuk we himiki gyjyndyrmalara duýgurlyk döreýär. Diş boşlugynyň açylmagy bilen täç böleginiň we dişiň boýunjygy boýunça döwüginde ýokarda sanalan alamatlar güýçli bildirýär, güýçli agyry ýüze çykýar. Açylan diş mylkygy ganaýan gyrmyzy nokat görnüşinde bolýar we gysga wagtyň dowamynda oňa ýokanç düşýär hem-de çişme hadysa pulpit ýüze çykýar. Diş köküniň orta we uç bölekleriniň döwügine dişiň yrgyldysy we gyşarmasy häsiýetlidir. Dişe degilende agyryly bolýar.

Dişiň döwüklerinde agyziçre diş rentgen surat ýa-da tutuş äňiň gözýetim şekilli (panorama) rentgan suraty (esasan hem äňiň hem şikesine müňkir bolnanda) örän wajyp ähmiýetlidir.

Bejergisi. Berilýän kömegiň göwrümi döwügiň ýeri, häsiýeti we näsagyň ýaşyna (uly adam ýa-da çaga) baglylykda kesgitlenýär. Diş mylkygy (pulpasy) açylmazdan syrşanyň we dentiniň döwüginde täç böleginiň ýiti gyralaryny ýylmaýarlar, kähalatlarda bolsa ýokary duýgurlygy peseldýän ýörite hamyrlar, ftor lak çalynýar. Owadanlyk nukdaý nazaryndan dişiň döwülip uçan gaty dokuma bölegi petikleýjiler bilen dikeldilip bilner. Diş mylkygynyň açylmagy bilen täjiniň we onuň boýunjygy boýunça döwüklerde gyssagly ýagdaýda (ýerli agyrysyzlandyrma bilen) diş mylkygy aýrylmalydyr we kök akabasy petiklenmelidir. Bu ýagdaýda dişiň täji petikleýijiler, emeli täç ýa-da gazykly diş bilen dikeldilmelidir. Dişiň köki döwülende, ony saklamaklyk her bir ýagdaýda özbaşdak çözülýär. Bu maksat üçin tekiz sim seýikler, plastmassa geýdirgiç-seýikler ulanylýar (bir kökli dişlerde). Dişiň köküniň ujy döwülende diş berkleşenden soň onuň akabasyny petikleýärler we kök ujyny kesip aýyrmak (rezeksiýa) amalyny geçirýärler. Diş öýjüginiň diwarlarynyň zeperlenmegi bilen ýüze çykan köküniň orta böleginiň döwüginde, şeýle hem dişiň dik döwüginde, olary, köplenç, sogurýarlar. Çagalarda diş döwükleriniň bejergisiniň birnäçe aýratynlyklary bar. 2 ýaş 6 aýa çenli dişleriň döwükleri örän seýrek ýüze çykýar (diş köküniň doly emele gelip ýetişmänligi üçin). 2 ýaş 6 aýdan 4 ýaş 6 aýa çenli döwürde süýt alyn dişleri olaryň kök akabalaryny petikläp we täç bölegini dikeldip bejergi geçirýärler. 5 ýaşdan 7 ýaşa çenli döwüklerinde olary sogurýarlar.



*a* *b* *ç* *d*

**53-nji surat.** Diş döwükleri. *a* – diş boşlugy açylmazdan täjiniň döwügi; *b* – diş boşlugy açylmaklyk bilen täjiniň döwügi; *ç* – diş köküniň döwügi; *d* – dişiň dik döwügi. (rentgen suraty şekilinde çekilen suratlar).

## 11.08. Äňleriň öýjükli ösüntgisiniň döwükleri

Öýjükli ösüntginiň döwükleri hem seýrek däldir. Aşaky äň bilen deňeşdirilende ýokarky äňiň öýjükli ösüntgisiniň döwükleriniň has köp duş gelýändigini bilmelidir. Bu ýagdaý ýokarky äňiň dişleriniň we öýjükli ösüntgisiniň aşaky äňiň dişlerini we öýjükli ösüntgisini ýapýanlygy we äňiň öňünde duranlygy bilen düşündirilýär. Äňleriň dişleriniň we öýjükli ösüntgileriniň beýle gatnaşygy öň tarapda has gowy bildirýär. Mundan başga-da ýokarky äňiň öýjükli ösüntgisiniň ölçegleri aşaky äňiň öýjükli ösüntgisinden 2 esse ulydyr.

Öýjükli ösüntginiň döwükleriniň häsiýetli alamatlary - äňiň süňk bölegi bilen bilelikde birnäçe dişiň zeperlenme yrgyldysy, diş etiniň nemli bardasynyň ýyrtylmagy, döwülen öýjükli ösüntginiň süýşmeginiň köplenç şikes döreden güýjüň (urgynyň) ugry boýunça bolmaklygy we onuň netijesinde dişleýişiň (okkzlýuziýanyň) bozulmagy, güýçli agyry duýgulary ýüze çykýarlar. Örän seýek halatlarda öýjükli ösüntginiň (köplenç onuň belli bir böleginiň) gopmaklygy duş gelýär. Geçirlen rentgen barlagy (agyziçre diş suratlary, äňiň gözýetim şekilli – panorama rentgen suraty) bu döwükleriň gözden geçirilmeginiň ýüze çykaran alamatlarynyň üstüni dolýar we rentgen barlagy esasynda döwülen öýjükli ösüntgide ýerleşen dişiň bütewligi barada maglumat almak bolýar.

Äňleriň öýjükli ösüntgisiniň döwükleriniň ***bejergisi*** ýeterlik wagt alýar we hirurg-stomatolog tarapyndan geçirilýär.

Öýjükli ösüntgi gopan ýagdaýynda gaýragoýulmasyz lukman kömegi hirurgik arassaçylyk geçirmekde we gyralarynyň nemli bardasyna ketgut tikinler goýmakda jemlenendir. Munda agyz boşlugy zyýansyzlandyryjy erginler bilen oňat ýuwulandan soňra (wodorodyň öteturşysynyň 3 % erginine ezilen hasa tokgalary bilen oňat süpürmek, furasiliniň 1:5000 erginine çaýkatmak), nowokainiň ýa-da lidokainiň 0,5-2% ergini bilen agyrysyzlandyrma geçirýärler (sanjym siňdirme we sebitleýin). Soňra süňk kertgiji bilen öýjükli ösüntginiň ýiti gyralaryny aýyrýarlar. Agyz bosagasy we dil (kentlewük) tarapyndan süňk bardaly -nemli barda kesim böleklerini goparýarlar we mümkin boldugyça süňki ýapyp ketgut tikinleri goýýarlar.

Eger-de öýjükli ösüntginiň döwük bölegi ýumşak dokumalar

bilen (süňk bardaly nemli barda örtgi gatlak bilen) bütewiligini ýitirmedik bolsa we ejir çekeni hünärmene ugratmaklyk mümkinçiligi bolmasa, onda agyrysyzlandyrma geçirip döwük bölegini düzetmeklige we ony sargy simiň kömegi bilen gapdalyndaky dişlere berkitmeklige synanyşmaly. Munuň üçin gapdalyndaky berk duran iki dişiň boýunjyklaryndan aýlanyp geçýän sekizlik şekildäki bronza-alýumin sargy simi döwigiň dişleri boýunça dowam edip, onuň beýleki gapdalyndaky azyndan iki sagdyn dişde tamamlaýarlar. Emma has gowysy öýjükli ösünyginiň döwük böleginiň iki tarapdan gapdalyndan azyndan iki, üç sany berk duran dişleri bilen bilelikde tekiz alýumin sim seýik goýmaklykdyr (*54-nji surat*). Diş etiniň ýyrtylan nemli bardasy mümkin boldugyça tikilmelidir. Şeýle-de çalt gataýan plasimassadan ýasalan geýdirgiç-seýik hem ulanylyp bilner. Ortaça bir aý töweregi berkidip saklanandan soňra döwük böleginiň dişleri barlanmalydyr we gerek bolan halatynda bejerilmelidir (diş mylkygy - pulpasy aýrylyp akabanyň petiklenmegi).



**54-nji surat.** Ýokarky äňiň öýjükli ösünt-gisiniň döwügi we ony düzedip berkit-meklik üçin egrem ýerleri bolan düz sim seýik.

## 11.09. Aşaky äňiň çykygy

Aşaky äňiň çykygy agyz has uly açylanda (pallamagy, ögemekligi, barlag üçin aşgazana lüle salynmagy we başg.), şeýle hem agyz açyk wagty aşaky äňine has güýçli basylmagy (aşaky äňiň dişleri, aýratyn hem azylary, sogrulýan wagty, agyz açyjy gural bilen agyz güýç bilen açylanda, aşaky äňiň bedenine urgy deşende we başg.) netijesinde döreýär. Çykyk «ýalpak» boguny (ýüzleý bogun çukurjygy, pes bogun tümmejigi, gowşak bogun bagjyklary we bardasy bolanlar) bolan adamlarda has köp ýüze çykýar.

Aşaky äňiň bir taraplaýyn we iki taraplaýyn öň tarap, yz tarap we gapdal çykyklary bar. Yz tarap we gapdal çykyklar aşaky äňiň döwüginde bolýar. Has köp öň tarap (bir we iki taraplaýyn) çykyklar duş gelýär we munda aşaky äňiň bogun ösüntgisiniň kellejigi bogun tümmejiginiň öňüne geçýär.



a




b

**55-nji surat.** Aşaky äňiň öň tarap çykygy.
*a* –aşaky äňi çykan näsagyň görnüşi; *b* – çykan äňiň salnyşyndaky hereketler.

Iki taraplaýyn öň tarap çykykda näsag agzyny ýapyp bilmeýändigine, çekge aşaky äň bogun sebitleriniň güýçli agyrysyna, geplemek kynçylygyna, sülekeý akýandygyna, nahar iýip bilmeýändigine arz edýär. Bu näsaglarda agyz ýarym açyk bolýar (diňe azy dişleriniň galtaşmagy, alyn dişleriň arasyndaky açyklyk we dodaklaryň kynlyk bilen biri birine degişmegi), aşaky äňi öňe çykyp durýar, esasy çeýneýiş muskullar güýçli ýygrylyp zolak bolup bildirip durýarlar, el bilen barlananda duluk ýaýlaryň aşagy boýunça çykyp duran uly bolmadyk gaty ýerler ýüze çykarylýar (çykan bogun kellejikleri). Daşky gulak geçelgeleri boýunça bolsa barmak bilen barlananda bogun kellejikleri ýüze çykarylmaýar. Aşaky äň üýtgän ýagdaýynda berk saklanýar we diňe sähelçe hereket bolýar (ol hem diňe agzyň açylmagyna tarap). Agzynyň içinde el bilen barlananda aşaky äňiň şahasynyň öň gyrasy boýunça onuň çykyp duran täç ösüntgisi kesgitlenýär (*55-nji surat*).

Bir taraplaýyn öň tarap çykykda agyz birneme kiçi açylan, äň biraz hereketli, eňegi sagdyn tarapa gyşaran we bogun sebitindäki bozulmalar diňe zeperlenen tarapda ýüze çykarylýar.

***Bejergisi.*** Kömek bermekligi Gippokrat tarapyndan ýazylan usul boýunça amala aşyryp bolar. Ejir çekeni pes oturgyçda oturdýarlar, lukman bolsa onuň öňünde durýar. Başam barmaga hasa, ýaglyk we başgalary sarap uly azy dişleriň üstünde goýýarlar, beýleki barmaklar bilen bolsa daşyndan we aşakdan äň bedenini berk tutýarlar. Bogun ösüntgisiniň kellejigi bogun tümmejiginden geçip, bogun çukuryna tarap yzy-

na gider ýaly ýuwaş-ýuwaşdan aşaky äňi aşak we yzyna tarap basýarlar. Köplenç halatda aşaky äňi salmaklyk tiz amala aşýar. Bogun kellejigi bogun çukurjygyna giden pursatynda äňleriň çalt gysylmasy bolýandygyny ýatda saklamak gerek we bu sebäpli hem barmaklary dişlenmezligi üçin näsagyň agzyndan çykaryp ýetişmek gerek. Bu usul boýunça aşaky äňi salmaklyk näsagyň kellesi (maňlaýyndan) kömekçi tarapyndan saklanylsa (näsagyň yz tarapyndan) tiz amala aşýar.

Aşaky äňiň çykygyny salmaklygy üçem nerwiň III şahasy Berşe, M.D.Dubow boýunça baglananda (kelleçanagyň düýbünde, süýri deşigiň ýanynda geçirilýän sütün agyrysyzlandyrmasy), şeýle hem P.M.Ýegorow boýunça III şahanyň hereketlendiriji süýümleri baglananda tiz we kynçylyksyz amala aşyryp bolýar (esasan hem birnäçe gün geçen çykyklarda).

Endikleşen diýlip atlandyrylýan çykyklarda («ýalpak» bogny bolan adamlardaky ýygy-ýygydan döreýän çykyklar) köplenç halatlarda näsaglaryň özleri hem äňini ýerine salýarlar.

Çykyk salnandan soň aşaky äňi 2-3 gün dowamynda hasa zolagy (ýaglyk) bilen daňyp saklamaly we näsaga 8-10 gün agzyny giň açmaklygy gadagan etmeli. Çykykdan soň ilkinji günler suwuk nahar bellenýär.

## 11.10. Aşaky äňiň döwükleri

Aşaky äňiň döwükleri parahat zamanada, şeýle hem harby zamanada has köp duş gelýär. Maglumatlara görä ýüzüň süňkleriniň döwükleriniň 75-80% - ni aşaky äňiň döwükleri tutýar.

Aşaky äňiň ok-däri däl döwükleri köplenç çyzyk görnüşinde bolup, gowşak ýerlerde duş gelýär (orta çyzyk boýunça, gyýak dişiň ugry we burçunda, bogun ösüntginiň düýbi we boýunjygy, eňek deşiginiň ugry) (*56-njy surat*).

Aşaky äňiň döwükleri ýeke görnüşde, ikitaraplýyn, şol sanda goşa (bir tarapda iki döwük bolmagy), üçsanly we köp sanly bolup bilerler. Kesel kesgitlemesi goýlanda onuň takyk niresiniň döwlendigini görkezmeli (äň bedeninde döwük bolanda haýsy dişiň ugry boýunça geçýänligini).

Aşaky äňiň döwükleri köplenç halatlarda durmuşdaky (öýde, how-

lyda ýykylmagy, ýakalaşmagy we başg.) we ýol-ulag hadysalar netijesinde, seýrek önümçilik şertlerde, oba hojalyk işlerinde we sport çärelerinde döreýärler.


**56-njy surat.** Aşaky äňiň döwük görnüşleri

Kesel taryhy ýygnalanda näsagyň özi, eger-de ejir çeken aňynda däl bolsa ýa-da serhoş ýagdaýda bolsa onuň ýanyndaky adamlardan soralmalydyr. Munda aşaky äňiň töwereginiň ýellenmesine we agyrysyna, agzynyň açylyşynyň çäklenmesine we agyrysyna, iýip-içmek we geplemek kynçylygyna üns berýärler. Nähili ýagdaýda şikes alynandygyny, şikes alynan wagty näsagyň umumy ýagdaýyny, bolup geçen zatlar barada bilýän zatlaryny, aňyny ýitirenligi we eger beýle bolan bolsa onuň dowamlylygyny, kelle agyrynyň, ýürek bulanmanyň, gaýtarmagyň bolanlygyny, nähili bejeriş çäreler geçirilenligini anyklamak gerek. Näsagyň ýanynda bar bolan lukmançylyk resminamalary içgin öwrenilmelidir. Lukmançylyk resminama berilen halatynda onda kesel kesgitlemesi, ýeten şikesiň gysgajyk taryhy, ýerli ýagdaýy we berlen kömek hakynda maglumatlar görkezilmelidir.

Näsagyň hal ýagdaýyna, aňyna, dem alşyna, damar urgusynyň ýygylygyna, arterial gan basyşynyň derejesine, beden gyzgynyna üns bermeli. Kelle agyrynyň, ýürek bulanmanyň, baş aýlanmanyň, doly we doly däl ysmazlaryň barlygyna, göz sebitleriň gan ingisiniň, görüşiniň ýagdaýyna üns bermeli. Mümkin bolan deri asty gan inmäni, ýaralary ýa-da döwükleri ýüze çykarmaklyk maksady bilen maňlaý, çekde, kelle, depe we ýeňse sünkleri el bilen barlanylýar. Gözden geçirip ýellenme ýa-da gyşarma sebäpli emele gelen ýüzüniň taraplarynyň deňsizligini (assimmetriýany), bu bozulmalaryň ýerleşýän ýerini we ölçeglerini kesgitleýärler. Gan akmany ýüze çykarmak üçin daşky gulak geçelgelerini gözden geçirmeli. Ýüz we üçem nerwleriň ýagdaýyna (ýüzüň keşp (mimiki) muskullarynyň ysmazy - gözüň ýumulmazlygy, ýygyrtlaryň düzlenmegi, ýaňagyny çekip dişlerini görkezip bilmezligi we başgalar, gözasty we eňek sebitleriň dokumalarynyň duýgurlygynyň peselmegi we başg.) baha bermeli. Aşaky äňiň hemme ýerlerini el bilen barlaýar-

lar. Ýellenmäniň we gatańsylygyň häsiýeti kesgitlenilýär. Iki tarapdan hem aşaky äňiň bogun ösüntgisiniň kellejikleriniň hereketleri barlanýar. Aşaky äňiň bütewiliginiň bozulan we agyryly ýerleri ýüze çykarylýar. Munuň üçin aşaky äňi üç ugur boýunça basyp görýärler. Aşaky äňiň bedeniniň (gapdal tarapy), burçunyň we şahasynyň döwügi bolanda eňege öňden yza basylanda agyry döreýär. Aşaky äňiň eňek böleginde döwük bolanda äňiň burç sebitlerine iki tarapdan daşdan içine tarap basylanda agyry döreýär. Aşaky äňiň bogun ösüntgisiniň we tutuş şahasynyň döwügi bolanda burç sebitinde äňiň aşaky gyrasyndan ýokaryk tarap basylanda agyry döreýär (*57-nji surat*).

Agzyň içi barlananda agzyň açylyşynyň derejesine, aşaky äňiň gapdal taraplara hereketiniň we dişleýşiniň (okkzlýuziýanyň) ýagdaýyna üns berilýär. Dişleýşiniň (okkzlýuziýanyň) şikesden ozalky ýagdaýyny bilmek wajypdyr.

Dişleriň şikesiniň barlygyna (döwük, çykyk, nemli bardanyň zeperlenmesiniň häsiýetine, ýerleşýän ýerine we ölçeglerine), döwük sebitiniň diş etiniň ýagdaýyna üns berýärler. Dilini we damagyny gözden geçirmeli.

Äňde agyry zeperlenme hereketini ýüze çykarmak maksady bilen çaklanylýan döwük çyzygynyň iki tarapyndan elleriň barmaklaryny agzyň içinden we daşynadan ýerleşdirip äňi tutýarlar, hem-de ýuwaşlyk bilen



*a* *b* *ç*

**57-nji surat.** Aşaky äňiň döwük ýerinde agyry ýüze çykarylanda lukmanyň elleriniň basyş ýagdaýy. *a* – eňege öňden-yza basmaklyk (bedeninde, burçunda we şahasynda döwük bolanynda); *b* – iki taraplaýyn burçlara daşdan-içe basmaklyk (eňek sebitinde döwük bolanda); *ç* – burçunda aşakdan ýokaryk basmaklyk (bogun ösüntgide döwük bolanynda).

gaňyrýarlar (*58-nji surat*). Jübtek we barmak bilen döwügiň ugry boýunça ýerleşen dişleriň hereketiniň derejesini kesgitleýärler. Agyz boşlugynyň ýumşak dokumalaryna gan ingini, gatańsylygy we özge jynsy ýüze çykarmak üçin el bilen barlag geçirmek gerek. Näsagyň ýerli barlagy geçirlenden soňra rentgen barlagyny geçirmek gerek. Rentgen suratlar diş (dental), gözýetim şekilli (panorama) (*59-njy surat*) we umumy rentgen enjamlarda düşürilýär (äňleriň belli bir ýerleriniň suratlary, gözýeim şekilli – panorama suraty, göni we gapdal tarapdan alynan suratlar). Bular anyklaýyş işi has-da takyklaýar we döwük ugrundaky dişleriň ýagdaýy, döwük bölekleriň süýşmekligi baradaky maglumatlary berýär. Ýörite stomatologik rentgen enjamy (dental we panorama rentgen enjamlary) bolmadyk köpugurly kesel bejeriş we anyklaýyş edaralarynda aşaky äňiň döwüklerini kelläniň iki ugur (öňünden we gapdalyndan) boýunça alnan giňişleýin rentgen suratlarynda hem görmek bolýar. Näsagda geçirlen hemme barlaglaryň netijeleri öz wagtynda, giňişleýin we takyk edilip lukmançylyk resminamalara girizilmelidir we olar gerek bolan halatynda kazyýet-lukmançylyk seljermesini amala aşyrmak üçin ulanylyp bilner.



**58-nji surat.** Aşaky äňiň döwük bölekleriniň ze-perlenme hereketi kesgitlenilende lukmanyň elleriniň barmaklarynyň ýagdaýy.

***Bejergisi:*** Döwügiň häsiýetini, onuň ýerleşişini, döwük bölekleriň ýerinden süýşenligini we bejergi usulyny saýlap almaklygy aşaky äňiň rentgen barlagy esasynda kesgitleýärler.

Äňleriň döwükleriniň bejergisine bildirilýän esasy talap-ýokarky we aşaky dişleriň dogry ýagdaýda galtaşyp, döwük bölekli äňiň dogry berkidilip saklanylmagydyr.

Aşaky äňiň döwüklerinde iň köp ýaýran berkitme usuly dişlere ortopedik gurnamalary berkitmeklige esaslanandyr. Bu gurnamalar, adatça, aşaky äňiň işjeňligini (hereketini) uzak wagtlap togtatmagy (kähalatlar-da bolsa çäklendirmegi) talap edýär. Bu bolsa ýörite iýmitiň we agyz boşlugyna idegiň gerekligi üçin näsaga goşmaça amatsyzlyklary döredýär.



**59-njy surat.** Aşaky äňiň ikitaraplaýyn döwügi (sag tarap bogun ösüntginiň we çep tarap bedeniniň) (rentgen surat).

Äňi berkitmegiň hemme görnüşlerini wagtlaýyn we gutarnykly görnüşlere bölýärler. Wagtlaýyn görnüşlere äňi agyzdan daşary saklaýan, sapança şekilli diýlip atlandyrylýan sargylar, sargy simler bilen dişara we äňara daňmaklyk degişlidir. Äňlere agyzdan daşary saklaýan ýa-da sapança şekillli sargylaryň goýlyşy ýokarda giňişleýin getirlen (seret: «*Äň-ýüz sebetine ýaralananlara wagtlaýyn (ulag) berkitmesini goýmak», 46-njy ,47-nji suratlar*).

Dişara daňmaklygy sargy simini sekizlik görnüşli tikin emele getirip dişleriň aralaryndan geçirip amala aşyrýarlar. Äňde amala aşyrylýan dişara daňmaklygy süňk bölekleriniň döwük gyralarynda azyndan iki sany berk diş bolanda ulanyp bolýar.

Wagtlaýyn berkitmäniň has ygtybarly usuly zeperlenen aşaky äňi hereketsiz berk duran ýokarky äňe dişler arkaly äňara daňmaklykdyr. Munuň ýaly sargylaryň esasan iki görnüşi - ýönekeý we Aýwi boýunça görnüşleri bar. Ýönekeý görnüşde äňlerde degişip duran garşylyklaýyn iki dişiň aýry-aýrylykda boýunjyklaryny tutýan towlanan simleri her äňde biri-birine, soňra bolsa goşalanan sargy simi bilen towlaýarlar. Aýwi boýunça sargy, adatça, bir kiçi we bir azy diş boýunça ýörite halkajyk döredip sargy goýmaklyk, soňra bolsa üçünji sim bilen beýleki äňde goýlan sim sargynyň halkajygyndan geçirip ýokarky we aşaky äňleri dişleýiş ýagdaýynda berkidip amala aşyrýarlar. Äňara sim daňylary iki tarapdan hem goýmaklyk oňat netije berýär.



**60-njy surat.** Sim seýikleriň görnüşleri. *a* – düz sim seýik; *b* – direg egremli sim seýik; *ç* – ilgençekli sim seýikler we äňara çeýe berkitme.

Wagtlaýyn berkitme görnüşiniň hemmesi äňleriň döwükleriniň ýörite bejergi görnüşlerini başarýan lukman bolmadyk ýagdaýynda ýa-da ulag berkitmesi görnüşinde ulanylyp bilner. Olar käbir halatlarda näsagyň gutarnykly bejergisinde goşmaça, aýratyn ýagdaýlarda bolsa esasy berkitme bolup hyzmat edip biler.

Aşaky äňiň döwükleriniň bejergisinde gutarnykly berkitme görnüşlerini ortopedik we amal usullara bölýärler.

Berkitmegiň ortopedik usullarynyň arasynda esasan dişe goýulýan sim seýikler giň gerim aldy (*60-njy surat*), şeýle hem plastmassadan ýasalan seýikler ulanylýar. Alýumin simden ýasalan dişe goýulýan sim seýikleriň artykmaçlygy olaryň elýeter gurallaryň we serişdeleriň kömegi bilen ýasalýanlygyndadyr. Seýik goýmaklyk üçin ýogynlygy 1,8-2mm alýumin sim, (şeýle hem galyňlygy 0,6 - 0,8 mm bolan ortodontiýa (polat) simler ulanylyp bilner), ýogynlygy 0,5mm bronza-alýumin (ýa-da latun) sargy simi, diş-ussaçylyk (krampon) atagzysy, sim keser ýaly gaýçy ýa-da çyrpyjy gural, ige, şeýle hem iňňe gysgyjy, diş ýylmaýjysy, diş aýnasy we diş jübtegi gerekdir.

Seýik goýulmazyndan we süňk bölekleri düzedilmezinden öň umumy taýýarlyk görnüşde muskuliçre agyry aýryjy sanjylýar (tramadol, dimedrol garylan analgin we başg.) şeýle hem hökmany ýagdaýda sebitleýin we sanjym siňdirme agyrysyzlandyrma geçirilmelidir.

Sim seýik ýasalanda alýumin simi gural bilen saklaýarlar, beýleki eliň barmaklary bilen bolsa egreldýärler. Sim seýik diş täjiniň iň giň ýerinden (ekwatoryndan) aşakda (aşaky äňde) ýa-da ýokarda (ýokarky äňde) ýerleşmeli hem-de diş etiniň gyrasyna we emzijeklere

şikes ýetirmeli däl. Bronza-alýumin sargy simini dişara yşlardan geçirýärler (onuň bir ujy sim seýigiň aşagyndan, beýlekisini ýokarsyndan geçirmeli), ony towlamaklygy sagadyň diliniň ugry boýunça gowy işilen görnüşe gelýänçä amala aşyrýarlar. Sargy simini 0,4-0,5sm uzynlykda kesip, diş etine şikes ýetmez ýaly dişlere tarap egreltmeli. Alýumin sim seýigiň uçlary iň soňky dişleriň daşyndan aýlanmaly ýa-da iň soňky dişiň bäri ýanyndaky dişara yşa girip durmaly.

Aşaky äňiň döwüginiň ýerleşýän ýerine we onuň bölekleriniň süýşmeginiň ýagdaýyna baglylykda tekiz sim seýik, direg egremli sim seýik, ilgençekli sim seýik we başgalar ulanylýar.

Tekiz sim seýigi aşaky äňiň diş hatarynyň çägindäki ýerinden süýşmedik ýa-da aňsatlyk bilen düzedip bolýan çyzyk şekilli döwüklerde ulanylýar. Bu sim seýigi äňiň uly böleginde berk duran azyndan 4 diş, kiçi böleginde bolsa azyndan 2 diş bolan halatynda goýmak bolýar. Mundan başga-da tekiz sim seýigi öýjükli ösüntginiň döwüginde, diş çykygynda we döwüginde ulanyp bolar.

Direg egremli sim seýik tekiz sim seýik goýlyşy ýaly ýagdaýlarda, emma äňiň döwük ýerinde bir ýa-da birnäçe diş ýok bolanda, şeýle hem döwük ýerinde süňk kemtigi bolanda ulanylýar.

Äňara çekdirme üçin niýetlenen ilgençekli sim seýik aşaky äňiň diş hatarynyň yzyndan geçýän döwügi, köp sanly döwügi, süňk bölekleri güýçli süýşen we düzedilmegi kyn bolan çyzyk şekilli döwügi, ýokarky äňiň döwügi bolan näsaglaryň bejergisinde ulanylýar. Ilgençekli sim seýikleri ýokarky we aşaky äňlere ýasaýarlar. Her seýikde 4, 5 ýa-da 6 ilgençek ýasalýar (adatça, äňiň her tarapynda deň ilgençek sany ýerleşýär). Ilgençekler, köplenç, 3, 5, 6 dişleriň deňinde ýerleşýärler. Olar 3,4 mm uzynlykda bolmaly hem-de diş okuna ∟35-40 burç bilen ýerleşdirilýär. Olar tirsek şekilli gönüşde hem bolup biler.

Ilgençekli sim seýikler goýlandan soňra 0,5 sm ýogynlykdaky rezin lüleden kesilip ýasalan halkalary garşylyklaýyn seýik ilgençeklere goýulýar we näsagyň ozalky diş gatnaşygynda äňara çekdirme geçirilýär.

Gaýra üzülmeleriň öňüni almak üçin döwük çyzygyndaky diş, köplenç ýagdaýda, sogrulýar.

Äňi döwük näsaglar köpçülikleýin hassahana ýerleşdirlende, şeýle hem harby-meýdan şertlerinde ilgençekleri bolan ýuka poslamaýan

polatdan ýasalan taýyn (kärhana şertlerinde ýasalan) ülňüleýin zolak görnüşli seýikler ulanylyp bilner (W.S.Wasilýewiň seýigi we başg.)

Soňraky bejergi ýerli çärelerden (agyz boşlugynyň arssaçylygy, 2-3 günden soňra ýyladyjy sargylar) we umumy derman serişdeleri ulanmakdan (agyry aýryjylar, kalsiý saklaýan, ýokanja garşy, ýokum dermanlar we başg.) durýar, şeýle hem suwuk we ýokumly iýmit hem-de fiziki bejergi çäreleri geçirilýär.

Sim seýikler we äňara çekdirme döwükleriň sanyna we häsiýetine baglylykda 21, 25, 30, 35 gün saklanylýar. Ondan soňra hem 2-4 hepde suwuk iýmit bellenýär.

Äň döwüklerini bejermek üçin plastmas seýikler hem ulanylyp bilner. Olardan esasan, geýdirgiç şekilli Weberiň seýigi, Porte seýigi we Wankewiçiň seýigi ulanylýar.

Äň böleklerini berkitmegiň amal (hirurgik) usullary iki topara bölünýär:

1) Kiçi titan platinalar, sim tikinler we başg. bilen süňk içi boýunça süňk birleşdirme (osteosintez) amalyny geçirmeklik;

2) Sünk üsti enjamlaryň (näsagyň aýrylýan plastmas emeli diş gurnamasy ýa-da çalt gataýan plastmassadan taýynlanan aýrylýan plastina) kömegi bilen süňk böleklerini berkitmek.

Äň döwüklerinde süňkleri birleşdirmegiň amal usullaryna görkezme adaty, ortopedik usullar bilen ýerine eltip we berkidip saklap bolmaýan (dişsiz äň, süňk döwük bölekleriniň arasyna ýumşak dokumalaryň düşmegi, III-IV derejeli paradontit ýa-da paradontoz we başg.) ýagdaýlar bolup biler.

Süňk birleşdirme amalynyň görnüşleriniň arasynda sim tikinini goýmaklyk (poslamaýan poladyň ýörite ergininden bolan sim, tantal sim) özüniň ýönekeýligi bilen has köp ýaýrandyr. Häzirki wagtda bu maksat üçin murbatjyklary bolan kiçi titan plastinkalary ulanylyp başlandy. Sim tikini bilen geçirilýän süňk birleşdirme amalyny aşakda beýan edilşi ýaly amala aşyrýarlar. Derini kesmeklik bilen süňk böleklerini açýarlar, süňk böleklerini dogry ýagdaýda goýýarlar süňk böleklerinde diş gyryjy enjam bilen jübüt deşikler döredýärler, olardan sim geçirýärler we uçlaryny towlap berkidýärler. Süňkdäki tikin serişdesi hökmünde köplenç tantaldan ýa-da poslamaýan polatdan bolan sim ulanylýar, seýrek halatlar-da bolsa sintetiki sapaklar ulany-



**61-nji surat.** Aşaky äňiň döwüginiň süňk birleşdirme amalyndan soňky ýagdaý (rentgen surat).

lyp bilner. Ýumşak dokumalary gatma-gat tikýärler. Adatça, süňk döwügi biteninden soňra sim tikini aýrylmaýar. Aşaky äňiň bedeninde ýa-da burçunda süňk birleşdirme (osteosintez) amalyny geçirmek känbir kynçylyk döretmese-de, onuň bogun ösüntgisiniň döwüklerinde bu amaly geçirmeklik has çylşyrymlydyr (*61-nji surat*).

Aşaky äňiň döwük böleklerini süňk üsti berkitmekligi aýrylýan emeli diş gurnamanyň ýa-da aýrylýan plastmas plastinkanyň üstünden aýlanyp geçirilýän tikiniň kömegi bilen amala aşyrylýar .

## 11.11. Ýokarky äňiň döwükleri

Ýüz süňkleriniň döwükleriniň bu görnüşi döreýşi boýunça okdäri däl bolýar, emma ok-däri ýaralanma netijesinde hem döräp biler. Şikesiň bu görnüşi ýüz süňkleriniň döwükleriniň arasynda has agyry hasap edilýär. Ýokarky äň süňkiniň göniden-göni kelleçanak bilen birleşip gidýänligi sebäpli döwügiň bu görnüşi gözhananyň, kelleçanagyň düýbüniň döwükleri bilen utgaşykly duş gelip bilýärler. Seýrek bolmadyk halatlarda ilkinji nobatda umumy we kelle-beýni alamatlar ýüze çykýarlar. Şu sebäpli hem ýokarky äňiň döwügine müňkir bolnanda ilki bilen ejir çekende aňyny ýitirmeginiň, ýürek bulanma, gusmaklyk bolandygyny, kelle agyrysyna arzynyň barlygyny, burundan we gulaklardan kelle-beýni suwuklygynyň akmasynyň barlygyny anyklamak gerek.

Ýokarky äňiň ok-däri däl şikeslerinde döwük çyzygy köplenç Le For boýunça (1900 ) gowşak ýerler boýunça geçýärler we onuň ady boýunça derejelere bö1ünýär (ýokarky äňiň bedeninden gaýdýan ösüntgi ýerler we onun beýleki süňkler bilen birleşýän ýerleri boýunça) (62-nji surat).

Ýokarky äňiň üç sany esasy döwük görnüşleri bar:

***I görnüş (Le For I, aşaky görnüşi)*** döwük çyzygy armyt şekilli deşigiň düýbünden öýjükli ösüntginiň ýokarsy boýunça pahna şekilli süňküň ganat şekilli ösüntgisine çenli geçýär we ýokarky äňiň bedeni döwülýär; öýjükli ösüntgi - aň bö1ünmesi döreýär ;

***II görnüş (Le For II, orta görnüş)*** döwük çyzygy seňrik boýunça keseligine gözhananyň içki diwary we düýbi, ýokarky äň-duluk süňk birleşmesi boýunça geçip, ganat-şekilli ösüntgä çen1i geçýär we burun sünkleri bilen bilelikde ýokarky äň doly bölünýär; ýokarky äň - yüz bölünmesi döreýär;




**62-nji surat.** Ýokarky äňiň Le For boýunça döwük görnüşleri.
I – birinji (aşaky dereje boýunça - öýjükli ösüntgi - aň bölünmesi);
II – ikinji (orta dereje boýunça - ýokarky äň - yüz bölünmesi);
III – üçünji (ýokarky dereje boýunça - ýüz - kelle bölünmesi).

***III görnüş (Le F or III, ýokarky görnüş)*** döwük çyzygy seňrik boýunça keseligine gözhananyň içki we daşky diwary, duluk süňk - maňlaý birleşmesi, pahna şekilli süňkiň ganat şekilli ösüntgileri boýunça geçip, ýokarky äň burun we duluk süňkleri, ganat şekilli ösüntgiler bilen bilelikde döwülýär; ýüz - kelle bölünmesi döreýär. Bu görnüş döwügiň iň agyry bolup, köplenç, kelleçanagyň düýbüniň döwügi bilen utgaşykly bolýar.

Ýokarky äňiň döwüklerinde süňk bölekleri aşak, yza we içgin ýa-da gapdala süýşýärler. Bu ýagdaý şikes ýetiriji güýjüň kuwwaty we ugry, süňk bölekleriň agramy we çeýneýiş hem-de damak muskullaryň ýygrylmasy netijesinde ýüze çykýar. Şikesiň görnüşi näçe ýokardan geçse we äň süňki kelleçanagyň düýbünden näçe köp gopsa, şonçada şikes agyr bolar.

Ýokarky äňiň döwüginiň esasy alamaty süňkiň yrgyldysydyr we dişleýşiň açyk dişleýiş görnüşinde bozulmasydyr (emma ýokarky äňiň ýarsy döwülende - äňiň döwük tarapynda dişler galtaşýarlar, sagdyn tarapynda bolsa dişleriň arasynda ys galýar).

***Le For I*** görnüş boýunça döwüklerde ýokardakylardan başga-da burundan we agyzdan gan akma döräp biler. ***Le For II*** görnüş boýunça döwüklerde sanalan alamatlardan başga-da burun gyşarmasy, gabak sebitlere we göz nemli bardasyna gan inme (şikesiň yzy süre) döreýär. Süňkiň yza we aşak süýşmekligi netijesinde ýüzüniň orta bölegi tekizlenýär, duluk süňkleri öňe çykýar. Agzyny açanda ýokarky äňiň döwük bölegi aşak sallanýar we onuň netijesinde uzalan ýaly bolýar. Ýüz süňkleriniň kelleçanakdan bölünmesinde - ***Le For III*** görnüşde, has agyr ýagdaý döreýär. Duluk süňkleriň döwülmekleri netijesinde näsagyň ýüzi has-da tekizlenýär, gözhanalaryň düýpleriniň döwükleri netijesinde bolsa, göz almalary aşak süýşýärler.

Ýokarky äňiň ok-däri döwükleri gurluş taýdan «gowşak» diýlip atlandyrylýan ýerlerden geçýän döwük çyzyklary boýunça zeperlenmän hem bilerler. Bu ýagdayda ýaralaýjy gülläniň atylyp gelen ugrunyň we onuň degip giren ýeriniň, şeýle hem ýara geçelgesiniň aýgytlaýjy ähmiýeti bardyr.

Ýokarky äňiň döwüklerinde ýüzüň ýumşak dokumalarynyň, agyz boşlugynyň nemli bardasynyň, ýumşak kentlewügiň, ýokarky äň boşluklarynyň, şeýle hem kelle beýniniň, oňurganyň we adam bedeniniň başga bölekleriniň utgaşykly şikeslenmegi güýçli gan akma getirip biler, demikme, gan ýitgisi we agyry netijesinde şok ýagdaýyny döredip bilýärler.

Ýokarky äňiň döwüklerinde kesel kesgtilemesi esasan ýerli alamatlar göz öňünde tutulyp goýulýar. Ýokarky äňiň çylşyrymly gurluşy, köpsanly süňkler bilen gurşalandygy sebäpli onuň döwüklerinde geçirlen rentgen barlagda takyk maglumat almak kyn. Ýokarky äňiň döwüginde ýüzüň burun-maňlaý we burun-eňek ugurlar boýunça öňden alnan, şeýle hem näsagyň azy dişlerini degşirip duran ýagdaýyndaky gapdaldan alnan rentgen suratlardan maglumat alyp bolýar. Öňden alnan rentgen suratlarda gözhananyň gyralaryndaky (gapdal we aşaky gyralary) döwügi, duluk süňkiň döwügi, ýokarky äň boşlugynyň öň tarap diwarynyň we armyt şekilli deşigiň gyrasynyň döwük

ýerleri, şeýle hem ýokarky äň boşlugyna gan inmegiň netijesini görmek bolýar. Gapdaldan alnan rentgen suratda açyk dişleýiş ýagdaýyny, burun süňkleriň döwügini görmek bolýar.



**63-nji surat.** Ýokarky äňiň döwüginde berkitmeklik üçin agyzdan çykýan ilgençekli bütewi sim seýigiň ýasalyşynyň tapgyrlary

***Bejergisi.*** Ýokarky äňiň döwükleriniň bejergisi ýokary hünärmen derejesi bolan dürli lukmanlary - hirurg stomatology, neýrohirurgy, otarinolaringology, anesteziolog-reanimatology, oftalmology we başgalary talap edýär, hem-de ol ýöriteleşdirilen äň-yüz hirurgiýa (hirurgik stomatologiýa) ýatymlaýyn bölümde geçirilmelidir.

Ýokarky äňiň döwüklerinde bejergi geçirmeklik döwügiň görnüşine we onuň süýşmeginiň häsiýetine, şeýle hem näsagyň umumy ýagdaýyna baglydyr.

Ilkinji kömek gan akmany saklamaklyga, şoga garşy çäreleri geçirmeklige we demikmäniň öňüni almaklyga gönükdirilýär hem-de mümkin boldugyça dogry dişleýşini dikeldip, döwülen süňki düzetmeklikde we olary wagtlaýynça dogry ýagdaýda berkitmekde jemlenendir. Berkitmeklik kelle-eňek sapança şekilli sargy ýa-da taýajygyň kömegi bilen dişlere daýanýan ýokarky äň sargysy goýlup geçirlip bilner (seret *«Än-ýüz sebitine ýaralananlara wagtlaýyn (ulag) berkitmesini goýmak»*,46-njy,47-nji suratla).

Döwülen ýokarky äňi hemişelik berkidip saklap bejergi geçirmek özbaşdak ýasalan agyzdan çykýan ilgençekli bitewi alýumin sim seýik bilen amala aşyrylyp bilner (Zbarž boýunça) (*63-nji surat*).

Kellä goýlan sargy, tahýa ýa-da telpejik agyzdan çykýan tlgençekleri ýokaryk çekdirip saklamak üçin daýanç bolup hyzmat edýär. Ýokarky äňi dogry ýagdaýda berkidip saklamak üçin agyzdan çykýan ilgençekli taýýar çemçe-seýik hem ulanylyp bilner (Limberg boýunça); ol ulanylan halatynda dişlerden typmazlygy üçin çemçe seýigiň içine ýumşadylan stomatologik mum, alginat ýa-da termoplastiki serişdeler goýýarlar. Dişler bolmadyk halatynda näsagyň aýrylýan emeli diş gurnamasyny (protezini) ulanmak bolar. Emeli diş gurnama çalt gataýan plastmassanyň kömegi bilen agyzdan çykýan ilgençek görnüşindäki polat simleri berkidýärler we bular emeli diş gurnamany kelle telpejigine ýa-da tahýa berkitmek üçin gerek. Näsagyň umumy ýagdaýy kadalaşandan soňra, äňara rezin halkajyk berkitmeli ýokarky we aşaky äňiň ilgençekli özbaşdak sim seýikleri goýlup hem-de ýumşak sapança şekilli sargy bilen bejermek hem bolar.

Ýokarky äňiň döwükleriniň bejergisiniň amal görnüşleriniň arasynda Adams (1942) boýunça äň döwük bölegini ýüzüň şikeslenmedik beýleki süňklerine (armyt şekilli deşigiň gyrasy, duluk ýaýy, gözhananyň gapdal gyrasy) berkidip asyp goýmaklyk usuly bellidir (polat simiň, poliamid ýa-da ýüpek sapagyň kömegi bilen, 30-40 gün dowamynda). Bu usul bilen bejergini ýokarky we aşaky äňlere ilgençekli özbaşdak sim seýik goýmakdan başlaýarlar, rezin halkajyklaryň kömegi bilen äňara berkitme netijesinde dişleýşi kadalaşdyrýarlar. Ýokarky äňiň berkidiljek ýerlerinde (duluk süňkiň ýaýy, gözhananyň daşky gyrasy) deride kesim geçirip süňki açýarlar, onda diş gyryjy enjam bilen deşik döredýärler. Poliamid ýa-da ýüpek sapagy süňk deşijekden geçirip, duluk süňkiň aşagyndan, ýokarky äňiň güberçek ýeriniň öňünden duluk-öýjükli ösüntgi gerşi boýunça birinji uly azy dişiň deňesinde geçiş ýygyrtdan çykarýarlar we sim seýige berkidýärler. Dişleriň ýoklugy sebäpli seýik goýup bolmadyk halatynda ýokarky äňiň aýrylýan emeli diş gurnamasyny (protezini) ulanýarlar.

## 11.12. Duluk süňküniň we duluk ýaýynyň Döwükleri

Duluk süňküniň we duluk ýaýynyň döwüklerini şikesiň ýerleşişine baglylykda içgin görnüşe (duluk-ýokarky äň döwügi) we daşgyn

görnüşe (duluk ýaýynyň we duluk süňküniň çekge ösüntgisiniň döwügi) bölmeklik amatlydyr.

Duluk-ýokarky äň döwügine häsiýetli bolan alamatlaryna, köplenç, şikeslenen tarapyň çökmeginde ýüze çykýan ýüzüň orta böleginiň sudurynyň üýtgemegi, agyry, duluk we ýaňak sebitleriň gan inmeleri, göz toruna gan inmegi, gözhananyň aşaky gyrasynyň düz dälligi («basgançak» şekilli), gözasty nerwiň şahalanýan ýeriniň ýüzleý duýgurlygynyň bozulmagy, goşa görmegi degişlidir (*64-nji surat*).

Duluk ýaýynyň döwükleri üçin döwük böleginiň içgin we aşak süýşmegi, çekge we duluk sebitleriniň gan inmeleri, duluk ýaýynyň daşky gyrasy boýunça goşa «basgançak», duluk ýaýynyň ýerinden süýşen döwük böleginiň täç ösüntgä basmaklygy netijesinde aşaky äňiň hereketleriniň çäklenmesi häsiýetlidir. Ýüze çykarylan maglumatlary göni (maňlaý-burun we burun-eňek ugurlar) we boýun oňurga okunyň ugry boýunça (aksial) alnan rentgen suratlardaky üýtgemeler tassyklaýarlar.



**64-nji surat.** Çep tarapdan duluk süňküniň we aşaky äňiň burçynyň döwüginiň kompýuter tomografik (ýüz süňkleriniň 3 D- üç ölçegli) şekili.

Şeýle hem duluk süňküniň we duluk ýaýynyň döwükleri ýokarky äňiň döwügi bilen bir wagtda ýüze çykyp bilerler.

Duluk süňküniň we duluk ýaýynyň döwüklerini salmaklyga ýüzüň bildirip duran gyşarmasy, nerw gysylmasy netijesindäki güýçli agyry we gözasty sebitiniň duýgurlygynyň peselmegi, aşaky äňiň hereketiniň bo-zulmagy, näsagyň goşa görmekligi görkezme bolup durýarlar.

***Bejergisi.*** Duluk süňküniň we duluk ýaýynyň döwüklerini amalsyz (dokumalarda kesim geçirmezden) we amal usuly bilen bejermek bolýar.

Amalsyz bejergi ýeňil ýerine barýan döwüklerde we şikesden 3 günden köp wagt geçmedik ýagdaýlarda görkezilen. Süýem (uly) barmagy agyz bosagasynyň geçiş ýygyrdynyň ýokarky aýlawynyň yz bölegine salyp, süýşen tarapyň garşysyna hereket etdirip, duluk süňküni (ýaýyny) salýarlar. Şeýle hem hasa dolanan mala şekilli ýasyja

guraly, döwük ýaýyň aşagyndan geçirlen simi, Karapetýanyň gaňyrgajyny ulanmak bolar.

Amal usullarynyň arasynda Limbergiň bir dişli ilgençegini ulanmaklyk giň gerim alan. Ilgençegi duluk süňküniň aşaky gyrasy boýunça kese geçirilen çyzygyň we gözhananyň daşky gyrasy boýunça dik geçirilen çyzygyň çatrygy boýunça girizýärler, onuň aýlaw ýerini ýumşak dokumalaryň doly içine salyp, onuň ujuny ýerinden süýşen duluk süňküniň iç ýüzünde ýerleşdirýärler. Döwülen süňki süýşmäniň garşysyna edilen hereket bilen ýerine salýarlar. Onuň ýerine dogry baranlygyna gözhananyň aşaky ýa-da daş tarap gyrasynda süňk çykyndysynyň aýrylmagy, agzynyň doly göwrümde açylmagy, duluk sebitiniň dokumalarynyň çöketliginiň aýrylmagy bilen baha berýärler. Duluk ýaýy döwülende ilgençegi onuň aşaky gyrasy boýunça süňk bölekleriniň çöken ýerinden girizýärler. Düzetmekligiň galan hereketleri ýokarda aýdylanlardan tapawutlanmaýar.

Duluk süňküniň birnäçe süňk bölekli, ilgençek bilen salnandan soňra ýerinde durmaýan döwüklerinde süňk birleşdirme amal usuly bilen dü-zetmeklik ulanylýar. Bu amal usuly umumy agyrysyzlandyrma bilen ama-la aşyrylýar. Agyz boşlugynyň bosagasynda ýokarky geçiş ýygyrt boýunça geçirilen kesim bilen duluk süňküniň ýokarky äň bilen birleşmesini açýarlar, ýokarky äň boşlugyny barlaýarlar, arassalaýarlar, erkin ýatan süňk bölejiklerini aýyrýarlar. Gaşyň çeti boýunça geçirilen kesim bilen duluk süňküniň maňlaý süňk bilen birleşmesinde, seýrek halatda gözhananyň aşaky gyrasynda ýokarky äň bilen birleşmesinde sim bilen birleşdirme amala aşyrylýar. Duluk süňküni ýerine eltýärler we eger ýerinde durmasa ýokarky äň bilen birleşmesine tegek görnüşinde goýlan süňk bölegini ýa-da grafit implantatyny goýup, ýokarky äň boşlugyny kseroformly hasa peltesi bilen dykyp dolduryp, duluk süňki galdyryp saklaýarlar. Kesilip döredilen ýaralary gatma-gat tikýärler. Bu ýagdaýda kiçi plastinalar bilen geçirilen süňk birleşdirme amaly has oňat netijeler berýär.

### 11.13. Burun süňkleriniň döwükleri

Burun süňkleri aýratynlykda ýa-da ýokarky äň bilen bilelikde şi-

keslenip bilýärler. Burun geçelgelerinden gan akmagy, burnuň daşky görnüşiniň gyşarmagy, burnuň sypjyryklary we ýaralary, burundan kynlyk bilen dem almaklyk, gabaklaryň iç taraplarynyň ýellenmekleri we gan inmeleri şikesiň häsiýetli alamatlarydyr. Kellagyry we baş aýlanma döremekligi hem mümkin.

Kesel kesgitlemesini tassyklamak üçin göni ugur we gapdal taraplardan rentgen suratlary alýarlar.

***Bejergisi.*** Gyşarma döremegi we burundan dem almagyň bozulmagy burun süňklerini düzetmeklige gözkezmedir. Döwülen burun süňklerini ýapylan ujyna rezin lüle geýdirilen iňňe tutulýan gysgyç ýa-da ýörite burun gaňyrçagy bilen düzedýärler. Gural bilen burun süňkleriniň böleklerine iç ýüzünden basyp we çep eliň barmaklary bilen daşyndan olary basyp dogry ýagdaýda goýýarlar. Burundan dem alyşy saklamak üçin burun deşiklerine rezin lüle salýarlar we burun geçelgelerini kseroformly hasa pelteleri bilen doldurýarlar. Burnuň daş ýüzünden gips hasa sargy goýýar-lar. Amal ýerli ýa-da umumy agyrysyzlandyrma bilen geçirilýär (şikesden soňra 10-14 gün dowamynda).

Döwük böleklerini dogry ýagdaýda 7-10 gün saklaýarlar, hasa pelteleri 3-4 gün geçeninden soňra bölekleýin aýryp başlaýarlar (*65-nji surat*).



**65-nji surat.** Burun süňkleriniň döwügi düzedilen we berkidilen näsag.

## 11.14. Äň-ýüz sebitiniň dokumalarynyň we Synalarynyň utgaşykly şikesleri

Ýüzüň utgaşykly şikesi diýip äň-ýüz sebitiň dokumalarynyň we synalarynyň hem-de başga beden sebitleriniň we bölekleriniň bilelikde zeperlenmesine aýdylýar ( Halkara beden gurluş bölünişigi boýunça adam bedeni şertleýin 7 gurluş sebite we bölege bölünýär: kelle, boýun, döş, garyn, çanaklyk, oňurga, el-aýaklar;). Maglumatlara gö-

rä, äň-ýüz sebitiň utgaşykly şikesleri has köp ýagdaýda (95%) kelle-beýni şikesi bilen utgaşýar; seýrek halatlarda (33%) (bir wagtyň özünde) el-aýaklaryň, çanaklygyň, oňurganyň we beýleki beden böleklериniň şikesleri anyklanýar. Ejir çekenleriň 53%-de şikes şok ýagdaýy anyklanýar.

Utgaşykly şikes bilen ejir çekenleri köplenç ýagdaýda hassahana ýörite lukmançylyk ulagynda getirýärler.

Umumy agyrlyk ýagdaýyna we anyklanylan agdyklyk ediji şikese baglylykda bu näsaglar ýöriteleşdirilen äň-ýüz ýatymlaýyn bejergi bölümine (kelle-beýni sarsmasy bilen), neýrohirurgiýa bölümine (kelle beýniniň möçükmesi, kelle beýni gabyklaryna ganinme, oňurga, kelleçanagyň düýbüniň ýa-da kelle üstüniň döwügi bilen) ýa-da köpugurly, tiz kömek hassahanalaryň umumy hirurgik ýa-da şikesler bölümlerine (el-aýaklarynyň, çanaklygyň we içki synalaryň şikesleri bilen) düşýärler.

Şeýlelik bilen, äň-ýüz hirurgik ýatymlaýyn bejergi bölümlerine adatça, ýeňil kelle-beýni şikesi bolan näsaglar düşýärler we ol zeperlenen ýüz süňkleriniň döwük bölekleriniň gijä goýmazdan bejergi berkitmelerini ama-la aşyrmaga päsgelçilik bermeýär. Neýrohirurg we newropatolog bilen maslahatlaşyp, bu näsaglarda umumy bejerginiň çäklerinde bedenden suw çykarmaklyk (degidratasiýa) bejergisini geçirýärler we düşekçede ýat-maklyk düzgüni bellenýär.

Köpugurly hassahanalaryň we tiz kömek hassahanalarynyň neýrohirurgiýa we ýöriteleşdirilen bölümlerine düşýän ýüzüniň utgaşykly şikesi bolan näsaglar jan üçin örän wajyp görkezmeler boýunça dürli ugurly lukmanlardan we ilkinji nobatda reanimatolog – anesteziologlardan, neýrohirurglardan, garyn boşlugy we döş kapasasy boýunça hirurglardan, trawmatologlardan, oftalmologlardan kömege mätäçdirler. Bu ýagdaýlarda äň-ýüz hirurgynyň gatnaşmaklygy äň-ýüz sebitiniň dokumalarynyň we synalarynyň zeperlenmesiniň häsiýetini we gerek bolan bejerginiň göwrümini kesgitlemäge gönükdirilendir. Ejir çekeniň ýagdaýynyň agyrlygy, onuň bilen aragatnaşygyň kynlygy, rentgen barlag geçirmekligiň çäklenmegi - bularyň hemmesi äň-ýüz sebitiniň dokumalarynyň zeperlenmelerini anyklamakda düýpli kynçylyklar döredýärler. Ýüzüň zeperlenen ýumşak dokumalarynyň

ýellenmesi olaryň ýagdaýyny has-da agyrlaşdyrýar we alamatlara baha bermeklik esasynda zeperlenmäni anyklamak has-da kynlaşýar.

Bu topar näsaglaryň ýüzüni gözden geçirmegiň we ýüz süňklerini el bilen barlamagyň öz aýratynlyklary bar. Ony maňlaý sebitinden we gözhanalaryň ýokarky-daşky gyralaryndan başlaýarlar; soňra yzygiderlilikde burun süňkleriň, gözhanalaryň aşaky gyralaryny, duluk ýaýlaryny el bilen barlaýarlar; ýokarky äňiň we aşaky äňiň zeperlenmesini kesgitleýärler; oňat ýagtylandyryp, üns bilen agyz boşlugynyň synalaryny, damagyň yzky diwaryny gözden geçirýärler we gerek bolanda ganyň we beýni suwuklygynyň dem alyş ýollaryna düşmezliginiň öňüni alyş çärelerini geçirýärler.

Näsagyň gözden geçirilmeginiň we rentgen barlagynyň esasynda, onuň ýagdaýynyň agyrlygyny hasaba alyp, ejir çekeniň hünärmen bejergisiniň meýilnamasyny düzýärler.

Hirurg-stomatologyň öňünde ilkinji nobatda duran mesele – jan üçin howply gan akmany we daşky dem alşyň bozulmasyny aradan aýyrmakdyr we (gerek bolsa) gyssagly kömek bermekdir.

Köplenç, utgaşykly şikes bilen ejir çekenlerde bar bolan äň-ýüz sebitiniň dokumalarynyň zeperlenmesine agdyklyk ediji diýlip baha berilmeýär. Emma äň-ýüz hirurgy tarapyndan gaýra goýulmasyz kömek berilmegine görkezme näsagyň huşsuz ýagdaýy, gyjynma jogap duýujylygynyň (reflekleriniň) peselmekligi we gusuk zatlarynyň, diş bölekleriniň we başga özge jynslaryň dem alyş ýollaryna düşüp, gitdigiçe, daşky dem alşy bozmaklygy tiz agyr gaýra üzülmelere getirip we şikesiň oňaýsyz netijesini kesgitläp bilýänligindedir.

Irki (gyssagly) hünärmen kömeginiň göwrümi ýüzüň we agyz boşlugynyň dokumalarynyň ýaralarynyň ilkinji hirurgik arassalamasynda, özge jynslary aýyrmakda, agyz boşlugyny arassalamakda, aşaky äňiň çykygyny salmakda hem-de ýüz süňkleriniň döwük böleklerini berkitmekde jemlenendir we olar (mümkin boldugyça) iň ýönekeý serişdeler we usullar esasynda amala aşyrylýar. Ulanylýan berkitme serişdeleri we usullary janlandyryş çärelere zyýan bermeli däldir, ejir çekene seretmegi, wagtal-wagtal agyz boşlugyny arassalamaga ýol bermelidir we agzy boýunça doly iýmitlenmegi üpjün etmelidir.

Ýüz süňkleriniň böleklerini berkitmegi aşakdaky yzygiderlilikde amala aşyrýarlar: duluk ýaýy we duluk süňkleri, ýokarky äň, burun

süňkleri, aşaky äň. Hemme hirurgik bejergi çärelerini umumy agyrysyzlandyrma ýagdaýynda geçirmek gerek.

## 11.15. Äň-ýüz sebitiň şikesleriniň öňüni almak

Ýol-ulag we ulag däl şikesleriň öňüni almak üçin mekdeplerde köçe hereketiniň düzgünlerini öwretmek boýunça ýörüte sapaklar geçirilýär.

Mekdep okuwçylarynyň boş wagtlaryny peýdaly geçirmeklerini dogry gurnamak, çagalar üçin döredilen meýdançalar we ýaşaýyş jaýlaryndaky ýörüte gurnaklar we başga çäreler çagalaryň saglygyny we ömrüni goramaga ýardam edýär.

Çagalaryň we ulylaryň äň-ýüz sebitiniň sport şikesleriniň öňüni almaklyk hususy gorag serişdeleriniň we çäreleriniň ulanylmagy hem-de guramaçylyk çäreleri bilen geçirilýär.Ýüzüň ýukajyk deri bilen örtülen we ýygy şikeslenip bilýän ýerleri (köplenç burun arkasy) ýelimli hasa zolagy (leýkoplastyr) bilen örtülýär (mysal üçin boksda we başa-baş söweş sport görnüşlerinde) (*66-njy surat*). Dişler we agzyň ýumşak dokuma synalary (dil, dodaklar) diş hatarlaryna geýdirilýän çeýe material bolan emeli kauçuk - silikondan ýasalan taýýar (standart) kappa geýmeklik bilen şikeslerden goralýar (sportuň boks we başa-baş söweş görnüşlerinde) (*67-nji surat*). Diş hataryna geýdirilýän kappa stomatolog-ortoped lukmany tarapyndan özbaşdak hem ýasalyp bilner.Ýüzüň süňkleri we ýumşak dokumalary tutuş kelle bilen bilelikde içi ýumşak materially emeli deriden tikilen gözenek şekilli şlem geýmeklik bilen şikesden goralýar (*68-nji surat*).

Sport şikesleriniň öňüni almaklygyň guramaçylyk çärelerine tälimçileriň, eminleriň we guramaçylaýň sport görnüşleriniň düzgünleriniň dogry berjaý edilişine, türgenleşiklerde we tutluşyklarda türgenleriň agramlarynyň we derejeleriniň deň gelmegine, türgenleşik we ýaryş geçirilýän ýerleriň bildirilýän talaplara gabat gelmegine berk gözegçilik etmekleri degişlidir.

Sowuk almagynyň öňüni almak ýüzüň açyk ýerlerine hemişelik sowuk täsirini aradan aýyrmakda we olary sowuk täsirinden goramakda jemlenendir. Aýaz günleri türgenleşikleriň we gezelençleriň öňünden çagalaryň ýaňaklaryna we burunlaryna ýukajyk edip ýag çalmalydyr.



**66-njy surat.** Burun arkasyny şikesden goramak üçin ulanylýan ýelimli hasa zolagy (leýkoplastyr).



**67-nji surat.** Diş hatarlaryna geýdirilýän taýýar (standart) silikon kappa.



**68-nji surat.** Kellä geýilýän gorag şlemi.

# 12-NJI BAP

## ÝÜZÜŇ ÝANYKLARY

### 12.01. Gyzgynlyk netijesinde ýanyklar

Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň (BSGG) maglumatlaryna görä, hemme zeperlenmeleriň arasynda adam bedeniniň gyzgynlyk ne-tijesinde döreýän ýanyklary üçünji ýeri tutýarlar. Ejir çekenleriň üçden iki bölegi ýanyga durmuşda eşiginiň ýanmagy ýa-da açyk lowlap duran ýalyn netijesinde, goşlaryň, dürli suwuklyklaryň ýanmagy, elektrik togy ýa-da himiki maddalar netijesinde duçar bolýarlar. Ýanyk näsag ýylylyk şöhle saçmasyna duçar bolanynda hem, gün şöhlesi netijesinde hem döräp biler.

Parahat zamanada ýüzüň we kelläniň ýanyklary adamyň bedeniniň ähli ýanyklarynyň 24,5% golaýyny tutýarlar. Ikinji Jahan urşunda uruş sebitlerinde ýüzüň we kelläniň ýanyklary äň-ýüz sebitiniň ähli zeperlenmeleriniň arasynda 3,5%-i tutupdyr. Ýadro ýaragy ulanylan halatynda ýanyklar ähli zeperlenmeleriň (mehaniki şikes we içgin geçýän radiasiýa bilen bilelikde) 75%-den gowragyny tutup biler. Harby hereketler ýüze çykanynda ýalyn dörediji ýarag serişde hökmünde napalmlar, pirogeller, termit, ak fosfor ulanylyp biliner. Napalmlar ýa-



**69-njy surat.** Ýüzüniň IIIb we IV derejeli ýanygy bolan näsag.

nanynda 800-1100°C, fosfor 800-1200°C, pirogeller 1400-1800°C, termit 2810-3010°C gyzgynlygy döredýärler (*69-njy surat*).

Dokumalara ýokary gyzgynlyk täsir eden ýerinde öýjükleri dikeldip bolmajak derejede zaýalaýar. 51°C we ýokary gyzgynlykda, haçanda gan damarlary boýunça ýylylyk netijeli ýagdaýda ýaýradylyp bilinmäninde dokumalar çalt zeperlenýärler. Bu ýagdaýda proteinleriň, ýaglaryň we uglewodlaryň yzyna gaýtaryp bolmaýan bozulmalary ýüze çykýar. Ýylylygy nerw sütünleri we gan damarlary oňat geçirýärler, süňk dokumasy bolsa oňat geçirmeýär.

Deri özüniň aşagyndaky dokumalaryň gyzmaklygyna päsgelçilik döredýär. Şol sebäpli hem onuň dürli sebitlerdäki galyňlygynyň gyzgynlyk täsiriniň netijesi üçin ähmiýeti bar. Deriniň galyňlygy 2-den 4 mm çenli bolýar, ýüzde bolsa onuň ýüzleý gatlagy 0,1-1,17 mm deňdir.

Ýanyklary 4 derejä bölýärler.

***I derejede*** deriniň ýüzleý gatlagy zeperlenýär, deriniň gyzarmasy we ýellenmesi, güýçli bolmadyk agyry ýüze çykýar. 2-3 gün geçeninden soňra bu alamatlar aýrylýarlar, zeperlenen ýüzleý deri gatlagy gataňsy bolýar, ýanyk ýeriň ýüzüniň özbaşdak bitmekligi amala aşýar. Ýanyk bolan ýerde birnäçe wagtlap meneklilik saklanyp galyp biler we soňraky döwürde yz galdyrman, ýitip gidýär.

***II derejede*** diňe bir deriniň ýüzleý gatlagy zeperlenmän, eýsem-de, onuň çuňňur gatlagynyň ýokarky (emzijekli) bölegi hem zeperlenýär. Gyzaran deri düşeginde sarymtyl dury suwuklygy bolan gabarçaklar emele gelýärler. Ýarylan ýagdaýynda onuň düýbünde güýçli agyry duýgularyny döredýän açyk gyzyl ýa-da gyrmyzy reňkli çygjaryp duran dokumalar kesgitlenilýär. Ýara 1-2 hepdäniň dowamynda bertik emele getirmezden özbaşdak doly bitýär.

***III a derejede*** deriniň ýüzleý gatlagy, çuňňur gatlagynyň emzijekli we torly ýerleri doly zaýalanýar. Diňe tüý haltajyklary we der mäzleri zeperlenmedik. Ýanygyň ýüzi gabarçaklar, kesmek ýa-da olaryň ikisi bilen hem örtülen bolup biler. Gabarçaklar uly ölçegler-

de bolup, onuň diwarlary dartylan bolýar. Olaryň içi sarymtyl reňkli suwuk ýa-da sowaşyk madda bilen dolan. Ýanyk ýarasynyň düýbi (gabarçagyň aşagynda) açyk gyzyl reňkli, çygly. Kesmek bal ary mumy, açyk sary we gögümtil reňkli bolup biler. Onuň ýüzi çeýe, agyry duýgurlygy peselen, ten duýgurlygy saklanyp galan. Ýanyk ýeriň ýüzüniň 4-6 hepdäniň dowamynda betnyşan bolmadyk bertikleri emele getirip özbaşdak bitmekligi mümkin. Kähalatlarda işjeňlik bozulmalara getirýän keloid bertikler emele gelýärler.

***III b derejede*** deriniň ýüzleý gatlagy we tüý haltajyklary hem-de der mäzleri bilen bilelikde deriniň çuňňur gatlagy doly zaýalanýar. Aşakdaky dokumalaryň hem zeperlenmegi mümkin. Ýanyk ýeriniň ýüzi sary, çal ýa-da III a derejeli ýanykdaka garanyňda has beter güýçli goňrumtyl kesmek bilen örtülen bolup biler. Emele gelýän gabarçaklaryň içi ganly suwuklyk bilen dolan. Ýaranyň düýbi gurak, ak menekler bilen öçügsi ýa-da doly agymtyl reňkli. Ol mermer şekilinde bolup biler. Agyry duýgurlygy has peselen ýa-da doly ýok bolan. Kesmek öz-özünden aýrylanyndan soňra düwür-düwür dokuma bilen örtülen ýara betnyşan bertikleri emele getirip bitýär. Ýaranyň bitmekliginiň möhleti ýanygyň meýdanyna we ýerleşýän ýerine baglydyr. III a we III b derejeli ýanyklary geçiş alamatlary boýunça özara tapawutlandyrmak kyn bolýar.

***IV derejede*** deriniň ýüzleý gatlagy we derma bilen bilelikde deriasty ýag gatlagy, gatlagara dokuma bardalary, muskullar, kä halatlarda bolsa süňkler hem zaýalanan. Ýanyk ýeriniň ýüzi dürli galyňlykdaky goňur ýa-da gara reňkli dykyz dokuma çüýrüntgi kesmegi bilen örtülen. Agyry duýgurlygy bolmaýar. Ýanyk zeperlenmesinden soňraky ilkinji sagatlar diňe kömre dönen görnüş bolanynda IV derejeli ýanygy ynamly kesgitlemek bolýar. IV derejeli ýanyklaryň bitmekligi örän haýal bolup geçýär we ol dokumalaryň we synalaryň has uly kemtiklerine getirip biler.

I, II we III a derejeli ýanyklar ýüzleý görnüşe degişli: bu ýagdaýda deriniň ýüzleý ýa-da çuňňur gatlaklarynyň bölekleri saklanýarlar we bular ýanyk ýarasynyň özbaşdak bitmekliginiň başlangyjy bolup durýarlar. III b we IV derejeli ýanyklar çuňňur görnüşe degişli. Bularda deri örtügi özbaşdak dikelmeýär.

Ýanyk döräninden soňra ilkinji sagatlar onuň çuňlugyny any-

klamak kyn. Hassahanada aşakdaky usul ulanylyp bilner. Zeperlenen dokumalary birnäçe daşlykdan we gapdaldan gözden geçirýärler. Ýüzleý ýanykda ýanan dokuma ýellenen we zeperlenmedik deriniň derejesinden ýokary galyp durýar. Ýaranyň düýbi çygly we ýalpyldap durýar. Çuňňur ýanykda zeperlenen dokumalar gurak, dykyz ýa-da mürşüp durýarlar we sagdyn deriniň ýüzünden aşakda ýerleşen. Ýanygyň çuňlugy agyry duýgurlygyny kesgitlemeklik arkaly hem anyklanylyp bilner. Ýüzleý ýanyklarda (I-IIIa) agyry duýgulary saklanan, çuňňur ýanyklarda (IIIb-IV) bolsa ol bolmaýar. Ýanygyň çuňlugyny has anyk birinji ýa-da ikinji hepdäniň soňunda anyklap bolar.

Zeperlenmäniň agyrlygyna baha bermeklik üçin diňe bir ýanygyň çuňlugyny kesgitlemeklik ýeterlik bolman, eýsem-de onuň meýdanyny hem kesgitlemekligiň uly ähmiýeti bar. Ony bedeniň umumy meýdanyna bolan gatnaşyk göteriminde görkezýärler. Munuň üçin «dokuzlyk» düzgüni ulanylýar. Oňa laýyklykda kelläniň, boýnuň, gollaryň meýdanlarynyň hersi bedeniň umumy meýdanynyň 9 göterimine deňdir. Göwräniň we aýaklaryň öň we yz taraplarynyň meýdany bedeniň umumy meýdanynyň 18 göterimini tutýar (2 gezek 9 göterim). Uly adamyň eliniň aýasynyň meýdany 1 göterime deň. Ýanygyň meýdanyny kesgitlemeklik üçin näsagyň eliniň aýasynyň kagyz nusgalaryny ulanmak bolar. Amaly bejeriş işde ýanygyň meýdanyny kesgitlemeklik üçin «dokuzlyk» düzgüni we «el aýasy» düzgüni ulanylýar.

Näsaglaryň ýagdaýynyň agyrlygy köp babatda ejir çekeniň ýaşy we dem alyş ýollarynyň ýanygynyň ýagdaýy bilen kesgitlenilýär. Amaly işde şol bir näsagda dem alyş ýollarynyň ýanygy bilen we onsuz ýüzleý we çuňňur ýanyklar utgaşykly gelip bilerler. Ýanyk şikesiniň agyrlygyna baha bermeklik üçin zeperlenmäniň agyrlyk görkezijisi (ZAG) kömek edýär. Oňa laýyklykda II-IIIa dereje ýanyk 1 göterimi 1 birlige deň, çuňňur ýanyklaryň (IIIb – IV dereje) 1 göterimi 3 birlige deňdir. I derejeli ýanyklar hasaba alynmaýarlar. Dem alyş ýollarynyň ýanygy bolan halatynda ZAG-ň üstüne 30 birlik goşýarlar.

Ýanyk keseli, adatça, ýaýraň gyzgynlyk şikeslerinde: uly adamlaryň bedeniniň umumy meýdanynyň 15 göteriminden köp we çagalarda hem-de garrylarda 10 göteriminden köp bolanynda emele gelýär. Ýüzleý we meýdany çäkli bolan çuňňur ýanyklar ýanyk keselini

döretmeýärler. Diňe kelläniň, ýüzüň we boýnuň ýanyklarynda ýanyk keseli örän seýrek emele gelýär. Ýanyk keseliniň 4 döwri bolýar: I – ýanyk şogy; II – ýiti ýanyk gan zäherlenmesi (toksemiýasy); III - ýanyk netijesinde tutuş bedeniň gan zäherlenmesi (septikotoksemiýa); IV- sagalyş döwri.

Ýanyk keseliniň her bir döwrüniň ady bedende bolup geçýän zeperlenme hadysalar bilen kesgitlenilýär.

***Kelläniň, ýüzüň we boýnuň ýanyklarynyň aýratynlyklary.*** Ýüzüň meýdany bedeniň umumy meýdanynyň 3,12 göterimini tutýar. Ýüzüň oňat nerw we damar üpjünçiligi, ejir çekeniň ýüzüniň keşbiniň zaýalanmaklygy netijesindäki oňaýsyz ruhy ýagdaýy ýüzüň çäklenen II – IV derejeli ýanyklarynda hem onuň ýagdaýynyň agyrlyk derejesini kesgitleýär. Ýüzüň üsti tekiz däl, onuň dürli ýerlerinde deri ýuka we dürli galyňlykda bolýar. Şol sebäpli hem ýüzüň golaý ýerleşen ýerlerinde şol bir täsir ediji netijesinde çuňlugy boýunça dürli derejedäki – örän ýüzleý görnüşden çuňňur derejä çenli ýanyklar döräp bilerler. Çuňňur ýanyklar, köplenç, ýüzüň çykyp duran ýerlerinde: gaş ýaýlarynda, gulaklarda, burunda, duluk süňküniň sebitinde, dodaklarda, eňekde döreýärler, seýrek bolmadyk ýagdaýlarda maňlaýyň we gabaklaryň dokumalary zeperlenýärler. Ýüzüň ýanyklary, köplenç, dem alyş ýollaryň, elleriň barmaklarynyň ýanyklary bilen utgaşýarlar. Ýüzüň ýanyklary güýçli agyrylary we şikesden soňra ilkinji sagatlar emele gelýän hem-de çalt artyp başlaýan ýellenme bilen ýüze çykýar. Köplenç gaş ýaýlary zeperlenýärler. Çuňňur ýanyklarda gaşlaryň ýerinde ýukajyk bertik emele gelýär we ol gitdigiçe ýokarky gabaklaryň çöwrülmekligine getirýär. Gaş tüýleri ösmeýärler.

Gulak ýelkenleriniň ýanyklary seýrek bolmadyk halatlarda ketirdewügiň köýüp zeperlenme ýagdaýyna baryp ýetýän çuňňur görnüşde bolýarlar. Emele gelýän ketirdewük çişme keseli gulak ýelkeniniň dokumalarynyň uly ýellenmesi we gyzarmasy bilen ýüze çykýar; güýçli agyryly bolýar. Iriňlän ýerleriň üstünde suwuklyk ýygnanmaklygy netijesinde bulkuldy kesgitlenilýär. Ketirdewügiň ölen ýerleri gopup aýrylanyndan soňra gulak ýelkeniniň kemtikleri we gyşarmalary emele gelýär. Gulak ýelkenleriniň tutuş zeperlenmelerinde olar ellenilip barlananynda gaty, agyrysyz, agymtyl ýa-da garamtyl reňkde bolýarlar.

Daşky burnuň çylşyrymly gurluşy bar. Burnuň arkasynyň derisi

ýukajyk. Onuň aşagynda sähelçe galyňlykda birleşdiriji dokuma gatlagy bar we deriasty ýag gatlagy ýok. Burnuň ganatlarynyň sebitinde ýukajyk ketirdewükler ýerleşen. Ýanykda köplenç burnuň ujy we ganatlary, käwagt bolsa onuň tutuş üsti zeperlenýärler. Seýrek bolmadyk ýagdaýlarda ganat we üçburç ketirdewükler zeperlenýärler we bu olaryň soňraky çüýremekligi bilen tamamlanýan ketirdewük çişme keseliniň döremegine getirýär. Burnuň dokumalarynyň kemtikleri, onuň durnukly gyşarmalary döreýärler.

Duluk süňküniň sebitiniň we ýaňaklaryň ýanyklarynda gulakýany sülekeý mäziň açylmaklygy bilen gulakýany gatlagara dokuma bardasyna çenli dokumalaryň ölmekligi bolup biler. Bu sebitleriň dokumalarynyň bertikleşip bitmekligi aşaky gabagyň çöwrülmekligine we agyz burçunyň gapdala süýşmekligine getirýär. Duluk süňküniň çüýremekligi mümkin.

Dodaklar – ýüzüň hereket edýän bölekleri. Olaryň iýmit kabul edilmeginde uly ähmiýeti bar. Dodaklaryň gyrmyzy gaýmalarynda der we nem mäzleri, tüý haltajyklary ýok. Onuň örtügi örän ýuka we aňyrsy görnüp duran. Dodaklaryň ýanyklarynda gyrmyzy gaýmalar köplenç, çüýreýärler we soňra dikelmeýärler. Emele gelýän gemreler şikeslenýärler, ganaýarlar, döreýän jaýryklar agyry döredýärler we iýmit kabul edilende köp kynçylyklar döredýärler. Ýellenme netijesinde dodaklaryň gyrmyzy gaýmalary çöwrülýärler we “balyk agzy” emele gelýär. Dodaklaryň ýanyklary diňe bir agyz sebitiň görnüşiniň bozulmagyna getirmän, eýsem, dar agzyň emele gelmegine we agyz arkaly iýmitlenmegiň kynlaşmagyna hem getirýär.

Aşaky dodak bilen bilelikde eňegiň dokumalary hem zeperlenýärler. Erkek adamlarda ýanyk ýarasynyň gemrejikleri sakgal tüýleri bilen birleşýärler we bu ýagdaý ejir çekene köp amatsyzlyklar döredýär hem-de bu ýerde üsti tekiz bolmadyk bertigiň döremegine ýardam edýär.

Maňlaýyň çuňňur ýanyklary maňlaý süňküniň zeperlenmegine we onuň soňraky daşky gabyk gatlagynyň çüýremegine hem-de maňlaý boşlugynyň çişme keseliniň doremegine getirip biler. Çişme hadysanyň beýniniň gaty bardasyna ýaýramagy hem mümkin.

Ýüzüň ýanyklarynda muskullaryň gyjynmasynda ýygrylmaklary gyzgynlyk täsiri astyna düşýän gabaklaryň derisiniň meýdanyny azal-

dýar we şu sebäpli hem gabaklar az zeperlenýärler. Has ýokary gyzgynlyk täsiri netijesinde gözüň agy we buýnuz bardasy açyk galyp we olaryň hem ýanyklary bilen gabaklaryň tutuş zeperlenmesi bolup biler. Gabaklaryň ýellenmesi hemişe uly bolýar we diňe 5-6 gün geçenden soňra peselýär. Kirpik gyralary, köplenç, çüýreýärler we iriňli gemrejikler bilen örtülýärler. Saklanyp galan nädogry ýerleşen kirpikler buýnuz bardanyň şikesine we onuň çişme keseliniň döremegine getirýär. Gabaklaryň bertik çöwrülmesi gabaklaryň ketirdewüginiň gyşarmasyna getirýär we bu gyşarma ketirdewüklerde ýanyk bolmadyk halatynda hem döreýär. Gabaklaryň ýanygynda gözüň ýagdaýyna baha bermek gerek. Gözüň dokumalary zeperlenende näsagyň bejergisine göz lukmanynyň gatnaşmagy zerurdyr.

Kelläniň saçly böleginiň ýanyklary çäklenen we çuňňur, seýrek halatlarda ýaýraň bolýarlar. Seýrek bolmadyk halatlarda çuňňur we ýüzleý zeperlenme ýerleri utgaşyp gelýärler. Kelläniň saç örtügi III derejeli ýanykda hem uzak wagtlap saklanyp galyp biler. Çuňňur ýanyklarda kelle süňkleriniň çüýremekligi mümkin. Süňküň ölen ýerleriniň dokumalarynyň bölünip gopmaklygy örän haýal bolup geçýär. Şu sebäpli hem emele gelen kemtigiň erkin deri plastikasyny geçirmeklik bilen olaryň amal arkaly aýrylmaklygy geçirilýär.

Boýnuň ýanyklary seýrek bolmadyk ýagdaýlarda ýüzüň aşaky üçden bir böleginiň we döşüň ýanyklary bilen utgaşykly döreýär. Köplenç, boýnuň öň tarap ýanygy, seýrek –gapdal, has seýrek – yz tarap we tutuş daşyna aýlanýan ýanyklar duş gelýärler. Boýnuň dürli ýerlerinde onuň derejesi birmeňzeş hem bolman bilýär. Boýnuň ýanyklary onuň IIIa derejeli ýanygynda hem düýpli gyşarmalary döredýän çuňňur bertikleriň emele gelmegine getirýär. Bu ýukajyk deriniň aşagyndaky ýerleşen boýnuň deriasty muskulyryň zeperlenmegi bilen düşündirilýär. Agyr ýagdaýlarda eňegiň döş kapasasy bilen birleşmesi döreýär we ol kelläni hereketsiz ýagdaýa getirýär. Aşaky dodak asak çekilýär, çöwrülýär, agzy ýapylmaýar, hemişe sülekeý dökülmekligi ýüze çykýar.

Şeýlelik bilen, ýüzüň ýanyklarynyň aýratynlyklaryna dokumalaryň has uly ýellenmesi we zeperlenme ýeriniň güýçli agyrysy, biri-birine golaý ýerlerde dürli derejeli ýanyklaryň bolmaklary degişlidir. Şol bir gyzgynlyk täsiri netijesinde döreýän ýanyklaryň derejesi

(çuňlugy) bedeniň başga ýerleri bilen deňeşdirilende has agyr bolýar. Ýüzüň ýanyklary, köplenç, dem alyş ýollaryň ýokarky böleginiň ýanyklary bilen utgaşýarlar.

Agyz boşlugynyň, damagyň burun böleginiň we seýrek halatlarda bokurdagyň nemli bardasynyň ýanyklary gyzgyn gazlar bilen döreýärler. Olar hemişe ýüzleý bolýarlar. Görnüşi boýunça burnuň ýanan tüýjagazly deşikleri görünýärler, nemli bardanyň gyzarmasy we ýellenmesi kesgitlenýär. Gyzarmanyň käbir ýellenmeli ýerlerinde çalymtyl-ak nem bilen örtülen ýerler bolup bilerler. Sesiniň çykyşynyň üýtgemegi mümkin. Agyz boşlugyň, damagyň, bokurdagyň, kekirdegiň we bronhlaryň nemli bardalarynyň çuňňur ýanyklary ejir çeken uzak wagtlap ýapyk jaýyň içinde, tokaý ýangyn ojaklarynyň içinde ýokary gyzgyna sezewar bolanda döreýär. Kekirdegiň we bronhlaryň nemli bardasy, seýrek halatlarda öýken dokumasy ýangynyň tüssesinden we külünden dem almaklyk netijesinde zeperlenip bilerler. Şunuň ýaly hassalarda düzüminde gurum bolan gakylykly üsgülewük döreýär, daşky dem alyş bozulma alamatlary ýüze çykýar. Dem alyş ýollarynyň gyzgyn gazyň (howanyň), ýangynyň tüssesiniň we külüniň hem-de olaryň zäherleýiş täsirleriniň bilelikdäki zeperlemesiniň netijesindäki ýanyklar has agyr ýüze çykýarlar.

***Bejergisi***. Ýanygy bolan näsaglaryň, şol sanda ýüzüniň ýanyklary bolan näsaglaryň bejergisi ejir çekene we zeperlenen sebite umumy hem-de ýerli täsir etmekligiň toplumyny özünde jemleýär.

***Ilkinji kömek*** betbagtçylyk bolan ýerinde berilýär. Şol pursatda mümkin bolan islendik ýol bilen ýanyk dörediji gyzgynlygyň täsir etmegini bes etdirmeli [suw guýmaklyk, gar, çäge zyňmaklyk, ýalyn aýrylýança ýorgan ýa-da başga galyň örtgi mata (keçe, eşik) bilen (sintetik bolmadyk) üstüni ýapmaklyk (dem gysma döremezligi üçin gysga wagtlaýyn!) we ýalyny basmaklyk we başg.]. Ejir çekeni dik ýagdaýda goýmaklyk bolmaýar, sebäbi beýle ýagdaý ýalynyň ýüzüne ýaýramagyna ýardam edýär. Ony gapdalyna, egnine ýatyrmak gerek. Eşigine ot düşeninde ylgamak bolmaýar, sebäbi howa akymy ýalyny güýçlendirýär. Çuňňur dokumalaryň gyzmaklygynyň öňüni almaklyk üçin gyzgynlyk netijesinde dörän zeperlenmeden soňra ilkinji 15-20 min dowamynda ýanyk ýerlere sowuk täsir etdirmeklik (sowuk suw, buzly meşijek, suwda ezilen mata we başg.) netijelidir. Betbagtçylyk

bolan halaty ýanyk ýeri sowadylanda deri -asty ýagly gatlak 1 sm çuňlukda kadaly gyzgynyna 20 sek wagtdan ýetýär, sowadylmadyk ýagdaýynda - 14 min wagtdan soň ýetýär. Mundan başga-da ýanyk dörediji gyzgynlyk täsiri bes edileninden soňra ýanyk sebitiniň dokumalarynyň gyzgynynyň ýokarlanmaklygy dowam edýär. Sowuk täsir etdirmek mümkinçiligi bolmasa, ýanyk ýeri howa bilen sowar ýaly açyk goýmak gerek. Ejir çekeni ulagda alyp gitmezden öňünçä, ýanyk ýarasyny zyýansyzlandyrylan sargy bilen ýapmaklyk oňat bolar. Görkezmeler bolanda ýürek-öýken janlandyryş (reanimasion) çärelerini ge-çirýärler.

***Lukmana çenli kömek.*** Orta saglygy goraýyş işgäri neşe pisint we neşe pisint däl agyry aýryjylary, ýürek-damar dermanlary, bürmege garşy gan aýrany ýa-da anatoksin goýberip biler. Näsagy 1 litrinde 1 çaý çemçe nahar duzy we ½ çaý çemçe natriý bikarbonaty (hamyr sodasy) (ýa-da 5,5 g nahar duzy we 4 g natriý bikarbonaty) eredilen 0,5-den 2 litre çenli suw bilen gandyrmaly. Suw zäherlenmesi bolmazlygy üçin arassa suwy 0,5 litrden köp içirmeklik bolmaýar. Görkezmeler bolanda ýürek-damar janlandyryş çärelerini dowam etdirmeli. Bejergi üçin ulagda alyp gitmeklik meselesi ýüze çykanda, ýanan ýüze göz üçin deşikleri bolan zyýansyzlandyrylan sargy bilen örtýärler. Ýüzleý ýanyklarda derä wazelin çalynýar. Ilkinji we lukmana çenli kömek berlende ýag esasly melhemleri, şeýle hem eýleýji serişdeleri (spirt, ýod ergini), metilen mawysynyň ýa-da göwher ýaşylyň erginini ulanmak bolmaýar. Bularyň hemmesi ýanyk ýarasyny arassalamaga we onuň çuňlugyny kesgitlemäge kynçylyk döredýär.

***Lukman kömegi.*** Ýatymlaýyn bejergä bedeniniň umumy meýdanynyň 10% -den geçýän I-II derejeli, çuňňur ýanygy bolan, ýüzüniň, boýnunyň, dem alyş synalarynyň, el we aýak daraklyklary hem barmak-lary, uly bogunlaryň sebitleriniň, satanynyň bileleşen zeperlenmesi bolan näsaglar degişlidirler. Ýatymlaýyn bejergi şertlerinde jana howp salýan bozulmalara garşy çäreleri geçirmek üçin görkezmelere dem alyş synalarynyň zeperlenmesi bilen ýüzüniň ýanygy bolan näsaglar mätäçdirler. Kekirdek we bronhlar ýangyn tüssesi we küli bilen zeperlenen halatynda dem alyş bozulmasynyň alamatlary ýok bolsa, näsaglara kekirdek deşigini goýmaklyk gerek däl, sebäbi onuň özi ýanyk alanyň ýagdaýyny has-da agyrlaşdyrýar. Beýle zeperlenmeleri adaty

usullar bilen (ýürek serişdelerini we bronh giňeldijileri, kortikosteroid gormonlary, kislorod bilen dem bermekligi we başg. ulanmaklyk) bejerýärler. Agyz boşlugyny natriý gidrokarbonadynyň 3-5% ergini, zyýansyzlandyryjy erginler bilen ýuwýarlar. Eger-de ozal bürmege garşy aýran ulanylmadyk bolsa, onda ony belleýärler. Ýokanja garşy derman bejergä başlaýarlar. Ýanyk ýarasyny usullylyk bilen we şikes ýetirmezden arassalaýarlar. Zeperlenen ýeriň datöwereginiň derisini benzin, 96% etil spirti ýa-da 0,5% naşatyr spirti bilen süpürýärler, sagdyn derini sabynly suw bilen ýuwmak bolýar. Bar bolan gabarçaklary furasiliniň ýa-da başga zyýansyzlan-dyryjynyň ergini bilen ýuwýarlar. Gabarçaklaryň içinden suwuklygyny çy-karmak üçin olary sähelçe gyrkyp ýarýarlar. Gopan ýüzleý deri gatlagy (gabarçagyň gabygy) ýaranyň ýüzüne ýelmeşip, onuň bitmekligini tizleşdirýän biologiki sargy bolýar. Şol sebäpli hem gabarçagy kesip aýyr-maly däl. Gabarçagy diňe onuň içi “goýalanda” ýa-da iriňlände kesip aýyr-ýarlar. Ýüzüň ýanyklaryny, adatça, açyk usul bilen, seýrek halatlarda ýa-pyk usul bilen bejerýärler. Ýanyklaryň ýerli bejergisi üçin ulanylýan der-manlar örtgi dokumanyň ösmekligine ýardam etmelidir, ýokanja garşy tä-sirli bolmalydyr we dokumalary gyjyndyrmaly däldir. Olara bildiril-ýän talap: ol ýaranyň bitmekligini tesdirmeli däldir. I derejeli ýanyklarda deň mukdarda alnan lanolinden, şetdaly ýagyndan we distillirlenen suwdan durýan sowadyjy çalgyny; 2% bor wazelinini; gidrokortizon ýa-da düzüminde başga kortikosteroid gormon bolan melhemi ulanýarlar. Sink okisinden, talkdan, gliserinden we distillirlenen suwdan deň mukdarda alnyp ýasalan garyndyny ulanmak bolýar. Ýanan derini spirt ýa-da spirtli suwuklyklar (atyr), çaga çalgysy bilen arassalamak bolýar. Ýüzüň ýanyk-larynda, eger-de olar açyk usul bilen bejerilýän bolsalar, melhemi ýa-da çalgylary günde 3-4 gezek ulanýarlar. Munuň üçin 10% sintomisin emulsiýasyny, 1% gentamisin, 0,5% furasilin, 10% anestezin ýa-da 10% sulfamil melhemlerini ulanmak bolar. Kümüşiň sulfadiazininiň 1% ergini esasyndaky çalgynyň (suwda ereýän esasly) oňat bejergi täsiri bardyr.

Deriniň çuňňur gatlagynyň ölmegi bilen geçýän IIIa-IV derejeli ýanyklar bejerilende esasy mesele ilkibaşda gury kesmek emele getirmek, soňra bolsa onuň gopmaklygyny tizleşdirmekdir. Bu III a derejeli ýanyklarda ýaranyň bitmegine ýa-da soňra öz derisini geçirmek amaly üçin ýaranyň ýüzünde sagdyn düwür-düwür dokuma döreme-

gine (III b - IV derejeli ýanyklarda) oňaýly şertler döredýär. Eger-de ýara ýapyk usul bilen bejerilse (zyýansyzlandyryjylar ýa-da ýokanja garşy dermanlar bilen çygly-guraýan sargynyň aşagynda), bu ýagdaýdan oňat we tiz çykyp bolýar. III a derejeli ýanykda kesmek gopup aýrylandan soňra, ýaranyň örtüginiň bitmekligini tizleşdirmek üçin ýagly derman sargylary goýmak, ýara ultramelewşe şöhle tutmak bolar. Ýüzüň çuňňur ýanyklarynda çüýrän dokumalary ilkinji we irki kesip aýyrmak amaly ulanmaýarlar, sebäbi hem diňe çüýrän dokumalar doly sagat dokumalaryň çäklerinde kesilip aýrylmasa, barybir erkin geçirilen deri kesim bölegi bitmeýär. Ýüzde beýle etmeklik mümkin däldir. Mundan başga-da ýüz we başga nerwleriň zeperlenmegi, şeýle hem güýçli ganakma döremegi mümkindir. Şol sebäplide çuňňur ýanyklarda ýaranyň ýüzüni plastik usul bilen ýapmaklyga amal geçirmezden, adaty bejergi usuly bilen ýuwaş-ýuwaşdan taýynlaýarlar. Bejerginiň dowamynda kesmegiň gopýan ýerlerini ýaşaýşa ukyby bolan dokumalara zeper ýetirmezden, gaýçy bilen seresaply kesip aýyrýarlar. Ýüzdäki düwür-düwür dokuma bilen örtülgi ýarada çüýrän dokumalar doly gopan bolsalar, onda iriňli çişme alamatlary bolmasa, düwür-düwür dokumalar owunjak dänejikli we gyralary boýunça algyrmyzy reňkli ýaş örtgi jähekli bolsa, onda ol öz deri kesim bölegini geçirmeklik amalyna taýyndyr. Deri kesim böleginiň galyňlygy 0,3-0,4 mm bolmalydyr. Ýüzüň ýanyklarynda bedeniň islendik elýeter ýerinden dermatom bilen alynan diňe bütewi deri kesim böleklerini ulanýarlar. Owadanlyk netijesini peseldýänligi üçin kesim böleklerinde deşikler edilmeýär.

Gabaklaryň we gözüň buýnuzly bardasynyň I-II derejeli ýanyklaryn-da zeperlenen ýerleri nowokainiň 1% ergini bilen ýuwmak, gözlere albusi-diň 30% erginini 2 damjadan her 3-4 sag damdyrmak gerek. Mundan başga-da gözüň nemli barda kiselerine günde 2 gezek gidrokortizon, tetrasiklin, lewomisetin melhemleri çalynmalydyr. Agyrylarda dikainiň 0,25% erginini damdyrýarlar. Gözüň buýnuzly bardasyny agyrysyzlandyryjy we ýokanja garşy häsiýetleri bolan ýörite göz bardasy bilen örtýärler.

Gulak ýelkeniniň ýanyklarynda, haçan-da ketirdewük bardasy bilen ketirdewügiň arasyna ýygnanan suwuklyk entek iriňlemedik ýagdaýynda we ketirdewükde ýaşaýyş ukyplygy saklananda, ony

sanjawajyň we iňňäniň kömegi bilen sorduryp bolýar hem-de ýiti ketirdewük çişmesiniň öňi alnyp bilner. Eger-de ýygnanan suwuklyk iriňlese, onda iriňli ojagy kesip ýarmak gerek we iriň akyp durar ýaly şertler döredilmelidir. Bu köplenç gulak ýelkeniniň has güýçli bildirýän gyşarmasyna, kähalatlarda bolsa onuň doly ýitirilmegine getirýär. Gulagyň daşky geçelgesiniň bertik bilen bitmegi mümkin we bu eşidişiň peselmegine getirýär.

Kelläniň saçly ýeriniň çuňňur ýanygy bolanynda ýaranyň daş töwereginde 5-7 sm zolakda saçy kesýärler we syrýarlar. 1-2 gün geçenden soňra, ölen süňk bardasyny kesip aýyrýarlar. Eger-de ol ölmedik bolsa, onda ol gurap zeperlenmez ýaly çygly sargylar bilen ýapylýar. Ýalaňaçlanan we ýaşaýşa ukypl ysüňk bardasynyň üstüniň deri örtügini mümkin boldugyça tiz dikeltmeli. Çuňňur ýanyklarda kelle süňkleriniň daşky gabyk gatlagy zeperlenip biler. Ölen ýerleriniň özbaşdak gopmaklygyna garaşmazdan olary aýyrmak gerek. Süňküň öýjükli bölegi wagtyň geçmegi bilen düwür-düwür dokuma bilen örtülýär we onuň üstüne bolsa erkin, özünden alnan deri kesim bölegini geçirýärler.

Dodaklaryň, eňek sebitiň, ýaňaklaryň çuňňur ýanyklarynda, haçanda dokumalaryň kemtiginiň döremekligine garaşylanda, soňraky döwürde ony has tiz düzeder ýaly öňünden plastika üçin dokumalary (kesim bölegini) taýynlamak we geçirmek gerek. Bertik kontrakturalarynyň döremeginiň öňüni almak üçin bejerginiň, aşaky äňiň beden maşk usullarynyň, näsagyň düşekde dogry ýatmaklygynyň uly ähmiýeti bar.

IV derejeli ýanyklar, aýratyn-da ýüzüň süňkleri zeperlenende has agyr netijelere getirýärler. Olaryň düzedilmegi köptapgyrly dikeldiş amallary geçirmegi talap edýär. Hiç bir yzsyz we gaýra üzülmesiz I we II derejeli ýanyklar bitýärler.

Ýanyklarda ölüm döremegi olaryň meýdanyna, çuňlugyna we ejir çekeniň ýaşyna baglydyr. Ýanygyň netijesini çaklamak üçin ýüzlük düzgünini ulanýarlar. Näsagyň ýaşyna ýanygyň meýdanynyň % sanyny goşmaly. Eger-de onuň jemi 101 deň we uly bolsa ýanygyň netijesiniň çaklamasy oňaýsyz, 81-100 – oňaýlylygy müňkürli, 61-80 – oňşarlyk oňaýly we 60 – oňaýly bolýar. Bu kesgitleýiş usuly diňe uly adamlarda ulanmak bolýar.

## 12.02. Elektroýanyklar

Elektroýanyklar elektrik togunyň çeşmesiniň dokumalar bilen degişen ýerinde döreýär. Hususan-da, elektrik energiýasy dokumalar bilen degişen ýerinde 3000-4000°C gyzgynlyk döredip, ýylylyga öwrülýär. Ýerli bozulmalar bilen bir hatarda dürli synalaryň işiniň bozulmalary we ilkinji nobatda ýürek-damar we dem alyş ulgamlarynyň işleri bozulýar. Hatda elektrik togy gysga wagtlaýyn degende hem dem alyş saklanyp we ýürek muskulynyň (miokardyň) sazlaşyksyz we tertipsiz ýygrylmasy döräp biler. Elektroşikes huşuny ýitirmezden ýa-da huşuny ýitirip muskullaryň tutgaýly ýygrylmasy (degişlilikde I we II dereje), huşuny ýitirip we ýüregiň işiniň bozulmasy bilen (III dereje) we yzyna gaýtaryp bolýan (kliniki) ölüme getirýän (IV dereje) görnüşlerde bolup biler.

Eger-de elektrik togy bilen zeperleneninde ýanyk döreýän bolsa, onda elektroşikesiň agyrlyk derejesi köýen dokumalar gorag bolýanlygy sebäpli, ol diýen agyr hem bolman bilýär.

Howa elektrik energiýasy (ýyldyrym) adaty elektrik toguna garanyň-da has köp güýçli we ýokary dartgynly bolýar hem-de has agyr zeperlenme döredýär.

Ýüzüň elektroýanyklary hemme ýanyklaryň umumy sanynyň 1,3%-i tutýar. Ol adaty gyzgynlyk netijesinde döreýän ýanyklardan tapawutlanýar we elektrik energiýasynyň çeşmesiniň deri bilen degişen ýeriniň meýdanyna baglylykda nokat görnüşinde («tok yzlary we belgileri» görnüşinde) ýa-da uly ölçegli bolup biler. «Tok belgileri» agymtyl-çal ýa-da goňrumtyl reňkli deriniň gury ýalpyldaýan, agyrysyz ýerleri görnüşinde bolýar. Olar töwereginiň zeperlenmedik derisiniň derejesinden biraz galyp durup, oňat bildirýärler. Soňraky döwürde bu ýerler gaty kesmege öwrülýärler. Ýyldyrym zeperlenmelerinde «tok belgileri» şaha şekilli gyzyl çyzyklar görnüşinde bolýar. Elektroýanyklar diňe bir deriasty ýagly gatlagyň zeperlenmesini döretmän, eýsem-de muskullary we hatda ýüzüň süňklerini hem zeperläp, köplenç, çuňňur bolýarlar. Şeýle hem, olaryň aýratynlygy deri zeperlenmesiniň çäklenen, aşagynyň dokumalarynyň zeperlenmesi bolsa meýdany boýunça has ýaýraň bolýanlygydyr. Bu hadysa dokumalaryň dürli tok geçirijiligi we döreýän ganaýlanma bozulmalary bilen bagla-

nyşyklydyr. Ýüzüň derisiniň has köp elektrik garşylyk ukybynyň bardygy bellidir. Ýarada bolup geçýän hadysalar gyzgynlyk netijesindäki ýanyklardaky ýaly geçýär. Emma aşaky dokumalaryň köp zaýalanýanlygy bilen zäherlenme alamatlary güýçli bolýar. Iriň dörediji ýokançlar goşulan halatynda çuňňur iriňli ojaklaryň (absses, flegmona) döremekleri mümkin. Elektroşikesden 2-4 hepde geçenden soňra uly damarlardan ýara gan akmasy bolup biler. Ýüzüň elektrik togy degmekligi netijesinde dörän ýanyk ýeri agyrysyz ýa-da az agyryly bolýar. Ýanygyň sebitinde dokumalaryň ýellenmesi we gyzarmasy ýok. Ýara iriň dörediji ýokanja durnukly bolýar. Gan üpjünçilik bozulmalary güýçli bildirýär we ol hem ýaranyň haýal bitmekligini kesgitleýär.

Ilkinji kömek ilkinji nobatda kömek berýäniň özüniň zeperlenmegini aradan aýyrýan islendik usul bilen ejir çekene elektrik togunyň täsirini togtatmakda jemlenendir. Özbaşdak dem alyş we ýürek ýygrylmalary bolmanynda ýürek-öýken janlandyrmasyny geçirmek gerek (ýüregiň ýapyk owkalamasy, «agyzdan agza» ýa-da «agyzdan burna» usullar boýunça emeli dem bermeklik). Ejir çekeni ýatymlaýyn bejergi bölümine ulagda ugradylanda arkan ýatan görnüşde ýatyrylmalydyr we elektroşikesiň agyrlyk derejesine garamazdan, janlandyryş (reanimasiýa) bölüme ýerleşdirilmelidir. Elektroýanyklaryň we gyzgynlyk netijesinde dörän çuňňur ýanyklaryň bejergileriniň düýpli tapawutlary ýokdur we ol ýokarda getirilendir.

## 12.03. Himiki ýanyklar

Himiki ýanyklar durmuşda ýa-da önümçilikde betbagtçylyk ýagdaýlarynda turşularyň (azot, kükürt, duz, sirke, ftorlywodorod), aşgarlaryň (iýiji natriý, iýiji kaliý, öçmedik hek), agyr metallaryň duzlarynyň (kümüş nitrady, sink hloridi) derä täsiri netijesinde ýüze çykýarlar. Ýanygyň çuňlugy himiki serişdäniň göwrümdäki mukdaryna, onuň gyzgynlygyna, onuň derä täsiriniň dowamlylygyna baglydyr.

Himiki ýanyklar gyzgynlyk netijesindäki ýanyklardan tapawutlanýarlar. Olaryň aýratynlyklary himiki maddanyň häsiýetine baglydyr. Turşular lagtalaýjy, ýygryjy maddadyr, aşgarlar bolsa suwuklandyryjy, suwlandyryjy maddadyr. Turşular we aşgarlar ýanygyň

daşyndaky gurşap alan sagdyn dokumalarda kiçijik damarlardaky gan aýlanyşygyny we madda çalşygyny bozýarlar. Şu sebäpli hem ýaranyň bitmekligi himiki ýanyklarda gyzgynlyk netijesindäki ýanyklara garanyňda has haýal geçýär. Turşularyň we agyr metallaryň duzlarynyň döreden ýanyklary gury çüýreme görnüşinde geçýär. Olar proteinleriň dargamaklygyny we dokumalaryň has güýçli suwsuzlanmagyny döredýärler, bu hadysalar bolsa dokumalaryň köýen ýerleriniň emele gelmegine getirýärler. Kükürt turşusy bilen dörän ýanyklarda zeperlenen deri goňrumtyl ýa-da gara, duz turşusynyňkyda – sary, ftorlywodorodyňkyda - bulançak çal ýa-da ak reňkli bolýar. Aşgarlar netijesinde dörän ýanyklarda çygly çüýreme emele gelýär. Aşgarlar proteinleri dargadýarlar we ýaglary sabynlandyrýarlar. Olar derä düşenlerinde ilki bilen ýüzleý deri gatlagyny dargadýarlar, bu bolsa onda açyk-gyrmyzy reňkli zeperlenme ýerleri döredýär. Aşgarlar soňra çuňňur dokumalara siňmeklik bilen olary zeperleýär. Çüýremeklik ýagdaýyna ýeten dokumalar özlerinde birnäçe günüň dowamynda aşgar saklap, bedene oňat siňýän zäheri - albuminatlary emele getirýärler. Aşgarlar turşulara garanyňda has haýal, uzgam täsir edýärler we dokumalara has çuňňur siňýärler. Şonuň üçin hem aşgarlaryň täsir etmegi netijesindäki ýanyklaryň çuňlygynyň derejesi gyzgynlyk netijesindäki ýa-da turşularyň täsiri netijesindäki ýanyklardan tapawutlylykda has giç kesgitlenip bilner.

Kömek berlende mümkin boldugyça tiz deriden himiki serişdäni aýyrmaly, onuň göwrümdäki mukdaryny peseltmeli, zeperlenen dokumalaryň ýerini sowatmaly. Iň bir ýönekeý, elýeter we ýeterlik netije berýän usul zeperlenen ýeri akar suw bilen azyndan 20-30 min dowamynda ýuwmaklykdyr. Kadadan çykma bolup öçmedik hek we göwrümde mukdary ýokary bolan kükürt turşusy täsir etmegindäki ýanyklar bolup bilerler. Bu maddalar suw bilen garyşanlarynda ýylylyk çykaryp himiki reaksiýa döredýärler, bu bolsa dokumalaryň goşmaça gyzgynlyk zeperlenmesiniň sebäbi bolup biler. Şeýle hem ýalyn ýüze çykýanlygy sebäpli dietilalýuminiý gidrid we trietilalýuminiý gidridi netijesinde dörän ýanyklarda suw ulanmak bolmaýar.

***Ilkinji kömek*** berlende ýanyk ýerini zyýansyzlandyryjy er-

ginler bilen (natriý gidrokarbonatynyň gowşak erginleri, duz turşusynyň 0,01% ergini, sirke turşysynyň 1-2% ergini) ýuwmaklyk, olary taýynlamaklyk üçin wagt ýitýänligi sebäpli hemişe mümkin bolmaýar. Munuň ýaly ýagdaýlarda ýanygyň ahyrky netijesi üçin wagtyň aýgytlaýjy ähmiýeti bardyr: himiki madda näçe çalt aýrylsa dokumalar şonça-da az zeperlenýär. Mundan başga-da ilkinji kömek berýän we ejir çekeniň özi köplenç derä düşen maddanyň himiki gelip çykyşyny bilmeýär. Bu hem bejeriş edarasyndan başga ýerde ýanyk döredij maddalaryň täsirini peseldiji erginleri ulanmaklygy kynlaşdyrýar.

Ýatymlaýyn bejeriş bölüminde, haçan-da himiki madda belli bolanda, onuň täsirini peseltmek gerek. Bu ilkinji kömek berlende suw bilen guýlup ýuwlanyna garamazdan deriniň we deriasty ýagly gatlagyň içine belli bir derejede aşgaryň (köplenç ýagdaýda) ýa-da turşynyň siňýänligi bilen baglanyşyklydyr. Turşularyň täsirini peseltmek üçin natriý gidrokarbonadynyň 2-5% erginine ezilen hasany ýara goýmaklyk, aşgarlaryň täsirini peseltmek üçin – turşularyň gowşak erginlerini (sirke, limon we başga turşularyň 1-2% erginleri) ulanýarlar. Eger-de ejir çeken gijikdirilip getirilse, ýanygyň ýüzüne degişli dermanlardan taýynlanan çalgylary ulanýarlar.

Eger-de siňmeklik netijesinde himiki serişdeler bilen zäherlenme alamatlary ýüze çykanynda zähersizlendirme bejergisi geçirilýär, degişli garşy dermanlary belleýärler, şeýle hem näsaga gany böwreklerden daşary usul bilen arassalaýyş bölümde degişli kömek berilip bilner.

Himiki ýanyklaryň ýerli ***bejergisi*** gyzgynlyk netijesindäki ýanyklaryňkydan tapawutlanmaýar.

## 12.04. Ýüzüň gün şöhle ýanyklary

Gün şöhle ýanyklary yssy we gurak güneşli howasy bolan ýurtlarda, şol sanda Türkmenistanda hem duş gelýär. Gün şöhle ýanyklary howanyň ýeterlik yssy bolmagy (43-45°C we ondan-da ýokary dereje li gyzgynlyk), ol şertlerde uzak bolmaklyk, teniň açyklygy we deriniň gün şöhlesine uýgunlaşmanlygy ýaly sebäpler bir wagtda bolanda döräp bilýärler. Ýüzüň gün şöhle ýanyklary seýrek däldirler. Onuň se-

bäbi-de – adamyň ýüzi iň bir goragsyz we näzik derili ýerleriniň biri-dir. Ýüzüň gün şöhle ýanyklary, köplenç, ýüzi goragsyz ýagdaýda bo-lan gezelenç edýänlerde, syýahatçylarda, açyk meýdanda, çölde uzak wagt işlänlerde ýa-da ol ýerlerde azaşanlarda, aýratyn hem, çagalarda we demirgazyk ýurtlardan gelen syýahatçylarda duş gelip biler.

Ýüzüň gün şöhle ýanyklary I we II derejeli zeperlenme görnüşle-rinde duş gelýärler. Ýanyk alamatlary, köplenç, gözasty we burun se-bitlerinde, maňlaý sebitinde duş gelýär. Ýanyklaryň beýleki görnüşle-rinden – ýany-gyň alamatlarynyň gün şöhlesiniň täsirinden 1-3 sagat soň, gyzgyn howa-nyň täsiri netijesindäki tutuş beden zeperlenmele-ri bilen bilelikde (gyzgyn-lyk tutgaýlary, gyzgynlyk surnukdyrmasy, gyzgynlyk urgusy) ýüze çykýandyklary, dokumalaryň has oňaýsyz we agyr zaýalanmalary bolan III we IV derejeli zeperlenmeleriň bol-maýanlygy bilen tapawutlanýarlar. Ýüzüň gün şöhle ýanyklary köp-lenç halatlarda bedeniň käbir beýleki ýerleriniň ýanyklary bilen bile-likde (boýun, egin bölegi, gollar) duş gelýärler.

Gün şöhle ýanyklarynyň geçişi we ***bejergisi*** gyzgynlyk netijesin-de dörän ýanyklardan tapawutlanmaýarlar, emma gyzgyn howanyň täsiri netijesindäki tutuş bedeniň zeperlenmeleri bolanda ýerli beje-riş çärelerinden başga-da umumy bejeriş çäreleri talap edilýär: salkyn howaly jaýda bolmagy (18-20-22°C), 20-25°C suwa düşmegi, güýçli gyzgyn alyş-çalyş ýerlerine (goltuklar, gasyklar, döş kapasasy) buz-ly meşijekleri goýmak, belli-belli bozulma alamatlar boýunça bejeriş derman serişdelerini (agyry aýryjylar, gyzgyny peseldijiler we başg.) ulanmak, nahar duzy bolan suwy içirmek we duzly erginleri wena içre goýbermek we başg.

Gün şöhle ýanyklaryndan soňra ýanyk ýerleri I derejeli ýanykda 4-5 günden ýa-da aňyrsy 2 hepdeden (II derejeli ýanyklarda) doly we hiç bir yzsyz bitip gidýärler.

# 13-NJI BAP

## ÝÜZÜŇ WE ÄŇLERIŇ NERW KESELLERI

Neýrostomatologik keseller ýeterlik derejede çylşyrymly we do-ly öwrenilmedik bölüm bolup, olara dürli hünarmenler, şol sanda sto-matologlar hem duş gelýärler.

Bu bölüm özünde ýüzüň we äňleriň duýgurlyk we hereketlendiriş nerwleriniň kesellerini, şeýle hem wegetalgiýalary jemleýär.

## 13.01. Ýüzüň we äňleriň duýgurlyk nerwleriniň keselleri

Äň-ýüz sebitiniň dokumalary agyry duýujylaryň (reseptorlaryň) örän köplügi sebäpli pes derejeli gyjyndyryjylarda hem agyry duýgurlygynyň barlygy bilen häsiýetlendirilýär.

Yüzüň agyrysy (prozopalgiýa) dürli sebapler bilen döräp biler. Ýüz agyrysy äň-ýüz sebitiň dokumalarynyň çişme kesellerinde we olaryň şikeslerinde hem-de zeperlenmelerinde döreýär, agyry dişleýşiň bozulmalarynda we çekge-aşaky äň bogun kesellerinde döreýär hem-de güýçlenýär, ol gan damar kesellerde, käbir içki synalaryň zeperlenmelerinde we sussupeslik was-waslyk (depressiw,ipohondrik) ýagdaýlarda döreýär we azaply bolýar. Emma köp dürli kesseleriň arasynda üçem nerwiň newralgiýasy we newridi, şeýle hem dil-damak nerwiň newralgiýasy aýratyn ýer tutýar.

### 13.01.1. Üçem nerwiň newralgiýasy

Üçem nerwiň newralgiýasy diýlip onuň nerw ürjünçilik ýerlerinde tutgaý görnuşli agyrylar bilen ýüze çykýan duýgurlyk bozulmasyna aýdylýar.

Üçem nerwiň newralgiýasynyň döreýşi barada ýeke täk pikir yok, emma häzirki wagtda bu kesel, esasan köp sebäpli diýlip hasap edilýär. Onuň sebapleriniň arasynda aşakdakylar ýüze çykarylan: nerwiň geçýän süňk deşikleriniň daralmaklygy (mysal üçin köplenç kesel sag tarapda ýerleşýär), üçem nerw düwiniň sebitinde beýniniň gaty bardasynyň bolmaklygy, kelle beýniniň içki bardasynyň çişme keseli netijesinde kelle beýniniň garynjyklarynyň suwuklygynyň aýlanmasynyň bozulmalary, nerw süýüminde molekulýar we kolloid bozulmalar, diş gatnaşygynyň bozulmagy we onuň netijesinde çeýneýiş ulgamyň bozulmasy, we başg. Şeýle hem newralgiýanyň sebäbi ýokanjyň we ýüzüň sowuk täsiriniň netijesinde nerw şahalaryndaky çişme hadysalar, ruhy dartgynlyk ýagdaýlary bolup bilerler. Uly ýaşly adamlarda new-

ralgiýa üçem nerwiň beýni içre, şeýle hem beýniden daşky bölümleriniň gan damarlaryndaky bozulmalar netijesinde döräp biler.

Üçem nerwiň newralgiýasy tutgaýly ýaly, seýrek bolmadyk ýagdaýda ýitileşýän, nerw sütüniniň ýa-da onuň şahalarynyň ugry boýunça ýaýraýan agyrylar bilen häsiýetlendirilýär. Agyry tutgaýy duýdansyz döreýär we duýdansyz togtaýar, birnäçe sekuntdan, 2-3 min çenli dowam edýär. Käbir ýagdaýlarda agyrylar ol diýen ýiti däl we seýrek ýüze çykýar, başga ýagdaýlarda bolsa, agyrylar örän yzygiderliligi bilen häsiýetlendirilýär we bir tutgaýdan soň başgasy başlanýar hem-de näsägda yzy üzülmesiz tutgaýlar barada pikir döreýär. Tutgaý döremeginden gorkusyna näsag geplemekden, naharlanmakdan we ýuwunmakdan saklanýar. Ýüzüň derisine, agyz boşlugynyň nemli bardasyna deglende, sowuk ýa-da gyzgyn bilen gyjyndyrylanda tutgaý döreýän uly bolmadyk ýerleri ýüze çykarmak bolýar. Bu ýerler «agyry tutgaý ýeri» diýip atlandyrylýar.

Üçem nerwiň newralgiýasynyň häsiýetli alamaty agyry bolup, onyň ýaýramaklygy ýa-da «böküp» durmaklygydyr. Seýrek bolmadyk ýagdaýlarda aşaky dodagyň agyrysy gulaga ýaýraýar, soňra bolsa ýokarky dodaga gaýdyp barýar. Agyrynyň başlangyç ýerleşen ýerinden ol gulak sebitine baryp ýetýär we soňra tutuş aşaky äň boýunça ýaýraýar. Agyry ýokarlygyna, ýagny gözasty sebiti boýunça ýokaryk we aşak ýaýraýar.

Näsaglaryň käbirlerinde agyrylar dişlere ýaýraýarlar we käwagt ýalňyşyp, olary sebapkär diş diýip kabul edýärler hem-de sogurýarlar.

Käbir näsaglarda tutgaýlar özbaşdak (wegetatiw) nerw ulgamynyň bozulmalary bilen ýüze çykýarlar: zeperlenen tarapda derlemeklik ýüze çykýar, deri gyzarýar ýa-da solýar, sülekey çykyşy we burundan suw akmaklyk güýçlenýär. Haçan-da üçem nerwiň newralgiýasy çekge-aşaky äň bogun bozulmalary bilen bile geçeninde, näsäg agyry tutgaýyny gowşatmaklyk üçin çeýneýiş hereketlerini edýär, agzyny açýar, dodaklary we ýaňaklary bilen sorujy hereketler edýär. Näsaglar bu hereketleri bilen gulak-çekge nerwiň şahalarynyň şikeslenmesini döretmeýän bogun kellejiginiň rahatlyk ýagdaýyny tapjak bolýarlar. Üçem nerwiniň newralgiýasy bolan näsaglaryň kesel taryhynda seýrek bolmadyk ýagdaýlarda dişler bolmaýar. Ol dişler ýalňyşlyk bilen ýa-da sebäpkär diş hasap edilip, ýa-da näsaglaryň talap etmekligi netijesinde sogrulan bolýarlar.

Üçem nerwiň I şahasynyň newralgiýasynda agyrylar gaş aýlawynyň we maňlaý sebitinde, çekge sebitde ýerleşleşýärler. II şahasynyň newralgiýasyna agyry tutgaýynyň ýokarky dodagyň, aşaky gabagyň, burun ganatynyň sebitlerinde, ýokarky dişlerde we kentlewükde ýerleşmekligi häsiýetlidir. III şahasynyň newralagiýasynda tutgaý agyrylary aşaky dodagyň, eňegiň, aşaky dişleriň, ýaňagyň we diliň sebitlerinde ýerleşýär.

Newralgiýany anyklamak üçin «agyry tutgaý ýerini» duýgurlyk bilen upjün edýän nerw şahalaryny lidokainiň 2% ergini (ýa-da başga bir ýerli agyrysyzlandyryjy) bilen baglaýarlar; agyry tutgaýynyň doly aýrylmagy bu kesel barada şaýatlyk edýär.

Üçem nerwiň hakyky newralgiýasyny newritden we onuň käbir çişme we çiş kesellerinde döreýän newralgiýa alamaty diýilýän ýagdaýlardan tapawutlandyrmak gerek.

***Bejergisi.*** Üçem nerwiň newralgiýasynyň bejergisi örän çylşyrymly we kyn meseledir. Häzirki wagtda esasan, amalsyz we hirurgik däl bejergi toplumy giňden ulanylýar.

Keseliň başynda agyry tutgaýlaryna garşy derman (analgin, aspirin we ş.m.) we fiziki (darsanwalizasiýa, nowokaini elektrik togy bilen siňdirmek, diadinamiki ýa-da sinusoidal toklar) serişdeler, iňňe sançmaklyk (akapunktura) ulanylýar. Kä wagtlar nowokain baglamalary, degişli nerw sütüniniň sebitine 0,5-1,0 ml aminaziniň 0,25% erginini nowokainiň 2% ýa-da 4% ergininde goýbermeklik netijelidir (arasyna 2-8 gün salyp, 3-5 sanjym). Käbir alymlar belli bir netije bilen biogen ýardamçy dermanlary (aloe, aýnapisint madda, ФИБС), öz ganyny sanjyp bejermekligi, $B_1$, $B_{12}$ witaminleri (ýokumlary), nikotin turşusyny, beýniň gan aýlanyşygyny gowylandyrýan dermanlary, köşeşdirijileri ulanýarlar. Newralgiýany bejermek üçin häzirki wagtda finlepsin, tegretol hem ulanýarlar; bu dermanlaryň agyry aýyryjy, tutgaýa garşy we aň täsirleri bar. Tegretoly günde 2-6 gezek 100-200 mg 2-3-hepde dowamynda belleýärler, soňra mukdaryny peseldýärler we bir aýyň dowamynda günde 100 mg belleýärler. Finlepsini 1 gerd (0,2 g) günde 3 gezek, 1 aý dowamynda belleýärler. Güýçli agyrylarda finlepsiniň gündelik mukdary ýuwaş-ýuwaşdan 1,2 g çemli artdyrylýar. Tegretol we finlepsin dermanlary alamat görnüşli newralgiýada, şeýle hem adaty newralgiýa boýunça bejerginiň dokumalary zeperleýji usullary ulanylan bolsa netije bermeýärler.

Newralgiýany bejermegiň esasy şerti näsagda bile geçýän keselleri (ýokary arteriýa gan basyşy, wegetatiw gan damar bozulmasy, kelle beýniniň gan aýlanyşygynyň bozulmalary we başg.) boýunça hem bir wagtda bejergi geçirmeklikdir.

Üçem nerwiň newralgiýasynyň bejergisiniň hirurgik usullaryna aşakdaky amallar degişlidir: *alkogolizasiýa, newrotomiýa, nerwekserez, gasser düwünini kesip aýyrmak, traktotomiýa* we başgalar.

Muňa garamazdan, bejerginiň amal usullarynyň hiç biri-de, şol sanda giňişleýin geçirilýän hirurgik amallar hem, näsagyň doly we gutarnykly sagalmagyny üpjün etmeýär. Has beteri-de, newralgiýanyň soňraky döreýän gaýtalanmasy özüniň has durnukly (güýçli) geçýänligi we soňraky bejerginiň örän kyn bolýanlygy bilen tapawutlanýar.

## 13.01.2. Üçem nerwiň newridi

Bu üçem nerwiň şahalarynyň zeperlenmesi bolup, köp ýaýran keseldir. Köplenç, aşaky we ýokarky äň öýjük nerwleri, olaryň şahalanma ýerlerinde dürli şikes täsiriniň netijesinde zeperlenýärler [ýüz süňkleriniň döwükleri, diş sogurmaklyk, ýokarky äň boşlygyny düýpli açmak amaly - radikal sinusotomiýa (gaýmorotomiýa) we başga amallar].

Üçem nerwiň newridiniň häsiýetli alamaty ýüzüň ýumşak dokumalarynyň we dişleriň doňan ýaly duýgysyzlygydyr, käbir ýagdaýlarda duýgurlyk bozulmalary bilen bir wagtda güýçli agyrylar hem döreýär. Bu agyrylar newralgiýadan tapawutlylykda hemişelik we sorkuldaýan bolýarlar. Bu näsaglarda ýüzüň derisiniň we agyz boşlugynyň nemli bardasynyň duýgurlygy (agyry, gyzgynlyk, ten duýgyrlygy), şeýle hem dişleriň elektrogyjyndyryjylygy bozulýar. Öýjük nerwleriň zeperlenmeleri aýlap we ýyllap dowam edýär, käwagtlar bolsa bejermesi örän kyn bolýar. Bejergi näçe ir başlansa, ol şonça-da netijeli bolýar.

Newridiň ***bejergisi*** sebäbini aýyrmakda jemlenendir. Neşe pisint däl agyry aýyryjylar, witamin we fiziki bejergi, nowokain baglama sanjymy maslahat berilýär.

Umumy kabul edilen çişmä garşy bejergi bilen bit hatarda $B_1$ we $B_{12}$ witaminler, dibazol şeýle hem fiziki bejergini (nowokaini ýa-da

kaliý ýodidini elektrik togy bilen siňdirmek) belleýärler. Nowokain ýa-da lidokain baglamalary peýdalydyr. Amalsyz bejergi çareleri peýdasyz bolanda, nerw gysylan ýagdaýynda, dekompressiýa, newroliz (ýagny nerwi bertiklerden boşatmaklyk), käwägt bolsa nerwekserez geçirilýär.

### 13.01.3. Dil-damak nerwiň newralgiýasy

Kesel örän seýrek ýagdaýda orta we gartaşan ýaşly adamlarda duş gelýär. Onuň sebäbi doly öwrenilmedik, emma esasan nerwiň gysylmagyny kesel sebäbi hasaplaýarlar (ululan biz şekilli ösüntgi bilen).

Dil-damak nerwiň newralgiýasynda diliň gapdalynyň yzky bölegindäki, onuň düýbindäki, damakdaky, kentlewük badamjyklardaky we kentlewük perdesi sebitlerdäki tutgaýly agyrylar häsiýetlidir. Agyrylar göze, gulaga we aşaky äňe ýaýraýarlar. Agyry tutgaýlaryň häsiýeti we depgini üçem nerwiniň newralgiýasyndaky agyrylar ýalydyr.

Agyry tutgaýlary ýuwdunmada, pallamada, gülkide, geplände döreýär hem-de bokurdakda guraklyk we üsgülewik döremegi bilen geçýär. «Agyry tutgaý ýeri», adatça, damak badamjyklarynda ýa-da diliň kökünde ýerleşýär. Näsäglar tagam bozuklygyny, agyrynyň artýanlygyny aýdýarlar.

Bu keseliň üçem nerwiň newralgiýasy bilen deňeşdirme anyklamasy «agyry tutgaý ýere» 10% lidokain erginini çalmaklyk bilen geçirilýär; eger-de ýerli çalyp siňdirme agyrysyzlandyrmadan soňra agyry tutgaýy aýyrylmasa üçem siňriň newralgiýasy barada pikir edilýär.

***Bejergisi***. Ilkinji kömek görnüşinde «agyry tutgaý ýerde» çalyp siňdirme agyrsyzlandyrma geçirmek bolar. Bejergi newropatologlar tarapyndan üçem nerwiň newralgiýasyndaky ýaly, esasan, adaty derman bellemek görnüşde geçirilýär. Bejerginiň öňünden ýa-da onuň başynda gulak-burun-bokurdak we diş-äň ulgamyň sagdynlaşdyrmasy geçirilmelidir.

Amal bejergisi esasan neýrohirurglar tarapyndan geçirilip, onda biz şekilli ösüntginiň üçden bir bölegi ýa-da ýarsy kesilip aýrylýar.

## 13.02. Ýüzüň hereketlendiriş nerwleriniň Keselleri

Ýüzüň hereketlendiriş nerwleriniň kesellerininiň arasynda ýüzüň keşp (mimiki) muskulaturasynyň doly däl ysmazy (parezi) ýa-da doly ysmazy (paraliji) bilen geçýän ýüz nerwiň zeperlenmesi - newropatiýasy (ýa-da newridi) has köp duş gelýär. Ýüzüň gemispazmy we üçem nerwiň hereketlendiriş süýümleriniň zeperlenmeleri has seýrek duş gelýär.

### 13.02.1. Ýüz nerwiniň newropatiýasy

Ýüz nerwiniň newropatiýasynyň sebabi ýokanç netijesinde çişme hadysaly keseli, şikes zeperlenmesi ýa-da çişiň ösmekligi, şeýle hem kelle beýnä gan inmegi (gemorragiki we işemiki insulty), uýgunlaşmasyz süýji keseli bolup biler. Ýüz nerwiniň zeperlenmesiniň häsiýetine we depginine baglylykda keşp (mimiki) muskulaturanyň işjeňliginiň peselmegi (parez) ýa-da onuň doly işjeňsizligi (paraliç) döreýär (*70-nji surat*). Ysmaz ýuwaş-ýuwaşdan muskullaryň kiçelmegine (atrofiýasyna) getirýär.

Ýüzüň keşp muskullarynyň ysmazynyň merkezi (kelle beýni içre) we çet ýer görnüşleri bar. Ýüz nerwiniň çet ýer zeperlenmesinde ýüz nerwi onuň sütüniniň ýa-da aýry-aýry şahalarynyň derejesinde zeperlenip biler. Nerwiň sütüninde zeperlenme bolanda ýüzüň tutuş ýarysynyň keşp musullarynyň doly däl ýa-da doly ysmazy ýüze çykýar we bu ýüzüň taraplarynyň güýçli bildirýän deňsizligine getirýär. Näsag gabaklaryny ýumup bilmeýär, göz ýşy giňelýär, gözünden ýaş akýar, gaşy we agyz burçy asak süýşýär, maňlaýynyň ýygyrtlary we burun dodak ýygyrdy düzlenýär. Näsag kynlyk bilen agzyny ýumýar, nahar iýende bolsa, köplenç, ýaňagynyň nemli bardasyny dişleýär, gepleýşi düşniksiz bolýar; gepläp durka we aýratyn hem gülende ýüzüniň taraplarynyň deňsizligi has-da aýdyň ýüze çykýar. Näsag tüýkürip,



**70-nji surat.** Çep tarap ýüz nerwiniň newridinde ýüzüň ýarpy böleginiň ysmazy

suw pürküp we sygyryp bilmeýär. Ýüz nerwiniň haýsy-da bolsa bir şahasy zeperlenende diňe onuň nerw üpjünçilik ýeriniň keşp muskul bölegi ejir çekýär.

Ýüz nerwiniň newroptiýasynyň anyklamasy kynçylyk döretmeýär.

***Bejergisi*** keseliň sebäbine we ýerleşýän ýerine baglydyr. Bejergisi adaty amalsyz görnüşinde bolup biler we ol ilkinji nobatda keseliň sebäbini ýok etmeklige gönükdirilendir. Eger-de newropatolog tarapyndan geçirlen adaty, bejergi peýda bermese, ýüz nerwiniň işjeňligini ýa-da kesp (mimiki) muskulaturanyň nerw üpçünliligini (reinnerwasiýasyny) döretmeklige gönükdirilen amal bejergisini geçirýärler. Eger keşp (mimiki) muskulaturanyň nerw üpçünçiligini dikeltmeklik (reinnerwsiýasy) başa barmasa ýa-da bu amal geçirmeklik görkezilen däl bolsa, ýüzüň ysmaz dokumalarynyň hereket ýagdaýynda (dinamiki) ýa-da hereketsiz, durnukly ýagdaýynda (statiki) asylyp goýulmagyna gönükdirlen amal bejergisi geçirilýär. Bulardan başga hem ýüzüň zeperlenen ýa-da sagdyn taraplarynda ýüzleý ütgeýdiji (korregirleýji) amallar geçirilip bilner. Hemme amal bejergileri tertip boýunça geçiriýär.

### 13.02.2. Ýüzüň gemispazmy (ýüzüň ýarty böleginiň ýygrylmasy)

Kesel ýüzüň zeperlenen tarapynyň aýry-aýry keşp (mimiki) muskulaturasynyň ýa-da olaryň toparynyň titrewik, aýry-aýry muskul süýümleriniň ýygrylmasy (fibrilýär) ýa-da yzygiderli sazlaşykly ýygrylmalar (kloniki) görnüşindäki gaýtadan döreýän biygtyýar ýygrylma tutgaýlary bilen häsiýetlendirilýär (*71-nji surat*). Agyr ýagdaýlarda ýüzüň tutuş hemme muskullarynyň ýygrylmasy ýüze çykýar. Keseliň beterleşmegini ýüz nerwiniň süýümlerindäki ýa-da onuň kelle beýnisindäki hereketlendiriş maňyzyndaky ýokanç sebäpli bozulmalar bilen düşündirýärler. Kesel örän seýrek ikitaraplýyn bolýar. Keseliň tapawutly tarapy onuň geçişiniň haýallyk bilen agyrlaşmagydyr. Ýüzüň gemispazmy geçişi boýunça gysga wagtlyk yzygiderli sazlaşykly (kloniki), uzgam (toniki) we garyşyk ýygrylmalar görnüşinde bolýar.

Ýygrylma tutgaýy duýdansyz, öz özünden döreýär, emma käwagt näsaglar ony nahar iýmek, geplemek, gülki ýa-da ruhy dartgyn-

lyk (gaharlanma, gorky, begenme we başg.) bilen baglanyşdyrýarlar. Näsag ýüzüniň muskullaryň tutgaýly ýygrylmalaryny öz islegi boýunça gaýtalap bilmeýär.

Ýygrylma tutgaýy, adatça, gözüň töwerek muskulyndan başlanýar, emma wagtyň geçmegi bilen birnäçe hepdäniň ýa-da aýyň dowamynda ýüzüň beýleki muskullaryna ýaýraýar. Başda olar sähelçe ýygrylma bilen hasiýetlendirilýär, soňra bolsa uzgam (toniki) ýygrylmalara syrygýarlar. Tutgaýlar birnäçe sekund ýa-da 1-5 min dowam edýär we olar gysga wagtlaýyn pursatlar ýa-da birnäçe sagatlyk salymlar bilen kesilýärler. Tutgaýlaryň ýygylygy dürli bolýar. Keseliň geçişi uzaklaşsa tutgaýlar güýçli we uzgam bolýar. Ýygrylma wagty agyry döremeýär we adatça bolşy ýaly, uklap ýatan wagty ýüze çykmaýar. Bu kesel çagalarda bolmaýar.



**71-nji surat.** Agyz töwereginiň çep tarap gemispazmy.

Ýüzüň gemispazmynyň ***bejergisi*** newropatologlar tarapyndan geçirilýär. Ol ilkinji nobatda ruhy bejergi (psihoterapiýa) geçirmekde we derman serişdeleri ulanmakda [ýokanja garşy antibiotikleri, çişmä garşy, rahatlandyryjy (sedatiw) serişdeleri, witaminleri (ýokumlary)] şeýle hem fiziki bejergini bellemekde jemlenendir.

## 13.02.3. Üçem nerwiň hereketlendiriş süýümleriniň zeperlenmeleri

Üçem nerwi garyşyk görnüşlidir. Duýgyrlyk we özbaşdak (wegetatiw) süýümler bilen bir hatarda, onda hereketlendiriş süýümler hem bar. Olar beýni köprüsiniň gabygynda ýerleşen hereketlendiriş maňyzyndan başlanýarlar we hereketlendiriş süýümler görnüşde ol ýerden çykýarlar hem-de üçem nerwiň III şahasynyň hereketlendiriş bölegini emele getirýärler.

Aşaky äň nerwi kelle çanakdan çykandan soň iki sütüne bölünýär: öň tarapky (esasan hereketlendiriji) we yz tarapky (esasan duýgurlygy üpjün ediji). Öň tarapky sütün esasy çeýneýiş (*m. masseter propria*), çekge (m. temporalis) we daş tarapky ganat şekilli (*m. pterogoideus externus*) muskullaryň nerw üpjünçiligini amala aşyrýan

3 sany hereketlendiriji şahalary emele getirýär. Yz tarapky sütüniň hereketlendiriji şahalary iç tarapky ganat şekilli (*m. pterigoideus internus*) ýumşak kentlewigi dartýan (*m. tensor veli palatini*), deprek perdesini dartýan (*m. tensor tympani*), äň dilasty (*m. mylohyoideus*) muskullaryň we iki garynjykly muskulyň öň tarap garynjygynyň (*m. digastricus*) nerw üpjünçiligini amala aşyrýar.

Üçem nerwiň hereketlendiriş böleginiň zeperlenmesi - äňiň gysylmasy (trizm) ýa-da çeýneýiş muskullaryň nerw üpjünçiliginden düşüp galmagy, ýagny muskullaryň işjeňliginiň bozulmagy we olaryň soňraky döwürde kiçelmesi (atrofiýasy) görnüşindäki alamat bilen hasiýetlendirilýär.

Kesel kesgitlenmesini çeýneýiş muskullaryň elektrogyjyndyryjylygyny kesgitlemegi özünde jemleýän näsagyň keseliniň geçişiniň barlagy esasynda goýýarlar. Üçem nerwiň hereketlendiriş bölegi zeperlenende çeýneýiş muskullaryň elektrogyjyndyryjylygynyň peselmegi ýa-da doly ýitmegi ýüze çykýar. Näsaglaryň bejergisini stomatologlar we newropatologlar geçirýärler.

## 13.03. Wegetalgiýalar

Özbaşdak (wegetatiw) nerw ulgamynyň zeperlenmelerindäki ýüze çykýan neýrostomatologik keseller we alamatlar toplumlary köpdürlidir. Olaryň arasynda has köp duş gelýänleri ýüzüň damar agyrylary, stomalgiýa we ýüzüň wegetatiw düwünleriniň (gangliýalarynyň) zeperlenmeleridir.

### 13.03.1. Ýüzüň damar agyrylary

Ýüzüň damar agyrylaryna üçem nerwiň çetki şahalarynyň nerw üpçünçilik sebitlerinde däl-de, daşky uky arteriýa ulgamyna degişli ýüzüň damarlarynyň ugry boýunça ýaýraýan agyrylar häsiýetlidir.

Ýüzüň damar agyrylaryna (damar prozopalgaýalaryna) ýüzüň çakyzasyny (migren), wagtal-wagtal döreýän çakyza (migrenoz) newralgiýasyny, daşky uky arteriýanyň şahalarynyň belli bir ýerleriniň zeperlenmelerindäki damar newralgiýasyny (angionewralgiýany), korotid-temporal alamatlar toplumyny (sindromy) degişli edýärler.

**Ýüzüň çakyzasy (ýüzüň migreni)** köplenç arteriýa basyşy ss 90/60 - 100/60 mm derejelerdäki pes damar basyşly (gipotoniýaly)

näsaglarda duş gelýär we adatça, özbaşdak (wegetatiw) nerw ulgamyň isjeňliginiň bozulmasy (wegetatiw disfunksiýa) hem–de gan damarlaryň ýygrylma sazlaşyksyzlygy (wazomotor distoniýa) ýagdaýynda ýüze çykýar. Hepdede 1-2 gezekden ýylda 1-2 gezege çenli we birnäçe sagatdan 2-3 güne çenli dowamlylykdaky sorkuldaýan ýa-da basylýan häsiýetli, käwagt bolsa damar urgysy ýaly we hat-da ýakyp barýan agyrylar döreýär. Näsaglar agyry tutgaýlarynyň döremekligini, köplenç, gyzgyn-sowuk gyjyndyrmalary, ýadawlyk, keýpiniň bozulmasy, ukysyzlyk bilen baglanyşdyrýarlar.

Adatça, agyrylar çekge sebitde ýerleşýär we gözhana, gulaga, ýokarky äňiň dişlerine, seýrek halatlarda egine ýa-da ele ýaýraýar. Agyry tutgaýynyň öňünden we onuň döreýän wagty zeperlemne ýeriniň derisiniň gyzarmasy ýa-da onuň tersine solaklygy; gabaklaryň gögümtil bolmaklygy we ýüzüň ýellenmesi; damar şahalanmalarynyň ugry boýunça döreýän agyrylar we damar urgularynyň güýçlenmesi ýüze çykýar. Damarlaryň ugry boýunça agyrylar we damar urgusynyň güýçlenmesi esasan ýüzleý çekge arteriýanyň sebitinde ýüze çykarylýar. Käwagt bu ýagdaýyň üstüne kelledäki agyrlyk, gowşaklyk duýgusy, gaýtarmaklyk goşulýar. Näsaglar agyry tutgaýynyň başlangyç alamatlaryny duýup goh galmagaldan, ýiti ýagtylykdan gaçýarlar, hereketsiz ýatýarlar. Adatça, näsaglary ejirden uky dyndarýar.

**Wagtal-wagtal bolýan çakyza (migrenoz) newralgiýa** zeperlenme sebitiň damarlarynyň duýdansyz giňelmegi, deri örtükleriniň gyzarmasy we tutgaýly agyrylar bilen häsiýetlendirilýär. Keseliň döreýşi düşnüksiz. Köplenç 40 ýaşa çenli erkek adamlar keselleýärler.

Çakyza newralgiýasy üçin agyrylaryň ýerleşýän ýeriniň birnäçe ýylyň dowamynda üýtgewsizligi, onuň döwürliligi we agyry alamat toplumynyň (sindromynyň) duýdansyz aýrylmagy häsiýetlidir. Kesel gozgananda onuň döwri 1-2 günden 5-6 hepdä çenli dowam edip biler. Gaýtalanma ýygylygy ýylyň dowamynda 1-2 gezek, seýrek halatlarda 5-6 aýdan bolup biler.

Tutgaý görnüşindäki döreýän çuňňur agyrylar kütek, ýakyp barýan ýa-da basylýan, köplenç bolsa damar urgysy ýaly häsiýetlidir we olar çekge sebitde, gözleriň çuňňur içinde ýerleşip, kämahal «gözleriň çykyp barýan» , «gözleriň gaçyp» barýan duýgusyny döredýärler. Agyry tutgaýy birnaçe minutdan 2-3 sagada çenli dowam edip,

köplenç, gözüň nemli bardasynyň gyzarmasy, göz ýaşynyň akmagy, burundan suw akmagy, agyz suwlanmagy, ýüzüň ýellenmesi bilen geçýär. Agyrylar ýokarky we aşaky äňe, ýüzüň tutuş ýarysyna, bilege, ýeňsä ýaýramak bilen kesel tutuş daşky wena we arteriýa ulgamyny özüne çekýär.

Agyry tutgaýy döwri näsag ruhy-hereket (psihomator güýçlenme) ýagdaýynda bolýar (agyry zerarly gygyrmak, iki ýana urunmak, özboluşly hereket ýagdaýynda durmak).

**Ýüzüň damar newralgiýasy (angionewralgiýasy)** düýp manysy boýunça ýüzüň «alamat» şekilindäki (simptomatik) çakyzasy (migreni) bolup, ýüzüň dokumalaryna, hususan-da daşky uku arteriýanyň tutuş damarýany simpatik ulgamynyň güýç netijesinde (mehaniki) zeperlenmelerinden soň döreýär. Has köp halatlarda ***çekge arteridi*** duş gelýär. Keseliň geçişi çekge sebitde ýerleşen adaty çakyza (migren) tutgaýlary bilen häsiýetlendirilýär. Adaty alamatlaryndan başga-da gowuşgansyzlyk, ukysyzlyk, beden gyzgynynyň ýokarlanmasy döreýär. El bilen barlananda zeperlenen damaryň ugry boýunça agyryly düwünjikler ýüze çykarylyp bilinýär.

**Karotid-temporal alamatlar toplumy (sindromy)** içki uky arteriýanyň köp sanly duýgur nerw uçlaryny - hemoreseptorlary özünde jemleýän çyrmaşygyny (*uky damarara ýumajygy - glomus caroticum*) gyjyndyrylanda döreýan ýüzdäki güýçli agyrylar, şeýle hem dişleriň, gözüň, gulaklaryň, boýun sebitlerindäki agyrylar bilen häsiýetlendirilýär. Kesel boýunda geçirlen amallardan soňra, pes we ýokary gan basyş peselende, uky arteriýalarynda gan aýlanyşygyň bozulmasynda we olaryň gan lagtaly bitiginde (trombozynda) döräp bilýär.

Ýüzüň damar agyrylarynyň (damar prozapalgiýalarynyň) ***bejergisini*** newropatologlar amala aşyrýarlar. Bejergi damar serişdeleri (difenin, nikotin turşusy, regitamin we başg.), witaminleri we fiziki bejergini geçirmeklige esaslanandyr.

### 13.03.2. Stomalgiýa (glossalgiýa, glossodiniýa)

**Stomalgiýa** diýip agyz boslugyndaky ýakymsyz duýgular bilen häsiýetlendirilýän ýagdaýa düşünilýär. Stomalgiýa simpatalgiýanyň aýdyň mysaly bolup, köplenç glossalgiýa görnüşinde ýüze çykýar.

Kesel birnaçe ýyllaryň dowamynda geçip bilýär we köplenç aýallar ejir çekýärler.

Stomalgiýa neýrotrofiki bozulmalar bolan agyz boşlugynyň we diliň nemli bardasynyň gyzarmasy ýa-da solaklygy, ýellenmesi bilen häsiýetlendirilýär. Näsaglar agyz guraklygyna getirýän giposaliwasiýa görnüşindäki we onuň ornuna käwagt döreýän agyz suwlanmagy görnüşindäki sülekeý bölünip çykmagyň işjeňliginiň bozulmasyna arz bildirýärler.

**Glossalgiýanyň** döremekligi dilinde tagam duýmazlyk we agyrlyk duýgusy görnüşinde ýüze çykýar we, adatça, bu ýagdaýy uzak wagtlap geplemeklik netijesinde ýadaýanlygy bilen baglanyşdyrýarlar. Dil ulalýar, emma ol gözden geçirlende çişme hadysa alamatlaryny ýüze çykaryp bolmaýar. Kabir näsaglaryň gepleýşi düşnüksiz bolýar we bu agyrylar bilen düşündirilýär, emma iýip-içeninde agyrylar tiz aýrylýar. Näsaglar diliň öň tarap ⅔ böleginiň ýa-da kökünïň awuşaýandygyna, güjeýänligine, sanjylmasyna, seýrek halatlarda duýgurlygynyň peselmesine arz edýärler; kähalatlarda tutuş diliň ýarysy ýa-da onuň iki tarapyndan hem şeýle ýagdaý döreýär. Bu alamatlaryň hemmesiniň ýüze çykmagynyň depgini näsagyň ruhy ýagdaýyna baglydyr. Onuň ýerleşişi bolsa üýtgeýär we kentlewüge, dodaklara we ýaňaklaryň nemli bardasyna ýaýrap biler.

Stomalgiýadaky agyrylar newralgiýadakydan tapawutlylykda tutgaý häsiýetli bolmaýar, diliň el bilen barlanmagy bolsa agyryny güýçlendirmeýär. «Agyry tutgaý ýerleri» ýüze çykarylmaýar.

Glossalgiýaly näsaglar, köplenç, howply çişden gorky (kanserofobiýa ) bilen ýaşaýarlar, şu sebäpli hem geçirilýän bejerginiň çäklerinde ruhy bejergi (psihoterapiýa) geçirmegiň wajyp orny bardyr.

Stomalgiýanyň (glossalgiýanyň) bejergisini newropatolog amala aşyrýar we ol nerw ulgamynyň işjeňliginiň kadalaşdyrylmagyna gönükdirilmelidir.

### 13.03.3. Ýüzüň özbaşdak (wegetatiw) nerw düwünleriniň (gangliýalarynyň) zeperlenmeleri

Ýüzüň esasy wegetatiw gangliýalaryna ganat-kentlewük, kirpik, gulak, äňasty we dilasty gangliýalar gedişlidirler.

**Ganat-kentlewik düwüniň gangliolidi (ganglionewridi)** has ýygy duş gelýär. Adatça, keseliň döremekligini esasy (pahna şekilli) we ýokarky äň boşluklaryň, gözenek süňküň öýjükleriniň çişme hadysalary, diş ýa-da damak sebäpli çişme keseller, düwün ýeriniň şikesi bilen baglanyşdyrýarlar. Döremegine ýardam edýän sebäplere aşa ýadawlyk, ukyny oňaýly almazlyk, tolgunma ýagdaýy, güýçli goh–galmagal, alkogolly içgiler ulanmaklyk we zäherlenmeler degişli edilýär.

Ganat-kentlewik düwüniň zeperlenmesinde, köplenç, gije, duýdansyz döreýän gözhana sebitindäki, göz almasyndaky, burnuň düýbindäki, ýokarky we aşaky äňdäki ýüze çykýan agyrylar bilen häsiýetlendirilýär. Agyry tutgaýy ýüzüň ýarysynyň derisiniň gyzarmasy we ýellenmesi, göz ýaşarmasy, burundan suw akmagy (renoreýa) bilen geçýär. Agyry tutgaýynyň dowamlylygy birnäçe minutdan 1-2 güne çenli bolýar. Burun boşlugynyň nemli bardasynyň yzky böleginiň adrenalinli 10% lidokain ergini (ýa-da 3% dikain) bilen geçirilen çalyp siňdirme (applikasion) agyrysyzlandyrmadan soňra agyry tutgaýynyň aýrylmagy gangliolidiň wajyp anyklaýyş alamatydyr.

**Kirpik düwünininiň zeperlenmesi** göz alma sebitiniň we onuň yzyndaky boşlugyň (retrobulbar) tutgaýly agyrysy bilen häsiýetlendirilýär. Ýygy gaýtalanýan dürli depginli agyry tutgaýlary birnaçe minutdan 1-8 sagada çenli dowam edýär we gözden ýaş, burundan suw akmagy, konýunktiwit we ýagtylyk gorkusy bilen geçýär. Burnuň we maňlaýyň derisinde köplenç gerpes örgünleri (uçuklary) döreýärler.

**Gulak düwüni zeperlenende** näsaglar çekge sebitinde we gulak deşiginiň öň ýanyndaky, aşaky äňe ýaýraýan ýakyp barýan tutgaý sekilli agyrylara arz edýär. Agyrylar gulakdaky güwwüldi we agyz suwlanmasy bilen bile geçýär. Keseliň esasynda damak badamjyklary we diş keseli sebäpli ýüze çykýan ýokançly hadysalar we zäherlenmeler bilen zeperlenmeler ýatyr. Ýardam ediji sebäplere sowuklama, şikes zeperlenmeleri degişli edilýär.

Gulak düwünininiň zeperlenmesiniň anyklaýyş barlagy daşky gulak geçelgesi bilen aşaky äňiň bogun kellejiginiň arasynyň sebitinine deriasty 1% nowokain ergini sanjylanda agyry tutgaýynyň aýyrylmagydyr.

**Äňasty we dilasty düwünleriň** ýakyn ýerleşmekleri, olaryň arasyndaky köp sanly baglanyşyklar, hakykat ýüzünde, hassahana

şertlerinde hem olaryň aýry-aýrylykdaky zeperlenme derejelerini tapawutlandyrmak mümkinçiligini aradan aýyrýar. Äňasty düwüniň zeperlenmesine äňasty sebitiň we diliň agyrylary häsiýetlidir, bu bolsa agyz suwlanmagy (gipersaliwasiýa) ýa-da, onuň tersine az sülekeý çykmagy (giposaliwasiýa) we hat-da agyz guraklygynyň (kserostomiýa) döremekligi bilen geçýär. Agyrylar dil, aşaky we ýokarky äň, ýeňse, boýun sebitlere ýaýrap bilýär.

Dilasty düwüniň zeperlenmesi agyrylar we onuň äňasty düwüniň zeperlenmesindäki ýerlere ýaýramaklygy bilen ýüze çykýar, emma olaryň depgini pes bolýar. Iki düwüniň zeperlenmesine hem nahardan soň döreýär agyrylar häsiýetlidir.

Gangliolitleriň ***bejergisi*** toplumlaýyndyr we ol newropatologlar tarapyndan geçirilýär. Geçirilýän bejerginiň çäklerinde agyz boşlugyny sagdynlaşdyrmagyň wajyp ähmiýeti bardyr, bu bolsa näsaglaryň bu toparynyň bejergisinde stomatologyň gatnaşmagyna esasdyr.

# 14-NJI BAP

## ÇEKGE-AŞAKY ÄŇ BOGNUŇ KESELLERI

### 14.01. Çekge - aşaky äň bognuň agyryly işjeňlik bozulma alamatlar toplumy

Agyryly işjeňlik bozulma alamatlar toplumy çekge-aşaky äň bognuň keselleriniň arasynda has köp duş gelýän keseldir. Köp lukman-alymlaryň barlaglarynyň görkezmeklerine görä, çekge-aşaky äň bognuň işiniň bozulmagy, köplenç, bogundaky ähli hereketlere gözegçilik edýän we kadalaşdyrýan çylşyrymly nerw-muskul birleşmesindäki bozulmalar bilen kesgitlenilýär. Döreýän sazlaşyksyz muskul ýygrylmalary boguniçre tegelek ketirdewügiň we bogun ösüntgisiniň kellejiginiň şol bir pursatda dürli hereket etmeklerine getirýärler.

Çekge-aşaky äň bognuň agyryly işjeňlik bozulma alamatlar toplumynyň görnüşi özünde birnäçe alamatlary jemleýär. Bu ilkinji nobatda kelläniň degişli ýarty böleginde bolan dürli häsiýetli agyrylara bolan arzlar, aşaky äňiň hereketleriniň çäklenmegi, şakyrdy, aşaky äňiň gapdala gyşarmagy we çeýneýiş muskullaryň ýygrylmaklarydyr. Agzyny açjak bolanynda agyry birden güýçlenýär we soňra çeýne-

ýiş muskullaryň käbir ýerlerinde ýygrylma güýçlenýär hem-de äňleriň umumy gysylmasy döreýär. Käwagt aşaky äňiň hereketlerinde bogunda şykyrdy ýa-da sürtülme, hytyrdy ýa-da şarkyldy görnüşinde sesler döreýär. Hytyrdy we sürtülme bognuň aşaky, aýlanýan böleginde, şarkyldy bolsa – bognuň ýokarky, typýan böleginde döreýär. Aşaky äňi galdyrýan muskullar el bilen barlananda agyry duýgular güýçlenýär.

Agyryly işjeňlik bozulma alamatlar toplumyny bu bognuň dürli görnüşli çişme kesellerinden, üçem nerwiniň newralgiýasyndan, dişleriň gatnaşyklarynyň bozulmaklygy bilen baglanyşykly bolan dişleýiş-bogun alamatlar toplumyndan (okklýuzion-artikulýasion sindromyndan), ruhy näsazlyk häsiýetli agyrylardan tapawutlandyrmak gerek. Wajyp anyklaýyş barlag çäresi bolup çekge asty gerşiň ýanynda P.M.Ýegorowyň usuly boýunça üçem nerwiň hereketlendiriş şahalaryny agyrysyzlandyryjy ergin bilen baglamakdyr. Bu çäre muskul ýygrylmasyny aýyrýar we onuň netijesinde agyry duýgulary aýrylýar hem-de aşaky äňiň hereketleri oňatlaşýar.

***Bejergisi.*** Çekge-aşaky äň bognuň agyryly işjeňlik bozulma alamatlar toplumynyň bejergisi keseliň sebäplerini aýyrmaklyga we ilkinji nobatda dartgynly ýagdaýlary, çeýneýiş işjeňliginiň bozulmalaryny (ukuda-dişleri çalmaklyk ýaly), gaty iýmitleri çeýnemekligi we bogna agram salýan, aşaky äňiň dartgynlygyny ýa-da ýadawlygyny, doňan ýaly duýgusyny döredýän hem-de çeýneýiş muskullaryň ýygrylmagyna getirýän ýag-daýlara garşy gönükdirilmelidir. Özüni ynandyrmak boýunça türgenleşik (autotrening), bejergi maşklaryny, ýygrylan muskullaryň owkalamasyny, dürli ýyladyjy çäreleri, iňňe sanjym bejergisini, deri üsti elektro agyrysyzlandyrmany, 1% trimekain ýa-da başga agrysyzlandyryjylar bilen ýygrylan muskullaryň sebitlerinde ýerli gabaw sanjymlaryny geçirmek gerek.

Çekge-aşaky äň bognuna düşýän güýji ýörüte äň enjamlary bilen hem azaldyp bolýar (aşaky äňiň hereketlerini çäklendirýän). Aşaky äňiň hereketlerini çäklendirmeklik çeýneýiş muskullaryna, bogun bagjyklaryna we bardasyna, bognuň başga böleklerine rahatlyk ýagdaýyny berýär. Görkezmeler bolan ýagdaýynda diş-äň ulgamyndaky ortopediýa bozulmalary (ikilenç adentiýalar) hökmän düzedilmelidir (diş gatnaşygyny kadalaşdyrmak).

## 14.02. Çekge-aşaky äň bognuň çişme keselleri (artritleri)

Çekge-aşaky äň bognyň çişme keselleri mahsusy däl ýokançly, mahsusy ýokançly, şikesden soňraky, gan bilen ýaýrap geçen we degişik ýerlerden ýaýrap geçen görnüşlere bölünýärler.

**Mahsusy däl ýokançly çişme keseller** bognuň süňk-ketirdewük öze-nini zeperlemezden, ilki başdan bogunyň we bogun sebitiniň ýumşak do-kumalarynda ýerleşen, bogun ýüzleriniň bedeniň ýokary duýgurlylygy (allergiýa) esasyndaky çişme hadysa görnüşli geçýär. Kesel guragyryň (rewmatoid poliartridiň), dümewiň, orta gulagyň, kentlewük badamjyklarynyň çişme keseli esasynda döreýär. Bognuň ýiti çişme keseli üçem nerwiň şahalarynyň ugry boýunça ýaýraýan we aşaky äňiň sähelçe hereketinde güýçlenýän bogundaky güýçli agyrylardan başlanýar. Zeperle-nen bognuň sebitinde sähelçe ýellenme döreýär, ellenilende agyryly. Daşky gulak geçelgesiniň öň tarap diwary hem ýellenen. Agzyny açanda bogun kellejikleriniň birmeňzeş däl hereketleri döreýär; zeperlenen tarapda onuň hereketleri çäklenen. Agzynyň açylyşy doly däl. Keseliň ýiti döwri ýuwaş-ýuwaşdan üznüksiz döwre geçýär. Ýitileşme iki bogunda hem döräp bilýär. Bogun sebitiniň dokumalaryndaky üýtgemeler gowşak bildiren, emma, adatça, onuň hereketleri bozulan. Aşaky äňiň hereketlerinde «ses» alamatlary döreýär (bogundaky hytyrdy, şakyrdylar).

Ýiti döwürde rentgen suratda bogun yşynyň giňelmegi, üznüksizdedaralmagy kesgitlenýär. Bu topar kesselleriň geçiş alamatlarynyň meňzeşligine garamazdan, guragyry görnüşi (rewmatoid poliartridiň) çekge-aşaky äň bognuň sebäbi, beýleki çişme kesellerinden köp sanly bogunlaryň zeperlenmegi, rahat ýagdaýda hem güýçli agyrylaryň barlygy bilen tapawutlanýar. Kesel guragyrynyň (rewmatoid poliartridiň) möwjemeleri esasynda geçýär. Näsaglarda ýüregiň kesel alamatlary (miokardit we başg.), ganda oňaýly guryagyry barlagy (rewmo barlagy) ýüze çykarylýar.

Çekge-aşaky äň bognuň çişme kesellerini, orta gulagyň ýiti çişme keselinden, üçem nerwiniň newralgiýasyndan, çekge-aşaky bognuň agyryly işjeňlik alamatlar toplumyndan tapawutlandyrmak gerek.

**Bogunyň mahsusy ýokanç çişme keselleri.** Keseliň inçekesel

we akti-nomikoz görnüşleri bognuň degişik gapdal ýerlerden ýaýrap geçip zeperlenmegi netijesinde, merezýel we sözenek görnüşleri bolsa, köplenç gan arkaly geçip döreýärler. Sözenek görnüşinden başga, bu keselleriň ählisine haýal, üznüksiz geçiş häsiýetlidir. Sözenek bogun çişme keseli ýumşak dokumalaryň güýçli ýellenmesini we güýçli agyrylaryny döredip, ýiti geçýär. Bogunyň mahsusy çişme kesel hadysasyna bognuň hemme bölekleri çekilýärler we onuň netijesinde bogun ýüzleriniň ketirdewük örtgüsiniň düýpli bozulmalary döreýär.

Kesel kesgitlemesi bar bolan esasy keseliň, oňaýly ýörite we gan aýranynyň barlaglarynyň, rentgen suratdaky kesgitlenilýän bogun ýüzleriniň düýpli bozulmalary esasynda goýulýar.

**Çekge-aşaky äň bogunyň şikes çişme keseli.** Bir pursatda alnan şikesiň netijesi görnüşinde döreýär (möçükme, aşaky äňiň döwügi). Şikesden soňra şol wagt näsag aşaky äňiň hereketlerinde güýçlenýän, bognuň sebitindäki agyrylary duýýar. Seýrek bolmadyk ýagdaýlarda eýýäm birnäçe sagatdan soňra, bogun sebitiniň dokumalarynyň ýellenmesi emele gelýär. Bu ýagdaýda rentgen suratda, köplenç, bogun yşynyň has giňelmegi, bogun ösüntgisiniň we daşky gulak geçelgesiniň öň tarap diwarynyň gabyk gatlagynyň bütewüliginiň bozulmagy ýüze çykarylýar.

Üznüksiz şikes çişme keselleri boguna artykmaç güýç düşmekligi bilen kesgitlenilýän uzak wagtlaýyn kiçi şikesleriň netijesinde döreýär. Köplenç, ol dişleriň gatnaşygynyň bozulmagy netijesinde döreýär: dişleriň, aýratyn hem uly azylaryň, kesel sürtülmesinde we ýitgisinde, emeli diş ýasalandaky säwlikler netijesinde. Bogundaky agyry we şakyrdylar bilen bir hatarda baş aýlanma, kellagyry, eşidişiň peselmegi, gulaklardaky ses, agzyň guramagy we diliň ötmegi (Kosteniň alamatlar toplumy) ýüze çykyp biler. Ýiti döwürde deňeşdirme anyklamasyny bogun ösüntginiň boýunjygynyň döwügi bilen, üznüksiz döwürde bolsa, glossalgiýa bilen geçirmek gerek.

**Çekge-aşaky äň bognuň gan bilen ýaýrap geçen çişme keselleri,** köplenç, irki çagalyk döwründe orta gulagyň we daşky eşidiş geçelgesiniň kesellerinde, haçan-da çişme hadysa süňk bozulmalary bilen bolanda ýüze çykýar. Ilkibaşda çişme hadysa deprek kirişi geçýän daşly-deprek yşy boýunça bogunýany dokumalara, soňra bolsa bogna ýaýraýar.

**Bognuň degişik ýerlerden ýaýrap geçen çişme keselleri** aşaky äňiň şahasynyň osteomiýelit hadysasynyň, şeýle hem bognuň daş-töwereginiň ýumşak dokumalaryndaky flegmonalarda we absseslerde keseliň ýaýramaklygy netijesinde seýrek duş gelýär.

***Bejergisi.*** Çekge-aşaky äň bognuň çişme keselleriniň ýiti döwründe aşakdaky bejeriş usullary ulanylýar:

1) aşaky äňiň hereketiniň çäklendirilmegi 10-12 günläp (Aýwi boýunça daňmaklyk, eňek sapança şekilli sargy);

2) ýokanja garşy derman bejergi (ýokanja garşy dermanlar, sulfanilamidler);

3) çişmä garşy bejergi (salisilatlar, steroid däl çişmä garşy dermanlar);

4) kortikosteroid bejergi [3 gün aralyk bilen bognuň içine 1 ml (25 mg) gidrokortizon erginini sançmak, 3-4 sanjym];

5) çeýneýiş muskullaryň dartgynlygyny peseldiji dermanlary bellemeklik (trioksazin, midokalm);

6) fiziki bejergi (HÝÝ elektrik meýdany, nowokaini we lidazany elektrik togy bilen siňdirmeklik, gidrokortizony ultrases bilen siňdirmeklik, bogny geliý-neon lazeri bilen şöhlelendirmek);

7) ýerli täsirli dürli melhemler bilen bogun sebitiniň ýapgylary.

Bognuň şikes çişme kesellerinde goşmaça agyry aýryjy dermanlary we başgalary belleýärler. Kesel döredijisi belli edilen mahsusy ýokançly bogun çişme kesellerini ýörite serişdeler bilen bejerýärler. Bognuň üznüksiz şikes çişme keselleriniň bejergisi dişleriň gatnaşygyny kadalaşdyrmaklyga gönükdirilen ortopediýa we fiziki bejergi (kaliý ýodidini elektrik togy bilen siňdirmeklik, parafin, nebitdakyl we bejergi palçyk ýapgylary) bilen bilelikde toplumlaýyn geçirilýär.

Bognuň degişik ýerlerden ýaýrap geçen we gan bilen ýaýrap geçen çişme kesellerinde gün-günden has agyr bozulmalary döredýän çişme hadysanyň mundan beter ýaýramaklygynyň öňüni almaklyk üçin bogundaky iriňli ojagy gyssagly kesip ýarmaklyk we iriň akar ýaly sargy goýmaklyk gerek.

## 14.03. Çekge-aşaky äň bognuň artrozy

Çekge-aşaky äň artrozy – bu bognuň yzygiderli çişme hadysasy ýa-da üznüksiz şikesi netijesinde döreýän, bozulan madda çalşygy hä-

siýetli üznüksiz keseldir. Bu keselde bir wagtda ketirdewük we süňk dokumasynda haýal geçýän zaýalanma we çişme hadysalar netijesinde, köplenç, bognuň süňk bölekleriniň üýtgemelerine we gyşarmalaryna getirýän süňk dykyzlaşma alamatlary döreýär. Onuň sebäpleriniň biri-de ýalňyş diş salynmagydyr we çeýneyiş muskul toplumynyň ýagdaýynyň üýtgemegidir.

Artrozyň dykyzlaşmaly we gyşarmaly görnüşleri bar.

**Dykyzlaşmaly artrozda** bognuň öýjükli süňk bölekleriniň ýüzleý we çuňňur gatlaklarynda dykyzlaşma ýüze çykýar. Dykyzlaşmaly artrozyň geçişiniň alamatlary örän pes ýüze çykýar. Näsagy käwagt ýiti bolmadyk agyrylar ynjalyksyzlandyrýar. Rentgen barlagynda bogun kellejiginiň, bogun çukurjygynyň we seýrek bolmadyk ýagdaýlarda bogun tümmejiginiň bogun ýüzleriniň süňk gyralarynyň dykyzlaşmasy, şeýle hem aşaky äňiň bogun ösüntgisiniň kellejiginiň gysgalmagy kesgitlenýär.

**Gyşarmaly artrozda** süňk gyşarmasy döreýär we ol, köplenç, aşaky äňiň bogun ösüntgisiniň kellejiginiň gyralarynda çykyndylar görnüşinde (ýasy we uçly çykyndylar) ösüntgileriň emele gelmegi bilen ýüze çykýar. Gyşarmaly artrozyň kesel alamatlary has bildirip durýar. Ol gýşarmanyň göwrümine we derejesine baglydyr. Näsaglar ilkinji nobatda hemişelik agyrylara arz edýärler we ol aşaky äňiň hereketlerinde has-da güýçlenýär. Rentgen barlagynda aşaky äňiň bogun ösüntgisiniň kellejiginiň ulalandygyny, onuň görnüşiniň ýasy we uçly çykyndylar bilen bilelikde düýpli üýtgänligini ýüze çykarmak bolýar.

Keseli bognuň mahsusy we mahsusy däl çişme kesellerinden tapawutlandyrmak gerek.

***Bejergisi.*** Bogna düşýän güýji ýeňilleşdirmek, üznüksiz şikesi peseltmek maksady bilen ortopediýa bejergisini geçirýärler, bogun sebitine fiziki bejergi belleýärler (nowokaini we kaliý ýodidini elektrik togy bilen siňdirmeklik, bejergi palçyklarynyň we parafiniň ýa-da nebitdakylyň ýapgylarynyň çalşyrylyp ulanylmagy – 20 gezege çenli). Şeýle hem gidrokortizonyň boguniçre sanjymlaryny ulanýarlar (15-20 mg möçberde 3 sanjymdan köp bolmadyk). Keseliň ýitileşme döwürlerinde ýiti döwürde geçirilýän bejergi toplumyny amala aşyrýarlar. Ýokarda sanalan bejergi usullary peýdasyz bolanda hirurgik

bejergi görkezilendir (bognuň tegelek ketirdewügini kesip aýyrmaklyk ýa-da aşaky äňiň bogun ösüntgisiniň kellejiginiň kesilip aýrylmaklygy we soňra öz süňki ýa-da başga süňk bölegi bilen bogun plastikasy).

## 14.04. Äňleriň gysylmalary

Çekge-aşaky äň bognunyň işiniň bozulmasy agzyň açylyşynyň çäklenmesinden başlap, aşaky äňiň doly hereketsizligi görnüşinde bolup bilýär.

Äňleriň gysylmalary sebäplerine görä, dört sany görnüşde bolup bilýär: 1) äňleriň dartgynly ýapylmagy; 2) aşaky äňiň bertik kontrakturasy; 3) aşaky äňiň süňk kontrakturasy; 4) aşaky äňiň ankilozy.

### 14.04.1. Äňleriň dartgynly ýapylmagy (kontrakturasy)

Äňleriň dartgynly ýapylmagy çeýneýiş muskullaryň üznüksiz ýygrylmagy ýa-da damar çekmesi netijesinde bolup, ol gelip çykyşy boýunça beýni-nerw ýa-da çişme hadysa sebäpli bolup biler. Ol çeýneýiş muskullaryň nerw üpjünçiligi bilen baglanyşykly toplumyň gönüden-göni we gyjynma jogap duýujylygy esasynda döreýär. Äňleriň dartgynly ýapylmagy gelip çykyşy boýunça merkezi hem bolup biler, meselem, bürmek keselinde, beýni-gabyk çişmesinde, garaguş keseliniň tutgaýynyň dartgynly döwründe, psewdobulbar alamatlar toplumynda, yz tarap beýni çukurjygynyň kerep şekilli bardasynyň ganinmesinde, kelle beýniniň köpri sebitiniň çişinde, kakyn keselinde we basg.

Äňleriň dartgynly ýapylmagynyň beýni-nerw görnüşini aşakdakylara bölýärler: 1) ruhy-aň; 2) merkezi; 3) çet ýer.

Äňleriň dartgynly ýapylmagynyň çişme görnüşinde agyryly gyjynma jogap duýujylygy döreýär, ýagny agyra jogap hökmünde çeýneýiş muskullaryň ýygrylmasy bolup geçýär. Meselem, çeýneýiş muskullaryň sebitiniň we çekge-aşaky äň bognundaky çişme kesellerinde, aşaky äňiň periostidinde, çeýneýiş muskullaryň çişme keselinde, dokumalaryň şikeslerinde, sebitleýin agyrysyzlandyrma ýalňyş geçirilende, dürli amallar we başg.

Äňleriň dartgynly ýapylmagynyň üç derejesi bar: 1-nji dereje,

haçan-da agyz açylmasy sähelçe çäklenen. Adatça munda agyz aşaky we ýokarky merkezi alyn dişleriň kesiji gyralarynyň arasynda ölçelende takmynan 3 sm çenli açylýar. 2-nji dereje, haçanda agzyň açylmagy çäklenen, emma agyz 1sm-den uly açylýar, 3-nji dereje, haçanda agyz 1 sm-den hem az açylýar.

***Bejergisi***. Äňleriň dartgynly ýapylmagynyň çişme görnüşiniň bejergisi çişme hadysany aýyrmaklyga gönükdirilen. Kä halatlarda agzy gowy açylmaýanlygy sebäpli, iriňli ojagy kesip ýarmaklyk hem kyn bolýar. Bu ýagdaýda Berşe boýunça agyrysyzlandyrma geçirmeli. Emma bu ýerde bellemeli zat, eger-de çişme kesel iki hepdeden köp wagtdan bäri bar bolsa we tutuş onuň dowamynda äňleriň dartgynly ýapylmasy bolan bolsa, onda äňleriň dartgynly ýapylmagynyň çişme görnüşini aýyrmaklyk üçin geçirilen agyrysyzlandyrma bertik döremegine getirýän muskullardaky düýpli üýtgemeler emele gelenligi sebäpli ýeterlik bolmaýar.

## 14.04.2. Äňleriň bertik kontrakturasy

Bu aşaky äňi gurşap alýan dokumalarda emele gelen bertikleriň netijesinde döreýän äňleriň gysylmagynyň görnüşidir. Bertik döremegine, ilkinji nobatda, ikilenç birleşme bilen bitýän ýara döremegine getirýän keseller sebäp bolýarlar.

Bertik dokumasynda, esasan, kollagen süýümler emele gelýär, çeýe süýümler bolsa az ýa-da olar ýok diýen ýalydyr. Şonuň üçin hem bertik dokumasy hakykat ýüzünde süýnmeýär. Bu ýagdaý, adatça, dokumalaryň we synalaryň gyşarmagyna getirýär. Äňleriň durnukly gysylmagyna getirýän aşaky äňiň bertik kontrakturasy bogunda däl-de, ony gurşap alýan dokumalarda emele gelýär.

Bertik kontrakturasynyň gelip çykyşy boýunça deri, nemli barda, muskul birleşdiriji dokuma görnüşleri bar.

Äňleriň bertik kontrakturalaryna şu aşakdaky kesel hadysalary getirip bilýärler: 1) agyz boşlugynyň başly-çüýreme keselleri [suwjarýan çüýreme (noma), hörezek keseli, garahassalygyň, uýgunlaşmasyz ýürek-damar ýetmezçiliginiň çüýreme gaýra üzülmeleri]; 2) agyz boşlugynyň we ony gurşap alýan dokumalaryň üznüksiz mahsusy çişme keselleri (merezýel, inçekesel, aktinomikoz); 3) gyzgynlyk

netijesindäki we himiki ýanyklar; 4) şikes netijesinde zeperlenmeler, eger-de ýara ikilenç birleşme bilen biten bolsa; 5) howply we howpsuz çişler boýunca geçirilen amallardan soňra; 6) süňkleşýän muskul çişme keseli (ossifisirleýji miozit).

Ýüze çykyşy boýunça bertik kontrakturalary aşaky äňiň hereketiniň sähelçe çäklenmesinden, agzyň doly diýen ýaly ýapylmagyna çenli dürli derejeli bolýarlar. Daşky gulak deşikleri boýunça barmaklar bilen bogun ösüntgileriň kellejikleri barlananda olaryň hereketleri ýüze çykarylýar. Şeýle hem aşaky äňiň sähelçe aýlanma we gapdal hereketleri saklanyp galýar.

***Bejergisi*** amal geçirmezden we amal usuly bilen geçirilýär. Bertik kontrakturasynyň bejergisi parafin, pirogenal, W.P. Filatow boýunça dokuma bejergisi, gialuronidaza, lidaza, ronidaza, gidrokortizon we ultrases ulanyp, amal geçirmezden bolup biler. Bertik kontrakturasynyň amal geçirmezden, bejergisiniň esasy maksady kollagen süýümleriň - gialinozynyň döremeginiň öňüni almaklykdyr. Geçirilýän bejerginiň, eger-de bertikler «ýaş», täze, emele gelenine 9-12 aýdan köp wagt geçmedik bolsa oňat netije berýändigini göz öňünde tutmak gerek.

Emele gelenine bir ýyldan köp wagt geçen bolsa, bertik kontrakturasynyň esasy bejergisi amal usulydyr. Amal bertik dokumany kesip aýyrmaklykda we başga dokuma (deri, deriasty dokuma, gatlagara dokuma bardasy (fassiýa) we başg.) bilen doldurmaklykda jemlenendir. Ýerli plastika, aýaklyja kesim bölegi ýaly plastikanyň hemme görnüşini hem-de filatowyň baldak şekilli kesim bölegi, dokumalaryň erkin geçirilmegi (esasan deri) ulanylýar.

Kä halatlarda amal bejergiden soňra bertik kontrakturanyň gaýtalanmagy mümkin. Kontrakturanyň gaýtalanmagynyň öňüni almak üçin amal bejergiden soňra uzak wagtyň dowamynda aşaky äňiň bejergi maşklaryny geçirmek gerek.

## 14.04.3. Aşaky äňiň süňk kontrakturasy

Bu kontraktura aşaky äňiň şahasynyň (bogun ösüntgisinden başga) ýüzüň orta böleginiň süňkleri (ýokarky äň, duluk süňki) bilen emele gelen süňk arkaly birleşmesi netijesinde döreýär.

Süňk kontrakturasynyň sebäbi, aşaky äňiň täç ösüntgisiniň, duluk süňküniň we onuň ýaýynyň, ýokarky äňiň döwükleridir; çylşyrymly döwükleriň netijesinde aşaky äňiň ýokarky äň ýa-da duluk süňki, ýa-da onuň



**72-nji surat.** Aşaky äňiň çep tarap süňk kontrakturasy (rentgen surat).

ýaýy bilen süňk dokuma bilen birleşmesi bolup geçýär we bu äňleriň durnukly gysylmagyna getirýär (*72-nji surat*).

Keseli anyklamaga ýerli barlag (el bilen barlananda gaty emele gelen dokuma) we rentgen surat kömek edýär. Agzyň çäklenmesi köplenç ýagdaýda doly derejede (3-nji dereje) bolup geçýär. Duluk süňküniň bedeni bilen aşaky äňiň täç ösüntgisiniň arasynda garalma görnüşinde süňk birleşmesi görünýär (rentgen suratynda).

***Bejergisi***. Süňk kontrakturasynyň bejergisi amal geçirmekde we ondan soňra geçirilýän aşaky äňiň beden maşklarynda jemlenendir. Amalyň maksady süňk birleşmesini aýyrmaklyk we gaýtalanmazlyk üçin ýumşak dokumalar bilen arany bekleme geçirmeklik, amaldan soňra bolsa işjeň we yzygiderli aşaky äňiň bejergi maşklaryny geçirmeklik bolup durýar.

## 14.04.4. Çekge-aşaky äň bognuň ankilozy

Çekge-aşaky äň bognuň ankilozy diýlip bognuň içindäki durnukly bozulmalar bilen bagly bolan äňleriň gysylmagyna düşünilýär. Bu ýagdaýda süňkleriň bogun taraplarynyň birleşdiriji dokuma ýa-da süňk dokumasy arkaly birleşip bitmekligi bolup geçýär. Ankilozyň döremeginde dürli ýokançly bogun çişme keselleri, çagalyk we ýetginjeklik döwrüniň osteomiýelitleri sebäp bolýarlar.

Kesel hadysasynyň başynda süňkleriň ketirdewük ýerleriň aýdyňlygy bozulýar («bulanýarlar»). Bognuň içindäki tegelek ketirdewük süýümlere bölünýär. Bognuň daşky bardasy mürşýär. Süňkleriň bogun ýüzlerindäki ketirdewük barda bozulýar we durkuny üýtged-

ýär. Ketirdewük ýuwaş-ýuwaşdan ýok bolýar. Süňkleriň ikisiniň hem bogun taraplary gaty bertik birleşdiriji dokumasyna öwrülýär - *birleşdiriji dokumaly ankiloz* ýüze çykýar, soňra bolsa süňke öwrülýär, ýagny süňk ankilozy döreýär.




**73-nji surat.** Sag tarap çekge-aşaky äň bognuň ankilozy.
*a*-näsagyň ýüzüniň suraty; *b*-çekge aşaky äň bogunlar bilen äňleiň gözýetim şekilli rentgen suraty.

Ankiloz agzyň kynlyk bilen açylmagy (0,5 sm çenli ýa-da asla açylmazlygy), ýüzüň taraplarynyň deňsizligi, bogny gurşap alan dokumalaryň üýtgemegi (esasan, gyşarma görnüşde), daşky gulak deşikleri boýunça el bilen (barmak bilen) bogundaky hereketleriň kesgitlenilmeýänligi bilen häsiýetlendirilýär. Näsaglarda, köplenç, dişleýiş bozulýar, köp dişleriň döwülmegi, şeýle hem olaryň ýalňyş ýerleşmekligi (maňlaý dişleriň ýelpewaç şekilli gýşarmaklary) ýüze çykýar. Ankiloz özboluşly rentgen surat görnüş bilen häsiýetlendirilýär (gyşaran bognuň sudury, süňk arkaly aşaky äňiň çekge süňki bilen birleşmesi) (73-nji surat).

***Bejergisi***. Birleşdiriji dokumaly ankilozyň bejergisini adaty çärelerden başlamak gerek. Kä halatlarda näsagyň bognunyň içine sanjym arkaly hepdede 2 gezek 25 mg gidrokortizon (kenalog) goýberilýär, jemi 5 sanjym. Kortikosteroid gormonyň täsiri astynda bognuň içindäki birleşdiriji dokuma birleşmeler (esasan hem täze döränleri) eräp siňýärler. Süňk ankilozy we birleşdiriji dokumaly ankilozyň durnukly görnüşleri diňe amal usul bilen bejerilýär.

Amal bejerginiň maksady mümkin boldugyça ozalky bognuň ýerinde täze ýalan bogun döretmeklikdir.

Süňki kesmek üçin iň bir amatly bolan ýer aşaky äňiň şahasynyň ýokarky we orta üçden bir bölekleriniň arasy, ýagny aşaky äň deşiginiň ýokarsydyr. Süňk bölekleriniň birleşmezligi üçin köpdürli çäreler teklip edilen: 1) durli dokumalar we serişdeler bilen arany beklemeklik (esasy çeýneýiş ezeläniň (muskulyň) bölegi, but gatlagara dokuma bardasy (fassiýasy), deri, ýörite taýynlanylan gaty beýni bardasy, biologiki plastmassa, plastmassa gapajyklar), şeýle hem Filatowyň baldagy bilen döredilýän arany bekleme oňat netijeler berýär, emma bu usul köp zähmeti we wagty talap edýär (A.A. Limberg boýunça) 2) süňkleriň arasynda giň aradaşlyk döretmek. Munuň ücin aşaky äňiň ýumşak dokumalardan giňişleýin boşadylmasy döredilýär we süňk çekdirmesi ulanylýar;

Bejerginiň bu usullary hökmany suratda aşaky äňiň işjeň we uzgam beden maşklary bilen utgaşdyrylmalydyr.

Häzirki wagtda bogun plastikasynyň özboluşly usuly-birmeňzeş synanyň geçirilmegi - jesetden alnan doňdurylan ýa-da howasyz şertlerde guradylan çekge-aşaky äň bognuny geçirmeklik (N.I. Plotnikow boýunça) ulanylýar.

Adatça, çekge-aşaky äň bognunyň ankilozynda ösüş ýeriniň bozulýanlygy sebäpli aşaky äňiň doly ösmeýänligi üçin, köplenç ýagdaýda iki wezipäni göz öňünde tutýan amal geçirilýär, ýagny diňe bir bogunda süňk birleşmesini aýyrmaklyk bolman, eýsem-de aşaky äňiň gyşarmasyny hem düzetmeklik wezipesi durýar. Bu wezipeleri berjaý edýän amal – süňk plastikasydyr. Geçirilýän süňk dokuma hökmünde näsagyň öz süňki (gapyrga, ýanbaş süňküniň kekeçjigi we başg.), şeýle hem formalinde taýynlanylan, doňdurylan ýa-da howasyz şertlerde guradylan jeset süňki (birmenzeş we birmeňzeş däl) ulanylýar. Şeýle hem uglerodly kompozitden ýasalan implantatlar we beden dokumalary üçin hiç bir täsirsiz metallar (tantal, titan we başg.), biologiki plastmassalar ulanylýar.

# 15-NJI BAP

## ÄŇ-ÝÜZ SEBITIŇ ÇIŞLERI

Häzirki wagtda umumy keselçiligiň we ol sebäpli ölümleriň arasynda onkologik keseller esasy orunlaryň birini tutýar.

Äň-ýüz sebitiň gurluş-ýerleşiş (anatom- topografik) aýratynlyklary (jan üçin wajyp synalaryň ýakyn ýerleşmekleri, özboluşly syna bolan dişleriň bolmaklary we başgalar) çiş hadysasynyň tiz ýaýramaklygynyna esas döredýär. Emele gelen çiş bolsa äň-ýüz sebitiň dürli işjeňliklerini we keşbiniň düýpli bozulmalarynyň ýüze çykmagyna getirip bilýär. Bu keselde ýeke-täk düýpli çäre bolan amal bejergi, aýratyn hem giňişleýin geçirlende, çeýnemekligiň, ýuwdunmaklygyň, geplemekligiň, dem almaklygyň agyr bozulmalaryna we ýüz keşbiň owadanlygynyň zaýalanmagyna getirýär. Äň-ýüz sebitine bedeniň islendik ýerinde duş gelip bilýän mahsusy däl çişler bilen bir hatarda syna mahsus bolan çişler hem häsýetlidir (odontoma, ameloblastoma, epilis, şeýle hem sülekeý mäzlaryň çişi - garyşyk çiş).

Äň-ýüz sebitinde duş gelýän köpdürli çişleriň arasynda kanser we sarkoma has wajyp ähmiýete eýedir. Kanser ýa-da sarkoma keseli bolan näsaglaryň sagalmak mümkinçiligi kesel başlangyç döwründe ýüze çykarylsa we bada-bat başlanan bejergide has-da artýar.

Şu sebäpli hem äň-ýüz sebitinde çişiň ýüze çykyş aýratynlyklaryny bilmeklik islendik ugurly lukman üçin örän wajypdyr. Soňky ýyllarda howply çişiň döwrüni kesgitlemek üçin Kansere garşy halkara birleşigiň kliniki klassifikasiýalar komitetiniň işläp düzen TNM ulgam boýunça kesel bölünişigi giň gerim aldy we onda T [tumar (latynça) çiş] — başlangyç çişi ( $T_{1, 2, 3, 4}$), N [nodus (latynça) düwün] sebitleýin gän (limfa) düwünlere ýaýramaklygyny ( $N_{0, 1, 2, 3}$), M [metastasis (latynça) ýaýramaklyk] daşgyn synalara ýaýramaklygyny ($M_{0, 1}$) aňladýar. Howply çiş keselini TNM ulgam boýunça häsiýetlendirmek kabul edilen kliniki döwürlere bölmeklige gapma-garşy bolman, goýlan kesel kesgitlemesini has takyk edýär. Meselem: Aşaky dodagyň kanseri $T_1$ No Mo (I-döwür). Howply çişiň döwrüni kesgitlemeklik onuň ýerlikli bejerilmegi üçin gerekdir. Äň-ýüz çişleri hemme stomotologik näsaglaryň 15% çenlisini tutýarlar. Adam bedeniniň hem-

me howply çişleriniň arasynda bolsa äň-ýüz sebitiniň synalarynyň we dokumalarynyň kanser we sarkoma keselleri 10-12% çenlisini tutýar. Dodaklaryň, kentlewügiň, diliň, ýaňagyň, öýjükli ösüntginiň nemli bardasynda howply çişler has köp duş gelýär. Munuň bilen baglanyşyklylykda agyz boşlugynyň nemli bardasynyň dürli häsýetli täsirlere - mehaniki, himiki, termiki gyjyndyryjylara hemişe sezewar bolup durýandygyny belläp geçmek gerek. Agyz boşlugynyň nemli bardasynyň uzak wagtyň dowamynda zyýanly endik bolan nas atmaklyk bilen gyjyndyrylmagynyň, zaýalanan dişiň ýiti gyrasy ýa-da hili pes emeli diş gurnama (protez) bilen şikeslenmeginiň ähmiýeti has-da ulydyr.

Sanalan sebäpler agyz boşlugynyň nemli bardasynyň kanser zeperlenmeleriniň ýokary ýygylygyny şertlendirip we bu sebitiň howpsyz çişleriniň howply geçişe ýazmagynyň mümkinçiligini öňünden kesgitläp bilýärler.

Bu bapda äň-ýüz sebitiň has köp duş gelýän çişleri barada maglumat berilýär.

## 15.01. Äň-ýüz sebitiň howpsyz çişleri

**Fibroma** äň-ýüz sebitiniň dürli ýerlerinde - öýjükli ösüngide, diliň içinde, ýaňagyň, ýüziň derisinde duş gelýän birleşdiriji dokuma düzümli howpsyz çişdir (*74-nji surat*).

Gurluşynyň aýratynlyklaryna görä fibromalar ýumşak ýa-da gaty dykyzlykly bolýarlar.

Gaty dykyzlykly fibroma köplenç äňleriň öýjükli ösüntgisinde ýerleşýärler we onuň basyp durmaklygy, kä wagt, dişleriň gyşarmasyny döredýär. Çiş öýjükli ösüntginiň ugry boýunça ösen halatynda käbir ýagdaýlar-da diş hatarynyň çiş dokumasy bilen ýapylmasyna getirip biler.

Ýumşak dykyzlykly fibroma köplenç ýaňagyň nemli bardasynyň aşagynda duş gelýär. Çişi anyklamak kynçylyk döretmeýär - fibromanyň anyk çäkleri bolýar, töwereginiň dokumalary bilen birleşen däl, üstüni örtýän nemli bardanyň bütewiligi bozulmadyk, çiş haýal ösýär, agyry duýgularyny döretmeýär.

**Bejergisi** – hirurgik.

**Retension kista (nem saklaýan kista).** Nemli bardanyň kiçi silekeý mäziniň çykaryjy akabasynyň bitmegi netijesinde döre-

ýär. Köplenç dodaklaryň we ýaňagyň nemli bardasynda duş gelýär (*75-nji surat*). Kistanyň ölçegleri ulalan halatynda (kese ölçeginde 0,7-1,0 sm çenli) kistanyň üstüniň nemli bardasy ýukalýar we çalymtyl reňkli bolýar. Adatça, kista anyk çäkli, togalak görnüşde bolýar. Kistanyň üstüniň ýukalan nemli bardasynyň we onuň bardasynyň şikeslenmegi netijesinde (iýmit iýilýän, dişlenen wagty) ol ýarylyp boşaýar, emma gysga wagtda ýene-de ozalky ölçeglerine ýetýär.

*Bejergisi* – hirurgik, daşy bilen kesip aýyrmaklyk geçirilýär.

***Dilasty sülekeý mäziň kistasy*** - köplenç dilasty oklawjygyň gerşiniň öň tarap böleginde, seýrek halatlarda ondan başga ýerde dile ýakyn ýa-da aşaky äňiň iç ýüzüne ýakyn ýerde, kä wagt bolsa diliň ýarçagynyň gapdalynda ýerleşýär (*76-njy surat*). Kista agyrysyz, togalak şekilli, ýumşak, üsti tekiz bolan gögümtil ýa-da mawymtyl reňkli emele gelen zat görnüşinde ýüze çykýar. Ylmy edebiýatda gurbaganyň damak howa boşlugy bilen meňzeşligi üçin ranula diýlip atlandyrylýar (Abu Ali ibn Sina bu keseli «diliň gurbagasy» diýip atlandyrýar). Kista örän ujypsyzja ölçeglerden has uly, 5 sm çenli diametrdäki ölçeglerde bolup biler. Kista köplenç çagalarda duş gelýär we haýal ösýär.


74-nji surat. Diliň fibromasy


75-nji surat. Aşaky dodagyň nem ýygnanan kistasy.


76-njy surat. Çep tarap dilasty sülekeý mäziň kistasy

***Bejergisi*** - hirurgik. Köplenç amatlylygy, kiçi göwrüwliligi we aňsatlygy üçin sistotomiýa amalyny geçirýärler. Bu amalyň maksady kista boşlugynyň ýerinde agyz boşlugy bilen habarlaşýan kisäni döretmeklikdir.



77-nji surat. Ýüzüniň kapilýar gemangiomasy bolan çaga.

***Gemangioma*** - damarlaryň ösüşiniň bozulmasy netijesinde emele gelýän damar çişidir. Gemangiomalar 65%-çenli ýagdaýda ýüzde ýerleşýär: olaryň 90% çaga doganynda ýa-da 1 ýaşa çenli döwürde ýüze çykarylýar, käbir lukman alymlar aýal jynsynda köp duş gelýändigini belleýärler. Gemangiomalar, köplenç, ýumşak dokumalarda (dodaklar, dil, agyz boşlugy we damak, burun, gözasty, gulakýany sebitler we başgalar) duş gelýärler (77-nji surat). Emma olar süňklerde hem duş gelýär.

Çişiň kapilýar (tekiz we gipertrofik), öýjük-öýjük (ýa-da gowakly) we şaha (ýa-da salkym) şekilli görnüşleri bar. Çiş ýüzleý, şeýle hem çuňňur ýerleşip bilýär. Çuňňur ýerleşende dokumanyň tutuş galyňlygyny zeperleýär (ýaňaklar, dodaklar). Gemangiomalary anyklamaklyk uly kynçylyk döretmeýär. Häsiýetli bolan reňki (gyrmyzy, gögümtil-gyzyl), barmaklar bilen basylanda kiçelmegi (dolyjylyk alamaty) we goýberlende çişiň öňki göwrümine çenli ulalmagy (öýjük-öýjük we şaha şekilli görnüşlerinde), çişiň içinde we gyra çetinde damar urgysynyň kesgitlenmegi (käbir öýjük-öýjük görnüşinde we şaha şekilli görnüşinde) kesel kesgitlemesini tassyklaýar.

Gemangiomalar uly ölçeglere ýetip bilýärler we bu ýagdaýda äňleriň süňk dokumalarynyň zaýalanmagyny hem-de ýüziň, diliň, dodaklaryň gyşarmalaryny döredýäler. Çişiň tötänleýin şikesi saklamasy kyn bolan gan akmany döretmegi mümkin.

Çuňňur ýerleşen gemangiomany, aýratyn hem süňk içinde ýerleşende anyklamak kynçylyk döredip biler. Anyklaýyş sanjymy we rentgen surat keseliň häsiýetini anyklamaga hemişe ýol berip durmaýar. Damar kesellerini we çişlerini has doly öwrenmek üçin rentgen görkeziji (kontrast) serişde bilen arteriografiýany ulanýarlar. Bu barlag usuly diňe bir damar çişleriň ýerleşýän ýerini anyklamaga ýol bermän, eýsem-de onuň ölçeglerini, çişe gan getirýän we alyp gidýän damarlaryň galyňlygyny anyklamaga hem ýol berýär. Bu maglumatlar bejergide we amalyň tapgyrlaryny meýilleşdirmekde (çişe gan getirýän we alyp gidýän damarlary daňmaklyk) kömek edýär.

***Bejergisi***. Çişiň esasan çalt ösýänligini we bejergisiniň gitdigiçe kynlaşýandygyny göz öňünde tutup häzirki zaman ylmy-amaly nukdaý nazaryndan ýüze çykarylan wagtyndan bejerilip başlanmalydyr. Bejergi ýatymlaýyn hirurgik stamatalogiýa bölüminde, kelle we boýun çişler bölüminde geçirlip bilner. Diňe tekiz kapilýar gemangiomalarda belli bir möhlet gözegçilik edilip bilner. Esasan öýjük-öýjük görnüşli gemangiomalarda bolup bilýän çişiň öz-özünden kiçelip ýok bolmak hadysasynyň näsaglaryň 3-5%-de duş gelip bilýändigi we bu hadysany öňünden kesgitläp bolmaýanlygy sebäpli, hiç bir bejergi geçirmezden diňe gözegçilik etmeklik häzirki wagtda oňlanmaýar.

Hirurgik stomatologiýada gemangiomanyň görnüşine, ölçegine, ýerleşýän ýerine, näsagyň ýaşyna we bile geçýän keseline baglylykda bejerginiň dürli usullary ulanylýar.

Uly bolmadyk gemangiomalary kesip aýyrýarlar. Köp sanly kiçi gemangiomalary elektroköýdürme bilen bejerýärler. Ýüzüň uly gemangiomalaryny kesip aýyrýarlar we emele gelen kemtigi näsagyň erkin geçirlen öz deri kesim bölegi bilen düzedýärler. Ýumşak dokumalarda çuňňur ýerleşen gemangiomalary mürüşdiriji serişde ýa-da amal usuly, kähalatlarda bolsa amal bejerginiň öňünden mürüşdiriji bejergi geçirip çişiň kiçelmegini we amal bejergi wagty bolup biljek gan akma howpuny azaldýarlar. Häzirki wagtda mürüşdiriji bejergini esasan 70-80%-li etil spirti bilen geçirýärler. Amal usuly we mürüşdiriji serişde bilen bejergini çişi ýa-da onuň daş töweregini tikip çykmaklyk, çiş damarlaryny daňyp çykmaklyk bilen utgaşdyrýarlar. Gulakýany sülekeý mäziň içine ösen uly ýaýraň öýjük-öýjük gemangiomasy bolan kiçi ýaşly çagalarda seýrek halatlarda bir gezekleýin (örän seýrek iki gezek) golaý aralykdaky rentgen bejergisi ulanylýar. Emma bu usuly ulanmaga bolan görkezmeler döräp biljek gaýra üzülmeler sebäpli belli-bir derejede jedelli bolup galýar. Bulardan başga-da kapilýar gemangiomalarda kriodestruksiýa, kawernoz gemangiomalarda bejergi görnüşde ýa-da çişiň ösüşini togtatmak maksady bilen kortikosteroid gormonlary çiş içre sançmaklyk hem ulanylýar.

Limfangioma - ulalan gän (limfa) damarlaryň we birleşdiriji dokuma toplanmasyndan emele gelen. Ony ýönekeý, öýjük-öýjük we



**78-nji surat.** Ýaňagynyň we äňasty sebitiniň kistoz limfangiomasy bolan näsag çaga.

kistoz görnüşlere bölýärler. Ol köplenç ýaňakda, dodakda, dilde ýerleşýär, käwagt birnäçe sebiti eýeleýär we işjeňlik bozulmalaryny döredýär (*78-nji surat*). Geçişi boýunça gemangioma meňzeş, emma örtýän deri we nemli bardanyň reňki üýtgewsiz galýar. Çişi örtýän nemli bardanyň şikeslenmegi, beden sowuklamasy we soňra çişiň içine ýokanç ýokuşmasy netijesinde, köplenç, çişme hadysa döreýär. Çiş ulalýar we soňra şol durkuna saklanýar. Limfangiomada el (barmaklar) bilen basylanda çiş kiçelmeýär (dolyjylyk alamaty ýüze çykarylmaýar).

Bejergini limfangiomanyň görnüşine, onuň ölçeglerine, ýerleşişine we näsagyň ýaşyna baglylykda geçirýärler. Näsaglaryň köpüsinde toplumlaýyn bejergi geçirilýär. Ol aşakdakylardan durýar: 1) Ýyllar boýy uzak wagtlap gözegçilik; 2) Agyz boşlugyň, damagyň we burun-damagyň sagdynlaşdyrylmagy; 3) Limfangiomada çişme hadysa dörände çişmä garşy adaty derman bejergi; 4) Amal bejergisi; 5) Ortodontiýa bejergisi; 6) Logopediň bejergisi.

***Bejergi*** usullaryň arasynda amal bejergi gowy netijeler berýär we ol çaga bir ýaşandan soň geçirilýär. Wagtlaýyn çäre hökmünde çiş içre kortikosteroid gormon sanjymy (kenalog 40 mg we deksazon 80 mg çenli) ulanylyp biliner. Beýleki bejergi usullary (çişiň içini sordurmak, mürüşdiriji bejergi) netije bermeýär we olary amal bejergä ýardam görnüşde geçirýärler.

**Deripisint (dermoid) kista** - birleşdiriji dokumadan, der we ýag mäzleriň galyndylaryndan, tüý haltajyklaryndan durýar. Embriogenezde ýüziň emele gelşiniň bozulmasy esasynda, ýüziň emele gelýän ýşlaryna deriniň (dermanyň) düşmekligi netijesinde döreýär. Köplenç eňekasty sebitde (79-njy surat), dilasty süňk bilen aşaky äňiň eňek bölieginiň iç ýüzüniň aralygynda, şeýle hem gözhananyň içki we daşky gyralarynda, burnuň düýbüniň we ganatlarynyň yzynda duş gelýär. Kista köplenç ýaş adamlarda ýüze çykarylýar. Haýal ösýär. Kista agyz boşlugynyň düýbünde ýerleşmeklik bilen näsag gepläde we naharlananda kynçylyklar döredip biler. Dermoid kista has uly ölçeglere ýe-

tende ýüzüň keşbini bozup biler. El bilen barlananda agyrysyz, hamyr pisint dykyzlykly bolýar. Kesel kesgitlemesini goýmak kynçylyk döretse anyklaýyş sanjymy geçirilýär we bu ýagdaýda kista üçin häsiýetli bolan zat alynýar (ýüzleý deri gatlak öýjükleri, ýag, saç galyndylary).



**79-njy surat.** Eňegasty sebitiniň deripisint kistasy



**80-nji surat.** Gaş sebitinde ýerleşen ýüzleý derigatlak (epidermal) kistasy

***Bejergisi*** kistany bardasy bilen kesip goparyp aýyrmak amalynda jemlenendir.

**Epidermal kista (ýüzleý deri gatlak kistasy, ateroma).** Deriniň ýag mäzleriniň çykaryjy deşiginiň bitmegi netijesinde döreýär. Ýüzüň, boýnuň, kelläniň saçly böleginde köp duş gelýär (80-nji surat). Ýeke-täk, seýrek halatlarda - köp sanly bolýar. Togalak süýri gürnüşde, çeýe dykyzlykda, agyrysyz, içinde aş görnüşli madda bolýar, üstüniň reňki kä wagt gögümtil öwüşginli bolýar.

***Bejergisi*** bardasy bilen kesip aýyrmaklykda jemlenendir.

**Lipoma** - arasynda birleşdiriji dokuma perdeleri bolan ýetişen ýag dokumasynyň howpsyz çişidir. Köplenç ýaňak, eňekasty, äňasty we gulakýany, seýrek halatlarda çekge sebitiň öň-aşak böleginde ýerleşýär (*81-nji surat*). Çişiň daşky bardasy haýal ösýär, agyry döretmeýär, ýerleşýän ýeriniň güberip durmagyna getirýär. El bilen barlananda hamyr pisint dykyzlykly bolýar, çişiň çäkleri hemişe aýdyň kesgitlenip durmaýar.

***Bejergisi*** amal usuly bilen geçirilýär, çişi daşynyň bardasy bilen kesip aýyrýarlar.

**Papilloma** - agyz boşlugynyň nemli bardasynda duş gelýär (*82-nji surat*). Çiş köplenç emzijek görnüşinde dürli ölçegde we şekilde bolýar. Kä wagt inçejik aýajykda, togalak şekilde ýa-da çogup duran düwünjikler görnüşde bolýar. Papilloma gataňsy dykyzlykly bolýar, onuň düýbüniň töweregiňde nemli barda we nemli bard aasty gatlak adaty dykyzlykly; gataňsylyk bolmaýar.

Papillomany anyklamak kynçylyk döretmeýär. Emma anyk howpsyz çiş görnüşinde geçýänligine garamazdan ony kanser keseli bilen deňeşdirme - anyklama geçirmekligi äsgermezlik etmeli däldir. Hususan-da käbir ýagdaýlarda kanser keseliniň ýüze çykyş alamatlary papillomanyň alamatlaryna meňzeş bolup biler. Papillomanyň esasy tapawutly alamaty onuň



**81-nji surat.** Ýaňagyň lipomasy.



**82-nji surat.** Dodaklaryň we sag tarap agyz burçunyň papillomatozy.



**83-nji surat.** Sag tarap burun ganatynda ýerleşen menekli hal.

düýbüniň gataňsylygynyň ýoklugydyr we haýal ösýänligidir. Agyz boşlugynyň gyjyndyryjy sebäpleriniň kä halatlarda papillomanyň howply çişe geçmekligine – malignizasiýasyna ýardam edýändiklerini ýatda saklamaly.

Papillomanyň ***bejergisi*** onuň töwereginiň dokumalary bilen kesip aýyrmaklyk bilen geçirilýär.

**Menekli hal** deri örtüginiň ösüşiniň bozulmasy bolup, menekli öýjüklerden durýar. Ýüzde düz ýa-da siňňil şekilli dürli ölçeglerde duş gelýär (*83-nji surat*). Ol garamtyl-goňur reňkli tüýli bolýar. Doga ýa-da soňra dörän bolýar.

Menekli halyň howply häsiýete - melanoma geçmekligine köplenç şikeslenme we gün şöhlesiniň täsir etmekligi ýardam edýärler. Ölçegleriniň ulalmagy, menekleşme derejesiniň güýçlenmegi, töwereginiň gyzarmasy bilen çişme hadysanyň döremegi, ganamagy, baş emele gelmegi, şeýle hem onuň daş töwereginde täze goşmaça menek goşundylarynyň (satellitleriň) döremegi menekli halyň howply häsiýeti geçmekligine şaýatlyk edýär.

Menekli halyň ***bejergisi*** hirurgik bolup, ony sagdyn dokumalaryň çäklerinde kesip aýyrmakda jemlenendir. Amaly ýüzüň owadanlyk keşbini bozýan ýa-da şikesleýän menekli hal bolanynda geçirýärler.

**Mähnet öýjükli çiş (osteoklastoma, ostleoblastoklastoma)** süňkden emele gelýän çişdir. Ol esasan äň süňklerini zeperläp, äňleriň hemme çişleriniň 60-65 %-ni tutýar. Köplenç aşaky äňde duş gelýär (*84-nji surat*). Onuň öýjük düzümi bir maňyzly ostleoblastlardan we köp maňyzly mähnet öýjükli osrteoklastlardan durýar, bu ýagdaý bolsa adynyň şeýle atlandyrylmagyna getiren.



**84-nji surat.** Aşaky äňiň begeniniň we şahasynyň kistoz görnüşli mähnet- öýjükli çişi (rentgen surat).

Rentgen surat görnüşi boýunça bu çişi *öýjükli* (süňk perdejikler bilen bölünen ownuk boşluklar, öýjükler), *kistoz* (kista şekilindäki bir uly seýrekleşme ojagy) we *süňk ereme* (hiç bir şekilsiz süňk seýrekleşmesi - osteolitiki) görnüşlere bölýärler.

Osteoblastoklastomalaryň emele gelmegi haýal geçýär. Adatça, çişiň ilkinji alamatlary äňdäki agyry duýgularydyr ýa-da äňleriň galňamagynyň ýüze çykarylmagydyr. Äň süňküniň gabyk gatlagynyň ýukalmagy netijesinde el bilen barlananda hytyrdy (pergament hytyrdy alamaty) ýüze çykarylýar.

Deňeşdirme anyklamasy diş sebäpli kista, ameloblastoma, fibroz (birleşdiriji dokuma) displaziýa, osteosarkoma, eozinofil granulýoma bilen geçirilýär.

***Bejergisi*** amal usuly bilen geçirilýär. Çişiň ölçegine we görnüşine baglylykda geçirilýän amal bejergi dürli göwrümde bolup biler (çişi gazap aýyrmaklykdan süňk bardasynyň aşagy boýunça äň bölegini kesip aýyrmaklyga çenli). Şöhle bejergisi oňat netije bermeýär.

**Osteoma** - süňk çişi bolup, ýüz süňkleriniň dürli ýerlerinde duş gelýär: süňkiň daş ýüzünde (ekzostoz) we iç ýüzünde. Osteoma örän haýal emele gelýär we şol sebäpli hem uzak wagtyň dowamynda bilinmän galýar. Kähalarla-da osteomanyň ilkinji alamaty çişiň siňiri (nerwi) gysýanlygy sebäpli agyry duýgularynyň döremekligidir ýa-da süňküň zeperlenen böleginiň sudurynyň üýtgemeginiň netijesi bolan ýüzüň taraplarynyň deňsizligidir.

Osteomanyň anyklamasy üçin rentgen barlagyň (göni, gözýetim şekilli - panorama rentgen suratlary) uly ähmiýeti bardyr (aýdyň çäkleri, köplenç, tegelek şekilli, süňküň güýçli dykyzlykly zeperlenen ýeriniň görünmegi).

***Bejergisi*** – amal usuly bilen kesip aýyrmaklyk geçirilýär. Ýüzüň süňkleriniň köp sanly zeperlenmesinde amal bejergi görkezilen däl.

## 15.02. Äň-ýüz sebitiň synamahsus (odontogen) çişleri

Äň-ýüz sebitiň howpsyz syna mahsus çişlerine diş sebäpli çişler bolan epulis, odontoma we ameloblastoma, diş sebäpli kistalar bolan diş kökujy (radikulýar) kista we diş saklaýan (follikulýar) kista, şeýle hem sülekeý mäzlere mahsus bolan garyşyk çişi degişli edýärler.

### 15.02.1. Epulis



**85-nji surat.** Aşaky äňiň öň tarap böleginiň epulisi.

Epulis öýjükli ösüntgide ýerleşen 0,5 sm-den 5-6 sm çenli ölçegde bolan çişe meňzeş emele gelmedir. Epulis, köplenç, kiçi azy dişleriň deňesinde ýerleşýär, emma islendik dişleriň deňinde duş gelip biler (*85-nji surat*).

Epulisiň döremeginiň sebäbini öýjükli ösüntginiň nemli bardasynyň çüýräp zaýalanan dişiň gyrasynyň ýa-da hili pes emeli diş gurnamasynyň (proteziň) uzak wagtyň dowamynda şikes ýetirip gyjyndyrmagynda görýärler. Epulisiň döremeginiň başga sebäpleri barada hem pikirler bar. Seýrek bolmadyk halatlarda epulis göwrelilerde duş gelýär.

Epulisiň ösüşi haýal geçýär. Göwrelilerde onuň ösüşiniň çaltlaşmagy ýüze çykarylýar. Garşydaş dişler bilen dişlenip şikes ýetmese çişiň agyrysy bolmaýar. Şikes agyry bilen geçýän çişme hadysanyň döremegine getirýär. Uly ölçeglerdäki çiş dişleriň iç we daş taraplardan ýapylmagyna getirip bilýär.

Adaty çişiň giň düýbi bar we üýtgewsiz nemli barda bilen örtülendir, şikeslenen halatyn-da bolsa ganinmeler, jaýryklar we başlar emele gelýär. Emma epulisde howply çişlerde bolşy ýaly, şikes ýeten ýerlerdäki dokumalaryň dargamasy bolmaýar.

Epulis öýjükli ösüntginiň gabyk gatlagynyň we onuň aşagynyň öýjük bölegininiň zaýalanyp dargamagyna getirip biler. Bu ýagdaýda rentgen suratda süňkiň seýrekleşmesi (osteoporozy) ýüze çykarylýar.

Epulisiň reňki töwereginiň nemli bardasynyň reňkinden biraz tapawutlanýar we käbir ýagdaýlarda gyzylymtyl-goňur, başga ýagdaýlar-da gögümtil reňkli bolýar.

Düýbi ýasy bolanda epulis gymyldamaýar. Dokuma gurluşy boýunça epulisi birleşdiriji dokuma, gan damarly we mähnet öýjükli görnüşlere bölýärler. Soňky görnüşiniň dokuma gurluşy sarkoma meňzeşdir we bu ýagdaý ozallar howpsyz çişiň bu görnüşini ýalňyşlyk bilen mähnet öýjükli sarkoma hasap edilmegine esas beren.

***Bejergisi*** hirurgik, sagdyn nemli bardanyň çäklerinde kesip we süňkden gazap aýyrmak bilen geçirilýär. Sagdyn dişiň boýunjygy açylyp ýokary duýgurlylyk dörese boýunjygyny we açylan köküni ýapmak bilen emeli täç geýdirmek ýa-da görkezmeler boýunça dişiň mylkygyny aýryp akabasyny we täç bölegini petiklemek geçirilýär. Gaty kentlewükde geçirlen amaldan soňra köplenç döreýän gaýra üzülme bolan ganakmany saklamak üçin ýara ýerini kseroformly hasa bilen ýapyp, gorag plastina örtügini berkitmeli.

## 15.02.2. Odontoma

Odontoma – emele gelýän dişiň düwünçek döwründäki (embrional) dokumalarynyň (diş mylkygynyň, dentiniň, syrçanyň we sementiň) artykmaçlygyndan döreýän çiş. Kadaly dişiň dokumalaryndan tapawutlylykda odontomada olaryň ýerleşişi tertipsiz bolýar.

Täç bölegi kadaly emele gelen, kök bölegi bolsa gaty dokumalaryň şekilsiz we tertipsiz toplumy görnüşindäki, şeýle hem bu ýagdaýyň ter-

sine bolan odontomalar duş gelýär (düzümli we çylşyrymly odontomalar). Köplenç, aşaky äňiň azylarynyň sebitinde emele gelýär. Haýal ösýär, agyry döretmeýär. Ösüp ulalsa süňk güberip durýar, emma, köplenç, başga bir sebäp boýunça rentgen barlagy geçirlende ýüze çykarylýar.

Rentgen suratda diş dokumalaryndaky ýaly dykyzlykdaky togalak-süýri kölege görünýär, aralarynda ýagtylanma ýerleri (bölekleýin gurluş) ýüze çykarylýar.

***Bejergisi*** – hirurgik usul.

### 15.02.3. Ameloblastoma

Ameloblastoma (adomantinoma) köplenç aşaky äňde ýerleşip, örtgi (epitelial) dokumadan döreýän çiş. Çişiň dokuma gurluşy emele gelýän dişiň syrça synasynyň gurluşy bilen örän meňzeşdir.

Rentgen surat şekili we patalagoanatomik gurluşy boýunça bir bitewi öýjükli (solid, monokistoz) we köp öýjükli (polikistoz ýa-da kistamatoz) görnüşleri bolýar (*86-njy surat*). Çişiň soňky görnüşi has köp duş gelýär.

Barlananda süňküň güberip durmagy we ýüzüň taraplarynyň deňsizligi (asimmetriýa) ýüze çykarylýar. El bilen barlananda „kagyz“ (perdament) hytyrdysy kesgitlenýär, adatça, agyry döretmeýär. Äňiň gabyk gatlagy zaýalananda çişiň çeýe dykyzlygy kesgitlenýär. Rentgen suratda käwagt biri-biri bilen goşulýan dürli ölçeglerdäki togalak-süýri boşluklar görünýär we olar ýarym aýlawlar dörediýärler, kä halatlarda çykmadyk diş hem bolup bilýär.

***Bejergisi*** – hirurgik usul. Çişi daşynyň bardasy bilen goparyp aýyrylýar. Çişiň üstündäki dişleri sogurýarlar ýa-da olaryň kökleriniň ujyny kesip aýyrýarlar (amaldan öň petiklenen dişler).



**86-njy surat.** Aşaky äňiň ameloblastomasy (rentgen surat).



**87-nji surat.** Ýokarky äňiň 11 dişiniň kök kistasy (rentgen surat).

### 15.02.4. Diş sebäpli (odontogen) kistalar

Diş sebäpli kistalar diş kökujy (radikulýar) we diş saklaýan (follikulýar) kistalara bölünýärler.

**Diş kökujy (radikulýar) kista** has köp duş gelýär we hemme diş sebäpli kistalaryň 95% tutýar (*87-nji surat*). Kista içi barda bilen örtülen we sarymtyl ýa-da gögümtil reňkli, düzüminde holesterin bolan suwuklyk bilen dolan boşlukly emele gelme görnüşinde bolýar. Uly ölçeglere ýeten kistalarda aşaky äň akabasynyň diwarlarynyň eremegi ýa-da onuň ýokarky äň boşlugyna ösmegi ýüze çykýar. Äňiň öýjükli ösüntgisiniň ýa-da bedeniniň göwrümi ulalýar. Şol bir wagtda hem ýukalan süňk maýyşgak bolýar. Käwagt bolsa hytyrdy döreýär. Soňabaka süňk dokuma kemtigi döreýär we el bilen barlananda bulkuldy ýüze çykarylýar. Kistanyň gapdallaryndaky dişleriň kökleri daşlaşýarlar, täçleri bolsa biri-birine tarap gyşarýarlar. Kistanyň içi iriňlände ýiti çişme hadysa alamatlary ýüze çykýar (ýellenme, dokumalaryň gataňsylygy, soňra suwuklyk çykýan deşigiň emele gelmegi).

Rentgen suratyň kömegi bilen kistanyň ölçeglerini, ýerleşýän ýerini, onuň burun, ýokarky äň boşlugy, aşaky äň akabasy we dişler bilen gatnaşyklaryny kesgitläp bolýar. Diş kökujy kista üçin tekiz we takyk gyralary bolan togalak ýa-da süýri şekildäki süňk dokumasynyň zaýalanma ojagy häsiýetlidir. Kista boşlugynyň içinde keseliň sebäbi bolan dişiň köki ýerleşen bolýar.

***Bejergisi*** – sistektomiýa ýa-da sistotomiýa amaly geçirilýär.

**Diş saklaýan (follikulýar) kista** diş düwünçeginiň ösüşiniň bozulmagy netijesinde döreýär. Diş kökujy (radikulýar) kistadan tapawutlylykda diş saklaýan (follikulýar) görnüşinde kista çykmadyk dişiň töwereginde döreýär we bu ýagdaýda diş täji kista boşlugynyň içinde bolýar (*88-nji surat*). Köplenç, çagalarda we ýetginjeklerde duş gelýär. Kista üçin haýal ösüş we agyrynyň ýoklugy häsiýetlidir. Kähalatlarda kistanyň ösmegi netijesinde äň süňküniň köp böleginiň zaýalanmasyna getirmegi hem näsaglaryň ünsüni çekmeýär. Şu sebäpli hem diş saklaýan (follikulýar) kistany başga maksatlar üçin ýa-da önuň gabyk gatlagynyň bildirip duran gübermeginde alnan rentgen suratda ýüze çykarýarlar. Näsag barlananda soňra kesel kesgitlemesini äňiň gabyk gatlagynyň gübermegi, oňa basylanda maýyşgak bolmagy

ýa-da «kagyz» (pergament) hytyrdysynyň bolmagy, çişme hadysanyň ýoklugy, rentgen surat (içinde diş täji bolan, äň süňkiniň takyk we aýdyň gyralary bolan togalak - süýri agarmasy) esasynda goýýarlar .

***Bejergisi*** içindäki dişi hökman aýyrmaklyk bilen sistotomiýa ýa-da sistektomiýa amalynda jemlenendir .



**88-nji surat.** Aşaky äňiň bedeniňiň diş saklaýan kistasy (rentgen surat).

## 15.03. Garyşyk çiş

Garyşyk çiş – sülekeý mäzleriň howsyz çişleriniň arasynda aýratyn görnüşidir we bu çişleriň 70%-e çenlisini tutýar. Olaryň beýle ady düzüminde örtgi (epitelial) we birleşdiriji dokumanyň bolmagy netijesinde goýlan.



**89-njy surat.** Gulakýany sülekeý mäziniň garyşyk çişi bolan näsag aýal.

Garyşyk çiş ýag, miksamatoz, kekirdewük, muskul, mäz we süňk dokumalardan durýar. Garyşyk çiş, köplenç, 30 – 40 ýaş aralykdaky adamlarda duş gelýär. Ol agyrysyz ösüşi, tekiz ýa-da büdür-südür üsti, gaty dykyzlygy bilen häsiýetlendirilýär. Sülekeý mäziň içindäki garyşyk çiş ýerinden süýşýär, onuň üstüniň derisi üýtgemedik we erkin süýşýär. 80 - 90% ýagdaýda garyşyk çiş gulakýany sülekeý mäzinde duş gelýär we bu ýagdaýda ýüz nerwi, adatça zeperlenmeýär (*89-njy surat*). Kiçi sülekeý mäzleriň çişleri ýerinden

süýşmeýär (köplenç gaty kentlewükde, seýrek damakda we başga ýerlerde duş gelýär). Howply häsýete geçmezden, uzak ýyllaryň (10 – 15 ýyla çenli) we haýal ösüşiň netijesinde çiş uly ölçeglere ýetýär. Emma kähalatlar-da, görnüp duran sebäbi bolmazdan çiş çalt ösüp başlaýar, deri aşagynyň dokumalary bilen birleşýär, çäkleriniň aýdyňlygy ýitýär, agyry döreýär. Bu alamatlar garyşyk çişiň howply häsýete geçenligine şaýatlyk edýär.

Anyklaýyş maksady üçin sanjym netijesinde geçirilýän öýjük (sitologiýa) barlagynyň ähmiýeti bardyr.

***Bejergisi*** hirurgik görnüşde geçirilýär. Çiş gulakýany sülekeý mäzinde ýerleşende amal geçirilende ýüz nerwiniň şahalaryny göz öňünde tutmalydyr. Garyşyk çişler şöhle bejergä duýgyr däldir.

## 15.04. Äň-ýüz sebitiň howply Çişleri

Äň – ýüz sebitiň synalarynyň we dokumalarynyň kanser we sarkoma bilen zeperlenmesi seýrek däldir (howply çişi bolan näsaglaryň 7% çenlisi). Hemme kanser keselleriň arasynda diliň, agyz boşlugynyň nemli bardasynyň kanseri 2%, äňleriň kanseri 3%, dodagyň kanseri 5% - ýygylykda duş gelýär.

Deriniň kanseri köplenç 90% - de ýüzde duş gelýär we bu belki–de käbir gyjyndyryjylaryň (ultramelewşe şöhleler, howanyň temperaturasynyň üýtgäp durmagy, himiki sebäpler) adam ýüzine hemişelik täsir edýänligi bilen baglanyşyklydyr. Şeýle hem çilim çekmekligiň, nas atmaklygyň, mehaniki we gyzgynlyk gyjyndyryjylaryň aşaky dodagyň howply çişiniň döremeginde täsiri bardyr. Daşky fiziki sebäpleriň uzak wagtyň dowamynda täsir etmegi netijesinde dodagyň gyrmyzy gaýmasynyň buýnyz gatlagynyň ýaýraň ösmegine (giperplaziýasyna) getirýär .

Agyz boşlugynyň synalarynyň we äňleriň howply çişleriniň döremegine ýardam edýän köp dürli sebäpleriň hataryna üznüksiz çişme hadysalar (üznüksiz gaýmorit, heýlit we başgalar), bir gezek we köp gezekli şikesler degişlidir. Şu sebäpli hem bu keselleriň öz wagtynda bejerilmegi, agyz boşlugynyň nemli bardasynyň zaýalanan dişleriň, petikleriň we emeli diş gurnamalaryň (protezleriň) ýiti gyralary bi-

len şikeslenmeginiň öňüni almaklygyň düýp manysy boýunça howply çişleriň öňüni alyş çäresidir .

Äň-ýüz sebitiň çişleriniň köpüsiniň gözden geçirmek we barlag üçin elýeterlidigine garamazdan, olaryň anyklanmasy, köplenç, öz wagtynda amala aşmaýar we munuň bilen baglanyşyklykda näsag ýörüteleşdirlen onkologiýa hassahanalaryna we ýatymlaýyn hirurgik stomatologiýa bölümlerine gijigip düşýärler. Keseliň geçişiniň çylşyrymlylygy bilen baglanyşykly anyklaýyşdaky ýalňyşlyklar ýatymlaýyn hirurgik stomatologiýa bölümleriň içinde seýrek bolýar. Anyklaýyş ýalňyşlyklary köplenç, näsagyň barlagy doly geçirilmedik ýagdaýynda, şeýle hem käbir ýagdaýlarda stomatologlaryň we beýleki lukmanlaryň onkologiýa meselelerinde ýeterlik habardar bolmazlyklary bilen döreýär.

Äň–ýüz sebitiň howply çişleriniň ir ýüze çykarylmagynda we munuň bilen baglanyşyklykda olaryň üstünlikli bejerilmegi üçin stomatolog lukmanlaryň (hirurg, terapewt we ortoped), şeýle hem umumy ugurly stomatolog lukmanlaryň we käbir beýleki lukmanlaryň (maşgala lukmany, gulak–burun–bokurdak lukmany, terapewt, hirurg we başgalar) onkologik hüşgärliginiň wajyp ähmiýeti bardyr. Hususan-da stomatolog däl lukmanlara näsaglar ilkinji bolup ýüz tutup bilýärler.

**Onkologik hüşgärlilik düşünjesi özünde aşakdakylary jemleýär:**

1) Çişleriň, howply çiş öňýany keselleriň, şeýle hem howply çişleriň irki döwürleriniň alamatlaryny bilmeklik;

2) Anyklaýşyň kyn ýagdaýlarynda onkologik keselleriň adaty däl ýa-da gaýra üzülen görnüşde geçmeginiň mümkindigini çaklamaklyk;

3) Çiş keseli bolan näsaglara berilýän kömegiň guramaçylygyny bilmeklik, onkologik näsagyň ýa-da howply çişiň barlygyna müňkir bolunýan näsagyň haýal etmän ýöriteleşdirilen onkologik hassahanasyna ugradylmagy.

Şu sebäpli hem buýnuzlaşma bozulmasy (diskeratoz), uzak wagtlap bitmeýän jaýryklar, başlar, leýkoplakiýa keseli görnüşindäki agyz boşlygynyň nemli bardasynyň, dodaklaryň we diliň howply çiş öňýany ýagdaýlaryna aýratyn üns bermek gerek. Howply çiş öňýany ýagdaý ýüze çykarlanda näsagy haýal etmän onkologa ugratmaly.

Howply çişleriň ir ýüze çykarylmagy we öz wagtynda başlanan ýörite bejergi näsagyň bejergisiniň has oňaýly netijesini üpjin edýär.

### 15.04.1. Ýüzüň derisiniň howply çişleri

**Bazalioma (esas öýjükli kanser)** deriniň howply çişleriniň 70 - 80% -ni eýeleýär. Bazaliomanyň birnäçe görnüşi bar: çiş şekilli, başly, kiçelip çöken görnüşli (atrofik), bir bitewi görnüşli (solid), kistoz, menekleşen we başgalar.

Bazaliomanyň geçişi köp görnüşli bolýar we ol çişiň görnüşine gabat gelýär. Bazalioma üçin haýal ýerli zaýalanma (destruktiw) ösüş häsiýetlidir we ol daşgyn synalara ýaýrama (metastaz) bermeýar. Çişiň iň köp duş gelýän ýerleri burun ganatlarynyň, ýokarky dodagyň, burun – dodak ýygyrdynyň we gabaklaryň sebitleridir (*90-njy surat*). Adatça, ilki başda deride agyrysyz gatańşylyk emele gelýär, onuň üstüniň derisinde baş döreýär we gemrejik bilen örtülýär. Gemrejik aýrylandan soňra ýene-de emele gelýär. Bazalioma köplenç ýeketäk düwün görnüşinde döreýär.



**90-njy surat.** Ýüzüň bazaliomasy.

**Ýüzüň derisiniň ýasyl öýjükli kanseri** bazaliomadan tiz siňip ösüşi (infiltratiw) we sebitleýin gän düwünlere metastaz bermekligi bilen tapawutlanýär. Geçişi boýunça deriniň kanseriniň siňip ösýän, siňip-ösýän – başly we emzijek şekilli (papilýar) görnüşleri bar. Kanseriň siňip ösýän görnüşinde kesel ýeriniň düwüni üýtgemedik deri bilen örtülen. Düwün gitdigiçe aşagynyň dokumalaryna ösýär we ýerinden sähelçe süýşip bilýär, soňra bolsa ol başa öwrülýär. Kanser keselindäki baş üçin oklawjyk ýaly dykyz gyralar we çüýrüntgi maddalar bilen örtülen çuňňur düýbiniň bolmaklygy häsiýetlidir. Deriniň kanseriniň emzijek şekilli (papilýar, fungoz) görnüşi reňkli kelemi ýatladýar. Onuň üsti büdür – südür, käbir ýerlerinde gemrejikler bilen örtülen baş bolýar.

**Melanomany** menekli bazaliomadan hemişe aňsatlyk bilen tapawutlandyryp bolýar. Melanoma öran ýokary derejeli howplulygy, tutuş bedene tiz ýaýramaklygy we metastaz bermekligi bilen häsiýetlendirilýär. Melanomada biopsiýa (dokuma bölejigini kesip alyp barlamak) geçirmeklik görkezilen däldir. Ýelmeşdirip alnan çyrşak

aýnajykdaky sitologiýa (öýjük barlagy) barlagy diňe çişde başlar dörände geçirilýär. Tapawutlandyryş anyklama maksady bilen radioizotop barlagy, amal wagty bolsa ekspress biopsiýa geçirilýär. Deriniň kanseriniň deňeşdirme anyklamasyny mahsusy çişme keseller bolan inçekesel, mereziýel we aktinomikoz bilen geçirmek gerek. Kesel kesgitlemesini goýmaklyk üçin sitologiýa we gistologiýa (öýjük we dokuma) barlaglarynyň aýgytlaýjy ähmiýeti bar.

***Bejergisi.*** Ýüzüň derisiniň kanserini bejermek üçin bar bolan hemme usullary (hirurgik, şöhle we himiobejergi, toplumlaýyn) ulanýarlar.

### 15.04.2. Aşaky dodagyň kanseri

Has ýygy, aglaba ýagdaýlarda erkek adamlarda we esasan aşaky dodakda duş gelýär. Döremegine ýardam ediji sebäpler: çilim çekmeklik, nas atmaklyk, heýlitler, ýokary buýnuzlaşma ýagdaýlary (giperkeratozlar) we uzak saklanýan jaýryklardyr.

Aşaky dodagyň kanseri agyz boşlugynyň nemli bardasynyň we synalarynyň, äňleriň kanser kesellerine görä biraz oňaýly geçýär. Gurluşy boýunça köplenç buýnuzlaşýan ýasy öýjükli kanser görnüşinde geçýär.

Barlananda nemli bardaasty gatlakda gatańsylygyň emele gelmegi, soňra bolsa galyp duran dykyz gyralary bolan başyň döremegi; giçki döwürlerde eňegasty we äňasty sebitleriň gän düwünlerine ýaýramagy bolup geçýär. Bu ýagdaýda düwünler aram ulalan, ýerinden süýşýär we agyrysyz bolýar. Başyň düýbi çüýrän maddalar bilen dolan, gyralary dodagyň derejesinden galyp we çöwrülip diýen ýaly durýar. Dodagyň ölçegleri has ulalýar, onuň hereketleri bolsa çäklenýär. Birnäçe wagtdan soň kanser çişi aşaky äňiň süňk dokumasyna ýaýraýar.

***Bejergisi.*** Keseliň ölçeglerine we döwrüne baglylykda aşakdakylar görnüşinde geçirlip bilner: çişiň ojagyny kesip aýyrmak, şöhle bejergi, kriodestruksiya (sowuk täsiri bilen çiş ýeriniň dokumalaryny doňdurup onuň çüýräp gopmagyny gazanmak), dodagyň bir bölegini kesip aýyrmak, çişiň ýaýrama ýollary bolan sebitleýin gän düwünlerini kesip aýyrmak bilen önüni alyş amalyny geçirmek, metastazlary bejermek, kesel alamatlaryna garşy bejergi.

### 15.04.3. Diliň kanseri


91-nji surat. Diliň kanseri.

Kesel köplenç diliň gapdal tarapynda we onuň uç sebitinde döreýär (*91-nji surat*). Diliň düýbüniň (yzky böleginiň) kanseri anyklamak üçin amatsyzdyr, tiz ösýär we sebitleýin gän (limfa) düwünlere tiz ýaýraýar. Köplenç erkek adamlar keselleýärler.

Döremegine ýardam ediji sebäpler: zaýalanan dişiň we pes hilli hem-de ýaramsyz emeli diş gurnamanyň (proteziň) ýiti gyrasy bilen diliň şikeslenip durmagy, gyzgynlyk we himiki gyjyndyryjlaryň, uzak waglap leýkoplakiýa bilen kesellemegi.

Barlananda nemli barda asty gatlakda gataňsylygyň ýa-da emzijek (papilloma) görnüşindäki dykyz epitelial (örtgi dokuma) ösüntgileriň döremegi, onuň dargamagy netijesinde sähelçe degilende ganaýan çöwrülip we galyp duran gyralary bolan baş emele gelýär. Dil işjeň hereketlerini ýitirýär, agyz boşlugynyň öz-özünden arassalanmasy kynlaşýar. Agyz boşlugyndaky bar bolan ýokançlar diliň dokumalarynyň çüýremegini agyrlaşdyrýar. Şu sebäpli hem munuň ýaly näsaglarda esasy keseli bulaşdyrýan çişme hadysanyň döremegi mümkin. Agyz boşlugyndan ýakymsyz ýiti, çüýrentgi ys gelýär.

Diliň kanserinde çiş öýjükleri äňasty, eňegasty, boýun gän (limfa) düwünlerine tiz ýaýraýar.

***Bejergisi.*** Diliň ilkinji çiş ojagynyň rentgen we radiobejergisini, diliň ýarsyny kesip aýyrmaklygy (elektro rezeksiýa - elektropyçagyň kömegi bilen kesip aýyrmak) geçirýärler. Äňasty sebitlerde we boýun sebitinde ýumşak dokumalaryň öýjükli dokuma gatlagyny, gän (limfa) düwünleri, äňasty we dilasty sülekeý mäzleri kesip aýyrýarlar (dokumalary toplumlaýyn kesip aýyrmaklyk).

### 15.04.4. Agyz boşlugynyň nemli bardasynyň kanseri

Kanser bilen kesellänleriň arasynda 1% duş gelýär. Keseliň döremeginde nas atmaklygyň wajyp ähmiýeti bardyr. Kesel öýjükli ösüntginiň, ýumşak we gaty kentlewigiň, agyz boşlugynyň düýbüniň nemli bardasynda döräp bilýärr.

Barlananda ulalýan we yş şekilli baş emele getirýän papilloma şekilli ösüntgileriň döremegi ýüze çykarylýar. Munuň ýaly çişiň düýbünde dykyz agyrysyz gataňsylyk emele gelýär. Öýjükli ösüntginiň nemli bardasynyň kanseri äň süňküne ýaýraýar, bu bolsa dişleriň yrgyldamagyna getirýär. Agyzdan ýakymsyzçüýrüntgi ysy gelýär.

***Bejergisi***. Çişiň ilkinji ojagynyň we metastazynyň (ýaýran ýeriniň) şöhle bejergisi, aşaky äňiň we diliň bölegi bilen bilelikde agyz boşlugynyň düýbüniň dokumalaryny kesip aýyrmak, sebitleýin gän (limfa) düwün ulgamynda toplumlaýyn kesip aýyrmak amalyny geçirmek.

## 15.04.5. Ýaňagyň nemli bardasynyň kanseri

**Ýaňagyň nemli bardasynyň kanseri** seýrek, esasan leýkoplakiýadan soňra, döreýär, geçişi boýunça käbir başga görnüşlere görä oňaýly bolup, aglaba ýagdaýlarda elli ýaşdaky erkek adamlarda duş gelýär.

Barlananda, köplenç, ýaňagyň nemli bardasynyň dişleriň galtaşma çyzygyna gabat gelýän ýerinde ýerleşip, siňňilli – baş ýa-da siňňil şekilinde bolýär. Wagtyň geçmegi bilen aşagynyň dokumalaryna we ýaňagyň derisine, ganat şekilli ýygyrda tarap ösýär .

***Bejergisi:*** toplumlaýyn görnüşde geçirilýär.

## 15.04.6. Äňleriň howply çişleri

**Ýokarky äňiň howply çişi** köp halatlarda ýokarky äň boşlugynyň ýa-da gözenek süňküniň öýjükleriniň nemli bardasyndan başlanýar. Şeýle hem çiş burun boşlugyndan, ýokarky äňiň öýjýkli ösüntgisinden ýa-da kentlewükden döräp biler. Ýokarky äňiň howply çişiniň başlangyç ýerleşen ýerine baglylykda kesel alamatlaryndaky we ösüşiniň häsiýetindäki düýpli tapawutlyklar Ongren tarapyndan teklip edilen kesel bölünişigine (kliniki klassifikasiýa) esas bolan. Ýokary äň gapdal tarapdan gözhananyň aşaky gyrasyndan aşaky äňiň burçyna çenli geçirlen şertleýin gytak çyzyk bilen ýokarky-yz we aşaky-öň bölekler, öňünden dik çyzyk bilen bolsa olaryň hersinde içki we daşky bölekler döreýär . Ýokarky – yz bölegiň howply çişleri köp halatlarda gelejeginiň oňaýsyz çaklamasy bilen tapawutlanýarlar (çişiň ganat şekilli kentlewük çukurjygyna, gözhana, gözenek şekilli süňke

we kelleçanagyň boşlugyna ösmegi), şu sebäpli-de Ongreniň çyzyklaryna howply häsiýetlilik çyzygy diýip at berýärler.

Ýokarky äňiň kanseriniň metastaz bermekligi esasan hem gän (limfa) damar ýollary boýunça amala aşyp, aşaky – öň böleklerinden äňasty gän (limfa) düwünlerine, ýokarky-yz böleklerinden bolsa, damak yzy we çuňňur gän (limfa) düwünlerine ýaýraýar .

Ýokarky äňiň howply çişleri daş töweregi ýapyk süňk boşlugynda döremeklik bilen, uzak wagtyň dowamynda alamatsyz geçýänligi bilen tapawutlanýar.

Aşaky–öň gapdal bölegiň çişlerinde, esasan, diş agyrylary ir ýüze çykýar. Çişiň ösmegi bilen öýjükli ösüntginiň göwrümi ulalýar, agyz bosagasynyň ýokarky geçiş ýygyrdy boýunça gataňşylyk, dişleriň keselli ýagdaýynyň (patologik) yrgyldysy döreýär we olar düşüp bilýärler. Sogrulan ýa-da düşen dişleriň öýjüklerinden emzijekler şekilli ýa-da büdür–südür üsti bolan çiş dokumasy ösüp çykýar.



*a* *b*

**92-nji surat.** Ýokarky äňiň çep tarap kanseri.
*a* – agyz boşlugyndaky görnüş; *b* – rentgen surat.

Kähalatlarda ol ýerde baş döreýär we çüýrüntgi bilen örtülen bolýär (*92-nji surat*).

Ýokarky–yz daşky bölekde ýerleşen çişler maňlaýa we çekgä ýaýraýan ýokarky äňiň agyrylary bilen geçýär. Çiş gözhana we gözenek süňke tarap ösýär, ýüzüň ýumşak dokumasynyň ýellenmesi, gataňşylygy bilen birlikde göz almanyň süýşmekligi hem-de onuň hereketleriniň çäklenmesi döreýär. Çişiň duluk süňk sebitine ösmekligi agzynyň açylyşynyň çäklenmesine getirýär.

Ýokarky äň boşlugynyň içki böleklerinden aşaky-öň we ýokarky-yz böleklerden ösen howply çişlerde çiş dokumasy ilki başdan burun

boşlugyna tarap ösýär. Bu ýagdaýda burundan dem almak kynlaşýar. Burun boşlugy çiş dokumalary, şeýle hem nemli bardanyň bile gelýän çişme hadysasy, burun polipleri bilen daralýar. Burun bitikligi ondan ýiti çüýrüntgi ysly iriňiň akmagy bilen geçýär. Seýrek bolmadyk halatlarda çişiň ilkinji alamaty bolup burun ganamasy ýüze çykýar. Has gijigip ýüz tutan ýagdaýlarynda ýokarky äňiň çişi ýüzüň ýumşak dokumalaryna we derisine ösýär, damagyň burun bölegine, kelleçanak boşlugyna ýaýraýar.

Ýokarky äňiň howply çişine müňkür bolnan näsagyň barlagy özünde daşky gözden geçirişi, el bilen barlagy, sebitleýin gän (limfa) düwünleriniň ýerleşýän ýerleriniň barlagyny, agyz boşlugyny gözden geçirmegi jemleýär. Iň bir irki alamatlaryň biri çiş sebitindäki dişleriň elektrogyjyndyryjylygynyň bozulmagy bolup biler. Çişiň başlangyç döwürlerinde burunýany boşluklaryň rentgen barlagynda ýokarky äň boşlugynyň bir sydyrgyn bolmadyk garalmasy ýüze çykarylýar. Ýaýraň çişiň alamatlary süňk diwarlaryň zaýalanmagy bilen boşlugyň güýçli garalmasy görnüşde ýüze çykýar. Biopsiýa we ýelmeşdirme – çyrşagyň sitologiýa (öýjük barlagy) barlaglary çişiň agyz ýa-da burun boşluklaryna ösen halatlarynda geçirlip bilner. Eger-de çişiň ösüp çykmaklygy gözden geçirmek bilen (agyz ýa-da burun boşluklarynyň) anyklanmaýan bolsa, onda öýjük (sitologiýa) barlagyny geçirmek bilen ýokarky äň boşlugynyň sanjymyny geçirmek gerek. Sanjym ýeri (aşaky burun geçelgesi, agyz boşlugynyň bosagasy, deri örtükleri) çişiň alamatlarynyň ýüze çykmalaryna baglylykda saýlanyp alynýar.



*a* *b*

**93-nji surat.** Aşaky äňiň çep tarap kanseri.
*a* – agyz boşlugyndaky görnüş; *b* – rentgen surat.

**Aşaky äňiň howply çişleri** ýokarky äňdäkä görä has seýrek duş gelýär. *Aşaky äňiň kanseri*, köplenç halatlarda agyz boşlugynyň ýumşak dokumalaryndan we synalaryndan ýaýrap ösüp, döreýşi boýunça ikilenç häsýetlidir (*93-nji surat*). Ilkinji döreýişli kanser aşaky äňiň içindäki düwünçek (embrional) galyndylardan döreýär we şu sebäpli hem ony merkezi diýip atlandyrýarlar. Merkezi kanserde äňýany dokumalar diňe aşaky äňiň çiş bilen dargan halynda çiş hadysasyna goşulýarlar.

Aşaky äňiň kanseriniň öňünden ýa-da onuň bilen bilelikde çişme hadysalar döräp biler. Şu sebäpli hem, seýrek bolmadyk halatlarda keseliň başlangyç döwürlerinde näsagyň arzlary we äň - ýüz sebitinde ýüze çykarylýan kesel alamatlary howply çişe müňkür bolmaga esas bermeýär. Munuň bilen baglanyşyklykda çişiň ösýänliginiň alamaty çişme hadysa garşy geçirilýän bejerginiň netijesizligidir. Şu sebäpli hem dokuma gurluşyny öwrenýän barlag usullaryny ulanmak bilen näsagyň çuňňur barlagyny geçirmek gerek. Gümürtik ýagdaýlarda fiziki bejergi çäreleri we ýakyjy serişdeleriň ulanylmagy garşy görkezilendir. Çiş äňiň içine tarap ösende, şeýle hem "merkezi" kanserde, birnäçe häsiýetli alamatlar ýüze çykýar. Duýgurlyk nerwiň basylmagy başda ýüzüň ýumşak dokumalarynyň we dişleriň ýüzleý duýgurlugynyň bozulmasyna (paresteziýasyna), seýrek bolsa duýgurlygyň peselmegine ýa-da ýitmegine getirýär. Käbir ýagdaýlarda sagdyn dişlerde pulpit ýa-da üçem siňriň (nerwiň) newralgiýasyny ýatladýan güýçli agyrylar döreýär. Aşaky äňiň bedeniniň we öýjükli ösüntgisiniň çuň içinde ýerleşen çiş süňk dokumasynyň eremegine we dişleriň yrgyldamagyna getirýär. Äňiň eňek böleginiň çişi gabyk gatlaga ösüp, ýüzüň bildirip duran gyşarmasyny döredýär. Çiş äňiň yzky böleginde ýerleşende äň bedeniniň öýjükli böleginiň köp ýerini, hat-da äň şahasyny hem zaýalaýar. Beýle ýagdaýda düýpli gyşarma döremeýär .

Keseliň has giçki döwürlerinde çiş aşak we içgin ösýär. Çiş hadysasyna içki ganat şekilli muskul, äňasty we gulakýany mäzler çekilýärler. Äňyzy sebitde uly gataňşylyk emele gelýär. Çişme hadysanyň goşulmagy netijesinde äňleriň berk gysylmasy döreýär. Agyz boşlugy tarapyndan çişiň başa öwrülmegi güýçlenýär .

Aşaky äňiň kanserinde, ýokarky äňiň kanserine görä, metastaz bermegi has ir döreýär. Metastaz, köplenç, äňasty gän (limfa) düwün-

lerinde ýüze çykarylýar. Keseliň ötüşen ýagdaýlarynda daşgyn synalarda (bagyr, öýkenler, oňurga) metastazlar döräp biler .

*Aşaky äňiň sarkomalary (osteogen sarkoma, hondrasarkoma, hondromiksosarkoma)* mezenhimadan emele gelen dokumalardan döreýär. Sarkomalaryň merkezi we süňkbarda (periostal) görnüşleri bar. Merkezi sarkomalar aýratyn çalt ösýärler. Beýle bolanda aşaky äňiň ölçegleriniň güberip ulalmagy we gyşarmasy has ir ýüze çykýar hem-de bu ýagdaý süňk dokumasynyň zaýalanyp pytramagy, dişleriň yrgyldamagy we süýşmekleri bilen bilelikde geçýär. Süňkbarda sarkomalary haýalrak ösýärler, olar ýumşak dokumalary süýşürmek bilen daşgyn ösýärler.

Aşaky äňiň howply çişleriniň anyklamasy keseliň taryhyna degişli maglumatlaryň we näsagyň arzlarynyň dykgat bilen öwrenilmegine, rentgenografiýany goşmak bilen näsagyň ýerli barlagynyň netijelerine esaslanýan kesel kesgitlemesini goýmaklyk üçin anyklaýyş sanjym barlagynda alnan maddanyň öýjük (sitologiýa) barlagynyň uly ähmiýeti bardyr. Käbir halatlar-da aýrylan dokumalaryň gurluşynyň barlagyny geçirmek bilen anyklaýyş maksatly amal (biopsiýa) geçirýärler. Aşaky äňiň howply çişlerini üznüzksiz osteomielitden, iriňläň diş sebäpli kistadan, käbir howpsyz çişlerden tapawutlandyrmak gerek.

***Bejergisi***. Äňiniň howply çişi bolan näsagyň bejergisiniň häsiýeti we yzygiderliligi her bir ýagdaýda özbaşdak çözülýär. Bejerginiň netijeli bolmaklygy köp babatda keseliň ir anyklanylmagyna we näsagyň ýörüteleşdirilen bejergi edarasyna – onkologiýa hassahanasyna ugradylmagyna baglydyr. Çişiň döwrüne baglylykda bejergi düýpli (radikal), düýpli däl (palliatiw) we keseliň alamatlaryna garşy (simptomatik) bolup biler.

Düýpli (radikal) bejergini, adatça, hirurgik amaly, şöhle bejergisi bilen utgaşdyryp geçirýärler. Ýokarky äňiň howply çişlerinde düýpli bejergi keselli äňiň tutuş ýarsyny ýa-da, seýrek halatlarda, äňiň bölegini kesip aýyrmak görnüşinde geçirilýär. Gözhananyň içine ösen halatynda göz almasyny aýyrmak bilen gözhanany boşatmagy (ekzenterasiýa) geçirýärler.



**94-nji surat.** Bogundan goparmaklyk bilen aşaky äňiň ýarysyny kesip aýyrmaklyk.

Aşaky äňiň howply çişinde süňküň zeperlenen böleginiň öňki çäginden 1,5 sm daşgyn edip sagdyn ýer boýunça kesip aýyrýarlar (rezeksiýa). Çiş hadysasy äň burçynyň sebitinde we şahasynda ýerleşende bogundan çykarmak bilen äň bölegini kesip aýyrýarlar (*94-nji surat*).

Ýokarky äňiň rezeksiýasynda ýumşak dokumalaryň kesimi Nelaton, Weber, Koher we başgalar boýunça, aşaky äňde bolsa burçdan aýlanýan äňasty (gerek bolan halatynda öň tarapda eňek we aşaky dodak boýunça dik geçirlen kesim bilen utgaşdyrylyp) kesimler bilen amala aşyrýarlar (95-nji surat). Häzirki wagtda äňlerde howply çişlerdäki amallar esasan umumy agyrysyzlandyrma ýagdaýynda geçirilip, köplenç, öňünçä daşky uky arteriýa daňylandan soň berjaý edilýär.

Amalyň ilkinji tapgyrynda (çiş ýeri kesilip aýrylýan wagty ýa-da ondan birnäçe gün soňra) çişiň ýaýramagynyň öňüni almak üçin äňasty sülekeý mäzleri, gän (limfa) düwünleri, öýjükli dokumalary kesip aýyrýarlar (Wanahyň amaly). Çiş boýna ýaýran halatynda boýnyň öň – gapdal tarapynyň muskullaryny, öýjükli dokumalaryny, gän düwünlerini kesip aýyrýarlar (Kraýlyň amaly). Äň kesilip aýrylandan soňra, adatça, şöhle bejergisi bellenilýär.

Äňleriň howply çişleriniň düýpli däl bejergisi (palliatiw) onuň ýaýraňlygy sebäpli doly kesip aýyrmak mümkin bolmadyk halatlarda, çişiň ösüşini haýallatmaga gönükdirilendir. Bu maksat üçin daşky uky arteriýany daňmaklyk we şöhle bejergisini geçirýärler.

Soňky ýyllarda özbaşdak bejergi usuly görnüşinde, şeýle hem hirurgik bejergi bilen utgaşdyrylyp ulanylýan himiobejergi giň gerim

aldy. Has oňat netijeler çişe garşy serişdeler sebitleýin damar boýunça sanjylanda ýüze çykarlan (metotreksat, platinol, sisplatin, bleomisin, reaferon, intro – A, doksorubisin, siklofosfan, winkristin we başgalar).



**95-nji surat.** Ýokarky äňi kesip aýyrmaklyk.

Kesel alamatlaryna garşy bejergi näsagyň ýaşaýyş ukyplylygyny saklamaga (gan guýmaklyk we başgalar), agyrylary aýyrmaga, çekýän ruhy ejirlerini ýeňilleşdirmäge, neşe pisint serişdeleri ulanmaklyga gönükdirilendir .

## 15.05. Äň-ýüz sebitiniň we çişi we zeperlenmesi bolan näsaglara seredilişi

Näsaglara, aýratyn-da äň-ýüz sebitiniň zeperlenmeleri bolan ýaralananlara dogry we yzygiderli seredilmegi köp babatda keseliň we bejerginiň netijelerini kesgitleýär (*96-njy surat*). Bu ýagdaý äňleriň zeperlenmeleri, agyz boşlugyna geçýän ýaralanmalarda agyz boşlugynyň öz-özüniň kadaly arassalanmasynyň düýpli bozulýanlygy bilen düşündirilýär. Şeýle ýagdaýda iýmit galyndylary, gan lagtalary, çüýrän dokumalar agyz boşlugynda köp bolan ýokançlar tarapyndan dargadylyp başlanýar. Çüýreme hadysa ýaranyň geçişini agyrlaşdyrýar we çylşyrymlaşdyrýar. Äň-ýüz sebitiniň zeperlenmesi bolan näsaglarda ikilenç gan akmalaryň, demine madda gidip döreýän (aspirasion) öýken sowuklamalaryň (pnewmoniýalaryň), şikes ostiomiýelidiniň, ýüz wenalarynyň flebitiniň we trombozynyň sebäpleriniň biri-de agyz boşlugyna erbet seredilmegidir. Şonuň üçin hem beýle näsaglaryň bejergisiniň tutuş dowamynda agyz boşlugyna ýörüte seredilmegi gerekdir.

Iýmit galyndylaryny, gan lagtalary aýyrmak üçin agyz boşlugyna köp gezek furasiliniň (1:5000) ýa-da 0,1% kaliý permanganatynyň (solak gyrmyzy reňkli) erginleri bilen ýuwmaklyk gerek.

Ýuwmaklyk üçin, adatça, Esmarhyň bulgyryny ýa-da rezin pökgülerini ulanýarlar. Agyz boşlugynyň köp gezek we oňat ýuwulmaklygy köp sanly ýokançlaryň ýuwulyp ýok bolmagyna getirýär, bu bolsa emele gelip barýan çişme hadysanyň çäklendirilmegine we ýaranyň geçişiniň gaýra üzülmeleriniň mümkinçiligini peseldýär.




**96-njy surat.** Näsagyň agyz boşlugynyň arassaçylygy we iýmitlenişi. *a* – agyr näsagyň agyz boşlugynyň arassaçylygyny geçirmeklik; *b* – näsagyň agyz boşlugyny özbaşdak arassalaýşy; *ç* – näsagyň ýörüte gap bilen özbaşdak iýmitlenişi.

Näsagyň agyr ýagdaýynda agyz boşlugyny ýuwmaklygy şepagat uýasy amala aşyrýar. Näsaglar sagdynlaşdyklaryça agyz boşlugyny özbaşdak ýuwup başlaýarlar. Bu çäräni mümkin boldygyça nahardan öň we hökmany nahardan soň, şeýle hem ýatmazyndan öň geçirmelidir. Haçan-da ýuwmaklyk bilen dişara yşlardan we seýikleriň aşagyndan iýmit galyndylaryny aýryp bolmasa, jübtek we diş arassalaýjylar ýaly agaç çöpleri ulanylýar, soňra bolsa zyýansyzlandyryjy ergin bilen agyz boşlugyny hem-de agyz içini ýuwýarlar.

Görkezmeler bolan halatynda agyz boşlygynyň nemli bardasyny we dili ýuwmaklykdan başga-da wodorodyň öteturşysynyň ergininde ezilen hasa tokgasy bilen süpürýärler. Äň-ýüz sebitiniň ýaralanmalarynda öýkende döreýän gaýra üzülmeleriň öňüni almakda näsaglaryň hal ýagdaýynyň wajyp ähmiýeti bardyr. Aşaky äňiň şikeslerinde ýuwdunmaklyk güýçli bozulýar. Şu sebäpli hem demine maddalaryň düşmekliginiň öňüni almaklyk üçin näsagy arkan ýaplanyp oturan ýagdaýa getirýärler. Agyz boşlugyna geçýän aşaky äňine ýaralananlarda agyz suwlanmaklygy has güýçlenýär we käwagt gije gündiziň dowamynda 1500-2000 ml çenli ýetýär. Arassaçylyk nukdaý nazaryndan munuň ýaly näsaglarda eňegiň aşagyna salofan ýa-da rezin haltajyga sülekeý ýygnaýjyny berkitýärler (kelläniň üsti boýunça geçirlen bagjyklar arkaly). Ýaranyň gyralarynyň derisiniň ezilip zeperlenmezligi üçin oňa Lassar hamyryny (pastasyny) çalýarlar.

Ýokarda bellenilşi, ýaly agyz boşlygynyň özboluşly ýagdaýy, onuň arassaçylygy pes bolanda ýokançlaryň ýeterlik köp mukdary we gan suwuklygynyň bolmagy iriňli çişme hadysanyň we örän ýakymsyz ysyň döremegine getirýär. Şeýle näsaglarda agyz boşlugynyň yzygiderli geçirilýän arassaçylygy iriňli çişme hadysanyň ýüze çykmaklyk mümkinçiligi örän azaldýar, ýaranyň tiz bitmekligine ýardam edýär we gaýra üzülmeleriň öňüni alýar.

Äň-ýüz sebitiniň zeperlenmesi bolan näsaglaryň umumy seredililiş esaslary hemme beýleki näsaglara serediliş esaslaryndan tapawutlanmaýar.

Öý şertlerinde äň ýüz sebitiniň çişi bolan (onkologik) näsaglara seretmekligi guramaklyk düýpli kynçylyklary döredýär.

Ilkinji nobatda äň-ýüz sebitiň dargaýan howply çişleri ýüzleý ýerleşýändikleri we daş-töwerekdäkilerden ýaşyrylyp bilinmeýänligi, ýa-

kymsyz porsy ys döredýändikleri, bularyň hemmesiniň bolsa ýakymsyz duýgylary, esasan hem çagalarda, döredýändiklerini bellemek gerek. Şu sebäpli hem mümkin bolsa jaýdan çagalary çykarmaly, jaýa hemişe arassa howa çaldyryp durmak we näsagyň agyz boşlugyny hem-de çiş başyny ýygy-ýygydan ýuwup durmak gerekdir. Agyz boşlugyny we çiş başyny ýuwmaklyk üçin islendik zyýansyzlandyryjy (antiseptiki) ergini ulanyp bolar, iň gowy ys aýryjy serişde marganesturşy kaliniň 1:5000 gatnaşygyndaky erginidir. Bu ergin güýçli turşadyjy ukyply bolup, ölen dokumalary turşadýar we ýakymsyz ysy azaldýar.

Keseliň ahyrky döwründe köplenç näsaglar agyz boşlugyny özbaşdak çaýkap bilmeýärler, şu sebäpli hem agyz boşlugyny ýuwmaklyk üçin çäreler görülmelidir. Bu maksat üçin öý şertlerinde uly armyt şekilli rezin ballon ulanmak amatlydyr we ony ulanmagy heniz hassahana şertlerinde näsaga hem öwredýärler.

Diliň kanserinde we äňleriň käbir ýerlerinde ýerleşen kanserinde, haçan-da agyz boşlugynda ýerleşen çiş başy ganap başlanynda, başyň üstüne onkologik hassahanalarda giňden ulanylýan ýörüte gan saklaýjy melhemi ýuka çalyp hasa ýaglyjagyny goýmaklyk maslahat berilýär. Melhem aşakdaky ýazgyda ulanylýar:

Rp.: Gelantini 12,5
Calcii chlorat:
Zincii oxydati: a a 2,5
Sulfademisini 5,0
Gliserini
Ag. Distillatae a a 25,0
Miss. fiat. ung. (gan saklaýjy garyndy)

Bu goýy maddany ulanmazdan öňünçä ýarym suwuk ýagdaýa getirmek üçin onuň çüýşesini gyzgyn suwly gaba salmaly we soňra hasa ýaglyjagyna çalyp ulanmaly. Ýüzde ýerleşen çiş başlaryna seredilende sargy goýmaklyk we ony çalşyryp durmaklyk hökmanydyr. Munuň ýaly çiş başlarynda ulanylýan dermanlar toplumy ýokarda agzalan ýazgy görnüşinde bolup biler ýa-da düzüminde zyýansyzlandyryjy (antiseptik) we ýokanja garşy (antibakterial) serişdeler bolmalydyr. Beýle başlaryň bitmekligi mümkin däldir we bar alada onuň iriňlemeginiň öňüni almaklyga, dargan dokumalary aýyrmaklyga, gan akmany saklamaklyga, ýakymsyz ysy azaltmaklyga gönükdirlen

bolmalydyr. Emma şol bir melhemi hemişe ulanmagy maslahat bermeýärler. Gan saklaýjy garyndydan başga-da sintomisiniň 10% melhemi, streptosidiň 10% melhemi, wazelin bilen bilelikde kseroformly hasa ulanylyp bilner.

Agyry keseliň soňky döwürlerinde näsagyň ejir çekmeginiň esasy sebäbidir. Köplenç, onkologlar daşky uky arteriýany daňýarlar we kesýärler, bu bolsa näsaglaryň ejirlerini gowy azaldyp bilýär. Keseliň şu soňky döwründe näsagyň ejirlerini ýeňletmegiň ýeke-täk usuly agyry aýryjylary (analgin, tramadol, tamadol we başgalar), käbir ýagdaýlarda bolsa neşe pisint serişdeleri ulanmakdyr, ony bolsa maşgala lukmanynyň görkezmesi boýunça şepagat uýalary sançýarlar.

Äň-ýüz sebitdäki howply (käbir ýagdaýlarda howpsyz) çişler ýokarky dem alyş ýollaryň golaýynda ýerleşip ulalmaklygy netijesinde olary gysyp zaýalap bilýärler we munuň netijesinde demikme bolup biler. Şu sebäpli hem diliň düýbiniň, damagyň gapdal ýerleriniň we käbir beýleki ýerlerdäki howply çişlerde çykgynsyz ýagdaý döreýänçä garaşyp durman öňünden, has gowysy öňünden tertip ýagdaýda we hünärmen tarapyndan emeli kekirdek deşigini (traheostoma) goýmaklykdyr.

Emeli kekirdek deşigi (traheostoma) goýlandan soňra ýörüte gözegçilik gerekdir. Bu amaldan soňra ilkinji sagatlar we günler gepläp bilmezlik duýgysy, dem alanyndaky adaty däl duýgylar, kekirdege salnan lüläniň gyjyndyrmasy näsagy örän bimaza edýär. Daş töwerekdäkilere näsagyň heläk boljaklygy belli bolsa-da, oňa bu ýagdaýyň wagtlaýyndygyny we lüläniň tiz wagtda aýryljakdygyny ynandyrmak gerekdir.

Näsagda ruhybelent duýgysyny we sagalmaklyga bolan umydy saklamaklygyň, otagdan ýüz görülýän aýnalary aýyrmaklygyň, onuň ýagdaýynyň agyrlygy ýa-da umytsyzlygy baradaky gürrüňlere ýol berilmezligiň wajyplygyny aýratyn belläp geçmek gerek.

## 15.06. Stomatologik näsaglaryň naharlanyşy

Dürli keseller, has beteri-de äň-ýüz sebitiň ýaralanmalary, az ýa-da köp derejede naharlanmagyň bozulmagyna getirýär. Äň-ýüz sebitiň çişme keselleri, ýaralanmalary, käwagt bolsa çiş sebäpli geçirlen

amallar netijesinde näsaglar adaty iýmiti kabul edip bilmeýärler. Äňýüz sebitiň uly ýaralanmalarynda, çişlerinde, köplenç, agyz boýunça naharlanmak mümkin bolmaýar. Şu sebäpli hem munuň ýaly näsaglary naharlamagy gurnamaklyk wajyp ähmiýete eýe bolýar.

Çeýnemeklik bozulanlygy sebäpli iýmit diňe suwuk görnüşde taýýarlanmalydyr. Et, dürli ýarmalar ýaly iýmitler üwelmelidir ýada owradylmalydyr we degişli gatnaşyklarda dury çorba suwy bilen garylmalydyr. Çörek kakadylyp guradylan görnüşde ulanylýar we ol diňe üwelenden ýa-da sokyda döwülenden soňra süýde ýa-da çorba suwyna garylýar.

Iýmit ýokary derejede ýokumly (witaminli) bolmalydyr. Şu sebäpli-de iýmit düzümine hökman ýag, ýumurtga, duz, kokao, gök önüm we miwe şireleri we başgalar girmelidir. Iýmitiň goýulyk derejesi gaýmagyň suwuklygy ýaly bolmalydyr. Has goýy iýmit näsaglaryň naharlanmagyna kynçylyk döredip biler. Dokluk duýgysyny diňe bir iýmitiň ýokumlylygy bilen däl-de, onuň mukdary bilen hem kesgitlenýändigini ýatda saklamaly. Mundan başga-da aşgazana ýeterlik mukdarda iýmit barmagy aşgazan şiresiniň we onuň işjeňliginiň kadaly bolmagyna ýardam edýär.

Naharlamagy jüründegine 20-30 sm lüle dakylan ýörüte nahar gabyň kömegi bilen amala aşyrýarlar. Agyz boşlugy zyýansyzlandyryjy ergin bilen ýuwylandan soňra, kesellän ýa-da ýaralanan näsagy naharlamaga girişýärler. Rezin lüläni agyz boşlugyna, düýbine çenli salýarlar. Ýörüte nahar gabyny egýärler we iýmit agyz boşlugyna akyp başlaýar. Emma näsag düwünmezligi üçin onuň bir gezek ýuwdar ýaly mukdaryny rezin lüläni barmaklar bilen gysyp kadalaşdyrmaly. Şunuň ýaly edip iýmitiň mukdaryny we ony agyza akdyrmagyň ýygylygyny sazlaşykly amala aşyryp stomatologik näsaglary naharlaýarlar. Näsaglara, şeýle hem naharlaýan adama bagly bolan kynçylyklar diňe ilkibaşda döreýär. Emma tiz wagtdan näsaglar naharlaýan adamyň kömeginden ýüz öwürýärler we olarda doly derejede iýmitlenmek boýunça endikler we degerli başarnyk döreýär.

Agyz açylmaýan ýagdaýynda (aşaky äňiniň gysylmasy bolanda, döwügi sebäpli ilgençekli sim seýikler bilen äňara berkitme bolanda) - lüle diş hataryndaky ýok dişiň ýerinden ýa-da iň yzky dişiň aňyrsyndan salynýar.

Agyz boşlugynyň düýbüniň, ýokarky äňiň zeperlenmelerinde agyz boşlugy boýunça naharlap bolmaýan ýaralananlaryň iýmitlenmegini gurnamakda has köp kynçylyklar döreýär. Munuň ýaly ýagdaýlarda naharlamaklyk aşaky burun geçelgesi boýunça gyzylödegiň ýokarky bölegine salnan inçe lüläniň kömegi bilen amala aşyrylýar. Örän seýrek halatlarda iýmit suwuklygyny göni içege boýunça goýberýärler.

Iýmitlendirmegiň dogry gurnalmagy näsagyň bedenine ýeterlik mukdarda iýmit maddalarynyň barmagyny üpjün edýär we olarda horlanma alamatlarynyň döremeginiň öňüni alýar. Agyz boşlugyna tarap geçýän ýaralanmasy bolan näsaglaryň güýçli sülekeý bölüp çykaryjylygyň hasabyna köp mukdarda suwuklyk ýitirýändiklerini ýatda saklamaly. Şu sebäpli hem bedeniň suwunyň azalmagynyň öňüni almak üçin ilkibaşdan rezin lüläni ýörüte nahar gabyndan näsaga suw içirmek gerek.

Äň-ýüz sebitiniň çişi bolan (onkologik) näsaglaryň naharlanmalaryny gurnamaklykda uly kynçylyklar döreýär. Ilkinji nobatda iýmit has ýokumly bolmalydyr, ajygandygyny duýýan näsagyň işdämenligini döretmelidir. Onuň düzümi köp dürli bolmalydyr we näsagyň has köp isleýän iýmitleriniň hemmesini özünde jemlemelidir. Etli naharlary iýmekligi ündemeli däldir, sebäbi bu näsaglarda köplenç ete bolan sulhy almazlyk döreýär.

Eger-de nahar görnüşini saýlap almak kän bir kynçylyk döretmeýän bolsa, onda näsagy naharlamaklygy nähili amala aşyrmaklyk meselesi has çylşyrymlydyr. Köp onkologik näsaglar ömür boýy çemçeden ýa-da lüle dakylan ýörüte nahar gabyndan naharlanmaga ukyplydyrlar. Emma seýrek bolmadyk halatlarda uzak wagtyň dowamynda näsaglaryň aşaky burun geçelgesinden lüle salmaly bolýar we näsaglary diňe şol arkaly naharlamaly bolýar. Adaty duodenal (onki barmak içege) lülesini 12-14 güniň dowamynda aýyrman saklap bolýar, emma her gezek naharlanmadan soňra 200 ml gaýnan suwy goýberip, näsagy suwdan gandaryp, ony ýuwmaly. 12-14 günden soňra lüle çalşylmalydyr, sebäbi hem aşgazanda duran onuň uç bölegi aşgazan şiresine sezewar bolýar we ýuwaş-ýuwaşdan zaýalanýar. Diliň düýbüniň, damagyň gapdal taraplarynyň kanserinde wagtyň geçmegi bilen gyzylödegiň üsti boýunça aşgazana ikilenç lüle salynmagynyň

örän kynlaşmagyna ýa-da ony amala aşyryp bolmazlygyna getirip biler. Bu ýagdaýy öňünden çaklap bolýar, döräp biljek kynçylyklaryň öňüni alyp bolýar. Beýle ýagdaýda gastrostoma (garnyň öň tarap diwaryndan aşgazana deşik döredilmegi) hökmandyr. Soňky döwürde hirurg tarapyndan aşgazana salnan rezin lülä berkidilen aýna guýguç arkaly naharlanmaklygy ýola goýýarlar.

Stomatologik näsaglaryň dogry gurnalan naharlanmasy olaryň gysga wagtda sagalmaklygynyň wajyp şertleriniň biridir.

# 16-NJY BAP

## ÄŇ-ÝÜZ SEBITIŇ KEMTIKLERI WE GYŞARMALARY (Defektleri we deformasiýalary)

### 16.01. Ýüzüň we äňleriň zeperlenmelerindäki we kemtiklerindäki (defektlerindäki) dikeldiş hirurgiýasynyň esaslary

Ýüzüň işjeňliginiň bozulmagy, aýratyn hem onuň kemtikleri (defektleri) adamzady gadym zamanlardan bäri gyzyklandyrypdyr. Şu sebäpli hem, ýüzüň dikeldiş hirurgiýasynyň başlangyçlary asyrlaryň jümmüşine gidýär. Ebers papirusynda Gagymy Müsürde (b.e. takmynan 3000 ýyl öň) burun plastikasynyň ulanylandygy baradaky maglumatlar bar.

Ýüzüň ýumşak dokumalarynyň we äňleriň kemtikleri (defektleri) doga we soňra döräp bolup bilerler. Kemtikleriň sebäbi şikesleriň we ýaralanmalaryň, geçirlen amalyň, ýanygyň ýa-da haýsy-da bolsa bir kesel hadysanyň (çişler, pesehorda, osteomiýelit we başg.) netijesi bolup biler.

Dikeldiş hirurgiýasynyň maksady - zeperlenen ýa-da ýitirlen synanyň anatomiki gurluşyny we fiziologik işjeňligini dikeltmekdir. Häzirki zamanada ýüzüň we äňleriň dikeldiş hirurgiýasyndaky dürli usullar lukmançylyga giňden ornaşdyrylan. Äň-ýüz sebitiň synalaryny (dokumalaryny) dikeltmek üçin: a) ýerli dokumalar bilen plastika, b) aýaklyja kesim bölegi bilen plastika, ç) filatowyň baldak şekilli

kesim bölegi bilen plastika we d) dokumalary erkin geçirip amala aşyrylýan plastika görnüşlerini, şeýle hem biologik däl maddalary (implantlary ýa-da implantatlary) ulanyp geçirilýän plastikany – implantasiýany ulanýarlar.

Geçirilýän dokumanyň gelip çykyşy boýunça plastikanyň aşakdaky birnäçe usullary bar:

1. Autoplastika – näsagyň öz bedeniniň dokumalaryny ulanmak;

2. Alloplastika – başga adamyň dokumalaryny ulanmak;

3. Singen ýa-da izogen material bilen plastika – näsagyň ekiz taýynyň bedeniniň dokumalaryny ulanmak;

4. Ksenoplastika – haýwan dokumalaryny ulanmak;

5. Implant bilen plastika ýa-da implantasiýa – bologiki däl maddalaryň (implantlaryň ýa-da implantatlaryň, metal, sintetiki kauçuk we başg. bolan) ulanylmagy.

Häzirki zaman plastiki amallarynda köplenç ýerli dokumalar bilen plastikany we aýaklyga kesim bölegi bilen plastika usulyny köp ulanýarlar (dokumalary kemtigiň, gyşarmanyň gyrasyndan, golaýyndan dokumany süýşürmek ýa-da almak). Uly kemtiklerde, şeýle hem kemtikleriň käbir görnüşlerinde filatowyň baldak şekilli kesim bölegini ýa-da dokumalary erkin geçirmekligi (deri, kekirdewük, süňk we başg.) ulanýarlar. Soňky 20-30 ýylyň içinde äň-ýüz sebitiň uly we çylşyrymly kemtiklerinde mikrodamar aýajykly dokumalar toplumyny geçirmek usuly giň gerim aldy (bedeniň käbir ýerlerinde deri aşagynyň dürli galyňlykdaky dokumalary – ýag gatlak, muskullar, we hat-da süňk dokumalaryny, şol sebitiň arteriýasy we wenasy bilen bilelikde kesip alyp ýüzüň degişli damarlaryna hem-de dokumalaryna tikmeklik).



**97-nji surat.** Agzyň burçunyň gyşarmasyny Limberg boýunça simmetrik däl üçburç kesim bölekleriň ýerlerini çalşyryp düzetmeklik.

Ýerli dokumalar bilen plastikanyň iň ýönekeý usuly boşadylan ýara gyralaryny golaýlatmakdyr. Munuň ýaly amaly, adatça, uly bolmadyk kemtiklerde ulanýarlar (bertik, meň, kiçijik howpsyz çiş we başg. kesilip aýrylandan soň).

Uly bolmadyk deri kemtiklerinde onuň gyrasynda giň edilip döredilen kesim bölegini süýşürýärler, ýa-da Limberg boýunça üçburç kesim bölekleriň ýerini çalşyryp düzedýärler (*97-nji surat*).

Ýüzüň uly bolan bertikli kemtiklerinde we gyşarmalarynda ýerli dokumalary ulanyp plastika geçirmek mümkin bolmaýar we şol sebäpli hem köp tapgyrly geçirilýän filatowyň baldagy bilen plastika usuly ulanylýar. Bu usuly ulanmak aşaky gabagyň kemtiginiň plastikasynda togalak baldagyň kömegi bilen 1916-njy ýylda plastika geçiren akademik W.P. Filatowa degişlidir.

Filatowyň baldak şekilli kesim bölegini diňe bir ýüzüň has uly kemtiklerini düzetmek üçin däl-de, eýsem-de bedeniň islendik başga ýerinde hem ulanmak bolýar. Adatça, filatowyň baldagyny aşagynyň ýag gatlagy bilen deri zolagyny alyp bolýan bedeniň islendik ýerinde döretmek bolar (*98-nji surat*).



*a* *b*



*ç* *d*

**98-nji surat.** Burnuň uç böleginiň kemtiginiň golda döredilen tizleşdirlen baldak şekilli kesim bölegi bilen plastikasy. *a* – näsagyň amaldan öň görnüşi; *b* – amalyň I tapgyryndan soň görnüşi; *ç, d* – amaldan soň öňünden we gapdaldan görnüşleri.

Baldak şekilli kesim bölegiň ölçegleri kemtigiň ululygyna baglylykda meýilleşdirilýär. Agyz boşlugynyň içine geçýän äň-ýüz sebitiň kemtiklerinde baldak şekilli kesim bölegiň derisiniň meýdany kemtigiň meýdanyndan has uly bolmalydyr. Bu diňe bir kemtigiň daşky deri örtügini dikeltmek üçin hem gerek bolman, onuň içki örtügini – nemli barda örtügini dikeltmek üçin gerekdir. Filatowyň baldak şekilli kesim bölegini onuň uzynlygynyň inine 3:1 gatnaşygyndan uly bolmadyk ölçegde döredýärler. Bu gatnaşygyň baldagyň uzynlygynyň hasabyna artdyrylyp üýtgedilmegi gan üpjünçiliginiň ýetmezçiligi netijesinde kesim böleginiň çüýremegine getirip biler.

Baldak şekilli kesim bölegini düzetmeklik aşakdaky amaldan durýar: deriniň we derasty ýagly gatlagyň iki sany ugurdaş kesimi bilen ýag gatlagy bolan deri zolagyny goparyp ýag gatlakly deri zolagyny döretmek, aşaky ýaranyň gyralaryny ýeterlik giňlikde goparmak, gan akmany saklamak, ýag gatlakly deri zolagyny düýrüp berk tikmek we baldak (tutawaç) şekilinde kesim bölegini döretmek, aşaky ýaranyň iki gyrasyny çekdirip biri – birine tikmek.

Baldak şekilli kesim bölegini bir aýajygyny 25-30 günden soňra geçirýärler. Onuň oňat bitmegi üçin baldak şekilli kesim bölegi (10-14 günden

soňra) türgenleşdirip başlaýarlar (wagtlaýyň – 2 min-den başlap rezin düwün ýa-da içege gysgyjyny goýmak, her gün 2-3 gezek, 5-10 min artdyryp).

Baldak şekilli kesim bölegini geçirmegiň birnäçe usuly bar. Eger-de baldak şekilli kesim bölegi kemtigiň ýanynda ýerleşen bolsa onda bejerginiň esasy tapgyry bolan – kemtigi doldurmaklyk bilen bir wagtda onuň aýajygyny göniden-göni kemtige geçirýärler (boýunda, döşde, eginde döredilende). Baldak şekilli kesim bölek kemtikden daşda ýerleşende, onyň bir aýajygyny eliň arka tarapyna (I, II bogunlaryň arasynda) ýa-da bilege tikip bitirip geçirýäler we kemtige golaýladýarlar. Beýle ýagdaýlarda ýörüte ýumşak mata ýa-da gips sargy bilen eli kellä berkidýärler.

Kemtige doly geçirilen baldak şekilli kesim bölegi bilen soňra doldyryş plastiki amal tapgyryny geçirýärler. Dikeldilen kemtik ýerde soňraky döwürde timarlanyş amallary geçirýärler.

Äň-ýüz sebitiň ýumşak dokumalarynyň dikeldiş hirurgiýasyna A.A. Limberg uly goşant goşan. Ol tarapyndan ýerli dokumalar bilen plastika usuly örän jikme-jik işlenilen, onuň ýerleri çalşyrylýan üçburç kesim bölekleri bilen plastikasy bütün dünýäde ykrar edilen. Aşaky äňiň kemtiklerini doldurmak üçin taýynlanan jeset ketirdewügini ulanmagy ilkinji teklip eden N.M. Mihelson hem dikeldiş hirurgiýa uly goşant goşan.

Ýüzüň dikeldiş hirurgiýasynda burnuň doly kemtiginde onuň plastikasy örän çylşyrymly mesele bolup durýar. F.M. Hitrow tarapyndan burnuň doly kemtiginde filatowyň baldak şekilli kesim bölegi bilen plastika usuly hem bütün dünýäde ykrar edilen.

Äň-ýüz sebitiniň dikeldiş hirurgiýasynda aşaky äňiň süňk kemtiklerini düzetmek meselesi uly orun tutýar. Aşaky äňiň kemtikleri ýaralanmanyň, amal bejerginiň, şeýle hem osteomiýelitde uly çüýrän süňk böleginiň (sekwestrleriň) emele gelmegi netijesinde döreýär.

Aşaky äňiň kemtiklerini düzetmek üçin uzak ýyllaryň dowamynda auto-, allo-, ksenoplastika ulanylan. Biologik sygyşyksyzlyk böwedini ýeňip geçmek üçin häzirki wagtda taýýarlanan (formalinde we howasyz şertlerinde guradylan – liofilizirlenen) jeset süňküni we ketirdewügini giňden ulanýarlar.

Bu usullar bilen taýýarlanan jeset süňkleri ulanylanda aşaky äňiň gerek ýerini almak bolýar (äňiň bogun ösüntgisi bilen şahasyny, eňek bölegini) we bu bejerginiň netijeliligini has artdyrýar. Aşaky äňiň howpsyz çişleri boýunça geçirilýän kesip aýyrmaklyk amaly bilen bir wagtda geçirlen süňk plastikasy has öňat netijeleri berýär. Taýýarla-

nan jeset süňki bolmadyk ýagdaýynda aşaky äňiň plastikasy üçin VI – VII gapyrga ýa-da ýanbaş süňkünüň kekeçjigi bilen autoplastikany ulanýarlar (99-njy surat). Emma häzirki zaman




**99-njy surat.** Aşaky äňiň kemtigini gapyrgadan ýa-da ýanbaş süňküniň ganatyndan alnan süňk bölegi bilen düzetmeklik amalynyň taslamasy.
*A* - kemtigiň görnüşi; 1 – ýüzde geçirilen deri kesimi; 2 – äň kemtigi;
B – gapyrga böleginiň alnyşy: 1 – süňk bardasyny kesmeklik; 2 – gapyrganyň daşky gabyk gatlagyny çapyp almak ýa-da 3 – tutuş kesilip alnan gapyrga böleginiň daşky gabyk gatlagy kesilýär; Ç – ýanbaş süňk böleginiň alnyşy: 1 – geçirilýän deri kesimi; 2 – ýokarky gyrasynyň kesilip alnyşy;
D – süňk böleginiň äňe birleşdirilişi: 1 – süňk bardaasty ýer döredip süňk bölegini goýmaklyk; 2 – amaldan soňky ýagdaý.

lukmançylygynyň mümkinçiliklerini göz öňünde tutup, näsaga goşmaça şikes ýetirmeklik maksadalaýyk däldir. Şu sebäpli hem süňk transplantatlary almak we taýýarlamak üçin ýörüte banklar döredilse gowydyr. Süňk transplantatlary berkitmek üçin osteosintez simlerini, titan kiçi-plastinalary ulanýarlar. Ketirdewük plastiki material hökmünde äňleriň bitewiligini dikeltmek, ýüzüň süňk esasynyň suduryny (şekilini), burnuň şekilini düzetmek üçin ulanylýar.

Soňky ýyllarda implantasiýa gurnamalary (esasan titanyň esasyndaky ergin, poslamaýan polat we başga materiallardan, uglerod esasly maddadan durýan, emeli kauçuk bolan silikon we başg.) äň-ýüz sebitiň dikeldiş amallarynda – aşaky äňiň plastikasynda, şeýle hem bogun ösüntginiň plastikasynda, ýüzüň sudur plastikasynda, burnuň eýer şekilli gyşarmasynyň bejergisinde ulanylýar. Bogun ösüntginiň implantat bilen plastikasy çekge-aşaky äň bognuň ankilozynyň hirurgik bejergisinde üstünlik bilen ulanylýar.

Äň-ýüz sebitiň dikeldiş amalynyň öňünden agyz boşlugynyň düýpli sagdynlaşdyrylmasyny geçirýärler. Hemme zaýalanan dişler bejerilen ýa-da sogurlan bolmalydyr. Diş sebäpli dörän ýokançly ojagy galdyrmaklyk dikeldiş bejergisiniň ol ýa-da beýleki tapgyrynda iriňli-çişme hadysanyň döremegine sebäp bolup biler. Dikeldiş amallar, köplenç, köp tapgyrly bolýarlar. Geçirilýän her bir indiki tapgyr ozalky tapgyrdaky amalyň dowamy bolup gitmelidir.

Äň-ýüz sebitiň şekilini we işjeňligini dikeltmek örän kyn meseledir. Hat-da amal meýilleşdirilendäki ýa-da onuň ýerine ýetirilendäki hirurg tarapyndan goýberilen düýpli bolmadyk ýalňyşlyklar hem şowsyzlyga getirip biler. Şu sebäpli hem äň-ýüz sebitiň dikeldiş amallaryna diňe hirurgik stomatologiýa boýunça ýörite taýýarlyk geçen hirurglar goýberilip bilner.

## 16.02. Ýüzüň we äňleriň doga kemislikleri

Häzirki wagtda 3000-den gowrak doga alamatlar toplumy (sindromlar) ýüze çykarylyp beýan edilen, olaryň 180-e golaýy ýüzüň, äňleriň we dişleriň ösüş nädogrylyklary (kemislikleri) bilen baglanyşyklydyr. Soňky maglumatlara görä olaryň 70 % nesli kesellere ýa-da

nesli döremek ýakynlylygyna we 30 %-e golaýy düwünçegiň ösüşiniň bozulmalaryna (teratogen) degişli edilýär.

### 16.02.1. Ýüzüň we kentlewügiň doga ýaryklary

Dodagyň we kentlewügiň doga ýaryklary adam bedeniniň kemisliginiň arasynda iň bir köp ýaýran gönüşi bolyp, olaryň 20-25% çenlisini tutýar (*100-nji, 101-nji suratlar*).



**100-nji surat.** Ýokarky dodagyň doga ýarygy.



**101-nji surat.** Ýumşak kentlewügiň doga ýarygy.

Kemislilige getirýän sebäpler asyrlaryň dowamynda öwrenilipdir, emma ýüzüň we kenlewügiň ýaryklarynyň bu meselesi häli-häzire çenli hem doly derejede öwrenilmedik.

Dodagyň we kentlewügiň ýarygynyň emele gelmegine nesli sebäpler baradaky taglymat giň gerim alan. Emma käbir barlagçylaryň işlerinde nesli sebäpler näsaglaryň diňe 10 %-de ýüze çykarylan, beýlekileriň işlerinde bolsa – 2,5-4,5 %-e çenli ýüze çykarylan we bu ýagdaý diňe nesliligiň sebäp bolup bilýändigine ynandyryjy däldir.

Köp wagt bäri ýüzüň we kentlewügiň ýaryklarynyň döremeginde daşky sebäplere uly orun berlen. Mysal üçin W.I. Gedroýs (1929) rus –ýapon urşy, birinji jahan urşy ýyllary doglan çagalaryň arasynda parahat zamanada doglanlara garanyňda doga kemislikler has köp duş gelýär diýip aýdypdyr. Doga kemsliligiň sebäbi göwreli enäniň keselleri (ýokanç keseller, ýatgynyň keselleri, emeli we wagtyndan ir ça-

ganyň düşmegi), mehaniki we ruhy şikesler, iýmit ýetmezçiligi bolup bilerler. Erdeli (1957), Bilrof (1957) dodagyň we kentlewügiň doga ýarygynyň emele gelmegini göwreli enäniň gany bilen göwredäki çaganyň ganyna geçmegi netijesinde dörän toksoplazmoz, arakhorlyk we başgalar bilen baglanyşdyrýarlar.

Ýüzüň, kentlewügiň doga ýaryklary we kemislikleri örän köpdürlidir (102-nji, 103-nji, 104-nji suratlar). Ýokarky dodakda, öýjükli (alweolýar) ösüntgide, ýumşak kentlewükde ýaryklar özbaşdak duş gelýärler. Gaty kentlewügiň we öýjükli ösüntginiň, dodagyň we kentlwügiň, gaty we ýumşak kentlewügiň ýaryklary utgaşykly döräp bilýärler.

Häzirki wagtda A.A. Limberg, A.E. Rauer we N.I. Mihelson tarapyndan ýüzüň we ketlewügiň doga ýaryklalaryny tertipleşdirmek üçin olaryň kesel bölünişigi (klassifikasiýasy) teklip edilen. teklip we şonuň esasynda amatomo-morfologik alamatlar bolan kesel bölünişigi giň ýaýrandyr.



**102-nji surat.** Ýüzüň (ýaňagyň) kese doga ýarygy.



**103-nji surat.** Ýüzüň doga gytak ýarygy.



**104-nji surat.** Gulak ýýelkeniniň doga kemisliligi.

## 16.02.2. Agyz boşlugynyň nemli bardasynyň doga kemislikleri

Bu iň bir köp duş gelýän ösüş nädogrylygynyň görnüşidir. Adatça, ony özbaşdak görnüşde ýüze çykarýarlar.

**Diliň ýarçagynyň kemisligi** diliň aşak tarapynyň köp böleginiň agyz boşlugynyň düýbüne birleşendigi sebäpli onuň gysga görnüşinde ýüze çyk-

ýar. Hat-da diliň ýarçagy aşaky äňiň öýjükli ösüntgisiniň içki ýüzüniň diş gyrasyna birleşip bilýär. Diliň gysga ýarçagy onuň üç bölegininiň (öň tarapky 1/3 böleginiň) hereketini çäklendirýär we çaganyň emmekligini bozup bilýär. Çaga ösüp ulaldygyça, diliň kömegi bilen emele gelýän sesleriň ýalňyş aýdylmagyna getirýär. Diliň ýarçagynyň diş etiniň gyrasyna birleşmegi diş etiniň dokumalarynyň gopmagyna, dişiň daşynyň aýlaw bagjygynyň bozulmagyna we parodontidiň döremegine getirýär.

***Bejergisi*** hirurgik usulda (ýarçygy kesmek we dili boşatmak). Bu hirurgik amal emýän çagalarda gyssagly görnüşde geçirilýär (ýiti gaýçy bilen ýarçagyň solak reňkli ýukajyk bölegini 0,7-1,0 sm uzynlykda kesmeklik). Mekdebe çenli ýaşly çagalarda ony ýeterlik uzynlykda doly



*a* *b*

**105-nji surat.** Diliň gysga ýarçagyny aýyrmak amaly.
*a* – keseligine geçirilýän kesim; *b* – dil boşanyndan soňra dikleýin tikilen ýara.



*a* *b*

**106-njy surat.** Ýokarky dodagyň ýarçygyny aýyrmak amaly.
*a* – kesim gecirilýän çyzyklar; *b* - iki sany üçburç görnüşli kesim bölekler döredilen, ýerleri çalşyrylan we tikilen.

kese kesmek we boşadylan dil ýokaryk galandan soň dikligine emele gelen ýarany ketgut bilen keseligine tikýärler (*105-nji surat*).

**Ýokarky dodagyň ýarçagynyň kemisligi** onuň öýjükli ösüntginiň daş tarapyna aşakdan birigenligi, käwagt bolsa alynky emzijege çenli ýetýän, galyň we gysga görnüşinde ýüze çykýar. Ýokarky dodagyň gysga ýarçagy örän seýrek halatlarda işjeňlik bozulmasyny döredýär. Çagalaryň aglabasynda bejergini talap etmeýär. Hirurgik bejergä parodontidiň islendik alamatlary ýa-da hemişelik merkezi alyn dişleriň aralarynyň açyk ýagdaýynyň (diastemanyň) döremegi görkezme bolup biler. Ýokarky dodagyň gysga ýarçagy diňe başga sebäpler tapylmadyk ýagdaýynda diastemanyň sebäbi bolup biler.

***Bejergisi.*** Hirurgik amal ilkinji hemişelik alyn dişler çykandan soňra, diastema 1 mm-den uly bolanda geçirilýär. Hirurgik bejergi gysga ýarçagy kesmek ýa-da ol galyň bolanda doly kesip aýyrmak görnüşinde geçirilýär. Ýokarky dodagyň gysga ýarçagynyň galyň nemli barda asty gatlagy bolanda ýerleri çalşylýan garşylyklaýyn döregilen üçburç kesim bölekleri bilen (106-njy surat) ýa-da beýleki ýerli plastika usullary bilen geçirlen amallar has netijeli bolýar.

**Agyz boşlugynyň nemli bardasynyň köpsanly goşmaça ýarçaklary** bilen duş gelýän diliň we ýokarky dodagyň gysga ýarçaklary doga alamatlar toplumlaryň (sindromlaryň) bir alamaty bolup bilýärler (meselem, agyz-ýüz-barmak sindromy, aşaky äňiň orta ýarygy we başg.).

***Bejergisi*** hirurgik usulda.

## 16.02.3. Ýokarky dodagyň doga ýarygy

Ýüzüň köp duş gelýän kemisligi dodagyň doga ýarygydyr. Aşaky dodagyň doga ýarygy örän seýrek duş gelýär we ol, adatça, orta çyzyk boýunça ýerleşýär. Köplenç, ýokarky dodagyň bir taraplaýyn (çep taraplaýyn, sag taraplaýyn), şeýle hem iki taraplaýyn (biri-birine deň we deň däl-simmetrik we simmetrik däl) ýaryklary duş gelýär. Olar bölekleýin – haçanda kemtik (defekt) burun geçelgesiniň düýbüne ýetmeýän, ýa-da doly kemtik burun geçelgesiniň düýbüne geçýän, görnüşde bolup bilerler.

Ýokarky dodagyň doly ýaryklarynda öýjükil ösüntginiň, gaty we ýumşak kentlewügiň ýarygy bolup biler. Mundan başga-da ýokarky do-

dagyň orta (örän seýrek duş gelýän) ýa-da gizlin ýaryklary duş gelýärler. Gizlin ýaryk ýokarky dodakda dik ýerleşen deri çöketligi gönüşinde bolup, onuň aşagynda dodagyň tegelek muskulynyň üzülmesi ýüze çykarylýar. Ýokarky dodagyň we öýjükli ösüntginiň iki taraplaýyn ýarygynda alynky süňkiň has ýokary galyp öňe çykyp durmagy ýüze çykýar.

Seýrek halatlarda ýaňagyň kese ýarygy (agyz burçy boýunça), ýüzüň gytak ýarygy (ýokarky dodagyň haýsy-da bolsa bir tarapyndan başlap gözasty sebit, aşaky gabak boýynça gözhana ýetýän - ýüzüň kolabomasy), ýokarky gabagyň ýarygy, şeýle hem has seýrek halatlarda ýüzüň (burnuň) orta ýarygy, iki dodagyň hem ýarygy duş gelip biler.

### 16.02.4. Kentlewügiň doga ýarygy

Kentlewügiň ýarygy doga kemislikleriň agyr görnüşleriniň biri bolup, burun we agyz boşluklaryň arasynda özara habarlaşýan giň yşyň barlygy bilen häsiýetlendirilýär, bu bolsa dem alyşyň, iýmitlenişiň we gepleýişiň bozulmalaryna getirýär.Kentlewügiň ýaryklaryny doly we doly däl görnüşlere bölýärler. Doly däl ýaryk kiçi dilde we ýumşak kentlewükde bolup biler. Kentlewügiň çep taraplaýyn we sag taraplaýyn, aňyrsyna geçýän we aňyrsyna geçmeýän ýaryklary bolup biler. Kentlewügiň aňyrsyna geçýän ýaryklary onuň aňyrsyna geçmeýän görnüşinden tapawutlylykda tutuş gaty kentlewüge, ýumşak kentlewüge we kiçi dile hem-de öýjükli ösüntgä geçen bolýar.

Kentlewügiň bir taraplaýyn aňyrsyna geçýän ýaryklarynyň arasynda çep taraplaýyn ýaryklar köp duş gelýär (85%). Kentlewügiň iki taraplaýyn ýarygy (halk arasynda käwagt «möjek agyz», «böri agzy» diýlip atlandyrylýar), adatça, ýokarky dodagyň we öýjükli ösüntginiň ýarygy bilen utgaşyp duş gelýär. Bu ýagdaýda azal süňki kentlewük süňkleri bilen birleşmedik bolýar. Alynky süňk ýokarky äň süňklerine birleşmän, azal süňki bilen bilelikde öňe çykyp durýar.

Ýumşak we gaty kentlewügiň gizlin (nemli bardaasty) ýaryklary seýrek duş gelýärler. Doga ýaryklaryň bu görnüşinde ýumşak kentlewügiň iki tarapynyň hem muskullary, käwagt bolsa gaty kentlewügiň süňkleri hem biri-birine birleşmedik bolýar.

Bulardan başga-da burun ýarygy, ýüzüň orta ýarygy, aşaky dodagyň we aşaky äňiň, ýüzüň kese, gytak ýaryklary bolup biler (bularyň käbiri barada ýokarda hem agzap geçipdik).

Ýüzüň doga ýaryklary çaganyň emele gelişiniň agyr bozulmasy bolmak bilen, soňraky döwürde agyr netijelere getirip bilýärler. Çaga doglan pursadyndan başlap dodaklaryň we kentlewügiň işjeňliginiň bozulmalary bilen sormak (enesini emmeklik), ýuwdunmak bozulmalary aýdyň ýüze çykýar, soňraky döwürlerde bolsa çeýnemeklik bozulmasyna getirýär. Bu işjeňlik bozulmalary çaganyň ömrüniň ilkinji hepdeleri ösüşiniň peselmegine we kähalatlarda agyz boşlugyndaky iýmitiň demine düşmegine we ölümiň ýüze çykmagyna sebäp bolup biler. Kentlewük ýaryklarynda çaga ösüp ulaldygyça ses emele gelmegi bozulýar: gepleýşi düşnüksiz bolup, sesler burna salyp aýdylýar.

## 16.02.5. Ýokarky dodagynyň we kentlewüginiň ýarygy bolan çagalara amal bejergisine çenli kömek çäresi

Ýokarky dodagynyň we kentlewüginiň doga ýarygy bolan çagalar emip (sorup) bilmeýändikleri üçin ejir çekýärler, dem alyşlary bozulýar we bu ýagdaý olaryň beden ösüşine we bile geçýän keselleriniň döremekligine getirip biler.

Şu sebäpli hem beýle çagalar gytak ýatyrylyp sagylan süýt bilen az-azdan diliniň üstüne damdyrylyp (azajyk guýlup) naharlanmalydyr (esasan hem kentlewügiň ýaryklarynda), hassahana şertlerinde gyzylödege inçejik lüle salnyp bilner. Olar arassa we ýyly howaly otagda saklanmalydyr.

Agyrysyzlandyrma we janlandyryş (anesteziologiýa we reanimasiýa) bölümleriň şertlerinde çaganyň gyzylödegine naharlamak üçin inçejik lüle salynyp biliner (wagtlaýynça).

## 16.02.6. Ýokarky dodagynyň we kentlewüginiň ýarygynda hirurgik amal bejergisi we möhletleri

Ýokarky dodagynyň we kentlewüginiň ýarygy bolan hemme çagalar doglandan başlap hirurg-stomatologyň, ortodontyň, maşgala lukmanynyň, logopediň, psihonewrologyň, otolaringologyň we maşgala-lukman şepagat uýasynyň yzygiderli (dispanser) gözegçiliginde durmalydyrlar.

Ýokarky dodagyň we kentlewügiň ýarygy boýunça geçirilýän amal (hirurgik) bejerginiň netijesinde diňe bir anatomik nukdaý nazardan kemtigiň dizedilmeýänligini ýatda saklamaly. Bu ýagdaýda kemtigiň dikeldilen ýerleriniň fiziologik işjeňlik aýratynlyklarynyň ähmiýeti hem ulydyr. Şu sebäpli hem dodagyň we kentlewüginiň doga kemtigi bolan çagalaryň hemmesinde hirurgik amal geçirmeklik örän wajypdyr. Ýaşynyň irki döwründe çagalarda hirurgik amal geçirmeklige garşy görkezme wagtyndan ir dogulmaklygy, ýokanç keseller, bedeniň ýokary gyzgyny, gany azlylyk, madda alyş-çalyş we nerw keselleri, bedeniň utgaşykly kemislikleri (ýürek-damar ulgamy we iýmit siňdiriş ýollarynyň kemislikleri we başg. bilen bilelikde dodagyň we kentlewügiň doga ýaryklary) bolup biler. Merkezi nerw ulgamynyň çaga doglan wagtyndaky şikesi we onuň netijesinde dörän ýagdaýlar täze doglan çagalarda amal geçirmeklige garşy görkezmedir.

Edebiýat çeşmelerde dodagyň we kentlewügiň doga ýaryklarynyň hirurguk amal bejergisiniň möhleti barasynda gapma-garşylykly, dürli maglumatlar bar. Dodagyň doga ýaryklarynda has oňaýly möhlet diýip A.I. Ýewdokimow, A.A. Limberg, W.M. Muhin 8-12 aýy, T.S. Wahter 5-10 aýy, S.D. Ternowskiý 3-aýy hasap edýärler. Dodagyň ýaryklarynda has giçki döwürlerde geçirilen hirurgik amal töwereginiň dokumalarynda has güýçli anatomiki üýtgemeler döredýänligi sebäpli doglan çaganyň ilkinji üç gününde kemtigi düzetmekligi teklip edýän L.I. Frolowanyň usuly hem özüne çekijidir. Dünýäniň käbir lukmançylyk merkezlerinde (Ýüzüň plastiki hirurgiýa merkezi, Maýami, ABŞ) dodagyň, öýjükli ösüntginiň we kentlewügiň aňyrsyna geçýän ýaryklarynda has ir başlanýan işjeň ortodontiýa bejergisi bilen bir wagtda az şikes ýetiriji, tapgyrlaýyn yzygiderli geçirilýän hirurgik amallar arkaly çaga gepläp başlaýança (1ýaş 6 aý – 2 ýaş) doga kemtigi düzedip tamamlaýarlar (D.R.Millard, R.A.Latham, 1990). Hirurgik amallar 3 aý ýaşynda westibuloplastika (öýjükli ösüntgi plastikasy), 6 aý ýaşynda heýloplastika (dodak plastikasy) we 1 ýaş 6 aýda uranoplastika (kentlewük plastikasy) görnüşde geçirilýär.

Kentlewügiň doga ýaryklarynyň hirurgik amal bejergisiniň möhletleri boýunça garşylyklaýyn pikirler bar. Köpsanly alym-lukmanlaryň pikirine görä hirurgik amalyň ir geçirilmegi ýokarky äňiň kadaly ösüşiniň we diş ýaýynyň görnüşiniň bozulmasyna getirýär. Şu sebäpli hem amal üçin iň oňaýly ýaş diýip A.A. Limberg 10-12 ýaşy, A.I.Ewdokimow bolsa 6-7 ýaşy hasap edýärler.

Häzirki wagtda ýokarky dodagyň we kentlewügiň doga ýaryklarynda hirurgik amalyň möhletleri olaryň görnüşine we aýratynlyklaryna, çaganyň bile geçýän kesellerine, lukmanlaryň hünär derejelerine we usulyýet hem-de tilsimat mümkinçiliklerine baglylykda her bir ýagdaýda özbaşdak çözülýär, emma, koplenç halatlarda, amal ýokarky dodagyň ýaryklarynda 3-aýdan 1-2 ýaş aralykda, ýumşak kentlewügiň ýaryklarynda 4-6 ýaşda, kentlewügiň doly ýaryklarynda (gaty we ýumşak kentlewük) 6-7 ýaşdan soň geçirilýär.

***Ýokarky dodagyň ýarygynyň hirurgik amal bijergisiniň esaslary.*** Ýokarky dodagyň doga ýaryklarynyň görnüşine, bir ýa-da iki taraplaýyndygyna baglylykda örän köp sanly amal (heýloplastika) usullary teklip edilen. Amalyň manysy ýarygyň gyralaryny kesip üç gata bölmeklikde we boşatmaklykda, usulyň görnüşine baglylykda iki tarap biri-birine gabat geler ýaly kesim bölekleri döretmeklikde, ygtybarly edip ýarada gan akmany saklamakda, ýarygyň ýara döredilen iki gyrasyny biri-birine gatma-gat edip tikmeklikde jemlenendir. Hirurgik amal görnüşine amaldan soň ýaryk tarapda beýiklik kadaly bolmagy, soňra galýan bertik çyzygy owadanlyk nukdaýnazaryndan oňaýly bolmagy, esasy amal netijesinde burnuň uç böleginiň (perdesiniň we burun ganatynyň) gyşarmasynyň hem düzedilmegi, timarlaýyş amal geçirmekde amatly we ýönekeý bolmagy ýaly taraplar bildirilýär. Häzirki zaman dünýä lukmançylygynda ýokarky dodagyň ýaryklarynda köplenç Millardyň usuly ulanylýar (*107-nji surat*).



*a* *b*

**107-nji surat.** Ýokarky dodagynyň doga doly ýarygynyň Millard boýunça plastikasyndan öň (a) we soň (b) näsag çaganyň suratlary.

***Gaty we ýumşak kentlewügiň ýarygyny ýapmaklygyň amaly (uranoplastika).*** Häzirki zamanda kentlewügiň doga ýaryklaryndaky geçirilýän amal usulynyň esasyny Langenbegiň uranoplastikasy tutýar. Bu amal ýumşak kentlewügiň ýaryklarynda giňden ulanylýar.

Kentlewügiň doly ýaryklarynda A.A. Limberg (1927) tarapyndan teklip edilen radikal uranoplastika häzirki wagtda hem esasy we netijeli usul bolmaklygyna galýar (*108-nji surat*). Kentlewükdäki amal plastikasyny kentlewük ýüzlerinde (her tarapdan ýarsy) döredilen süňk bardaly nemli barda kesim böleklerini (loskutlary) orta hem-de



**108-nji surat.** Limberg boýunça radikal uranostafiloplastikanyň tapgyrlary.

yza süýşürip we ýumşak kentlewügiň dokumalaryny ulanyp (orta çyzyk boýunça iki tarapyň dokymalaryny gatma-gat tikmek) geçirilýän ýerli dokumalar bilen plastika usuly arkaly amala aşyrylýar. Bu usul kentlewük ýarygynyň plastikasynyň öňünde duran üç sany anatomiki bozulmalary düzetmeklige ýardam berýär, ýagny:

1) Kentlewük ýarygyny tutuş uzynlygy boýunça ýapmak;
2) Ýumşak kentlewügi uzaltmak;
3) Damagyň orta bölegini daraltmak.

# 17-NJI BAP

## STOMATOLOGIK KESELLERIŇ ORTOPEDIK BEJERGISI

Diş-äň ulgamynyň keseli bolan näsaglaryň bejergisinde we saglyklarynyň doly dikeldilmeginde ortopediýa kömegine aýratyn orun degişlidir. Dlşleriň gaty dokumalarynyň dürli kesellerinde, olaryň ke-

sel sürtülmesinde, dişýany dokumalaryň we agyz boşlugynyň nemli bardasynyň kesellerinde, diş hatarlarynyň bütewiliginiň bozulmasynda we dişler doly ýitirlende, äň-ýüz sebitiniň şikeslerinde we çişlerinde geçirilýän ortopedik bejeriş çäreleri agyz boşlugynyň we ýüzüň synalarynyň şekillerini we işjenliklerini dikeltmeklik hem-de gaýra üzülmeleriň öňüni almaklyk bilen öňüni alyş we bejeriş maksady öňünde esasy wezipe edip goýýar.

Näsag barlanandan we kesel kesgitlemesi goýlandan soňra agyz boşlugynda emeli diş gurnamany (protezi) salmaklyga bolan taýýarlygy, emeli diş gurnamanyň görnüşini saýlap almaklygy we ony işläp düzmekligi özünde jemleýän ortopedik bejerginiň meýilnamasyny düzýärler. Ortopedik bejergide dişleriň gaty dokumalarynyň we diş hatarlarynyň kemtiklerini doldurmak üçin, dişsiz äňler, öýjükli ösüntgi we äňler üçin emeli diş gurnamalaryň, ýüz üçin emeli syna gurnamalar aýrylýan we aýrylmaýan gömüşleri ulanylýar.

Gurluşy boýunça emeli diş gurnamalar (protezler) ýeke-täk täç, dolduryjy, gazykly diş, köpri şekilli we konsol gurnamalar, plastina şekilli (bölekleýin we doly) we ýaýşekilli görnüşlere bölünýärler.

Ortopedik bejergi näsagda geçirilýän we diş ussahanasynda amala aşyrylýan tapgyrlardan durýar. Olaryň sany we yzygiderliligi emeli diş gurnamanyň gurluşyna we saýlanyp alnan bejergi usulyna baglydyr.

Äň-ýüz ulgamynyň dürli keseli bolan näsaglaryň ortopedik bejergisi amalyň gönüden-göni yzysüre, ýaranyň bitýan döwri, hemme çişme alamatlar aýrylandan soňra we diş sogrulandan soň öýjügi doly biteninden soňra geçirilip bilner.

Ortopedik bejerginiň öňünden ýüzüň, agyz boşlugynyň, äňleriň we ýumşak dokumalary emeli diş gurnama salmaklyga taýýarlamak maksady bilen terapewtik we hirurgik bejergi çäreleriň toplumy geçirilýär. Terapewtik otagda (bölümde) agyz boşlugynyň sagdynlaşdyrmasyny amala aşyrýarlar, diş daşlaryny aýyrýarlar, nemli bardanyň we dişýany dokumalaryň kesellerini bejerýarler. Hirurgik otagda (bölümde) bejerip bolmaýan dişleri we kökleri sogurýarlar we görkezmeler boýunça emeli diş gurnamanyň oňat saklanmagy üçin plastiki amallaryň toplumyny geçirýärler (çekilip duran ýerleriň we bertikleriň aýrylmagy, agyz bosagasynyň plastikasy, öýjükli ösüntginiň gönüşini düzetmeklik, dodaklaryň we diliň ýarçagynyň plastikasy we başg.).

## 17.01. Diş täjiniň zaýalanmasynyň ortopedik bejergisi

Dişiň gaty dokumalarynyň zaýalanmagy kariýesiň we kariýes däl zeperlenmeleriň netijesinde döreýär. Geçişi boýunça bu ýagdaý dişiň gädikligi, näsagyň ýüz keşp bozulmasyna we iýmiti dişläp goparmagynyň ýa-da çeýnemeginiň kynlaşmasyna bolan arzlary bilen ýüze çykýar. Soňraky gaýra üzülmeler kesel hadysasynyň kök daşynyň dokymalaryna geçmekligine, dişiň ýitirilmegine we diş ýaýynda kemtigiň emele gelmegine getirýär.

Bejergi usuly we emeli diş gurnamanyň gurluşy hem-de görnüşi dişiň kemtiginiň derejesine baglydyr. Diş täjiniň köp bölegi saklanyp galanda ony dikeltmegi ozallar dolduryjylar (metaldan, plastmassadan ýa-da farfordan) we emeli ýarym täçler bilen amala aşyrýardylar, emma soňky ýyllar üstünlik bilen kompozit serişdeler bilen petiklemek amala aşyrylýar. Diş täjiniň has uly kemtiklerinde syrçanyň reňkiniň üýtgemegini we dişiň işjeňligini hem-de görnüşini dikeltmegi metaldan, plastmassadan, farfordan ýa-da metal bilen



**109-njy surat.** Dişiň täç böleginiň emeli täç (*a*) we gazykly diş gurnama (*b*) bilen dikeldilişi.

plasimassanyň, melal bilen farforyň utgadyrylmasy görnüşinde emeli täç bilen amala aşyrýarlar. Diş täjiniň hemme diwarlary düýpli zaýalananda we bejerilen hem-de gowy saklanan kök bolanda, gazykly emeli diş ýasaýarlar. Ol emeli diş täjinden we kök akabasyna girizilen metal gazykdan durýar. Gazykly diş bilen, adatça, birkökli, emma seýrek halatlarda köp kökli dişleri dikeldýärler. Diş täjiniň zaýalanmasynyň ortopedik bejergisinde ulanylýan gurnama görnüşleri aýrylýan däldirler we olar dişe (ýa-da onuň köküne) ýörite diş bejeriş sement petigi bilen (fosfat-sement, wisfat-sement) berkidilýär.

Dolduryjylar, ýarym täçler, täçler we gazykly diş gurnamalary diş hatarlaryň kemtiklerini doldurmak üçin ulanylýan emeli diş gurnamalara daýanç bolup hyzmat edip bilerler (109-njy surat).

## 17.02. Diş hatarlarynyň bölekleýin kemtikleriniň ortopedik bejergisi

Dişleriň kariýesi, dişýany dokumalaryň keselleri, äň-ýüz sebitiň dürli çişme we beýleki keselleri netijesinde döreýän diş hatarlarynyň bütewiliginiň bozulmalary çeýneýiş, gepleýiş bozulmalaryna we çekge-aşaky äň bogunyň işjeňliginiň peselmegine getirýär. Mundan başga-da näsagyň ýüz keşbi hem üýtgeýär.



**110-njy surat.** Konsol emeli diş gurnamasy.

Çeýnemeklige we iýmiti dişläp goparmaklyga diňe garşydaşy bar bolan dişler gatnaşýar. Diş hatarlaryň kemtigi bolanda garşydaşy bolan dişlere aşa işjeňlik agram dişmesi bolýar, onuň tersine, garşydaşy bolmadyk dişlere bolsa güýç has azalýar. Diş hatarlaryň soňraky bozulmalary gyraky dişleriň kemtige tarap gyşarmaklygy, olaryň

süýnmekligi (dik ugur boýunça süýşmegi) we başg. netijesinde birnäçe ugur boýunça ýüze çykýar. Diňe öz wagtynda geçirilen ortopedik bejergi munuň ýaly gaýra üzülmeleriň we gyşarmalaryň döremeginiň öňüni alyp biler.

Ortopedik bejerginiň usuly we salynýan emeli diş gurnamanyň görnüşi diş hatarlaryň kemtiginiň görnüşine we derejesine baglydyr. Emeli diş gurnamalar gurluşlary boýunça birnäçe topara bölünýär. Birinji topara çeýneýiş güýjini dişiň daýanç ýeri - dişýany dokumalar bilen kabul edýän köpri şekilli we konsol aýrylmaýan emeli diş gurnama görnüşi degişlidir. Ikinji topara çeýneýiş güýjüni äňleriň dişsiz öýjükli ösüntgisine (ýa-da bölegine) hem-de kentlewüge geçirýän aýrylýan bölekleýin plastina şekilli emeli diş gurnama degişlidir. Aýrylýan görnüşlere ýaýly emeli gurnama hem degişlidir, olarda bolsa çeýneýiş güýji diňe bir dişe geçirilmän, äňleriň dişsiz öýjükli böleginiň ýa-da ösüntgisiniň we kentlewügiň nemli bardasyna hem geçirilýär.

Dişleriň kadaly daýanç ýerleriniň - dişýany dokumalarynyň ätiýaçlyk güýji bardyr we belli bir derejede ýok dişleriň öwezini dolmak bilen ýokary çeýneýiş güýjüne döz gelmäge ukyplydyr. Dişleriň daýanç ýerleriniň bu fiziologik ätiýaçlygy esasynda diş hatarlaryň bölekleýin kemtikleri konsol we köpri şekilli emeli diş gurnamalary bilen dikeldilýär.

***Konsol emeli diş gurnama*** daýanç böleginden (birtaraplaýyn daýanç) we emeli dişden durýar (*110-njy surat*). Daýanç üçin görkezmeler boýunça emeli täç, ýarymtäç ýa-da gazykly diş ulanylyp bilner.

***Köpri şekilli emeli diş gurnamanyň*** diş hatarynyň kemtiginiň iki tarapy boýunça hem daýanjy bolýar hem-de ol daýanç beleklerden we emeli gurnamanyň aralyk böleginden durýar (*111-nji surat*). Aralyk belegi iymit



**111-nji surat**. Köpri şekilli emeli diş gurnama.

saklamaly (ýygnamaly) däldir we ýagyr döremegine getirmeli daldir. Konsol we köpri şekilli aýrylmaýan emeli diş gurnamalary plastmassadan, metaldan we utgaşdyrylan görnüşde metaldan hem-de plastmassadan, metaldan hem-de farfordan ýasalýar. Emeli diş gurnamalary daýanç dişlere ýörite diş bejeriş sement petigi (fosfat-sement, wisfat-sement) bilen berkidilýär. Konsol we köpri şekilli emeli diş gurnamalar görnüşi, göwrümi we iýmiti çeýnemek mümkinçilikleri boýunça ýitirlen dişlere meňzeşdir. Şol sebäpli hem näsaglar oňa tiz öwrenişýärler.

Amaly stomatologiýada ýakyn ýyllarda ulanylyp başlanan sirkoniý dioksidinden taýýarlanýan emeli diş gurnamalar (ýeke-täk we köpri şekilli emeli diş gurnamalar) stomatolog lukmanlaryň we näsaglaryň arasynda uly islege we giň gerime eýe bolup başlady. Bu emeli diş gurnamalar sirkoniý dioksidinden CAD/CAM tilsimaty boýunça taýýarlanýar. Bu goşa gysgaldylan söz adalgasy iňlisçe «CAD-computer aided desidn» –«kompýuter arkaly dizaýn» we «CAM-computer aided manifacturing» – «kompýuter arkaly meýilleşdirilip taýýarlanmagy» sözlerinden emele gelen. CAD/CAM tilsimaty boýunça emeli diş gurnamalar gyrylyp taýýarlanan daýanç dişleriň ýa-da olaryň gaty nusgalarynyň ýörite skanirleýji enjamlar arkaly sanlaýyn şekile geçirilmegi, ýörite maksatnamalar esasynda kompýuterde gelejekki emeli diş gurnamanyň (proteziň) meýilleşdirilmegi hem-de tebigy dişleriň reňki we emeli diş gurnamanyň göwrümi boýunça saýlanan sirkoniý dioksidiniň ýörite bölegi (blogy) berkidilen ýokary takyklykly ýörite ýonujy frezer enjamda gyrylyp ýasalmagy bilen taýyn edilýär. Tebigy dişlere ýakyn owadanlygy döredip bolýanlygy, gurnamanyň ýeňil bolmagy, biologik sygyşyklyk taýdan onuň inertligi, berkligi, uly göwrümli we köp dişi bolan (12-14 sany) bitewi gurnamany ýasap bolýanlygy hem-de onuň az wagty alýanlygy sirkoniý dioksidinden taýýarlanan emeli diş gurnamalaryň artykmaç taraplarydyr.

Diş hatarlaryň uly kemtigi, yz tarapdan daýanjy ýok kemtigi we dişleriniň daýanç işjeňligi peselen näsaglaryň ortopedik bejergisinde ***bölekleýin aýrylýan plastina şekilli emeli diş gurnamalary*** ulanýarlar (*112-nji a surat*). Bölekleýin aýrylýan plastina şekilli emeli diş gurnama bazisden (ýasy esasdan) (plastmassadan we metaldan bolan plastina), emeli dişlerden we ilgençeklerden (klammerlerden) dur-

ýar. Emeli diş gurnama ulanylýan wagty daýanýan äňleriniň öýjükli ösüntgisiniň we kentlewügiň nemli bardasynyň üstüne oturýar hem-de dişleriň gapdal taraplarynyň takyk suduryny gaýtalaýar. Bazise berkidilen emeli dişler diş hatarynyň kemtigini doldurýar. Ilgençekleri (klammerleri) emeli diş gurnamany agyzdaky saklanyp galan öz dişlerine berkitmeklik üçin ulanýarlar.

Bölekleýin aýrylýan plastina şekilli emeli diş gurnamanyň bazisi (ýaşy esasy) her bir ýagdaýda özbaşdak ölçegli we dürli çekilip duran ýerlerden, dodaklaryň we diliň ýarçagyndan aýlanyp geçýän özbaşdak çäkli bolýar. Ýasy esasyň meýdany saklanyp galan dişleriň sanyna we ýerleşişlerine hem-de onuň öýjükli ösüntgisiniň çökmeginiň derejesine tersleýin deňdir. Munuň ýaly arabaglanyşyk ýasy esasyň aşagyndaky we basyşa uýgunlaşmadyk dokumalara düşýän güýji asaltmaklyga esaslanandyr.

Emeli dişler saýlanyp alnanda adam ýüzüniň görnüşi (dörtburçlyk, üçburçlyk, süýri şekilli), reňki we saklanyp galan dişleriň görnüşi göz öňünde tutulmalydyr. Aýrylýan plastina şekilli emeli diş gurnamalaryň berkidilmegi öýjükli ösüntginiň we kentlewügiň sudurynyň, sekiliniň we ölçeginiň, şeýle hem esasan saklaýjy we daýançly-saklaýjy ilgençekleriň (klammerleriň) gurluş gömüşlerine esaslanandyr. Ilgençekleriň (klammerleriň) sany we olaryň ýerleşişleri kemtigiň ölçeglerine, garşydaş dişleriň sanyna we ýagdaýyna baglydyr.

Plastina şekilli emeli diş gurnamalaryň ulanylmagy, onuň öňüni alyş we bejergi ähmiýete eýeligine garamazdan emeli diş gurnamanyň ýasy esasynyň aşagyndaky dokumalara basyşy netijesinde olaryň çökmekligine, emeli diş gurnamanyň hemişelik sürtülmesi netijesinde nemli bardanyň üznüksiz çişme keselerine, emeli diş gurnamanyň ýasy esasynyň we ilgençeginiň dişlere degýän ýerleriniň zeperlenmesine getirip biler. Aýrylýan plastina şekilli emeli diş gurnamalaryň kemçilikleri belli bir derejede olaryň ***ýaýly emeli diş gurnama*** görnüşi bilen düzedilýär. Sanalan kemçilikleri aýyrmaklyk daýanç ilgençekleriň (klammerleriň), daýançly-saklaýjy ýa-da gulply gurnama goşundylaryň ulanylmagy, böleklere bölünip metal ýaý (býugel) bilen birleşdirilen ýasy esasynyň meýdanyny kiçeltmeklik bilen amala aşyrylýar. Ýaýly emeli diş gurnama çeýneýiş güýjüni daýanç dişleriň we onuň esasynyň aşagyndaky agyz boşlugynyň nemli bardasynyň arasynda paýlaýar (*112-nji b surat*).

Häzirki wagtda aýrylýan bölekleýin plastina şekilli emeli diş gurnamalar çeýe, maýyşgak madda bolan poliuretandan taýýarlanyp başlandy. Poliuretandan taýýarlanan emeli diş gurnamalaryň agyz boşlugynyň nemli bardasyna ýetirmeýänligi, kenrlewük nemli bardasyna daýanýan böleginiň kiçeldilip ýaý görnüşde ýerleşdirilmegi, saklaýjy ilgençekleriň bu materialyň özünden taýýarlanýandygy we ilgençek berkidilýän dişleriň adaty ýagdaýynyň saklanyp galynmagy (metaldan emeli täç geýdirmezlik) olaryň esasy artykmaçlyklarydyr.



*a* *b*

**112-nji surat.** Bölekleýin aýrylýan plastina şekilli (*a*) we ýaýly (*b*) emeli diş gurnama.

Aýrylýan emeli diş gurnamalar çeýneýiş ulgamyň kadaly fiziologik ýagdaýyny üýtgedýärler. Näsag ilkinji günler emeli diş gurnamany özge jyns, üýtgeşik bir gyjyndyryjy hökmünde duýýar. Emeli diş gurnama agyz boşlugynyň göwrümini kiçeldýär, çeýneýiş hereketleriň häsiýetini üýtgedýär, gepläninde ses emele gelsini we olaryň aýdylyşyny bozýar. Sülekeý çykaryjylyk güýçlenýär, emeli diş gurnamanyň ýasy esasy tarapyndan nemli bardadaky nerw reseptorlarynyň gyjyndyrylmasy netijesinde käwagt olaryň gusasy gelýär. Emeli diş gurnama öwrenişmekligiň wagty onuň aşagyndaky ýumşak dokumalar basylandaky döreýan agyry duýgulara hem baglydyr. Bu ýakymsyz duýgylar emeli diş gurnamany ulanmagyň ilkindi hepdesi azalýar we 3-4 hepdeden aýrylýar.

## 17.03. Dişler doly ýitirlende geçirilýän ortopedik bejergi

Kariýes, dişýany dokumalaryň keselleri, çişme keseller, şikes, doga ösüş nädogrylyklary we bedeniň başga keselleri netijesinde dişler doly yitirilip bilner, bu bolsa tutuş diş-äň ulgamynyň düýpli üýt-

gemelerine getirýär. Äňleriň bedeni we öýjükli ösüntgileri çöküp kiçelýärler. Ýokarky we aşaky äňleriň degişmesiniň häsiýeti üýtgeýär. Garşydaş dişleriň ýoklygy netijesinde dişleýiş beýikligi kiçelýär. Aşaky äň ýokaryk galmaklyk bilen enegiň öňe çykmagyna we eňek ýygyrtlarynyň güýçli bildirmegine, agyz burçlarynyň aşak süýşmeklerine ýardam edýär. Öň tarap dişlere bolan daýanjyň ýoklygy netijesinde agzyň tegelek muskuly ýygrylýar we dodaklaryň çökup durmagyna getirýär.



**113-nji surat.**Ýokarky (a) we aşaky äňiň aýrylýan doly emeli diş gurnamalary.

Äň süňkleriniň üýtgemekleri bilen çeýneýiş we ýüzüň keşp muskullarynyň ýygrylma ukyplylygynyň peselmegi ýüze çykýar, çekge-aşaky äň bogunyň işjeňligi we aşaky äňiň hereketleriniň häsiýeti üýtgeýär.

Dişler ýitirlende çeýneýiş işjeňliginiň öwezini diş etiniň kömegi bilen dolmak mümkin däl. Iýmitiň agyz boşlugynda ilkinji işlenilmeginiň gowy bolmazlygy iýmit siňdiriş synalaryň işjeňliginiň bozulmagyna getiryär we bu ýagdaý gastritlerde we aşgazanyň baş keselinde hasda aýdyň ýüze çykýar. Ýuwdunmak we geplemek işjeňligi hem bozulýar.

Dişler doly yitirlende berilýän ***ortopedik kömegiň*** maksady aýrylýan emeli diş gurnamalar bilen çeýneýiş, ýuwdunma, gepleýiş, dem alyş we owadanlyk işjenlikleri mümkin boldugyça doly dikeltmäge gönükdirilendir (*113-nji surat*).

Aýrylýan doly emeli diş gurnamalary berkitmeklik üçin (aňleriň, ýanaklaryň, dodaklaryň, diliň, ýumşak dokumalaryň asuda we işjeňlik wagtynda olaryň durnuklylygy) olaryň birnäçe häsiýetleri wajypdyr. Olardan iň wajyplary emeli diş gurnamanyň aşagyndaky ýumşak dokumalara ýelmeşmekligidir (adgeziýa), gurluş aýratynlygy boýunça ilteşmegidir (anatomik retensiýa), emeli diş gurnamanyň aşagynda az howaly boşlugyň döredilmegidir (aşagynyň dokumalary bilen

emeli diş gurnamanyň tutiuş gyrasy boýunça baglaýjyny (klapan) döretmekligiň hasabyna).

Ortopedik bejergi usullary bejeriş maksadyndan başga-da birnäçe öňüni alyş çäreleri - aşgazan-içege ýollarynyň keselleriniň öňüni almak, äňleriň öýjükli ösüntgileriniň çökmeginiň, çeýneýiş we ýüzüň keşp muskullarynyň kiçelmeginiň öňüni almak, çekge aşaky äň bogunyň keselleriniň öňüni almak we başg. maksatlary hem öňünde goýýar.

Aýrylýan emeli diş gurnamalar salnandan yzysüre ýürek bulanma, agyz suwlanmagy, tagam we gyzgyn-sowuk duýgylaryň yitirilmegi, iýmiti dişläp goparmak we çeýnemek kynçylygy, gepleýşiniň dürs däldigi bolup biler. Lukmanyň maslahatlary berjaý edilende bu alamatlar ýuwaş-ýuwaşdan aýrylýar. Öwrenişenleden soňra emeli diş gurnamany wagtal - wagtal arassalap, diňe gije ýatylanda aýyrmaly.

## 17.04. Ortopedik stomatologiýada gaýra goýulmasyz ýagdaýlarda kömek bermeklik

### 17.04.1. Stomatolog lukman tarapyndan bir gezekde ýasalýan ýönekeý gazykly diş

Gazykly diş sagdyn we akabalary oňat geçilýän köki bolan dişlerde, aýratyn hem ýokarky gyýak we alyn dişlerde ulanylýar. Sagdyn ýa-da ozal petiklenip, emeli täç bilen dikeldilen dişleriň doly döwülmekleri gysga wagtyň dowamynda kömek bermekligi talap edýär (aýratyn hem köpçilige çykyp işleýän hünärmenlerde: artistlerde, mugallymlarda, talyplarda, okuwçylarda we başgalar). Beýle ýagdaýda stomatolog lukman tarapyndan bir gezekde ýasalýan ýönekeý gazykly diş örän amatlydyr. Hususan-da bu usul boýunça ýitirilen dişiň täji 1,5-2 sagat dowamynda dikeldilip bilner. Munuň üçin diş akabasyny arassalap (ýa-da akaba mylkysyny aýryp) 1,0 mm galyňlykdaky polat ortodontiýa siminden gazyk taýýarlaýarlar, onuň akabadan çykýan täç sebitdäki bölegini egreldip, akaba girelgesinde ýerleşdirýärler. Agzyň içinde mumdan diş täjini ýasaýarlar (ölçegde mum dişi gazygy bilen aýyrmaly). Ölçegden mum dişi aýyrýarlar we öňünden saýlanan reňk boýunça petikleýiş plastmassadan doldurýarlar hem-de aşaky ölçeg alnan ýerine goýýarlar. Plastmassa gatanyndan soňra ilki ölçegi,

soňra gazykly dişi aýyrýarlar. Taýynlanan gazykly dişiň platmassadan täjiniň artykmaç ýerleri aýrylýar, ýylmanandan soňra diş köküniň akabasynda ýörite petikleýiş bejergi sementi bilen berkidilýär.

Eger-de taýýar platmass dişiň reňki we görnüşi gabat gelse aýrylýan emeli diş gurnamalar üçin taýýar diş toplumyndan diş ulanylýar (onuň aşak tarapyndan içini köwüp, gazygyň agyzdaky çykyp duran bölegi üçin ýer döredilýär) petikleýiş platmassany ulanyp, taýynlanan gazyga berkedip bolar. Şeýle hem dişiň ülnüleýin taýýar selluloid galyp nusgasy bolsa, ony platmassadan doldurmaly we näsagyň agzynda gazygyň çykyp duran ýerini onuň içine salmak bilen gazykly diş ýasap bolar ýa-da aýrylan emeli diş gurnamalar uçin ülnüleýin taýynlanan dişler toplumyndan dişi sim ujuna berkidip selluloid bölejiginden ( selluloid bölegi oda tutulyp gyzdyrylyp ýumşadylandan soňra) dişiň galyp nusgasyny ýasamak bolar.

## 17.04.2. Diş hatary bölekleýin ýitirlende gös-göni emeli diş gurnama salmaklyk

Dişleriň ýitirilmegi we onuň bilen baglanyşykly döreýän çeýneýiş işjeňliginiň, ýüz keşbiniň bozulmalary näsagyň özüni duýşyna oňaýsyz täsir edýär. Bu oňaýsyz täsiriň häsýeti we derejesi näsagyň jynsyna we ýaşyna, kärine, beýnisiniň ýokary işjeňliginiň görnüşine, şeýle hem haýsy dişler ýitirlendigine baglydyr. Öň tarap dişleriň ýitirilmegi gyzlarda we gartaşan adamlarda dürli görnüşde kabul edilip bilner. Mugallymlar, artistler we lukmanlar üçin oň tarap dişleriň ýitirilmegi işlerini wagtlaýyn bes etmekligi aňladyp biler. Şu sebäpli hem näsagyň mümkin boldygyça tiz wagtda emeli diş gurnamany edinmek we belli bir derejede diş hatarynyň emele gelen kemtigini doldurmak islegine düşünmek bolar.

Gös-göni emeli diş gurnama salnanda ony amal gutarandan soň diş bejeriş oturgyjynda (amal sekisinde) şol wagt näsagyň äňine goýýarlar. Emeli diş gurnamanyň gurluşy ýönekeý we ýasamaklyk üçin elýeter bolmalydyr. Çylşyrymly gurluşly görnüşleri, aýratyn hem ýaýly emeli diş gurnamany ulanmak gerek däldir. Eýsem-de amal wagty (has takygy amal wagty aýrylýan dokumalaryň göwrümi) gaýra üzülmeler netijesinde ýa-da onuň gidýän wagty kesel barada täze maglumatlaryň ýüze

çykmagy netijesinde onuň göwrümi üýtgäp biler. Beýle bolan ýagdaýlarda öňünden taýynlanan emeli diş gurnama ulanmaga ýaramsyz bolup çykýar. Ilkinji taýynlanan gös-göni emeli diş gurnama hökmünde saklaýjy ýa-da daýanç-saklaýjy ilgençekleri (klammerleri) bolan aýrylýan plastina şekilli emeli diş gurnamany ulanmak has maksada laýykdyr. Ony ýasamagyň we salmagyň köp ýaýran usuly aşakdaky ýaly amala aşyrylýar. Dişleri sogurmazdan öňünçä äňlerden ölçeg alýarlar. Soňra işlemek üçin esasy we kömekçi gaty nusgalary guýýarlar hem-de äňleriň gaty nusgalaryny merkezi diş gatnaşygyna getirip bolmaýan bolsa, mumdan dişleýiş oklawjyklary taýynlaýarlar. Äňleriň gaty nusgalaryny artikulýatora berkidýärler we ýörüte taýýarlyk geçirýärler. Äňiň gaty nusgasynda (gips nusgasynda) sogrulmaga degişli dişleri olaryň boýunjyklarynyň deňesinde kesip aýyrýarlar. Soňra bu ýeriň öýjükli ösüntgisiniň üstünden ýuka gips gatyny (2 mm–den köp bolmadyk) aýyrýarlar we oňa aýlaw şekil berýärler. Saklanyp galýan dişleriň töwereginde we olara 3-4 mm golaý ýerlerde gipsi aýyrmak gerek däl. Beýle edilmegi näsagyň öz dişleriniň, diş etiniň ýasaljak emeli diş gurnama bilen şikeslenmeginiň öňüni alýar. Dil we kentlewük tarapyndan gipsi köp aýyrmak gerek däl. Bu ýerlerde diş sogurlandan soňra gysga wagtda çökmeýän dykyz, känbir ýumşak bolmadyk nemli barda bar. Eger-de öýjüginiň 2/3–den köp uzynlygyna çökmekligi we diş etiniň ýellenmesi bolan parodontoz keseli boýunça diş sogrulýan bolsa, aýrylýan gipsiň möçberini biraz artdyryp bolar.

Gapdal tarap dişleriň sebitinde öýjükli ösüntgi gyrasy taýynlananda onuň üstünden 1 mm-den galyň bolmadyk gips gatyny aýyrýarlar we onuň gyralaryny ýüzleý aýlaw şekeline getirýärler. Şonuň ýaly edilip taýynlananda öýjükli ösüntginiň gerşinde uly bolmadyk ösüntgi saklanyp galýar. Gipsi galyň aýryp, artykmaç üzül–kesil çemeleşmeklik gerek däl. Gös-göni emeli diş gurnama salnanda, äň nusgasynyň öýjükli ösüntgisi taýynlananda iň gowysy gipsi az aýyrmaklykdyr we birnäçe wagtdan soňra emeli diş gurnamanyň esasyny täzeden işlemekligi amala aşyrmaklykdyr.

Öýjükli ösüntginiň gerşi taýynlanandan soňra emeli diş gurnamanyň mum nusgasy taýynlanýar (dişler oturdylyp) we plastmassadan doly taýýar edilýär. Soňra dişleri sogurmak gerek we taýyn emeli diş gurnama geýdirilýär. Emeli diş gurnamany geýdirmekligiň öz aý-

ratynlygy bar. Ýara sebitiniň nemli bardasynyň ýellenmesi emeli diş gurnamanyň aşagynda dokumalara takyk ýerleşmekligine zyýan berýär we köplenç emeli dişleriň dişleýiş beýikligini artdyrýar. Ilkinji gün dişleýiş bozulmalary düzetmek gerek däl. Ony soňraky günler, haçanda nemli bardanyň ýellenmesi aýrylandan soňra geçirmek bolar.

Amal ýarasynyň bitmekligi bilen diş sogurlan ýerde emele gelýän öýjükli ösüntginiň emeli diş gurnamanyň belli bir ýerine gabat gelmeýänligi ýüze çykyp başlaýär. Bu ýetmezçilikler amaldan soňraky ilkinji hepdelerde ýüze çykarylýar we ony çalt gataýan plastmassany galňatmaklyk bilen aňsat düzetmek bolar. Birneme giçki döwürde (2-4 aýdan soňra) diş sogurlan ýerindäki öýjükli ösüntgi ýerinde emeli diş gurnama meýdany düýpli üýtgemelere sezewar bolýar. Şu sebäpli hem gös-göni salnan emeli diş gurnama durnuklylygyny ýitirýär, onuň emeli dişleriniň dişleýişdäki ýagdaýy bozulýar, emeli diş gurnamanyň gyrasynyň we öýjükli ösüntginiň agyz bosagasy tarap ýüziniň arasynda yş ýüze çykýar, emeli diş gurnamanyň oýnap durmagy mümkin. Bu alamatlar dürli näsaglarda dürli möhletlerde ýüze çykýar, emma salnan gös-göni emeli diş gurnamanyň öz işini doly berjaý edenligini we bejerginiň indiki tapgyryna – soňraky emeli diş gurnama salmaklyga girişmekligi aňladýar.

Gös-göni salnan emeli diş gurnamanyň öňünde durýan işjeňlik wezipeleri soňraky döwürde salynýan emeli diş gurnamalardan tapawutlanýar. Islendik emeli diş gurnama mahsus bolan adaty bejergi we öňüni alyş wezipelerinden başga-da, gös-göni salnan emeli diş gurnama amaldan soňraky döwürde ýarany goramak bilen sargy bolup hyzmat edýär hem-de öýjükli ösüntginiň emele gelmegine täsirini ýetirýär. Bu emeli diş gurnamalaryň soňraky möhletlerde ýasalanyndan çeýneýiş netijeligi boýunça hemişe pesdir.

Gös-göni salnan emeli diş gurnamanyň soňraky möhletlerde salynýan emeli diş gurnamany çalşyp bilmeýänligini ýatda saklamak gerek we emeli diş gurnama salmaklygyň bu görnüşleriniň hersi näsagyň ortopedik bejergisiniň belli bir döwrüne gabat gelýär. Olaryň esasynda yzygiderlilik bar we olaryň her birini ulanmaga görkezmeleriň bolanlygy üçin biri beýlekisiniň ýerini hemişe tutup bilmeýär. Gös-göni salynýan emeli diş gurnama bejergi enjamy görnüşinde ýaranyň bitýän we dişsiz öýjükli ösüntginiň emele gelýän wagty bolan amaldan soňraky döwürde görkezilendir.

### 17.04.3. Plastina şekilli emeli diş gurnamalaryň berkleşmegi üçin onuň esasyny täzeden işlemek (bazisini üýtgetmek)

Emeli diş gurnamanyň esasynyň (bazisiniň) agyz boşlugyndaky nemli bardanyň emeli diş gurnama meýdanyna äň süňk esasynyň çökmekligi, pes hilli ölçeg alynmagy ýa-da tilsimal (tehniki) ýalňyşlyklar netijesinde (emeli diş gurnamanyň esasynyň gyralarynyň gysga bolmagy, iş wagty gips nusgasynyň zaýalanmagy we ş.m) emeli diş gurnamanyň esasynyň (bazisiniň) agyz boşlugyndaky nemli bardanyň emeli diş gurnama meýdanyna gabat gelmedik ýagdaýynda gurnamanyň esasyny täzeden işlemek bilen ony düzedip bolar. Plastina şekilli emeli diş gurnamanyň esasyny täzeden işlemegiň iki sany - stomatolog lukmanyň näsagda geçirýän (kliniki) we diş ussasynyň kömegi bilen diş ussaçylyk bölümde geçirilýän (diş ussaçylyk ýa-da laborator) usullary bar.

***Näsagda geçirilýän (kliniki) usul*** aşakda beýan edilişi ýaly geçirilýär. Ilki bilen näsagyň emeli diş gurnamalary bilen onuň dişleýşini barlaýarlar, äňleriň, emeli diş gurnamalaryň barlagyny geçirýärler we munda emeli diş gurnamanyň gyrasynyň beýikligine, göwrümliligine üns berýärler. Haýsyda bolsa bir ýerinde onuň gyrasy uzyn bolsa ony gysgaldýarlar, eger-de gysga bolsa tiz gataýän plastmassa bilen beýgeldýärler. Soňra emeli diş gurnamanyň nemli barda degýän ýüzünden 1 mm galyňlykda plastmassany gyryp aýyrýarlar. Emeli diş gurnamanyň gyrasyndan we onuň agyz bosaga tarap ýüzünden (onuň gyrasyndan 2-3 mm aşakdan başlap), armyt şekilli süýri gyryjy ýa-da karborund gyryjy bilen diňe ýylmanak ýüzi aýrylýar. Emeli dişlere wazelin çalynýar. Tiz gataýan plastmassany («Protakril», «Protakril-M», «Redont» we başg.) monomeri (suwuklygy) bir we polimeri (plastmas tozyny) iki agram (1:2) gatnaşykda garýarlar. Ony amaly işde az mukdarda monomeri gaba guýup doly siňýänçä polimeri sepeleýärler, äňe wazelin ýa-da ösümlik ýagyny çalýarlar. Plastmassanyň çişmeklik döwründe (ilkinji döwri, plastmassa ýolynanda «sapak emele gelýän» döwri) plastmassa hamyryny emeli diş gurnamanyň gyralary bilen örtüler ýaly edip onuň gyrylyp ýukaldylan esasyna endigan we ýukajyk edip goýýarlar. Birnäçe wagtdan (10-15 s) üstüniň

durulygy ýitýär. Bu döwürde emeli diş gurnamany agyz boşlugyna salmaly we merkezi dişleýiş ýagdaýyna getirmeli. Beýle ýagdaýda artykmaç plastmassa emeli diş gurnamanyň esasynyň agyz bosaga tarapyna we ýumşak kentlewük sebitine çogup çykýar. Agyzdan çykarýarlar we artykmaç plastmassany emeli diş gurnamalaryň gyrasyndan 2-3 mm süýşip seresaplyk bilen sement garylýan malajyk şekilli gural arkaly aýyrýarlar. Soňra emeli diş gurnamany ýene-de äňe oturtýarlar, işjeň we işjeň däl usullar bilen onuň gyralaryny döredýärler hem-de plastmassa gataýança (10-12 min) saklaýarlar. Eger-de ýörüte enjam bolan halatynda 2-3 min soňra emeli diş gurnamany agyzdan çykarýarlar hem-de 40-50˚C we 3 atm basyş ýagdaýynda plastmassany gatadýarlar. Beýle usulda gatadylanda plastmassanyň kiçijik deşik-öýjükliligi peselýär, dykyzlygy we gatylygy ýokarlanýar.

Aşaky äňiň emeli diş gurnama meýdanynyň ýokarka görä kiçiligi we tiz gataýan plastmassanyň basylyp süýşmezligi üçin aşaky äňe goýmaklygy plastmassanyň gatamagynyň giçki - hamyr şekilli döwründe amala aşyrylýar.

Plastmassa gatandan soňra täzeden işlenilen emeli diş gurnamany gyryp arassalamaly we ony taýynlamagy agyz bosagasy tarapyndan plastmassanyň artykmaç ýerlerini gyryp tekizlemek bilen amala aşyrýarlar, onuň gyralaryna degmeýärler. Täzeden işlenilen emeli diş gurnamanyň äňde berklenişi has gowylaşýar. Emeli diş gurnamanyň esasyny täzeden işlemegiň näsagda geçirilýän (kliniki) usulyny geçirmeklige agyz boşlugynyň nemli bardasynyň üznüksiz keselleri, ýokary duýgurlylyk (allergiýa), bronhial demgysma we başga keseller garşy görkezmedir.

***Diş ussaçylyk (laborator) usuly emeli diş gurnamanyň esasyny täzeden işlemekligiň näsagda geçirilýän (kliniki) usulyna garşy görkezmeler bolan ýagdaýynda*** amala aşyrylýar. Esasy täzeden işlenilmeli emeli diş gurnama ýokarda beýan edilen usuldaky ýaly gyrylyp taýynlanandan soňra, silikon we käblr beýleki toparlardan bolan ölçeg alyjy serişdeler(sielesat, dental, tiodent ýa-da ortokor) ulanyp ölçeg alýarlar. Ussahanada diş ussasy tarapyndan ölçegli emeli diş gurnamany göni usul bilen ýörüte metal gapda (kýuwetada) gipsiň içine ýerleşdirilýär, gips gatanyndan soňra açylýar, ölçeg serişdesini aýryp ony plastmassa çalşylýar (etakril, ftoraks) we gatadylýar. Täzeden iş-

lenilip düzedilen emeli diş gurnamalar, esasan hem diş ussaçylyk usuly boýunça, oňat berkidilýärler we basyş güýjini aşagynyň dokumalaryna endigan ýerleşdirýärler. Bu ýagdaý näsagyň öziniň çeýneýiş güýjüniň basyş ýagdaýynda geçirlendigi bilen düşündirilýär, ýagny iýmit çeýnelende döreýän basyşyň netijesinde ölçeg alnanlygy bilen düşündirilýär. Täzeden işlenenden soňra emeli diş gurnamanyň esasy gözden geçirlende onuň näsagyň agyz boşlugynyň nemli bardasynyň iň kiçijik ýerleriniň hem suduryny, geçiş ýygyrdyň işjeňlik ýagdaýynda düzedilendigini, onuň gyralarynyň göwrümlidigini oňat görmek bolýar. Näsaglaryň emeli diş gurnama ozal öwrenişenligi sebäpli ol täzeden işlenenden soňra tiz uýgunlaşýar.

## 17.04.4. Ýokarky dişsiz äňiň doly aýrylýan emeli diş gurnamasynyň durnuklylygyny gazanmak

Emeli diş gurnama meýdanynyň äň süňk esasynyň çökmekligi, pes hilli ölçeg alynmagy ýa-da tilsimal (tehniki) ýalňyşlyklar netijesinde (emeli diş gurnamanyň esasynyň gyralarynyň gysga bolmagy, iş wagty gips nusganyň zaýalanmagy we ş.m) emeli diş gurnama agyz boşlugynda degerli derejede durnukly saklanmaýar.

Bu ýagdaýda A.Gurbanow tarapyndan (2005) teklip edilen usuly ulanmak bolar. Emeli diş gurnamanyň esasynyň gyralary üç bölege - sag we çep gapdalky iki bölege (merkezi alyn dişiň deňesinden ýokarky akyl dişiň deňesine çenli) hem-de yzky kentlewük bölege bölünýär. Gapdal bölegiň biriniň gyrasy çalt gataýan plastmassanyň ergini çalynýar we düzgün boýunça garylyp taýyn edilen «sapak görnüşindäki» goýy plastmassa emeli diş gurnamanyň gyrasyna 3-4 mm galyňlykda iç tarapdan zolak görnüşde goýulýar. Emeli diş gurnamany agyz boşlugyna salmaly we merkezi dişleýiş ýagdaýda dişledip işjeň hereketler bilen onyň gyrasyny täzeden döretmeli. Soňra edil sonuň ýaly edip beýleki tarapda hem amala aşyrylýar. Yz, ýagny kentlewük tarapdan amala aşyrylanda plastmassa goýlan emeli diş gurnama agyz boşlugyna salynýarka ýumşak kentlewük sallanyp we dartylyp durmazlygy üçin (usulyň netijesini peseltmezligi üçin) näsagyň agzy giň açylan bolmaly däldir.

Bu usul boýunça doly aýrylýan emeli diş gurnamanyň durnuklylygy gazanylandan soňra onuň gyralarynyň artykmaç plastmassasy aýrylýar we timarlanýar.

## 17.04.5. Döwülen plastina şekilli emeli diş gurnamany bejermek, oňa goşmaça diş oturtmak we ilgençegi (klammeri) berkitmek

***Plastina şekilli plastmassa emeli diş gurnamany bejermek*** üçin döwük çyzygyň 2-3 ýerine tiz gataýan protakril plastmassa toplumynda bar bolan dihloretan ýelimi çalýarlar; emeli diş gurnamanyň böleklerini döwük çyzygy boýunça biri-birine degşirýärler we 2-4 min dowamynda saklap durýarlar.

Ýelmenen emeli diş gurnama boýunça gips nusgany guýýarlar. Emeli diş gurnamanyň üst tarapyna we gips nusga wazelin çalýarlar. Goýy garylan gips bilen garşydaş nusga (kontrmodel) alýarlar. Soňra emeli diş gurnamany gips nusgadan aýyrýarlar, ýelmenen döwük çyzygyny her tarapa 1-2 mm gyryp giňeldýärler we gyralary boýunça kertikleri döredýärler. Gips nusgany we garşydaş nusganyň üstüne plastmassa ýelmeşmezligi üçin «Izokol» suwuklygy çalynýar (*146-njy surat*). Soňra bolsa emeli diş gurnamanyň böleklerini gips nusga goýyarlar, onuň dogry goýlandygyny bolsa garyşydaş nusga bilen barlaýarlar. Gaba guýlan suwuklyk doýgun bolýança plastmassa tozyny guýup, tiz gataýan «Protakrill» ýa-da «Redont» plastmassadan hamyr taýýarlaýarlar, gabyň üstüni suwuklygy (monomeri) uçmaz ýaly aýna bilen ýapýarlar. Plastmassanyň çişmeklik döwri daşky gurşawyň ýylylygyna baglylykda 3-5 min dowam edýär. Emeli diş gurnamanyň bölekleriniň gyralaryna plastmassa hamyryndaky erkin suwuklyk (monomer) bilen ezilýänligi üçin hiç bir zat çalmaly däl. Taýynlanan plastmassa hamyryny (plastmassa ýolnanda «sapak emeli gelýän» döwri) döwük çyzygynyň ugry boýunça biraz artykmaç mukdarda goýýarlar we garşydaş nusga bilen basýarlar. Plastmassanyň gatamaklygy 8-10 min dowam edýär, ondan soňra bolsa emeli diş gurnamany gyryp arassalaýarlar we timarlaýarlar. Plastina şekilli emeli diş gurnamany bejermekligiň ýokarda beýan edilen usuly oňa goşmaça diş oturtmak (äňiň dişiniň sogrulan ýerine), şeýle hem döwüleniň ýerine täzeden ilgençek (klammer) ýasalanda ulanylyp bilner.

***Goşmaça diş oturdylanda*** emeli diş gurnama geýdirilgi ýagdaýynda äňden we garşydaş dişlerden ölçeg alýarlar, hem-de gips nusgalaryny guýýarlar. Munda emeli diş gurnamany ölçegde galdyryp gips nusga guýýarlar. Gips nusgalar taýynlanandan soňra reňki we ölçegi boýunça emeli dişleri saýlap alýarlar, emeli diş gurnamanyň gyrasyny gyryp arassalaýarlar, plastmassa hamyryny goýýarlar we oňa dişleri basyşdyrýarlar. 8-10 min geçenden soňra emeli diş gurnamany gyryp arassalaýarlar we timarlaýarlar.

***Döwüleniniň ýerine täze ilgençek (klammer) ýasalanda*** hem goşmaça diş oturdylandaky ýaly usul ulanylýar, emma garşydaş dişleriň ölçegi gerek bolmaýar. Emeli diş gurnama gips nusgadan aýrylyp, ilgençegiň (klammeriň) döwük ujy bar bolsa, ol düýbünden gyrylyp aýrylýar. Emeli diş gurnamanyň esasynda ilgençegiň bedeni ýerleşer ýaly gyryp ýer döredilýär, ilgençegi ýasaýarlar we tiz gataýan plastmassa bilen berkidip, gips nusgada saklaýarlar (gataýança), soňra bolsa gyryp artyk plastmassa çykan ýerleri arassalaýarlar we timarlaýarlar.

## 17.04.6. Utgaşdyrlan köpri şekilli emeli diş gurnamanyň (metalplastmassa ýa-da metalkeramika) örtgisiniň gopmaklygy

Beýle ýagdaý plastmassanyň ýa-da keramikanyň berklenýän ýerleriniň ýeterlik bolmazlygy ýa-da has köp güýç düşende döreýär hem-de köplenç garaşylmadyk ýagdaýlarda ýüze çykýar. Hemişe diýen ýaly köpri şekilli aýrylmaýan emeli diş gurnama näsagyň daýanç dişlerinde berk oturýar we näsag düzetmekligi emeli diş gurnamanyň özünde amala aşyrylmagyny isleýär. Köpçülik bilen iş salyşýan adamlarda öň tarap dişlerde ýüze çykýan bu ýagdaýda kömek bermeklige gaýra goýulmasyz çäre hökmünde garalyp bilner.

Häzirki wagtda metalplastmas utgaşykly köpri şekilli emeli diş gurnamanyň aralyk bölegininiň – dişiniň plastmassa örtgisiniň gopmaklygyny we metal keramika emeli diş gurnamadaky dişiň syrçasynyň gopmaklygyny (uçmagyny) düzetmekligiň iň oňat usuly kompozit pitikleýiş serişdeler bilen dikeltmekdir (bir gezekde dikeltmeklik). Bu usula wagtlaýyn çäre hökmünde garalyp bilner, emma kähalatlar-da hemişelik (metalplastmassa emeli diş gurnamalarda) netije berip biler.

## 17.04.7. Emeli diş gurnamanyň tizleşdirilip ýasalýan usullary

Dişleriň we diş hatarlarynyň kemtikleriniň ortopedik bejergisi köptapgyrlydyr. Adatça, näsag köpri şekilli aýrylýan plastina şekilli emeli diş gurnamany saldyrmaklyk üçin näsagyň azyndan 4 gezek stomatolog lukmanynyň kabul edişligine gelmelidir. Harby gullukçylar, tapgyrlaýyn ýatymlyk iş çalşygynda işleýänler üçin gysga wagtda ýa-da az tapgyrda doly bejergini almaklyk wajypdyr. Bulardan başga-da durmuşda dürli dabaraly wakalara gysga wagt galanda bejergi geçirmeklik, gyssagara ýa-da duýdansyz iş saparyna gitmeli bolmak we ş.m. wakalar hem gysga wagtda, az tapgyrly bejergini talap edip biler. Munuň ýaly ýagdaýlarda ökde stomatolog-ortoped lukmanlar we diş ussalary bilelikde kömek berip bilerler.

***Köpri şekilli emeli diş gurnamanyň iki tapgyrda taýýarlanyşy.*** Umumy kabul edilen düzgünler boýunça daýanç dişleri gyryp taýýnlaýarlar we äňlerden iki jübüt ölçeg alynýar (gowusy algirat serişdeler bilen) hem-de gaty (gips) nusgalar taýynlanýar. Eger-de daýanç dişleri ýenjilip ýasalan emeli täçli metal ýa-da utgaşdyrylan (metal-plastmassa) köpri şekilli emeli diş gurnama bilen bejergi geçirlende gaty (gips) nusgalaryň bir jübiti boýunça emeli täçler taýynlanýar. Taýyn edilen ýenjilip ýasalan metal täçler gaty (gips) nusganyň ilkinjisinde dişlere geýdirilip barlanylýar (nusgadaky gyrylan dişleriň boýunjyklarynyň sebitiniň tutyş daşy boýunça ýiti gural bilen sähelçe – 0,3 mm-e çenli çuňlaşdyrylýar) hem-de aralyk bölümi taýynlanýar [nusgasy ýasalyp we metaldan guýlup, taýyn (standart) metal dişlerden gabatlaşdyryp ýa-da germew-sütün - metal-plastmassa görnüşi üçin] we adaty düzgünler boýunça daýanç dişlere kebsirlenýär, arassalanýar we ýylmanýar. Eger-de utgaşdyrlan görnüş bolsa täzeden ikinji gaty (gips) nusga geýdirip plastmassa bölegi mumdan nusgalanýar hem-de belli bolan usul boýunça mum plastmassa çalşylýar. Näsag ikinji gezek gelende taýyn emeli diş gurnama dişlere berkidilýär. Eger-de köpri şekilli emeli diş gurnama utgaşdyrlan görnüşde, şeýle hem tutuş plastmassadan taýynlansa, onda näsag birinji gezek ýüz tutanda dişleriniň reňkiniň belgisi alynmalydyr. Plastmassa köpri şekilli

emeli diş gurnama taýynlamak üçin alnan gaty (gips) nusgalaryň birinji jübüti boýunça mumdan nusgalama işi geçirilýär hem-de kabul edilen düzgünler boýunça ol plastmassa çalşyrylýar. Arassalanyp we ýylmanyp taýyn edilen plastmassa köpri şekilli emeli diş gurnama nusgalaryň ikinji jübütinde oňat barlanýar hem-de näsag ikinji gezek ýüz tutanda dişlere berkidilýär. Şeýlelik bilen hemme iş iki tapgyrda berjaý edilip bilner.

***Köne doly aýrylýan plastina şekilli plastmassa emeli diş gurnamalary ulanyp olaryň täzesiniň tizleşdirilip ýasalyşy.*** Bu usul boýunça ýasalan emeli diş gurnama hem näsag bir gezek kabul edilende taýynlanyp bilner. Hususan-da köne emeli diş gurnamalar ölçeg alnanda taýynlanýan özbaşdak ölçeg çemçesi we dişleýiş beýikligini hem-de merkezi dişleýşi kesgitlemek üçin ulanylýar. Köne emeli diş gurnamalaryň gyralary gözden geçirilýär we ony dodaklaryň ýarçaklarynyň deňesinde hem-de geçiş ýygyrdyň dartyp duran ýerlerinde gysgadýarlar.

Eger-de olardaky dişleriň ýüzleri sürtülip merkezi dişleýiş kesgitlenmeýän bolsa, ölçeg almazdan öňünçä emeli diş gurnamanyň haýsy-da bolsa biriniň diş ýaýynyň ugry boýunça 3-4 ýerde çukurjyk, beýlekisinde bolsa çalt gataýan plasymassanyň kömegi bilen çukurjyklara girip durýan çykyndylar döredýärler. Ölçeg çemçeleri hökmünde ulanylýan köne emeli diş gurnamalar biri-birine merkezi dişleýiş ýagdaýynda dişlenip saklanyp, äňlerden ölçegleriň ikisi hem bir wagtda ýa-da yzygiderlilikde (ilki ýokarky, soňra aşaky äňden) alynýar. Şeýle hem ölçeg alnandan soňra köne emeli diş gurnamalaryň dişleriniň arasyna ýumşadylan mum salnyp, merkezi dişleýiş ýagdaýy we dişleýiş beýikligi kesgitlenip bilner. Alnan ölçegler gips bilen guýlup, açylmadyk ýagdaýynda biri-birine merkezi dişleýiş ýagdaýynda saklanyp, okklýudatora berkedilmelidir. Soňra ölçegler belli bolan usullar boýunça ilki mumdan, soňra bolsa plastmassa çalşyrylyp, emeli diş gurnamalar doly taýyn edilýär.

Bu maksat üçin biri-birine birikdirilýän ýa-da bitewi aşaky we ýokarky äň üçin «Iwotreý» ölçeg çemçesi hem ulanylyp bilner.

### 17.04.8. Aýrylýan plastina şekilli emeli diş gurnamanyň dişsiz äňde berkleşmegini ýokarlandyrmagyň usuly

Dişsiz äňleriň öýjükli ösüntgileriniň has güýçli çökmekligi netijesinde hat-da işjeňlik ýagdaýyndaky (funksional) ölçeg bilen hem ölçegiň degşip duran gyrasyny (klapanly gyrasyny) döretmeklikde köp kynçylyklar döreýär. Şu sebäpli hem agyz boşlugynyň synalaryna köp dartgynly güýç düşýän käbir hünär eýelerinde (aýdymçylarda, teatr işgärlerinde, mugallymlarda, alyp baryjylarda, sazandalarda we ş.m.) ýokarky äňiň doly aýrylýan emeli diş gurnamasynyň ýerinden gopmagy bolup biler.

Doly aýrylýan emeli diş gurnamanyň degşip duran gyra (klapanly gyrasynyň) bildirişini güýçlendirmek üçin J. Nazarowyň 1998-nji ýyldaky aşakdaky usulyndan peýdalanmaklyk teklip edilýär. Işjeňlik ýagdaýyndaky (funksional) ölçegi alynýar, gaty (gips) nusgalar taýynlanýar we onda geljekde ýasaljak emeli diş gurnamanyň çetki gyrasy galam bilen bellenýär, hem-de ýumşak dokumalaryň ýagdaýyna baglylykda çyzygyň tutuş ugry boýunça gaty (gips) nusgada 1,5-2 mm inlikde, 1-1,5 mm çuňlukda gyrylyp çykylýar (grawirlenýär). Gaty (gips) nusgadaky geljekki emeli diş gurnamadaky degşip duran çet gyranyň (klapanly gyranyň) çyzygyny gyryp çykmaklyk (grawirlemek) bilen ýasalan emeli diş gurnamanyň dişsiz äňde has gowy berkleşmegini gazanmaga ýol berýär.

### 17.05. Diş–äň–ýüz ulgamynyň ösüş nädogrylyklary we gyşarmalary

Diş-äň-ýüz ulgamynyň nädogrylyklary ýeterlik derejede ýygy duş gelýärler. Nädogrylyklar aýratyn dişlerde, diş halarlarynda, dişleýişde we äň süňklerinde duş gelýän görnüşlere bölünýär. Nädogrylyklar nesli doga we soňra dörän bolup bilýärler.

Aýratyn dişlerde duş gelýän nädogrylyklara dişleriň ölçeginiň (mähnet we kiçijik dişler), görnüşiniň (tikenşekilli we betnyşan dişler), sanynyň (dişsizlik we goşalanyp birigen dişler) we ýerleşýän ýeriniň (daşgyn, içgin, ýokarda ýa-da aşakda, okunyň daşynda aýlanan,

dişleriň ýygjam ýerleşmekleri) üýtgemeleri, şeýle hem trema (dişleriň aralarynyň açyklygy) we diastema (ýokarky merkezi alyn dişleriň aralarynyň açyklygy) görnüşlerde duş gelýärler.

Diş hatarlarynyň nädogrylyklary kadadan üýtgän ýagdaýynda ýüze çykýar (diş-äň ulgamy kadaly ösende ýokarky diş hatary ellips şekilde aşaky bolsa - parabolik (tegelek) şekilde bolýar). Diş hatarlarynyň nädogrylyklarynyň aşakdaky görküşleri bar:

I) gysylan diş hatary - diş hatarynyň hemme ýerlerinde kese ölçegleriniň kiçelmegi bilen tapawutlanýar;

2) eýer şekilli diş hatary - gysylma kiçi azy dişleriň sebitlerinde has güýçli bildirýär;

3) Y - şekilli diş hatary - onuň öň tarap böleginiň ýiti burç emele getirip gysylan ýagdaýynda döreýär;

4) Dörtburç şekilli diş hatary - diş ýaýynyň öň tarap bölegi ýepbeşen we gönüburçlyk ýa-da trapesiýa şekilde bolmaklygy;

5) taraplary deň bolmadyk (asimmetrik) diş hatary - aňiň iki tarapynyň birmeňzeş däl ösmekligi we onuň netijesinde atanaklaýyn dişieýiş döreýär.



**114-nji surat.** Ortognatiýa dişleýşi (okkluziýasy).

Kadaly, ortognatiýa dişleýişde ýokarky öň tarap dişler aşaky öň tarap dişleriň diş täjiniň 1/3 bölegini ýapýar (*114-nji surat*). Äňleriň nädogry ösüşinde döreýän diş hatarlaryň biri-birine bolan gatnasygynyň kadadan



*a* *b*

**115-nji surat.** Prognatiýa (*a*) we progeniýa (*b*) dişleýişleri (okkluziýasy).

üýtgemekligi dişleýiş nädogrylygy görnüşinde kabul edilýär we ony köplenç iki - sagittal we dik ugurlar boýunça ýüze çykarýarlar. Has öňe çykyp duran ýokarky äň (prognatiýa - distal dişleýiş) ýa-da aşaky äň öňe çykyp (progeniýa - mezial dişleýiş) sagittal dişleýiş nädogrylyklara degişlidir (*115-nji a, b surat*).

Dik dişleýiş nädogrylyklaryna çuňňur we açyk dişleýiş degişlidir. Çuňňur dişleýişde ýokarky öň tarap dişler aşaky öň tarap dişleriň taçlerini 1/3 böleginden hem köp ýapýar. Açyk dişleýiş üçin diňe gapdal dişleriň degişmekleri we ön tarap dişleriň degişmesiniň ýoklugy häsiýetlidir (*116-njy a, b surat*).

Irki çagalyk döwründe düzedilmedik diş - äň - ýüz nädogrylyklary ýüzüň we ähleriň düýpli gyşarmalaryna getirýärler, bu bolsa çagalaryň çeýneýiş işjeňligine ýaramaz täsir edýär, käwagt bolsa gepleýşini we dem alşyny bozýar, çaganyň bedeniniň umumy ösüşini tesdirýär.

Diş-äň-ýüz nädogrylygy bolan çaga iýmiti doly çeýnäp bilmeýär, bu bolsa onuň agyz boşlugynda fermentler bilen iýmitiň ýeterlik işlenilmezligine getirýär. Bu ýagdaý aşgazan, onikibarmak içege kesellerine,



*a* *b*

**116-njy surat.** Çuňňur (*a*) we açyk (*b*) dişleýişleri (okkluziýasy).

öt çykaryş ýollaryň işiniň bozulmagyna, kolitlere we ş.m. getirýär. Diş-äň gyşarmasy bolan çagalarda has ýygy we köp diş çüýremekligi (kariýes), dişýany dokuma keselleri döreýär. Bu keselleriň agyz boşlugynyň ýaramaz arassaçylygy bilen utgaşmaklygy olaryň biri-birini agyrlaşdyrmagyna getirýär.

Çaga lukmanlary, maşgala lukmanlary, aýratyn hem stomatolog lukmanlar çagalary öz wagtynda stomatolog hünärmene - ortodonta bejergä ugratmak üçin diş-äň nädogrylyklary ýüze çykarmagy başarmalydyrlar.

Diş-äň nädogrylyklary gelip çykyşy boýunça içki we daşky sebäpler netijesinde döräp bilýärler. Olar esasan aşakdakylardyr:

1) Irki çagalyk döwründe geçirlen dürli keseller (gyzamyk, täjihoraz, gökbogma, öýken sowuklama, hörezek, dispepsiýa, igleme we başg.);

2) Içki mäz isjeňlikleriniň bozulmalary. Meselem, galkan şekilli mäziň işjeňlik bozulmasynda diş çykmaklygy hem-de çuňňur kentlewük emele gelmekligi haýallaýar we açyk dişleýiş ýüze çykýar;

3) Çagalary emeli iýmitlendirenlerindäki döreýän bozulma. Belli bolşy ýaly çaga doglan wagty aşaky äň yzda ýerleşen bolýar. Aşaky äňi bu ýagdaýdan çykarmak üçin ene süýdi bilen iýmitlendirilmegi - emdirilmegi ýaly güýçli işjeňlik gyjyndyrmasy gerek. Emeli iýmitlendirlende munuň ýaly işjeňlik gyjyndyrmasy bolmaýar we şu sebäpli hem aşaky äň öz ösüşinden yza galyp biler;

4) Burundan dem almagynyň bozulmagy. Hemişe agyzdan dem alynmagy netijesinde ýokarky äňiň gysylmasy döräp biler;

5) Şikes (ene göwresindekä, doglan wagty, irki çagalyk döwründe alnan), şeýle hem ösüşiň doga bozulraalary (doga kemislikler - ýokarky dodagyň, kentlewügiň doga ýarygy we başg.);

6) Çagalykda geçirlen dişleriň we äňleriň çişme keselleri aýratyn dişleriň nädogry ýerleşmesine, ähleriň haýal ösmegine getirip bilýär;

7) Süýt dişleriň ir sogrulmagy. Meselem, ikinji süýt azysy wagtyndan ir ýitirilen ýagdaýynda äň ýaýynyň (süňküniň) gysga bolmagyna getirip birinji hemişelik uly azy öňe süýşýär. Süýt azysy sogurlan bolan halatynda emeli diş gurnama salynsa has oňat bolýar. Ol hemişelik dişleriň süýşmeginiň öňüni alýar, sogrulan süýt dişleriň sebitinde öýjükli ösüniginiň ösüşine itergi berýär, şeýle hem hemişelik dişleriň düwünçekleriniň öýjükli ösüntginiň gerşine tarap süýşmekligine ýardam edýär. Şeýlelik bilen, emeli diş gurnamany salmaklyk diş-äň-ýüz nädogrylyklaryň döremeginiň öňüni alýar. Şu sebäplide, çagalarda geçirilýän emeli diş gurnama salmaklyk kömegini agyz boşlugyny sagdynlaşdyrmagyň umumy ulgamynyň düzümine giriz-

ýärler. Emma çagalarda emeli diş gurnama salmaklyk meselesi ululara garanyňda belli bir kynçylyklara sezewardyr;

8) Çagalaryň dürli zyýanly endikleri. Çaganyň uky wagtynda ýatyşy hem diş-äň-ýüz nädogrylygynyň döremegine täsir edýär. Meselem, kellesi has ýokarda ýerleşse aşaky äňiň öňe süýşmekligi üçin şert döreýär. Eger-de çagada kellesini arkan agdaryp ýatmak endigi bar bolsa, onda aşaky äňiň sallanmagyna we onuň ösüşden galmagyna şert döreýär. Ýüzüniň bir tarapyňyn aşagyna ýumrujagyny ýa-da aýasyny salyp ýatmaklyk endigi çaganyň äňiniň nädogry görnüşiniň döremegine getirip biler. Has köp duş gelýän zyýanly endikler - barmagyny, dodagyny, ýaňagyny, dilini we dürli zatlary (arlygyny, geýimini, galamy, emzigi we ş.m.) sormaklyk ýa-da dişlemeklik - äňleriň gyşarmasyna getirýar. 4-5 ýaşly çagalar barlananda olaryň 20%-de ol ýa-da beýleki zyýanly endik ýüze çykarylan. Bu topar çagalaryň 70-75%-de diş-äň ulgamynyň nädogrylygy ýüze çykarlan. Olary aradan aýyrmak birnäçe öňüni alyş we bejeriş çäreleri geçirlende mümkin bolýar.

Irki çagalyk döwründe ýaramaz täsir edýän sebäpleri aradan aýyrmaklyk, bedeniň goranyş güýçlerini ýokarlandyrmak we wagtynda sagdynlaşdyrma geçirmeklik ýeterlik bolýar.

Mundan başga-da, ýokarda belleniliş ýaly, diş-äň-ýüz nädogrylyklarynyň döremeginiň öňüni almakda çagalarda geçirilýän emeli diş gurmama salmaklygyň uly ähmiýeti bolup biler. Eger-de öz wagtynda emeli diş gurnama salmaklyk geçirilmedik bolsa, nädogrylygyň başlangyç görnüşi agyrlaşýar we soňra uzak-wagtlaýyn bejergini talap edýär.

Diş-äň-ýüz nädogrylygynyň ***bejergisi*** toplumlaýyn çärelerden – muskullaryň gimnastikasyndan (miogimnastika), ortodontiýa bejergisinden we görkezmeler boýunça, amal bejergiden durýar. Çaganyň zyýanly endikleri netijesinde dörän nädogrylyklarda bejergini köplenç ruhy bejergiden (psihoterapiýadan) başlamak gerek.

Muskullaryň gimnastikasyny diş-äň ulgamyň ýitirlen muskul deňagramlylygyny dikeltmeklik we şeýlelikde çeýneýiş, dem alyş, ýuwdynyş we gepleýiş işjeňlikleri kadalaşdyrmaklyk üçin belleýärler.

Ortodontiýa bejergisinde aýratyn dişiň, şeýle hem tutuş hatarlaryň ýerleşişini üýtgetmeklige ýardam edýän dürli görnüşli ýörite enjamlary ulanýarlar. Ortodontiýa enjamlary dişlere berkidilýän gulpy ýa-da maýyşgak simi bolan dürli plastinalar, şeýle hem maýyşgak sim ýaýy görnüşde bolýarlar. Şeýle hem nädogrylygyň görnüşine bagly-

lykda ýörite ösüntgili, dodak ýaýlary bolan, ýapgyt tekizlikli plastinalary we gurnamalary ulanýarlar. Häzirki wagtda dişlere ýelmenip berkidilýän aýry-aýry beleklerden we olaryň kömegi bilen maýyşgak ýaýy berkidip geçirilýän bejergi enjamy (Breket ulgamy ýa-da Ejwaýs tehnika) has giň gerim alýar.

Ortodontiýa enjamlary aýrylýan we aýrylmaýan, şeýle hem güýç (mehaniki) (*117-nji surat*), işjeňlik (funksional) (*118-nji surat*) we garyşyk täsirli görnüşde bolýarlar. 12 ýaşa çenli çagalarda diş-äň-ýüz nädogrylygy bejermek üçin, köplenç, aýrylýan enjamlary ulanýarlar. Çagalarda nädogrylygy bejermekligi 5-6 ýaşdan başlamak gerek. Bejergi köp wagty, seýrek bolmadyk halatlarda ýyldanam köp wagty talap edýär. Bejergi möhletini gysgaltmak üçin ortodontiýa bejergisini amal bejergi bilen





**117-nji surat.** Dişleriň we diş hatarlarynyň nädogrylygynda güýç (mehaniki) täsirli aýrylmaýan - Engliň ýaýy (*a*) we aýrylýan - giňeldiji plastina (*b*) ortodontiýa endamlary.

utgaşdyrýarlar (wagtynda düşmedik süýt dişleri sogurmak, işjeňlik we owadanlyk gymmaty pes bolan dişleri sogurmak, we kähalatlarda gysga dodak hem-de dil ýarçaklaryny kesip aýyrmak we başg.). Kömek görnüşinde geçirilýän bejerginiň amal görnüşleri öýjükli ösüntginiň ösüşiniň garşylygyna gönükdirilen hem-de has netijeli we dowamlylygy uzak bolmadyk bejergä ýardam edýär.



**118-nji surat**.Şwarsyň kappasy.

Öňüni alyş çäreleriň häzirki zaman bejeriş usullary bilen utgaşdyrylmagy çagalarda diş-äň-ýüz nädogrylyklary aýyrmaklyga oňaýly şertler döredýär. Bejergä dürli ugurly hünärmenler - ortodontlar, çaga stomatologlary, terapewt we hirurg stomatologlar, pediatrlar, otolaringologlar we logopedler gatnaşýarlar. Çagalaryň diş-äň-ýüz ulgamynyň ösüş nädogrylyklary gyssagly ýa-da gaýra goýulmasyz bejergini talap etmeýär. Bejergi dürli çäreleri özünde jemleýän oňat düzülen meýilnama esasynda alnyp barylýar we onuň netijeliligi belli bir derejede ata-enelere hem baglydyr. Ortodontiýa bejergisiniň has netijeli döwründe (12-13 ýaşa çenli ) ata-eneleriň alada etmezlikleri bejermesi örän kyn ýa-da diňe amal usuly bilen düzedip bolýan nädogrylyklara we gyşarmalara getirýärler. Beýle ýagdaý esasan çaganyň ulalyp ýigit ýa-da uly gyz çykyp özleriniň ýüz tutan halatlarynda belli bolýar we dörän owadanlyk we işjeňlik bozulmasy onuň özüni alyp barşyna hem-de häsiýetine hem täsir edip bilýär. Bular barada ata-eneler bilen çagada diş - äň nädogrylygy ýaňy ýüze çykarylan halatynda düşündiriş geçirmelidir.

# 18-NJI BAP

## DIŞ WE ÄŇ-ÝÜZ IMPLANTASIÝASY

Implantasiýa biologiki däl maddalary (gurnamalary we basg.) adam bedenine birleşdirmekligi göz öňünde tutýar. «Implantasiýa» adalgasy, esasan, diş we emeli dişler babatda ulanylýar. Implantasiýa häzirki wagtda ulanylýan görnüş bölünişigi (klassifikasiýa) boýunça eksplantasiýalara degişli edilýär, emma amaly we ylmy işde implantasiýa adalgasy ulanylýar.

Hirurgik stomatologiýada implantasiýany şertleýin diş we äň-ýüz görnüşlere bölýärler.

Implantasiýanyň uzak taryhy bar we onuň dürli döwürlerdäki ösüşi dürli zatlaryň ulanylmagy bilen baglanyşykly. Bedene berkidilýän, birikdirilýän maddalaryň - metallaryň, plastmassalaryň we başgalaryň fiziki, himiki we biologiki häsiýetleri süňke birikmeleriniň we dokumalar bilen bitişmekleriniň, köplenç, islenilişi ýaly bolmazlygyny kesgitläpdirler, amallaryň kemçilikleriniň we şowsuzlyklary-

nyň sebäbi bolupdyr. Bu hem hirurgik stomatologiýanyň amaly işine köp ýyllaryň dowamynda implantasiýa usulyny girizmeklige ýol bermändir. XX asyryň 40-njy ýyllaryndan soňra ozalky SSRS-de äňýüz implantasiýasy boýunça (plastikada, şikesde), Günbatar ýurtlarda bolsa diş implantasiýasy boýunça düýpli işler peýda boldy.

Diş (diş - süňkiçre we süňkiçre), nemli barda asty, süňk barda asty, süňk içre, süňküň tutuş içi boýunça geçýän we utgaşykly implantat gör-nüşleri bar. Diş-äň ulgamynda, ýüz we beýni kelleçanakda berjaý edýän işi boýunça implantatlaryň dolduryjy, daýanç, daýanç-dolduryjy, maýyşgak we maýyşgak däl görnüşleri bar.

Biologiki sygyşyjylyk häsiýetleri boýunça implantatlar biotolerant (poslamaýan polat, kobalt-hrom ergini), bioinert (alýuminiýoksid keramikasy, uglerod, titan, titanyň nikelidi) we bioaktiw (üç kalsiýfosfat, gidroksilappatit, aýnakeramika) maddalardan bolup bilerler.

Stomatologiýada diş implantasiýasy has giň ýaýrandyr. Häzirki wagtda dişler bölekleýin we doly ýitirilende çeýneýiş netijeliligini ýokarlandyrmak üçin sunk içre, sunk barda asty we süňküň aňyrsyna geçýän implantatlary ulanýarlar. Olaryň içinde sunk içre implantatlar has köp ulanylýar. Ýyllar boýy implantasiýa üçin ulanylýan maddalaryň, olaryň görnüşleriniň we gurnamalaryň kämilleşdirilmegi bolup geçdi. Häzirki wagtda implantatlaryň görnüşleriniň we diş gurnamalarynyň örän köp sanlysy bellidir. Meselem, tegelek görnüşli implantatlaryň arasynda nurbatly, silindr görnüşli, bütewi, boşlukly, guýguç görnüşli, öýjüksiz, üsti boýunça ganawjyklar, kesindiler, deşikler bolan, ýüzleý-öýjükli görnüşleri has giň ýaýrandyr.

## 18.01. Diş implantasiýasyna bolan görkezmeler we garşy görkezmeler

Implantasiýa bolan esasy görkezme ortopedik bejerginiň adaty usullary bilen çeýneýiş netijeliligi we owadanlyk keşbi doly döredip bolmaýanlygydyr. Ol ýa-da beýleki görnüşli implantaty saýlap almaklyk agyz boşlugynyň ýagdaýyna we onuň gelejekki berjaý etmeli işine baglydyr. Ortoped-lukman implantaty saýlap alýar we ortopedik bejerginiň meýilnamasyny düzýär.

Şeýle hem diş implantasiýasyna bolan görkezmeler bedeniň umumy ýagdaýy we agyz boşlugynyň - dişleriň we nemli bardanyň

ýagdaýy bilen kesgitlenilýär. Immun ýetmezçilik keselleri we ýagdaýlary, has takygy – beden tarapyndan ýokary duýgurlykly autoimmun we immunoprolifera-tiw alamatlar toplumlary, nesli keselleriň bolmaklygy implantasiýa garşy görkezme bolup durýar. Implantasiýa üçin ýüz tutup gelen adam barla-nanda we onuň bedeniniň umumy ýagdaýyna baha berilende ýaşyna, be-den ulgamlarynyň kadaly işine üns berýärler. Çişme keseller bolan ha-latynda näsagyň has doly barlagyny geçirýärler. Implantasiýa meselesi oňaýly çözülen ýagdaýynda näsagyň bejergisi geçirilýär. Bedeniň immun-biologiki ýagdaýyny kadalaşdyrmak gerek we görkezmeler bolanda onuň goranyş ukybynyň bozulmalaryna garşy bejergi geçirilýär. Diş sebäpli çiş-me ojaklaryny we gulak-burun-bokurdak synalaryny sagdynlaşdyrmakly-ga aýratyn üns berilýar. Neşekeşlerde we ölemen çilimkeşlerde implantasiýany amala aşyrmak maslahat berilmeýär. Süňkleriň ulgamlaýyn we ýaşyna görä döreýän keselleri bolan näsaglara hem aýratyn üns bermek gerek. Näsagyň ruhy ýagdaýyny barlamak, onuň implantasiýa geçirmeklik üçin bildirýän talaplaryny bilmek, şeýle hem onuň bejerginiň hirurgik we ortopedik tapgyrlaryna uýgunlaşmak mümkinçiligini bilmek wajypdyr. Näsag şowşuzlyklar barada anyk maglumatlary bilmelidir; işjeňlik we owadanlyk mümkinçilikleri hasaba alyp, implantasiýany ýa-da onsuz bejergini saýlap almalydyr.

**Implantasiýada anyklaýyş.** Implantasiýa meselesi boýunça barlananda diş-äň ulgamyna, rentgen suratlara (gözýetim şekilindäki -panorama, bir ugur boýunça alnan rentgen suratlar, kompýuter tomografiýa, şol san-da 3-D –üç ölçegli şekiller) we ortopedik nusgalara ýerli baha bermeklikden durýan anyklaýyş gecirilýär. Ýerli barlag geçirmek, äňleriň öýjükli ösüntgileriniň beýikligini we inini, aşaky äň aka-basynyň ýerleşişini, ýokarky äň boşlugynyň ýerleşişini ölçäp kesgitlemek gerek. Dişleriň ýagdaýyna (olaryň akabalarynyň we boşluklarynyň petiklenilişiniň hiline), agyz boşlugynyň nemli bardasyna we dişleýşe (okklýuziýa) aýratyn üns bermelidir.

## 18.02. Implantasiýanyň esasy meseleleri

***Implantatlaryň we süňküň özara täsiri.*** Ähli implantatlaryň ykbaly ony berkidilen daýanç süňküň uýgunlaşmasyna we durnuklyly-

gyna baglydyr. Implantat bilen süňküň özara gatnaşygynyň iki sany görnüşi bar we olar implantatyň berjaý etmeli işini hem-de onuň uzgamlylygyny kesgitleýärler. Käbir halatlarda implantatyň süňk bilen gönüden-göni ykjam birleşmesi döreýär (osteointegrasiýa), başga halatlarda – implantat we süňk birleşdiriji dokuma arkaly birleşýär (fibrointegrasiýa). Şunuň ýaly implantata degerli güýç düşende onuň yrgyldamaklygy örän az bol-ýar we ol ýeterlik derejede uzak hem-de öz berjaý etmeli işini oňat amala aşyryp biler. Şeýle hem düşýän güýjüň we başga sebäpleriň täsirleri bilen birleşdiriji dokuma bilen dolan boşluk ulalyp biler, bu bolsa diş gurnamasynyň yrgyldamagyna we diş etiniň kisesiniň döremegine, soňra bolsa implantatyň gopmagyna getirýär.

***Biologiki sygyşyklyk*** implantatyň bitmeginiň we onuň işini ygtybarly berjaý etmeginiň wajyp şertidir. Ol implantatyň himiki häsiýetleri bilen kesgitlenýär. Soňky ýyllar has gowy biologiki sygyşyklyk titan, onuň alýuminiý we wanadiý bilen erginlerinde, kobaltyň, hromyň we molib-deniň (guýmaklyk üçin) erginlerinde, biokeramika ulanylanda ýüze çy-karyldy.

***Arassalanyp zyýansyzlandyrmagyň*** (amal wagty, gurallaryň we ulanylyan serişdeleriň zyýansyzlandyrylmagy we başgalar) implantasiýanyň üstünlikli geçmegi üçin köp ähmiýeti bardyr.

***Dişleýiş*** implantatyň işine, onuň durnuklylygyna we uzgamlylygyna gönüden-göni täsir edýär. Implantatlaryň gurnamalary degerli güýji we onuň ugruny kabul etmelidir. Şonuň üçin hem ortoped- lukman bejerginiň ortopedik tapgyrynda dişleýiş güýçlerini we olaryň ugruny öňünden görmelidir.

***Implantatyň gurnamasyny saýlap almak*** implantasiýanyň gerekligine güwä geçýän umumy we ýerli ýagdaýyň maglumatlarynyň (bir dişiň ýitirilmegi,doly däl we doly dişsizlik), goşmaça barlag usullarynyň netijelerine esaslanmalydyr. Ýerli ýagdaýy we süňküň kiçelmeklik derejesi, äňleriň özara dişleyiş gatnaşyklary, aşaky äň nerwiniň, ýokarky äň boş-lugynyň we burun boşlugynyň ýerleşişleri, bar bolan dişleriň we nemli bardanyň, şol sanda onuň galyňlygynyň ýagdaýy ýaly görkezijileri hem göz öňünde tutmak gerek.

Bulardan başga-da diş gurnamasynyň geljekki berjaý etmeli işine baglylykda implantatlaryň sany, onuň gurnamasynyň görnüşi (kellejikleriň, daýanç germewleriň, eginleriň sanlary we başg.) baradaky mesele çözülýär.

## 18.03. Diş implantasiýasynyň görnüşleri

**Süňkiçre implantasiýasy.** Geçen asyryň 50-60-njy ýyllarynda diş implantasiýasy boýunça düýpli işler peýda boldy we bu usulyň stomatologiýada ulanylmagyna başlandy. Implantat ulgamlarynyň biri-birinden düýpli tapawutlanýan iki görnüşi - R. Bronemark tarapyndan teklip edilen hyrly implantatlar we L.Linkow tarapyndan teklip edilen düz implantatlar bar (266-njy surat).

***Düz implantatlar*** köplenç bir bütewi gurnama, kähalatlarda ýygnalýan görnüşde: süňk içre bölekden – bedenden, boýunjykdan we öýjükli ösüntginiň daşyndaky – kellejikden ýa-da kellejiklerden durýar. Implantatyň bedeniniň dürli görnüşdäki gurnamasy bolup bilýär. Implantat kese kesim boýunca gönüburçly görnüşde bolup, onuň beýikligi 8-den 15 mm çenli, uzynlygy 15-30 mm bolýar.



**119-njy surat.** Silindr şekilli implantatyň ulanylyşy.
*a* – bir diş ýiteninde ulanylan implantatyň agyz boşlugyndaky görnüşi;
*b* – ulanylan implantatyň rentgen suraty.

Köp sanly alym lukmanlar düz implantatlaryň kemçiligine süňkde implantat üçin ýer döredilmegi netijesinde emele gelýän süňk kemtigini degişli edýärler. Mundan başga-da olar düz implantatlaryň süňk bilen göni däl galtaşykda bolýandygyny we onuň süňk bilen birleşdiriji dokuma arkaly birleşmegine getirýändigini belleýärler. Birleşdiriji dokuma arkaly birleşmeklik çeýneýiş güýji netijesinde implantatyň durnuklylygyny bozýar, onuň netijesinde döreýän yrgyldy bolsa silindr şekilli implantatlaryňka garanyňda has güýçli bolýar diýip belleýärler. Bu sebäp bolsa implantatyň we tutuş diş gurnamasynyň öm-

rüniň uzak bolmazlygyna getirýär. Düz implantatlary diş hatarlarynyň çetki gutarýan kemtiginde we diş hatarlarynyň başga kemtiklerinde ýekeden (iki sanysyny we birnäçesini goýmaklygy hem teklip edýärler) goýýarlar, olary zeperlenmedik dişler bilen bir hatarda daýanç hökmünde ulanýarlar.

***Silindr şekilli implantatlar*** dürli görnüşli – hyrly, tutuşlaýyn, boşlukly, guýguç şekilli, ýüzünde ganawjyklary, gädikleri, deşikleri bolan, örtükli bolýarlar. Implantat kök böleginden, boýunjykdan we öýjükli ösüntgiden daşyna çykýan böleklerden durýar. Olar köplenç sökülýän bolýarlar we ulanylýan usulyna baglylykda goşmaça bölekleri - berkidiji towlawaç, kellejik, dyky, maýyşgak-özen, birleşdiriji towlawaç ulanylyp biliner. Implantatyň ýogynlygy - 3,5 mm-den 5,5 mm çenli, beýikligi bolsa 7-20 mm bolýar.

Esasan iki tapgyrda goýulýan silindr şekilli implantatlary ulanýarlar. Silindr şekilli implantatlary bir diş ýitende ýeke-täk görnüşde, birnäçe diş ýitende toparlaýyn görnüşde goýýarlar, aýrylýan diş gurna-malary üçin daýanç hökmünde ulanýarlar (119-njy surat). Silindr şekilli implantatlaryň süňk bilen ykjam birleşýänligi (osteointegrasiýa) we ortopedik gurnamalar üçin uzak wagtlap hyzmat etmäge ukybynyň barlygy ýüze çykarylan.

Öýjükli ösüntginiň içinde galýan we daşyna çykýan bölekleriniň arasynda maýyşgaklyk ulgamy bar bolan silindr şekilli implantatlar näsagyň öz dişleri bilen bilelikde ortopedik diş gurnamasyna daýanç edilip alnanda has gowy netijeler berýär. Her bir implantatlar ulgamy implantaty süňke salmak hem-de ony süňkde berkitmek üçin ýörite gurallar toplumy bilen üpjün edilen we bu hem implantatlaryň dürli ulgamly görnüşlerini amaly işde ulanmaklygy has gymmat edýär. Bu lukmanlaryň dürli görnüşli implantatlaryň artykmaçlyklaryna we kemçiliklerine belli bir derejede bir taraplaýyn baha bermekleriniň sebäbi bolup bilýär.

**Süňk bardaasty implantatlar** äňleriň öýjükli ösüntgisine ýa-da öýjükli däl ösüntgisine we bedenine daýanýan gurnama bolup durýarlar. Süňk barda asty implantatlary äňleriň öýjükli ösüntgisi has köp çökende, haçan-da doly aýrylýan emeli diş gurnamasy bilen ýeterlik derejede çeýneýşi üpjün edip bolmaýan ýagdaýynda ulanýarlar. Süňk barda asty implantatlaryň bölekleýin we doly görnüşleri bar. Implan-

tat kellejikden, boýunjykdan hem-de içki (süňkbardaasty) we daşky (agzyň içindäki) şa-halar, germewler görnüşindäki daýanç bölekden, şeýle hem durnuklaşdy-ryjy we berkidiji ýerlerden durýar. Implantat süňküň köp ýerine daýan-mak bilen süňk bardadan döreýän dykyz birleşdiriji dokuma arkaly süňk bilen birleşýär.

Häzirki wagtda süňk barda asty implantatlary kämilleşdirmekligi dowam edýärler: birinjiden, bioaktiw maddalar bilen örtülen implantat gurnamalary ulanýarlar; ikinjiden, äň süňküni açmazdan onuň kompýuter tomografiýa barlag usuly bilen süňküň ölçegini ýasap, äňleriň gaty ülňülerini döredýärler. Süňk barda asty implantatlary aglaba ýagdaýlarda aşaky äňde ulanýarlar.

**Implantatlaryň başga görnüşleri.** Olary hem sunk içre, sunk barda asty implantatlara bolan görkezmeler boýunça ulanýarlar. Tutuş süňkden geçýän, nemli barda içre, germewli we başga gurnamalar teklip edilen. Aşaky äňiň öýjükli ösüntgisi has köp çöken ýagdaýynda germewli implantatyň ulanylmagy uly üns bermeklige mynasypdyr (Tatum H., 1990). Gurnama aşaky äňiň eňek bölegine girizilýän germew görnüşli merkezi sunk içre bölekden durýar. Süňke girmeýän böleginiň uçlary merkezi «germewden» gaýdýarlar, äňiň öýjükli ösüntgi böleginiň üsti boýunça gidýärler we äňiň şahalarynyň sebitinde sunk içre edilip berkidilýärler.

Implantasiýadan soňraky **gaýra üzülmeler** implantasiýa gurnamasyny gurşap alan dokumalar bilen aragatnaşyklarynyň häsiýeti bilen kesgitlenilýärler. Olaryň biologiki sygyşyklygy gerek we beýle bolmadyk ýagdaýda implantat bilen gurşap alan süňküň süňk birleşmesi bolmaýar.

Implantat goýulmasy ýalňyş usul we şikesli amala aşyrylanda, ýalňyş ortopedik bejergisinde, çişme hadysalar döräninde implantatyň gopjak bolup duran ýagdaýynyň döremegi mümkin. Munuň ýaly gaýra üzülmeleriň döremekliginde dokumalaryň, şol sanda süňküň hem gyzmak-lygynyň, agyz boşlugynyň we implantatyň agyziçre böleginiň päkizesizliginiň, implantatyň az ýa-da artykmaç çeýneýiş güýç görmeginiň uly ähmiýeti bar.

Ýerli we rentgen anyklaýyşdaky nätakyklyklar, implantasiýa wagty usuly ýalňyşlyklar ýokarky äň boşlugynyň, burun boşlugynyň

deşilmegine, aşaky äň nerwiniň, öýjükli ösüntginiň agyz bosaga ýa-da agyz içre diwarlarynyň deşilmegine getirip bilerler.

**Netiejler**. Näsagyň bedeniniň umumy ýagdaýyna, implantasiýanyň ýerli rentgen aýratynlyklaryna dogry baha berlende, implantat gurnamasy dogry saýlanylyp alnanda, amalyň usuly dogry berjaý edilende we ortopedik bejergi dogry geçirilende amalyň netijeleri oňaýly bolup, implantatyň hyzmat edýän döwri 10-15 ýyla ýetip bilýär.

## 18.04. Äň-ýüz hirurgiýasynda implantasiýanyň başga usullary

Äň-ýüz hirurgiýasynda şikesler bolanda implantasiýa gurnamalary ulanylýar. Sözüň doly manysynda bedene berkidilýän hemme metal, biokompozit we süňk birleşdirmekde ulanylýan beýleki gurnamalar implantatdyrlar.

Soňky ýyllarda süňk birleşdirmede nurbatlar bilen berkidilýän titan kiçi plastinalar has giň gerim aldy. Gurnamalar titanyň esasyndaky erginden ýasalan. Mundan başga-da süňk böleklerini berkitmeklik üçin uglerod esasly plastinalar ulanylýar.





**120-nji surat.** Äň-ýüz hirurgiýasynda ulanylýan implantasiýa gurnamalary. *a* – titan kiçi-plastina we onuň nurbatlary; *b* – aşaky äňiň bedeniniň tor şekilli titan implantaty we berkitmeklik üçin nurbatlar.

Implantasiýa gurnamalary äň-ýüz sebitiniň dikeldiş amallarynda – äňiň emeli böleklerini ulanyp, aşaky äňiň plastikasynda, şeýle hem bogun ösüntginiň plastikasynda ulanylýar. Bogun ösüntginiň implan-

tat bilen plastikasy çekge-aşaky äň bognunyň ankilozynyň hirurgik bejergisinde üstünlik bilen ulanylýar.

Süňküň ýitirilen böleklerini dikeltmek üçin, aýratyn hem aşaky äňiň has uly kemtiklerinde, üstünlik bilen titanyň esasyndaky erginden ýasalan tor şekilli gurnama ulanylýar; oňa aşaky äňiň kemtik ýeriniň ölçegi, görnüşi berilýär we onuň içi näsagyň owradylan öz süňkünden, şeýle hem biologiki we başga maddalardan doldurylýar (*120-nji surat*).

Bu usul aşaky äňiň çişleri kesilip aýrylanda şol wagt geçirilýän plasti-ka amalynda ulanmakda öz ýerini tapýar (*121-nji surat*).

Implantat – nurbatlaryň kömegi bilen ýüzüň käbir synalarynyň we ýerleriniň emeli ýasalan görnüşlerini – synalaryny (emeli burun, gulak ýel-keni, göz, gabaklar, dodak we başg.) berkidýärler. Implantatlaryň kömegi bilen berkidilýän ýüzüň synalaryny we belli-belli ýerlerini dikeltmeklik, aýratyn hem, howply çişi bolan näsaglaryň bejergisinde giň gerim alyp biljek usuldyr.



**121-nji surat.** Aşaky äňiň bedeniniň we şahasynyň metal implant bilen plastikasy.

## EDEBIÝAT SANAWY


1) *Gurbanguly Berdimuhammedow*. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. -Aşgabat, 2007.

2) *Gurbanguly Berdimuhammedow.* Türkmenistan sagdynlygyň we ruhubeletligiň ýurdy. -Aşgabat, 2007.

3) *Gurbanguly Berdimuhammedow.* Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. 1-6 kitaplar. -Aşgabat, 2009, 2010, 2012,2014.

4) *Gurbanguly Berdimuhammedow*. Türkmenistan - melhemler mekany. -Aşgabat, 2011.

5) Türkmenistanyň ilatynyň saglygyny goramakda ulanylýan esasy derman serişdeleriniň milli formulýary. –Aşgabat. - 2011 ý.

6) Abu Aly ibn Sina. Lukmançylyk ylmynyň kanunlary. Bäş tomluk. -Aşgabat. 2004.

7) Muhammet Gaýmaz Türkmen. Pygamber tebpçiligi. -Aşgabat. «Miras», 2005. -256 s.

8) Seýit Ysmaýyl Gürgenli. Tebipçiligiň ýan kitaby. -Aşgabat. 1995. -279 s.

9) *Jelaleddin Hydyr.* Dertlere derman. – Aşgabat, 2012.

10) *Annaberdiýew S.D.* Hirurgik stomatologiýa (okuw kitaby). -Aşgabat, 2007 ý.

11) *Gurbanow A.O., Atdaýew T.* Ortopedik stomatologiýa (okuw kitaby). -Aşgabat, 2003 ý.

12) *Gurbanow A.O.* // Türkmenistanyň lukmançylygy. -2005. - № 4. -S.19-21.

13) *Nazarow J.* // TDLU-nyň mugallymlarynyň ylmy-amaly maslahatynyň ýygyndysy. –Aşgabat, 1998. - S.133

14) J*umaýew H., Aýnazarow H., Kulow M.Ö.* Terapewtik stomatologiýa (okuw kitaby). Aşgabat, 2011 ý.

15) *Paşaýew G.* Dişleriň kariýesi. Aşgabat, 1990 ý.

16) *Paşaýew G.* Agyz keselleriniň öňüni almak (okuw kitaby). Aşgabat, 2001 ý.

17) *Paşaýew G., Aýnazarow H., Gulow M.Ö.* Çagalaryň agyz keselleri (okuw kitaby). Aşgabat, 2003 ý.

18) *Александров Н.М.,Клементов А.В., Малышев В.А.* Неотложная стоматологическая помощь. Издание второе, исправленное и дополненное. Л., «Медицина», 1976 г., 128 с.

19) *Бажанов Н.Н.* Стоматология: Учебник - М.:Медицина, 1997. -335с.

20) *Бернадский Ю.И* Травматология и восстановительная хирургия черепно-челюстно-лицевой области. - 3-е изд., перераб. и доп. - М.: Медицинская литература, 1999. - 456 с.

21) *Бернадский Ю.И.* Основы челюстно-лицевой хирургии и хирургической стоматологии. - 3-е изд., перераб. и доп. – М.: Медицинская литература, 2000. – 416с.

22) Детская хирургическая стоматология и челюстно-лицевая хирургия / Под.ред. О.З. Топольницкого, С.В. Дьяковой, В.П.Вашкевич. – М.: ГЕОТАР, 2011. – 192с.

23) *Гончаков Г. В., Притько А. Г., Гончакова С. Г.* Врожденные расщелины верхней губы и нёба. —М.: Практическая медицина, 2008.

24) *Грохольский А.Л.* и др. Врачебные ошибки в стоматопогии. – Киев: Здоровья, 1994, 224 с.

25) *Колесов А.А.* Стоматология детского возраста. Москва: Медицина, 1991.

26) *Козлов В.А.* Неотложная стационарная стоматологическая помощь. М., Медицина, 1988г.

27) Неотложная помощь в стоматологии: Пер. с болг./ Под ред. К. Георгиевой. - М.: Медицина, 1983, 176 с.

28) *Пачес А.И.* Опухоли головы и шеи. М.: Медицина, 2000г.

29) Стоматология: Руководство к практическим занятиям. /Под ред. Е.В. Боровского. –М.: Медицина, 1987. -528с.

30) Терапевтическая стоматология: Учебник/ Под ред. Е.В. Боровского. – М.: Медицина, 2003. 840 с.

31) Фэлэйс Д. Экстренная помощь в стоматологии: Пер. с англ. – М.: Медицинская литература, 1999. – 456 с.

32) Хирургическая стоматология: Учебник/ Под ред. Т.Г. Робустовой. – М.: Медицина, 2000. -688с.

33) WWW. ROSMEDLIB. RU

**MAZMUNY**

**Giriş** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . **7**

**I-nji bap**
Stomatologiýa kömegini bermegiň gurnalyşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 10

**2-Nji bap**
Stomatologik näsaglary barlamaklygyň usullary . . . . . . . . . . . . . . . . . . 12

**3-Nji bap**
Stomatologik keselleriň öňüni almak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 23
3.01. Agyz boşlugynyň özbaşdak arassaçylyk serişdeleri we usullary . . 25
3.02. Diş syrçasynyň keseledurnuklylygyny ýokarlandyrýan serişdeler we usullar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 29
3.03. Stomatologik keselleriň öňüni alyş çärelerindäki arassaçylyk wagyz-nesihat işleriň esasy görnüşleri. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 31
3.04. Stomatologik keselleriň toparlaýyn we özbaşdak öňüni alyş çärelerini gurnamak we geçirmek . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 32
3.05. Agyz boşlugynyň hünärmen arassaçylyk çäreleri . . . . . . . . . . . . . 32
3.06. Agyz boşlugynyň üznüksiz ýokanç ojagy we onuň bedeniň beýleki keselleri bilen baglanyşygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 34

**4-Nji bap**
Stomatologiýada agyrysyzlandyrma . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 37
4.01. Ýerli agyrysyzlandyrma . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 38
4.01.1. Çalyp siňdirme agyrysyzlandyrmasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 39
4.01.2. Sanjym siňdirme agyrysyzlandyrmasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 40
4.01.3. Sebitleýin agyrysyzlandyrma . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 40
4.01.3.1. Ýokarky äňdäki agyrysyzlandyrma usullary . . . . . . . . . . . . . 40
4.01.3.2. Aşaky äňdäki agyrysyzlandyrma usullary . . . . . . . . . . . . . . . 43
4.02. Umumy agyrysyzlandyrma (Narkoz) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 45
4.02.1. Dem alyş bilen (nikaply) bihuş etmeklik (nikaply ingalýasion narkoz) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 47
4.02.2. Ýatymlaýyn stomatologik bejergi işinde Kekirdekiçre (endotraheal) bihuş etmekligiň (narkozyň) aýratynlyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 51
4.02.3. Wenaiçre bihuş etmeklik . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 53

**5-Nji bap**
Diş keselleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 57
5.01. Dişiň gurluşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 57
5.02. Diş kariýesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 59
5.03. Pulpanyň çişmesi (pulpit) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 60
5.04. Periodontit . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 65
5.05. Dentiniň ýokary duýgurlygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 69

**6-Njy bap** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 70
Dişýany dokumalaryň keselleri. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 70
6.01. Gingiwit . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 70
6.02. Parodontit . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 75

**7-Nji bap** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 81
Agyz boşlugynyň nemli bardasynyň keselleri . . . . . . . . . . . . 81
7.01. Ýüzleý (kataral) stomatit . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 84
7.02. Ýiti aftoz stomatit . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 85
7.03. Başly stomatit. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 86
7.04. Kandidoz (Agyz köpükleme keseli). . . . . . . . . . . . . . . . . . 88
7.05. Üznüksiz gaýtalanýan aftoz stomatit . . . . . . . . . . . . . . . . 90
7.06. Köpgörnüşli suwjarýan gyzarma . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 91
7.07. Leýkoplakiýa . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 93
7.08. Käbir umumy kesellerde agyz boşlugynyň nemli bardasynda Ýüze çykýan üýtgemeler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 94

**8-Nji bap**
Diş sogurmak amalynyň geçirlişi we onuň aýratynlyklary. . . . . . . . . . . 97
8.01. Diş sogurmak amalyna bolan görkezmeleri kesgitlemegiň esaslary. . 100
8.02. Diş sogurmak amalynyň gaýra üzülmeleriniň anyklamasynyň we bejergisiniň esaslary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 102

**9-Njy bap**
Äň –ýüz sebitiniň çişme keselleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 108
9.01. Äňleriň periostitleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 108
9.02. Äňleriň osteomiýelitleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 111
9.03. Äň – ýüz sebitiň we boýnuň gän (limfa)düwünleriniň çişmesi (limfadenitler) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 115
9.04. Aşaky akyl dişiň kynlyk bilen çykanyndaky perikoronarit . . . . . 116
9.05. Diş sebäpli ýokarky äň sinusidi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 118
9.06. Äň – ýüz sebitiň abssesleri we flegmonalary. . . . . . . . . . . . 121
9.07. Ýüzüň çybany we dokuzdonlusy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 132

9.08. Otbaş keseli . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .136
9.09. Ýüzüň bezesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .138
9.10. Suwjarýan çüýreme (noma) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .141

**10-Njy bap**
Sülekeý mäzleriň keselleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .143
10.01. Epidemiki parotit (hapgyrtma, gulakýany sülekeý
mäziň ýiti mahsusy çişmesi) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .143
10.02. Sülekeý mäzleriň ýiti çişmesi (mahsusy däl ýiti sialadenitler) . .145
10.02.1. Gulakýany sülekeý mäziň ýiti çişmesi (parotit) . . . . . . . . . . .145
10.02.2. Äňasty sülekeý mäziň ýiti çişmesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .148
10.03. Sülekeý mäziň üznüksiz mahsusy däl çişme keseli . . . . . . . . .149
10.04. Sülekeý – daş keseli . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .151
10.05. Sülekeý mäzleriň reaktiw - distrofiýa keselleri . . . . . . . . . . . . .154
10.05.1. Agyz suwlanmagy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .154
10.05.2. Agyz guraklygy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .154
10.05.3. Mikuliçiň keseli we alamatlar toplumy. . . . . . . . . . . . . . . . . . .155
10.05.4. Gužeriň-şegreniň keseli we alamatlar toplumy. . . . . . . . . . . .156

**11-Nji bap**
Äň-ýüz sebitiň ýaralanmalary we şikesleri. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .158
11.01. Gan akmagy saklamak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .159
11.02. Demikmäniň öňüni almak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .161
11.03. Şok (özünden gitmegi). . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .162
11.04. Äň-ýüz sebitiniň şikesi bolanlary ulagda alyp gitmeklik . . . . .163
11.05. Äň-ýüz sebitine ýaralananlara wagtlaýyn
(ulag) berkitmesini goýmak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .165
11.06. Ýüzüň ýumşak dokumalarynyň şikesleri. . . . . . . . . . . . . . . . . . .167
11.07. Dişleriň şikesleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .171
11.07.1. Dişiň möçükmesi (ýenjilmesi) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .171
11.07.2. Dişiň çykygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .171
11.07.3. Dişiň döwükleri. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .173
11.08. Äňleriň öýjükli ösüntgisiniň döwükleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . .175
11.09. Aşaky äňiň çykygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .177
11.10. Aşaky äňiň döwükleri. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .179
11.11. Ýokarky äňiň döwükleri. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .186
11.12. Duluk süňküniň we duluk ýaýynyň döwükleri . . . . . . . . . . . . .191
11.13. Burun süňkleriniň döwükleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .193
11.14. Äň-ýüz sebitiniň dokumalarynyň we
synalarynyň utgaşykly şikesleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .194

11.15. Äň-ýüz sebitiň şikesleriniň öňüni almak . . . . . . . . . . . . . . . . . . .196

**12-Nji bap**

Ýüzüň ýanyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .197
12.01. Gyzgynlyk netijesinde ýanyklar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .197
12.02. Elektroýanyklar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .209
12.03. Himiki ýanyklar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .210
12.04. Ýüzüň gün şöhle ýanyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .213
13-Nji bap . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .214
Ýüzüň we äňleriň nerw keselleri. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .214
13.01. Ýüzüň we äňleriň duýgurlyk nerwleriniň keselleri . . . . . . . . . . .214
13.01.1. Üçem nerwiň newralgiýasy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .214
13.01.2. Üçem nerwiň newridi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .217
13.01.3. Dil-damak nerwiň newralgiýasy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .218
13.02. Ýüzüň hereketlendiriş nerwleriniň keselleri . . . . . . . . . . . . . . . .219
13.02.1. Ýüz nerwiniň newropatiýasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .219
13.02.2. Ýüzüň gemispazmy (ýüzüň ýarty böleginiň ýygrylmasy) . . .220
13.02.3. Üçem nerwiň hereketlendiriş süýümleriniň zeperlenmeleri . .221
13.03. Wegetalgiýalar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .222
13.03.1. Ýüzüň damar agyrylary. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .222
13.03.2. Stomalgiýa (glossalgiýa, glossodiniýa) . . . . . . . . . . . . . . . . . .225
13.03.3. Ýüzüň özbaşdak (wegetatiw) nerw düwünleriniň (gangliýalarynyň) zeperlenmeleri. . . . . . . . . . .226

**14-Nji bap**

Çekge-aşaky äň bognuň keselleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .227
14.01. Çekge - aşaky äň bognuň agyryly işjeňlik bozulma alamatlar toplumy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .227
14.02. Çekge-aşaky äň bognuň çişme keselleri (artritleri) . . . . . . . . .229
14.03. Çekge-aşaky äň bognuň artrozy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .232
14.04. Äňleriň gysylmalary. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .233
14.04.1. Äňleriň dartgynly ýapylmagy (kontrakturasy) . . . . . . . . . . . .233
14.04.2. Äňleriň bertik kontrakturasy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .234
14.04.3. Aşaky äňiň süňk kontrakturasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .235
14.04.4. Çekge-aşaky äň bognuň ankilozy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .236

**15-Nji bap**

Äň-ýüz sebitiň çişleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .239
15.01. Äň-ýüz sebitiň howpsyz çişleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .240
15.02. Äň-ýüz sebitiň synamahsus (odontogen) çişleri . . . . . . . . . . . .248

15.02.1. Epulis . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 248
15.02.2. Odontoma . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 249
15.02.3. Ameloblastoma . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 250
15.02.4. Diş sebäpli (odontogen) kistalar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 251
15.03. Garyşyk çiş. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 252
15.04. Äň-ýüz sebitiň howply çişleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 253
15.04.1. Ýüzüň derisiniň howply çişleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . 255
15.04.2. Aşaky dodagyň kanseri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 256
15.04.3. Diliň kanseri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 257
15.04.4. Agyz boşlugynyň nemli bardasynyň kanseri . . . . . . . . . . . . 257
15.04.5. Ýaňagyň nemli bardasynyň kanseri . . . . . . . . . . . . . . . . 258
15.04.6. Äňleriň howply çişleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 258
15.05. Äň-ýüz sebitiniň we çişi we zeperlenmesi
bolan näsaglara seredilişi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 264
15.06. Stomatologik näsaglaryň naharlanyşy . . . . . . . . . . . . . . . . 268

**16-Njy bap** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 271
Äň-ýüz sebitiň kemtikleri we gyşarmalary
(defektleri we deformasiýalary) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 271
16.01. Ýüzüň we äňleriň zeperlenmelerindäki we kemtiklerindäki
(defektlerindäki) dikeldiş hirurgiýasynyň esaslary . . . . . . . . . . 271
16.02. Ýüzüň we äňleriň doga kemislikleri . . . . . . . . . . . . . . . . . 277
16.02.1. Ýüzüň we kentlewügiň doga ýaryklary . . . . . . . . . . . . . . . 278
16.02.2. Agyz boşlugynyň nemli bardasynyň doga kemislikleri . . . . . 279
16.02.3. Ýokarky dodagyň doga ýarygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 281
16.02.4. Kentlewügiň doga ýarygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 282
16.02.5. Ýokarky dodagynyň we kentlewüginiň ýarygy bolan
çagalara amal bejergisine çenli kömek çäresi . . . . . . . . . . . . . 283
16.02.6. Ýokarky dodagynyň we kentlewüginiň ýarygynda
hirurgik amal bejergisi we möhletleri . . . . . . . . . . . . . . . . . 283

**17-Nji bap**
Stomatologik keselleriň ortopedik bejergisi . . . . . . . . . . . . . . . . 286
17.01. Diş täjiniň zaýalanmasynyň ortopedik bejergisi . . . . . . . . . . . 288
17.02. Diş hatarlarynyň bölekleýin kemtikleriniň ortopedik bejergisi . 289
17.03. Dişler doly ýitirlende geçirilýän ortopedik bejergi . . . . . . . . . . 293
17.04. Ortopedik stomatologiýada gaýra goýulmasyz
ýagdaýlarda kömek bermeklik. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 295
17.04.1. Stomatolog lukman tarapyndan bir
gezekde ýasalýan ýönekeý gazykly diş. . . . . . . . . . . . . . . . . . 295

17.04.2. Diş hatary bölekleýin ýitirlende gös-göni emeli diş gurnama salmaklyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .296
17.04.3. Plastina şekilli emeli diş gurnamalaryň berkleşmegi üçin onuň esasyny täzeden işlemek (bazisini üýtgetmek) . . .299
17.04.4. Ýokarky dişsiz äňiň doly aýrylýan emeli diş gurnamasynyň durnuklylygyny gazanmak . . . . . . . . . . . . . . . .301
17.04.5. Döwülen plastina şekilli emeli diş gurnamany bejermek, oňa goşmaça diş oturtmak we ilgençegi (klammeri) berkitmek . .302
17.04.6. Utgaşdyrlan köpri şekilli emeli diş gurnamanyň (metalplastmassa ýa-da metalkeramika) örtgisiniň gopmaklygy. . .303
17.04.7. Emeli diş gurnamanyň tizleşdirilip ýasalýan usullary . . . . . .304
17.04.8. Aýrylýan plastina şekilli emeli diş gurnamanyň dişsiz äňde berkleşmegini ýokarlandyrmagyň usuly . . . . . . . . . . . .306
17.05. Diş–äň–ýüz ulgamynyň ösüş nädogrylyklary we gyşarmalary . .306

**18-Nji bap**
Diş we äň-ýüz implantasiýasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .312
18.01. Diş implantasiýasyna bolan görkezmeler we garşy görkezmeler. . .313
18.02. Implantasiýanyň esasy meseleleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .314
18.03. Diş implantasiýasynyň görnüşleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .316
18.04. Äň-ýüz hirurgiýasynda implantasiýanyň başga usullary . . . . . .319

**Edebiýat sanawy**. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .321

S.D. Annaberdiýew

# STOMATOLOGIÝA

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

Redaktor
Teh. redaktor
Surat redaktory
Neşir üçin jogapkär

Çap etmäge rugsat edildi.
Ölçegi 60x90 1/16. Mekdep garniturasy.
Şertli çap listi . Şertli reňkli ottiski .
Hasap-neşir listi . Çap listi . Sargyt № 3130. Sany .

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat. Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat. 1995-nji köçe, 20.